# ÝEWROPA WE AMERIKA ÝURTLARYNYŇ TARYHY (TÄZE TARYH)

**Jumadurdy Annaorazow, Gurbangeldi Muhammedow, Aýna Annamuhammedowa. Ýewropa we Amerika ýurtlarynyň taryhy (Täze taryh).** Ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin synag okuw kitaby. - Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent **Berdi Esenowyň** ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**©J. Annaorazow, G. Muhammedow, A. Annamuhammedowa**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

## Giriş

**«Täze taryh» düşünjesi.** Täze taryh düşünjesi ilkinji gezek ýewropa ylmynda baryp Gaýtadan döreýiş zamanynda italýan gumanistleri tarapyndan girizilipdi. Şonda olar dünýä taryhynyň gadymy, orta asyrlar we täze taryh döwürlerine bölünýändigi hakyndaky garaýyşlary öňe sürüpdiler. Täze taryh zamanasynyň başlanmagyny olar Gaýtadan döreýiş zamanynda dünýewi ylymlaryň we medeniýetiň gülläp ösmegi bilen baglanyşdyrýardylar. Italýan gumanistleri tarapyndan girizilen bu düşünje soňraky asyrlaryň öňdebaryjy alymlary tarapyndan kabul edildi we adamzat taryhyny döwürleşdirmekde bu adalga şü günki günde-de ulanylyp gelinýär.

Täze taryh döwri dünýä taryhynyň orta asyrlar döwründen soň başlanýan eýýamydyr. Oňa Täze taryh diýip at berýärler. Bu döwri Täze taryh diýip atlandyrsalar-da, onuň başlaryna çenli (takmynan XVI asyryň başlary) dünýä ýurtlarynyň we yklymlarynyň ösüş derejesi dürli-dürlidi. XVII-XIX asyrlarda täze durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklar diňe Ýewropanyň we Demirgazyk Amerikanyň ösen ýurtlarynda berkarar bolupdy. Täze kemala gelen bu gatnaşyklary ylmy dilde hojalygy ýöretmegiň has ösen hem-de progressiw usuly bolan iri maýa goýum önümçiligi (kapitalizm) ýa-da bazar ykdysadyýeti diýip atlandyrýarlar.

Iri maýa goýum önümçiligi döwründe ýewropalylar taryhy ösüşde dünýäniň beýleki yklymlaryndan öňe saýlanmagy başardylar. Olar öz serhetlerinden çykyp, dört ummanyň giňişliklerinde ýüzüp, öňki açylmadyk ýerleri özleşdirýärdiler. Beýik geografiki açyşlaryň netijesinde Ýewropa we Amerika, Äziýa we Afrika sebitleri biri-birleri bilen baglanşyp ugrady, adamzat birek-biregi gaýtadan tanap başlady.

Ýewropada ylmyň, tehnikanyň ösmegi netijesinde Täze taryhda önümçilik gatnaşyklary üzül-kesil üýtgedi,

ykdysadyýetde täze pudaklar peýda boldy. Bu döwürde tehnikanyň gazananlarynyň köp ulanylyp başlanandygy üçin Täze taryh döwrüni «maşyn asyry» diýip hem atlandyrýarlar.

Täze döwrüň adamlary köp derejede orta asyrlaryň adamlaryndan düýpli tapawutlanyp başlady. Durmuşda adamyň özüni alyp barşy, onuň dünýägaraýşy ösüp kämilleşdi we olar täze gymmatlyklara esaslanyp başlady. Bu döwürde ýaşaýyş-durmuşda we zähmetde işewürlik, dünýewilik güýçli ösdi, adamyň döwlet häkimiýeti bilen gatnaşygy-da üýtgedi. Ençeme ýüzýyllyklar dowam eden häkimiýetiň güýji üýtgäp, ösen Ýewropa ýurtlarynda Korollyk häkimiýeti çäklendirilip ugrady.

**Täze taryhyň döwürlere bölünişi.** Alymlaryň arasynda Täze taryhyň haçan başlap, haçan gutarandygy barada dürli pikirler hem-de jedeller saklanyp galýar. Muňa garamazdan, şu okuw kitabynda Täze taryhyň başlanýan döwri hökmünde XVI asyryň başlary (Geografiki açyşlar, kolonial basybalyşlaryň başlamagy, Ýewropada dini täzelikçilik we başgalar) esas edilip alyndy, bu döwrüň gutarýan wagty hökmünde bolsa 1914-1918-nji ýyllarda bolup geçen Birinji jahan urşy kabul edildi. Täze taryhyň şeýle wagt çäginde seneleşdirilmeginiň öz sebäpleri boldy. Çünki geografiki açyşlaryň dowam etdirilmegi, kolonial basybalyşlaryň başlamagy, Ýewropada dini täzelikçiligiň geçirilmegi, magaryfçylygyň giň gerime eýe bolmagy, ylmyň, tehnikanyň we medeniýetiň ösmegi Ýewropa ýurtlarynda düýbinden täze durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklaryň kemala gelmegine getirdi. Bu bolsa adamzat taryhynyň ösüşinde täze döwrüň başlanýandygyny aňladýardy.

Taryhçy alymlar Täze taryhy öz içinde iki döwre bölýärler: birinjisi XVI-XIX asyrlaryň ortalary, ikinji döwri bolsa XIX asyryň ikinji ýarymyndan XX asyryň başlaryna çenli döwürler. Şu okuw kitabynda Täze taryhyň birinji döwrüniň – XVI asyryň başlaryndan - XIX asyrlaryň ortalaryna çenli aralykda bolup geçen taryhy wakalar beýan edilýär.

**Ýewropada senagat öwrülişigi.** Täze taryhyň esasy aýratynlyklarynyň biri-de XVIII asyryň ahyrynda - XIX asyryň başynda Angliýada senagat öwrülşigi bolup geçdi. Bir ýurduň çäginde bolup geçen bu jemgyýetçilik hadysasy soňra Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň ösüşine ägirt uly täsir etdi. Senagatyň ösüşi Ýewropa sebitinde oba hojalygynyň ösüşine hem öz täsirini ýetirdi. Oba hojalyk önümçiliginde başlan bu özgerişler hem öňi bilen Angliýada, onuň yzy bilen Fransiýada, bir az soňrak bolsa ABŞ-da, Germaniýada, Awstro-Wengriýada, Italiýada we Russiýada bolup geçdi.

Täze taryh döwründe ykdysadyýetde täze önümçilik gatnaşyklary peýda bolup ugraýar. Zähmet öndürjiliginiň ösmegi, görülýän peýdanyň artmagy bu ösüşiň örän uly alamatydyr. Tehniki ösüş hem-de zähmet öndürjiligi adamyň bilimleriniň we endikleriniň kem-kemden giňelmeginiň hem-de kämilleşlmeginiň netijesinde bolup geçdi. Şeýlelikde, täze döwür önümçilik gatnaşyklarynyň we hojalygy ýöretmegiň täze usulynyň hem-de täze eýeçilik gatnaşyklarynyň berkarar bolmagy bilen başlandy.

Ýewropanyň öňdebaryjy ýurtlarynda tehniki ösüş netijesinde önümçilik gatnaşyklarynyň täze basgançagyna geçmek üçin şertler kemala geldi. Ýewropada ilkinji gezek plug (köp gulakly azal) ýaýrady, ullakan çarhly suw degirmenleri ulanylyp başlandy. Demir eretmeklik, metaldan ýasalýan gurallar kämilleşdirildi. Ok atýan ýarag oýlanyp tapyldy, kompos ulanmaklyk giňden ýaýrady. Kitap çap etmeklik uly ösüşe eýe boldy. XVII asyryň başlarynda gämi gurluşygy we deňizde ýüzmek babatynda gazanylan uly üstünlikler netijesinde uly geografik açyşlar edildi, bu bolsa ýewropalylara täze ýerleri basyp almagyň hasabyna öz ýurtlarynyň çäklerini giňeltmäge şert döretdi. Täze döwrüň birinji ýarymynda Beýik Britaniýa, Fransiýa, Gollandiýa, Russiýa Ýewropada has uly döwletlere öwrüldiler.

Täze taryh Ýewropanyň we Amerikanyň öňde barýan ýurtlarynda önümçilik gatnaşyklarynda iri maýa goýumlarynyň emele gelmegi hem-de berkleşmegi bilen häsiýetlendirilýär. Ýewropa döwletleriniň içinde Angliýa, Ispaniýa, Portugalýa, Gollandiýa, Fransiýa, azrak soň Germaniýa, Awstro-Wengriýa, Russiýa ýaly uly ýurtlar dünýäniň dürli sebitlerinde köp ýerleri basyp alyp, ägirt uly koloniýal döwletlere öwrüldiler.

Täze taryh döwründe Ýewropa ýurtlarynda bolup geçen durmuş-ykdysady we syýasy hadysalar Amerika yklymyna hem uly täsir etdi. Ýewropa ýurtlarynyň koloniýalarynyň esasynda Demirgazyk Amerikada ABŞ, Latyn Amerikasynda Meksika, Wenesuela, Argentina, Braziliýa, Peru ýaly garaşsyz döwletler peýda boldy.

## I BAP. ÝEWROPA WE AMERIKA ÝURTLARY IRKI TÄZE TARYH DÖWRÜNDE

### §1. Beýik Geografiki açyşlar

**Geografik açyşlaryň sebäpleri.** Ýewropa ýurtlarynda zähmet gurallarynyň gowulandyrylmagy bilen harytlaryň öndürilişi artdyrylypdyr. Munuň özi söwdanyň mundan beýläk-de giňelmegine getiripdir. Şaýy pullary zikgelemek üçin gymmat baha metallar - altyn we kümüş has köp gerek bolupdyr. Feodallar bilen şäher baýlary zynat içinde ýaşamak isläpdirler, ägirt köp baýlyklar ýygnamaga hyýal edipdirler. XV asyrda ýewropalylar altyn gözlemek uçin uzakdaky ýurtlara ekspedisiýalar gurap başlapdyrlar.

Hindistan ýewropalylar üçin has täsin ýurt bolup görnüpdir. Olar şol ýere diňe barsaň bolýar, baýlygyň özi derýa ýaly bolup öz-özünden akyp geler diýip pikir edipdirler. Ýöne welin, Hindistan hem-de Hytaý bilen bolan söwdany araplar öz ellerine alypdyrlar. Olar Gündogaryň gymmat baha harytlaryny

italýan täjirlerine özleriniň alan nyrhlaryndan 8-10 esse gymmat satypdyrlar. Şonun uçin-de Ýewropanyň deňizde ýüzüjileri Gündogar bilen edilýän söwdadan gelýýän ummasyz köp girdejileri tutuşlygyna özleri almakdan ötri, Aziýa ýurtlary bilen gös-göni gatnaşyk gurjak bolup çalşypdyrlar.

Konstantinopol osmanly türkmenler tarapyndan eýelenilenden soň, Gündogar bilen söwda etmek öňküden-de kynlaşypdyr. Türkmenler Kiçi Aziýanyň we Siriýanyň üstünden geçýän söwda ýollaryny eýeläpdirler. Olar täjirlerden gümrük salgydyny alypdyrlar, şoňa görä-de bu ýurtlaryň üstünden haryt äkitmek täjirler üçin amatsyz bolup başlapdyr. Ýewropada gündogar harytlary ozalkydan-da gyt we gymmat bolup başlapdyr. Türkmenleriň söwda ýollaryny eýelemekleri Ýewropadan Aziýa barýan täze ýollary gözlemekligi çaltlandyrypdyr.

Ýewropalylar köp wagtlap açyk deňizde uzak ýüzüşlere gitmäge ýürek edip bilmändirler. Takyk kartalary we deňiz gurallary bolmansoň, syýahatçylar kiçeňräjik gämijiklere münüp seresaplyk bilen kenarlaryň ýakasyny syryp ýüzüpdirler. Olar diňe Ýewropa ýanaşýan deňizlerde ýüzüpdirler. Deňizçiler gäminiň ýüzüp barýan ýerini diňe açyk howada ýyldyzlaryň ýerleşişi boýunça kesgitläp bilipdirler.

Kompas ýüze çykandan soň, açyk deňze çykmak birneme howpsuz bolup başlapdyr. Gäminiň nirededigini kesgitlemek üçin gurallar oýlanylyp tapylypdyr. Deňizçiler indi kenardan uzakda öz ugruny ýitireris öýdüp gorkmandyrlar. Karawellalara münüp uzak wagtlaýyn syýahatlara ugramak bolýardy.

XV asyrda portugaliýaly we ispaniýaly deňizçiler täze ýollaryň gözlegine ilkinjiler bolup çykypdyrlar. Gadymy alymlaryň Ýeriň şar şekillidigi hakyndaky çaklamasy XV asyrda mälim boldy. Ilkinji globuslar ýasalypdy. Käbir alymlar günbatara tarap ýüzüp, Ýeriň daşyna aýlanyp, Hindistana baryp ýetmek mümkin diýip tassyklapdy. Bu ýol Afrikanyň daşyna

aýlanýan ýola garanda has gysga ýoldur öýdüp ýalňyş hasap edilipdi.

**Amerikanyň we Hindistana tarap deňiz ýolunyň açylmagy.** Günbatarky ýol bilen Hindistana barmaga synanyşan ilkinji deňizde ýüzüji Hristofor Kolumb (1451-1506) bolupdyr. Ol Italiýada, Genuýanyň golaýynda dokmaçynyň maşgalasynda eneden doglupdyr. Kolumbyň bütin ömri deňiz bilen baglanyşykly bolupdyr. Ol ýaş mahaly birnäçe ýüzüşlere gatnaşypdyr, soňra bolsa geografik kartalary düzmek bilen meşgul bolupdyr. Kolumb deňizçileriň ýazgylaryny we alymlaryň işlerini dykgat bilen öwrenip, Ýeriň şar şekilindedigine berk ynanypdyr.

Kolumb Ispaniýa göçüp barmak bilen, Hindistana barýan deňiz ýoluny gözlemek üçin Atlantik okeanynyň üsti bilen ekspedisiýa gitmeklige koroldan rugsat aljak bolup köp çalşypdyr. Diňe 8 ýyl geçensoň korol muňa razylyk beripdir. Ol Kolumby özüniň geljekde açjak ähli ýurtlarynyň we adalarynyň hökümdary edip belläpdir. Ispan täjirleri bilen gämi eýeleri gämileriň şaýyny tutmaga Kolumba kömek beripdirler.

1492-nji ýylyň tomsunda 90 adamly topardan ybarat üç sany kiçeňräk karawella Ispaniýadan ugrapdyr. Ugurdaş ýel kiçijik flotiliýany günbatara çalt äkidipdir. Ençeme hepde geçipdir, emma ýer görünmändir. Öňde aňrysyna-bärsine göz ýetmez, nämälim okean ýaýylyp ýatypdyr. Matroslar närazylyk bildirip hüňürdeşipdirler hem yza gaýtmagy talap edipdirler. Emma Kolumb gämileri bellenen ýol bilen alyp barmagy berk dowam etdiripdir. Ahyrsoňunda, ýüzüşe ugranlaryndan 70 gün geçensoň, daňdanlar gämileriň birindäki bogaldakdan matrosyň uzak garaşylýan «Ýer!» diýip gygyran sesi eşidilipdir.

Ispan gämileri kiçijik adanyň kenaryna gelip durupdyrlar. Kolumb altyn gözläp, şol ýerden günorta ugrapdyr we Kuba hem-de Gaiti diýen adalary açypdyr. Syýahatyň soňragynda Kolumbda üç gämiden diňe biri galypdyr. Ol şol gämi bilen hem Ispaniýa dolanyp gelipdir.

Kolumb ýakyn ýyllarda günbatara ýene üç gezek syýahat edipdir. Ol Karib deňzinde köp adalary açypdyr we Amerika materiginiň kenarynyň bir bölegini barlapdyr. Kolumb ömrüniň ahyryna çenli, täze materigi açandygyny bilmändir. Ol açan ýerlerine «Hindistan», olaryň ilatyna bolsa «indeýler» diýip at beripdir. Amerikadaky ýerli ilata indeýler diýen at hem şondan galypdyr. Kolumb tarapyndan açylan ýerleriň täze materikdigini italýan syýahatçysy Amerigo Wespuççi (1454-1512) subut edipdir. Amerigo Wespuççiniň Günorta Amerikanyň kenarlaryna eden syýahatlarynyň beýan edilişi Ýewropada uly höwes döredipdir. Täze materige Amerigonyň ady bilen – Amerika diýlip at berlipdir.

**Wasko da Gamanyň syýahaty.** Biz VIII asyrda Pireneý ýarym adasynyň araplar tarapyndan basylyp alnandygyny bilýäris. Emma onuň ilaty ençeme asyrlaryň dowamynda basybalyjylary kem-kemden günorta gysyp çykarypdyr. Araplara garşy göreşe feodallar, şäherliler we daýhanlar gatnaşypdyrlar. XV asyryň ahyrlaryna çenli araplar ýarym adadan doly suratda kowlup çykarylypdyrlar; bu ýerde Ispaniýa hem-de Portugaliýa korollyklary emele gelipdir.

Portugaliýanyň kenarlaryndan, Orta ýer deňzinden Demirgazyk we Baltika deňizlerine möhüm ýol geçýärdi. Portugaliýanyň portlaryna köp gämiler gelipdir. Deňiz söwdasy hem-de balyk tutmaklyk kenar ýakasyndaky zolakda ýaşaýan ilatyň esasy käri bolupdyr. Balykçylaryň külbelerinde gaýduwsyz we tejribeli deňizçiler ösüp etişipdirler.

XV asyrda portugaliýalylar Afrikanyň günbatar kenarynyň boýunda ýüzmek üçin Atlantik okeanyna birsyhly ekspedisiýalary iberip başlapdyrlar. Olar kem-kemden günorta tarap barha aňryk süýşüp, Ekwatora ýetipdirler. Deňizçiler bu ýerde gür tropik ösümliklerini, geň-enaýy haýwanlary we garaýagyz adamlary görüpdirler.

Portugaliýalylar özleriniň ownuk-uşak zatlaryny: boýalan mata böleklerini, aýnadan edilen monjuklaryny, kiçijik ýüz

görülýän aýnalaryny negrler bilen çalşyp, olardan altyn çäge, pil süňküni alypdyrlar.

Portugaliýanyň bir ekspedisiýasy Afrikanyň günorta çetiniň daşyndan aýlanypdyr we Hind okeanyna çykypdyr. Uzak ýoluň kynçylyklaryndan ýaňa ýadan deňizçiler ýüzmeklerini dowam etmegi bes edipdirler. Portugaliýalylar Afrikanyň günortasynda deňze çuňňur süsňäp girýän burna Hoş Umyt burny diýip at beripdirler – şeýle diýmek bilen olar Hindistana barýan deňiz ýoly tiz wagtda açylar diýip umyt ýedipdirler.

Portugaliýanyň hökümeti Hindistana barýan deňiz ýolunyň gözlegine Wasko da Gamanyň (1469-1524) baştutanlygynda täze ekspedisiýany ugradypdyr. Ol edermen, emma gazaply we hökümli deňizçi bolupdyr. Gämiler uzak wagtlaýyn syýahat etmek üçin ýörite enjamlaşdyrylypdyr, iň oňat kartalar hem-de gurallar bilen üpjün edilipdir, olaryň tejribeli matroslary bolupdyr.

Portugaliýalylar dört ýarym aý ýüzenlerinden soňra Afrikanyň daşyna aýlanypdyrlar we onuň gündogar kenaryna çykypdyrlar, ýewropalylar heniz şol ýere barman ekenler. Güýçli-güýçli turýan gaýlar we akymyň garşysyna gitmek ýüzüşi kynlaşdyrypdyr. Matroslar tropik yssysynda heläk bolýardylar we kesellerden ölýärdiler. Afrikanyn gündogar kenaryndaky arap şäherleriniň birinde tejribeli losmany (deňze belet adamy) tapmak Wasko da Gama başardypdyr, şol losman 1498-nji ýylyň Maý aýynda gämini Hindistanyň Kalkutta şäherine getiripdir.

Wasko da Gama kenardan tagamly nygmatlary satyn almagy matroslaryna buýrupdyr. Emma Hindistan bilen bolan söwdany öz ellerinde saklaýan arap täjirleri kenara düşen portugaliýalylary tussag etmeklige Kalkuttanyň hökümdaryny yrypdyrlar. Wasko da Gama muňa jogap edip öz gämisini görmäge gelen birnäçe hindi beglerini yzyna goýbermän zamun edip saklapdyr. Hökümdar tussag edilenleri goýberipdir we

zamun alnan hindileriň yzyndan gaýyk iberipdir. Emma Wasko da Gama gaýyklary top oklary bilen garşy alypdyr we hindileri yzyna gaýtaryp bermekden boýun gaçyrypdyr. Şeýlelik bilen ýewropalylar özleriniň Hindistanda peýda bolmaklaryny top oklarynyň gümmürdisi arkaly habar beripdirler.

Portugaliýalylar gämilerine tagamly nygmatlary ýükläp yzlaryna gaýdypdyrlar. Gämide ýüzmekligiň ilkinji ýyly tamamlanýança, matroslaryň ýarysyndan-da köpüsi heläk bolupdyr. Getirilen tagamly nygmatlar we ir-iýmişler ekspedisiýany guramak üçin harçlanan serişdelerden 60 esse köp peýda beripdir.

**Ilkinji gezek dünýäniň daşyna aýlanylmagy we ýewropalylaryň kolonial basybalyşlarynyň başlanmagy.** 1519-1522-nji ýyllarda ispanlar günbatarky ýol boýunça Aziýa ýetmek maksady bilen ýene-de ýüzüşleri geçirip başladylar. Şolaryň ilkinjisine tejribeli portugal deňizçisi Fernando Magellan (1480-1521) baştutanlyk edýär. Ol Atlantik okeanynyň günorta bölegini ýüzüp geçip, Ýuwaş okeana çykýar we Filippin adalaryna baryp ýetýär. Magellan bu ýerde ýerli ilat bilen bolan çaknyşykda öldürilýär. 265 adamdan ybarat komandaly 5 sany gämiden diňe 18 sany keselli deňizçi ekeje gämi bilen watanyna gaýdyp gelýär. Bu ilkinji gezek dünýäniň daşyna edilen syýahatdy; bu syýahat Ýeriň şar şekilindedigini jedelsiz subut etdi.

Basylyp alnan we özbaşdaklygyny elden gideren ýurtlara koloniýalar, bu ýurtlaryň basylyp alynmagyna bolsa kolonial basybalyşlar diýýärler. Geografiki açyşlar döwründe ýewropalylar Aziýada, Afrikada we Amerikada mülkleri edinmäge howlugýardylar. Bu işde Portugaliýa bilen Ispaniýa aýratyn tapawutlanypdyrlar. Emma kiçijik Portugaliýanyň onlarça million ilatly Hindistany we Aziýanyň beýleki ýurtlaryny basyp almaga gurby ýetmändir. Şonuň üçin-de portugaliýalylar diňe Hindi okeanynyň kenarlaryndaky iň möhüm galalary basyp almaga çalşypdyrlar. Portugaliýalylar

deňiz galtamançylygy bilen hem meşgullanýardylar. Olar arap we hindi gämilerini talap, soňundan hem olary gark edýärdiler. Olar ýesir alnan deňizçileri öldüripdirler ýa-da gul edip satypdyrlar. Portugaliýalylardan bidin ýekeje gämi-de Hindi okeanynda ýüzüp bilmeýärdi: olar özleriniň ýaragynyň we flotunyň artykmaçlygyndan peýdalanyp, araplary Hindi okeanyndan gysyp çykarypdyrlar hem-de Hindistana barýan deňiz ýollaryny öz ellerine alypdyrlar.

Portugaliýalylar nazy-nygmatlaryň iň oňat sortlarynyň ösdürilip ýetişdirilýän ýeri bolan Zond we Molukka adalaryna aralaşypdyrlar. Olaryň gämileri has aňryk Gündogara gidip, Hytaýyň hem Ýaponiýanyň kenarlaryna baryp ýetipdirler. Basybalyjylar ilatdan nazy-nygmatlary örän arzan bahadan satyn alýardylar, birentek hindi han-beglerini nazy-nygmatlar bilen salgyt tölemeklige mejbur edýardiler. Portugaliýalylar gündogar harytlarynyn söwdasyndan ummasyz köp girdejiler almagy başardylar. Portugal serkerdeleri we emeldarlary koloniýalarda birnäçe ýyl gulluk edenlerinden soň tütjar baýlara öwrülýärdiler.

Amerikadaky, Aziýadaky we Afrikadaky kolonial basybalyşlar ýerli ilatyň gyrylmagy, gul edilmegi hem-de talanmagy bilen utgaşdyrylyp alnyp barylýardy. XVI asyrda Ispaniýa bilen Portugaliýa dünýäniň iň uly kolonial döwletlerine öwrüldiler.

**Ispaniýanyň Meksikany, Peruwy eýelemegi.** Kolumb tarapyndan açylan ýerleriň Aziýanyň gündogar kenarynyň däldigine ispanlar tiz wagtda göz ýetiripdirler. Emma olar altyn gözlemekden we ýerli ilaty gul etmekden ötri, Amerika ekspedisiýalar ugratmaklaryny dowam etdirýardiler. 1519-njy ýylda 400 adamdan ybarat kiçiräk goşun Meksikanyň kenaryna düşürilýär. Goşunyň başynda ispan konkistadory Ernando Kortes durýardy. Günorta Amerikanyň uly halklarynyň biri bolan astekler tarapyndan boýun egdirilen taýpalar, özlerini gul edijileri ýigrenip, ispanlara kömek berip başlaýarlar. Kortes

goşunynyň üstüni indeý urşujylaryndan ýetirip, ony Meksika äkidýär. Ýabylaryň görnüşi we toplaryň gümmürdisi astekleri eýmenç gorkuzypdyr. Astekleriň hökümdary ilkinji ýeňlişlerden soň aljyrap, ispanlara öz paýtagtyna girmäge rugsat berýär.

Kortes tiz wagtda astekleriň hökümdaryny mekirlik bilen ele salyp, ýurdy onuň adyndan dolandyryp başlaýar. Indeý ilaty bolsa ispan korolynyň häkimiýetini ykrar etmäge we ispanlara altyn bilen salgyt tölemäge mejbur edilýär. Basybalyjylar astekleriň ençeme asyrlar dowamynda toplan genji-hazynasyny talapdyrlar. Talanyp alnan oljalaryň kop bölegine ispan koroly bilen Kortesiň özi eýe bolýar.

1531-nji ýylda sowatsyz, emma gujurly hem-de rehimsiz Fransisko Pisarro 200 adamdan ybarat topar bilen Peruwyň üstüne çozýar. Ispanlar inkleriň hökümdaryny ýesir alypdyrlar we ony ýesirlikden boşatmak üçin ummasyz kän zat talap edipdirler: inkler giden bir tamyň içini altyndan dolduryp bermeli bolupdyrlar. Emma ispanlar ýesiriň bahasyny alyp, ony aldapdyrlar, wada eden-de bolsalar, ony goýbermändirler. Inkleriň hökümdaryna sud edip, oňa ölüm jezasyny beripdirler. Ispanlar Peruwyň paýtagtyndaky gadymy ybadathanalary talapdyrlar. Olar inkleriň sungatynyň iňňän gymmat baha ýadygärliklerini – altyn we kümüş zatlary eredip alypdyrlar. Portugaliýaly deňizde ýüzüji Kabral Braziliýany eýeläpdir. Ispan hem-de portugal basybalyşylary Amerikanyň halklarynyň gadymy medeniýetiniň ösüşine uly zyýan ýetiripdir.

**Gul söwdasy.** Ispanlar koloniýalarda indeýleriň ýerlerini ellerinden alypdyrlar we ony öz aralarynda paýlaşypdyrlar. Ýerli ilaty gullara öwrüpdirler. Olar ispan ýer eýeleriniň ekin meýdanlaryny işläp bejeripdirler, malyny bakypdyrlar. Kümüş we altyn gazylyp çykarylýan känlerde zähmet çekipdirler. Azatlyk söýüji, namysjaň indeýler basybalyjylar üçin işlemek islemändirler. Olaryň birentegi özleriniň ýakyn adamlaryny we hut özlerini öldüripdirler; başgalary bolsa tokaýlara hem-de

daglara gaçyp gidipdirler. Ispanlar ýabany haýwanlaryň awlanyşy ýaly, gaçgak indeýleri it bilen yzarlap tutupdyrlar, atlaryna depledipdirler.

Ruhanylar bilen monahlar indeýleri ata-baba ynanyp gelýän dini ynançlaryndan el çekmeklige mejbur edipdirler. Boýun egmeýänleri gynapdyrlar hem-de jezalandyryp öldüripdirler. Buthana katolik dinine geçirmekde basybalyjylara kömek beripdir. Indeýler güýç ýetmejek agyr zähmetden, açlykdan we kesellerden köpçülikleýin gyrylýardylar. XVI asyryň ortalaryna çenli ispanlar Kubadaky we Karib deňziniň käbir beýleki adalaryndaky ýerli ilaty gyryp azaldypdyrlar.

Indeýleriň köpçülikleýin gyrlyp azalmagy sebäpli, Afrikadan Amerika gullary getirip başlapdyrlar. Portugaliýalylaryň yzysüre ispanlar, gollandlar, iňlisler hem gul tutmak üçin Afrika ugrapdylar. Gul söwdasyny edýän söwdagärler gije negrleriň ýaşaýan obasynyň daşyny gabapdyrlar, ony çar tarapyndan otlapdyrlar we howsala düşüp elem tas bolup gaçyp barýan adamlary ele salypdyrlar. Soňra negrleriň ellerini, aýaklaryny zynjyr bilen baglap, gämilere mündüripdirler we alys ýurtlara alyp gidipdirler. «Janly harydy» gämilerin tüm garaňky, pessejik trýumlaryna salyp äkidýärdiler. Ýesirleriň birentegi demigipdir, däliräpdir, suwsuzlykdan we açlykdan ölüpdir.

## §2. Angliýanyň we Ispaniýanyň orta asyrlarda dünýäde agalyk etmek ugrundaky göreşleri

**Deňiz söwdasy.** Beýik geografik açyşlardan soň Angliýa iňňän möhüm söwda ýollarynyň sebitinde bolup çykypdyr. London köp sanly gämi duralgaly we ammarly uly porta öwrülip, onuň ilatynyň sany 200 müň adama ýetýär. Şäheriň merkezinde täjirler tarapyndan birentek edaralar we banklar esaslandyrylýar. Kiçeňräk senagat kärhanalary bolan

manafakturalaryň peýda bolmagy bilen Angliýa başga ýurtlara köp haryt çykaryp ugraýar. Manufakturalarda eýýäm taýyn önümler öndürilýärdi. Täze döwrüň kärhanalary bolan manufakturalarda hakyna tutma işçileriň zähmetini köpçülikleýin ulanylypdyr.

Bu döwürde iňlis gämi gatnawy çalt depginler bilen ösýär. Täjirler özleriniň gämilerinde Ýewropa ýurtlaryna we koloniýalara mawut, kömür hem-de balyk äkidýärdiler. Daşary ýurtlar bilen alnyp barylýan söwda işlerini hökümetden aýratyn hukuklary alan iň baý täjirleriň kompaniýalary öz ellerine alýardylar. Olar harytlary bilelikde satyn alypdyrlar, girdejini bolsa kimiň näçe pul goýandygyna görä paýlaşypdyrlar. Şeýdip, Ýewropa ýurtlarynda paýdarlar jemgyýetleri peýda bolýardy.

Russiýa döwleti bilen söwda etmek üçin Moskwa kompaniýasy döredilýär; bu kompaniýanyň gämileri Skandinawiýa ýarym adasynyň daşyndan aýlanyp, Ak deňze ýüzüp barýardy we Russiýanyň demirgazyk ýerlkeri bilen söwda işlerini alyp barýardy. Gwineýa kompaniýasy bolsa Afrikadan garaýagyz gullary äkitmek bilen meşgullanypdyr. Iň baý kompaniýa 1600-nji ýylda esaslandyrylan Angliýanyň Ost-Hindistan kompaniýasydy. Angliýanyň hökümeti Hindi okeany bilen Ýuwaş okeanyň kenarlarynda ýerleşen ýurtlarda söwda etmek hukugyny şu kompaniýanyň bir özüne berýär. Ost-Hindistan kompaniýalary soňra Gollandiýada, Daniýda we Fransiýada-da esaslandyrylypdyr.

Kompaniýalara gatnaşan täjirler söwdadan ymgyr köp peýda görýärdiler. Iňlis korollary kompaniýalaryň döredilmegine göwünjeňlik bilen razyçylyk beripdirler, sebäbi täjirler hazyna ummasyz köp pul töleýärdiler.

**Deňizlerde iňlis-ispan bäsleşigi. U**ly koloniýal mülklere eýelik edýän Ispaniýa deňiz söwdasynda Angliýanyň esasy bäsdeşidi. Ispaniýanyň hökümeti özüniň koloniýalary bilen

söwda etmegi daşary ýurt täjirlerine gadagan edipdir. Emma iňlisler kesekileriň gadagan etmelerini hasaba almandyrlar.

Angliýanyň deňiz galtamanlary Amerikanyň kenarlaryna batyrgaý ýüzüşleri geçirýärdiler: olar hatda Ispaniýanyň kenarýakalaryny hem talaýardylar. Amerikadan altyn we kümüş daşaýan ispan gämileri Ýewropa barýan ýolda deňiz galtamanlary tarapyndan ençeme ýola talaňçylyga sezewar edilipdir. Angliýada ispanlaryň garşysyna galtamançylyk ýüzüşlerini gurýan täjirleriň ýörite kompaniýalary döreýär.

Korolewa Ýelizaweta I Týudor (1558-1603) söwda we gämi gatnawyna ýakyndan hemaýat berýärdi. Ol özüne ukyply geňeşçileri saýlap alypdyr we Ispaniýa garşy göreşde Angliýanyň bähbitlerini gyşarnyksyz gorapdyr. Onuň dolandyran wagty uly harby flot gurlupdyr. Akylly we mekir korolewa deňiz galtamanlaryny ýaşryn goldapdyr we olardan oljanyň bir bölegini alypdyr. Ol hat-da özüniň täjini talanyp alnan zatlardan peşgeş berlen göwher daşy bilen bezemekden hem utanmandyr. Işleri has rowaç alýan iňlis deňiz galtamanlary korol flotynyň admiraly diýen hormatly ada eýe bolýardylar.

Iňlis deňiz galtamany Frensis Dreýk kiçeňräk filot bilen Magellan bogazyndan geçip, Günorta Amerikanyň günbatar kenar ýakalaryndaky ispan koloniýalaryny talapdyr. Şol ýeriň portlarynda Ispaniýa ugratmak üçin altyn ýygnap goýlan eken. Soňra ol Ýuwaş hem Hindi okeanlaryndan geçýär we Magellandan soň dünýäniň daşyna ikinji bolup syýahat edip, ymgyr köp olja bilen Angliýa dolanyp gelýär. Ispaniýanyň ilçisi ýetirilen zeleli tölemegi Ýelizawetadan netijesiz talap edipdir. Korolewanyň hut özi Dreýkiň gämisine gelip, oňa rysar diýen at dakypdyr. Ispaniýa Angliýanyň üstüne çozmaga taýýarlanyp başlaýar. Ýelkenli 130 sany gämiden ybarat ägirt uly flot Angliýanyň kenarlaryna tarap ugraýar. Gämilerde 20 müňden gowrak söweşiji bolup, olar Temza derýasynyň deňze guýýan ýerinde düşürilmeli eken. Ýeňjekdiklerine ynamly

ispanlar özleriniň flotuna «Ýeňilmez armada» diýip at beripdirler.

1588-nji ýylda iňlis gämileri Ýewropa bilen Angliýany deňiz suwy bilen bölýän La-Manş bogazynda ispan flotunyň üstüne hüjüm edýärler. Deňiz söweşi iki hepdä çekipdir. Ispaniýanyň agyr, tagaşyksyz gämileriniň toplary iňlis gämileriniňkiden az bolupdyr we esasan goşunlary daşamak üçin peýdalanylypdyr. Angliýanyň tejribeli deňizçiler tarapyndan dolandyrylýan ýeňil, çalt ýüzýän gämileri özleriniň toplaryndan mergenlik bilen ot açyp, duşman gämilerini hatardan çykarypdyrlar, olary ýandyrypdyrlar we gark edipdirler.

Ispan floty köp gämisini ýitirip, Demirgazyk deňzine gysylyp çykarylýar we demirgazyk tarapdan Angliýanyň daşyndan aýlanyp öz watanyna çykyp gitmäge synanyşyk edýär. Emma güýçli gaý turup, deňiz tolkunlary ispanlaryň gämileriniň her haýsysyny bir ýerden çykarypdyr. Olaryň birleri gark bolupdyr, beýlekileri bolsa kenar ýakasyndaky gaýalara degip kül-uşak bolupdyr. Ispan flotunyň diňe sähelçesine öz watanyna gaýdyp gelmek başardýar. «Ýeňilmez armadanyň» şöhratsyz heläk bolmagy Ispaniýanyň deňizdäki kuwwatyny gowşadypdyr. Deňizlerde agalyk etmek indi kem-kemden Angliýanyň eline geçip başlaýar. Angliýa güýçli deňiz döwletine öwrülýär.

**Angliýanyň ilkinji koloniýalary.** Ispan flotynyň derbi-dagyn edilmegi Angliýanyň deňiz aňyrsyndaky koloniýalary basyp almagyny ýeňilleşdiripdir. XVII asyryň başlarynda iňlisler Demirgazyk Amerikanyň gündogar kenar ýakasynda özleriniň ilkinji koloniýasynyň – Wirginiýanyň düýbüni tutýarlar; indeýler göçüp gelýänleri dostlukly kabul edipdirler, arkalaşyk edip, olara öz ýerleriniň bir bölegini beripdirler we ilkinji agyr ýyllarda olary azyk bilen üpjün edipdirler. Emma kolonistler aldaw we güýç bilen täze ýerleri basyp alyp, indeýleri gür tokaýlyklara gysyp çykarmaga başlapdyrlar. Iňlis

esgerleri indeýleriň obalaryny bütinleý ýandyrypdyrlar, ekinlerini ýok edipdirler, tutuş taýpalary uçdantutma diýen ýaly gyrypdyrlar.

Iňlis täjirleri Aziýada portugallary gysyp çykaryp başlaýarlar. Ost-Hindistan kompaniýasy Beýik Mogollara para-peşgeş bermek bilen gümrük pajyny tölemezden, Hindistan bilen söwda etmäge hukuk gazanýar. Kompaniýa Ýewropa hindi matallaryny, tagamly nygmatlary we beýleki harytlary äkidýärdi. Iňlisler Hindistanda ornaşmak üçin özleriniň söwda nokatlaryny (faktoriý) galalara  (fort) öwürýärdiler.

Iňlis söwdagärleri deňiz galtamançylygyny we gul söwdasyny etmek hem-de koloniýalary talamak arkaly ummasyz köp baýlyklar toplapdyr, bu baýlyklar bolsa iňlis buržuaziýasyna iri kärhanalary döretmek üçin zerur bolupdyr. Netijede XVII asyryň ortalaryna çenli dünýä söwdasy ýüze çykypdyr. Iňlis, golland, fransuz, ispan we portugal söwdagärleri harytlaryň gözleginde dünýäniň islendik künjegine gidip bilýärdiler. Şu döwürden başlap dünýäde täze gatnaşyklara hem-de gymmatlyklara esaslanýan düzgünler peýda bolup ugraýar.

**Geografik açyşlaryň netijeleri.** Geografik açyşlar söwdanyň görlüp-eşidilmedik derejede giňelmegine getiripdir. Materikleriň arasynda mäkäm aragatnaşyk ýola goýlupdyr. Ozal mälim bolmadyk köp sanly harytlar Ýewropa köpçülikleýin getirilip başlaýar. Amerikadan – temmäki bilen kakao, Aziýadan bolsa çaý bilen kofe artýan möçberlerde getirilipdir. XVI asyrdan öň ýewropalylaryň iň möhüm söwda ýollary Orta ýer deňziniň üstünden geçýärdi. Geografik açyşlar söwda ýollarynyň Orta ýer deňzinden okeana geçmegine sebäp boldy. Ýüzlerçe gämiler Amerika hem-de Aziýa ugrap, Atlantik we Hindi okeanlarynyň suwlaryndan dürli taraplara geçipdirler.

Wenesiýa bilen Genuýa täze söwda ýollaryndan çetde galdylar. Portugaliýanyň, Gollandiýnyň we Angliýanyň

Atlantik okeanyň kenarynda ýerleşen portlary dünýä söwdasynyň merkezleri bolup başlady. Portugaliýalylar gündogar harytlaryny, köplenç Gollandiýadaky ullakan söwda şäheri bolan Antwerpene eltýärdiler. Dürli ýurtlardan bolan täjirler bu ýere ýewropa harytlaryny hem getirýärdiler. Antwerpen Ýewropa üçin alys ýurtlardan harytlaryň köp getirilýän ýerine öwrüldi. Bu ýerde tüçjar baý täjirleriň we pul çalyşýan we göterimine karz pul berýän serraplaryň edaralary ýerleşýärdi. Antwerpeniň giň gämi duralgalarynda her günde 200-250 gäminiň ýüki düşürilýärdi.

Koloniýalardan Ýewropa orän köp möçberde nazy-nygmatlar, altyn we kümüş getirilýärdi. Bu baýlyklaryň köp bölegini Ispaniýanyň we Portugaliýanyň korollary hem-de feodallary alýardylar. Emma olaryň ellerine düşen altyn zynat harytlaryny satyn almak üçin harç edilýärdi. Koloniýalardan getirilýän gymmat baha zatlar täjirleriň, süýthorlaryň, Ýewropanyň has ösen ýurtlarynyň iri ussahana eýeleriniň ellerine geçýärdi. Baýlar pul toplap, täze kärhanalary açýardylar we harytlaryň öndürilişini artdyrýardylar.

Geografik açyşlar we kolonial basybalyşlar Ýewropa ýurtlarynda haryt önümçiliginiň ösdürilmegine ýardam edýärdi. Ýöne welin, bu açyşlar we basybalyşlar Amerikanyň, Aziýanyň hem-de Afrikanyň halklary üçin kolonial süteme düşmegiň başlangyjy bolupdy.

## §3. Ýewropada reformasiýa (dini täzeçillik)

**Germaniýada reformasiýanyň – dini täzelenişiň başlanmagy.** XVI asyryň başlarynda Germaniýanyň hojalygy çalt ösüpdir. Demriň, kümşüň, misiň gazylyp alnyşy artdyrylypdyr. Reýn derýasynyň we ýokary Dunaýyň boýundaky uly şäherlerde çüýşe gaplar, kagyz, mata öndürilipdir. Günorta nemes şäherleri bolan Augsburgyň, Nýurnbergiň täjirleri söwdadan we süýthorçylykdan köp pul

toplapdyrlar. German imperatory bilen rim papasy olaryň bergidarlarydylar. Käbir baýlar Amerika ekspedisiýalary guramaklyga gatnaşypdyrlar, koloniýalarda söwda işlerini ýaýbaňlandyrypdyrlar. Olar imperiýanyň dürli böleklerindäki kümüş we mis känlerine eýelik edipdirler. Bu magdan känlerinde hakyna tutma işçileriň zähmeti ulanylypdyr. Magdan işinde we mata öndürmekde manufakturalar döräp başlaýar.

Germaniýada işewür gatlak bolan buržuaziýa hem döräp ugraýar. Ýöne welin ol Angliýa bilen Fransiýanyň buržuaziýasyna garanyňda az sanly hem-de gowşakdy. Germaniýanyň bir şäheri-de Fransiýadaky Pariž ýa-da Angliýadaky London ýaly senetçiligiň we söwdanyň şeýle uly merkezi däldi. Ýurduň welaýatlarynyň arasynda söwda gatnaşyklary gowşakdy. Nemes täjirleri söwdany esasan başga ýurtlar bilen: günortada – Italiýa, demirgazykda – Angliýa, Şwesiýa we Rus döwleti bilen alyp barypdyrlar.

Angliýadan we Fransiýadan tapawutlylykda, Germaniýa bir bitewi döwlete birleşmändir: iri feodallaryň - knýazlaryň mülkleri we uly şäherler bütinleý garaşsyz bolup galypdyrlar. Imperatoryň bütin imperiýa üçin umumy hazynasy we umumy goşuny bolmandyr, onuň häkimiýeti-de gowşakdy. Imperatory iň güýçli knýazlar saýlapdyrlar, şonuň üçin-de ol bütinleý şolara bagly bolupdyr. Knýazlaryň öz goşunlary bolup, olar öz aralarynda uruş alyp barypdyrlar, öz pullaryny zikgeläpdirler, kazylyk işlerini öz ellerinde saklapdyrlar we ilatdan salgydy özbaşdak ýygnapdyrlar.

Birentek rysarlaryň mülkleri hem hamana kiçijik döwletler ýalydy. Rysarlar özleriniň az sanly daýhanlaryndan ujypsyz girdeji alypdyrlar. Olar uly ýollaryň ugrunda durup talaňçylyk edipdirler, ötegçi täjirleri we daýhanlary talapdyrlar. Täjirler harytlaryny bir welaýatdan beýleki bir welaýata geçirmek üçin iri we ownuk feodallara gümrük pajyny tölemeli ýa-da serraplara ýüz tutup pul çalyşmaly bolýardylar. Ýürduň

dagynyklygy senagatyň we söwdanyň ösmegine juda päsgel berýärdi.

Germaniýada katolik buthanasy öz täsirini hem-de kuwwatyny saklap galýardy. Gämi gatnawly Reýn derýasynyň ikiýan kenaryndaky onlarça şäherler we ýüzlerçe obalar buthananyň elindedi. Arhiýepiskoplar we ýepiskoplaryň köpüsi garaşsyz knýazlar ýaly ähmiýete eýediler. Imperatory saýlaýan ýedi sany has güýçli kurfýurstyň arasynda üçüsi katolik arhiýepiskopdy. Güýçli korol häkimiýeti berkarar bolan ýurtlarda korollar ruhanylaryň Rime iberýän töleglerini çäklendiripdirler. Emma dagynyk Germaniýada katolik buthanasy imperatordan hiç hili garşylyk görmändir. Papalar öz girdejileriniň köp bölegini Germaniýadan gelýän girdejileriň hasabyna jemleýärdiler.

Germaniýada buthanada özgertmeleri geçirmegi – ony täzeden guramaklygy talap edip ugraýarlar. Katolik buthanasy we onuň dabaraly ybadatlary hem-de köpsanly baýramlary baý şäherlilere biçak gymmat düşýärdi. Şäher baýlary buthana hyzmatkärlerini eklemek üçin alynýan ýygymlary azaltmak isleýardiler. Munuň üçin monahlaryň sanyny azaltmak we monastyrlary ýapmak gerekdi. Gurply şäherliler «arzan buthananyň» bolmagyny talap edýärdiler.

Daýhanlar garaşlylykdan azat bolmaklygy we tölegleriň hem-de zähmet borçlarynyň kemeldilmegi ugrunda çykyş edýärdiler. Hat-da birentek feodallar hem buthanany täzeden guramak ugrunda çykyş etmegiň zerurlygyna düşünipdirler. Olar hemmeleriň närazylygyndan peýdalanyp, ruhanylaryň ýerlerini we baýlyklaryny öz ellerine almaga çalşypdyrlar. Gersoglar we graflar Germaniýanyň her bir döwletindäki buthananyň papa boýun egmän, ýerli hökümdara boýun egmegini isleýärdiler.

Wittenberg şäherindäki uniwersitetiň professory, alym monah Martin Lýuter (1483-1546) indulgensiýalaryň satylmagyna garşy çykýardy. Ol uniwersitet buthanasynyň

gapysyna özüniň jarnamasyny ýelmäp, ol papanyň günäleri ötmek hakyndaky hatlary satmagyny ýazgarypdyr hem-de özi bilen ylalaşmaýanlaryň ählisini jedele çagyrypdyr. Lýuteriň çykyşy bütin ýurdy herekete getirýär. Lýuter «arzan buthananyň» bolmagyna çalyşýan baý şäherlileriň bähbitlerini araýardy. Ol tiz wagtda buthana papasyz hem oňup biler diýip aýdypdyr. Lýuter mundan buýana Rime pul ibermezligi teklip edýärdi. Muňa gahary gelen papa Germaniýa hat iberip, Lýutere nälet okaýar. Eýlelikde, Lýuteriň çykyşlary larewropada reformasiýanyň – dini täzeçilligiň başlangyjy, ýagny buthanany täzeden guramak ugrundaky göreşiň başlangyjy bolup hyzmat etdi. Reformasiýa şäherlileriň, daýhanlaryň, rysarlaryň aglabasy we birentek nemes hökümdarlary gatnaşypdyrlar.

**Daýhanlar urşunyň başlanmagy.** Angliýada we Fransiýada daýhanlar şahsy taýdan azatlyk gazanan mahaly, tersine, Germaniýada daýhanlaryň feodallara garaşlylygy güýçlenipdir. Köp sanly tölegleri tölemek üçin daýhanlaryň, köplenç halatlarda pullary ýetmändir. Şonda olar süýthora ýüz tutmaga we kän göterim bilen karz pul almaga mejbur bolupdyrlar. Eger-de, daýhanlar alan pullaryny öz möhletinde gaýtaryp bermeseler, onda olar özleriniň ujypsyzja emläklerinden el çekmeli bolýardylar. Bu ýagdaý nemes obalarynda ýygy-ýygydan açlyk bolmagyna getirýärdi.

Tomas Mýunser (1493-1525) Germaniýada halk hereketiniň serdary hökmünde orta çykýar. Ol ýaş wagtynda köp okapdyr we öz döwrüniň ýokary bilimli adamsy bolup ýetişipdir. Mýunser katolik buthanasyna garşy göreşmekligi Lýuterden öň başlapdyr. Reformasiýa başlanan mahaly Mýunser Lýuteri ýakyndan goldap çykyş edýär. Emma Lýuteriň halk çykyşlaryndan gorkanlygy üçin oMýunser ny ýazgaryp ugraýar.

Mýunser feodalçylyk gurluşy ýok etmeli we garyplaryň-da, baýlaryň-da bozmajak tertibini berkarar etmeli diýen

çagyryş bilen daýhanlaryň hem-de şäher garyplarynyň ýygnanan ýerlerinde aýgytly çykyşlary gurapdyr. «Bütin häkimiýet zähmetkeş halkyň dolandyrmagyna berilmelidir» diýip, Mýunser telim gezek aýdypdyr. Mýunseriň batyrgaý çagyryşlary nemes hökümdarlaryny we buthanany gorkuzypdyr. Bir gezek knýazlar Mýunseri tussag etjek bolup synanyşanlarynda magdan işçileri onuň dadyna ýetişipdirler; külüňdir pil bilen ýaraglanyp, ony halas edipdirler. Mýunser hemişe yzarlanyp durulmagy sebäpli, ýygy-ýygydan bolýan ýerini çalşyp, bir welaýatdan başga bir welaýata gitmeli bolupdyr. Ol halky feodalçylyk tertiplere garşy göreşe aýaga galdyrmakdan ötri, öz tarapdarlaryny ýurduň hemme ýerine iberipdir.

1525-nji ýylyň başlarynda Germaniýanyň köp böleginde daýhanlar urşy ýaýbaňlanýar. Ýurduň günorta-günbatarynda 6 sany topar bolup, olarda 40 müňe çenli daýhan hreket edipdir. Beýleki etraplarda şäherliler bilen magdan işçileri hem daýhanlara birigipdirler. Mýunser ýaragly toparlar bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyr. Onuň hut özi gozgalaň turan etraplaryň käbirlerinde bolupdyr we göreşi nähili alyp barmalydygyny daýhanlaryň baştutanlaryna maslahat beripdir.

1525-nji ýylyň mart aýynda daýhanlaryň ýaragly toparlarynyň ýolbaşçylary ýygnanyşypdyrlar. Olar maksatnama düzüp, oňa «12 madda» diýip at berlipdir, çünki daýhanlaryň talaplary 12 sany maddada beýan edilipdir. Daýhanlar şahsy taýdan garaşlylygyň ýatyrylmagyny gazanmaga çalşypdyrlar. Olar öz ellerinden zorluk bilen alnan jemagat ýerleriniň gaýtarylyp berilmegini, zähmet borjunyň, önüm salgydynyň we ondan biri görnüşindäki salgydyň kemeldilmegini talap edipdirler. «12 madda» kiçiräk kitapça görnüşinde çap edilipdir we daýhanlaryň arasynda ýaýradylypdyr.

Döräp gelýän buržuaziýa daýhanlaryň göreşini goldamak bilen, ol ýurduň birleşdirilmegini gazanmaga çalşypdyr. Buržuaziýa öz talaplaryny öňe sürüpdir: ol imperator

häkimiýetiniň güýçlendirilmegini, Germaniýanyň hemme ýerinde ýeke-täk puluň girizilmegini, ýurduň içinde gümrük salgydynyň ýatyrylmagyny isleýärdi. Bularyň hemmesi söwdanyň ösmegine ýardam bermelidi.

Merkezi Germaniýada ýerleşen Týuringiýa welaýatyndaky gozgalaňçylar has batyrgaý hereket edipdirler. Bu ýerde şäher garyplary bilen magdan işçileri daýhanlara goşulypdyrlar. Týuringiýadaky gozgalaňyň başynda Tomas Mýunseriň hut özi durupdyr. Göreşiň ilkibaşynda Mýunser Mýulgauzendedi. Bu şäherde halk köpçüligi tarapyndan ýokary gatlaklaryň wekillerinden ybarat bolan ozalky geňeş dargadylypdyr. Emma daýhanlaryň ýaragly toparlary bir uly goşuna birleşmändirler: her welaýatdaky daýhanlar toparlary özbaşdak hereket edýärdiler.

Baý şäherliler daýhanlar urşunyň giň gerim almagyndan we şäher garyplarynyň çykyşlaryndan heder edýärdiler. Olar özleriniň serdary Lýuter bilen bilelikde feodallaryň tarapyna geçipdirler. Gozgalaňçylardan öler ýaly gorkup, zähresi ýarylan Lýuter hökümdarlary daýhanlaryň gozgalaňlaryny basyp ýatyrmaklyga çagyrypdyr. Baý şäherliler daýhanlara dönüklik edipdirler we gozgalaňy basyp ýatyrmakda feodallara kömek beripdirler.

Germaniýanyň günorta-günbatarynda howul-harsal ýygnalan dworýan goşuny daýhanlaryň garşysyna çykýar. Daýhanlar birnäçe esse köp bolupdyr. Emma daýhanlar harby tälim almandyrlar, olaryň düzgün-nyzamy ýaramaz bolupdyr. Munuň üstesine-de daýhanlar juda ynanjaň bolupdyrlar we özleriniň garşydaşlary bilen gepleşik alyp barypdyrlar. Dworýanlar eger gozgalaňçylar öýli-öýüne dargaşsalar, olaryň ähli talaplaryny ýerine ýetirmekligi wada edipdirler. Daýhanlaryň bir bölegi bu wadalara ynanypdyrlar we ýaraglaryny taşlapdyrlar. Şeýle bolansoň, dworýanlar daýhan goşunlarynyň üstüne çozupdyrlar we olary ýekän-ýekän çympytrak edip başlapdyrlar.

Týuringiýada knýazlar gozgalaňçylaryň garşysyna özleriniň hakyna tutma goşunlaryny sürüpdirler. Mýunser müň adamdan ybarat goşuny bilen Frankenhauzen şäheriniň ýanyndaky dagda ýerleşipdir. Daýhanlar öz ýerleşýän ýeriniň daş-töweregini arabalar we hendekler bilen gurşapdyrlar. Emma Mýunseriň goşunynyň ýaraglanyşy ýaramazdy. Knýazlaryň hakyna tutma goşunlary Mýunseriň goşunynyň üstüne hüjüme geçipdirler. Toplardan atylýan oklar daýhanlara ullakan ýitgi ýetiripdir. Mýunser kellesinden agyr ýaralanyp ýesir düşýär we jezalandyrylyp öldürilýär.

Feodallar daýhanlary derbi-dagyn edip, olardan öç alypdyrlar. Hemme ýerde dar agaçlary dikilipdir; ýesirleri gynapdyrlar, dara çekipdirler, oda ýandyrypdyrlar. Öldürilenleriň sany 100 müň adamdan-da artypdyr. Daýhanlar urşy ýeňlenden soň, feodallar daýhanlary öňküden-de beter ezip başlapdyrlar: garaşly daýhançylyk ozal daýhanlaryň köpüsiniň şahsy taýdan azat bolan ýeri Elba derýasyndan gündogara hem ýaýrapdyr. Knýazlar öňküden-de beter özbaşdaklygy gazanypdyrlar. Şäherler we rysarlar knýazlara tabyn edilipdir. Demirgazyk Germaniýada knýazlar özleriniň mülklerinde, Lýuteriň teklip edişi ýaly şekilde, buthana reformasyny geçiripdirler. Olar monastyrlary ýapypdyrlar, buthana feodallarynyň ýerlerini basyp alypdyrlar. Knýaz öz knýazlygyndaky buthananyň baştutanyna öwrülipdir. Reformasiýanyň ähli tarapdarlaryny protestantlar, täze buthanany bolsa protestant buthanasy diýip atlandyrmaga başlapdyrlar.

Reformasiýa baý şäherliler üçin hem peýdaly bolupdyr. Buthana has «arzan düşýän buthana» öwrülipdir: şagalaňly däp-dessurlar we birentek buthana baýramçylyklary ýatyrylypdyr. Daýhanlar urşunyn şowsuz gutarmagy Germaniýanyň dagynyklygyny berkidipdir we feodalçylyk sütemi güýçlendiripdir.

**Katolik buthanasynyň reformasiýa garşy göreşi.** Germaniýanyň yzysüre reformasiýa Ýewropanyň beýleki ýurtlarynda hem başlanýar. Katolik buthanasy özüniň ozalky häkimiýetini elden gideripdir. Hemme ýerde buthana gullukçylarynyň üstünden gülnüpdir, papany we ruhanylary masgaralaýan suratlar ýaýradylypdyr. Şweýsariýada we Gollandiýada reformasiýanyň başyna baý we täsirli buržuaziýa geçýär. Knýazlaryň bähbidi üçin Germaniýada Lýuter tarapyndan geçirilen buthana reformasy buržuaziýany kanagatlandyrmandyr. Buržuaziýa bu ýurtlarda täze, protestant buthanasyny döredipdir; bu buthananyň başynda buržuaziýadan bolan saýlawly adamlar durupdyrlar.

Angliýada, Daniýada we Şwesiýada reformasiýany dworýanlaryň goldamagynda korollar geçiripdirler. Bu ýurtlarda dworýanlar buthananyň elinden alnan ýerleriň ep-esli bölegine eýe bolupdyrlar. Ähli ýurtlarda halk köpçüligi katolik buthanasyna garşy çykyş etmek bilen feodalçylyk tertiplere garşy göreşe aýaga galypdyr. Rim papasy german imperatoryndan, Ispaniýanyň we Polşanyň korollaryndan, Günorta Germaniýanyň knýazlaryndan kömek alypdyr. Katolik buthanasy şolaryň kömegi bilen reformasiýanyň garşysyna hüjüme geçýär.

**Kalwinçi buthana.** Şweýsariýada protestant buthanasyna katolikleriň yzarlamalaryndan Ženewa gaçyp gelen fransuz Žan Kalwin (1509-1564) baştutanlyk edýär. Onuň esaslandyran buthanasy kalwinçi buthana diýlip atlandyrylypdyr. Kalwin öz çykyşlarynda janaýaman zähmet çekmegi we baýlyk toplamagy wagyz edipdir. «Kim baýasa, şol adam Hudaýyň saýlanydyr» diýip, Kalwin aýdypdyr.

Katoliklerden tapawutlylykda Kalwin garyplygy keramatlylygyň alamaty diýip hasap etmändir. Onuň pikiriçe, garyplar ykmandalara hem-de gedaýlara öwrülseler, Hudaýyň merhemetini ýitirýärmişler. Kalwin sahylygy, sowajynlygy ýazgarypdyr, katoliklerden tapawutlylykda gysyklygy günä

diýip hasap etmändir. Kalwinçileriň ynanjyna görä, zähmetsöýerlik Hudaýyň beren nygmaty, ýaltalyk bolsa – iň ýaman ýetmezçilik hasap edilipdir. Kalwiniň ýörelgelerini ýewropa ýurtlarynyň iň işjeň hem-de baý şäherlileri kabul edip alypdyrlar.

**Iýezuitler ordeni.** 1540-njy ýylda reformasiýa garşy göreşmek üçin «Iisusyň jemgyýeti» ýa-da Iýezuitler ordeni («Iezus»-»Iisus» diýen latyn sözünden gelip çykypdyr) döredilipdir. Bu jemgyýet ispan begzadasy, papanyň hem-de katolikçiligiň tarapdary Ignatiý Loýola tarapyndan esaslandyrylýar.

Iýezuitler ordeni harby tertipde guralypdyr; onda berk düzgün-nyzam saklanylypdyr. Ordeniň kiçi agzalary uly agzalaryň buýruklaryny ikirjiňlenmän ýerine ýetirmäge borçly bolupdyrlar. Beýleki monahlardan tapawutlylykda Iýezuitleriň monastyrlary bolmandyr. Olar adatdaky geýimleri geýipdirler we özlerini ordene degişlidigi bilinmez ýaly alyp barypdyrlar.

Iýezuitleriň ordeni aldawçylyk arkaly ägirt köp baýlyklary toplapdyr. Olaryň uly ýer mülkleri, özleriniň kärhanalary, gämileri we hatda Günorta Amerikada koloniýalary hem bolupdyr. Iýezuitleriň kömegi bilen katolik buthanasy Polşada, Çehiýada, Italiýada, Günorta Germaniýada reformasiýany basyp ýatyrmagy başarypdyr.

**Warfolomeý gijesi.** Rim papasy özüne ozalky häkimiýetini gaýtaryp almaga synanyşyp, her hili hereketlere ýüz urýardy. Dworýanlaryň we şäherlileriň köpüsiniň reformasiýa goşulan ýeri bolan Fransiýada katolikler protestantlary ýok etmekligi guraýardylar. Protestantlaryň ýobaşçylaryny korolyň aýal doganynyň toýuna çagyryp, Parižе aldap getiripdirler. Protestantlaryň ýaşaýan öýleri agşamdan göz astyna alnypdyr. 1572-nji ýylyň awgust aýynyň gijesinde (keramatly Warfolomeý gününiň öň ýanynda) Parižiň buthanalarynyň biriniň jaňhanasyndan jaň sesi eşidilýär. Katolikler yşarat berlen badyna protestantlary gyrmak üçin

eňipdirler; olar aýallara-da, çagalara-da rehim etmän, olary hut ýatan  düşekleriniň üstünde öldüripdirler. Köpçülikleýin adam öldürmeklik Fransiýanyň beýleki şäherlerinde-de bolup geçýär. Iki hepdäniň içinde 30 müňden-de köp adam öldürilýär. Protestant ilatynyň gyrylmagy «Warfolomeý» gijesi ady bilen taryhda galdy. Rim papasy bu gyrgynçylygy diňe bir makullamak bilen çäklenmän, eýsem gyrgynçylygyň ýadygärligi üçin medal çykarmaklygy buýurýar we Rimde dini baýramçylyk otlaryny ýakmagy guraýar.

Papalar katolik buthanasynyň duşmanlaryna garşy göreşmek üçin buthana suduny - inkwizisiýany (latyn dilinden terjime edeniňde «derňemek» diýmekdir) ulanypdyrlar. Buthana kazysy ýaşryn maglumat esasynda islendik adamyny aýyplap bilýärdi. Suduň öňünde aklanmak mümkin bolmandyr. Iikwizisiýa katolikçi buthana ummasyz köp peýda berýärdi: ýazgarylyp öldürilen adamyň emlägi buthananyň, häkimiýetleriň we şugulçynyň arasynda paýlaşylypdyr. Inkwizisiýanyň kömegi bilen buthana halk hereketine gatnaşyjylary, reformasiýanyň tarapdarlaryny we öňdebaryjy alymlary gyrypdyr.

**Anglikan buthanasy.** Angliýada reformasiýanyň başlanmagy  týudorlar nesilşalygyndan bolan Genrih VIII-niň (1509-1547) ady bilen baglanyşyklydyr. Döwürdeşleri Genrihi ýowuz hem-de rehimsiz adam hökmünde häsýetlendiripdirler. Ol özüniň şahsy bähbitlerini ähli zatdan öňde goýupdyr. Şahsy bähbitler Genrih VIII bilen Rim Papasynyň arasynyň bozulmagyna getirýär. 1554-nji ýylda iňlis parlamenti koroly we onuň mirasdüşerlerini Angliýanyň buthanasynyň baştutany diýip yglan edýär. 1535-nji ýylda bolsa  ýörite karar çykarylyp, her dynç we baýramçylyk günleri ybadathanalarda we mekdeplerde korolyň iňlis buthanasynyň baştutanydygyny yglan etmek buýrulýar. Şeýdip, Germaniýadan tapawutlylykda, Angliýada reformasiýa «aşakdan» däl-de, «ýokardan» başlaýar. Genrih buthananyň emlägini we ýerlerini elinden alypdyr.

Ýurtda üç müň sany ybadathana ýapylypdyr. Olaryň ýerleriniň bir bölegini korol öz tarapdarlaryna paýlapdyr, ýene bir bölegini satypdyr, galan ýerleri bolsa özi alypdyr.

Angliýada korol buthananyň baştutanyna öwrülýär, Rim papasynyň häkimýeti ýatyrylyp, katolik buthanasynyň ähli emlägi elinden alynýar.

Genrihiň döwründe protestant buthanasy doly kemala gelip ýetişmändir. Bu iş iňlis koroly, Genrih VIII-niň gyzy Ýelizawetanyň (1558-1603) dolandyran ýyllarynda amala aşyrylypdyr. 25 ýaşynda tagta gelen Ýelizaweta Angliýada protestant buthanasyny yglan edýär. Ýöne bu buthanany Angliýada anglikan buthanasy diýip atlandyrylypdyr. Angliýanyň ähli buthana işgärleri korolyň öňunde kasam etmäge borçlanypdyrlar. Kasam kabul etmekden boýun gaçyran ýepiskoplar täzeleri bilen çalşyrylypdyr. Buthanada ybadat etmek iňlis diline geçirilýär we halka düşnüksiz latyn dili bolsa ýatyrylýar.

## §4. Ýewropada gaýtadan döreýiş (renessans)

**Ýewropada ylmyň we tehnikanyň ösüp başlamagy.** Kolumbyň we Wasko da Gamanyň syýahatlaryndan soňra, deňizde ýüzüjiler özleriniň gämileri bilen okeanlaryň aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän giňişliklerinde ýüzmeklerini bes etmändirler. XVII asyryň başlarynda täze materik – Awstraliýa açylypdyr. Deňizde ýüzüjiler Demirgazyk Aziýanyň barlanyp görülmedik ýerlerine aralaşypdyrlar hem-de Ýuwaş okeanyň kenarlaryna baryp ýetipdirler. Edermen syýahatçylar gury ýeriň, deňizleriň we okeanlaryň köp bölegini barlapdyrlar. Geografiýa ylmy örän täsin üstünlikleri gazanypdyr.

Adamlaryň garaýyşlaryndaky öwrülişik öňürti Italiýada başlaýar. XIV asyrda Italiýanyň baý şäherlerinde ilkinji manufakturalar, olaryň eýeleri buržuaziýa peýda bolýar.

Ösýän şaherlerde bilimli adamlar: hasapçylar (buhgalterler) we hukukçylar, inženerdir tehnikler, mugallymlar we lukmanlar barha köp peýda bolýardy. Şäherlerde intelligensiýa – akyl zähmeti bilen meşgullanýan adamlaryň aýratyn topary ýüze çykdy.

Çalt özgerýän dünýäde asyrlar boýy agalyk edip gelen düşünjeler kem-kemden möwrüýini geçirip ugraýar. Adamyň güýjüne we ukybyna bolan ynam täzeden güýçlenip ugraýar. Täze medeniýetiň işgärleriniň ünsüni ozaly bilen adam we onuň işleri özüne çekýärdi. Şoňa görä-de olara gumanistler («gumanus» – ynsanperwer diýen latyn sözünden gelip çykypdyr) diýip at berlipdir.

Gumanistler Gadymy Gresiýanyň we Rimiň medeniýetine ägirt uly höwes bildirýärdiler. Dini garaýyşlaryň çelgisinde saklanan orta asyr medeniýetinden tapawutlylykda, antiki medeniýet özüniň durmuşa golaýlygy bilen tapawutlanýardy. Onda adamzat durmuşynyň gözelligi wasp edilýärdi. Indi şol unudylan medeniýet gaýtadan, täzeden janlanan ýaly bolup görnüpdir. Şonuň üçin hem täze medeniýetiň ýüze çykan wagtyna XIV-XVI asyrlara «Renessans» - ýa-da „Gaýtadan döreýiş medeniýetiniň döwri» diýip at berilýär.

Orta asyrlarda mekdep buthananyň elindedi. Emma şäherleriň ösmegi sowatly adamlary köp talap edýärdi. Söwdadan gelýän girdejileri hasaplamak, şäher geňeşlerinde we kazyýetde işleri ýöretmek gerek bolýardy. Munuň özi şäherlerde dünýewi mekdepleriň döremegine getirýärdi. Buthana mekdeplerine garanda, bu mekdeplerde hat ýazmagy we arifmetikany gowy öwredilipdir, tebigat bilimlerinden käbir maglumatlar berlipdir.

**Astronomiýa ylmynyň ösüşi.** Beýik polýak alymy Nikolaý Kopernik (1473 - 1543) älem hakyndaky köne garaýyşlara kül-peýekun ediji zarba urupdyr. Kopernik iň bir ýenekeýje gurallaryň kömegi bilen asman jisimlerine 30 ýyldan-da gowrak wagtlap gözegçilik edipdir. Kopernik

çylşyrymly hasaplamalary edip, Ýer Günüň daşyndan aýlanýar we şunuň bilen birlikde-de ol öz okunyň daşyndan aýlanýar diýen netijä gelýär. Kopernigiň pikiriçe Ýer – planetalaryň diňe biridi we olaryň hemmesi Günüň daşyndan aýlanýardylar. 1543-nji ýylda Kopernigiň «Asman jisimleriniň aýlanyşy hakynda» diýen kitaby çap edilýär. Kopernigiň açyşy ylymda tutuş bir öwrülişik bolupdy. Kopernigiň taglymaty ylmyň mundan beýläkki ösüşine ägirt uly itergi beripdir.

Beýik italýan akyldary Jordano Bruno hakyky gahryman, ylym ugrunda göreşiji bolupdyr. Bruno 1548-nji ýylda eneden doglupdyr. Ol heniz ýaş ýetginjekkä ata-enesi tarapyndan monastyra berilýär. Emma Jordano çagalyk ýyllaryndan başlap, yhlas bilen bilime ýapyşypdyr we dini sanalgalar bilen meşgul bolman, eýsem ylmy işlere baş goşýar. Bruno monastyr hojaýynlaryna bildirmän, Kopernigiň kitaby bilen tanyşýar we älem baradaky köne garaýşyň nädogrudygyna düşünýär. Ony şugullap ugraýarlar. Bruno monah eşigini taşlap, monastyrdan gaçyp gidýär. Onuň üçin sergezdançylyk bilen howsaladan doly, ýöne welin, aýdyň we joşgunly durmuş başlanýar. Ruhanylar alymy hiç ýerde arkaýyn goýmandyrlar we oňa erkin işlemäge mümkinçilik bermändirler. Ol 16 ýylyň içinde Ýewropanyň ençeme ýurtlarynda – Fransiýada, Angliýada, Germaniýada, Çehiýada bolup görüpdir. Bruno dilewar, zehinli ýazyjy hem şahyr adam bolupdyr.

Bruno Kopernigiň taglymatyny ösdürip, «Älem çäksizdir we tükeniksizdir» diýip tassyklaýardy. Ol «Gün hem dünýäniň merkezi däldir. Älem uçursyz köp ýyldyzlardan ybarat bolup, olaryň her biri bizden örän daşda durýan Gündür. Ol gunleriň her biriniň töwereginde öz planetalary aýlanyp ýör» diýip aýdýardy. Jordano Brunonyň bu batyrgaý pikiri indi ylym tarapyndan doly tassyklandy.

Watanyna bolan söýgi Brunony Italiýa gaýdyp gelmäge mejbur edýär. Emma ýurduna gelenden soň ol inkwizisiýanyň

penjesine düşýärr. Bruno aýylganç zyndanlarda sekiz ýyla golaý ýatmaly boldy. Emma gynamak bilen-de, wadalar bilen-de oňa öz garaýyşlaryndan el çekdirtmek inkwizitorlara başartmandyr. Buthana kazysy alymy otda ýandyrmaklyga höküm edýär. 1600-nji ýylyň 7-nji fewralynda Jordano Bruno otda ýakylyp öldürilýär. Bruno jezalandyrylandan soňky ýakyn ýyllarda ýüze çykan täze ylmy açyşlar hakykat ugrunda janyny pida eden merdana alymyň ähli aýdan zatlaryny doly tassyklady.

Meşhur italýan alymy Galileo Galileý (1564-1642) asmana teleskop bilen gözegçilik eden ilkinji alymdy. Teleskopyň kömegi bilen ol gözegçilik edilýän jisimleriň 30 esse ulaldyp görünmegini gazanypdyr. Ýyldyzlaryň hakyky sanynyň ýönekeý göz bilen görülýän ýyldyzlaryň sanyndan has köpdügine alym göz ýetiripdir. Alymyň açyşlary Ýerde bolşy ýaly, Aýyň üstünde hem daglaryň bardygyny, Ýupiter planetasynyň daşynda öz hemralarynyň aýlanýandygyny, hatda Günüň üstünde hem menek-menek tegmilleriň bardygyny subut edýär. Galileýe özüniň ajaýyp turbasynyň kömegi bilen başga-da köp açyşlary etmek başardýar. Bularyň hemmesi-de Kopernigiň we Jordano Brunonyň taglymatyny doly tassyk edipdir.

Galileýiň açyşy ruhanylaryň gahar-gazabyny döredýär. Buthana Kopernigiň kitabyny okamaklygy gadagan edýär. Bu gadagan etmeklige jogap edip, Galileý kitap ýazyp, ol kitapda polýak alymynyň netijelerini gorap çykyş edýär. Gahar-gazaba münen papa Galileýi Rime - buthana kazyýetine çagyrýar. Ýetmiş ýaşly alym inkwizisiýanyň öňünde durupdyr. Sorag etmeklik bäş aýa çekýär. Inkwizitorlar gynamak howpuny atyp, jebir çeken garryny öz taglymatyndan el çekmeklige mejbur edýärler. Ol toba edýän günäkäriň geýimini geýip, dyzyna çökmeli we «toba edýändigi barada» kazynyň yzy bilen kemsidiji sözleri gaýtalamaly bolýar. Soň-soňlar Galileýiň el çekmegi hakynda gyzykly rowaýat düzülipdir. Galileý Ýeriň

hereket edýändigine ynanmaýandygy barada söz sözläp bolansoň, ýerinden galyp: «Her niçik-de bolsa ol aýlanýar!» diýip aýdypdyr. Galileý özüniň ahyrky günlerine çenli inkwizisiýanyň ýesiri bolup galypdyr. Inkwizitorlar alyma berk gözegçilik edipdirler we kitap çap etmekligi oňa gadagan edipdirler. Emma ol Älem hakyndaky täze garaýyşlaryň dogrulygyna çynlakaý ynanypdyr.

**Ynsanperwer (gumanistik) edebiýatyň kemala gelmegi.** XIV–XVI asyrlarda Gunbatar Ýewropa ýurtlarynyň medeniýeti ýokary göterilipdi. Alymlar dünýä hakyndaky köne düşünjeleri ret edip, tebigaty öwrenmäge uly üns berip başlaýarlar. Gaýtadan döreýiş eýýamynyň ýazyjylaryny adamlaryň gündelik durmuşy, döwrüň anyk wakalary gyzyklandyrýardy. Olar öz döwrüniň gowgaly durmuşyny ýazyp beýan edipdirler, goşgularynda adamyň güýçli duýgularyny we tebigatyň gözelligini wasp edipdirler.

Heýkeltaraşlar we suratkeşler adam bedeniniň gurluşyny üns berip öwrenipdirler. Olar adamlary mümkin boldugyça dogry şekillendirjek bolup dyrşypdyrlar. Adamynyň güýjüne we ukybyna bolan ynam döräp başlapdyr. XV asyryň ýazyjysy şeýle diýipdir: «Adama öz arzuwyna ýetmek üçin mümkinçilik berlipdir». XIV–XVI asyrlaryň bilimli adamlary gadymy Gresiýanyň we Rimiň medeniýetine uly höwes bildirip başlapdyrlar. Tukat we durmuşdan üzňe sungatdan tapawutlylykda, olar gadymy medeni ýadygärlikleri, şadyýan durmuşy şekillendiripdirler, adamynyň gözelligini wasp edipdirler.

Gadymy döwrüň ýadygärliklerini söýüjiler monastyrlaryň ýerzeminlerinden gadymy golýazma kitaplary gözläp tapypdyrlar, grek hudaýlarynyň hem-de gahrymanlarynyň heýkellerini ýeriň astyndan gazyp çykarypdyrlar. Bu tapylan zatlar örän ähmiýetli bolupdyr. Käbir sungaty söýüji baýlar heýkelleri ýa-da gadymy golýazma kitaplary edinmek üçin pullaryny gaýgyrmandyrlar. Perikliň we Oktawian Awgustyň

döwürdeşleriniň geplän grek hem-de latyn dillerini bilmek däbe öwrülipdir. Ýazyjylar we suratkeşler gadymy grekleriň hem-de rimlileriň eserlerini yhlas bilen öwrenipdirler, olara geň galypdyrlar, öz eserlerini şolara meňzetjek bolup jan edipdirler.

Katolik buthanasy tarapyndan ýazgarylan we ondan ozalky asyrlarda ýatdan çykarylan gadymy medeniýet ýaňadan janlanyp başlapdyr. Şonuň üçin-de täze medeniýetiniň dörän wagty Gaýtadan döreýiş medeniýeti diýip at alypdyr. Bu medeniýet ynsan ýaşaýşy barada hakyky durmuş wakalaryny janlandyrýandygy üçin oňa gumanistik – ynsanperwer medeniýet diýip hem at berýärler.

Golland ruhanysy we dilçisi Erazm Rotterdamskiý (1469-1536) gumanistik akymyň iň sowatly hem-de zehinli wagyzçylarynyň biri bolupdyr. XX asyryň belli ýazyjylarynyň biri ony «öz asyrynyň şöhrady we ýagtylygy» diýip atlandyrypdyr. Latyn dilini suwara bilýän Erazm Rotterdamskiý gadymy hristian ýazyjylarynyň eserlerini teswirläpdir. Şonda ol giçki döwürde olaryň mazmunynyň çuňňur ýoýlandygyna göz ýetiripdir. Ol okyja antiki döwrüniň dünýäsine düşünmäge mümkinçilik bermek üçin grek we latyn nakyllarynyň ýygyndysyny düzüpdir.

Ýaş wagtlary Erazm Rotterdamskiý güzeran görmek üçin goşmaça sapak okadypdyr we öz okuwçylary üçin pentnama düzüpdir. Pentnamada ol okuwçylaryna öz pikirini owadan hem-de gyzykly beýan etmegi öwredipdir. Onuň pentleri soňra «Şeýlekin gürrüňler» diýlip atlandyrylypdyr. Onuň bu kitaby giň meşhurlyga eýe bolup, köp dillere terjime edilipdir.

Erazm Rotterdamskiniň esasy eseri «Akmaklygyň öwgüsi» diýlip atlandyrylýar. Eseriň baş gahrymany bolan hanym Akmaklyk egnine alymyň mantiýasyny – hyrkasyny geýip, öz adyna öwgi sözlerini aýdýar. Köpçüligiň öňünde çykyş etmek bilen Akmaklyk özüniň bu dünýäni hereketlendirýändigini, hemmeleriň özüne boýun egýändigini

diňleýjilere gürrüň berýär. Eserde ýazyjy öz döwrüniň jemgyýetiniň nogsanlyklaryny tankyt edýär we orta asyrlaryň köne däpleriniň üstünden gülýär.

Iňlis ýazyjysy Tomas Mor (1478-1535) ajaýyp bilim alypdyr, gadymy dilleri oňat bilipdir. Ol öz atasynyň ýoly bilen gidip, hukukçy bolup ýetişýär. 1516-njy ýylda ýazyjynyň «Döwletiň iň oňat gurluşy hakynda we Utopiýa diýen täze ada hakynda altyn kitap» atly eseri neşir edilipdir. Şol kitapda Tomas Mor ýeriň daşyny germemegi we ykmandalaryň hem-de gedaýlaryň garşysyna gönükdirilen zabun kanunlary ýazgarypdyr. Ýazyjy halkyň ähli betbagtçylyklarynyň we çekýän horluklarynyň sebäbi hususy eýeçilikden ybaratdyr diýip hasap edipdir. Hökümete ol «özleriniň şahsy bähbitleri barada alada edýän baýlaryň dildüwüşigi» diýip at beripdir. Mor özüniň toslap tapan uzakdaky «Utopiýa» (grekçeden terjime edeniňde «hiç ýerde», «dünýäde ýok ýer» diýmekdir) adasyndaky bagtly ýurdy, onuň ajaýyp şäherlerini we gülzarlyga öwrülen ekin meýdanlaryny, üýtgeşik tertip-düzgünlerini hem-de kanunlaryny ýazyp beýan edipdir. Utopiýada hususy eýeçilik, adamlaryň birleriniň beýlekilerini ezmegi ýaly hadysalar, baýlar-da, garyplar-da bolmandyr. Adanyň ähli ilaty zähmet çekmäge borçly bolupdyr.

Utopiýalylar gün içinde diňe 6 sagat zähmet çekýän-de bolsalar, olarda önüm bol, sebäbi bu ýerde bikärler we ýaltalar ýok. Adanyň adamlary özlerine gerek zatlaryň hemmesini mugtuna jemgyýetçilik ammarlyndan alýarlar. Adanyň adamlary boş wagtlarynda ylym, sungat, sport bilen meşgullanýarlar.

Utopiýanyň ilatynyň gapylary mydama açyk, olarda ogrulyk ýok. Gysgançlyk döremez ýaly, olar her 10 ýyldan öz öýlerini we zatlaryny biri-birleri bilen çalyşýarlar. Utopiýalylar puly ýigrenýärler: olarda gymmat baha daşlar çaga oýunjaklary bolup hyzmat edýär, altyndan bolsa jenaýatkäler üçin zynjyr ýasaýarlar. Tomas Moruň göz öňüne getirişi ýaly, ol geljekki

adalatly gurluşy beýan edipdir. Emma ol şeýle gurluşy adamlaryň nähili döretjegini bilmändir. Şoňa görä-de, Mordan soň amala aşyryp bolmajak arzuwlara, durmuşdan üzňe hyýaly zatlara utopiýa diýip at berip ugrapdyrlar.

Fransuz ýazyjysy-satiraçysy Fransua Rableniň (1494-1553) «Gargantýua we Pantagrýuel» diýen romanyny ulular-da, çagalar-da häzire-bu güne çenli höwes bilen okaýarlar. Awtor äpet adamlar hakyndaky ertekili bu kitabynda gadymy halk rowaýatlaryny peýdalanyp, ötgür sözler bilen feodalçylyk tertipleriň üstünden gülüpdir. Rable mähriban ýurdunyň durmuşyny oňat bilipdir, köp syýahat edipdir. Italiýada telim gezek bolup görüpdir. Ol ýazyjy we gadymy dilleri oňat bilýän tebip hem-de mugallym bolupdyr. Rable özüniň romanynda weýrançylykly feodalçylyk uruşlaryny ýazgarypdyr. «Ozal edermenlik diýlip belent at dakylan zada indi biz ýöne garakçylyk diýýäris» diýip, kitabyň gahrymanlaryndan biri aýdýar. Ýazyjy bütin dünýäniň üstünden häkimiýetini gurmak maksady bilen öz raýatyndakylaryň ganyny döküän basybalyjy koroly masgaralapdyr. Romanyň awtory dworýanlara ýigrençli garapdyr, olaryň öwünjeňligini we alymsaklygynyň üstünden gülüpdir.

Romanda papa wepaly katolikler ýaşaýan Papemaniýa diýen ýurt beýan edilipdir.»Olar bu ýere horlugyna gelse-de, derrew olaryň garnyny ýag alyp başlaýar», sebäbi olar «dünýäniň ähli künjeklerinden» girdeji baryny alýarlar. Papemanlar özleri bilen razylaşmaýanlaryň hemmesini ýok etmäge taýyn. Papefiler adasynyň adamlary papanyň portretine dodak çöwrendigi üçin, olar adany weýran edipdirler. Elbetde, okyjylar şunda katolikleriň protestantlara garşy göreşini aňsat göz öňüne getiripdirler. Katolik buthanasy batyrgaý ýazyjyny ýanapdyr. Rableniň kitabyny gadagan edipdirler, awtora tussag etmek we hatda oda ýakmak howpuny salypdyrlar. Emma ýazyjy ömrüniň ahyryna çenli şahsy mertligini saklap galypdyr.

XVI asyryň ahyrlarynda teatr iňlis halkynyň gowy görýän sungatyna öwrülýär. Şol wagtlar Londonda ona golaý teatr bolupdyr. Teatrlarda görkezilýän oýunlar sada adamlaryň köpçüliginiň ünsüni çekipdir; tomaşaçylar aktýorlaryň oýnaýşyna üns berip tomaşa edipdirler. Käte spektakllary görmäge maska geýip korolewa Ýelizawetanyň özi-de geler eken.

Beýik ýazyjy Wilýam Şekspiriň (1564-1616) bütin ömri teatr bilen baglanyşykly bolupdyr. Ol ilkibaşda aktýor bolupdyr, ýöne soňra Londondaky «Globus» teatrynyň eýesine öwrülýär. Şekspir 37 pýesa: tragediýalary, komediýalary, taryhy dramalary, şeýle hem köpsanly goşgylary ýazypdyr.

Şekspir köne, feodalçylyk düzgüniniň soňuna çykyljak wagtyň golaýlaşýandygyna düşünipdir. Emma ol buržuaziýanyň täze dünýäsi bilen-de, onuň pul hökmürowanlygy bilen-de, bet gazanç etmek arzuwy bilen-de ylalaşyp bilmändir. Ýazyjynyň pikiriçe, erbetlik hemme ýerde dabaralanýar, ol hemme duýgyny: ynamy, adalatlylygy, söýgini zäherläpdir. «Töwerekde görýän zatlarymyzyň hemmesi deýýuslyk» diýip şahyr aýdypdyr.

Şekspir adamyň belentligini çuňňur duýupdyr. Şekspiriň beýik tragediýasynyň gahrymany Gamlet şeýle diýýär: «Adam – bu ne ussatlyk bilen döredilen gudrat! Onuň pähim-paýhasy ne ajaýyp! Onuň eden işleri, gör, nähili dürs hem täsin. Ol älem-jahanyň gelşigi!»

Şekspir özüniň «Gamlet», «Otello», «Korol Lir», «Romeo we Julýetta» we beýleki tragediýalarynda hoşniýetli batyrgaý adamlaryň adalatlylyk hakyndaky arzuwlarynyň nähili puç bolýandygyny görkezipdir. Ol güýçli we gaýduwsyz gahrymanlary, olaryň ýokary duýgularyny: söýgini hem-de dostlugy, wepalylygy, gaýratlylygy wasp edipdir. Ýaş juwanlar heläk bolýarlar, emma boýun bolmaýarlar. Şekspiriň gahrymanlary ykbalyň ejiz pidalary däl: olar horluk çekýärler we göreşýärler, emma dünýäni üýtgedip bilmeýärler.

Beýik ispan ýazyjysy Migel Serwantes (1547-1616) agyr durmuşda ýaşap geçipdir. Ol garyp düşen begzada maşgalasynda doglupdyr. Uniwersiteti gutaryp, Serwantes basym esgerlige lynýar. Ol osmanly türkmenlerine garşy deňiz söweşinde agyr ýaralanypdyr. Serwantesiň watanyna gaýdyp gelýän gämisini deňiz galtamanlary basyp alyp, Alžire äkidipdirler. Geljekki ýazyjy bäş ýyl ýesirlikde bolupdyr, birnäçe gezek gaçmaga synanyşypdyr, emma başa barmandyr. Maşgalasy doly tozup, ahyrsoňy ony zordan ýesirlikden satyn alypdyrlar. Ýaşamak üçin gazanç etjek bolup Serwantes salgyt ýygnaýjynyň kärinde işleýär. Ynsanperwer adam üçin azaply bu gullukda ol halkyň gözgyny, agyr ýaşaýşyny öz gözleri bilen görüpdir.

Serwantese bütindünýä şöhratyny getiren esasy eseri, onuň «Don Kihot» diýen romany bolupdyr. Kitabyň gahrymany – rysar romanlaryny köp okan, garyp düşen dworýanlardan bolan Don Kihot kemsidilenleri we ezilenleri goramak üçin ýurt gezmäge ugraýar. Don Kihot adamlaryň kemçiliklerini düzetmäge we dünýäde derrew adalatlylygy berkarar etmäge çalyşýar. Tagaşyksyz, uzyn boýly arryk Don Kihotyň wepaly ýarag göterijisi – semiz, kelte boýly Sanço Pansa onuň ýanyndan aýrylanok. Emma jahankeşdelik edýän rysarlaryň möwriti geçipdir: Don Kihotyň söweş esbaplary – onuň ata-babalarynyň ýaraglarynyň poslan bölekleri, onuň söweş aty – lagar ýaby, onuň ýaragöterijisi bolsa mekir daýhan bolupdyr.

Romanyň gahrymanlary diňe gapma-garşylykly bolmak bilen çäklenmän, eýsem köp derejede biri-birlerine hem meňzeşdir: olar rehimdar, kişiniň başyna düşen betbagtçylyga dözümsiz, eserdeň adamlar. Don Kihot aňsat baýlaşarsyň we gubernator bolarsyň diýip bolgusyz wadalar bilen Sançony ýörişlere gitmäge yrýar. Emma kemakyl Don Kihot adamlara kömek etmek isläp, olara diňe zyýan ýetiripdir: ol döwlerdir öýdüp, gaýduwsyzlyk bilen ýel degirmenlerine naýzaly topulýar, ýesir rysarlardyr öýdüp bendileri boşadýar;

kerwensaraý onuň gözüne köşk-gala bolup, goýun sürüsi bolsa duşman goşuny bolup görünýär.

Don Kihoty birsyhly näletleýärler we ýenjýärler, onuň üstünden gülýärler hem-de ony masgaralaýarlar. Emma ol adamlara bolan söýgüsini saklaýar. Don Kihotyň täsiri astynda Sanço Pansa hem özgerýär. Baý begzada degşip, ony adanyň häkimi edip belläýär. Sowatsyz daýhan Sanço kazylyk edende parasatlylyk, adalatlylyk we akýüreklilik görkezýär. Serwantesiň dünýäde adalatsyzlyga garşy janaýamazakly göreşe çagyrýan romany dürli ýurtlarda adamlaryň söýgýli kitabyna öwrüldi.

**Italiýada sungatyň gülläp ösmegi.** Heýkeltaraşlyk orta asyrlarda buthana gurluşygy bilen baglanyşykly bolupdy. Soborlar din adamlarynyň, ýepiskoplaryň, korollaryň köp sanly heýkelleri bilen bezelipdir. Soborlaryň diwarlarynyň ýüzüne dini mazmundaky suratlar çekilipdir. Orta asyr suratkeşleri tebigata syn etmändirler we adam bedenini öwrenmändirler, çünki ruhanylar muny gadagan edipdirler. Olar suratlary buthana tarapyndan rugsat edilen nusga boýunça çekipdirler.

Suratkeşler uzakdaky we ýakyndaky zatlary birmeňzeş ululykda çekipdirler. Olaryň suratlaryndaky şekiller ýaramaz, jansyz ýaly bolup görnüpdirler. Emma Gaýtadan döreýiş eýýamynyň başlanmagy bilen heýkeltaraşlykda we suratkeşlikde, asyl bütin sungatda täze döwür başlaýar we döredilýän eserler täze mazmuna eýe bolýarlar.

Gaýtadan döreýş eýýamynyň medeniýeti ilki bilen Italiýada osüp başlaýar. Munuň özi baryp XIV asyrda Italiýanyň baý şäherlerinde ilkinji manufakturalaryň döremegi we buržuaziýanyň ýüze çykmagy bilen düşündirilýär. Rimden Alp daglaryna eltýän möhüm söwda ýolunda ullakan hem-de owadan Florensiýa şäheri ýerleşýar. Mawut ussahanalaryndaky zenzele şäheriň köçelerinde ýaňlanypdyr. Süýthorlaryň kontoralaryna köp adam gelip gidýärdiler. Florensiýanyň

baýlary köp puly karzyna diňe bir täjirlere we feodallara däl, eýsem, papalara hem-de korollara hem beripdirler.

Florensiýa Italiýanyň medeniýet merkezine öwrülip ugraýar. Şöhratly suratkeşler, heýkeltaraşlar, binagärler bu ýerde özleriniň senedini zehinli ýaşlara öwredipdirler. Rim, Milan, Wenesiýa hem ajaýyp ussalary bilen şöhratlanypdyr. Emma Italiýa şol wagtlar dagynyk we gowşak ýurtdy. XVI asyryň başlarynda ol kese ýerli basybalyjylaryň - ispanlaryň we fransuzlaryň oljasyna öwrülýär. Daşary ýurt goşunlary bu gülläp ösýän ýurdy tozdurypdyrlar. Şonuň üçin-de Italiýada sungatyň gülläp ösmegi gysga wagtlaýyn bolupdyr.

Florensiýaly ussat Leonardo da Winçi (1452-1519) Italýada Gaýtadan döreýş eýýamynyň beýik wekilleriniň biridi. Onuň kakasy gurply şäher adamsy, ejesi bolsa – ýönekeý daýhan maşgalasyndan bolupdyr. Leonardo da Winçi hemmetaraplaýyn ösen şahsyýet bolup ýetişýär: ol tanymal suratkeş hem alym, oýlap tapyjy-inžener, binagär hem heýkeltaraş, sazanda we şahyr bolupdyr. Hiç bir kynçylyk ussadyň erkini syndyryp bilmändir – ol kynçylyklar onda gaýtam, täze güýçleri döredipdir. Ol öz şägirtlerine şeýle diýipdir: «Kim köp zähmet çekse, şol bagtly bolýar».

Leonardo da Winçiniň çeken suratlarynda suratkeşiň öz söýen we öwrenen durmuşy görkezilipdir. Ol uzak wagtlap köçelerde we meýdanlarda gezip, zatlaryň özüne seredip, olaryň suratlaryny çekipdir. Onuň ünsüni adamlaryn begençli ýa-da gynançly pursatlary özüne çekipdir, çünki şeýle pursatlarynda olaryň hereketleri we ýüz keşpleri aýratyn manyly bolýar. Beýik alym inkwizisiýanyň gahar-gazabyna sezewar bolmak howpy astynda meýitleri gizlinlikde agtarypdyr; ol adam bedenini suratlarda şekillendirmek bilen çäklenmän, adam bedeniniň gurluşyna düşünjek bolup jan edipdir. Munuň özi onuň çeken suratlarynyň hakykata has-da ýakyn bolmagyna getiripdir.

Leonardo da Winçini suratkeş hökmünde adam we onuň başyndan geçirýän hadysalary hemme zatdan beter gyzyklandyrypdyr. Leonardonyň «Jokonda» diýen suraty – ýaş aýalyň portreti bütin dünýä bellidir. Suratkeş aýalyň diňe bir daşky meňzeşligini däl, eýsem, ol aýalyň häsiýetini-de, meýlini-de görkezmekligi başarypdyr. Leonardo da Winçi özüniň açyşlarynda zamandaşlaryndan birnäçe asyr ozdurypdyr. Ol öz ylmy netijelerini gözegçilik we tejribe esasynda gurupdyr. Alym: «Parasatlylyk tejribäniň miwesidir» diýmegi gowy görer eken. Döwürdeşleri onuň inženerligine has ýokary baha beripdirler. Milan şäherini agyz suwy bilen üpjün eden ullakan ýap onuň taslamasy esasynda gurlupdyr.

Leonardo da Winçi ýazuw depderçeleriniň sahypalary çyzgylardan we taslamalardan doldurypdyr. Onda metal kesiji we dokma stanoklarynyň, ýüň egrilýän çarhlaryň, ýer gazýan guralyň çyzgylary hem-de taslamalary, paraşýutyň we dikuçaryň çyzgylary ýerleşdirilipdir.

Heýkeltaraş, suratkeş, binagär, harby inžener we şahyr Mikelanjelo (1475-1564) Gaýtadan döreýiş eýýamynyň beýik ussady bolupdyr. Ýalkymly watançy Mikelanjelo XVI asyrda Italiýanyň başyna düşen betbagtçylyga erbet gynanypdyr. Onuň döreden heýkellerinde we çeken suratlarynda ussadyň watany halas etmek üçin janyny gurban etmäge ukyply göreşiji gahryman hakyndaky arzuwy şekillendirilipdir. Ol adamlary ägirt uly bedenli we güýçli erkli edip görkezipdir.

Heýkeltaraş mermer daşynyň äpet uly böleginden çapyp boýy 5,5 metre barabar bolan «Dawid» diýen heýkelini ýasapdyr. Zamandaşlary ol heýkele «Gigant» («Mähnet») diýip at beripdirler. Heýkeltaraş gazaply döw bilen başa-baş söweşe çykan we ony daş bilen urup öldüren ýaş çopan oglany şekillendiripdir. «Dawid» Florensiýanyň merkezi meýdanynda goýlupdyr we şondan bäri şäheriň howandary hasap edilipdir.

Mikelanjelo keramatly Pýotruň Rimdäki soboryny gurmaklyga gatnaşypdyr. Bu sobory Italiýanyň iň meşhur

binagärleri onlarça ýyllaryň dowamynda gurupdyrlar. Mikelanjelo ybadathananyň esasy bölegini – onuň ägirt uly gümmeziniň taslamasyny işläp düzýär. Keramatly Pýotruň ybadathanasy Gaýtadan döreýiş eýýamynyň binalarynyň iň oňat nusgasydyr.

Mikelanjelonyň döredijiliginde Gaýtadan döreýiş eýýamynyň iň oňat alamatlary: adam güýjüniň we edermenliginiň wasp edilişi, onuň paýhasyna bolan ynam ýüze çykypdyr.

Rafael Santi (1483-1520) Gaýtadan döreýiş eýýamynyň iň beýik suratkeşlerinden biridi. Ol adamynyň iň oňat taraplaryňy: görmegeý bedenini, ýiti akylyny, oňat gylyk-häsiýetini suratlandyrjak bolup çalşypdyr. Rafael ýaş ýigitkä Florensiýada ýaşapdyr we işläpdir. Ol ýerde ençeme surat çekipdir. Köp wagt geçmänkä, ony Rime çagyryp getirýärler. Bu ýerde Rafael portretleri çekipdir, keramatly Pýotruň soboryny gurmaklyga ýolbaşçylyk edipdir, arheologik gazyp agtaryşlary geçiripdir.

Rafaeliň madonnalar şekillendiren ençeme suratlary saklanyp galypdyr. Emma Rafaeliň madonnalary – ikonalar däldi. Suratkeş öz perzendini mähirli söýýän çagaly aýalyň suratyny çekipdir. Rafaeliň çeken suratlaryndan iň bellisi – Italiýanyň kiçiräk şäherleriniň birindäki keramatly Sikst monastyry üçin çekilen «Sikstiň madonnasydyr». Bu täsin eser adamlara ägirt uly söýgi bilen doludyr. Gaýtadan doreýiş eýýamynyň sungaty adama höwes bildirýändigi we durmuşy dogry gorkezmäge çalyşýandygy üçin buthana sungatyndan üzül-kesil tapawutlanýar.

**Germaniýanyň, Gollandiýanyň we Ispaniýanyň beýik sungat ussatlary.** Italiýadaky Gaýtadan döreýiş eýýamynyň sungaty Ýewropanyň beýleki ýurtlarynda sungatyň ösmegine uly täsir edipdir. Emma italýan ussatlarynyň gazanan üstünliklerini özleşdirmek bilen Germaniýanyň, Gollandiýanyň we Ispaniýanyň beýik suratkeşleri dünýä sungatyna köp täze

zatlary girizipdirler. Germaniýada Albreht Dýurer (1471-1528), Gollandiýada Rembrandt wan Reýn (1606-1669) we Ispaniýada Diego Welaskes (1599-1660) Ýewropada suratkeşligiň ösüşine uly goşant goşupdyrlar.

Gollandiýada suratkeşligiň portret, peýzaž we natýurmort ýaly ugurlary ösüpdir. Rembrandt şeýle suratkeşleriň hatarynda bolupdyr. Onuň döreden eserleriniň bir muň bäş ýüz sanysy biziň günlerimize gelip ýetipdir. Adamyň gylyk-häsiýeti, akylly we başdan geçiren gaýgy-hesreti Rembrandtyň üns merkezinde bolupdyr. Ol özüni we özüne ýakyn adamlaryň suratlaryny çekende, adam keşbini biçak köp dürli görnüşli äheňde görkezipdir. Suratkeşiň ýagtyny-garaňkyny utgaşdyryp peýdalanmagy başarmagy onuň gazanan üstünligi bolupdyr. Ol ýagtynyň kömegi bilen şekildäki iň möhüm zada üns berýär, onuň manysyny açyp görkezýär: ýagtylyk şöhleleri ýüzi garaňkydan sogrup alýan ýaly bolup, adamyň içki dünýäsini ýüze çykarýar.

«Azaşan ogluň gaýdyp gelmegi» diýen suraty Rembrandtyň çeken iň gowy eserleriniň biri bolup, ol onuň ölmeziniň öň ýanynda döredilipdir. Bu surat tomaşaçylarda gowy duýgulary: adamlara bolan söýgini, adama ynamy, onuň ökünmegine we düzelmegine bolan ynamy döredýär.

## §5. Günbatar Ýewropa döwletleri XVI-XVII asyryň birinji ýarymynda

**Angliýa.** XVI asyryň başlarynda Angliýa ykdysady ösüşiň derejesi boýunça ça ewropanyň öňdebaryjy döwletleriniň biridi. Bu döwürde önümçilikde tehnikanyň ulanylyşynyň gerimi artdy. Önümçilik gatnaşyklarynda energiýa öndürmek üçin ilkinji gurallar ornaşdyrylyp başlandy, ol gurallar suwuň hem-de ýeliň güýji bilen herekete getirilýärdi. Şol gurallaryň üsti bilen bolsa degirmenler herekete getirilýärdi, deri eýlenýärdi, demir eredilýärdi.

Önümçilikde daş kömri ulanyp başladylar. XVI asyryň ahyrynda XVII asyryň başynda Angliýa daş kömri öndürmekde Ýewropada öň hatara geçdi.

Angliýada içerki we daşarky söwda çalt ösýärdi. Döwletiň geografiki ýerleşişi onuň ähli ýerlerinde bütewi bazaryň emele gelmegine itergi berdi. Daşarky söwdada birnäçe kärhanalar - Ost-Hindistan, Lewant (Gündogar) hem-de Moskwa kompaniýalary öňe çykdylar. Daşarky bazarda bäsdeşleriniň pes bolmagy bu telekeçilik edaralarynyň maýa goýum mümkinçiliklerini diňe bir Angliýada däl, eýsem daşary ýurtlarda-da artdyrypdyr. Maýa goýumlarynyň esasy bölegi önümçiligi giňeltmek üçin goýulýardy. XVI-XVII asyryň sepgidinde Angliýada önümçilikde mawut öndürmeklik, demir önümçiligi hem-de gämi gurluşygy ösýärdi. XVII asyryň başynda 800 sany demir eredýän körükler bolup, olar hepde-de 3-4 tonna metaly eredipdirler. Kömrüň çykarylyşy artýardy. XVII asyryň birinji onýyllygynda Ýewropada gazylyp alynýan daş kömrüň 80%-i Angliýada gazylyp alnypdyr. Emma, muňa garamazdan, Angliýa entäkler agrar ýurt bolmagynda galýardy.

Oba hojalygynda Angliýada iri ýer eýeçilik gatnaşyklary höküm sürüp başlady. Ähli ýerler Korolyň eýeçiligi hasaplanýardy, begzadalar bolsa ýeri miras galdyrjak ýa-da satjak bolsalar ýerden peýdalanýandyklary üçin oňa belli bir mukdarda pul tölemelidiler. Begzadalar Korollyk ýeriň doly eýeleri hasaplanman, diňe ony saklaýjylar hasaplanýardy. Daýhanlaryň aglabasy begzadalara (lendlordlara) degişli ýerlerde ýaşaýardylar we olara elmydama pul salgydyny töleýärdiler. Hat-da öz ýerlerini işläp bejerýän gurply daýhanlar hem tokaýlardan, öri meýdanlaryndan peýdalanandyklary üçin salgyt töleýärdiler.

Angliýanyň yzagalak demirgazyk-günbatar sebitlerinde önüm görnüşinde salgyt töleýärdiler. Buthana ýer eýeçiligi ösüpdi. Anglikan buthanasy ägirt uly ýerleri eýeläpdi. Ýersiz daýhalaryň sany köpelýärdi. Ýerleriň daşyny gallamaklyk

dowam etdirilýärdi. Şol sebäpli daýhanlaryň aglaba köplügi ýerden kowlup çykarylýardy. Angliýada ezilýän hem-de garyplykdan kösenýän adamlaryň sany barha köpelýärdi. Bu bolsa jemgyýetde gapma-garşylyga getirýärdi.

**Ýer eýeçiligi we onuň üýtgemeginiň sebäpleri.** XVI-XVII asyrlarda Angliýada jemagat düzgünleriniň dargamagy dowam edýärdi. Güýçli oba jemagaty (folklend) bilen bir hatarda iri begzadaçylyk ýer eýeçiligi ösüp başlaýar. Begzadalaryň ýer eýeçiligi Korol ýer eýeçiligini berkidipdir. Netijede ykdysady taýdan gowşan daýhan jemagatlary begzadalaryň täsirine düşýärdiler. Daýhanlaryň goňşy iri ýer eýesine - lendlora baglylygy, döwlet häkimiýeti tarapyndan olara berilýän immunitet («immunitet» – eldegrilmezlik) hukugy arkaly berkidilipdir. Immunitet hukugy lorduň içki işlerine döwlet häkimiýetiniň gatyşmazlygyny aňladýardy. Eldegrilmezlik hukugyny alan iri ýer eýesiniň golastyna düşen daýhan «sokmen» diýlip atlandyrylypdyr. Sokmen erkin hasaplanypdyr we öz ýerine eýelik etmegini dowam etdiripdir, hat-da ol mülkden hem gidip bilipdir, emma kazyýet jähtden şeýle daýhan iri ýer eýesine bakna bolup galypdyr. Bu bolsa daýhany kem-kemden ýer eýesine ol ýa-da beýleki tölegler ýa-da borçlar babatda tabyn adama öwrüpdir.

Emma XVII asyrda Angliýada iri ýer eýeçiliginiň dowam etmegine garamazdan, daýhanlaryň köp bölegi erkin bolupdyr. Şol wagt erkin daýhanlar bilen ownuk ýer eýeleriniň arasynda känbir tapawut galmandyr. Daşky howp Korollygy ownuk we orta ýer eýeleri hem-de erkin daýhanlar bilen blelikde hereket etmäge mejbur edipdir. Bularyň barysy jemagat guramasyny saklapdyr we daýhanlaryň iri ýer eýeleriniň özlerini hukuksyz ýagdaýa salmaklaryna garşy göreşde güýjüni birikiripdir.

Angliýa XVII asyryň ortasynda hem agrar ýurt bolmak bilen, onuň ilatynyň bäşden dört (4/5) bölegi obada ýaşap, oba hojalygy bilen meşgullanypdyr. Oba hojalygynda iri maýa goýumlar peýda bolup, haryt önümçilik gatnaşyklary ösüpdir.

Angliýa iri maýa goýum önümçilik gatnaşyklary boýunça Ýewropanyň öňdebaryjy ýurtlarynyň birine öwrülipdir. Ýer eýeçiligi ugrundaky göreş oba hojalygynda özgertmeleriň geçirilmegine eltipdir.

XVII asyryň başynda begzadalar bilen şäheriň we obanyň täze baýan gatlagynyň arasynda güýçli göreş başlanypdyr. Ondan başga-da hakyna tutma işçi güýji emele gelipdir. Işçiler jemgyýetiň esasy güýjüne öwrülip, olaryň ýagdaýlary, iş güni, mümkinçiligi kanun tarapyndan kesgitlenipdir.

XVII asyrda Angliýanyň ykdysadyýetinde täze tehnika we enjamlar ornaşýardy. Tehnikanyň ornaşmagy iri kärhanalaryň döremegine getiripdir. Şeýle kärhanalary manufaktura («manus» latynça – el, «faktura» – önüm ) diýip atlandyrýardylar. Manufakturalarda gol zähmeti ösüpdir. Ýöne onuň iki sany aýratynlygy bardy. Birinjiden, ol iri kärhanady. Onda on ýa-da ýüze golaý hakyna tutma adam zähmet çekýärdi. Ikinjiden, orta asyr hünärmentlerinden, senetçilerinden tapawutlykda, zähmet çekýän adamlaryň ýerine ýetirýän işiniň görnüşi dürli-dürlidi. Her bir işçi özüne degişli işi ýerine ýetirýärdi. Ol bolsa önümçiligiň ösmegine uly itergi beripdir. Daýhan hojalyklarynyň dargamagy hem-de hünärmentçiligiň pese gaçmagy netijesinde manufakturalara arzan işçi güýji köp gelýärdi. Manufakturalaryň arasynda has uly kärhanalar hem bardy. Olar, esasan, döwlet tarapyndan harby maksatlar üçin döredilipdir. Olara, esasan, kagyz, kitap we aýna öndürýän pudaklar degişlidi.

Manufakturalaryň döremegi jemgyýetde täze gatlaklaryň emele gelmegini tizleşdirdi. Olar, esasan, garamaýaklardan çykan baý adamlar bolup, manufakturalara eýeçilik edýärdiler. Manufakturalar şäherlerde ösüpdir we ol şäherlerde hem-de obalarda täze döwrüň iri baýlarynyň gatlagyny kemala getiripdirler. Köp harytlar, aýratyn-da, mawut daşary ýurtlara çykarylypdyr. Ýurtda port şäherleri, ylaýta-da London çalt ösüp

başlapdyr, onuň 400 müň adamdan-da köp ilaty bardy. Şol mahal bütin Angliýanyň ilaty 5,5 million adamdy.

**Iňlis jemgyýetiniň gurluşy.** Önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi Angliýada jemgyýetçilik gatnaşyklarynda gatlaklaryň arasyndaky ýiti gapma-garşylyklary döredýärdi. Bir tarapdan, köne begzadalar, beýleki bir tarapdan bolsa önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi netijesinde baýlaşan täze gatlak, özleriniň girdeýjilerini köpeltmek isleýärdiler. Köne begzadalar hem-de anglikan buthanasy öňki dowam edip gelýän düzgünleriň saklanmagyň esasy edip stýuartlaryň nesilşalygyndan bolan Korol hökümetine daýanypdyrlar. Emma dowam edip gelýän köne düzgünlere garşy ownuk hem-de orta begzadalar çykyş edýärdiler. Olara buržuaziýa (täze baýan diýmegi aňladýar) diýip at berýärdiler. Täze dörän bu gatlak goşmaça ýerleri basyp almagyň netijesinde ýüňi, çöregi, et we süýt önümlerini satmagyň netijesinde baýapdy.

XVI asyrda oba hojalygynda iri ýer eýeçilik düzgünleriniň agalyk etmegi, söwdanyň, senagatyň we oba hojalygynyň ösmegini barha kynlaşdyrýardy. Begzadalar öz girdeýjileriniň bir bölegini Korol hazynasyna tölemäge mejbur bolýardylar. XVII asyryň başlaryndan Angliýany dolandyryp başlan Stýuartlaryň nesilşalygynyň Korollary köne beglere we begzadalara hem-de Korol tarapyndan bellenilýän iňlis buthanasynyň ýolbaşçylaryna daýanýardylar. Korollar salgytlary we tölegleri barha artdyrýardylar.

Iňlis jemgyýetine köp sanly jemagat we beýleki öz-özüňi edara etmegiň ýerli dolandyryşyň bolmagy häsiýetlidi. Bu jemagatyň esasyny iňlis obasy emele getirýärdi. Obanyň adamlary oba maslahatyna üýşüpdirler. Şol ýerde kethuda saýlapdyrlar. Birnäçe obanyň wekilleriniň ýygnanyşmagynda uly maslahatlar geçirilipdir. Olar aýda bir gezek ýygnanyşypdyrlar, kethuda saýlapdyrlar. Kethuda hem jemagaty dolandyrypdyr. Angliýada Korollyk häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen oba maslahatlary Korolyň ýerlerdäki

wekilhanalaryna öwrülýärdiler. Birnäçe wekilhanalaryň birleşmegi graflygy düzüpdir. Ony Korol tarapyndan bellenilýän şerif dolandyrypdyr. Şerif öz işinde graflygyň maslahaty bilen razylaşmaly bolupdyr. Ol ýerde bolsa esasy orun ýerli begzadalara degişli bolupdyr. Graflykda halk geňeşleri hem ýygnanyşypdyrlar. Emma Korol häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen ol özüniň ilkibaşdaky ähmiýetini ýitirýär.

Angliýada din barada özgerişlikler Korol Ýelizaweta I döwründen başlap, 39 kanun böleginde bellenipdir, ýöne ol doly ýerine ýetirilmän galypdyr. Iňlis buthanasy papa hökümetinden azat bolup, Korol boýun egmeli bolupdyr. Daýhanlar üçin buthana tölenmeli salgytlar üýtgemän galypdyr. Iňlis buthanasyna garşy çykanlar berk yzarlanylypdyr we ol Korol biwepalyk diýlip hasaplanylypdyr.

Täze dörän emeldar gatlaklar iňlis dini guramalarynda özgerişlikleriň geçirilmegini, buthanadaky ýolbaşçylaryň saýlanylmagyny, olaryň Korol häkimiýetinden özbaşdak bolmagyny talap edipdirler. Angliýada bu akyma puritanizm diýip at beripdirler. Puritanlaryň pikirleri häkimiýet tarapyndan goldanylmansoň, olar Stýuartlar nesilşalygy döwründe resmi buthanadan ýüz dönderipdirler. Olary gozgalaňçylar diýip yglan edipdirler. Iňlis putitanlary Gollandiýa we Demirgazyk Amerika göçmeli bolupdyrlar. Karl I-niň Korollyk eden döwründe Amerika göçüp gitmeklik köpçülikleýin häsiýete eýe bolupdyr we şol döwürde bu hereket beýik göçüşlik adyny alypdyr.

**Fransiýa.** XVI asyryň başynda Fransiýa birleşen we güýçli döwlete öwrüldi. Öňki uly mülkdarlar we begzadalar Korolyň köşk adamlaryna öwrülipdiler Günorta Fransiýada uly mülkdarlar Korol garşy göreşmäge synanşypdyrlar ýa-da ispan Korolyna gulluk etmek isläpdirler. Emma fransuz Koroly güýçli bolany üçin olaryň çykyşlaryny basyp ýatyrypdyr. Fransiýanyň gyrak-çetdäki welaýatlary bolan Langedokda, Prowansda, Dofinde, Bretanda we Burgundiýada wekilçilikli

edaralar saklanyp galypdyr. Olara garaşsyz welaýatlar diýilýärdi. Şol wagtlar Fransiýanyň ilaty 15 million adama ýetipdir. Ýurduň ykdysadyýetiniň esasyny oba hojalyk pudagy düzýärdi. Ilatyň köpüsi obada ýaşaýardy. Bu döwürde fransuz şäherleriniň ilatynyň sany hem artypdyr. Parižiň ilaty 300 müňe ýetipdir.

Ispaniýa, Niderlandlar we Angliýa bilen deňeşdirilende halkara söwda ýollarynyň Atlantik ummanyna geçmegi Fransiýa üçin uly ähmiýeti bolmandyr. Fransiýa üçin guryýer söwda ýollary ähmiýetlidi. Ýurduň halkara söwda we maliýe merkezi bolan Lýon şäheriniň uly bazarlary bütin Günbatar Ýewropada bellidi. Halkara söwdasy ýurduň ykdysadyýetiniň iri maýa goýum önümçilik gatnaşyklaryna geçmeginde uly orun eýeledi. Söwdanyň ösmegi senagatda uly öwrülşikleriň başyny başlady.

Fransiýanyň koroly çäklendirilmedik ygtyýarlyklara eýe bolup, ýurtda onuň şahsyýeti hudaýlaşdyrylypdyr. Korolyň nahar edinmegi, aw awlamagy, ýatmagy, dabaraly ýagdaýda bolup, adatça bu zatlar köp adamlaryň gatnaşmagynda hökmany ýerine ýetirilýän däbe öwrülipdir. Korol köşgüne, begzadalara, goşuna senagat harytlary, döwletiň hazynasyna bolsa pul gerekdi. Şonuň üçin hem döwletiň garamagynda manufakturalar döredilýär. Bu syýasaty Lýudowik XIV-niň Korollyk süren döwründe onuň birinji ministri Kolber (1619-1683) alyp barýardy. Ol döwletiň maliýe we ykdysady durmuşyna 20 ýyllap gözegçilik edipdir. Ýurtda gämiler gurulýardy, polat we demir öndürýän senagat ösýärdi, gara ýollar gurulýardy. Ýüňden we pagtadan mata öndürýän iri manufakturalar döredilýärdi. Senagatda başlan ilerlemeler Fransiýada hakyna tutma işçi güýjüniň emele gelmegini üpjün etdi.

Korol we onuň begzadalary köp wagtyny harby hereketlerde geçirýärdiler. Fransiýa basybalyjylykly uruşlary hem alyp barýardy. Ol Ispaniýanyň we Awstriýanyň üstünden

ýeňiş gazandy. Elzas we Burgundiýa ýerleri Fransiýa birikdirildi. Fransiýanyň ähli ýerleriniň we sebitleriniň milli döwletiň çäklerine birikdirilmegi onuň halkara abraýyny artdyrdy.

Fransiýanyň koroly Lýudowik XIII döwlet dolandyryşynda ýurdy edara etmegi birinji ministriň üstüne ýükläpdir. 1624-1642-nji ýyllarda ýurduň hokumetine kardinal Rişelýe baştutnlyk edýär. Öz döwürdeşleriniň bellemegine görä, ol ussat syýasatçy we ezber döwlet işgäri bolupdyr. Ol öz wezipesini tä aradan çykýança saklamagy başarýar. Korolyň ejesiniň, aýalynyň we doganynyň özüne duşmançylyk edýändigine garamazdan, Rişelýe XVII asyryň birinji ýarymynda Fransiýanyň ykdysady we syýasy kuwwatyny dikeltmek ugrunda işleri alyp barypdyr. Ol döwleti we döwlet edarasyny merkezleşdirmegi başarypdyr. Rişelýe döwletiň özygtyýarlygyny gorapdyr. Ol Fransiýada ylmyň, bilimiň, sungatyň ösmegine giň ýol açypdyr. Onuň karary bilen ilkinji fransuz gazýeti neşir edilýär.

Fransiýanyň Ýewropada esasy garşydaşy Ispaniýa we Awstriýa döwletleridi. Otuz ýyllyk uruşda (1618-1648) Fransiýa Ispaniýany ýeňýär. Bu bolsa Fransiýa öz serhetlerini giňeltmäge mümkinçilik berdi we ol Ýewropada uly döwletleriň birine öwrülýär. Gürrüňi edilýän döwürde Fransiýada ylym, bilim ösýärdi. Matematika, tebigat ylymlary, edebiýat we sungat ösdi, Ylymlar akademiýasy açyldy. Fransiýada dürli ylmy jemgyýetçilik guramalary döredi.

**Gabsburglaryň imperiýasy.** XV asyrda Merkezi Ýewropada gabsburglar dinastiýasy tarapyndan dolandyrylýan köpmilletli döwlet gutarnykly kemala gelýär. Onuň düzümine Awstriýa, Çehiýa, Ştiriýa, Karintiýa we Kraýna goşulypdyr. Emma Fridrih III-niň (1440-1493) döwründe imperiýanyň içindäki baglanyşyk gowşaýar. Imperiýanyň käbir ýerleri bolsa başga ýurtlaryň gol astyna geçipdir. Tewton ordeni Polşadan ýeňlipdir we polýak korolynyň ýapjasyna öwrülipdir. Daniýa

Şlezwig bilen Golşteýni eýeläpdir. Prowans bolsa Fransiýanyň eline geçipdir. Dolandyryşynyň soňky ýyllarynda Fridrih III hatda öz mirasdüşer mülkleri bolan Awstriýany, Ştiriýany we Karintiýany elinden gideripdir. Bu ýerleri wenger korollary eýeläpdir. Emma barybir imperiýa dargamandyr. XV asyryň ahyrynda gabsburglaryň ýagdaýy, tersine, berkäpdir. Muňa döwletiň içki we daşky ýagdaýlary täsir edipdir. Burgundiýa döwletiniň ýykylmagy bilen gabsburglar Niderlandlary öz döwletleriniň düzümine goşupdyrlar. Sebäbi Maksimilýan Gabsburg bilen Mariýa Burgundiýalynyň nikasy bu döwletiň ýerleriniň gabsburglaryň imperiýasynyň düzümine goşulmagyna getirýär. Gabsburglar soňra wengerleriň eýelän awstriýa ýerlerini hem gaýtaryp alýarlar. Osmanly türkmenleriň Balkan ýarym adasyndaky ýeňişleri Wengriýanyň gowşamagyna getirýär. Netijede, 1526-njy ýylda Wengriýanyň ep-esli bölegi Awstriýanyň düzümine goşulýar.

Germaniýanyň özünde ýurduň syýasy bütewiligi bilen gyzyklanýan güýçler bolupdyr. Olar birinji nobatda önümçiligiň kapitalistik usuly bilen baglanyşykly gatlaklardy. Olar Germaniýany merkezleşdirilen ägirt uly döwlete öwürmek isleýärdiler. Olar gabsburglaryň imperiýasyndaky ähli ýerli häkimiýetleri ýeke-täk kanunlara tabyn etmek, içki uruşlary ýatyrmak, feodal artykmaçlyklary ýok etmek, bütewi kazyýeti guramak we ýeke-täk maliýe we pul ulgamyny girizmek, senetçiligi we söwdany ösdürmek üçin amatly şertleri döretmek, garaşly daýhançylygy ýatyrmak isleýärdiler. Bu işleri amala aşyrmakda esasy güýç şäherler bolmalydy. Sebäbi şäherler ýurduň bitewileşmegine we ýurduň içinde erkin iş alyp barmak üçin gyzyklanýardylar. Haçan-da tagta Maksimilýan I (1493-1519) geçende şu özgertmeleri amala aşyrmak mümkin ýaly bolup görnüpdir. 1495-1500-nji ýyllarda ýurtda bütewi dolandyryş we kazyýet işlerini girizmäge synanyşyk edilipdir. Emma bu özgertmelere ýiti garşylyklar görkezilipdir, şol sebäpden hem olar amala aşyrylman galypdyr. Käbir ýerleri

imperiýanyň düzümine goşmak işleri hem şowsuz tamamlanýar. 1499-njy ýylda Şweýsariýa gabsburglaryň golastyndan çykýar.

1526-njy ýylda Mohaçyň eteginde osmanly türkmenler birleşen çeh-wenger goşunlaryny derbi-dagyn edýärler. Uruşda çeh korol Lýudwik wepat bolýar. Şonuň üçin hem çeh tagtyna Ferdinand Gabsburg çykarylýar. Indi Çehiýa hem Awstriýanyň düzümine girizilýär. 1516-njy ýylda Ferdinand Aragonly ölenden soň, Ispaniýanyň tagty hem mirasdarlyk wesýeti esasynda onuň agtygy Karl I-ä geçýär. Karl I Ferdinandyň gyzy Huana Kemakylyň ogly bolup, ol şol bir wagtyň özünde Awstriýanyň ersgersogy, Mukaddes Rim imperiýasynyň imperatory Maksimilýan Gabsburguň (1493-1519) hem agtygydy. 1519-njy ýylda atasy Maksimilýan Gabsburg ölenden soň, Karl Mukaddes Rim imperiýasynyň hem imperatory bolýar. Ýöne indi ol Karl V (1519-1556) derejesini alypdy. Şeýlelikde, Ispaniýa hem Gabsburglaryň ägirt uly döwletiniň aýrylmaz bölegine öwrülýär. Onuň düzümine Ispaniýadan başga-da, Günorta Italiýa, Sisilliýa, Sardiniýa, Amerikadaky koloniýalar, Germaniýa, şeýle hem Niderlandlar girýärdi. Döwürdeşler «Karlyň imperiýasynda Gün hiç haçan ýaşmaýar» diýip aýdýardylar.

Flandriýada ösüp ulalan we terbiýelenen Karl V Ispaniýa bilen tanyş däldi, hatda ol ispan dilini hem bilmeýärdi. Haçan-da flamandiýaly maslahatçylary bilen Ispaniýa gelende 17 ýaşly koroly ýerli ispan begzadalary duşmançylyk bilen garşylapdyrlar. Karl özüni Kastiliýanyň, Aragonyň we Kataloniýanyň korteslerine kynlyk bilen Ispaniýanyň korollygyna we özüne pul berilmegini tassykladyp bilipdir. Karl özüniň flamandiýaly maslahatçylaryna artykmaç hukuklary, pul baýraklaryny we girdejili döwlet wezipelerini paýlapdyr. Karlyň imperatorlyga saýlanandygy we onuň golaýda Germaniýa dolanmak isleýändigi hakyndaky gürrüňler ispanlaryň nägileligini döredipdir. 1519-njy ýýlda çagyrylan

kortesler Karl V ýurduň daşynda üç ýyldan köp bolmazlygy, daşary ýurda pul serişdelerini çykarmazlygy we mundan beýläk kese ýerlileriň döwlet wezipelerini eýelemezliklerini talap edipdirler. Diňe şu talaplary berjaý etmäge edilen wadalar hem-de para-peşgeş Karl V-ä özüne pul berilmegini gazanmak başardýar.

Karl V-iň döwleti dagynyk döwletleriň we ýerleriň özboluşly birleşmesi bolup, olar ösüşiň dürli derejesindediler. Olar ykdysadyýetiniň guralyşy we syýasy gurluşyň aýratynlygy boýunça biri-birinden düýpli tapawutlanýardylar. Muňa garamazdan, Karl V «bütindünýä hristian Korollygyny « döretmek isleýärdi. Ol özüni «hudaýyň baýdak göterijisi», osmanly türkmenlerine garşy göreşde katolikleriň, soňra bolsa Germaniýanyň protestantlarynyň hem baştutany diýip yglan edýär.

Italýan ýörişleri döwründe Karl V-ä Demirgazyk Italiýanyň köp ýerlerini basyp almak başardypdyr. Osmanly türkmenleriň mundan beýläkki hüjümleriniň öňüni almak üçin 1535-nji ýylda Karl V Tunisi olaryň elinden alýar. Emma Demirgazyk Afrika ugrundaky göreşler netijesiz tamamlanýar. Ortaýer deňziniň günbatar kenarlarynda osmanly türkmenleriniň gämileri agalyk edipdir we olaryň hüjümleri ispan söwdasyna uly zyýan ýetiripdir.

1556-njy ýylda imperatorlykdan we Ispaniýanyň korolynyň tagtyndan el çekenden soň, tagta onuň ogly Filipp II (1556-1598) çykýar. Filipp II Niderlandlary, şeýle hem ispanlaryň Italiýadaky we Amerikadaky mülklerini miras alýar. Ispan tagtyna barypýatan dinçi Filipp II geçenden soň, Ispaniýa öz taryhynda iň bir ýowuz döwre aýak basýar. Korol ýeretikleriň rehimsizlik bilen ýok edilmegini we öz häkimiýetiniň ähli raýatlaryň üstünden ýola goýulmagyny gazanýar. Onuň döwründe inkwizisiýa güýçlenipdir we ol döwlet dolandyryş ulgamynyň möhüm ugruna öwrülipdir, inkwizisiýaçylar bolsa Filipp II tarapyndan goýlup hem-de

aýrylýan wezipeli döwlet adamlaryna öwrülipdirler. Ispaniýada korol häkimiýetine ýardam etmek bilen inkwizisiýa ýurtda korolyň garşydaşlaryny ýok etmekde-de peýdalanylypdyr. XVI asyryň ikinji ýarymynda katolik buthanasy tarapyndan ýüzden hem gowrak autodafe («diniň işi») geçirilipdir.

**Ispaniýa.** 1516-njy ýylda Ispaniýanyň patyşasy Ferdinand Aragonly aradan çykdy, onuň ornuna agtygy, Awstriýanyň ersgersogy Filipp Owadana durmuşa çykan gyzynyň ogly Karl I Ispaniýanyň patyşasy diýlip yglan edildi (Ýewropa döwletlerinde şa maşgalalary diňe öz aralarynda gudaçylyk gatnaşyklaryny saklaýardylar, bu bolsa olary özara berk baglanyşdyrýardy. Şeýlelik-de, patyşa aradan çykanda onuň mirasdüşerligi ugrunda Ýewropa döwletleriniň arasynda özara göreşiň başlanmagyna getirýärdi). Karl I patyşa bolmazyndan ozal hem, aradan çykan kakasy Filipp Owadandan miras galan mülklere Franş-Konte we Niderlandlara eýelik edýärdi. 1519-njy ýylda Karl I kaka tarapyndan garyndaşy Maksimilian I Gabsburgyň aradan çykmagy bilen, ol «German halklarynyň Mukaddes Rim imperiýasynyň» imperatory diýip yglan edilýär we Karl V ady bilen imperiýany dolandyryp başlaýar. Şeýlelik-de, Ispaniýa Germaniýany, Niderlandlary, Franş-Konteni, Amerikadaky bakna mülklerini we italiýan ýerlerini (Günorta Italiýany, Sardiniýany, Sisiliýany) öz içine alýan Mukaddes Rim imperiýasynyň düzümine goşulýar. Döwürdeşleriniň aýtmagyna görä «Karl V imperiýasynda hiç wagt gün ýaşmandyr».

Karl V Flandriýada önüp ösüpdir. Şonuň üçin hem ol ispan dilini we däp-dessurlaryny gowy bilmändir. Ol ýurdy dolandyrmakda Flandriýaly geňeşdarlaryna daýanypdyr. 1517-nji ýylda Ispaniýa dolanyp gelende, ol ispan halky tarapyndan duşmançylykly garşylanypdyr. Karl V Kastiliýa, Aragon we Katoloniýa welaýatlatrynda kortesleriň garşylygyny kynlyk

bilen basyp ýatyrypdyr. Karl V «German imperiýasyna» impratory saýlanylmagy ispan halkynda nägilelik döredipdir.

Karl V döwleti dürli durmuş derejesinde ýaşaýan halklary we bakna mülkleri öz içine alypdyr. Karl V ägirt uly imperiýany doladyrmakda Ispaniýa bil baglapdyr. Ispaniýadn ýygnalýan salgytlar onuň kuwwatly goşunyny ýeterlik serişde bilen üpjün edipdir. Karl V ýurdy dolandyran ýyllarynda Ýewropa bilen Aziýanyň çatrygynda ýerleşip, şol döwürde iň kuwwatly döwletleriň biri bolan Osman-türkmen imperiýasyna garşy göreşmäge uly üns beripdir. Bu bolsa Ispan söwdasynyň pese gaçmagyna getiripdir.

1556-njy ýylda Karl V Ispaniýanyň we tutyş imperiýanyň taggtyndan mahrum (отречение) bolanyndan soň, onuň ogly Filipp II (1556-1598) Ispaniýanyň patyşasy diýlip yglan edildi.

**Filipp II dolandyran ýyllary.** Filipp II aşa dindar (dini fanatik) bolmak bilen, ýurtda dini çäreleri geçirmäne uly ähmiýet beripdir. Ol ýeretiklere («dinden çykanlara») garşy göreşi güýçlendiripdir. Onuň dolandyran döwründe inkwizisiýanyň täsiri artyp, ol döwlet edarasy hökmünde ýurduuň syýasy durmuşynda uly orny eýeläpdir. Katolik dininiň ortodoks akymyndan başga dini akymlar berk yzarlanypdyr we inkwizisiýa tarapyndan jezalandyrylypdyr. Ylmyň we edebiýatyň ösüşi berk gözegçilikde saklanypdyr. Hatda inkwizisiýa tarpyndan ýurtda neşir edilmegi ýaýradylmagy gadagan edilen kitaplaryň sanawy düzülipdir. Şonuüçin hem Filipp II edara eden ýyllary Ispaniýanyň taryhynda iň bir gussaly geçen ýyllaryň biri hasaplanýar. Filipp II Prineý ýarym adasynyň günortasynda ýaşaýan musulmanlara garşy barlyşyksyz göreş alyp barypdyr. Olara arapça geplemek we ýazmak gadagan edilipdir. Muňa jogap edip, 1568-njy ýylda günortada ýaşaýan moriskler gozgalaň turzupdyrlar. Gozgalaň 1572-nji ýylda kynlyk bilen basylyp ýatyrylypdyr.

Ispaniýanyň daşary syýasatynda esasy garşydaşy kuwwatly Angliýady. Bu iki kuwwatly döwletiň arasynda Ýewropada deňiz ýollarynda agalyk etmek ugrunda ýiti göreş dowam edýärdi. Filipp II iňlis şa aýaly Ýelizaweta garşy onuň esasy duşmany bolan şotland şa aýaly Mariýa Sýuarty peýdalanmak isläpdir. Onuň bilen dildüwşik gurap, Angliýa garşy göreşde ýakyndan goldaw berjekdigini aýdypdyr. Emma 1587-nji ýylda Mariýa Sýuart jezalandyrylyp öldürilýär. Soňra Filipp II Angliýa bilen aç-açan söweşe girmegi ýüregine düwüpdir. 1588-nji ýylda birnäçe kuwwatly gämiden ybarat bolan goşuny Angliýa ugradýar. Olaryň öňünde iňlis kenaryna desant düşürmek we Angliýa tarap ýörüşe başlamak wezipesi goýlupdyr. Ispanlar öz goşunlaryny buýsanç bilen «Ýeňilmez Armada» diýip atlandyrypdyrlar.

Kuwwatly we tejribeli iňlis flotynyň erjelligi bilen «Ýeňilmez Armada» ýeňilipdir. Ispan flotynyň aglabasy uruşda gyrlypdyr, galanlary bolsa Ispaniýa dolanyp gelýärkä deňizde turan gaý sebäpli heläk bolupdyrlar. «Ýeňilmez Armadanyň» ýarsyndan hem az bölegi Ispaniýa dolanyp gelipdir. Bu bolsa Ispaniýanyň deňiz kuwwatynyň peselmegine Angliýanyň bolsa has-da kuwwatlanmagyna getiripdir.

Ispaniýa XVII asyryň başynda. 1598-nji ýylda Filipp II aradan çykyp, onuň ogly Filipp III (1598-1621) Ispaniýanyň patyşasy boldy. Onuň dolandyran döwründe Ispaniýanyň abraýy halkara we harby kuwwaty ozalky derejesine ýetip bilmedi. Döwleti dolandyrmak işinde Filipp III täsiri peselip, döwletiň syýasy durmuşynda patyşanyň ýakyn egindeşleriniň ähmiýeti artypdyr. Olaryň arasynda aýratyn hem, gersog Lermyň abraýy artypdyr.

Filipp III aradan çykandan soň, 1621-nji ýylda Filipp IV (1621-1665) Ispaniýanyň patyşasy boldy. Onuň dolandyran döwründe hem, ýurtda Filipp III döwründäki syýasy ýagdaý dowam etdi. Döwlet dolandyrmak işinde patyşanyň egindeşleriniň täsiri güýçlidi.

XVII asyryň ortalarynda yzygiderli dowam edýän uruşlar, köpçülikleýin ýaýran keseller, bakna mülklere göçüp gidýän emigrantlaryň sanynyň artmagy zerarly Ispaniýanyň ilaty barha azalýardy. Ispaniýanyň Ýewropadaky we Ummanyň aňyrsyndaky mülkleri Yklymyň beýleki kuwwatl;y döwletleriniňkiden az däldi. Emma ýurtda mülkdarçylyk gatnaşyklarynyň täsiriniň berk saklanyp galmagy we önümçilikde köne usullarynyň dowam etmegi netijesinde, Ispaniýa senagt we ykdysady ösüşi boýunça Angliýadan, Fransiýada we Niderlandlardan yza galýardy.

Ykdysadyýetiň pese gaçmagyna garamazdan Ispaniýa özüniň daşary syýasatynda işjeňlik görkezýärdi, Ýewropanyň halkara gatnaşyklarynda uly orun eýeleýärdi. 1618-nji ýylda başlanan otuzýyllyk uruşda Ispaniýa Gabsburglar nesilşalygynyň hatarynda uruşdy. Fransiýa we Şwesiýa bolsa, Ýewropada Gabsburglaryň täsiriniň güýçlenmeginden gorkup, olara garşy söweş alyp barýardy. Otus ýyllyk urşy Ispaniý üçin agyr ýitgi boldy. 1648-nji ýylyň Westfal şertnamasyna laýyklykda Ispaniýa Niderlandlaryň garaşsyzlygyny ykrar etmäge mejbur boldy. 1659-njy ýylyň Prineý şertnamasyna laýyklykda bolsa, Ispaniýanyň eýeçilindäki Niderlandlaryň bir bölegi, Flandriýadaky we Lýuksemburgdaky galalar Fransiýanyň eýeçiligine geçdi. XVII asyryň ikinji ýarymynda Ispaniýa senagat ösüşi, halkara abraýy we harby kuwwaty boýunça Ýewropanyň ikinji derejeli döwletine öwrüldi.

## §6. Russiỳa XVI – XVII asyryň birinji ỳarymynda

**Merkezleşdirilen Russiýa döwletiniň döremegi.** Iwan III-niň (1462-1505) döwründen başlap rus hökümdarlary beýik knýaz derejesi bilen bir hatarda, patyşa diýlip hem atlandyrylyp ugraýar. Onuň ogly Wasiliý III-niň (1505-1533) döwründe Rusda patyşalyk düzgüni has hem berkeýär. Wasiliý III udel knýazlarynyň häkimiýetini düýpli çäklendirýär we

olary merkezi häkimiýete tabyn edýär. Bu döwürde udel knýazlarynyň kazyýet häkimiýeti hem ep-esli çäklendirilýär. Beýik knýazyň ýanynda maslahatçy döwlet edarasy hökmünde Boýarlar dumasy hemişelik hereket edýärdi. Boýarlar dumasy Rusda ýokary hökümet edarasy bolup, onda beýk knýazyň hut özüniň gatnaşmagynda döwletiň içeri we daşary syýasaty bilen baglanyşykly möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşylypdyr.

Iwan III-niň agtygy Iwan IV patyşa adyny diňe bir kabul etmek bilen çäklenmän, eýsem, Uspenskiý soborynda aýratyn dessur boýunça birinji bolup dabaraly suratda “patyşalyk täjini geýipdir” we özüni “bütin Rusuň” patyşasy diýip ähli halka yglan edipdir.

Täze patyşa Iwan IV ozalky knýaz mülklerinde döwlet tertibini ýola goýan mahalynda täze gatlaklara - gullukçy dworýanlar köpçüligine daýanyp ugrapdyr. Iwan IV boýar-knýazlaryň talaplaryny äsgermändir. Şunda ol dworýanlara bil baglapdyr. Iwan Groznyý özüniň patyşalygynyň ilki başyndan başlap, boýar-knýazlara garşy göreş alyp barypdyr. Emma ol şol göreşi 1564-nji ýyldan “opriçninany” bellän mahalyndan başlap aýratyn aýgytly alyp barypdyr.

Opriçnina ýurdy bir özi dolandyrýan, häkimiýeti hiç hili çäklendirilmedik patyşanyň dolandyryşyny pugtalandyrmaga gönükdirilen çäreleriň tutuş bir ulgamy bolup duryardy. Bu şeýle bolup geçipdi. 1564-nji ýylda Iwan Groznyý duýdansyz Moskwanyň golaýyndaky Aleksandrow obasyna gidipdir we mundan beýläk boýarlaryň patyşasy bolmak islemeýändigini olara yglan edipdir. Ol özi üçin döwlet ýerinden aýratyn paýyň – “opriçninanyň” (“opriç” – “mundan başga-da” diýen sözden ) bölünip berilmegini talap edipdir we şol ýerde hemme zady özüçe gurjakdygyny aýdypdyr. Birinji nobatda patyşa şol ýerde “adamlary saýlajakdy” – diňe öz göwnüne ýaran adamlary galdyrjakdy.

Patyşa opriçnina bölüp beripdirler. Ol kem-kemden iň baý şäherler we söwda ýollary bilen birlikde döwletiň ýarysyny, özi hem iň gowy bölegini şol ýere toplap alypdyr.

Patyşa opriçnina ýerlerinden boýar-knýazlary kowup, olaryň mülklerini ellerinden alypdyr. Ol birenteklerini jezalandyryp öldüripdir. Aman galan boýarlary bolsa, opriçninadan döwletiň beýleki ýarysyna – köneki dolandyryşyň entek saklanyp galan ýeri bolan zemşina göçüripdir.

Patyşa boýarlaryň mülklerini dworýanlara – patyşanyň gullukçylary bolan “opriçniklere” paýlap beripdir. Opriçninanyň manysy onuň ozalky mülklerde boýarlaryň häkimiýetini ýok edenliginden we şol häkimiýeti patyşanyň häkimiýeti bilen çalşyrylandygyndan ybaratdyr.

Iwan IV basybalyjylykly daşary syýasat ýöredipdir. Ol 1552-nji ýylda Kazany, 1556-njy ýylda bolsa Astrahany basyp alypdyr.

XVI asyryň ortalaryndan başlap Iwan Groznyý Sibir ýerlerini basyp alyp ugrapdyr. 1581-nji ýylda patyşa işewür adamlar bolan doganlar Stroganowlara Sibiri basyp almaga rugsat berýän hat gowşurypdyr. Stroganowlar bu işde kazak Ýermagy peýdalanypdyrlar. Ýermak öz nökerleri bilen Ak ordanyň hökümdary Küçüm hanyň ýerlerini basyp alýar. Şeýlelikde, Iwan IV döwründe Russiýa kuwwatly döwlete öwrülipdir.

**XVII asyryň başlarynda Russiýanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** XVII asyryň başlary Russiýa döwletiniň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy özüniň durnuksyzlygy bilen häsiýetlendirip, bu döwürde ýurt bütewligi bozulýar. Onuň esasy sebäpleri häkimýet ugrundaky özara göreşler, keseki ýurtlaryň Russiýanyň içerki işlerine goşulmagy bilen baglanýäşykly boldy. Şol döwürler Russiýanyň 10 million töweregi ilaty bolup, onuň agramly bölegi oba ýerlerinde ýaşaýardy. Şäherleriň ilaty ýurduň ilatynyň bary-ýogy 3%-ni tutýardy. Russiýanyň ykdysadyýetiniň esasy pudagy oba

hojalygy bolup, ýurtda arpa, bugdaý ösdürilip ýetişdirilýärdi. Holmogor, Wologda, Ýaroslawl welaýatlarynda maldarçylyk, Moskwa, Rostow ýaly merkezlerde bolsa bakjaçylyk ösendi. Hünärmentçilik, öý senetçiligi kämilleşipdir. Hünärmentçiligiň esasy pudaklary bolan demirçilik, deri eýlemek giňden ýaýrapdyr, ownuk söwda ösüpdir. Emma XVII asyrda Russiýanyň ykdysadyýetinde natural hojalygy hem saklanyp galypdyr.

Häkimýet ugrundaky özara göreşleriň netijesinde 1608-1609-njy ýyllarda Russiýada raýatlyk urşy tutaşýar. Russiýadaky raýatlyk urşy goňşylykda ýerleşýän Polşa we Şwesiýa döwletlerine ýurduň içki işlerine gatyşmaklaryna mümkinçilik berýär. 1610-njy ýylda şwedler Nowgorody basyp alýarlar we şwed Patyşasynyň ogly şazada Karl Filip rus Patyşasy diýlip yglan edilýär. Rus begzadalary bolsa polýak Patyşasynyň ogly Wladislawy (1595-1648) rus tagtyna çagyrýarlar. Netijede Moskwa şäherini polýak-litwa goşunlary eýeleýär. Emma Russiýanyň watançy güýçleri ýurduň keseki ýurt goşunlary tarapyndan eýelenilmegini islemän aýaga galýarlar. 1611-nji ýylda Moskwanyň ilatynyň basybalyjylara garşy göreşi başlanýar. Bu göreşe begzada Dmitriý Požarskiý (1578-1642) ýolbaşçylyk edýär. Ol öz döwrüniň uly abraýly hem-de watançy adamsy hökmünde tanalypdyr. Požarskiý özüniň kömekçisi edip Kuzma Minini (1616-njy ýylda aradan çykan) belleýär.

1612-nji ýylyň iýul aýynda Požarskiniň baştutanlygyndaky azat-edijilik goşunlary Moskwanyň eteginde ýerleşýär. Şol ýylyň 22-nji awgustynda watançy goşunlar bilen polýaklaryň arasynda uly söweş bolup geçdi. Söweşde polýak goşuny ýeňildi we olar getman Hodkewiçiň (1560-1621) serkerdeliginde yza çekilmäge mejbur boldy. Moskwa şaheriniň azat edilmegi Russiýanyň garaşsyz döwlet hökmünde gaýtadan kuwwatlanmagynyň nyşany boldy.

**Romanowlar nesilşalygynyň häkimiýet başyna gelmegi.** 1613-nji ýylyň ýanwarynda Russiýanyň ähli ýerleriniň wekillerinden ybarat bolan Ýerli maslahat («Zemskiý Sobor») çagyrylýar. Maslahatda esasy mesele Patyşany saýlamak bolup durýardy. Däp bolşy ýaly, Patyşa tagtyna diňe öňki Patyşalar bilen garyndaşlykda bolan begzadalar saýlanyp bilnipdir. Şonuň üçin hem Požarskiýniň watan öňündäki bitiren hyzmatlary uly bolsa-da, ol Patyşa tagtyna dalaşgär bolup bilmändir. Ýerli maslahatda begzadalaryň wekilleri köplük edipdir. Netijede 1613-nji ýylyň 21-nji fewralynda 16 ýaşly Mihail Fedorowiç Romanow (1613-1645) Russiýanyň patyşasy diýlip yglan edilýär. Mihail Romanow öňki patyşa Fedor Iwanowiçiň ýegeni eken. Mihailiň kakasy Filaret Polşada ýesirlikdedi. 1618-nji ýylda Filaret polýak ýesirligiňden dolanyp gelýär. Ol patyşanyň kakasy we rus prawoslaw buthananyň ýolbaşçysy bolmak bilen döwlet işine goşulypdyr.

XVII asyryň ikinji ýarymyndan başlap Ýerli maslahat (Zemskiý sobor) özüniň güýjini ýitirýär. Russiýada patyşanyň çäklendirilmedik ygtyýarlykly dolandyryşy kemala geldi. Patyşanyň ýanynda «Boýarlar dumasy» diýlip atlandyrylýan begzadalar ýygnagy hemişelik hereket edýärdi. Onuň düzümine ýurduň atly begzadalary girýärdiler. Boýarlar dumasy döwletiň içeri we daşary syýasatyna täsir edipdir, sebäbi oňa patyşa özüniň ýakyn garyndaşlaryny belläpdir. Garalýan meseleler Patyşanyň ýolbaşçylygynda we gözegçilik etmeginde amala aşyrylýardy. Begzadalar Patyşanyň ünsüni çekjek bolup köplenç özara uruşýardylar.

Russiýanyň merkezi dolandyryş edarasy «Buýruk» (Prikaz) diýlip atlandyrylýardy. Prikazyň ýolbaşçysy edilip adatça boýarlar – tanymal begzadalar bellenilipdir. XVII asyryň ahyrynda Russiýanyň döwlet edarasynda daşary ýurt, harby, maliýe, welaýat prikazlary hereket edip, olaryň sany 40-a ýetýär. Patyşa Alekseý Mihaýlowiçiň (1645-1676) döwründe

1654-nji ýylda döredilen Gizlin işleriň prikazy esasy orun tutup, ol gönüden-göni Patyşa tarapyndan dolandyrylýardy.

XVI asyrda Russiýanyň esasy dolandyryş birligi uýezd bolup, olar Patyşa tarapyndan bellenilýän woýewodalar tarapyndan dolandyrylypdyr. Woýewodalar diňe harby işlere baştutanlyk etmän, eýsem dolandyryşyň we kazyýetiň wezipelerini hem ýerine ýetiripdirler. Bu wezipe örän girdejili bolandygy üçin begzadalar bu wezipäni eýelemek üçin özara bäsleşýärdiler. Woýewodalar kiçiräk Patyşalar ýaly bir zatdylar. Şonuň üçin hem olaryň eden-etdiliginiň çägi bolmandyr. Woýewodanyň häkimýetinden başga-da ýerlerde posad we oba jemagaty ýaly saýlawly guramalar hem hereket edipdir.

XVII asyrda ýer eýeçiliginiň iki görnüşi bardy: wotçina (mülk) we pomestýe (gulluk ýerleri). Wotçina ýerleri nesilden nesile geçipdir. Wotçinanyň eýesiniň giň hukuklary bolup, ol ýeri satyp ýa-da miras galdyryp bilipdir. Emma wotçinanyň eýesi döwlet gullugyny ýerine ýetirmäge borçlydy. Käbir wotçina eýeleriniň ägirt uly ýerleri bolupdyr. Begzada Morozowa 330 sany oba, müňlerçe daýhan hojalyklary degişlidi.

Döwlet gullukçylaryna pomestýe ýerleri berlip, ol adatça gulluk wezipesi ýerine ýetirilýän döwründe berilýärdi. Şonuň üçin hem pomestýeleriň eýeleriniň çagalary we agtyklary ýerlerini gidermejek bolup atalarynyň kesbini dowam etdirýärdiler. Pomestýeleriň eýeleri goşunda gulluk edip, atly goşunyň esasyny düzüpdirler.

1648-1649-njy ýyllarda kabul edilen kanunlaryň esasynda 1649-njy ýylda Rus döwletiniň kanunlar ýygyndysy («Sobornoýe uloženiýe») kabul edilýär. XIX asyryň ortalaryna çenli dowam eden bu kanunlar Russiýada krepostnoýçylyk düzgünini gutarnykly berkidýär. Kanun boýunça rus daýhanynda hiç hili hukuk bolmandyr. Ol öz jenabynyň ýerinde işlemelidi. Barşina hojalyklary giňden ýaýrap, olarda daýhan öz

maşgala agzalary bilen bariniň (baý) peýdasyna zähmet çekmelidi. Hukuksyz daýhan barine pul ýa-da azyk önümleri bilen obrok salgydyny töläpdir. Salynýan salgydyň mukdaryny ýer eýesi bolan bariniň özi kesgitleýärdi.

1649-njy ýylda pomestýeleriň eýeleriniň hukuklary giňeldilýär. Rus daýhanyny hukuksyz edýän we olary ýer eýelerine bagly edýän kanunlar kabul edilipdir. Şol ýyldan başlap daýhanlar hukuksyz krepostnoýlara öwrülýärler. Kanun boýunça daýhanlaryň emlägi hem ýer eýesine degişli edilýär. Hukuksyz krepostnoý daýhany haryda öwrülip, ony satyp, çalşyp ýa-da sowgat berip bolýardy. 1678-1679-njy ýyllarda geçirilen ilat ýazuwyna görä, daýhanlaryň 53% wotçina ýerlerine, 16% buthana ýerlerine, 9% köşk ýerlerine berkidilipdir. Umuman alnanda Russiýanyň daýhanlarynyň 80% ýer eýelerine garaşly bolup galypdyrlar.

## §7. Niderland buržuaz rewolýusiýasy

**Niderlandlarda milli azat edijilik hereketiniň başlanmagy.** Gämi gatnawly Şelda, Maas we Reýn derýalarynyň aşak akymlarynda ýerleşen ýurda orta asyrlarda Niderlandiýa (munuň özi «çöketlikdäki ýerler» diýildigidir) diýip at beripdirler. XVI asyryň ortalarynda bu kiçijik ýurt Ýewropada iň gür ilatly ýurda öwrülýär. Bu ýurtda 3 million adam ýaşap, onda 300-e golaý şäher we 6500 töweregi oba bolupdyr. Niderlandiýanyň zähmetsöýer adamlary ençeme asyrlaryň dowamynda deňziň kenar ýakasyndaky ýerleri ädimme-ädim özleşdiripdirler, ol ýerleri guradypdyrlar we bentler salyp gorapdyrlar.

Niderlandiýa Ýewropanyň iň öňdebaryjy, baý ýurtlarynyň biridi. Ýurduň şäherlerinde we obalarynda manufakturalar döräpdir. Olarda mawut, gämi enjamlary öndüripdirler. Werflerde tiz ýöreýän gämileri gurupdyrlar. Ýurduň demirgazygyndaky ilatyň köpüsi balyk tutmak bilen

meşgullanypdyr. Balyk tutýan gämileriň birbada müňe golaýy takgaz balyk tutmaga çykar eken. Niderlandiýanyň täjirleri gyzgalaňly deňiz söwdasyny hem alyp barypdyrlar. Demirgazyk deňziň üsti bilen Niderlandiýanyň kenarlaryndan möhüm söwda ýoly geçipdir. Geografik açyşlardan soň Antwerpen porty dünýä söwdasynyň merkezine öwrülýär.

Angliýada bolşy ýaly, Niderlandiýada hem kapitalistik maý goýum önümçüligi çalt ösupdir, täze gatlaklar – buržuaziýa we hakyna tutma işçiler döräpdir. Emma ýurtda feodallar entek güýçlüdiler. Ýerleriň köp bölegi şolara degişlidi. Şahsy taýdan azatlyk gazanan daýhanlar ýerden peýdalanýanlygy üçin zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeli bolupdyrlar.

XVI asyryň başlaryndan Niderlandiýa yzagalak, feodalçylyk gurluşly Ispaniýanyň golastyna düşýär. Ispan korolynyň bu ýerdäki mülklerinde çäklendirilmedik häkimiýeti ýola goýlupdyr. 17 sany kiçiräk welaýatlardan ybarat bolan Niderlandiýa Ispaniýanyň has baý mülkine öwrülýär. Niderlandiýa korolyň gaznasyna altyn we kümüş çykýan känleri bilen bilelikde Amerikadaky koloniýalaryň berýän girdejisinden dört esse köp girdeji beripdir. Ispaniýanyň koroly Niderlandiýanyň ilatyndan hetdenaşa köp salgyt ýygnapdyr. Munuň özi niderland buržuaziýasynyň alýan girdejilerini ep-esli azaldýardy. Manufaktura eýeleriniň köpüsi özleriniň kärhanalaryny ýapmaga mejbur bolupdyrlar. Ispan feodallarynyň sütemi Niderlandiýanyň hojalygyny opurypdyr we baýlyk toplamakda buržuaziýa päsgel beripdir.

Niderlandiýanyň ilaty ispanlary ýigrenipdir. Ispan feodallarynyň daýanjy bolup hyzmat eden katolik buthanasy has-da ýiti närazyçylyk döredipdir. Buržuaziýa protestant dinini kabul edip başlapdyr, halkyň arasynda bolsa Tomas Mýunseriň tarapdarlarynyň garaýşy ýaýrapdyr.

Ispan tagtyny barypýatan katolik Filipp II eýelände, Niderlandiýadaky ýagdaý çydamsyz häsiýete eýe bolýar. Ol

keçjal, kütek we rehimsiz hökümdardy. Filipp II ispan söweşijileriniň we inkwizisiýanyň kömegi bilen bütin Ýewropany özüne boýun egdirmegi arzuw edipdir. Ol Niderlandiýada inkwizisiýany girizipdir we ýeretikleri rehimsizlik bilen yzarlap başlapdyr.

Ispan sütemi we inkwizisiýa ýurtda güýçli gahar-gazap döredýär. Käbir şäherlerde ilatyň ispaniýalylar bilen ýaragly çaknyşygy bolýardy. 1566-njy ýylda Niderlandiýada ispan feodallaryna we katolik buthanasyna garşy halk gozgalaňy turýar. Daýhanlar, senetçiler we işçiler katolik ybadathanalaryna hem-de monastyrlaryna kürsäp giripdirler. Köp buthanalar we monastyrlar derbi-dagyn edilipdir. Şeýlelikde, Niderlandiýada rewolýusiýa başlaýar.

Filipp II Niderlandiýadaky wakalary eşiden badyna dergazap bolupdyr. Filipp II tejribeli serkerde, gersog Albanyň baştutanlygynda Niderlandiýa saýlama goşun iberýär, Alba özüne berlen tabşyrygy tüýs ýerine ýetirip biläýjek adam bolupdyr. Alba Niderlandiýa gelip, uly şäherleriň ählisinde goşunyny ýerleşdiripdir. Ol diňe bir ilaty gorkuzmak däl, eýsem, ispan korolynyň gaznasynyň üstüni doldurmak hem isläpdir. Jezalandyrylyp öldürilenleriň arasynda baý täjirler we hatda tanymal begzdalar hem bolupdyr. Olaryň emlägi korolyň gaznasyna iberilipdir. Alba Niderlandiýada söwda üçin şeýle bir ýokary salgytlary salypdyr welin, şondan soň söwda etmeklik asla düşewüntsiz pişä öwrülipdir. Täjirler özleriniň dükanlaryny, senetçiler bolsa ussahanalaryny ýapypdyrlar. Baý adamlaryň birentegi emläklerini ýarpy bahasyna satyp Angliýa hem-de Germaniýa gaçyp gidipdirler.

**Rewolýusiýanyň ýeňmegi.** Ispanlaryň rehimsizligi niderland halkynyň göreşe bolan erk-islegini syndyrmandyr. Albanyň gazaply öç almagyndan gahar-gazaba münen daýhanlar, senetçiler we işçiler tokaýlara gidip, şol ýerlerde gaça uruşýan goşunlary döredipdirler. Olary tokaý gýozlary («gýozlar» - «eleşanlar») diýip at beripdirler. Gýozlar

ispanlaryň üstüne çozupdyrlar, rehimsiz kazylary, katolik ruhanylaryny we monahlary ýok edipdirler.

Demirgazykda balykçylar bilen deňizçiler özleriniň ýelkenli ýeňil gämileri bilen deňze çykypdyrlar we ispan flotuna garşy gazaply göreşe girişipdirler. Olara deňiz gýozlary diýip at beripdirler. Olar söweşlerde bişişen, endam-jany tyg yzyndan doly adamlar; olaryň käbiri söweşlerde elini ýa-da aýagyny aldyrsa-da, batyrlarça söweşmekligini dowam etdiripdirler.

1572-nji ýylda deňiz gýozlary deňiz tarapdan batyrgaý zarba urmak bilen Bril portuny eýeläpdirler. Bu bolsa ýurduň demirgazygynda gozgalaň turmagyna yşarat bolup hyzmat edýär. Ilat ispanlary hemme ýerden kowup çykarypdyr. Daýhanlar ispan korolynyň tarapdary saýylýan begzadalaryň mülklerini derbi-dagyn edipdirler, buthana ondan bir salgydy tölemekligi we zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bes edipdirler. Buthanalaryň we monastyrlaryň ýerleri elinden alnypdyr. Buržuaziýa Niderlandiýada iň baý we täsirli ýer eýesi Wilgelm Oranskini demirgazyk welaýatlaryň hökümdary diýip yglan edýär. Ispan sütemine garşy azat edijilik göreşde esasy güýç halk – daýhanlar, senetçiler, işçiler, balykçylar bolupdyr.

Alba öz goşunynyň ähli güýjüni gozgalaň turzan demirgazygyň üstüne sürýär. Ispanlar kiçiräk şäherleriň birnäçesini basyp alypdyrlar we olaryň ilatyny uçdantutma gyrypdyrlar. Emma halk barha tutanýerli garşylyk görkezipdir. Ispanlary hemmeler ýigrenýärdi. Alba millionlarça puly korola ibermegi wada eden-de bolsa, gaýtadan, indi onuň özi masgara bolup, esgerlerine aýlyk bermäge pul sorap, korola ýalbarypdyr. Şowsuzlyklardan gaharlanan Filipp II Albany Niderlandiýadan yzyna çagyrýar. Alba yzyna gaýdandan soň, ispan goşuny Leýden şäherini gabaýar. Şäherliler duşmanyň çozuşlaryny mert durup yzyna serpikdiripdirler we özleri hem batyrgaý çozuşlary edipdirler. Tiz wagtdan, gabalan şäherde azyk gutaryp, açlyk başlanýar. Şäheri goraýanlaryň güýçleri

haýallapdyr. Şonda gozgalaňçylaryň baştutanlary şeýle karar edipdirler: «Ýerimizi duşmana berenden ony suwa aldyran gowy». Deňiz gýozlary deňiz kenaryndaky bendi ýykypdyrlar. Suwuň möwç urýan tolkunlary ekin meýdanlaryna we obalara ýňdarylypdyr. Ispanlar ýetip gelýän suwdan gorkularyna gaçypdyrlar. Gýozlar Leýdene giripdirler, şäheriň horluk çeken goragçylary olary şatlyk bilen garşylapdyrlar.

Emma Filipp II eglişik etmändir we urşy dowam etdiripdir. Köpden bäri aýlyk alman ýören ispan esgerleri Günorta Niderlandiýanyň iň baý şäheri bolan Antwerpeni weýran edipdirler. Ispanlaryň Antwerpendäki wagşyçylyklary ýurduň günortasynda hem gahar-gazap döredipdir. Günorta welaýatlaryň ilaty hem ýaraga ýapyşýar. Köp şäherlerde senetçiler we garyplar häkimiýeti basyp alypdyrlar

**Gollandiýa respublikasynyň emele gelmegi.** 1579-njy ýylda demirgazygyň 7 sany welaýaty Ispaniýa garşy göreşmek üçin öz aralarynda bileleşik döredýärler. Olar umumy hökümeti, gaznasy we goşuny bolan bir bitewi döwlete birleşipdirler. Tiz wagtdan Demirgazyk Niderlandiýanyň ilaty Filipp II-ni özüniň koroly diýip ykrar etmekden ýüz dönderýär. Buržuaziýa Wilgelm Oranskini Niderlandlaryň koroly edip yglan etmek isläpdir. Emma ony iýezuitler tarapyndan iberilen hakyna tutulan ganhor atyp öldürýär. Şeýleleikde, Demirgazyk Niderlandiýada respublika emele gelipdir, onuň başynda buržuaziýadan bolan saýlawly adamlar durupdyrlar. Täze döwleti demirgazyk welaýatlaryň iň ulusynyn ady bilen Gollandiýa diýip atlandyrýarlar. Gollandiýa Ispaniýa garşy ýene-de 30 ýyllap göreş alyp barmaly bolupdyr. Diňe 1609-njy ýylda şertnama gol çekilip, şol şertnama boýunça Ispaniýa Gollandiýanyň garaşsyzlygyny ykrar edýär.

Niderland halkynyn feodalçylyk Ispaniýa garşy azat edijilik göreşi buržuaz rewolýusiýasydy; munuň özi ýaragly göreş bolup, şol göreşde häkimiýet ispan feodallaryndan gollandiýa buržuaziýasynyň eline geçipdir. Ýurt ispan

süteminden azat bolandan soňra, Gollandiýanyň hojalygy çalt depginler bilen ösüp başlaýar. Täze manufakturalar açylypdyr, olarda köp sanly hakyna tutma işçiler zähmet çekýärdiler. Gollandiýada banklar döräp, olar senagatyň we söwdanyň ösmegi üçin maýa goýýardylar. Gollandiýanyň buržuaziýasy indi özüniň girdejileriniň bir bölegini Ispaniýa bermeli bolmandyr we şonuň üçin-de ol çalt baýlaşypdyr.

Gollandiýa Ýewropanyň hemme ýurtlary bilen diýen ýaly söwda edipdir. Onuň söwda floty Ýewropa ýurtlarynyň ähli flotunyň bilelikde alnandakysyndan hem köp bolupdyr. Dünýäniň köp ýurtlaryndan gelen gämiler Gollandiýanyň Amsterdam portunda duşuşypdyrlar. Amsterdam şol mahallar Antwerpeniň deregine dünýä söwdasynyň merkezine öwrülýär. Gollandiýada köp sanly manufakturalar döräpdir we ýerli buržuaziýa koloniýalary basyp almaga girişýär. Gollandiýalylar portugaliýalylary Indoneziýadan gysyp çykarypdyrlar, ýerli ilaty özlerine tabyn edip, olaryň nazy-nygmatlaryny mugtuna diýen ýaly satyn alypdyrlar.

## II BAP. ÝEWROPA WE AMERIKA ÝURTLARY XVII ASYRYŇ ORTALARYNDAN – XVIII ASYRYŇ AHYRLARYNA ÇENLI DÖWÜRDE

### §1. Angliýa XVII asyryň birinji ýarymynda

**Angliýa XVII asyryň birinji ýarymynda.** XVII asyryň 40-njy ýyllarynda Angliýa ykdysady ösüş babatda oba hojalyk ýurdy bolmagynda galýardy. Bu döwürde Angliýanyň ilaty 5 million adama ýetip, onuň 80%-i obada ýasaýardy we ekerançylyk hem-de maldarçylyk pudaklary bilen meşgullanýardy. Ýurduň ykdysadyýetinde orta asyrlardan bäri dowam edip gelýän köne düzgünler saklanyp galýardy. Ýöne ykdysadyýetiň

käbir pudaklarynda indi ykdysady ösüşiň täze görnüşi – iri maýa goýum önümçüligi ýüze çykyp ugrapdy. Ykdysady gatnaşyklarda «ilkinji maýa goýum toplanyş we toplanan maýany täze ykdysady ösüşlere gönükdiriş» hadysasy bolup geçýärdi. XVII asyryň ortalarynda daýhanlaryň aglaba köpüsi garaşly daýhanlardan ybaratdy. Olary kopigolderler diýip atlandyrypdyrlar. Angliýada az sanly erkin daýhanlar - frigolderler hem bardy.

Ykdysady taýdan güýçli depginde ösýän Angliýada pul-haryt gatnaşyklarynyň giň gerimde ösmegi, ilatyň durmuş taýdan gurluşyna, şol sanda oba ilatyna hem öz täsirini ýetiripdir. Oba ilaty emläk ýagdaýyna laýyklykda iki şany durmuş gatlaklaryna bölünipdir. «Oba buržuaziýasy» diýip atlandyrylýan ýokary gatlaga we ezilýän daýhanlardan, hakyna tutma işçilerden ybarat bolan aşaky gatlaga bölünipdir. Ýersiz daýhanlaryň hakyna tutma zahmetinden peýdalanyp baýan daýhanlaryň ýokary gatlagy kemala gelipdir. Olar öz ýerlerini ýersiz daýhanlara kärendesine beripdirler. Az ýerli garyp daýhanlary kotteram diýip atlandyrýardylar. Olaryň azajyk ýerleri we kiçijik jaýlary bolupdyr. Daýhanlaryň täze baýlaşan ýokary gatlagy öz ýerlerini kärendesine berip, ummasyz köp girdejileri alypdyrlar. Oba buržuaziýasy daýhanlaryň täzeçe işläp, baýlaşmagy üçin amatly şertleri döredipdirler.

Oba hojalygynyň täze usulda, maýa goýum gatnaşyklarynyň esasynda ösmegi, dowam edip gelýän ýer eýeçilik gatnaşyklarynyň pese düşmegine getirýär. Iri ýer eýeleriniň, mülkdarlaryň kemala gelen täze görnüşi öňkilerden has köp girdeji almak maksady bilen öz ýerlerini erkin daýhanlara karendesine berip başlapdyrlar. Indi ýer eýeleriniň karendeçi daýhanlardan alýan tölegleri

orta aşyrlarda mülkdarlaryň (feodallaryn) daýhanlardan alan salgytlaryndan birnaçe esse köp bolupdyr.

XVII asyryň ortalarynda Angliýada bolup geçen iňlis buržuaz rewolýusiýasy netijesinde ýurtdaky absolýut monarhiýa düzgüni konstitusion monarhiýa bilen çalşyryldy. Şunda korol häkimiýeti çäklendirilip, iňlis parlamenti giň ygtyýarlyklara eýe boldy. Buržuaz rewolýusiýanyň taryhy şertleri Angliýada kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetin, korol bilen parlamentiň arasynda gapma-garşylyklaryň turmagy we güýjemegi bilen kemala geldi. Şol gapma-garşylyklar Angliýada dini uruşlar, ýagny anglikanlar bilen puritanlaryň arasyndaky göreşler bilen utgaşyp gitdi.

Iňlis buržuaz rewolýusiýasy raýatlyk urşynyň üç döwrüni öz içine alýar, Şonuň üçin hem kähalatlarda bu waka raýatlyk urşy diýlip hem atlandyrylýar. Iňlis rewolýusiýasynyň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri-de, onuň Şotlandiýa we Irlandiýa garşy alnyp barlan basybalyjylykly uruşlar we şol ýurtlaryň özündäki raýatlyk uruşlary bilen utgaşyp gitmegidir.

XVII asyr Angliýanyň jemgyýetçilik-syýasy gurluşynda we onuň ösüşinde mohüm wakalaryň bolan aşyrydyr. 1625-nji ýylda Karl I (1625-1649) Angliýa bilen Şotlandiýanyn arasynda parahatçylyk şertnama baglaşýar. Ol Angliýany, Şotlandiýany we Irlandiýany bitewi bir korollyga birleşdirmek islapdir, emma iňlis patrlamentiniň wekilleriniň arasynda bu birleşige garşy çykýanlaryň sany agdyklyk edýärdi. Olar Angliýanyň bu korollyklar bilen birleşdirilmegi özleriniň asyrlar boýy dowam edip gelýän däplerine we iňlis monoarhiýasyna öz täsirini ýetirer diýip howatyr edipdirler. Ýakow I-niň döwründe parlament öz ähmiýetini ýitirip başlaýar. Korol parlamentiň rugsady bolmazdan özbaşdak salgytlary girizip başlaýar. Bu bolsa halk koçüliginiň närazylygyny

döredýär. Korolyň we parlamentiň tarapdarlarynyň arasyndaky gapma-garşylyklar Karl I-niň dowründe has hem ýitileşýär. OI özüniň ýurdy dolandyran ýyllarynyň dowamynda parlamenti üç gezek çagyryp, soňra dargadypdyr. 1629-1640-njy ýyllarda korol halk yygnagyny we lordlar palatasyny çagyrmazdan özbaşdak dolandyrypdyr. Goňşy dowletlere garşy alnyp barlan üznüksiz uruşlar, aýratvn hem Şotlandiýany Angliýa birleşdirmek üçin edilen synanyşyklar ýurduň ykdysadyýetine ýaramaz täsir edipdir. Korol hazynasy boşap galypdy. Ýurduň hazynasyny doldurmagyň esasy çykalgasy hökmünde Karl I täze salgytlary, antiki döwürden miras galan we birnaçe wagtlap ulanylman gelýän köne ýygymlary girizipdir. Bu bolsa nägile halkyň çykyşlaryny artdyrypdyr. Karl I-niň hristian dininiň katolik akymynyň wekili bolan fransuz koroly Lýudowik XIII-niň uýasyna öýlenmegi parlamentiň agzalarynyň gahar-gazabyny ýetjek derejesine ýetiripdir.

**Iňlis jemgyýetinde gapma-garşylyklaryň ýitileşmegi.** Ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň ýokary depginde ösmegi meýdany we ilat sany onçakly uly bolmadyk Angliýany ösüşiň ýokary derejesine çykarýar. Angliýanyň üstünlikli ykdysady ösüşi, onuň Ispaniýa we Fransiýa ýaly Ýewropanyň iri döwletleri bilen bäsdeşlik etmegine mümkinçilik döredýärdi. Emma ýurduň üstünlikli ösýändigine garamazdan, Angliýanyň ösüşine, onuň maýa goýum önümçiliginiň mundan beýläk ösmegine päsgel berýän kabir düzgünler, entekler hem saklanyp galýardy. Ykdysadyýetiň maýa goýum gatnaşyklary esasynda ösmegi üçin esasy päsgelçilik iňlis absolýutizmi bolup durýardy.

XVI asyrda iňlis jemgyýetinde ýüze çykan durmuş gapma-garşylyklary, XVII asyryň ilkinji onýyllyklarynda has hem güýçlendi. Bu dowürde emele gelen durmuş-

syýasy we dini gapma-garşylyklar Angliýada buržuaz rewolýusiýanyň «buşlukçysy» hökmünde 1637-1640-njy ýyllarda has güýçlenipdi. Korol häkimiýetiniň garşydaşlarynyň öz hukuklaryny talap edip guraýan çykyşlary barha giň gerime eýe bolýardy. Inlis parlamenlinde ähli welaýatlardan gelen wekillerden düzülen, aşaky palatanyň (jemagatçylyk palatasy) ähmiýeti artypdyr.

Korol häkimiýeti özüniň içeri we daşary syýasatynda köne düzgünlere daýanýardy. Bu bolsa ykdysadyýetde kemala gelen täze bir gatnaşyklaryň, ýagny maýa goýum gatnaşyklarynyň we onuň netijesinde dörän täze durmuş gatlagynyň – buržuaziýanyň bahbitlerine çapraz gelýärdi. Karol hökümeti köşk çykdajylaryna we daşarky uruşlara köp mukdarda pul harçlaýardy. Netijede hazyna boşap galypdy. Korol häkimiýeti ýer eýeçiliginiň köne düzgünlerinden gelýän tölegleri saklap galmagyň we täze salgytlary girizmegiň hasabyna hazynanyň çykdajylaryny ýapmak isleýärdi. Bu bolsa ýersiz daýhanlar bilen bir hatarda, öz hojalyklaryny täzeçe usulda (bazar gatnaşyklarynyň esasynda) ýöredýän iri mülkdarlaryň hem nägileligini artdyrýardy. Korol hökümeti parlamentden birugsat täze salgytlary girizip bilmeýärdi. Ol parlamentiň goldamagy bilen täze salgytlary girizmegiň hasabyna hazynany doldurmak isleýär. Korol hökümeti ýer eýeçiliginiň köne gömüşlerinden gelýän salgytlary saklap galmaga we artdyrmaga çalşypdyr. Bu bolsa ýersiz garyp daýhanlar bilen birlikde, öz hojalyklaryny täzeçe usulda ýöredýän orta mülkdarlaryň hem närazylygyny döredipdir. Olar öz hojalyklaryny erkin dolandyrmak isleýän mülkdarlaryň täze gatlagyny - oba buržuaziýasyny kemala getiripdirler.

**Angliýada rewolýusiýanyn başlanmagy.** Angliýanyň koroly ýurdy 11 ýyllap (1629-1640)

parlamentsiz, özbaşdak dolandyrypdyr. Bu döwurde ýurtda sözüň doly manysynda yzagalak ýer eýeçilik gatnaşyklary höküm sürýärdi. Ýurt uly öwrülişigin - rewolýusiýanyň öňüsyrasynda durdy.

Angliýadaky syýasy dartgynlylyk Şotlandiýada bolup geçýän gozgalaňlar zerarly has hem çylşyrymlaşýardy. Stýuartlar dinastiýasynyň basybalyjylykly syýasaty netijesinde Şotlandiýa güýç bilen Angliýa birikdirilipdi. Şotlandiýanyň ilaty puritançylygyň preswiterýançylyk akymyny kabul edipdirler. 1637-nji ýylda Angliýanyň arhiýepiskopy Lod Şotlandiýada anglikan buthanasyny güýç bilen ornaşdyrmaga synanyşýar. Sebäbi Şotlandiýadaky anglikan buthanasy iňlis korolynyň syýasatyny Şotlandiýada ýerine ýetiriji bolup hyzmat edýärdi. Bu bolsa şotlandlary Angliýa garşy gozgalaň turuzmaga iterýär. 1639-njy ýylda şotlandlar Angliýanyň günorta bölegini eýeleýärler. Gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin goşmaça salgytlary girizmek zerurdy. Şonuň üçin hem Karl I ýokary gatlaklaryň goldawyny gazanmak üçin 1640-njy ýylyň aprelinde parlamenti çagyrýar. Emma korolyň eden tamasy çykmandyr, parlament korolyň täze salgytlary girizmek hakyndaky tekliplerine turuwbaşdan garşy çykdy. Şol ýylyň maýynda korol parlamenti täzeden dargadýar. Üç hepde dowam eden parlament taryhda «Gysga parlament» adyna eýe boldy.

1642-nji ýylda Angliýada raýatlyk urşy başlandy. Angliýanyň ilaty korolyň we parlamentiň tarapyny tutýan toparlara bölündi. Korolyň tarapdarlaryna «kawalerler», ýagny gymmat bahaly, zynatly eşik geýýändikleri üçin olara şeýle at berlipdir. Korolyň tarapdyrlaryna «roýalistler» (roýal - korol) hem diýýärdiler. Olar koroldan uly ýerleri, mülkleri peşgeş alan ýokary wezipeli emeldarlardy. Parlamentiň

tarapdarlarynyň geýimleri sadaja, şaçlary bolsa gysgajyk bolandygy üçin olary «togalak kelleliler» diýip atlandyrýardylar. Urşuň gidýän döwründe parlamentiň öz düzümindäki syýasy partiýalaryň arasynda hem önden bar bolän içki gapma-garşylyklar güýçlenýär. Parlamentde 500-den gowrak wekilleri bolan preswiterýanlar esasy agalyk ediji güýç bolup duıýardylar. Olar ilkinji bolup parlamentde özleriniň syýasy toparyny döretmegi başarypdyrlar. Preswiteriýanlaryň we parlament goşunlaryna graf Mançester (Eduard Montegýu – 1602-1671) we graf Esseks (Robert Dewere – 1591-1646), Oliwer Kromwel (1599-1658) ýaly görnükli adamlar ýolbaşçylyk edýärdiler.

Ýurduň ykdysady taýdan ösen günorta-gündogar graflyklary, şol sanda Londonyň ilaty hem parlamenti goldaýardy. Emma, muňa garamazdan ilkinji harby çaknyşyklar parlamentiň goşunlary üçin şowsuz boldy. Korolyň tarapdarlaryny bolsa ýurduň yzagalak demirgazyk welaýatlary goldaýardy. 1642-nji ýylda korol ýurduň demirgazygyna gaçyp gidýär we şol ýerden parlamente garşy urşa başlaýar. Taraplaryň arasynda aýgytly söweşleriň biri 1642-nji ýylyň güýzünde Ejhill şaherinde bolup, söweş parlament goşunlarynyň derbi-dagyn edilmegi bilen tamamlanýar. Parlament goşunlarynyň serkerdeleri parlamentiň täze nusgadaky goşunyny düzýärler. Korol parlamentiň tarapdarlaryndan gaçyp özüniň ştab-kwartirasyny paýtagtyň golaýynda ýerleşýän Oksford şaherine göçürip getirýär.

Parlament goşunlary dürli syýasy we harby sebäplere görä korolyň hemişelik we taýýarlykly goşunlaryndan asgyn gelýärdi. Parlament goşunlarynyň aglaba köpüsi hakyna tutma urşujylardan ybaratdy. Şonuň üçin hem olar parlamentiň rewolýusion maksatlaryna biparh garaýardylar. Goşunyn beýleki bir bölegi

graflyklaryň we şaherleriň ilatyndan düzülen goşunlardy. Olar diňe öz graflyklarynyň çaginde hereket edýärdiler. Parlament goşunlarynyň hereketi guramaçylyk taýdan pesdi, azyk we ýarag üpjünçiligi ýaramazdy.

Möhüm sebäplere görä. parlamentde agalyk edýän preswiterýanlaryň syýasy gurluşy hem gowşakdy. Olar garamaýak ilatyň hereketini korol häkimiýetine garşy göreşmegiň guraly hökmünde peýdalanypdyrlar. Ýöne olar halk hereketleriniň ilat arasynda giňden ỳaỳramagyndan heder edýärdiler.

**Täze nusgadakv goşun.** Urşuň gidişinde parlamentde uly öwrülşikler bolupdyr. Parlamentde önden agalyk edip gelýän preswiterýanlar bilen independentleriň arasyndaky barlyşyksyz syýasy göreşlerin netijesinde preswiterýanlaryň agalygy peselip, parlamentde independentleriň täsiri güýçlenipdir. Independentleriň görnükli ýolbaşçylarynyň biri Oliwer Kromwel (1599-I658) bolup, ol parlament goşunlarynyň serkerdeligini öz eline alýar. Ol gelip çykyşy boýunça orta mülkdar maşgalasyndan bolup, puritançylyk ruhunda terbiýelenipdir. Kromwel Londonda ýaşaýan baý söwdagärin gyzyna öýlenipdir. Rewolýusiýa başlananda Kromwel parlamentiň aşaky (jemagat) palatasynyň agzasydy.

Korolyň tarapdarlaryna garşy göreşde independentleriň abraýy gitdigiçe artýardy. 1644-nji ýyldan başlap parlamentde agalyk ediji orny independentler gutarnykly öz ellerine alýarlar. Independentler korol hakimiýetini düýbünden ýatyrmagy, täze dörän durmuş gatlagynyň - buruaziýanyň syýasy hem-de ykdysady ornuny giňeltmegi maksat edinýärdiler. Bu maksady amala aşyrmak üçin independentler halk köpçüliginiň hereketinden giňişleýin peýdalynypdyrlar. Independentleriň serdary O. Kromwel rewolýusiýa

gatnaşan halk köpçüliginden esgerleri goşuna almak bilen parlamentiň goşunynyň sanyny ep-esli köpeldýär. Olaryň arasynda ozalky erkin daýhanlar (frigolderler), senetçiler agdyklyk edýardiler.

Oliwer Kromweliň rewolýusiýa meýletin gatnaşýan urşyjylardan düzülen goşunyny «täze nusgadaky goşun» diýip atlandyrypdyrlar. Bu goşun ilkinji günlerden özüniň artykmaçlyklaryny görkezdi. 1644-nji ýylyň iýulynda Marston-Mur şäherinin ýanynda bolan söweşde täze nusgadaky goşun uly ýeniş bilen korol goşunlaryndan üstün çykdylar. Söweşde görkezen mertlikleri hem-de gözsüzbatyrlyklary üçin garşydaşlary O. Kromweliň esgerlerine «demirgapdallylar» diýip at beripdirler. Söweş meýdanyndaky üstünlikler Kromwele harby özgertmeleri geçirmek, täze nusgadaky goşuny döretmek üçin parlamentiň goldawyny gazanmaga mümkinçilik beripdir. Parlamentde bolan ýiti çaknyşyklardan soń 1645-nji ýylda independentler preswiterýanlardan üstün çykypdyrlar we harby reformany geçirmäge hukuk gazanypdyrlar. Goşunyn düzüminde preswiterýan serkerdeleriň şany azalyp, independentleriň wekilleriniň sany köpelipdir. Independentlerden bolan serkerdeleriň arasynda gelip çykyşy boýunça orta gatlaklardan gelip çykan, emma örän başarjaň adamlar köp bolupdyr. Parlamentiň täze nusgadaky goşunynyn baş serkerdesi baron Kameron (Tomas Ferfaks – 1612-1671), onyn orunbasary bolsa Oliwer Kromweldi. Goşunda daýhanlaryň, senetçileriň we ownuk söwdagärleriň meýletin gulluk etmegi bu goşunyň esasy aýratynlyklarynyň biridi. Goşunda gulluk edýan esgerlerin sany başda 22 mün adam bolanlygyndan, sonra 70 müň adama ýetirilýär. 1646-njy ýylyň tomsunda korol ýeniljekdigini aňyp, Şotlandiýa gaçyp gidýär. Ýöne şotlandlar ony 400 mün altyn pula parlamente satýarlar.

**Independentler we Lewellerler.** 1646-njy ýylda birinji raýatlyk urşy gutardy. Parlamentde özüniň täsirini saklap galan, preswiterýanlar raýatlyk urşunyň netijelerinden razydylar. Olar urşy mundan aňryk dowam etdirmek islemeýärdiler. Olar korol bilen ylalaşyk baglaşyp, syýasy hakimiýeti parlament bilen korolyň arasynda paýlaşmak isleýärdiler. Emma 6 ýyla çeken raýatlyk urşunyň netijeleri halk köpçiligini we independentleri kanagatlandyrmaýardy. Independentler urşy ahyryna çenli dowam etdirip, rewolýusiýany doly amala aşyrmak iseýärdiler. Independentler bilen preswiterýanlaryň bähbitlerinin we rewolýusiýanyň barşyndaky maksatlarynyň bir-birini gapma-garşy gelmegi, olaryň arasyndaky göreşiň ýitileşmegine getirýärdi. Preswiterýanlar parlamentde uly abraýdan we täsirden peýdalanýardylar, independentleriň parlamentde azlygyna garamazdan olaryň goşundaky sany köpdi.

Independentler rewolýusiýany mundan beýlak hem ösdürmäge gönükdirilen maksatnamany işlap düzdiler. Maksatnamany esasy işlap düzüji O.Kromweliň giýewisi Genri Aýrton bolup, ol independentleriň ideology we rewolýusion goşunyň generalydy. Maksatnama laýyklykda ýokary kazyýet hakimiýeti we goşuna gözegçilik etmek hukugy parlamente degişlidi. Bu maksatnamanyň talabyna laýyklykda parlamente her iki ýyldan bir gezek saýlaw geçirilmeli edildi. Saýlaw hukugy buržuaziýanyň bahbitleri göz önünde tutulyp täzeden düzülipdi.

Independentler düýpli dini özgertmeler geçirmekden saklanýardylar we hukuklary kanun tarapyndan çaklendirilen merkezi buthanany saklap galýardylar. Independentler tarapyndan işlenip düzülen konstitusiýanyň özeni preswiterýanlaryňkydan onçakly

tapawutlanmaýardy. Monarhiýa we parlamentiň lordlar palatasy saklanyp galýardy.

Raýatlyk urşunyň gidýan dowründe parlamentde täze bir akym, ýagny ähli adamlaryň deňligi ugrunda çykyş edýän adamlaryň akymy peýda bolup, olary «lewellerler» («to lewel» - «deňleşdirmek») diýip atlandyrypdyrlar. Lewellerler rewolýusiýanyň taryhynda syýasy tarap hökmünde ilkinji gezek 1645-nji ýylda çykyş edip başlaýarlar. Olara birbada parlamentiň işjen agzalarynyň köp sanlysyny (20 müň adam) öz taraplaryna çekmeklik başardýar. Lewellerler turuwbaşdan özleriniň syýasy guramalaryny döredipdirler. Bu gurama ilki Tondan şaherinde döräp, soňra onuň bölümleri ýurduň ähli ýerlerine ýaýrapdyr. R. Owerton we U.Uolwin lewellerleriň görnükli işgärläri we guramaçylary bolupdylar. Olaryň meşhur serkerdesi bolsa Jon Lilberndi 1614-1657). Jon Lilbern ownuk mülkdaryň maşgalasynda dogulýar. Ol Londonda okap bilim alýar. J.Lilbern ýaşlykda söwda we senetçilik bilen meşgullanýar. Lilbern halkyň agyr ýagdaýynyň esasy sebäbi korollyk düzgüni diýip hasaplapdyr we oňa garşy durýanlaryň hereketine goşulypdyr. Halk arasynda lewellerler uly abraýdan peýdalanýardylar. Şonuň üçin hem O. Kromwel diňe bir preswiterýanlara däl, eýsem lewellerlere garşy hem göreşmeli boldy.

1648-nji ýylyň ýazynda şotlandlar koroly halas etmek üçin Angliýanyň demirgazygyna çozup girdiler. Şeýlelikde, Angliýada raýatlyk urşunyň ikinji tapgyry başlaýar. Korolyň özi ýesirlikde ýatan ýerinden şotlandlar bilen gizlin gepleşik geçirip, olara köp zatlary wada berýär. 1648-nji ýylyň 17-19-njy awgustynda bolän aýgytly söweşde korolyň hem-de şotlandlaryň goşuny Kromweliň gowy ýaraglandynlan goşunlary tarapyndan

derbi-dagyn edilýär. Şeýlelikde, Iňlis rewolýusiýasynyň taryhynda ikinji dowür tamamlanýar.

Iňlis rewolýusiýasynyň üçinji tapgyrynyň esasy wakasy Angliýany respublika diýip yglan etmek bilen baglanyşykly boldy. O. Kromweliň hakimýetiniň güýçlenmegiňden gorkup, parlament onuň esasy daýanjy bolan goşuny dargatmaga synanyşyk edýär. Muňa jogap edip, Kromwel parlamentiň üstüne goşun ugradyp, preswiterýanlaryň parlamentden kowulmagyny gazanýar. Angliýany respublika diýip yglan etmekde esasy päsgelçilikleriň biri hem korolyň özüdi. 1649-njy ýylyň 1-njy ýanwarynda Kromweliň we onuň ratapdarlarynyň talap etmegibilen parlamentiň jemagat palatasy koroly halka dönüklik etmekde we daşary ýurtlar bilen dildüwşik guramakda, şeýle hem raýatlyk urşunyň esasy günäkäri hökmünde aýyplaýar. Koroly jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin ýörite Ýokary tribunal (harby kazyýet) döredilýär. Ýokary tribunalyň karary bilen korol Kari I ganhor hem-de dowletiň duşmany diýlip yglan edilýär. 1649-njy ýylyň 30-njy ýanwarynda iňlis koroly Karl I jezalandyrylyp öldürilýär. Şeýlelikde, Angliýanyň taryhynda buržuaz rewolýusiýasy üstünlikli tamamlanýar. Rewolýusiýanyň netijesinde Stýuartlar dinastiýasynyň häkimiýeti ýykylýar we Angliýada independentler respublikasynyň döwri (1649-1653) başlaýar.

**Angliýada independentler respublikasynyň döwri.** 1649-njy ýylyň 19-njy maýynda parlamentiň karary bilen Angliýa respublika diýlip yglan edilýär. Angliýada korol häkimiýetiniň deregine independentlerden we goşun serkerdelerinden düzülen Döwlet geňeşi döredilýär. Onun baştutanlygyna O.Kromwel saýlanylýar. Dowiet geneşi kanun boýuça jemagat palatasyna hasabat bermelidi, emma iş ýüzünde O.Kromwel goşuna we buržuaziýa daýanyp, özüniň harby diktaturasyny esaslandyrypdy.

XVII asyryň ortalarynda halk köpçüligi independentler respublikasynyň alyp barýan syýasatynyň many-mazmunyna düşünip ugrady. Sebäbi bu hökümet Angliýada kemala gelen demokratik düzgüne garşy iş alyp baryp ugrapdy. Lewellerleriň we diggerleriň hereketleriniň güýç bilen basylyp ýatyrylmagy respublikanyň halk içindäki abraýynyň peselmegine getirdi. Independentleriň korolyň tarapdarlaryna we lewllerlere garşy alyp baran uruşlary halkyň hal-ýagdaýynyň has hem agyrlaşmagyna getirdi.

Ýewropanyn feodal hökümdarlary inlis monarhiýasyny duşmançylykly garşyladylar. Hatda maýa goýum gatnaşyklarynyň we buržuaziýanyň ornaşan ýurdy bolan Gollandiýada hem jezalandyrylyp öldürilen korolyň oglyna gaçypatalga berdiler. Independentler respublikasynyň baştutany O. Krormwel Ýewropa dowletleriniň arasynda Angliýanyň abraýynyň pese gaçmagyny islemandir. Şonuň üçin hem ol goňşy dowietlere garşy üstünlikli ýörüş etmek bilen Angliýanyň Ýewropadaky abraýyny ýokary göternek isleýär. 1649-1651-nji ýyllarda inlis goşunlary Irlandiýadaky gozgalaňlary güýç bilen basyp ýatyrdy. 1651-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda Wuster şäherinin eteginde inlisler şotland goşunlaryny derbi-dagyn etdiler. Inlis goşunlarynyň Irlandiýany we Şotlandiýany güýç bilen eýelemegi bilen goşunda köplük bolan independentleriň köpüsiniň baýamagyna getirdi.

Kromwel iri iňlis buržuaziýasynyň we söwdagärleriniň bähbitlerini gorap çykyş edýärdi. 1651-nji ýylda Gämiçilik hakynda kanun kabul edilip, kanun boýunça Angliýa harytlary diňe iňlis gämileri ýa-da haryt öndürýän ýurtlaryň öz gämileri getirip bilýärdi. Mazmunyndan görnüşi ýaly, bu kanun Angliýanyň esasy bäsdeşi Gollandiýa garşy gönükdirilipdi.

1652-nji ýylda deňiz söwdasynyň üstünde inlis-golland urşy başlaýar. Angliýanyň deniz goşunlary ýewropa dowletleriniň arasynda iň güýçlileriniň biri bolmak bilen deniz

söweşlerinde birnäçe gezek ýeniş gazandy. 1654-nji ýylyň aprelinde inlis goşunlarynyň ýenmegi Gollandiýa bilen parahatçylyk şertnamasynyň baglaşylmagyna getirýär. Şertnama boýunça Gollandiýa Angliýada kabul edilen Deňizçilik kanunyny ykrar etmäge mejbur bolýar. Iňlisler ýaly protestantlar bolan Gollandiýa garşy alnyp barlan uruş iňlis rewolýusiýasynyň dini däl-de, hut ykdysady maksatlarynyň bolandygyny görkezdi. Iňlis buržuaziýasynyň söwda we işewürlik bahbitleri Kromwel üçin ähli zatdan möhümdi.

Emma rewolýusiýanyň netijesinde Angliýada söwda işleri togtapdy, şeýle hem senagatyň pese gaçmagy ýurtda işsizligin attmagyna getiripdi. Azyk harytlarynyň gymmatlamagy, salgytlaryň artmagy halkyň hal-ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrdy.

**Oliwer Kromweliň protektoraty.** XVII asyıyn 50-nji ýyllarynda halk köpçüliginiarasynda independentler respublikasynyň alyp barýan syýasatynyň abraýy peselip ugrady. Respublikanyň halk herekertlerine garşy baran syýasaty, esasan hem lewellerleriň we diggerleriň hereketlerinin basylyp ýatyrylmagy, halkyň hökümete bolan ynamyny gaçyrdy. Independentleriň korol tarapdarlaryna we lewellerlere garşy alyp baran uruşlary ekin ýerleriniň tozdurylmagyna, halkyň hal-ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirdi. Köne ýer eýeleri bilen bir hatarda, rewolýusiýanyň netijesinde baýlaşan täze mülkdarlar hem ekerançylyk bilen meşgullanyp başladylar. Bu bolsa ownuk ýer eýeleriniň, daýhanlaryň ýagdaýyny agyrlaşdyrdy. Raýatlyk urşunyň netijesinde ýurduň içeri we daşary syýasaty öz işjeňligini ýitirdi. Bu bolsa öz gezeginde senagatyň pese gaçmagyna we netijede ýurtda işsizligin artmagyna getirdi. Azyk harytlaryň gymmatlamag,. salgytlaryň köpelmegi halkyň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrdy. Independentleriň syýasatyna garşy halk gozgalaňlary yzygiderli gaýtalanýardy. Munuň ýurdy

dolandyryjy gatlaklaryň arasynda dartgynlylygy güýçlendirdi.

1653-nji ýylda Angliýada parlament bilen goşunyň arasynda gapma-garşylyklar ýüze çykdy. 13 ýyl bäri dowam edip gelýän «Uzak Parlamentiň» hem abraýy peselipdi. Parlament täze saýlawlary geçirmezden öz ygtyýarlyklaryny yzygiderli dowam etdirýärdi. Halk köpçüligi ýutda alnyp barylýan halka garşy syýasatyň esasy sebäpkäri parlament diýip pikir edýärdi. Halkyň parlamente bolän ýigrenji gitdiçe artýardy. Şeýlelikde, 1653-nji ýylyň 20-nji aprelinde O.Kromwel halk köpkçiliginiň parlamente bolän ýigrenjinden peýdalanyp ony dargatdy.

1653-nji ýylyň 16-njy dekabrynda O.Kromweliň tarapdarlary ony Angliýanyň. Irlandiýanyň we Şotlandiýanyn lord-protektory (goragçysy) diýip yglan etdiler. O.Kromweliň protektor derejesi oňa korolyňky ýaly ygtyýarlyklary we hukuklary berýärdi. Protektorat - munuň özi Angliýada monarhiýanyň özboluşly bir görnüşidi. Angliýada täze konstitusiýa kabul edilip, oňa laýyklykda, ýurduň ozalky döwlet gurluşy saklanyp galýardy. Angliýada parlament we döwlet geneşi hem saklanyp galdy. Emma iş ýüzünde ýurtda Kromweliň harby diktaturasy höküm sürýärdi. Ýurdy dolandyrmakda Kromwele goşun generallary ýardam edýärdiler. Kromwel ýurdy 11 sany harby okruga bölüp, özüniň ýakyn generallaryny olara gubernator edip belledi. Kromweliň protektoraty örän berk ornaşypdy. Häkimiýete garşy edilýän çykyşlar hem halk köpçüliginiň hereketleri hem «bulagaýlyk» diýlip yglan edilýärdi we güýç bilen basylyp ýatyrylýardy.

Kromwel iňlis buržuaziýasynyň bähbitlerini gorap çykyş edýärdi. Ost-Hindistan, West-Hindistan ýaly söwda kompaniýalarynyň artykmaçlyklary saklanyp galýardy.

Daniýa we Şwesiýa ýaly döwletler bilen söwda şertnamalar baglaşylýardy. Angliýa täze koloniýalary basyp almak maksady bilen uruşlary alyp barýardy. Koloniýalary eýelemekde Angliýanyň esasy basdeşi bolan Ispaniýa garşy uruşlar alnyp barylýardy. West-Hindistanda iňlisler Ýamaýka adasyny eýelediler. Daşary syýasatdaky üstünliklere garamazdan, halkyň ýagdaýy agyrdy. Protektoratyň dolandyran ýyllarynda halk köpçüliginin, esasan hem, daýhanlaryň tolgunşyklary güýjedi. Ýurtda dartgynly ýagdaý höküm sürýärdi. Kromweliň häkimiýetine garşy gozgalaň turuzmagy maksat edinýän toparlar döräp başlady.

1657-nji ýylda Angliýanyň ýokary gatlagynyň arasynda hem nägilelikler döredi. Harby diktaturanyň öz içinde hem gapma-garşylyklar ýüze çykdy. Netijede Angliýada korol düzgünini dikeltmäge meýilli toparlaryň sany artdy. Olar Kromweliň protektoratyny monarhiýa bilen çalyşmak isleýärdiler. 1657-nji ýylyň maýynda Kromwel özüniň täze konstitusiýasyny hödürledi. Oňa laýyklykda rewolýusiýa döwründe ýatyrylan Lordlar palatasy gaýtadan dikeldildi we protektoratyň saýlawly häkimýeti nesilden-nesle geçýän häkimýet ( monarhiýa) bilen çalşyryldy. 1658-nji ýylda Kromweliň aradan çykmagy bien monarhiýany dikeltmäge bolan ymtylyşlar has-da güýçlendi. Kromweliň ogly Riçard ýurduň protektory diýlip yglan edildi. Emma Riçardyň ýarawsyzlygy we döwlet işine ukypsyzlygy sebäpli onuň häkimiýeti uzak dowam etmedi. 1659-njy ýylda ol hakimýetden mahrum edildi.

**Angliýa XVII asyryň ahyrynda. 1**660-njy ýylyň aprelinde Niderlandlaryň Bred şäherinde inlis parlamentiniň razylygy bilen Karl I-niň ogly Karl II Stýuart Angliýanyň koroly diýlip yglan edilýändigi hakynda jarnama kabul edilýär. Jarnama laýyklykda Karl II rewolýusiýa döwründe parlamentiň tarapynda durup çykyş eden adamlaryn günäsini geçmegi, din

azatlygyny we ýere bolan eýeçiligin eldegrilmesizligini goramagy wada edýär. Parlamentde agdyklyk eden preswiterýanlar wada edilişi ýaly, «korol parlament bilen ylalaşykly we bilelikde» dolandyrar diýip umyt edýärdiler. Birbada dürli eglişiklere gidenligine garamazdan, Karl II Angliýada absolýut monarhiýa düzgünini esaslandyrmaga yykgyn edipdir. Korol parlamentiň kanun çykaryjylyk hukugyny elinden almaga we ýerine ýetiri häkimiýetiň hukuguny saklap galmaga synanyşýardy. 1661-nji ýylda korolyň köp sanly tarapdarlaryndan we az sanly garşydaşlaryndan ybarat bolan täze parlament düzülýär. Karl II bu parlament babatynda birbada ylalaşykly syýasat ýöredýärdi.

«Bred şertnamasynda» kabul edilen ylalaşyklara garamazdan korol rewolýusiýa gatnaşyjylary köpçilikleýin jezalandyryp başlady. Ilkinji nobatda Kromweliň we onun giýewisi Aýrtonyň jesedini guburyndan çykaryp, olaryň ikisini hem «jezalandyrdylar». Gaýtadan dikeldilen we ahli artykmaçlyklary saklanan anglikan buthanasy başga ynançlara uýýan adamlary ýazgarýardy, türmeler dini ynançlary sebäpli tussag edilen adamlardan doludy. Korol, buthana we olaryň tarapdarlary, rewolýusiýa döwründe parlament tarapyndan konfiskasiýa edilen ýerleri gaýdyp aldylar.

Korol rewolýusiýa döwründe kabul edilen resminamalary ýatyrdy. Ýurtda örän berk tertip düzgün ýola goýuldy. Döwlet eýeçiliginden özge ähli çaphanalar ýapyldy. Korol Fransiýa bilen ýakynlaşmak isleýärdi. O1 ýurduň Dýunkerk şäherini Fransiýa satdy. Ol şeýle etmek bilen Fransiýanyň goldawyny gazanmak isleýärdi. Karl II-niň dolandyran döwründe Angliýa Fransiýa elgarama ýagdaýa düşüpdi.

**Korol bilen parlamentiň arasyndaky göreş.** Korol bilen parlamentiň arasyndaky gapma-garşylyklaryň esasy sebäbi dini ynançlar bilen baglydy. Korol ýurtda hristiýan dininiň katolik akymyny dikellmek islapdir. Sebäbi kotolik dini korol hakimiýeti üçin ygtybarly daýançdy. Şu maksat bilen ol

1672-nji ýylda «Dini erkinlik» hakyndaky jarnamany kabul etdi. Bu bolsa parlamentde güýçli garşylyk görkezilmegine getirdi. 1673-nji ýylda parlament «dini erkinlik» hakyndaky jarnamany ret etdi we katolik dininden ýüz öwürýändigini yglan etdi we protestant dininin arassalygyny gorap saklamak hakynda kanun kabul etdi. Parlament rewolýusiýanyň netijesinde korolyň ahli ygtyýarlyklaryny elinden alypdy, indi parlament şol häkimiýeti elden gidernek islemeýärdi. Parlament korol ministrleriniň işine berk gözegçilik edýärdi we korol hokümetiniň öz önünde hasabat bermegini talap edýärdi.

Korolyň alyp barýan syýasatyndan nägile bolän esgerleriň arasynda hali-şindi topalaňlar ýüze çykýardy. Halk köpçiligi salgytlaryň köpeldilmegine, dowlet buthanasyna we buthana salgydynyň (ondan bir salgydy) girizilmegine garşy çykyş edýardi. 1673-nji ýylda Angliýada biri-birine garşy syýasat alyp barýan iki sany syýasy topar - partiýa döredi. Olaryň birinjisi rewolýusiýanyň ähli ýörelgelerinden we talaplaryndan ýüz owürýän, korolyň tarapdarlaryndan düzülen «mülk partiýasy», beýlekisi bolsa korol häkimiýetiniň kanuna we parlamente garaşly bolmaly diýen pikiri öne sürýän «ýurt partiýasydy». 1679-njy ýylda korol parlamenti dargatdy we täze parlment düzüldi. Täze parlament korolyň dogany Ýakowy tagta mirasdar bolmak hukugyndan mahrum eldi. Parlament ýurtda korolyň häkimiýetini pesetlmek maksady bilen ähli çäreleri görýärdi. Şu maksat bilen parlament raýatlaryň şahsy azatlyklary baradaky kanuny kabul etdi. Bu kanun korolyň özbaşdak dolandyrylyşyna garşy gönükdirilipdi.

1681-nji ýylda korol parlamenti ýene-de dargatdy we 4 ýyllap (1681-1685) ýurdy parlmentsiz özbaşdak dolandyrdy. Bu dowürde ýurtda dowam edýän syýasy göreşlerin netijesinde, ozaldan bar bolan «ýurt partiýasynyň» esasynda «wigiler» partiýasy we onuň garşydaşy bolan, korolyň tarapdarlaryndan düzülen «toriler» partiýasy döredi. 1685-nji ýylda korol Karl II aradan çykdy we onuň ogly Ýakow II Stýuart Angliýanyň

koroly diýlip yglan edildi. Ýakow hem dini ynanjy boýunça katolikdi.

**Döwlet agdarylyşygy.** Ýakow II alyp barýan syýasaty halk köpçüliginde närazylyk döretdi. Hatda agalyk ediji gatlagyň arasynda hem korolyň alyp barýan syýasatyndan närazy adamlaryň toparlary döredi. Ýurtda koroly tagtdan agdarmagy maksat edinýän adamlar dildüwşikleri gurap başladylar. Parlamentiň tarapdary bolan wigiler partiýasynyň başlangyjy bilen wigiler we toriler dowlet agdarylyşygyny geçirmek hakynda dildüwşik gurap başladylar. Dildüwşijiler ýurtda raýatlyk urşunyň turmagyndan howatyr edip, Gollandiýanyň şazadasy Wilgelm Oranskini Angliýa çagyrdylar. Wilgelm Oranski Ýakow II-niň gyzy Mariýa Stýuartyň äridi. Wilgelm dini ynanjy boýunça protestantdy, Franşiýanyň we katolik dininiň duşmanydy. 1688-nji ýylda Wilgelm II Oranski Dewonşir şäherinden Londona geldi we korol häkimiýetini eýeledi. Ýakow II bolsa Londondan gaçyp gitdi. Angliýada ýörite kanun çykaryjy parlament döredildi. Onuň talabyna laýyklykda Mariýa we Wilgelm ýurdy bilelikde dolandyrmalydy. Emma iş ýüzünde dowlet häkimýeti Wilgelm II-niň elindedi. 1689-njy ýylyň oktýabrynda «Hukuklar hakynda resminama» kabul edilýär. Resminama laýyklykda Wilgelm II bilen parlamentiň arasyndaky gatnaşykar, olaryň borçlary we hukuklaiý kesgitlenilýär. Resminama 13 bölümden ybarat bolup, olarda parlamentiň kanun çykaryjylyk hukugy kepillendirildi. Korolyň harby, maliýe we kazyýet ulgamlaryndaky ygtyýarlyklary çäklendirildi. Ýurtda hristiýan dininiň proteştant akymynyň agalygy dikeldildi. «Hukuklar hakyndaky resminama» mazmuny we maksady boýunça korolyň hemişelik we ýeke-täk (absolýut monarhiýa) häkimiýetine garşy gönükdirilen progressiw resminamady. Resminama 1688-nji ýylyň dowlet agdarylyşygyny kanunlaşdyrdy we Angliýada täze bir dowlet gurluşynyn -

konstitusion monarhiýanyň döremegine esas bolup hyzmat etdi. Ýöne Angliýada çözülman galan meseleler entek hem bardy.

**Angliýanyň senagat taýdan ösüşi.** XVIII asyryň ortalarynda Angliýanyň ilaty 6 million adamdan geçdi. Angliýanyň senagaty güýçli depginde ösýärdi. Asyryň başynda ilatyn 13% şäherlerde ýaşan bolsa, indi ilatyň 16% şäherlerde ýaşaýardy. Ýurduň paýtagty Londan şaheri Ýewropanyn iri senagat merkezleriniň birine öwrülipdi. Şäheriň ilatynyň sany 675 müň adama ýetdi. Inlis jemgyýetinde rewolýusiýanyň netijesinde baýan täze gatlak - buržuaziýa bilen ýersiz galan we talabançylyk edip, güzeranyny aýlaýan ýoksullaryň arasyndaky ara tapawudy juda ulydy. Bu bolsa inlis jemgyýetiniň hasiýetli aýratynlygydy. Daýhanlaryň köpüsi ýersizdi. Olar rewolýusiýanyň netjesinde uly baýlyklary we ekerançylyk üçin amatly ýerleri edinip bilmediler. Olar hakyna tutma işlerde işlemegiň ýa-da goşunda gulluk etmegiň hasabyna ýaşaýardylar. Şeýle ýagdaýda Angliýanyň hökümeti halkyn gozgalaň etmeginden howatyr, mejbury ýagdaýda halkyn hal-ýagdaýyny gowylandyrmaga niýetlenen işleri amala aşyrmaga mejbur bolýardy. Hökümet pauperleri iş bilen üpjün etmäge mejbur bolýardy, olaryň çagalaryny mekdepde okadýardylar.

Angliýanyň senagatynyn ösüşinde manufaktura kärhanalaryna uly paý degişlidi. Işçiler manufaktura kärhanalarynda bilelikde işleýärdiler, bu bolsa olaryň arasynda jebisligiň döremegine, zähmetkeşleriň bir-birlerine ýakynlaşmagyna getirýärdi. Netijede XVIII asyryň başlarynda Angliýada işçileriň özbaşdak we bitewi gatlak hökmünde kemala gelmegine şert döredi. Karhana eýeleri işçileriň zahmetine öz isleglerine görä hak töleýärdiler. Işsizligin ýokary derejede bolmagy, işçileriň zahmetiniň arzan bolmagyna getirýärdi, olaryň ýagdaýy

juda agyrdy. Şol sebapli hem işçileriň iş taşlaýyşlary, topalanlary häli-şindi gaýtalanyp durýardy. Ýagdaý seýle bolansoň XVIII asyryn başlarynda Angliýanyň hökümeti işçileriň özara birleşiklerini gadagan edýän kanun kabul etdi. Emma muňa garamazdan Angliýada işçileri birleşdirýän, olary kärhana eýeleriniň eden-etdiliklerine garşy bilelikde göreşmäge çagyrýan bileleşikler bardy. Işçiler esasan zähmet haklarynyn köpeldimegini, iş wagtynyň azaldylmagyny talap edýärdiler.

XVIII asyryň başlarynda inlis nagaryfy gülläp ösüp, ýetjek derejesine ýetipdi. Sebäbi ýurduň bilim ulgamynda önümçiligi artdyrmak, söwdany ösdürmek, deňizde ýüzüşi has-da kämilleşdirmek bilen baglanşykly bolan ylymlara uly üns berilýärdi. XVII asyryň ahyrynda Angliýada ylym, aýratyn hem tebigy ylymlar uly depginde ösüp başlady. Esasan hem matematika, fizika, astronomiýa, mehanika ýaly ylymlara uly ähmiýet berilýärdi.

## §2. Fransiýa XVII asyryň ikinji ýarymyndan - XVIII asyryň ahyrlaryna çenli döwürde

**Fransiýa XVII asyryň ortalarynda.** XVII asyryň 40-njy ýyllarynda Fransiýa Günbatar Ýewropada harby taýdan kuwwatly, berk merkezleşen we ykdysady ösüşi boýunça oba hojalyk ýurdudy. XVII asyryň ortalarynda (1618-1648) bolup geçen 30 ýyllyk urşuň Fransiýanyň peýdasyna tamamlanmagy, Fransiýanyň Ýewropada harby we syýasy taýdan agalygyny berkidipdir. Fransiýanyň koroly Lýudowik XIII-niň (1610-1643) dolandyran döwründe döwlet işlerini birinji ministr kardinal Rişelýe (1624-1642) alyp barypdyr. Rişelýeniň ýurdy dolandyran döwründe Fransiýada absolýutizm (korolyň çäklendirilmedik häkimiýeti) gülläp ösüpdir.

XVII asyryň ortalarynda Fransiýada 20 million ilat ýaşap, onuň 80%-i oba hojalygy bilen meşgullanypdyr. Fransuz senetçileri esasan oba hojalyk önümlerini öndürýärdiler. Ýurduň içerki we daşarky söwdasynyň esasy harydy çörek bilen duz bolup galýardy. Emma Fransiýa üçin ýüň, mahmal, haly önümleri we şuňa meňzeş zynat harytlaryny öndürmek we satmak hem häsiýetlidi. XVII asyryň ortalarynda Fransiýada «ilkinji maýa toplaýyş hadysasy» başlanýar. Fransiýada ykdysadyýetiň ösüşi Angliýadakydan tapawutlanýardy. Angliýada maýadarlar bar bolan pullaryny kärhanalara we täze önümçilige sarp edipdirler, Fransiýada bolsa göterimine pul bermegiň hasabyna maýany artdyrmak ýörgünli bolupdyr.

XVII asyryň ortalarynda salgytlaryň köpelmegi daýhanlaryň tozmagyna, ýersiz daýhanlaryň, hakyna tutma işçileriň, garyplaryň sanynyň köpelmegine getiripdir. Maýa goýum gatnaşyklary we söwdanyň ösüşi esasan, dokma senagatynda ýüze çykyp başlady. Senagat merkezleşen manufaktura önümçiligi görnüşinde ösýärdi. Oba hojalygynda etraplar aýry-aýry ugurlar boýunça ýörüteleşip şöhrat gazanypdyrlar. Ýer eýeçiliginde gysga wagtlaýyn kärendeçilik görnüşi giňden ýaýrap, daýhanlar hojalygy ýarym feodalçylyk usuly esasynda ýöredýärdiler. Emma XVII asyryň ikinji ýarymynda Fransiýanyň ösen künjegi bolan Demirgazygyň oba hojalygynda daýhanlar öz hojalyklaryny maýa goýum gatnaşyklarynyň esasynda alyp barýardylar.

Berk merkezleşen döwlet bolmak bilen Fransiýa özüniň çäklerinde uruş hereketlerini alyp barmandyr, şonuň üçin hem Ispaniýa, Germaniýa we Italiýa bilen deňeşdirilende, Fransiýanyň ykdysady we harby taýdan ösmäge bolan mümkinçilikleri ulydy. Emma önümçilikde orta asyrlara mahsus gatnaşyklaryň, döwletiň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda dini häkimiýetiň berk saklanyp galmagy, Fransiýanyň senagatda we söwdada Angliýa we Niderlandiýa ýaly maýa goýum önümçiligine esaslanýan ösen döwletlerden

yza galmagyna sebäp bolýar. Mülkdarlar daýhanlardan ýygnalýan salgydyň we harby işler bilen meşgullanmagyň hasabyna ýaşaýardylar. Olar ýerlerini möhletleýin kärendesine berip özleri döwlet wezipeleri bilen meşgullanypdyrlar. Senetçiligiň ösmegi bilen mülkdarlar kem-kemden buržuazlaşyp başlaýarlar. Olar söwda we maýadarçylyk bilen barha köp meşgullanýardylar. Emma fransuz mülkdarlaryňyň hojalygy iňlis jentrileriniňkiden düýpli tapawutlanýardy. Olar täze ykdysady gatnaşyklary köne mülkdarçylyk gatnaşyklary bilen utgaşdyryp alyp barýardylar.

XVII asyryň ortalarynda Fransiýada buržuaziýanyň ösýändigine garamazdan, ol köp ugurlarda döwletiň goldawyna mätäçdi. Çünki fransuz buržuaziýasy iňlis buržuaziýasyndan tapawutlylykda, söwda we senagata däl-de, süýthorçylyga daýanýardy.

**Fronda.** 1643-nji ýylda Lýudowik XIII aradan çykandan soň onuň ornuna 5 ýaşly Lýudowik XIV (1643-1715) Fransiýanyň koroly diýlip yglan edilýär, italiýan asylly kardinal Julio Mazarini bolsa korolyň atabegligine bellenilýär. Paýhasly we ugurtapyjy syýasatçy hasap edilen Mazarini (1602-1661) merkezi häkimiýeti güýçlendirmek ugrunda göreşipdir. Mazarininiň dolandyryşy halk köpçüliginiň nägileligi bilen başlanypdyr. Çünki kardinal Rişelýeniň döwründe ýetjek derejesine ýeten halk nägileligi, Mazarininiň dolandyryp başlan ilkinji ýyllarynda öz netijesini görkezdi. 30 ýyllyk urşuň dowamynda harby maksatlar üçin ummasyz serişdeleriň sarp edilmegi, salgytlaryň artmagy halk köpçiliginiň gozgalaň turuzmagyna getirýär. 1648-nji ýylda korol hökümetiniň alyp baran syýasatyna garşy başlanan bu hereket «Fronda» (fransuz. *fronde* – sözme-söz sapan) diýlip atlandyrylypdyr.

Frondanyň birinji döwri 1648-1649-njy ýyllary öz içine alyp, oňa Parižiň parlamenti ýolbaşçylyk edýär. Parlament korolyň çykarýan permanlarynyň üstünden gözegçilik etmek hukugyny gazanmaga çalyşýardy. Sebäbi korol absolýutizmi

tarpyndan parlamentiň ähli hukuklary çäklendirilipdi. Şonuň üçin hem parlament onuň çäklendirilmedik häkimiýetiniň çäklendirilip, korol tarapyndan girizilýän salgytlara gözegçilik etmek hukuguny öz eline almak isleýär. Ol bu ugurda buiržuaziýa bilen ýakyn aragatnaşygy ýola goýýar.

1648-nji ýylyň awgustynda Parižde uly gozgalaň başlady. Köçelerde barrikadalar gurlup, olaryň sany 1200 ýetdi. Mazarini we onuň hökümeti Parižden gaçyp gitmäge mejbur boldy. Emma tiz wagtdan Mazarini parlament bilen gepleşikler geçirip, halk çykyşlarynyň bes edilmegini gazanýar. Parlament we gozgalaňa gatnaşan begzadalar halk köpçüliginiň çykyşlaryny öz bähbitleri üçin peýdalanmaga çalyşýardylar.

Frondanyň ikinji tapgyry 1650-1653-nji ýyllarda bolup geçdi. Şunda ol örän guramaçylykly häsiýete eýe boldy. Fronda hereketi – halk köpçüliginiň buržuaziýa bilen bilelikde feodalçylyk düzgünlerine, begzadalaryň bolsa korol häkimiýetine garşy alyp baran heketleriniň utgaşmagynda bolup geçdi. Emma başarjaň hem mekir Mazarini özüniň ugurtapyjylygy bilen Fronda ýyllarynyň kynçylyklaryndan baş alyp çykmagy başardy.

**Lýudowik XIV-niň dolandyrmagy.** Fransiýanyň taryhynda iň görnükli hem meşhur korollaryň biri bolan Lýudowik XIV-niň dolandyran ýyllary ýurduň Günbatar Ýewropada agalyk ediji ýagdaýy eýelän döwrüdir. Mazarini aradan çykandan soň, Lýudowik XIV doly hukukly korol hökmünde ýurdy özbaşdak dolandyryp başlaýar. Onuň dolandyran ýyllary taryhda «Lýudowik XIV-niň asyry» diýlip atlandyrylyp, ol Fransiýanyň öz taryhynda iň kuwwatly derejesine ýeten döwrüdir. Lýudowik XIV-niň döwründe korolyň häkimiýeti güýçlenip, ýurdy merkezleşdirmek syýasaty ýetjek derejesine ýetirpdir. Korol çäklendirilmedik häkimiýete eýe bolup, ol Fransiýanyň daýanjy hasaplanypdyr. Korol Pariž we welaýatlardaky ýerli parlamentleriň hukularyny çäklendiripdir. Ol mejlisiň deputatlaryna «Jenaplar, siz döwlet -

bu biz diýip pikir edýänsiňiz, emma siz ýalňyşýarsyňyz, döwlet - bu mendirin» diýip ýüzlenipdir. Welaýatlardaky ýerli häkimiýetler merkezden dolandyrylypdyr. Ýurtda esasy edaralar bolan kazyýete, polisiýa we maliýe wezipelerine gullukçylary korolyň özi belleýärdi.

Köşk emeldarlary Lýudowik XIV-ä ýaranjak bolup «Korol-gün» diýip atlandyrýardylar. Korol aw etmegi we şowhun-şagalaňlara gatnaşmagy gowy görüpdir. Lýudowik XIV-niň döwründe gurlan Wersal köşgi ençeme asyrlap Ýewropa hökümdarlaryny haýran galdyrypdyr.

Lýudowik XIV kuwwatly goşuna daşary syýasatyň esasy serişdesi hökmünde garapdyr. Şonuň üçin hem goşuny kämilleşdirmäge yzygiderli üns beripdir. Esgerler birmeňzeş harby labas bilen geýindirilipdir. Köne muşketleriň täze çişli ýaraglar bilen çalşyrylmagy, goşunda berk tertip-düzgüniň ýola goýulmagy, fransuz goşunynyň kuwwatyny artdyrypdyr. Harby goşun diňe bir ýurduň daşary syýatynda däl, eýsem, içerki syýasatda hem: jemgyýetçilik tertibini gorap saklamakda, halk köpçüliginiň çykyşlaryny basyp ýatyrmakda, salgyt ýygnamakda giňden ulanylypdyr.

Fransiýada korol häkimiýeti XVII asyryň ikinji ýarymynda döwlet ykdysadyýetini ösdürmek, onuň harby, syýasy we maliýe kuwwatlylygyny artdyrmak maksady bilen düýpli özgertmeler geçiripdir. Fransiýanyň baş maliýe gözegçisi, ugurtapyjy we ussat guramaçy Žan Batist Kolber (1619-1683) ýurtda merkantilistik (italýan. merkante - täjir.) syýasat ýöredýär. Kolber fransuz täjirleriniň bähbitlerini goramak bilen Fransiýa daşyndan getirilýän harytlary mümkin bolan derejede azaltmaga we ýerli fransuz öndürijileriniň harytlarynyň köp öndürilmegine we daşary bazarda satylmagyna uly üns beripdir. Çünki ýutda öndürilýän önümiň artmagy bilen olardan ýygnalýan salgydyň hem artjakdygyna Kolber gowy düşinipdir. Korol hökümeti senagatyň aýry-aýry ugurlary boýunça manufakturalar döredipdir. «Korol

manufakturasy» diýlip atlandyrylan manufakturalar adaty kärhanalardan birnäçe artykmaçlyklary boýunça tapawutlanyp, olar esasan ok-ýaraglary, harby enjamlary we beýleki birnäçe zynatly önümleri öndüripdirler.

Lýudowik XIV-niň döwründe ummanyň aňyrsyndaky bakna ýerler bilen alnyp barylýan söwda gatnaşyklaryna aýratyn uly üns berilipdir. Ost-Hindistan, West-Hindistan, Lewanta kompaniýalary daşary syýasatyň ösüşinde uly orun eýeläpdirler. Kanada we Gwadelupa, Martinika, San-Domingo adalary (Karib deňziniň basseýninde) Fransiýa birikdirilip, bu ýerde iri plantasiýalar döredilipdir. Fransuz plantatorlary şeker çiňrigini, temmäki, pagta we beýleki gymmatly ekinleri ösdürip ýetişdiripdirler. Kolberiň geçiren ykdysady özgertmeleriniň netijesinde ýurtda döwletiň garamagyndaky manufaktura senagaty, daşary söwda we flot üstünlikli ösüpdir.

**Medeniýetiň ösüşi.** Asyrlar boýy dowam edip gelşi ýaly, XVII asyrda hem Fransiýada kotolikçilik döwlet dini hökmünde döwletiň syýasy we medeni durmuşyna täsiri ulydy. Lýudowik XIV-niň dolandyran ýyllary Fransiýada dini täzelikler ugrunda göreşýän dini topar bolan gugenotlara ( fransuz. huguenotes - ýaranlar) garşy dini uruşlaryň alnyp barylýan wagtyna gabat gelipdir. 1685-nji ýylda Lýudowik XIV ýurtda kotolik dininiň agalygyny güýçlendirmek maksady bilen dini erkinlik hakyndaky 1598-nji ýylda kabul edilen Nant ediktini ýatyrdy. Fransiýanyň türmeleri tussag edilen gugenotlardan dolduryldy. Gugenotlar kalwinçiligiň Fransiýadaky tarapdarlarydy. Ýurtdan kowulyp çykarylan gugenotlaryň sany 200-300 müň adama ýetdi. Olaryň arasynda ökde senetçiler we baý söwdegärler hem az däldi.

Kotolik buthanasy mundan beýläk hem ýurtda buthananyň täsirini güýçlendirmek ugrunda göreşipdir. Halky tabynlykda saklamagyň esasy serişdesi hökmünde buthana ylmyň ösüşini berk gözegçilige alýar.

Maýa goýum gatnaşyklarynyň giňden ýaýramagy, ykdysadyýetiň ösmegi halkyň ýaşaýyş durmuşynyň özgermegine, netijede bolsa, halkyň medeni derejesiniň, aň-düşünjesiniň we garaýyşlarynyň kämilleşmegine getiripdir.

XVII asyryň ikinji ýarymy Fransuz medeniýetiniň taryhynda iň gülläp ösen döwürleriniń biridir. Monarhiýa döwlet häkimiýetini berkitmek, onuň abraýyny artdyrmak üçin ýürtda ylmyň ösüşini goldapdyr. 1666-njy ýylda Fransiýada Ylymlar akademiýasy açylýar, obserwatoriýa esaslandyrylýar. Ýurtda ylmy ösdürmek we edebiýaty kämilleşdirmek üçin umumy edebi diliň zerurlygy ýüze çykýar. Şonuň üçin hem Fransiýanyň Ylymlar akademiýasy 1694-nji ýylda «Fransuz diliniň sözlügini» işläp taýýarlaýar. Meşhur alymlara we sungat işgärlerine pensiýa haklaryny tölemeklik girizilýär.

Emma Lýudowik XIV-niň höküm süren ýyllarynda halkyň hal-ýagdaýy agyr bolup galýardy. Korolyň goňşy döwletler bilen yzygiderli alyp barýan uruşlary, köşkdäki şagalaňly durmuşa edilýän çykdaýjylar halkyň gerdenine düşýärdi. Bulardan başga-da, mülkdarlara we buthana tölenilýän salgytlar we zähmet borçlary halky halys çökerýärdi. XVII asyryň 60-70-nji ýyllarynda Fransiýada halk hereketleri yzygiderli dowam edip durupdyr. 1675-nji ýylda Bretan welaýatynda bolup geçen «gerb salgydyna» garşy gozgalaň uly yz galdyrypdyr. Gozgalaňyň dowamynda 200-den gowrak begzada mülkleri we galalary eýelenipdir. XVII asyryň ahyrynda - XVIII asyryň başlarynda salgytlaryň artmagyna garşy gönükdirilen gozgalaňlar gaýtadan ýokary göterilipdir.

**XVII-XVIII asyrlaryň sepgidinde Fransiýanyň ykdysady ýagdaýy.** Lýudowik XIV-niň dolandyran döwri Fransiýa özüniň Ýewropada agalyk ediji ýagdaýyny berkitmek üçin dowamly uruşlary alyp barypdyr. XVIII asyryň başynda Fransiýanyň goşunynda gulluk edýän esgerleriň sany 300 müňe ýetirilýär. Bu bolsa ummasyz köp mukdardaky çykdajylary talap edýärdi. Daýhanlardan ýygnalýan salgytlaryň we talap

edilýän zähmet borçlarynyň ummasyz köp bolmagy, ýurduň ykdysadyýetiniň çökmegine getiripdir. Oba hojalygynyň pese gaçmagy senagatyň we söwdanyň  ösüşine özüniň ýaramaz täsirini ýetirýär. Fransiýanyň halkara söwdasy peselipdir. Daýhan hojalyklary tozup, şäher ilaty garyp düşüpdir. 1693-1694-nji ýyllaryň hasylsyzlygy ýurtda ilatyň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrýar. 1701-1714-nji ýyllarda bolup geçen ispan tagty ugrundaky urşuň Fransiýa üçin şowsuz tamamlanmagy ýurduň içeri syýasaty bilen birlikde, halkara abraýynyň hem pese gaçmagyna getirdi. «Lýudowik XIV-тшň asyry» diýlip atlandyrylan we  gülläp ösen  döwür indi özüniň tamamlanýan tapgyryna gadam basypdy.

XVIII asyryň başlarynda Fransiýada ykdysadyýetiň ösüşinde maýa goýum gatnaşyklary giňden ornaşyp başlaýar. 20-30-njy ýyllarda senagatyň we söwdanyň ösüşinde uly öňegidişlikler gazanylýar. Emma  oba hojalygynyň ösüş depgini juda pes bolmagynda galýardy. Hasylsyz gelen ýyllar halkyň hal-ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrýardy.

Ýurduň ykdysady we syýasaý taýdan ösýändigini görkezýän görkezijileriň biri hem ýurtda şäher ilatynyň artmagydy. Ýurduň paýtagty Pariž şäherinde ilatyň sany ýarym million adamdan geçdi.  Lionda 100 müň, Nant, Bordo, Ruan, Marsel ýaly port şäherlerinde bolsa 50 müň adamdan gowrak ilat ýaşaýardy. XVIII asyryň ortalarynda Fransiýada ilatyň 84 %-niň obalarda ýaşaýandygna garamazdan, XVII asyrdaky görkezijilere garanyňda, munuň özi uly öňegidişlikdi.

XVIII asyryň başynda hem ozalkylary ýaly fransuz senagatynyň esasy pudagy oba hojalygy bolup durýardy. Fransiýanyň geografiki ýerleşişi we baý tebigaty ýurtda ekerançylygyň we maldarçylygyň ösmegi üçin amatly şertleri döredýärdi. Angliýadan tapawutlylykda, Fransiýada ýerleriň daşy germelmän, tersine jemagat eýeçiligindedi. Fransiýanyň demirgazygynda ekerançylygyň «Üçaýlawly» görnüşi ýörgünli bolupdyr. Emma demirgazykdan tapawutlylykda, günortada

ýerden peýdalanmagyň «Ikiaýlawly» usuly ulanylýardy. Slawýanlara iki meýdanly we üç meýdanly ekerançylyk hem tanyş bolupdyr. Iki meýdanly ekerançylykda sürüm ýerlerini ikä bölüpdirler we onuň bir bölegine bugdaý ekipdirler, ýeriň beýleki bölegi bolsa dynç alypdyr. Üç meýdanly ekin dolanyşygynda dynç alýan we güýzde ekin ekilýän güýzlük ýerden başga-da, ýazda ekin ekilýän ýazlyk ýeri hem bolupdyr.

Ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda maýa goýum gatnaşyklarynyň giňden ýaýramagy bilen ösüşiň bu öňdebaryjy usuly oba hojalygynda hem ornaşypdyr. Daýhanlardan ýygnalýan natural (haryt) görnüşdäki salgytlar indi pul salgydy bilen çalşyrylydyr. Fransiýada özleşdirilýän ýerleriň 40 %-i daýhanlaryň hususy eýeçiligine degişlidi. Ýerleriň galan bölegi oba mülkdarlaryna we buthana degişli bolup, ol ýerler hem daýhanlar tarapyndan möhletleýin kärendesine alnyp özleşdirilipdir. XVIII asyryň ortalarynda Fransiýada daýhanlaryň arasyndan täze gatlak kemala geldi. Hususy we kärendesine alan ýerlerinde az ýerli we ýersiz daýhanlaryň zähmetinden peýdalanyp, hojalyklaryny täzeçe usulda ýöredýän baý daýhanlar peýda boldylar. Fransiýanyň käbir welaýatlarynda mülkdarlar hem öz mülklerini täze usulda ýöredip başlapdylar.

Fransiýada senagatyň ösüşi Angliýadaka garanyňda yza galakdy. Fransiýa oba hojalyk döwleti bolandygyna garamazdan, XVIII asyryň ortalarynda ol senagat taýdan hem çalt depginde ösýän döwlete öwrüldi. Bu döwürde Fransiýanyň senagaty 60 % ösdi. Senagatda täze pudaklar tapawutlanyp başlady. Nah mata we ýüpek dokmaçylygy ýokary depginde ösdi. XVIII asyryň ortalarynda Fransiýada «korol manufakturasy» ady bilen belli bolan iri manufakturalaryň sany artyp, ýurduň senagaty ýokary derejä göterildi.

XVIII asyryň 70-80-nji ýyllarynda Fransiýada sengatyň ösüşinde täze pudak - maşyn gurluşyk pudagy emele gelip

başlady. Fransuz dokmaçylary «Jenni» diýlip atlandyrylan täze dokma enjamyny peýdalanyp başladylar. Dokmaçylykda ilkinji fabrikler peýda boldy. Uattyň bug maşyny üstünlikli synagdan geçirilip, ol önümçilige köpçülikleýin ornaşdyrylyp başlady. Fransiýa özüniň senagat ösüşi boýunça Angliýadan soň ikinji orna çykdy.

XVIII asyrda Fransiýanyň taryhynda bolup geçen oňyn hadysalaryň biri hem ýurtda umumy içerki bazaryň kemala gelmegidi. Welaýatlaryň arasyndaky söwda ösdi. Fransiýa ägirt uly bakna mülklere eýelik etmek bilen daşarky söwdada hem uly üstünlikler gazandy. XVIII asyryň 20-80-nji ýyllarynda Fransiýanyň söwdasy 4 esse, bakna mülklerdäki söwda bolsa 13 esse artdy. Bakna mülklerden şeker, kofe, pagta, indigo ýaly önümler getirilip gaýtadan işlenilipdir. Bakna mülkler bilen gyzgalaňly söwdanyň alnyp barylmagy Fransiýanyň port şäherleriniň baýlaşmagy üçin amatly şertleri döretdi. Ýurduň daşary söwdasynda West-Hindistan (Amerika) kompaniýasy uly ähmiýete eýe boldy.

**Fransiýada orta asyr feodalçylyk gurluşynyň gowşap başlamagy.** XVIII asyryň ortalarynda Fransiýada önümçiligiň, aýratyn hem iri maýa goýum önümçüliginiň ösüşi ýokary derejelere ýetipdi. Ýurduň senagat ösüşinde merkezleşen kärhanalar - manufakturalar giňden ýaýrapdy. Emma ýer eýeçiliginiň we oba hojalygynyň orta asyrlara mahsus köne görnüşleriniň, mülkdarlaryň artykmaçlyklarynyň we hukuklarynyň saklanyp galmagy, daýhanlardan ýygnalýan salgytlaryň artmagy, senagatyň we maýa goýum gatnaşyklaryna esaslanýan ykdysadyýetiň mundan beýläk ösmegine päsgelçilik döredýärdi. Begzadalar daýhanlaryň ekin ýerlerinde aw etmek hukugyndan peýdalanýardylar. Şonuň üçin hem maýa goýum gatnaşyklarynyn ösmegi jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düýpli özgertmegi talap edýärdi. Daýhanlaryň özleşdirýän ýerleriniň ählisi olaryň hojaýynlaryna (senýorlara) degişlidi. Daýhanlar ol ýerden peýdalanýandyklary üçin ýyllyk

hasylyň 1/5 bölegini töleýärdiler. Alynýan hasylyň ondan bir bölegi bolsa buthananyň hakydy. Fransiýanyň käbir welaýatlarynda daýhanlaryň töleýän salgytlary hasylyň 20 %-ne deňdi. Daýhanlaryň mülkdarlaryň hojalygynda ýerine ýetirýän zähmet borçlary hem ykdysadyýetiň ösmegini bökdeýärdi.

Öňdebaryjy buržuaziýa senagatyň ösmegi üçin gerekli şertleriň döredilmegi ugrunda göreşipdir. Buržuaziýa iri sehleri elde saklamak bilen jemgyýetiň ukuwwatly gatlagyna öwrüldi. Korol häkimiýeti bolsa döwrüň täze talaplaryna laýyk gelýän kämil kanunlary girizip bilmedi. Böwletiň iri kompaniýalaryň we «korol manufakturasy» diýip atlandyrylan kärhanalaryň üstünden gözegçiligi gowşady.

**Lýudowik XV-niň dolandyran ýyllary.** Lýudowik XIV aradan çykandan soň, fransuz tagtyna Lýudowik XV (1715-1774) çykdy. Ol döwlet işleri bilen az meşgullanyp, wagtyny şagalaňly meýlislerde geçirmegi gowy görüpdir. Korol köşginiň zynatly durmuşy we köşkdäki şagalaňly ýaşaýyş üçin edilýän çykdajylar ýurduň ykdysady çökgünligini has-da güýçlendiripdir.

XVIII asyryň ortalarynda Fransiýada feodalçylyk gurluşynyň çökgünlige düşmegi bilen korol häkimiýetiniň hem ýagdaýy agyrlaşýar. Feodal begzadalaryň arasynda hem bölünişik bolup, biri-birine garşy durýan «mantiýaly (donly) begzadalar» (ýagny wezipeli adamlar) we «gylyçly begzadalar» (ýagny harby feodallar) diýlip atlandyrylan toparlar ýüze çykýarlar. «Mantiýaly (donly) begzadalar» toparynyň wekilleri ýuwaş-ýuwaşdan buržuazlaşýardylar. Olaryň arasynda manufakturalaryň, känleriň, zawod-fabrikleriň eýeleri köp bolup, olar esasan işewürlik bilen meşgullanýardylar.

Begzadalaryň galan bölegi («gylyçly begzadalar») bolsa jemgyýetde bolup geçýän oňyn özgerişlere düýbinden garşy çykýardylar. Olar özleriniň köp asyrlar bäri dowam edip gelýän gatlaklaýyn agalygyny, döwletiň syýasy durmuşynda tutýan

orunlaryny has-da berkitmek üçin ýurtda özgermeleriň geçirilmegini islemeýärdiler.

XVIII asyrda Fransiýada halkyň ähli gatlaklary bilen birlikde, iri mülkdarlaryň hem korol häkimiýetine garşy hereketleri güýçlenip başlaýar. Olar ýurduň syýasy durmuşynda parlamentiň ähmiýetini we kanun çykaryjylyk hukugyny artdyryp, korol häkimiýetini çäklendirmek isleýärdiler. Şeýlelikde, XVIII asyrda Fransiýada parlament bilen korol häkimiýetiniň arasynda barlyşyksyz göreş başlanyp, ol ýurtda monarhiýanyň göz-görtele gowşamagyna getirdi.

Lýudowik XV-niň dolandyran döwründe Fransiýanyň içerki syýasatyndaky çökgünlikler onuň daşary syýasatyna hem öz täsirini ýetiripdir. 1756-1763-nji ýyllardaky Ýedi ýyllyk urşuň netijesinde, Fransiýa özüniň bakna mülkleriniň ählisinden diýen ýaly mahrum edildi. 1770-1774-nji ýyllarda Fransiýanyň kansleri Mopu barha güýçlenip barýan parlamenti, Korol tarapyndan bellenilen adamlar bilen çalyşmak we parlamentiň ähmiýetini peseltmek isläpdirler.

**Lýudowik XVI-nyň dolandyran ýyllary.** 1774-nji ýylda Lýudowik XV aradan çykandan soň, onuň 20 ýaşly agtygy Lýudowik XVI (1774-1792) Fransiýanyň koroly diýip yglan edilýär. Lýudowik XVI hem edil özünden öňki korollar ýaly, döwlet işine sowuk-sala seredipdir. Ol köşkde ýygnaklara gatnaşandan aw awlamagy we ussaçylyk edenini gowy görüpdir. Ol döwlet dolandyryş işlerinde esasan ykdysady ministr Ann Rober Žak Týurgo (1727-1781) bil baglapdyr. Ökde ykdysadyýetçi we belli döwlet işgäri bolmak bilen, Týurgo 1774-1776-njy ýyllarda birnäçe özgertmeleri geçiripdir. Ol çöregiň kesgitli bahasyny ýatyryp, daýhanlary döwletiň peýdasyna ýol gurmak borjundan boşadypdyr. Oňa derek ähli gatlaklara degişli bolan, pul görnüşindäki ýer salgydyny girizipdir. Týurgo döwlet öňündäki salgyt tölegi ähli gatlaklara şol sanda buthana hem degişlidir diýip düşünipdir. Ol köşk emeldarlaryna we buthana ýerlerine salgytlary girizipdir. Onuň

alyp barýan ykdysady syýasaty korolyň egindeşleriniň, iri ýer eýeleriniň we ruhanylaryň göwnünden turmandyr. Şonuň üçin hem olaryň zor salmagy bilen Týurgo wezipeden boşadylýar. Týurgonyň amala aşyrmaga synanyşan özgertmeleriniň başa barmazlygy, ýurtda emele gelen syýasy we ykdysady çökgünligi indi korol häkimiýetiniň merkezden çözüp bilmejekdigini, dolandyryjy toparlaryň köneçe dolandyryp bilmeýändiklerini, halkyň bolsa köneçe ýaşamak islemeýändiginiň alamatydy.

**Fransiýada gatlaklaryň arasynda gapma-garşylyklaryň ýüze çykmagy.** XVIII asyryň ikinji ýarymy Fransiýada aşaky gatlagyň, ýokarky gatlagyň eden-etdiligine garşy nägileliginiň güýçlenýän döwri boldy. Týurgonyň özgertmeleriniň ýatyrylmagy we onuň wezipeden boşadylmagy halk köpçüliginiň we şunuň bilen birlikde buržuaziýanyň gahar-gazabyny artdyrypdyr.

Ýylyň gurak we hasylsyz gelen ýyllary halk köpçüligi yzygiderli gozgalaň turuzypdyrlar. Gozgalaňlaryň sebäbi, halkyň esasy azyk önümi bolan, çöregiň ýetmezçilik etmegi bolupdyr. Aỳratyn hem ỳylyń gurak gelip, hasylyń ỳaramaz bolan ỳyllary halkyń ỳagdaỳy agyr bolupdyr. Ortaça aỳlyk alỳan işçiniń aỳlyk iş ghakynyń 50 göterimi çörege sarp edilipdir. 1775-nji ỳylda Pariźde uly gozgalań başlanyp, ońa müńlerçe adam gatnşypdyr. XVIII asyrda halkyń agyr ỳagdaỳy zerarly gozgalańlar yzygiderli gaỳtalanyp durupdyr.

## §3. German döwletleri XVII asyryň ikinji ýarymynda - XVIII asyrda

**XVII asyrda Germaniýanyň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** Täze taryhyň başlanýan wagtynda Germaniýa syýasy, ykdysady we medeni taýdan düýpli dagynyklygy başdan geçirýärdi. 30 ýyllyk urşuň netijesinde Germaniýanyň syýasy dagynyklygy has-da berkedi. Ýurduň syýasy taýdan dagynyk

bolmagy, onuň ykdysady ösüşine hem özüniň ýaramaz täsirini ýetirýärdi. Germaniýanyň demirgazyk-günbatar ýerleri Gollandiýa tarapyndan eýelendi. Ýurduň demirgazygynda Wezer, Oder we Elba derýalarynyň kenarlary Swesiýanyň, Germaniýanyň günorta-günbatar ýerlerinde bolsa, Fransiýanyň agalygy berkidildi. Germaniýanyň deňiz ýollarynyň goňşy döwletler tarapyndan gurşalyp alynmagy onuň söwda ösüşini bökdeýärdi.

Germaniýa asyrlar boýy Günbatar Ýewropa bilen Gündogar Ýewropanyň arasynda ýerleşmek bilen, möhüm söwda ýolunyň çatrygynda ýerleşipdi, bu bolsa onuň gülläp ösüşini üpjün edýärdi. Emma Beýik geografik açyşlar halkara söwda ýolunyň Germaniýadan sowlup, Atlantik ummanyna geçmegine getirdi. Netijede, Germaniýanyň Günortasynda ýerleşen Augsburg, Nýurnberg, Ulm ýaly senetçiligiň we söwdanyň ösen şäherleri pese düşdi. Senetçileriň sany azaldy, birnäçe şahtalar ulanylman taşlanyldy. 1619-njy ýylda Mansfeld graflygynda 3 müňden gowrak işçi bolan bolsa, 1684-nji ýylda olaryň sany 30 adamdan hem geçmändir. Munuň özi German döwletleriniň ösüşini ähli tarapdan yza galandygyny görkezýärdi.

30 ýyllyk urşuň netijesinde Germaniýanyň dagynyklygy has-da berkdildi. Westfal şertnamasyna laýyklykda, Demirgazyk-Günbatar ýerleri Gollandiýanyň, Günorta-Günbatar ýerleri Fransiýanyň düzümine birikdirildi. Ýurduň kenarýaka ýerleriniň goňşy döwletler tarapyndan eýelenilmegi Germaniýanýň halkara söwdasyndan daşlaşmagyna we has-da tozmagyna getirdi. Germaniýa asyrlar boýy Gündogar we Günbatar Ýewropanyň arasyndaky söwda ýolunyň ugrunda ýerleşmek bilen, söwdada we senetçilikde gülläp ösüpdi. Emma 1618-nji ýylda 30 ýyllyk urşuň tamlanmagy bilen onuň netijelerine bagyşlanan Westfal şertnamasynda German döwletleriniň özbaşdaklygy we eldegrilmesizligi hakynda şertnama gol çekildi. Bu bolsa ownuk german döwletleriniň

dagynyklygyny resmileşdiridi. Şeýlelik-de, Germaniýanyň çäginde ululy-kiçili döwletleriň 300-si, özbaşdak dolandyrylýan şäherleriň 51-si we 1500 sany ownuk begzadalaryň mülkleri emele geldi. German döwletlerinde iki sany, biri-birinden tapawutly (Ýulian we Grigoriýan) ýyl hasaby ýöredilýärdi. German döwletlerinde hiristian dininiň üç sany aýry-aýry şahalary giňden ýaýrapdy. Bu tapawutlar hem öz gezeginde German döwletleriniň birleşmeginiň kynlaşdyrypdyr. German döwletleiniň hersi özbşdak daşary syýasat ýöretmäge, goňşy döwletler bilen şertnamalar baglanyşmaga hukukly bolupdyrlar.

German döwletleri kagyz ýüzünde «German halklarynyň mukaddes Rim imperiýasy» diýlip atlandyrylýan imperiýa birleşdirýärdi. Imperiýa gabsburglar nesilşalygyndan bolan korollar (imperator) tarapyndan dolandyrylyp, olar kurfýurstlar tarapyndan saýlanylýardy. Ýurtda ähli meseleler umumy german reýhstagy tarapyndan çözülýärdi. Ýurduň syýasy gurluşynda kollegiýalaryň we begzadalaryň orny örän uludy.

**Oba hojalygynyň ýagdaýy.** 30 ýyllyk urşuň dowamynda ähli harby hereketler esasan, Germaniýanyň çäginde bolup, ol ýurduň oba hojalygynyň tozdurylmagyna getiripdir. Birnäçe obalar ýykylyp, ýok bolup gidipdir. Yzygiderli uruşlaryň dowamynda şäher ilatynyň azalmagy, azyk önümlerine bolan islegiň peselmegine, olaryň bahasynyň arzanlamagyna getiripdir. Uruşdan soň daýhanlar iş mallarynyň azalmagyndan ýiti kynçylyk çekipdirler. Begzadalar özleriniň uruşdan öňki ýagdaýlaryny dikeltmek üçin feodalçylyk salgytlaryny köpeltmäge mejbur bolupdyrlar.

Oba hojalygynyň ösüş depgini ýurduň Günbatarynda we Gündogarynda deň däldi. Ýurduň Demirgazyk-Günbatar etraplarynda (Westfaliýa, Gannower, Aşaky Saksoniýa) iri ýer eýeleri seýrek bolupdyr. XVII asyra çenli oba begzadalary öz mülklerinde özleri zähmet çekipdirler. XVII asyrdan başlap, olar ýerlerini kärendesine berip başlapdyrlar. Günbatar german döwletlerinde daýhanlar erkin bolup, olar öz ýerlerine doly

eýeçilik edipdirler. Emma ýeri satmaga olaryň hukugy ýokdy: ýeri diňe bitewiligine miras galdyryp bolýardy. XVIII asyryň ikinji ýarymynda Germaniýda ýerlerini kärendesine berýän ýer eýeleri, kärendeçiler we hakyna tutma günlükçiler giňden ýaýrap, ýurtda maýa goýum gatnaşyklarynyň ilkinji alamatlary ýüze çykyp başlaýar.

Ýurduň günorta-günbatarynda (Baden, Bawariýa, Wýurtemberg, Týuringiýa) ýer eýeçiliginiň örän köp görnüşleri giňden ýaýrapdyr. Bu ýerde ýere eýeçilik hukugynyň frankon görnüşi giňden ýaýrap, oňa laýyklykda, zähmet borjy we salgydyň birnäçe görnüşi saklanyp galypdyr. Bu ýerdäki ýer eýeleri öz ýerlerini satyp we isledikçe miras galdyryp bilipdirler.

Germaniýanyň Gündogar ýerlerinde (Brandenburg, Prussiýa, Meklenburg) ýer eýeçiliginiň düýbinden başga görnüşi saklanyp galypdyr. Bu ýerlerde zähmet borçlary berk ornaşandy. Ýerli daýhanlaryň şahsy azatlyklary çäklendirilipdir. Bu bolsa Germaniýanyň demirgazyk-gündogar ýerlerinde ekerançylygyň pese gaçyp, söwdanyň ösmegine getirýär. Demirgazyk deňzi boýunça bu ýerleriň ilaty sebitiň döwletleri bilen juda bähbitli söwda işlerini alyp barypdyrlar.

**Manufaktura önümçiliginiň ösüşi.** XVII asyryň ortalarynda Germaniýada senagatyň ösüşi önümçiligiň manufaktura görnüşine esaslanýardy. Şäherlerde seh ulgamy giňden ýaýrapdyr. Şehlere ussa tarapyndan ýolbaşçylyk edilip, olarda berk tertip-düzgün ýola goýlupdyr. Sehlerde zähmet çekýän işçiler ussa berk garaşlydy, bu bolsa olaryň özbaşdak önümçiliginiň ösmegine böwet bolupdyr. Germaniýanyň syýasy taýdan dagynyk, ykdysady taýdan yzagalak ýagdaýynda Angliýa, Fransiýa ýaly ösen döwletleriň ýokary hilli we arzan harytlary nemes bazarlarynda giňden ýaýrapdyr. Nemes harytlary daşary ýurt harytlary bilen bäsleşerden ejizdi.

XVII-XVIII asyrlarda «Her ýylda näçe gün bar bolsa, Germaniýada hem şonça döwlet bar» diýen söz ýörgünlidi.

Ownuk german döwletleriniň hersinde öz gümrük nokatlary bardy. Gümrük nokatlarynyň köp bolmagy nemes söwdagärleri üçin uly kynçylyklary döredipdir. 30 ýyllyk urşuň dowamynda Germaniýada söwdanyň we senagatyň çökmegi nemes şäherleriniň peselmegine getiripdir. Senetçiligiň pes derejede bolmagy nemes söwda-buržuaziýasynyň ösmegine böwet bolupdyr. Öňki şäher ilaty indi esasan oba hojalygy bilen meşgullanýardy. Şäherler begzadalaryň täsirine düşüp, özleriniň erkinligini ýitiripdirler.

Germaniýanyň syýasy we ykdysady taýdan dagynyklygy onuň goňşy döwletleriň täsirine düşmegine sebäp bolýar. XVII asyrda Germaniýanyň çäginde onlarça gandöküşikli söweşler bolup, ýurduň ykdysady taýdan galkynmagyna özüniň ýaramaz täsirini ýetiripdir. Demirgazykda Şwesiýa, günbatarda Fransiýa, günorta-gündogarda bolsa Osman imperiýasy Germaniýanyň syýasy taýdan birleşmegine mümkinçilik bermeýärdiler.

XVII asyryň başlarynda Germaniýanyň ykdysady ýagdaýy birneme gowulaşyp başlaýar. Oba senetçileri öňler diňe öz hojalyklaryna gerek önümleri öndüren bolsalar, indi bazarda satmaga niýetlenen harytlary hem öndürýärdiler. Saksoniýada kagyz öndürmeklik ösüpdir. Maýsen şäherinde farfor öndürýän zawod gurlupdyr. Emma Germaniýada senagat Angliýa we Fransiýa bilen deňeşdirilende juda haýal ösýärdi. Ýurtdaky işçileriň umumy sany 0,5%-den geçmeýärdi.

**Brandenburg-Prussiýa döwleti.** XVII asyryň ikinji ýarymynda Germaniýanyň syýasy dagynyklygy ýetjek derejesine ýetdi. Nemes döwletleriniň içinde iň täsirlisi we ykdysady taýdan kuwwatlysy Brandenburg-Prussiýa döwletidi. Oder we Elba derýalarynyň aralygynda ýerleşen Brandenburg ýerleri Gogensollern nesilşalygyna degişlidi. 30 ýyllyk urşuň ilkinji ýyllarynda Brandenburg korollygy öň Polşa degişli bolan Prussiýa gersoglygyny eýeleýär. Brandenburg soňra möhüm söwda ýolunyň ugrunda ýerleşen birnäçe ýerleri, şol sanda Baltika deňziniň kenarynda ýerleşen Gündogar Pameraniýany,

Magdeburg ýepiskoplygyny, şeýle hem, Günbatar Germaniýanyň birnäçe ýerlerini eýeledi. Şeýlelikde, Ýewropanyň günbataryndan gündogaryna, Germaniýanyň günortasyndan demirgazygyna tarap uzap gidýän söwda ýollary Brandenburgyň eýeçiligindäki ýerleriň üstünden geçipdir. Bu bolsa Brandenburg döwletiniň ykdysady kuwwatynyń artmagyna şert döredipdir.

Günbatar Ýewropada öndürilen azyk önümleri Germaniýanyň üstünden geçip, Demirgazyk Ýewropa döwletlerine satylypdyr. Beýleki german döwlelerine garanyňda Brandenburg-Prussiýa korollygynda merkezleşen döwlet ir ýüze çykypdyr. Bu ýerde iri ýer eýeleri bolmandyr. Orta ýunkerler we orta asyrlardan dowam eden rysarçylyk ordenleriniň mirasdüşerleri özleriniň emläklerini gorap saklamak, daýhanlaryň üstünden agalygy berkitmek, deňizdäki söwda ýollaryna bolan eýeçiligini saklamak maksady bilen, berk merkezleşen döwletiň bolmagyny isläpdirler. «Beýik Kurfýurst» diýip at alan, Fridrih Wilgelm I-niň (1640-1688) dolandyran ýyllarynda Brandenburg döwleti gülläp ösüpdir. Uzak ýyllara çeken yzygideli söwerşleriň netijesinde Prussiýanyň ilat sany azalypdyr. Şonuň üçin hem Fridrih Wilgelm I ýurduň ilat sanyny artdyrmak maksady bilen goňşy döwletlerden ilatyň köpçülikleýin göçüp gelmegi ugrunda birnäçe çäreleri geçirpdir. 1685-nji ýylda kurfýurst göçüp gelýän ilatyň dini ynançlaryna garmazdan, dürli dini akmlara erkinlik bermek barada «Potsdam edikti» kabul edildi. Netijede, Fransiýadaky alnyp barylýan dini yzarlamalardan gaçyp, fransuz gugenotlarynyň 20 müňden gowragy we Ispan Niderlandiýasyndan 6 müňden gowrak ilat Prusiýa göçüp geldi. Olar esasan Berlin, Magdeburg, Potsdam şäherlerinde ornaşypdyrlar. Göçüp gelen immigrantlaryň esasan söwdagärlerden we senetçilerden ybarat bolmagy, ýurduň ykdysadyýetiniň ösmegine oňaýly täsir edipdir. Ýurtda metallurgiýa, deri eýlemeklik, aýna senagaty ösüpdir, ilkinji

ýüň we kagyz öndürýän manufakturalar döredilipdir. Emma ýeterlik işçi güýjiniň bolmazlygy netijesinde Brandenburg döwletinde senagatyň ösüşi ýokarlanyp bilmändir.

**Brandenburg-Prussiýa korollygynyň daşary syýasaty.** Brandenburg Korollygy göňşy döwletleriň arasyndaky agzalalykdan peýdalanyp öz eýelik edýän ýerlerini giňeltmäge çalşypdyr. Şonuň üçin hem Fridrih Wilgelm I özüniň daşary syýasatynda juda durnuksyz syýasat alyp barypdyr. Bradenburg-Prussiýa korollygy kanun ýüzünde Polşa döwletine garaşlydy, emma XVII asyryň ortalarynda Polşa garşy göreşmek we özbaşdaklygyny gazanmak üçin, ol kuwwatly Şwesiýa döwleti bilen şertnama baglaşýar. Şertnama görä, Polşa ýerlerini paýlaşmak ugrunda, Şwesiýa bilen bilelikde uruş alyp barmalydy. Emma Ýewropanyň käbir güýçli döwletleriniň Şwesiýa garşy birleşmekleri, Prussiýanyň Şwesiýadan daşlaşmagyna we onuň garşydaşlarynyň hataryna geçmegine getirdi. Fridrih Wilgelm I-niň alyp baran çeýe syýasatynyň netijesinde, 1660-njy ýylda baglaşylan Oliw parahatçylyk şertnamasyna laýyklykda, Prusiýa garaşsyz döwlet diýip yglan edildi.

Fridrih Wilgelm I aradan çykandan soň prus tagtyny Fridrih III (1688-1713) eýeledi. Ol yzygiderli uruşlaryň netijesinde Prussiýanyň halkara abraýyny berkitdi. 1701-nji ýylda Fridrih III Kenigsberg şäherinde dabaraly ýagdaýda özüni Prussiýanyň koroly diýip yglan etdi we şol wakadan soň Brandenburg-Prusiýa döwleti Prussiýa korollygy diýlip atlandyrylyp başlady. Uzak wagta çeken Demirgazyk urşunyň netijesinde Germaniýanyň birnäçe ýerleri Prussiýanyň düzümine girizildi. Şeýlelikde, Prussiýa hiç bir döwlete garaşly bolmadyk, özbaşdak döwlete öwrüldi, Fridrih III bolsa imperatoryň ygtyýarlyklaryna eýe boldy.

Fridrih III aradan çykandan soň, 1713-nji ýylda Fridrih Wilgelm I (1713-1740) Prussiýanyň koroly diýlip yglan edildi. Ol ýurtda merkezi häkimiýeti güýçlendirmek üçin berk harby-

polisiýa düzgünini girizipdir. Prus senagatyny ösdürmek maksady bilen korol ýurduň daşyndan getirilýän harytlara gadaganlyk girizipdir. Emma Prussiýanyň içerki senagaty halkyň senagat önümlerine bolan islegini kanagatlandyryp bilmändir. Korol ýunker-feodallaryň bähbitlerini goldaýan syýasat alyp barypdyr. Prussiýada orta asyrlardan bäri dowam edip gelýän feodalçylyk gatnaşyklarynyň saklanyp galmagy, ýurtda maýa goýum gatnaşyklarynyň ösüşine böwet bolupdyr. Fridrih Wilgelm I halkyň ýagdaýynyň agyrlygyna we ýürduň ösüşiniň pesligine garamazdan, Prussiýanyň harby kuwwatyny güýçlendirmäge uly üns beripdir. Ululygy boýunça Ýewropada dördünji orunda bolan prus goşunyny eklemek üçin Prussiýanyň döwlet býujetiniň 85%-i harçlanypdyr. Bu bolsa daýhanlaryň töleýän salgydynyň artmagyna we halkyň hal-ýagdaýynyň has-da agyrlaşmagyna getiripdir.

**«Sowatly absolýutizm».** Prussiýa Fridrih II-niň (1740-1786) dolandyran ýyllarynda öz ösüşinde ýokary derejelere ýetýär. Ol sowatly adam bolmak bilen, sungatdan we filosofiýadan gowy baş çykarypdyr. Fridrih II ýurtda bilim özgertmelerini geçirip, döwletde aň-bilimi ösdürmäge uly üns beripdir. Ol özüniň daşary syýasatynda agressiw syýasat ýöredipdir. Fridrih II tagta geçip, ýurdy donadyryp başlan ilkinji günlerinden başlap, goşunynyň sanyny köpeltmegiň we täze ýerleri basyp almagyň ugrunda bolupdyr. Goňşy Awstriýa döwletiniň içerki başagaýlygyndan peýdalanyp, iki gezek (1740-1742, 1744-1745) Sileziýa welaýatyna ýörüş edipdir. Aýgytly söweşlerden soň, Awstriýa köp ilatly we senagat taýdan ösen Sileziýa welaýatyny elden gideripdir. Reç Pospolitaýanyň birinji bölünşigiňden (1772) soň, Günbatar Prussiýa hem Prussiýa korollygyna birleşdirilip, Baltika deňziniň Günorta kenary hem tutuşlygyna onuň gol astyna geçýär.

Fridrih II-niň dolandyran ýyllarynda Prussiýada «medeniýetli absolýutizm» diýlip atlandyryl dolandyryş

ulgamy kemala gelýär. Fridrih ylymda, ykdysadyýetde, döwlet dolandyryş we kazyýet ulgamynda düýpli özgerişleri geçirip, ýurdy yzagalaklykdan alyp çykmak isläpdir. 1763-nji ýylda Prussiýada hökmany başlangyç bilim girizilip, onuň esasy maksady raýatlarda dini düşünje döretmek bolupdyr. Başlangyç bilim berýän mekdeplerde, köplenç ozal goşunda gulluk eden esgerler okadypdyrlar.

XVIII asyrda ortalarynda halkara bazarynda azyk önümlerine bolan islegiň artmagy, artykmaç hukukdan peýdalanýan daýhanlar bolan ýunkerleriň gyzyklanmasyny artdyrypdyr. Olar daýhanlaryň ýerleriniň hasabyna öz ýerlerini giňeltmäge çalşypdyrlar. Bu bolsa daýhan hojalyklarynyň tozmagyna we ýersiz daýhanlaryň köpelmegine getiripdir. Tozdurylan daýhanlaryň töleýän salgytlarynyň kesilmegi, döwlete gelýän girdejiniň artmagyna we iri ýer eýeleriniň aşa baýamagyna getirýär. Netijede, 1749-njy we 1764-nji ýyllarda daýhanlaryň ýerlerini eýelemäge garşy kanun çykarlýar.

XVIII asyrda Prussiýada berk tertip-düzgünli, harby güýje esaslanýan häkimiýet kemala gelýär. Döwürdeşleriň belleýşi ýaly «Prussiýa öz döwrüniň gulçylyk döwletidi». Merkezi häkimýeti berkitmek we Prussiýa üçin gereginden artyk, köp mukdardaky goşuny saklamak ägirt uly mukdardaky çykdajylary talap edýärdi.

## §4. Awstriýa XVII asyryň ikinji ýarymynda – XVIII asyrda

**Gabsburglar dinastiýasy XVII-XVIII asyrlarda.** XVII-XVIII asyrlarda Gabsburglaryň imperiýasy Ýewropanyň iri döwletleriniň biri bolup, onuň düzümine Aşaky we Ýokarky Awstriýa, Tirol, Ştiriýa, Karintiýa, Kraýna, Çehiýa, Morawiýa, Sileziýa, Wengriýa we deňiz ýakasynda ýerleşen Triest şäheri degişlidir. Germaniýanyň çägindäki Passau, Freýburg, Konstans şäherleri, Reýn, Elzas we Nekker derýalarynyň

boýundaky ýerler hem Gabsburglar dinastiýasyýň düzümine giripdir. Gabsburglar nesilşalygy ägirt uly giň ýerleri eýeläp, onuň düzümine dili, dini, medeniýeti we däp-dessurlary biri-birinden tapawutlanýan köp sanly halklar girýärdiler. Olar ýerli feodallar tarapyndan, ýerli kanunlar esasynda dolandyrylypdyr. Ýerlerde feodallaryň täsiri güýçli bolup, Gabsburglar dinastiýasynyň häkimiýeti gowşak, hat-da käbir ýerde nominal häsiýete eýedi. Gabsburglar nesilşalygynyň Günorta-Gündogarynda kuwwatly Osman-türkmen döwleti ýerleşipdir.

Osmanlylaryň kuwwatlanmagy Awstriýany öz serhetlerini berkitmäge we ýerleriniň goragynyny güýçlendirmäge mejbur edýär. Çehiýa we Wengeriýa döwletleriniň gowşamagy Awstriýanyň güýçlenmegini üpjün edipdir. 30 ýyllyk uruş German döwletleri üçin pajygaly ýitgidi. Emma urşuň Awstriýa üçin şowsuz tamamlanandygyna garamazdan, ol özüni saklamagy başardy. Uruş hereketleriniň Awstriýanyň öz territoriýasynda uzaklarda bolmagy, ýurduň az zyýan çekmegine getirdi. 30 ýyllyk urşuň tamamlanmagy, Awstriýa üçin käbir bähbitli netijeleri berdi. Urşuň netijesinde ýurtda begzadalaryň täsiri gowşady, merkezi häkimiýet berkedi. Urşuň bähbitli taraplarynyň biri-de, urşuň netijesinde Gabsburglar nesilşalygynyň gol astyndaky halklar öz aralarynda jebisleşdi. Milli duýgular oýandy, imperiýanyň welaýatlary biri-biri bilen jebisleşip, olar özlerini «awstriýaly» diýip atlandyryp başladylar.

Gabsburglar Awstriýa döwletinde dini özgertmeleri geçirdiler. Olar katolik akymynyň bähbidini goldap, ýurtda hristian dininiň protestançylyk akymyna garşy göreş alyp bardylar. Protestançylyga, ýagny, dini täzeçillige garşy göreşiň (kontrreformasiýanyň) barşynda, Awstriýa özüne garaşly mülklerde feodallaryň çykyşlaryny basyp ýatyrdy. Awstriýada protestantlar döwletiň duşmany hasaplanyp, olara garşy barlyşyksyz göreş alnyp baryldy, peotestantlaryň ellerinden alnan ýerler katolik buthanasynyň eýeçiligine geçirildi.

Awstriýada döwlet dini hasaplanan, kotolik dinine uýmaýan raýatlar ýurtdan kowlupdyr ýa-daolara berk çäre görlüpdir.

**Gabsburglar imperiýasynyň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** XVII asyryň ortalarynda Awstriýa oba hojalyk döwleti bolup, ilatyň 80 %-ni daýhanlar tutýardylar. XVII asyryň ikinji ýarymynda imperiýanyň düzümine girýän Çehiýada, Wengeriýada we Awstriýanyň aşaky böleginde daýhanlaryň ýagdaýy biraz agyr bolupdyr. Bu ýerde daýhanlar berk kanunlar arkaly iri mülkdarlaryň mülklerine berkidilipdir. Gündogardan tapawutlulykda, günbatarda daýhanlaryň ýagdaýy biraz ýeňildi. Olar ata-babalaryndan miras galan mülklere eýeçilik edip, munuň üçin haryt we pul görnüşinde salgyt töläpdirler. Beýleki german döwletlerinde bolşy ýaly, Awstriýada hem ýerli begzadalaryň (feodallaryň) täsiri saklanyp galyp, her begzada öz mülkünde özbaşdak gümrük hukugyndan peýdalanýardy. Bu bolsa Awstriýada umumy içerki bazaryň emele gelmegine, senagatyň, söwdanyň ösmegine, ykdysadyýetde maýa goýum gatnaşyklarynyň kemala gelmegine päsgelçlik döredýärdi. Şeýle-de, berk dini yzarlamalar we kontrreformasiýa zerarly onlarça müň daýhanlar we senetçiler ýurtdan gaçyp gitmäge mejbur boldylar. Netijede, XVII asyryň ikinji ýarymynda Awstriýanyň Angliýa, Fransiýa, Gollandiýa ýaly ösen senagat ýurtlaryndan, hat-da käbir german döwletlerinden hem yza galýandygy aç-açan duýlup başlady.

Emma Awstriýada senagatyň käbir pudaklarynda ösüşler duýulýardy. Metal işläp bejermekde we demirden, polatdan dürli önümleri öndürmekde Awstriýa Ýewropada öňdäki orunlarda durýardy. Awstriýada öndürilen metal we metal önümleri German döwletlerinde, Russiýada, Polşada, şeýle hem Angliýa we Gollandiýa ýaly ösen senagat döwletlerinde hem uly isleglerden peýdalanýardy.

**XVII asyryň ahyrynda – XVIII başynda Awstriýanyň daşary syýasaty.** Gabsburglar nesilşalygy özüniň geografik

ýerleşişi boýunça iki sany kuwwatly döwletiň serhedinde ýerleşýärdi. Ol günbatarda Fansiýa, günorta-gündogarda bolsa kuwwatly Osman imperiýasy bilen serhetleşýärdi. Şonuň üçin hem Gabsburglar ägirt uly ýerlerini gorap saklamak üçin gündogarda we günbatarda yzygiderli uruş alyp barmaga mejbur bolupdyrlar.

Awstriýanyň daşary syýasatyndaky esasy garşydaşlartynyň biri, iki yklymyň çatrygynda, amatly söwda ýolunyň ugrunde ýerleşýän Osman imperiýasydy. 1663-nji ýylda osmanlylar Olomous we Brno şäherlerini eýeläp, Gabsburglaryň paýtagtyna golaýlady. Emma az wagtdan soň, 1864-nji ýylda gabsburglaryň goşuny birnäçe German döwletleriniň we 5 müň adamdan ybarat fransuz goşunynyň kömek bermegi bilen Osman türkmenleriniň goşunyny yza serpikdirmegi başardy. Emma Awstriýanyň imperatory Leopold I (1658-1705) osman imperiýasyna garşy uruşlary alyp barmagyň ýerine, Fransiýa bilen uruşmaga köp ähmiýet berýärdi. Çünki Fransiýa German döwletleriniň üstünden agalyk etmek ugrundaky göreşde Awstriýanyň birinji bäsdeşidi.

1683-nji ýylda osmanly goşunlary Gara Mustafa paşanyň baştutanlygynda Wena şäherini gabady. Şäheriň ýaşaýjylarynyň we şäher garnyzonynyň gaýduwsyzlyk bilen görkezen garşylyklary netijesiz tamamlandy. Emma osmanlylara Wena şäherinde uzak saklanmak başartmady, Gabsburglaryň goşuny german döwletleriniň we Polşanyň koroly Ýan Sobeskiniň baştutalygyndaky polýak goşuny bilen bilelikde hereket edip, Osman goşunlaryny yza serpikdirdiler. Gabsburglar Balkan ýarym adasyndaky hristiýan dinine uýýan halklary Osman imperiýasynyň «zulumyndan azat etmek» bahanasy bilen, ol ýerleri eýelemek ugrunda Osman imperiýasyna garşy göreşiň täze tapgyryna başlady. Awstriýalylar öz döwrüniň görnükli serkerdeleriniň biri bolan Ýewgeniý Sawoýskiniň ýolbaşçylygyndaky goşunlar bilen bileleşip, 1690-njy ýylda Aksaraý (Belgrad) şäherini eýelediler. Şoňra uruş hereketleri

Osman imperiýasynyň gol astyndaky Bolgariýanyň, Serbiýanyň we  Albaniýanyň ýerlerine geçdi. Emma Gabsburglar uruşlary uzak dowam etdirip bilmediler. Sebäbi ol Günbatar Ýewropa döwleriniň Fransiýanyň koroly Lýudowik XIV-niň garşysyna başlan urşuna goşuldy. Bu uruş 1688-nji ýylda Pfalsy basyp almak üçin başlanypdy. 1697-nji we 1699-njy ýyllarda baglaşylan parahatçylyk şertnamalary Awstriýanyň alyp baran söweşlerinde onuň üçin az wagtlyk arakesme boldy.

1701-nji ýylda aradan çykan ispan korolynyň tagtyny eýelemek ugrunda Ýewropa döwletleriniň arasynda özara uruşlar başlandy. Bu uruş taryhda «ispan mirasdüşerligi ugrundaky uruş» diỳen ada eýe boldy. Çünki Ýewropanyň korollary biri-biri bilen nika gatnaşyklary esasynda berk baglanyşyklydy. Bu bolsa haýsydyr bir ýewropa koroly aradan çykanda, onuň mirasyny paýlaşmakda uly göreşleriň başlanmagyna sebäp bolýardy. Ispan mirasdüşerligi ugrundaky urşa gabsburglar nesilşalygy hem işjeň gatnaşdy. 1714-nji ýylda uruşlaryň tamamlanmagy bilen Raştatt şertnamasy baglaşyldy. Şertnama laýyklykda Aşaky Gollandiýa (Belgiýa), Milan, Neapol, Sardiniýa Gabsburglaryň imperiýasyna goşuldy. 1716-njy ýylda Awstriýa Osman imperiýasyna garşy bilelikde göreşmegi maksat edinip Wenesiýa bilen ýaranlyk şertnamasyny baglaşdy. 1718-nji ýylda Požarewas ylalaşygyna laýyklykda Osman imperiýasynyň Awstriýa bilen serhetdäki käbir ýerler Gabsburglaryň mülklerine goşuldy.

Yzygiderli uruşlaryň we basybalyjylykly daşary syýasatyň netijesinde, XVIII asyryň başynda Awstriýa özüniň iň kuwwatly derejesine ýetdi. Adriatik, Ortaýer we Demirgazyk deňizleriniň aralygyndaky ägirt uly ýerler Gabsburglar nesilşalygyna degişlidi. Indi Awstriýanyň öňünde iki wezipe - eýelenen ýerleri gorap saklamak we halakara söwda ýollarynda öz ornyňy tapmak we beýleki yklymlardaky bakna ýerlerden öz «paýyňy» almak wezipeleri durýardy. Hut şu maksat bilen hem ispan mirasdüşerligi ugrundaky urşuň netijesinde eýelenen

Aşaky Niderlandiýanyň Osten şäherinde Ost-Hindistan we West-Hindistan söwda kompaniýalary döredildi. Triest, Fium şäherleri Gündogar ýürtlary bilen alnyp barylýan söwdanyň merkezi we harby daýanç nokady bolup hyzmat etdi. Karl VI (1711-1740) deňiz ýakasyndaky ýerde kuwwatly harby floty gurmak we ony indiki söweşlerde ulanmagy maksat edinýärdi. Emma ägirt uly ýerleri we köp milletli ilaty özünde jemleýän Gabsburglaryň döwletine Angliýa, Gollandiýa, Wenesiýa ýaly ýurtlaryň garşylyk görkezmegi bilen şol maksatlara ýetmek başartmady.

**Awstriýa döwletiniň medeniýeti**. Awstriýa Ýewropanyň medeniýetde, sungatda we ylymda öňdebaryjy döwletleriniň biridi. XVII-XVIII asyrlarda ýurtda medeniýetiň gülläp ösen döwri hasap edilýär. Aýratyn hem aýdym-saz, teatr we binagärçilik sungatlary ýokary depginde ösýärdi. Awstriýanyň binagärçilik taýdan ösen italiýan şäherlerini basyp almagy bilen ýurduň medeniýetinde italiýan binagärçiliginiň täsiri artdy. Gabsburglar şäherleri we köşkleri gurduranlarynda olary Pariž we beýleki ýewropa şäherleriniň meşhur köşklerine meňzetmäge çalşypdyrlar. Medeniýeti ösdürmek üçin Italiýadan kompozitorlar, aýdymçylar, sazandalar Wena şäherine çagyrlypdyr. Bu döwürde Awstriýada Wolfgang Amadeý Mosart (1656-1791), Iogan Sebastian Bah (1685-1750), Ýozef Gaýdn (1732-1809) ýaly dünýä meşhur sazandalar ösüp ýetişipdi.

Awstriýada sungatyň güläp ösen şahalarynyň biri hem teatr sungatydy. Wenada we Linsde ilkinji teatrlar XVIII asyryň başynda gurlupdyr. Iýezuitler özleriniń dini aňyýetlerini wagyz etmek üçin ilaty köpçülikleýin teatra çekmäge çalyşypdyrlar.

Sungatyň beýleki ugurlarynda bolşy ýaly, şekillendiriş sungtynda hem ýerli ussatlar ösüp ýetişipdirler. Şekillendiriş sungatynyň ösüşinde nepis önümleri öndürýän ýerli senetçiler hem uly yz galdyrypdyrlar. Bu döwürde asyrlar boýy ylmyň,

medeniýetiň dili bolup hyzmat eden latyn dili nemes dili bilen çalşyrylypdyr. Munuň özi Awstriýanyň medeniýetiniň taryhynda uly öwürlişikdi. XVIII asyryň başynda nemes dilini we nemes diliniň ýazuw kadalaryny kämilleşdirmek we köpçilikleýin ulanylýan latyn sözlerini nemes sözleri bilen çalşyrmak maksady bilen Ylymlar akademiýasy döredildi, nemes sözleriniň sözligi ýazyldy.

**Wengriýa XVII asyryň ahyrynda - XVIII asyryň başynda.** XVII asyryň ahyrynda Wengeriýa Awstriýanyň düzüminde bolup, ol Gabsburglaryň wenger begzedalarynyň arasyndan saýlan koroly tarapyndan dolandyrylypdyr. Gabsburglar nesilşalygy wengeriýanyň üstünden agalyk etmek üçin, wenger begzadalaryndan düzülen Geňeşiň goldawyna bil baglapdyrlar. Olar wenger begzadalarynyň özbaşdak hereketlerinden we merkezi häkimiýete howp salmagyndan heder edipdirler. Şunuň bilen bir hatarda, gabsburglar daýhanlaryň, senetçileriň we söwdagärleriň, şeýle hem beýlerki ownuk halklaryň üsründen agalygy berkitmek üçin, wenger korollaryna belli bir derejede erkinlik beripdirler. Awstriýa imperiýasy köpmilletli ýürt bolup, onuň düzüminde onlarça milletleriň wekilleri ýaşaýardylar. Gabsburglar neseilşalygynyň slowaklaryň, ukrainleriň, walahlaryň, serbleriň we horwatlaryň üstünden agalygyny saklamakda, wenger begzadalarynyň orny uludy. Gabsburglar nesilşalygy Wengriýada öz häkimiýetlerini berkitmek üçin katolikçiligi saklamaga we ýürdy «germanlaşdyrmaga» uly üns beridirler hem-de ýurtda german medeniýetini ornaşdyrmaga çalyşypdyrlar. Bu bolsa daýhanlarda, esgerlerde, dini yzarlamalara sezewar edilen protestanlarda nägileleligiň ýüze çykmagyna getirýär. 1678-1685-nji ýyllarda iri wenger magnaty (begzadasy) Imre Tekeli gabsburglara garşy uly gozgalaňa ýolbaşçylyk edýär. Emma gozgalaň netijesiz tamamlanýar. Gozgalaň tamamlandan iki ýyl geçen soň, 1687-nji ýylda Gabsburglaryň zor salmagy bilen Wengriýanyň Döwlet maslahaty wenger tagtyny Gabsburglar

nesilşalygyna degişli diýip yglan etdi. Gabsburglar nesilşalygy dürli usullar bilen Wengriýada häkimiýeti berkitmek, ýurdy germanlaşdyrmak işini yzygiderli alyp barypdyr, zerur bolan ýagdaýynda bolsa güýç ulanmakdan hem gaýtmandyr.

XVII asyryň ahyrynda wenger halkynyň Gabsburglar nesilşalygynyň agalygyna garşy yzygiderli dowam edipdir. Halk gozgalaňlary kähalatlarda has giň gerime eýe bolup, ol milli azat edijilik hereketine öwürlipdir. Milli azat edijilik hereketleriniň iň ulularynyň biri 1703-1711-nji ýyllarda iri wenger magnaty, begzada Ferens Rukosi II-niň baştutanlygyndaky azat edijilik hereketidir. Azat ediji güýçler okgunly hereket edip, birbada Wengriýany we Transilwaniýany awstriýa goşunlaryndan azat edipdirler. 1707-nji ýylda Wengriýanyň Döwlet maslahaty Gabsburglar nesilşlygynyň Wenger täjinden mahrum edilýändigini yglan edýär. Wenger halkynyň azat edijilik hereketini rus patyşasy Pýotr I hem goldaýardy. Onuň tagallasy bilen 1707-nji ýylda Russiýa bilen Wengriýanyň arasynda ilkinji şertnama baglaşylýar. Emma Wengeriýanyň özbaşdaklygy uzaga çekmedi. Awstriýa şowly ýörüşlerden soň täzeden güýç toplap, Wengriýa ýörüş etdi. Wenger serkerdesi Rukosi kömek sorap Russiýa imperiýasyna ýüz tutdy. Emma Şwesiýa bilen söweş alyp barmak bilen, Russiýa Wengriýa kömek berip bilmedi. Soňra Rukosi kömek sorap polýak korolyna ýüz tutýar. Rukosiniň ýoklugyndan peýdalanyp wenger goşunlarynyň baş serkerdesi Ş.Karoýi urşy bes etdi. 1711-nji ýylda Satmar ýaraşyk şertnamasy baglaşylyp, oňa laýyklykda, gabsburglar Wengriýanyň konstitusiýasyny ykrar etmäge we protestant dinine erkinlik bermäge borçlandy.

XVII asdyryň ahyrynda - XVIII asyryň başynda Gabsburglar nesilşalygy ýurtda senagaty ösdürmäge uly üns berip başlaýarlar. Ýurtda salgyt ulgamyny kämilleşdirmek, merkezi häkimiýeti berkitmek we ýurtduň harby kuwwatyny ösdürmek maksady bilen birnäçe özgertmeler geçirildi. Ýokary

gatlaklaryň täsiri gowşadyldy, sehleriň önüm öndürmäge bolan monopol hukugy ýatyryldy.

XVIII asyryň başynda, esasan, hojaýynlar we oba senetçileri uly ýeňiş gazandylar. Ýurduň senagat taýdan ösen merkezleri bolan Sileziýada, Çehiýada, Aşaky Awstriýada, Ýokarky Awstriýanyň bir böleginde senetçiligiň manufaktura görnüşi giňden ýaýrapdyr. Emma geçirlen dürli özgertmelere garamazdan, Awstriýa ykdysady we senagat ösüşi boýunça Ýewropanyň yzagalak döwletidi. XVIII asyryň 30-njy ýyllarynda Awstriýa harby we syýasy tarapdan uly çökgünligi başdan geçirdi. Osman imperiýasynyň zor salmagy bilen Awstriýa özüniň Günorta Italiýadaky mülklerinden mahrum edildi. Soňra Balkan ýarym adasy hem Osmanlylar tarapyndan eýelendi.

Gabsburglar nesilşalygynyň tanymal wekilleriniň biri bolan Karl VI-nyň (1711-1740) ogul zürýady bolmandyr. Şonuň üçin hem ol tagty gyzyna galdyrmagy karar edipdir. Ol şeýtmek bilen mirasdüşerlik ugrundaky söweşiň öňüni almak isläpdir. 1740-njy ýylda Karl VI aradan çykandan soň Gabsburglar nesilşalygynyň tagty onuň gyzy Mariýa Terezä miras galýar. Awstriýa tagtynyň zenan adama geçmegi bilen Ýewropa monarhlarynyň arasynda «Awstriýa mirasdarlygy ugrundaky uruş» başlanýar. German döwletlerini birleşdirmek ugrunda Awstriýanyň esasy bäsdeşi bolan Prussiýa Awstriýanyň Sileziýa welaýatyny eýeleýär. Çehiýa, Tirol we Ýokarky Awstriýa bolsa Fransiýanyň we Bawariýanyň birleşen goşunlary tarapyndan basylyp alynýar. Mariýa Tereza emele gelen ýagdaýdan baş alyp çykmak üçin kömek sorap Wengriýa ýüz tutýar. Sileziýa, Pýançes, Parma ýaly baý ýerlerini ýitirip, Gabsburglar nesilşalygy Wengriýanyň goldawy bilen zordan ýok bolup gitmekden halas bolýar.

**Gabsburglar nesilşalygynda «sowatly absolýutizm».** Mariýa Terezanyň (1740-1780) we onuň ogly Iosif II-niň (1780-1790) dolandyran döwründe Awstriýa ep-esli derejede

ösýär. Bu iki imperatoryň dolandyran döwründe Awstriýada oba hojalygy, senetçilik, söwda we senagat ösüpdir. Mariýa Terezanyň we Iosif II-niň döwründe ýurdy ösdürmegiň esasy ugurlarynyň biri hökmünde ýurtda bilim pudagynda uly özgertmeler geçirilipdir. Şol sebäpden hem bu döwür Gabsburlar nesilşalygynyň taryhynda «medeniýetli absolýutizm» diýlip atlandyrylýar. Geçirilýän özgertmeleriň esasy maksady, ýurduň harby kuwwatyny artdyrmaga we merkezi häkimiýeti berkitmäge gönükdirilipdir.

Iosif II-niň dolandyran döwründe begzadalaryň özbaşdaklygyny aradan aýyrmak, ýurduň ähli ýerlerinde merkezi häkimiýeti berkitmek üçin zerur bolan ähli çäreler geçirilipdir. Ol ýerli begzadalaryň salgyt ýygnamaga bolan hukugyny, ýokarky gatlaga degişli bolan ähli artykmaçlyklaryny ýatyryp, olary ýerine ýetiriji häkimýetden mahrum edipdir. Gabburglar Awstriýa bilen bir hatarda, basylyp alnan ýerlerde hem merkezi häkimiýeti berkitmek ugrunda birnäçe çäreleri geçirmäge mejbur bolupdyrlar. Hut şu maksat bilen hem Iosif II Gabsburglar nesilşalygynyň golastyndaky ýerleri germanlaşdyrmaga uly ähmiýet beripdir. 1784-nji ýylda Gabsburglaryň döwletiniň ähli edaralarynda nemes diline geçmek hakynda kanun kabul edildi.

Prussiýada bolşy ýaly Gabsburglaryň ýerlerinde hem ylym-bilimi ösdürmäge aýratyn uly ähmiýet berlipdir. 1774-nji ýylda ählumumy bilim hakynda kanun kabul edilýär. Döwletiň haýryna geçirilen buthanlarda mekdepler döredilipdir. Ýurtda amala aşyrylýan özgertmeleri durmuşa geçirmek üçin sowatly ýolbaşçylar, mugallymlar, lukmanlar, şeýle hem dürli senagat edaralarynda işläp biljek sowatly işçiler gerek bolupdyr. Şonuň üçin hem ýurtda täze okuw mekdepleri açylyp, tehniki we ynsanperwer bilimleriň ösdürilmegine uly üns berlipdir.

Gabsburglar nesilşalgynda döwlet kanunlary daýhanlar bilen ýer eýeleriniň arasyndakty hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrypdyr. Daýhanlaryň mülkdarlara tölemeli salgydy

we zähmet borçlary döwlet tarapyndan kesgitlenilipdir. Mülkdarlaryň özlerine berkidilen daýhanlaryň üstünden kazylyk hukuklary, olaryň daýhanlary öz ýerlerinden özbaşdak kowmaga bolan ygtyýarlyklary ýatyrylypdyr. Daýhanlaryň öz hojaýynlarynyň üstünden arz etmäge haky bolupdyr. 1781-nji ýylda daýhanlaryň şahsy azatlyklary baradaky kanun kabul edilipdir. «Sowatly absolýutizm» wagtynda durmuşa geçirilen agrar özgertmeler, Gabsburglar nesilşalygynda maýa goýum gatnaşyklarynyň ösmegi üçin amatly şertleri döretdi. 1783-1790 ýyllar aralygynda Awstriýanyň senagat taýdan ösen käbir ýerlerinde işçileriniň sanynyň iki esse artmagy hem munuň netijersizdir. 1775-nji ýylda Awstriýada Gabsburglara degişli mülkleriň arasyndaky gümrük nokatlarynyň ýatyrylmagy söwdanyň ösmegine amatly şertler döretdi. Gabsburglar ýurtdan eksport edilýän çig malyň möçberini içerki önümçiligi artdyrmagyň hasabyna kemeltmäge çalyşypdyrlar. Ýewropa döwletleri bilen alnnyp barylýan söweşler, goşuna edilýän ummmasyz çykdaýjylar, döwlet edarasyny saklamaga we berkitmäge harçlanylýan çykdaýjylar ýurtda senagatyň we söwdanyň ösdürilmegini talap edýärdi.

Iosif II ýurtda dini özgertmeleri geçirmäge hem uly üns berip başlady, katolik buthanasynyň özbaşdak hukuklary kemeldilip, buthananyň eýeçiligindäki ýerler azaldyldy. Emma katolik buthanasy ýurtda ýeke-täk döwlet dini hökmünde saklanyp galdy. Buthana we mekdepler döwlete tabyn edildi. Iosif II-niň döwründe durmuşa geçirilen özgertmeler 1790-njy ýylda onuň aradan çykmagy bilen öz ähmiýetini ýitirip başlady.

Awstriýada bolup geçen «sowatly absolýutizm» Gabsburglaryň golastyndaky ýerlere hem öz täsirini ýetirdi. Iosif II Wengriýanyň üztünden agalygyny berkitmek üçin, ony dürli welaýatlata bölmegi we umumy salgyt ulgamyny girizmegi ýüregine düwdi. Gabsburglar Wengriýa bilen Awstriýanyň serhedinde berk gümrük gözegçiligini ýola goýup, Wengriýada ykdysadyýetiň we senagatyň ösüşini bökdäp, ony

Awstriýanyň senagaty üçin, çig mal çeşmesi hökmünde peýdalanmak isläpdir. Şeýlelikde, Awstriýanyň Wengriýa bilen gatnaşyklary barha dartgynlaşýar. XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda Iosif II Wengriýany onlarça welaýatlara bölüp, olary awstriýaly emeldarlaryň kömegi bilen, dolandyryp başlady. Wengriýanyň ähli döwlet edaralarynda nemes dilini girizdi. Iosif II-niň alyp barýan syýasaty wenger begzadalarynyň nägileligini ýetjek derejesine ýetirdi.

**Transilwaniýa knýazlygy XVII-XVIII asyrlarda.** Osman imperiýasy bilen alnyp barylan yzigiderli uruşlaryň netijesinde Transilwaniýa knýazlygy XVII asyryň ahyrynda Gabsburglaryň mülkine goşuldy. 1699-njy ýylda baglaşylan Karlowiski şertnamasyna laýyklykda Transilwaniýa knýazlygy özbaşdak dolandyrylýan knýazlyk hökmünde Awstriýa imperiýazynyň düzümine girdi. Transilwaniýa knýazlygynyň ilatynyň aglaba köpçüliginiň walahlar bolandygyna garamazdan, bu ýerde ýokary häkimiýet wenger begzadalaryna degişlidi. Walahlaryň Gabsburglar nesilşalygynyň hataryna goşulmagy bilen olaryň hal-ýagdaýy has-da agyrlaşýar. Tramsilwaniýada ýaşaýan walahlary birleşdirýän güýç prowaslow buthanasy bolupdyr. Emma döwlet dini hökmünde uly ygtyýarlylyklardan peýdalanýan katolik dini prowoslow buthanasyna garşy durupdyr.

XVIII asyryň ahyrynda Transilwaniýada täze baý gatlaklar döräpdir. Söwdegärler, baý daýhanlar, ownuk mülkdarlar adaty ilatdan saýlanyp, ýokary gatlaga öwrülip başlapdyrlar. Ilat syýasy taýdan işjeňleşipdir, olar ýurtda halka syýasy hukuklaryň berilmegini, mekdepleriň açylmagyny talap edipdirler. Emma Transilwaniýa knýazlygynyň hökümeti muny ret edýär. 1784-nji ýylda Transilwaniýada walahlaryň milli azat edijilik hereketi başlaýar. Horiý, Kloşki we Krişana tarapyndan ýolbaşçylyk edilen gozgalaň wenger ýer eýeleriniň garşysyna gönükdirilipdir. Bu gozgalaňa wenger daýhanlary bilen bir hatarda, şäher garyplary hem gatnaşypdarlar. Gozgalaňa 20-30

müňden gowrak daýhan gatnaşyp, ol rehimsizlik bilen basylyp ýatyryldy. Gabsburglaryň beýleki mülklerinde bolşy, ýaly Transilwaniýada hem, daýhanlaryň ýer eýelerine garaşlylygy saklanyp galdy.

**Slawýan halklary. Çehiýa.** Uzak wagta çeken basybalyjylykly uruşlaryň netijesinde Awstriýa ägirt uly ýerleri eýeledi. Günorta we Gündogar slawýanlar hem Gabsburglaryň mülkine goşuldy. Munuň özi Gabsburglaryň uzak wagtlap Çehiýanyň üstünden agalyk etmegine, Çehiýanyň germanlaşmagyna getiridi. Çehiýada nemes begzadalarynyň sany artdyryldy. Ilatyň sany azalyp, birnäçe daýhan mülkleri ýok edildi. Daýhanlaryň zähmet borçlary we salgytlary köpeldi, olaryň hukuklary çäklendirildi. Barha artýan jebir-süteme jogap edip daýhanlar imperatora garşy yzygiderli gozgalaňlar edipdirler. Şol gozgalaňlaryň iň ulylarynyň biri hem 1775-nji ýylda bolan gozgalaňdyr. Onuň netijesinde imperator salgytlary azaltmaga we gozgalaňçylara eglişik etmäge mejbur boldy. 1781-nji ýylda daýhanlaryň şahsy garaşlylygy ýatyryldy.

Gabsburglar dinastiỳasy Çehiỳada öz agalygyny berkitmek maksady bilen, ỳurtda germanlaşdyrmak işini alyp barypdyrlar. Çehiỳanyń medeniỳetinde we beỳleki pudaklarynda german medeniỳetiniń täsiri güỳçlenipdir. 1749-njy ỳylda Wena şäherinde çeh kanselỳariỳasy ỳatyrylyp, onuń ornuna täze direktoriỳum döredilipdir. Direktoriỳum Çehiỳanyń durmuşyna degişli meseleleri çeh wekillerini gatnaşdyrmazdan özbaşdak çözüpdir. Çehiỳanyń wekilçilikli edarasy bolan seỳm özüniń syỳasy ähmiỳetini kem-kemden ỳitirip başlapdyr.

30 ỳyllyk uruş mahalynda Slowakiỳa kuwwatly imperiỳalaryń (Gabsburglaryń we Osmanlylaryń) serhedinde ỳerleşmek bilen, olaryń arasyndaky uruş meỳdanyna öwrülipdir. Keseki döwletleriń agalygy slowak daỳhanlarynyń töleỳän salgytlarynyń artmagyna getiripdir. Aỳratyn hem Gabsburglar dinastiỳasynyń zulumy slowak daỳhanlarynyń

gahar-gazabyny artdyrypdyr. XVII asyryń ahyrynda XVIII asyryń başynda Slowakiỳada gabsburglara garşy uly gozgalań bolup, ońa wenger feodallary işjeń gatnaşypdyrlar.

30 ỳyllyk urşuń netijesinde Çehiỳada iỳezuitler ordeniniń täsiri güỳçlenipdir. Şol sanda ỳurtda ylmyń we medeniỳetiń ösüşi hem dini edara bolan inkiwizisiỳanyń gol astynda bolupdyr. Bu bolsa ỳurtda medeniỳetiń ösüşini togtadypdyr. 1774-nji ỳylda iỳezuitler ordeniniń ỳatyrylmagy we täze özgertmeleriń geçirilmegi bilen ỳurtda dünỳewi mekdep açyldy. Solwakiỳada bolsa medeniỳetiń ösüşi wenger medeniỳetine garaşly boldy. Ýurduń medeni durmuşynda Çehiỳanyń hem täsiri duỳlupdyr.

## §5. Italiýa XVII asyryň ikinji ỳarymynda - XVIII asyrda

**Italiýanyň syýasy dagynyklygy.** XVII asyryň ahyrynda Ýewropanyň Angliýa, Fransiýa, Ispaniýa, Gollandiýa ýaly merkezleşen döwletleriniň ummanyň aňyrsynda ägirt uly ýerleri eýelemek ugrunda özara bäsleşýän wagtynda, Italiýa syýasy, ykdysady we medeni tarapdan dagynyk ýagdaýda bolupdyr. Italiýanyň ýerleri Awstriýa, Ispaniýa we Fransiýa ýaly berk merkezleşen we harby taýdan kuwwatly döwletleriň arasyndaky uruş meýdanyna öwrülipdir. Netijede Italiýanyň aglaba bölegi kese ýerli basybalyjylaryň golastyna düşüpdir. Sisiliýa we Sardiniýa adalary, Apennin ýarym adasynyň günortasy, Neapolitan korollygy, demirgazykda bolsa Lombardiýa, Milan şäherleri we Mantuýa gersoglyklary Ispaniýanyň gol astyndady. Italiýan döwletleriniň arasyndan diňe Sawoýýa korollygy, Wenesiýa respublikasy we Papa döwleti özbaşdaklygyny saklap galypdylar. Emma ol döwletler hem özbaşdaklygyny ýitirmekden gorkup, bitewi italiýan döwletiniň döredilmegini islemändirler. Goňşy döwletler

Italiýadan ummasyz köp mukdarda salgyt ýygnap, italiýan halkyny rehimsiz talapdyrlar.

Angliýa, Fransiýa we Gollandiýa ýaly ösen senagat ýurtlarynda öndürilen harytlar italiýan önümlerini halkara söwdasyndan gysyp çykarypdyrlar. Sebäbi ol ýurtlarda öndürilen harytlar ýokary hilli we arzan bahadan satylypdyr. Italiýan önümleri bolsa orta asyrlarda meşhurlyk gazanan köne usullarda öndürilip, olaryň hyrydary azalypdyr.

Italiýanyň syýasy taýdan dagynyklygy onuň senagatynyň we söwdasynyň osüşine hem täsirini ýetiripdir. Ownuk italiýan döwletleriniň hersiniň öz gümrük nokatlary we ölçeg birlikleri bolupdyr. Bu bolsa söwdagärler üçin uly kynçylyklary döredipdir. Italiýada oba hojalyk gatnaşyklary köp görnüşli bolup, ýurduň günortasynda iri mülkdarlar ummasyz köp ýerleri eýeläpdirler. Olar öz hojalyklarynda doly hukukly hojaýyndylar. Iri ýer eýeleri ýersiz daýhanlaryň zähmetinden peýdalanyp, ägirt uly girdeji alypdyrlar. Daýhanlar öndüren önümleriniň ondan bir bölegini buthana tölemeli bolýardylar. Sisiliýada we Neapolitan korollygynyň käbir welaýatlarynda bazar gatnaşyklarynynyň esasynda ýöredilýän mülkdar hojalyklary emele gelip başlapdyr. Olar öz hojalyklarynda hakyna tutma işçileriň zähmetinden peýdalanýardylar. Ýurduň günotasynda oba ilatynyň ýagdaýy has-da agyr bolupdyr. Olar mülkdarlaryň sütemine garşy yzygiderli gozgalaň turuzypdyrlar.

Italiýanyň syýasy we ykdysady taýdan dagynyklygy, bitewi bir italiýan diliniň we millatiniň kemala gelmegine päsgel beripdir. Ýurtda birnäçe gepleşik şiweleri bolup, bitewi bir sözleýiş dili kemala gelip bilmändir. Bitewi bir diliň bolmazlygy, italiýan döwletleriniň özara jebisleşmegini kynlaşdyrypdyr.

Italiýan döwletleriniň yzagalaklygynyň sebäpleriniň biri hem, buthananyň agalygydy. Buthana öz häkimiýetini gorap

saklamak üçin dünýewi medeniýetiň we bilimiň üstünden berk gözegçilik etmäge jan edipdir.

**Italiýa XVIII asyryň ikinji ýarymynda.** XVII asyrda Italiýa syýasy taýdan dagynyk, ykdysady taýdan yzagalak döwletdi. Emma XVIII asyryň başlarynda Ýewropada halkara gatnaşyklary üýtgäp, italiýan döwletleriniň galkynmagyna taryhy şertler döreýär. Uzak wagta çeken uruşlaryň netijesinde Ispaniýanyň halkara abraýy peselip, ol özüniň Italiýadaky mülklerini ýitiripdir. 1720-nji ýylda Sawoýýa gersoglygy Sardiniýa adasyny özüne birikdirenden soň bu döwleti Sawoýýa korollygy diýip atlandyryp ugraýarlar. 1735-nji ýylda Neapolitan korollygy ispan agalygyndan çykyp, özüni garaşsyz döwlet diýip yglan edýär.

XVIII asyryň ikinji ýarymynda, uzaga çeken uruşlardan soň Italiýada parahatçylyk döwri başlaýar. Ýarym asyrlap (Napoleon basybalyşlaryna çenli) dowam eden parahatçylyk döwrinde Italiýada ilat sany artyp, ýurduň ykdysady ýagdaýy hem gowulaşypdyr. Ilat sanynyň artmagy oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmaga mümkinçilik beripdir, bu bolsa daýhanlary täzeçe usulda, has netijeli işlemäge höweslendiripdir.

XVIII asyrda Italiýanyň demirgazyk etraplarynda oba hojalygynyň ösüşinde maýa goýum gatnaşyklary peýda bolup başlaýar. Kärendeçiler iri mülkdarlaryň we buthananyň ýerlerini kärendesine alyp, ol ýerlere berkidilen daýhanlary gysyp çykarypdyrlar, olaryň ornuna günlikçileriň zähmetinden peýdalanypdyrlar. Bu bolsa oba hojalygynda maýa goýum gatnaşyklarynyň kemala gelmegine we kärendeçileriň alýan girdeýjisiniň artmagyna getiripdir.

Merkezi we Günorta Italiýada oba hojalygynyň ösüşi biraz yza galypdyr, emma ýer eýeçiliginde kärendeçilik görnüşi giňden ornaşdyrylyp başlaýar. Oba hojalygynyň ösmegi ekerançylyk bilen baglanyşykly senagatyň hem ösmegine itergi beripdir. Italiýada esasan dokmaçylygy ösdürmäge uly üns

berlipdir. Fransiýa, Angliýa ýaly senagat taýdan ösen döwletler Italiýada öndürilen ýüpegi satyn alyp, öz ýurtlarynda gaýtadan işläpdirler. XVIII asyryň ikinji ýarymynda beýleki ösen döwletlerde bolşy ýaly, Italiýada hem ýüzlerçe işçileri özünde jemleýän manufaktura kärhanlary peýda bolup başlaýar. Emma, muňa garamazdan, ýurduň senagatynyň özenini senetçilik we ownuk ussaçylyk düzüpdir.

**Italiýada «sowatly absolýutizm».** XVIII asyryň 60-njy ýyllarynda italiýan döwletlerinde syýasy taýdan galkynyş hadysasy bolup geçýär. Italiýan döwletlerini dolandyrýan nesilşalyklar öz häkimiýetlerini berkitmek maksady bilen düri syýasy özgertmeleri geçirip başlapdyrlar. Italiýan nesilşalyklary köp sanly akyldarlary, filosoflary ýokary wezipelere belläp, döwlet dolandyrmak işinde olaryň öňdebaryjy garaýyşlaryndan peýdalanypdyrlar. Çünki olaryň pelsepewi garaýyşlary, döwletiň syýasy bähbitleri bilen ugurdaş bolupdyr.

Döwletiň syýasy durmuşynda geçirilen özgertmeler halkyň durmuş ýagdaýyna hem özüniň täsirini ýetiripdir. Ýurduň ykdysady taýdan pese gaçmagy ýurduň salgyt ulgamynda düýpli özgerişlikleri geçirmegi talap edipdir. Italiýanyň Lombardiýa, Parma, Toskana, Neapolitan patyşylygy ýaly ösen ýerlerinde mülkdarlaryň we ruhanylaryň salgyt ýygnamaga bolan hukuklary çäklendirilipdir, kä ýerlerde bolsa düýbinden ýatyrylypdyr.

Rim papasynyň alkymynda ýerleşmek bilen Italiýan döwletlerinde asyrlar boýy buthananyň täsiri güýçli bolup galypdyr. XVIII asyrda italiýan döwletlerinde syýasy özgerişlikleriň başlanmagy bilen buthananyň täsiri kem-kemden gowşap başlaýar. Italiýan döwletlerinde halkdan ýygnalýan salgydyň aglaba köpüsi buthananyň eýeçiligine geçýärdi. Bu bolsa korol hazynasyna gelýän girdejiniň peselmegine getiripdir. Şonuň üçin hem italiýan döwletlerinde buthana garşy hereketler başlanýar. Italiýan nesilşalyklary buthananyň täsirini peseltmek we olaryň döwlet

häkimiýetinden özbaşdaklygyny çäklendirmek isläpdirler. Buthananyň esasy daýanjy bolan inkiwizisiýa ýok edilipdir, dini guramalar (ordenler) ýurtdan kowlyp, olaryň emlägi döwlet eýeçiligine geçirilipdir. Buthananyň halk arasyndaky we döwletiň syýasy durmuşyndaky ähmiýeti peselipdir. Neapol korollygynda geçirilen syýasy özgertmeleriň ýelgini beýleki italiýan döwletlerine-de özüniň täsirini ýetiripdir.

**XVIII asyryň ikinji ýarymynda Italiýanyň medeniýeti.** Birnäçe asyrlap dowam eden syýasy dagynyklyk we harby taýdan durnuksyzlyk, Italiýanyň medeniýetine özüniň ýaramaz täsirini ýetiripdir. XVIII asyrda uzak wagta çeken arakesmeden soň, italiýan döwletlerinde medeniýet we aňyýet täzeden ösüp başlapdyr. Asyryň başynda birnäçe alymlar, filosoflar, şahyrlar we edebiýatçylar öz eserlerinde, ýurduň agyr ýagdaýyny suratlandyrypdyrlar.

Görnükli italiýan akyldary Petro Jannone (1676-1748) özüniň eserlerinde döwleti birleşdirmek we täze jemgyýeti gurmak meseleleri hakynda özüniň gymmatly pikirlerini ýazyp galdyrypdyr. Ol buthanany döwletiň syýasy durmuşyndan aýyrmagy we ony diňe ruhy gymmatlyk hökmünde saklap galmagy teklip edipdir. Emma buthana gullukçylary onuň çykyşyny duşmançylykly kabul edipdirler. Petro Jannone buthana tarapyndan näletlenipdir we tussag edilipdir. Ol 1748-nji ýylda 12 ýyl tussaglykda ýatanyndan soň tussaghanada aradan çykypdyr.

Italiýada aňyýetiň ösmegine özüniň saldamly goşandyny goşan akyldarlaryň biri hem Jambattista Wiko (1668-1744) bolupdyr. Ol özüniň «Täze ylym» atly eserinde, Italiỳanyń taryhy ösüşi hakynda öz pikirlerini beỳan edip, bütewi milli italiỳan döwletini esaslandyrmak hakynda täze garaỳyşlary kemala getiripdir.

Italiýan şäherlerinde syýasy toparlar we jemgyýetler döredilip, olarda esasan döwletiň syýasy we ykdysady ýagdaýyna degişli meseleler çözülipdir. Ol toparlarda

Italiýanyň ykdysady, hukuk we bilim ulgamlarynda düýpli özgertmeler geçirmek hakynda maslahatlar edilipdir. Neapol şäherinde syýasy toparlaryň başynda meşhur italiýan akyldary Antonio Jenowezi (1712-1769) durupdyr. 1754-nji ýylda Neapolitan uniwersitetinde Antonio Jenowezä bagyşlanyp ýörüte syýasy ykdysadyýet kafedrasy açylypdyr. Bu kafedra, Ýewropa uniwersitetleriniň arasynda, şeýle at bilen açylan ilkinji kafedrady.

Medeniýetde täze-täze ugurlar peýda bolup, esasan hem kitap çap etmek işi giňden ýaýrapdyr, ylmy we çeper žurnallar neşir edilip başlapdyr. XVIII asyryň ikinji ýarymynda kitap çap edilişi iki esseden gowrak artypdyr. Ylmy we çeper jemgyýetler döredilipdir. Ylym bilen hatar-da, bilim ulgamynda hem birnäçe özgerişlikler bolupdyr. Italiýanyň iň ösen şäherleri bolan Milan we Neapol uniwersitetlerinde okatmagyň täzeçe usullary girizilipdir. Ylmy ösdürmek maksady bilen uniwersitetiň düzümindäki kafedralara meşhur alymlar çekilipdir. 1754-nji ýylda italiýan uniwersitetleriniň taryhynda ilkinji bolup ilkinji bolup Jenowezi latyn dilinde däl-de italiýan dilinde leksiýa okap başlaýar. Bu bolsa italiýan magaryfynyň taryhynda uly öwrülişik bolupdyr. Milanda 20-den gowrak döwlet başlangyç mekdepleri gurlup, olarda 2 müňden gowrak okuwçy okapdyr.

XVIII asyryň ikinni ýarymy italiýan döwletlerinde ylym, bilim bilen bir hatarda, edebiýatyň ösüşine hem uly üňs berlipdir. Karlo Goldoni (1707-1793), Wittorio Alfiýeri (1749-1803) ýaly meşhur edebiýatçylar öz eserlerinde döwrüň keşbini açyp görkezipdirler.

## §6. Ispaniýa XVII-XVIII asyrlarda

**Ispaniýa XVII asyryň ahyrynda -XVIII asyryň başynda.** Orta asyrlarda Ispaniýa Ýewropanyň iň kuwwatly döwletleriniň biri bolmak bilen, Ýewropada we ummanyň

aňyrsynda uly bakna mülklere eýelik edýärdi. Emma XVI asyryň ahyrynda - XVII asyryň başlarynda Ispaniýanyň ykdysady taýdan güýçli depginde pese gaçmagy onuň halkara abraýynyň hem pese gaçmagyna getiripdir. Guryýer we deňiz söweşlerindäki şowsuzlyklar Ispaniýanyň gury ýer goşunlarynyň we deňiz flotynyň kuwwatynyň peselmegi bilen Ispaniýa Ýewropanyň kuwwatly döwletleriniň hataryndan çykaryldy. Emma Ýewropada Milan gersoglygy, Neapol, Sardiniýa we Sisiliýa korollyklary, şeýle hem, Niderlandiýanyň günorta bölegi Ispaniýanyň gol astyndady. Kanar, Karolin we Filippinler adalary, Günorta Amerika yklymynyň aglaba bölegi hem Ispaniýanyň bakna mülkleridi. Häzirki wagtda hem ispan dilinde gürleýän döwletleriň sany boýunça dünýäde birinji orunda durmagy onuň taryhy bilen berk beglanyşyklydyr.

XVII asyryň başlarynda ispan tagtyny Gabsburglar dinastiýasy dolandyrypdyr. Entek Ispaniýa Ŷewopada güýçli döwlet bolmagyny dowam edýärdi. Emma 1665-nji ýylda Karl II-niň (1665-1700) tagta gelmegi bilen Ispaniýa ähli babatda gowşap başlaýar. Karl II gowşak erkli, fiziki we ruhy taýdan näsag bolup, ol döwlet işlerini özbaşdak dolandyryp bilmändir. Onuň sowatsyzlygyndan peýdalanyp iri emeldarlar we daşary ýurtly döwlet işgärleri ýurduň syýasy durmuşyna güýçli täsir edipdirler. Bu bolsa Ispaniýanyň asyrlar boýy dowam edip gelýän kuwatynyň pese gaçmagyna getirýär.

**Tagt ugrundaky göreşler.** XVII asyryň ahyrynda Ispaniýanyň içeri syýasatynyň pese gaçmagy we Karl II-niň başarnyksyz dolandyryşy netijesinde ýurduň halkara at-abraýy peseldi. Ýurtda höküm sürýän nesilşalygyň garyndaşlyk gatnaşyklary bilen baglylykda Ispaniýa, Fransiýa we Awstriýa döwletlerine garaşly ýagdaýa düşüpdir. Karl II-niň bir uýasy Fransiýanyň koroly Lýudowik XIV-ä durmuşa çykypdyr, beýleki uýasy bolsa Awstriýa tagtynyň mirasdüşeri Leapold I-niň aýaly bolupdyr. Şeýle ýagdaý ispan tagty ugrunda Awstriýanyň we Fransiýanyň özara bäsleşmegine getirýär.

Şeýlelik-de, XVII asyryň ikinji ýarymynda Ispaniýa özüniň syýasy taýdan garaşsyzlygyny ýitirip, Awstriýanyň we Fransiýanyň täsirine düşýär.

Karl II gowşak we syýasy taýdan iş başarnyksyz bolandygy sebäpli tagt ugrunda bolýan uruşlaryň öňüni alyp bilmändir. Netijede, fransuz tarapy üstün çykyp, 1700-nji ýylda Karl II-niň Fransiýa tarapyndan garyndaşy Filipp V (1700-1746) ispan tagtyna çykýar. Ispan täjine Burbonlaryň eýe çykmagy, Awstriýa imperiýasy bilen Fransiýanyň arasyndaky gatnaşyklary ýitileşdiripdir, netijede, Ŷewropada ispan mirasdarlygy ugrundaky uruş (1701-1714) täzeden möwç alýar. Ispaniýanyň ýeri uruşýan döwletleriň arasyndaky söweş meýdanyna öwrülýär. Tagt ugrundaky göreşleriň dowam edýän wagtynda Ispaniýanyň gowşaklygyndan peýdalanyp, ýurduň içindäki güýçler hem aýaga galypdyrlar, Kataloniýa, Aragon we Walensiýa özleriniň gadymy özbaşdaklygyny saklap galmak üçin, Awstriýanyň gersgersogynyň tarapynda göreşidirler.

1713-nji ýylda Utreht şertnamasy baglaşylyp, oňa laýyklykda, Filipp II Ispaniýanyň koroly diýlip yglan edilýär. Emma muňa derek ol Fransuz tagtyndan el çekmeli bolupdyr. Ispaniýa özüniň Ŷewropadaky mülkleriniň aglaba bölegini bermeli boldy. Ozal Ispaniýanyň golastynda bolan Demirgazyk Italiýa indi Awstriýanyň tabynlygyna geçýär, Menorka we Gibraltar Angliýanyň, Sisiliýa bolsa Sawoýa korollygynyň düzümine goşulýar.(113-114sah)

**Ispaniýanyň jemgyýetçilik gurluşy.** XVIII asyrda hem Ispaniýada orta asyrlara mahsus jemagytçylyk gurluşy höküm sürýärdi. Feodallaryň we begzadalaryň kanuny artykmaçlyklary saklanyp galýardy. Ŷewropanyň beýleki döwletleriniň maýa goýum gatnaşyklaryna esaslanýan, täze ykdysady we syýasy ýol bilen ösýän wagtynda, Ispaniýada mülkdarlaryň sany artypdyr, olar özleriniň ykdysadyýetdäki orunlaryny barha berkidýärdiler, ýurtda bolýan syýasy wakalara gitdigiçe güýçli

täsir edýärdiler. Çünki basylyp alnan ägirt uly koloniýalardan gelýän girdejiler iri mülkdarlaryň elinde jemlenipdir. Iri ýer eýeleriniň özleri hojalyk işleri bilen meşgullanmandyrlar, olar diňe bakna mülklerden gelýän ummasyz girdejileriň hasabyna baýapdyrlar. Diňe ýurduň günortasynda ýerleşen Andalusiýa we Estremadur welaýatlarynyň iri ýer eýeleri oba hojalyk önümçiligi bilen meşgullanypdyrlar. Emma olar hem öz mülklerinde hakyna tutma işçileriň zähmetinden peýdalanypdyrlar. Iri mülkdarlar «araçyllaryň» kömegi bilen diňe maýa goýan pullaryny «işletmegiň» hasabyna deňiz söwdasyna gatnaşypdyrlar.

Ispan jemgyýetiniň agramly bölegini begzada derejesinden we ata-babasyndan miras galan «arassa ganyndan» başga hiç bir emlägi bolmadyk, garyplaşan mülkdarlar düzüpdirler. Olar şäherlerde ýaşamak bilen, mülkdar derejelerinden peýdalanyp, aşaky döwlet wezipelerini eýeläpdirler. Bu bolsa olara ýeke-täk gazanç çeşmesi bolup hyzmat edýärdi.

Ŷewropanyň beýleki döwletleri bilen deňeşdireniňde, Ispaniýada katolikçi buthananyň täsiri güýçlidi. Ispaniýa Rim papasynyň häkimiýetiniň we hristian dininiň katolik akymynyň esasy daýanjydy. Sebäbi dini däp-dessurlary we onuň täsirini goraýan edara bolan inkiwizisiýanyň ähmiýeti tä XIX asyryň ortalaryna çenli güýçli duýlupdyr. Ispaniýada ekerançylyk üçin ýaramly ýerleriň üçden bir bölegi buthana degişlidi. Diňe bir oba hojalygynda däl, eýsem ýurduň ykdysadyýetinde, şeýle hem dolandyryş ulgamynda buthananyň orny uludy. Ispaniýada ilatyň aglaba köpüsi, buthana işgärlerinden we gullukçylaryndan ybarat bolupdyr.

**XVIII asyrda Ispaniýanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** 1713-nji ýylda baglaşylan Utreht şertnamasyna laýyklykda, ispan täji fransuz asylly burbonlaryň eline geçdi. Ispaniýany «ispan burbonlary» diýlip atlandyrylýan täze nesilşalyk dolandyryp başlady. Ispaniýany burbonlaryň

dolandyryp başlan ilkinji ýyllarynda ýurtda uruş hereketleri alnyp barylmady. Emma muňa garamazdan Ispaniýanyň ozalky kuwwatyny we halkara abraýyny dikeltmek birbada başartmady. XVIII asyryň başlarynda Ispaniýanyň ykdysadyýetinde uzaga çeken çökgünlikden soň az-kem ykdysady ösüşler duýulyp ugrady. 1714-nji ýylda ispan mirasdüşerligi ugrundaky göreş tamamlanandan soň, tä 1808-nji ýyla çenli, ýagny Napoleonyň ýörüşlerine çenli Ispaniýanyň çäginde uruş hereketleri alnyp barylmandyr. Bu bolsa ykdysadyýetiň we senagatyň ösüşine, ýurduň ilat sanynyň artmagyna özüniň oňyn täsirini ýetiripdir. 1700-nji ýylda Ispaniýanyň ilaty 7,5 million adam bolan bolsa, 1787-nji ýylda bu san 10,4 milliona, 1808-nji ýylda bolsa 12 milliona ýetýär.

Ispaniýada senagatyň ösmegi şäher ilatynyň artmagyna getiripdir. Senagatyň ösmegi bolsa manufaktura önümçiliginiň giňemeginiň esasynda bolup geçýär. Ispan şeherlerinde seh senetçiligi hem saklanyp galýardy.

**Oba hojalygynyň ýagdaýy.** XVIII asyryň başynda Ispaniýa ozalkylary ýaly oba hojalyk döwletidi. Ispan obalarynda orta asyr jemgyýetçilik gatnaşyklary höküm sürýärdi. Bütin ýurtda özleşdirilýän ýerleriň ýarysyndan gowragy begzadalara we buthana degişli bolup, ýurduň her welaýatynda oba hojalyk gatnaşyklary dürli häsiýete eýe bolupdyr. Ispaniýanyň demirgazyk welaýatlary bolan Galisiýada, Biskaýda we Basklaryň ýurdunda ownuk daýhanlaryň hojalygy – senzitariýalar, Kastiliýada bolsa ýer eýeçiliginiň kärendeçilik görnüşi giňden ýaýrapdyr. Daýhanlar hojaýynlaryň ýerlerinde kärendesine işläpdirler. Andaluziýa welaýatynda bolsa iri ýer eýeleriniň - plantatorlaryň hojalygy giňden ýaýrap, olar öz hojalyklarynda günlikçileriň (batraklaryň) zähmetinden peýdalanypdyrlar.

Ispaniýada ýer eýeçiliginiň giňden ýaýran we orta asyrlara mahsus görnüşi bolan maýorat ýerleri XVIII asyrda hem saklanyp galypdyr. Maýorat ýerlerini nesilden-nesle

geçirip bolupdyr, ýöne ony satmak we zamunyna goýmak gadagandy.

XVII-XVIII asyrda Ispaniýanyň ilatynyň jemgyýetçilik gurluşy beýleki Ýewropa döwletleriniňkiden tapawutlanypdyr. Angliýada korol häkimiýetiniň çäklendirilip, parlament tarapyndan dolandyrylýan we senagatda hem söwdada uly üstünlikleriń gazanylýan wagtynda, Fransiýada manufaktura senagatynyň korol häkimiýetiniň goldawy bilen ösýän döwründe, Ispaniýada orta asyrlara mahsus bolan gatnaşyklar saklanyp galypdyr. Jemgyýetde agalyk ediji gatlak ozalkylary ýaly begzadalardy. Bakna mülklerden gelýän ummasyz girdejileriň begzadalaryň elinde jemlenmegi, atly-derejeli begzadalaryň sanynyň has-da artmagyna getiripdir. Ispaniýada özleşdirilýän ýerleriň aglabasy iri ýer eýelerine degişlidi. Emma olaryň özleri hojalyk işleri bilen meşgullanmandyrlar, ýerlerini bölüp, ýersiz daýhanlara kärendesine beripdirler. Begzadalar hojalyk işleri bilen meşgullanyp girdeji alanlaryndan bakna mülkler bilen söwda edenlerini gowy görüpdirler. Ilatyň agramly bölegi garyp düşen begzadalar-idalgolar bolupdyr. Olaryň ata-babalaryndan galan «arassa ganyndan» başga hiç hili artykmaçlyklary we emläkleri bolmandyr. Olar şäherlerde ýaşap, dürli wezipelerde işläp, güzeranlaryny aýlapdyrlar.

XVII-XVIII asyrlarda Ispaniýada orta asyrlardaky ýaly buthannyň täsiri güýçlidi. Ýurtda özleşdirilýän ýerleriň jemi 1/3 bölegi buthananyň elindedi. Orta asyrlardaky ýaly buthananyň esasy daýanjy bolan inkiwizasiýanyň täsiri Täze taryh döwründe hem saklanyp galypdyr.

**Ispaniýanyň döwlet gurluşy.** XVIII asyryň başlarynda Ispaniýada korolyň absolýut häkimiýeti ýetjek derejesine ýetipdi. Ispaniýa doly merkezleşen korollyk döwletine öwürlipdir. 1713-nji ýylda baglaşylan Utreht şetnamasyna laýyklykda, Ispaniýanyň özbaşdak dolandyrylýan Aragon, Kataloniýa we Walensiýa welaýatlary indi merkezi häkimiýete

tabyn edilipdir. Diňe Nawarra welaýaty içki özbaşdaklygyny saklap galypdyr. Döwlertiň syýasy ýgadaýyny has-da berkitmek maksady bilen ýurtda birnäçe syýasy özgertmeler geçirilipdir. Ýurtda ýerine ýetiriji häkimýet we ýerli dolandyryş işleri täzeden guralypdyr. Bu özgertmeleriň esasy maksady, ýurtda merkezi häkimiýeti güýçlendirmek, döwlet dolandyryş işlerinde ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryň ähmiýetini aradan aýyrmak bolup durýardy. Döwletiň syýasy durmuşynda kortesler (halk wekilleri) indi, öz ähmiýetini ýitirip, ýurduň syýasy wakalaryna täsirsiz edara öwürlidirler. Ýurtda merkezi häkimiýeti güýçlendirmek maksady bilen ýerli öz-özüňi dolandyryş guramalary we ýerine ýetiriji häkimiýet özgerdilipdir. Ispaniýada kanun çykaryjy edara bolan kortesler özleriniň ähmiýetini ýitiripdir. Utreht şertnamasyndan soň kortesler bütin XVIII asyryň dowamynda bary-ýogy 3 gezek çagyrylypdyr. XVIII asyryň ikini ýarymy aýratyn hem, Karl III-niň (1759-1788) dolandyran ýyllary, Ispaniýanyň taryhyna absolýutizminiň gülläp ösýän döwri hökmünde girdi.

**Ispaniýada magaryfyň ösüşi. O**rta asyrlarda bolşy ýaly, täze taryhyň başlarynda hem Ispaniýada buthananyň we onuň gullugynda duran inkiwizisiýanyň täsiri güýçlidi. Şonuň üçin hem ispan magaryfçylarynyň işleri çäkli häsiýete eýe boldy. Olar dini, filosofiki, syýasy nukdaýnazardan gowşakdylar. Emma muňa derek, ispan magaryfçylary edebiýatda, sungatda, taryh we mugallymçylyk ylymlarynda, şeýle hem, ykdysady ylymlarda uly üstünlikliklere eýe boldylar. Fransuz asylly burbonlar dinastiýasynyň Ispaniýada dolandyryp başlamagy bilen, ispan magaryfynyň ösüşinde fransuz alymlarynyň täsiri güýçli duýulypdyr. Ispaniýada görnükli fransuz aň-bilim ýaýradyjylary bolan Wolteriň, Monteskýeniň we Russonyň garaýyşlary giňden ýaýrapdyr.

Dindar-benediktçi, Owedo uniwersitetiniň professory Benito Feýhoo (1676-1764) ispan magaryfçylarynyň iň görnüklileriniň biridi. Feýhoo öňdebaryjy aň-bilim ýaýradyjy

bolup, ol ispan halkynyň medeni mirasyna ýokary baha beripdir we milli däp-dessurlary gorap saklamagyň tarapdary hökmünde çykyş edipdir. Ol ilatyň durmuş gatlaklaryna bölünmegine we dini ygtykadyna laýyklykda aýra tutulmagyna düýbinden garşy çykypdyr. Ol ähli raýatlar üçin elýeterli bolan bilim ulgamynyň girizilmegini isläpdir.

Ispan magaryfynyň görnükli wekilleriniň biri hem meşhur döwlet işgäri, alym we ýazyjy Gaspar Melçor de Hawelýanos-i-Ramires (1744-1811) bolupdyr. Ol özüniň «Ýer kanuny hakynda söz» atly eserinde ýurdy yzaglaklykdan çykarmak we ony ösdürmek üçin, esasan, döwletiň garamagyndaky ykdysadyýetini ösdürmeli diýip düşünipdir. Ol iri ýer eýeçiligine we ýer eýeçiliginiň maýorat görnüşine garşy çykyş edýär. Ol mülkdarlaryň we buthananyň artykmaç hukuklarynyň saklanyp galmagy ýurduň ykdysady ösüşini yza bökdeýär diýip düşindiripdir. Hawelýanos özüniň pelsepewi we syýasy garaýyşlary boýunça Feýhoo ýakyndy. Hawelýanos ýaşynyň bir çene barandygyna garamazdan, 1808-1814-nji ýyllarda Ispaniýada bolup geçen rewolýusiýa işjeň gatnaşypdyr.

XVIII asyrda ispan magaryfynyň esasy maksatlarynyň biri-de ilat arasynda sowatlylygy ýaýratmak bolup durýardy. Sebäbi ilatyň esasy bölegini düzýän (99 %) üçinji gatlagyň aglaba köpüsi sowatsyz daýhanlardy.

Pedro Kampomanes (1723-1803) ýokary döwlet wezipesinde işlemek bilen döwlet durmuşyna degişli birnäçe özgertmeleri geçirýär. Kampomanes we onuň pikirdeşleri ýer eýeçiliginiň maýorat görnüşine garşy çykypdyrlar we olar ýurtda erkin söwda ýol berilmeginiň zerurlygy hakyndaky pikirleri öňe sürüpdirler. Olar Ispaniýanyň bakna mülkleri bilen söwda etmekde Sewilýa we Kadis welaýatlarynyň aýratyn (monopoliýa) hukukdan peýdalanmagyna hem garşy bolýardylar. Bakna mülkler bilen alnyp barylýan söwdanyň özgerdilmegi we gaýtadan ýola goýulmagy bilen döwlet gaznasyna gelýän girdejiler birnäçe esse artypdyr.

Birnäçe ýyllap Ispaniýanyň hökümetine baştutanlyk eden Pedro Arandanyň (1718-1798) teklibi bilen iýezuitler Ispaniýadan we onuň umman aňyrsyndaky bakna mülklerinden kowulypdyr, olaryň emlägi bolsa döwlet eýeçiligine geçirilipdir.

## §7. Portugaliýa XVII –XVIII asyrlarda

**XVII-XVIII asyryň başlarynda Portugaliýanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** XV-XVI asyrlarda Ýewropanyň kuwwatly döwletleriniň biri bolan Portugaliýa 1581-nji ýyldan başlap, täze döwrüň başlanýan wagtyna çenli Ispaniýanyň gol astynda bolupdyr. 1640-njy ýylda Portugaliýanyň paýtagty Lissabon şäherinde ispan agalygyna garşy uly gozgalaň turýar. Milli azat edijilik häsiýetine eýe bolan gozgalaňyň netijesinde ispan basybalyjylary ýurtdan kowulyp çykarylýar. Iri portugal mülkdary, begzada Žuan de Bragansa garaşsyzlygyny gazanan Portugaliýanyň koroly diýlip yglan edilipdir. 1668-nji ýylda uzak wagta çeken söweşlerden soň Ispaniýa Portugaliýanyň garaşsyzlygyny ykrar edýär. Portugaliýa özüniň ozalky bakna mülkleri bolan Braziliýany, Angolany, Mozambigi, Hindistanda Goa we Diu ýerlerini, Hytaýda Makaony gaýtaryp alýar.

Portugaliýa özüniň daşary syýasatynda ygtybarly goldaw gözläp, kuwwatly Angliýa bilen ýakynlaşyp başlaýar. 1703-nji ýylda Portugaliýa bilen Angliýanyň arasynda hemişelik ýaranlyk hakynda şertnama baglaşylýar. Şertnama laýyklykda portugal söwdegärleri öz harytlaryny iňlis bazarlarynda satmaga hukuk gazanypdyrlar, portugal bazarlary bolsa Angliýa üçin açyk diýlip yglan edilipdir. 1703-nji ýyldaky şertnamanyň netijesinde Portugaliýa syýasy we ykdysady babatda Angliýa garaşly ýagdaýa düşýär.

Täze döwrüň başlanýan wagtynda Portugaliýa yzagalak, oba hojalyk döwletidi. Ýurduň ykdysadyýetiniň esasy özeni

bolan, oba hojalygynda iri ýer eýeleri-maýoratlar uly orun eýeläpdirler. Ýurtda özleşdirilýän ýerleriň üçden bir bölegi mülkdarlaryň we buthananyň elindedi. Ýurtda ýer eýeçiliginiň we kärendesine berilýän ýerleriň dürli görnüşleri saklanyp galypdyr. Portugaliýanyň günortasynda mülkdarlar öz ýerlerini ýersiz daýhanlara we kärendeçilik bilen meşgullanýan işewür adamlara kärendesine beripdirler. XVIII asyrda portugal harytlarynyň daşary ýurtlara satylyşynyň artmagy bilen, ýurtda oba hojalyk önümleriniň öndürilişiniň artmagyna, öndürijileriň aýratyn ugurlar boýunça ýöriteleşmegine getiripdir. XVIII asyrda Portugaliýanyň ilatynyň aglaba köpüsini iri ýer eýeleriniň we gurply kärendeçileriň ýerinde zähmet çekýän, ýersiz daýhanlardan ybarat bolupdyr. Wagtyň geçmegi bilen ýersiz daýhanlar iri ýer eýeleriniň ýerlerini kärendesine alyp, günlikçileriň zähmetinden peýdalanyp baýapdyrlar. Şeýlelik-de, Portugaliýanyň oba hojalygynda maýa goýum gatnaşyklary ýüze çykyp ugraýar.

XVIII asyrda Portugaliýada manufaktura önümçiligi ösüp başlapdyr. Ýüpek, pagta we ýüň matalary dokaýan, kagyz, aýna we deri önümlerini öndürýän manufakturalar has-da ýokary depginde ösüpdir. Portugaliýada senagatyň we söwdanyň ösmegine iňlis harytlarynyň bäsdeşligi hem oňaýly täsir edipdir. Portugaliýada ykdysadyýetiň ösmeginde bakna mülkler bilen alnyp barylýan söwdanyň ähmiýeti uludy. Portugallar bakna mülklerinden getirilen şeker, temmäki we pagta ýaly önümleri beýleki Ýewropa döwletlerine satypdyrlar. Portugal begzadalary gul söwdasyndan hem ummasyz girdeýji gazanýardylar. Angliýadan tapawutlylykda, Portugaliýada maýa goýum gatnaşyklarynyň ösüşinde begzadalaryň täsiri uludy. Maýa goýum gatnaşyklarynyň netijesinde baýlaşan täze gatlak - buržuaziýa, begzada at-derejelerini satyn alyp, «asylzada» bolmaga çalyşýardylar. Söwdada, senagatda we ykdysadyýetiň beýleki ugurlarynda buržuaziýanyň we

begzadalaryň bähbitleriniň umumylygy olaryň ýakynlaşmagyna we bilelikde hereket etmegine getiripdir.

**Portugaliýada merkezi häkimiýetiň güýçlenmegi. Pombalyň özgertmeleri.** XVII asyryň ahyrynda - XVIII asyrda Portugaliýada absolýut monarhiýa häkimiýeti güýçlenipdir. Portugaliýanyň kanun çykaryjy häkimiýeti bolan kortesler XVIII asyryň dowamynda bir gezek hem çagyrylmandyr. Kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýet korol we onuň permany bilen bellenilen ministrlere degişlidi. Döwlet apparatyny saklamak üçin edilýän çykdaýjylaryň öwezi halkdan ýygnalýan salgydy artdyrmagyň hasabyna doldurylypdyr.

Buthana gullukçylary we iri begzadalar salgyt tölemekden boşadylyp, olar ilat arasynda birnäçe artykmaçlyklardan peýdalanypdyrlar. XVIII asyrda Portugaliýada buthananyň agalygy, orta asyrlardaky ýaly ýokary derejede saklanyp galypdyr. Buthana özüniň ilat arasyndaky täsirini mundan beýläk hem saklap galmak üçin inkiwizisiýanyň we iýezuitler ordeniniň güýjinden peýdalanypdyr. Orta asyrlar döwri üçin häsiýetli bolan bu edara hem-de gurama ýurtda ylmyň we aňyýetiň ösüşini berk gözegçilikde saklapdyrlar. Emma muňa garamazdan, Ýewropanyň beýleki ösen döwletleriniň göreldesi bilen XVIII asyrda Portugaliýada tebigy we ynsanperwer bilimleri öwrenmäge bolan gyzyklanmalar artyp başlaýar.

XVIII asyrda Portugaliýanyň içerki we daşarky söwdasy peselip, döwletiň hazynasy boşap galypdyr. Şeýle şertlerde ýurduň ykdysady taýdan goňşy döwletlerinden yza galýanlygy duýulyp başlaýar. Korol häkimiýeti emele gelen ýagdaýdan baş alyp çykmak üçin özgertmeleri geçirmegi meýilleşdiripdir. Portugaliýanyň koroly Žoze I-niň (1750-1777) dolandyran döwründe onuň hökümetine baştutanlyk eden Pombal tarapyndan ýurtda birnäçe oňyn özgertmeler geçirilýär. Munuň özi Portugaliýada hem «sowatly absolýutizmiň» kemala gelýändigine şaýatlyk edýärdi.

Pombal ykdysadyýeti ösdürmek üçin, manufaktura kärhanalaryny döredipdir we olary korol häkimiýetiniň gözegçiliginde saklapdyr. «Korol manufakturasy» diýlip atlandyrylýan döwlet kärhanalaryndan başga-da, ýurtda hususy manufakturalar hem açylypdyr. Olar döwlet salgyt töläp, aýry-aýry ugurlar boýunça monopoliýa (*grek. «mono»* – bir, *«poliýa»*- «satmak», «satýaryn». Monopoliýa- haýsydyr bir kärhananyň, kompaniýanyň we ş.m aýry-aýry ugurlarda önüm öndürmäge we satmaga bolan artykmaçlyk) hukugyny eýeläpdirler. Ýerli manufakturalaryň bähbidini goramak maksady bilen Pombal, daşary ýurt harytlarynyň ýurda getirilişini (importyny) çäklendiripdir. Sebäbi, hil taýdan pes we gymmat bahaly önümleri öndürýän portugal öndürijileri bazar bäsdeşliginde daşary ýurtly söwdagärleriň kämil harytlaryndan ejiz gelýärdiler we döwlet hemaýatyna mätäçdiler. Pombal goşuny we floty täzeden döredip, ýurduň harby kuwwatyny güýçlendiripdir. Ýurtda içerki tertip-düzgüni berkitmek maksady bilen ol inkiwizisiýany hem özüne tabyn edipdir we onuň goldawyndan peýdalanypdyr. Pombal iri begzadalaryň garşylygyny basyp ýatyryp, korolyň häkimiýetini merkezleşdirmäge uly üns beripdir. 1759-njy ýylda dini gurama bolan «iýezuitler ordeni» Portugaliýadan kowlyp, onuň emlägi döwletiň haýryna geçirilipdir.

Pombalyň alyp baran syýasaty mülkdarlara we begzadalara ýaramandyr. Pombal bilen begzadalaryň arasynda göreş başlanýar. Pombal begzadaryň bir bölegini jezalandyrypdyr, galanlaryny bolsa ýurtdan çykaryp kowupdyr. Emma 1777-nji ýylda korol Žoze I aradan çykanyndan soň Pombalyň häkimiýeti ýykylypdyr, onuň geçiren özgertmeleri bolsa öz ähmiýetini ýitiripdir. Pombalyň dolandyran döwründe döredilen we aýratyn hukuklardan peýdalanan kompaniýalar döwletiň goldawundan mahrum edilipdir. Pombal tarapyndan durmuşa geçirilen özgertmeleriň aradan aýrylmagy bilen onuň döwründe gazanylan ykdysady ösüşler hem peselipdir.

## §8. Russiýa XVII asyryň ikinji ýarymynda – XVIII asyrda

**Russiýada senagat önümçiliginiň ýüze çykyp ugramagy.** XVII asyrda Russiýanyň ykdysadyýetinde manufaktura önümçiligi kemala gelýär. Döwlet tarapyndan ýola goýulýan manufaktura önümçiliginde metallurgiýa, deri eýlemek, duz öndürmek, gämi gurluşygy ýaly pudaklar peýda bolýar. Metallurgiýa manufakturalary has ösendi. Bu pudakda ýüzlerçe işçiler işleýärdiler. XVII asyryň ahyrynda ilkinji metallurgiýa zawodyny tulaly demir ussasy Nikita Demidow (1656-1725) gurýar. Aşaky Nowgorodda deri eýleýän kärhanalar ösýärdi. Uralda duz öndürýän iri kärhanalar peýda bolýardy. Bu kärhanalar telekeçilere we buthanalara degişlidi. Köp kärhanalar Strogonowlaryň maşgalasyna degişli bolupdyr. Grigoriý Stroganow (1656-1715) öz ata-babalary tarapyndan döredilen ýurduň dürli ýerlerindäki manufakturalary birleşdirýär. XVIII asyryň ahyrlarynda Stroganowlaryň ellerinde eýýäm 200 sany kärhana jemlenipdir. Wolgada, Kamada, Donda derýa gämileri gurlupdur. Gämi gurluşygynda işçi güýji köp ulanylýardy. Olaryň mümkinçilikleri deňiz gämileriniňkiden pes däldi. Ondan başga-da Moskwada çaphana, pul manufakturalary bardy. XVII asyryrda aýna we dokma manufakturalary döräpdir. Rus manufakturalarynda hakyna tutma işçi güýji bilen bir hatarda ýarym garaşly işçiler hem işledilipdir.

Manufaktura işçileriniň zähmeti örän agyrdy. Muňa garamazdan, manyfakturalaryň döremegi täze senagat pudaklarynyň ösmegine getirýärdi. Önümçiligiň giňeldilmegi, zähmet önümçiliginiň artmagy, uly bazarlaryň peýda bolmagyna itergi berýär.

Senagat önümçiliginiň ösmegi söwdanyň giňemegine getirýärdi. Ýerli bazarlaryň we welaýatlardaky uly bazarlaryň baglanşygy emele geldi. Araçy telekeçiler döredi. Olar harydy

bir bazardan satyn alyp, başga ýerlere äkidip satýardylar. Indi harytlaryň ýaýrawy we satylyşy ählirus häsiýete eýe boldy. Köp welaýatlaryň hem-de etraplaryň durmuşy dürli sebitler bilen alnyp barylýan söwda işlerine bagly bolupdyr. Korol hökümeti içerki bazary we ýerli rus işewürlerini goldamak maksady bilen daşary ýurtly täjirlere paçsyz söwda etmeklik gadagan edilýär. Bu bolsa hazyna daşary ýurt altyn we kümüş teňňeleriň artýan möçberde gelmegini üpjün edýär. 1653-nji ýylda Korol Alekseý Mihaýlowiç Gümrük düzgünnamasyny kabul edýär. Bu kanuna laýyklykda ýurduň dürli ýerlerindäki gümrük ýygymlary ýeke-täk paç bilen çalşyrylýar. Munuň özi bitewi rus bazarynyň kemala gelmegi üçin amatly şert döredýär. 1667-nji ýylda Gümrük düzgünnamasynyň ornuna has kämil kanun – Täze söwda düzgünnamasy kabul edilýär. 94 sany maddadan durýan bu düzgünnama boýunça daşary ýurt täjirleriniň işjeňligi belli bir derejede çäklendirilýär: olar söwda işlerini diňe araçäk şäherlerde we ýarmarkalaryň geçirilýän döwri amala aşyryp bilýärdiler. Daşary ýurt täjirlerine bölek söwda bilen meşgullanyp bilmeýärdiler, üstesine-de, olara salynýan gümrük paçlarynyň möçberi ep-esli artdyrylýar. Gümrük tölegi hökmünde diňe altyn we kümuş pullar kabul edilipdir.

Russiýanyň üstünden derýa we guryýer söwda ýollary geçýärdi. Şunuň netijesinde söwdagärler uly girdejileri alýardylar. Şeýdip olaryň ilkinji maýa goýumlary (kapitaly) peýda boldy. Söwda merkezleriniň iň öseni Moskwa şäheridi. Moskwanyň bazaryna Sibirden – sütükli geýimler, Powolžýeden (Wolga boýlary) - balyk, Orýoldan - çörek önümleri getirilýärdi. Paýtagtyň merkezindäki ýüzlerçe dukanlarda şüweleňli söwda bolýardy. Söwdanyň ösmegi Aşaky Nowgorod şäherinde, Uralda we Sibirde ýarmarkalaryň döremegine getiripdir. Şeýdip Russiýada umumy döwlet bazary peýda boldy.

**Stepan Raziniň baştutanlygyndaky daýhanlar urşy.** Daýhanlaryň hukuksyzlygy olary ýer eýelerinden gaçmaga mejbur edýärdi. Gaçgak daýhanlar Russiýanyň günortasyndaky az ilat ýaşaýan serhet welaýatlaryna gelýärdiler. Bu ýerlerde esasan kazaklar ýaşaýandyklary üçin olaryň arasynda krepostnoýçylyk düzgüni ýokdy. Kazaklar topar-topar bolup çapawulçylyk edýärdiler. Don derýasynyň boýunda ýaşaýan kazaklar patyşa Alekseý Mihaýlowiçiň kazaklara uly girdeji getirýän alamançylygy gadagan etmek baradaky kararyna garşy çykypdyrlar. Sebäbi olar Krym hanlygynyň we Osman soltanlygynyň ýerlerine alamançylyk edip köp olja alýardylar.

1668-nji ýylda Don kazaklary özlerine serkerde - ataman edip batyr kazak Stepan Razini (1630-1671) saýlaýarlar. Kazaklar Hazar deňzine ýöriş etmegi ýüreklerine düwýärler. 1668-nji ýylda Raziniň goşuny Hazar deňzine girip, Eýranyň serhetlerine aralaşýar. Kazaklar Hazaryň kenaryndaky birnäçe şäherleri (Derbent, Baku) basyp aldylar we şanyň bu ýerlerdäki goşunlaryny derbi-dagyn etdiler. Razinçiler baý oljalar bilen Astrahana dolanyp gelýärler. Şäheriň Korol woýewodalary Astrahany gozgalaňçylara berýärler. 1669-njy ýylda Raziniň gozgalaňçy goşunlary Wolga derýasy bilen ýokarlygyna ýüzüp Sarisyny (häzirki Wolgograd) eýeleýärler. Şundan soň gozgalaňçylar Dona dolanyp gelýärler.

Raziniň gozgalaňçy goşunynyň sany günsaýyn köpelýärdi. Ony Russiýanyň günorta-gündogaryndaky welaýatlaryň garyp daýhanlary hem goldaýardylar. Bu döwürde onuň söweşijileriniň sany 7000 adama ýetýär. 1670-nji ýylyň ýazynda Raziniň goşunlary Sarisin şäherini ikilenç eýeleýär. Ýerli halkyň kömek bermeginde Astrahan, Saratow, Samara ýaly şäherler hem gozgalaňçylaryň ygtyýaryna geçýär. Raziniň hereketine Wolga boýlarynyň halklary bolan tatarlar, mordwalar hem goşulypdyrlar.

Gozgalaňçylar begzadalaryň mülklerini derbi-dagyn edýärdiler, döwlet adamlaryndan öç alýardylar. Patyşa

hökümeti Stepan Raziniň daýhanlar gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin çäreleri işläp düzmäge mejbur boldy. Gozgalaňçylaryň garşysyna gowy ýaraglandyrylan jeza beriji goşun bölümleri ugradylýar. Knýaz Barýatinskiý tarapyndan serkerdelik edilýän patyşa goşunlaryna Simbirsk şäheriniň eteginde Raziniň gozgalaňçy goşunyny ýeňmek başardýar. Raziniň özi ýaralanyp Dona gaçýar. Emma baý kazaklar ony tutup, patyşal häkimiýetiniň eline berýärler. 1671-nji ýylyň 6-njy iýunynda Stepan Razin Moskwada jezalandyrylyp öldürilýär.

**Rus prawoslaw buthanasynyň bölünmegi.** Russiýada çäklendirilmedik Korol häkimiýeti berkedigiçe, dünýewi häkimiýetiň prawoslaw buthanasynyň üstünden hökmirowanlygy, gün tertibiniň esasy meselesi hökmünde örboýuna galýardy. Feodal dagynyklygy döwründe rus prawoslaw buthanasy ýurdy birikdirmekde, Russiýada merkezleşdirilen patyşa häkimiýetiniň kemala gelmeginde uly ähmiýete eýe bolupdy. Emma döwlet häkimiýeti babatynda özbaşdak syýasat ýöretmäge çalşandygyna garamazdan, wagt geçdigiçe prawoslaw buthanasynyň patyşa häkimiýetine tabynlygy güýçlenýärdi. Munuň özi rus prawoslaw buthanasynyň rim-katolikçi buthanasyndan tapawutly aýratynlygydy. Çünki rim-katolikçi buthana dünýewi häkimiýetden doly erkindi.

XVII asyryň 50-60-njy ýyllarynyň buthananyň bölünmegine getiren dini özgertmeleri rus prawoslaw buthanasyny merkezleşdirmäge gönükdirilipdi. Bu özgertmeler Rus döwletiniň daşary syýasy maksatlary bilen hem aýrylmaz baglanyşyklydy. Alekseý Mihaýlowiçiň hökümeti Ukrainanyň we Balkan ýarym adasyndaky döwletleriň prawoslaw buthanalaryny rus buthanasyna birikdirmegi maksat edinýärdi. Munuň üçin prawoslaw ynanç-ygtykatlaryny, däp-dessurlaryny tertibe salmalydy. Ukrainanyň buthanasy grekleriňki bilen pugta baglanyşyklydy, grek buthanasy bolsa ruslaryňkydan

kem-käsleýin tapawutlanýardy. Rus buthana kitaplarynda göçürijiler tarapyndan goýberilen köp sanly ýalňyşlyklar hem bardy. Şol bir däpler Russiýanyň dürli ýerlerinde bir hili görnuşlerde berjaý edilýärdi.

1654-nji ýylda Moskwada patriarh Nikonyň baştutanlygynda buthana Sobory çagrylýar. Onda buthana kitaplaryny grek nusgalary bilen deňeşdirmek we hemmeler üçin ýeke-täk hökmany däp-dessurlary girizmeklik karar edilýär. Öň iki barmak bilen çokunylýan bolsa, indi üç barmak bilen ybadat etmeklik girizilýär. Özgertmeler dogalaryň ýazgylaryna, buthana aýdymlaryna we ruhanylaryň geýimine hem öz täsirini ýetiripdir. Emma köp sanly ýönekeý ruhanylar, hatda buthana gullugynyň ýokary wezipeli din adamlary soboryň kararlaryna garşy çykýarlar. Olar ýönekeý dindarlar üçin amal etmesi ýeňil bolan köne dessurlary, okamasy ýeňil bolan buthana kitaplaryny saklap galmaga çalşypdyrlar we Nikon tarapyndan baştutanlyk edilýän rus prawoslaw buthanasyndan çykýandyklaryny yglan edýärler. Kabul edilen düzgünler bilen ylalaşman protopoplar Awwakum bilen Daniil arz edip Korol ýüz tutýarlar. Emma olar maksatlaryna ýetip bilmän, Nikonyň özgertmelerine garşy wagyz işlerini güýçlendirýärler. Nikon bolsa öz garşydaşlaryna jeza çäreleri bilen jogap berýär: ol özgermeleriň garşydaşlaryny sürgüne ugradýar, 1655-nji ýylyň buthana Soborynda bolsa olar näletlenilýär.

Dini özgertmelere garşy dörän garşylyklar durmuş nägilelikleriniň özboluşly ýüze çykmasydy. Sebäbi özgertmeleriň garşydaşlary diniň «gadymy tämizligini» saklamak ugrunda göreşýärdiler, şonuň üçin hem olary «köne dessurçylar» diýip atlandyrýardylar.

Özgertmeleri amala aşyrmak bilen patriar Nikon Russiýada güýçli merkezleşdirilen we döwlet häkimiýetinden özbaşdak prawoslaw buthanasyny döretmegi maksat edinýär. Emma patriarhyň bu maksatlary Korol hökümetiniň syýasatyna

garşy gidýärdi. Tiz wagtdan Korol bilen patriarhyň arasy bozulýar we 1658-nji ýylda Nikon patriarhlykdan el çekip, Woskresenskiý monastyryna gidýär. Nikon Korol özüni yzyna çagyrar öýdýärdi. Emma Korol hökümeti ony tiz ýatdan çykarýar. 1665-1667-nji ýyllarda bolup geçen buthana Soboryna gündogar buthanalarynyň patriarhlary hem gatnaşýarlar we onda Nikon patriarhlykdan mahrum edilýär. Nikony Beloozerodaky Feropontyň monastyryna sürgün edýärler. Emma dini Sobor hem prawoslaw buthanasynyň özbaşdaklygy meselesinde tutanýerlilik görkezip bilmeýär we bu babatda ylalaşykly karar kabul edilýär. Kararda «raýat işleri meselesinde Korol, din meselesinde bolsa buthana hökmirowandyr» diýlip bellenilýär. Şeýlelikde, Nikonyň dini özgertmeleri rus prawoslawçylygynyň resmi we «köne dessurçylar» buthanalaryna bölünmegi bilen tamamlanýar. Köne dessurçylyk diňe XVIII asyrda Korol hökümeti tarapyndan ykrar edilýär.

**XVII asyryň ikinji ýarymynda Russiýanyň daşary syýasaty.** XVII asyrda ukrain we belorus ýerleri Reç Pospolitaýanyň[1] tabynlygyndady. 1569-njy ýylyň Lýublin uniýasy boýunça Beýik Litwa knýazlygy Polşa bilen birleşýär. Öň Litwanyň düzüminde bolan Ukrainanyň ýerinde indi polýak magnatlary we şlýahtalary peýda bolýarlar, katolikçilik ornaşdyrylyp başlaýar. 1557-nji ýylda ukrain pomeşikleri (mülk eýeleri) koroldan öz krepostnoý daýhanlaryny ölüm jezasyna höküm edip bilmäge hukuk gazanýarlar, bu bolsa ilki XVII asyryň 20-30-njy ýyllarynda, soňra bolsa 40-njy ýyllarda Ukrainada azat edijilik hereketiniň ýokary göterilmegine sebäp bolýar.

Erkin kazaklaryň ýaşaýan ýeri bolan Zaporožýe Seçi Ukrainada azat edijilik hereketiniň merkezine öwrülýär. Herekete belli serkerde Bogdan Hmelniskiý (1595-1657) baştutanlyk edýär. Krym hany bilen ýaranlyk baglaşyp, ol

[1] 1569-179-nji ýyllarda ýaşan birleşen polýak-litwa döwletiniň resmi ady.

1848-nji ýylyň ýanwarynda polýaklara garşy gozgalaň turuzýar. Şol ýylyň ýazynda B. Hmelniskiniň baştutanlygyndaky gozgalaňçylar Žýoltyý Wodanyň, Korsunyň we Pilýawsiniň eteklerinde polýaklary derbi-dagyn edýär. Bu ýeňişlerden soň azat edijilik hereketi tutuş Ukrainany we Belorussiýanyň bir bölegini gurşap alýar. Netijede Ukraina iş ýüzünde garaş döwlete öwrülýär. Emma garaşsyz Ukraina üç sany kuwwatly döwletleriň – Reç Pospolitanyň, Osman imperiýasynyň we Russiýanyň aralygynda ýüze çykypdy. Emma bu döwletler Ukrainanyň garaşsyzlygyny ykrar etmäge howlukmandyrlar. Şonuň üçin hem B. Hmelniskiý goňşylary bilen çylşyrymly diplomatik gepleşikleri alyp barmaly bolupdyr. Polşa Ukraina garaşsyzlyk bermekden ýüz öwürýär, Krym hany hem ukrainlere yzygider kömek bermändir. Şeýle şertlerde ukrain serkerdesi rus Koroly Alekseý Mihaýlowiçe kömek bermegini sorap ýüz tutýar. Emma rus hökümeti Ukrainanyň Rus döwletiniň düzümine goşulmagyny talap edýär.

1649-njy ýylda B. Hmelniskiý polýaklary Zbrow söweşinde ýene-de bir ýola derbi-dagyn edýär. Emma Krym hanyndan goldaw bolmanyndan soň ol polýaklarlar bilen ýaraşyk baglaşmaga mejbur bolýar. Şertnama boýunça Ukraina Reç Pospolitanyň düzümine awtonom hukuklary bilen girýär. Emma bu şertnama taraplaryň ikisini hem kanagatlandyrmandyr. Şonuň üçin hem söweş hereketleri gaýtadan başlaýar. Şeýle şertlerde Alekseý Mihaýlowiç Ukrainany Russiýanyň düzümine birikdirmek üçin amatly wagtyň gelendigine göz ýetirýär. 1653-nji ýylyň Ýerli maslahaty (Zemskiý sobor) Ukrainany Russiýa birikdirmek hakynda karar kabul edýär. 1854-nji ýylyň ýanwarynda bolup geçen Pereýaslaw radasynda Ukraina Russiýanyň düzümine kabul edilýär. Emma bu waka Russiýa bilen Reç Pospolitanyň arasynda 1654-1667-nji ýyllaryň urşuna sebäp bolýar. 1667-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda Russiýa bilen Reç Pospolitanyň

arasynda Andrusow şertnamasyna gol çekilip, Russiýa Smolensk, Dorogobuž, Belaýa Serkow, Krasnyý Newel, Çernigow we Starodub ýerlerine eýe bolýar.

**Pýotr I-niň onuň özgertmeleri we Russiýanyň imperiýa öwrülmegi.** 1676-njy ýylda Alekseý Mihaýlowiç aradan çykýar. Onuň 14 ýaşly ogly Fedor (1676-1682) patyşa diýlip yglan edilýär. Fýodor Alekseýewiç çagalykdan keselli eken, şonuň üçin hem döwlet häkimýeti onuň ýakyn garyndaşlarynyň eline geçýär. Alty ýyldan soň Feodor Alekseýewiç ölýär. Häkimýet başyna Alekseý Mihaýlowiçiň 10 ýaşly ogly Pýotr bilen 16 ýaşly ogly Iwan geçýärler. Emma 1682-nji ýylda patyşa goşunlarynyň ýardam etmeginde Alekseý Mihaýlowiçiň uly gyzy Sofýa jigileri Iwan bilen Pýotr ulalýança özüniň regent (atabeg) diýlip yglan edilmegini gazanýar.

1689-njy ýylda Sofýa we onuň tarapdarlary häkimýeti basyp almaga synanyşyk edýärler. Emma tarapdarlary Pýotra howpyň abanýandygy barada wagtynda habar berýärler. Ol öz adamlary bilen Troisa-Sergiýew buthanasyna gidýär. Pýotruň tarapdarlary Sofiýany we ony goldaýanlary derrew boýun egdirýärler. Iwany döwlet işleri gyzyklandyrmandyr, üstesine-de, 1696-njy ýylda ol aradan çykýar. Rus tagtynda başarjaň ýigit Pýotryň bir özi galypdyr. Pýotr I-niň (1696-1725) dolandyran ýyllarynda Russiýanyň durmuşynda uly üýtgeşmeler bolup geçýär. Döwlet dolandyryşynda prikazlaryň ýerine kollegiýalar döredilýär. Olar döwletiň aýratyn meseleleri boýunça ýöriteleşýärdiler: harby kollegiýasy, daşary işler kollegiýasy, kamer (salgytlar, maliýe) kollegiýasy we başgalar döredilýär. Boýarlar dumasy ýatyrylyp, ýokary kanun çykaryjy, buýruk beriji we kazy guramasy bolan Senat döredilýär. Ýerli dolandyryşda-da uly özgertmeler amala aşyrylýar. Ýurt sekiz sany guberniýalara bölünip, olary dolandyrmak üçin başynda Korol tarapyndan gubernatorlar bellenilýär. Pýotr I-niň

döwründe Russiýada çäklendirilmedik monarhiýa – Korollyk düzgüni gutarnykly kemala gelýär.

Pýotr I-niň döwründe Russiýanyň ykdysady durmuşynda hem uly ösüşler bolup geçýär. Bu ösüş esasan manufakturanyň öňküden hem çaltdepginlerde ösmegi bilen häsiýetlendirilýär. Russiýanyň alyp barýan işjeň daşary syýasaty senagatyň ileri tutulýan pudaklaryny kesgitledi. Olar metallurgiýa, dokmaçylyk, gämi gurluşyk, ýarag öndürýän pudaklardy.

Manufakturalary işçi güýji bilen bökdençsiz üpjin etmek üçin her kärhananyň düzümine müňlerçe daýhanlary ýazýardylar. Bu düzgüne laýyklykda, eger-de kärhana satylsa ýa-da sowgat berilse, onda şol kärhana täze eýeleriň eline ýazylan daýhanlary bilen bilelikde geçirilmelidi. XVIII-nji asyryň birinji çärýeginde Russiýada manufakturalaryň sany 200-e ýetipdir.

Döwlet söwdanyň ösmegine hem ýakyndan howandarlyk edýärdi. Ýurduň senagatyny we söwdagärleriniň bähbitlerini goramak üçin Korol hökümeti daşary ýurt harytlarynyň Russiýa getirilmegini çäklendirýärdi. Galyberse-de, daşary ýurtly sowdagärleri örän ýokary gümrük paçlaryny tölemäge borçly edilýärdi. Ýerli harytlary daşary ýurt bazarlaryna çykarmaklyk hem döwlet derejesindäki möhüm meseleleriň birine öwürilýär. Daşary ýurtlarda täze söwda bazarlaryny açmak üçin rus döwleti geografiki ekspedisiýalaryň gurnalmagyna hem uly üns berýärdi. Täze açylan ýerleriň geografiki kartasyny düzmek üçin hem döwlet hemaýat edipdir. Şeýlelik bilen, Russiýanyň daşary ýurt harytlaryna we maýa goýumlaryna garaşlylygy ep-esli gowşaýar.

**Pýotr I-niň döwründe Russiýanyň daşary syýasaty.** XVIII asyryň başlarynda Russiýa işjeň daşary syýasat ýoredýärdi. 1695-nji ýylda Pýotr türk galasy bolan Azowa ýöriş geçirýär. Emma şol gezek rus goşunlary ýeňlip yzyna dolanmaga mejbur bolýar. Bu ýeňliş Pýotry ruhdan düşürmändir. Şonuň üçin hem onuň 1698-nji ýylda Azowa

geçiren täze ýörişi oňa üstünlik getirýär. Osman imperiýasy bilen baglaşylan ylalaşyk boýunça Azow deňziniň kenary we onuň kenarynda ýerleşýän Azow galasy Russiýa geçýär. Ýöne bu ýeňiş Pýotruň Gara deňze çykmaga bolan arzuwyny amala aşyryp bilmändir. Sebäbi Gara deňziň kenaryndaky köp ýerler Türkiýäniň elindedi.

1697-1698-nji ýyllarda Pýotruň başlangyjy bilen Russiýada Beýik ilçihana döredilýär. Beýik ilçihana ýolbaşçylyk etmek bilen rus Koroly Günbatar Ýewropa ýurtlaryna sapar bilen gidýär. Saparyň maksady Türkiýä garşy bileleşik döretmek bolup durýardy. Ilçihananyň resmi ýolbaşçysy bolmandyr. Ahli guramaçylyk işleri begzada F. A. Golowine we admiral F. Ý. Leforta tabşyrylypdyr. Korol özüni Pýotr Mihaýlow diýip atlandyryp, ilçihananyň düzümine ýönekeý agza hökmünde giripdir. Pýotr Ýewropa döwletleriniň gämi gurluşygynda, harby sungatda we tehnikada gazananlary bilen hem tanyşmak isleýärdi. Ol özi bilen ýüze golaý ýaş begzada ogullaryny alyp gelipdi. Beýik ilçihananyň düzüminde rus harbylary, inženerler, başga-da dürli hünärdäki adamlar bardy. Ilçihana şwed ýerleriniň usti bilen German döwletlerine barypdyr, biraz wagt Gollandiýada-da saklanypdyr. Pýotr gämi gurluşygy we deňiz işleri bilen içgin gyzyklanýardy. Ol gämi gurluşyk zawodunda işläp, gämi ussasy hünärini ele alýar.

Saparyň dowamynda rus patyşasy Angliýa baryp, iňlis hökümdary Wilgelm Oranskiý bilen duşuşýar. Iki döwletiň arasynda dostlukly gatnaşyklar ýola goýlupdyr. Emma Gollandiýa, Angliýa döwletleri Russiýa bilen Türkiýä garşy bileleşip hereket etmekden boýun gaçyrypdyrlar. Pýotr I german döwletleriniň biri bolan Saksoniýanyň hökümdary Awgust II bilen hem duşuşýar. Şonda iki hökümdar Şwesiýa garşy gizlin şertnama gol çekişýärler. Soňra bu şertnama Daniýa hem goşulýar. Şeýdip Demirgazyk bileleşigi emele gelýär. 1700-nji ýylda Russiýa Türkiýe bilen parahatçylyk

şertnamasyny baglaşmak we Şwesiýa garşy taýýarlanýan uruşda onuň bitaraplygyny gazanmak başardýar.

Tiz wagtdan Pýotr I ilçihanasy Russiýa dolanmaly bolýar. Sebäbi streles (atyjylar) harby bölümleri hökümete garşy çykyş edýärler. Olaryň çykyşyny Pýotr rehimsizlik bilen basyp ýatyrýar. Sorag etmek işlerine we jezalandyrma çärelerine hökümdaryň hut özi gatnaşypdyr.

Pýotr I Russiýanyň harby deňiz goşunynyň we ýurduň harby mümkinçiligini ösdürmäge uly üns berýärdi. 1703-nji ýylyň 16-njy maýynda Newa derýasynyň adalarynda Sankt-Peterburg şäheriniň düýbi tutulypdyr. Patyşanyň pikirine göra, gelejekde bu port-şäheri bolmalydy. Russiýanyň ähli künjeklerinden müňlerçe dürli hünärli ussalar, daýhanlar şäher gurluşygyna çekilýär. Şäheriň gurluşygy örän kyn tebigy ýagdaýlarda dowam edýärdi. Howanyň häli-şindi üýtgäp durýandygyna, derýanyň joşmagyna, keselçilige hem-de açlyga garamazdan, şäher dyngysyz gurulýardy. 1712-1713-nji ýyllarda Sankt-Peterburg Russiýanyň paýtagtyna öwrüldi.

XVIII asyryň başynda ispan korolynyň aradan çykmagy sebäpli Ýewropada ispan tagtyna eýe bolmak ugrunda döwletleriň arasynda uruşlar başlandy. Bu uruşlar 1701-1714-nji ýyllar aralygynda alnyp baryldy. Ispaniýanyň koroly mirasdarynyň bolmandygy zerarly tagtyny Fransiýanyň koroly Lýudowik XIV-niň agtygyna wesýet edýär. Emma Angliýa, Awstriýa, Gollandiýa munuň bilen ylalaşmandyrlar we Fransiýanyň garşysyna birleşipdirler. Seýlelik bilen Ýewropa döwletleriniň esasy ünsi ispan tagtynyň mirasdarlygy meselesine gönükdirilýär. Emele gelen ýagdaý Russiýa we onuň ýaranlary üçin örän amatlydy. Sebäbi Russiýa üçin öz demirgazykdaky bäsdeşi Şwesiýa garşy baş götermäge mümkinçilik döreýär.

Ispan tagty ugrundaky uruş bilen bir hatarda 1700-1721-nji ýyllar aralygynda Demirgazyk urşy hem dowam edýär. Demirgazyk urşunda Şwesiýa garşy Russiýanyň tarapdarlary

bolup Daniýa bilen Saksoniýa çykyş edýärdiler. Urşuň başynda ýagdaý rus goşunlarynyň peýdasyna bolmandyr. Şwesiýanyň ýaş hem-de gujurly koroly Karl XII Daniýanyň paýtagty Kopengagene ýakynlaşýar. Bu bolsa Daniýanyň uruşdan çykmagyna sebäp bolýar. Şwedlere Riganyň eteginde bolan söweşde Saksoniýanyň hökümdary Awgust II-ni hem derbi-dagyn etmek başardýar. Şol bir wagtyň özünde-de, rus goşunlary Narwanyň eteginde şwedler tarapyndan gabalyp, ýeňilşe sezewar edilýär.

Narwanyň etegindäki söweş rus goşunynyň kemçiliklerini görkezipdi. Pýotr I bu söweşden sapak edinip goşunda özgerişlikleri geçirmäge başlaýar. Ilki bilen hemişelik harby goşun düzülýär. Ýaş esgerler üçin harby tälim beriji mekdepler açylyp, ol ýerde harby ylymlar we söweş tilsimleri öwredilipdir. Buthanalaryň jaňlaryndan ýarag ýasalypdyr. Manufakturalar toplary, tüpeňleri, däri, harby enjamlary we geýimleri öndürýärdiler.

1701-1704-nji ýyllarda graf Şeremetýewiň serkerdeligindäki rus goşunlary Baltikanyň kenarlarynda ilkinji ýeňişleri gazanýar. 1701-nji ýylda Erestfer diýen ýerde şwed goşuny derbi-dagyn edilýär. Onuň yzysüre Noteburg galasy eýelenýär. Pýotr I-niň hut özüniň ýolbaşçylyk etmeginde Newa derýasynyň aşak akymynda şwed deňiz goşuny ýene bir ýola ýeňlişe sezewar edilýär.

1705-nji ýylda şwed koroly Karl XII Reç Pospolitany eýeläp, onuň tagtyna öz dikmesi Stanislaw Leşinskiýni belleýär. Karl XII Saksoniýanyň hökümdary Awgusty Russiýadan gizlinlikde parahatçylykly şertnama gol çekmäge mejbur edýär. Şu ýagdaýda Şwesiýanyň garşysyna Russiýanyň ýeke özi galýar. 1706-njy ýylda Karl XII rus serhedinden geçip, Ukrainanyň territoriýasyna aralaşyp ugraýar. Ukrainanyň getmany Iwan Mazepa şwedleriň tarapyna geçýär. Karl Worskla derýasynyň boýundaky Poltawa şäherini basyp almaga synanyşyk edýär, ýöne bu galany eýelemek oňa başartmaýar.

Sebäbi şäheriň ilaty iýmit hem-de ýarag ýetmezçiligine döz gelip, gahrymançylyk we batyrgaýlyk görkezipdir. Pýotr I özüniň 42 müň sany esgerden ybarat bolan goşuny bilen şwedleriň 30 müňlik goşunynyň garşysyna çykýar.

1709-njy ýylyň 27-nji iýunynda gije şwed goşuny hüjüme geçýär. Netijede taraplaryň arasynda Poltawa söweşi başlaýar. Rus goşunlaryna serkerdeler B. Şeremetýew, A. Menşikow baştutanlyk edýärdiler. Söweşde şwed koroly Karl XII ýaralanypdyr. Aljyraňňylyga düşen şwed goşuny ýeňilýär, esgerler bolsa söweş meýdanyny taşlap gaçýarlar. Poltawa söweşinde ýeňlen Karl zordan gaçyp gutulýar, onuň baş serkerdesi Renşild bolsa ýesir düşýär. Poltawanyň etegindäki söweş Demirgazyk urşuň ykbalyny kesgitledi. Şwed goşunlary Russiýanyň çägiňden gysylyp çykarylýar, indi uruş hereketleri daşary döwletleriň ýerinde alnyp barylýardy.

1710-njy ýylda Russiýa Baltikanyň kenarynda ýerleşýän Riga şäherini eýeleýär. 1711-nji ýylda bolsa Russiýa eýýäm Turkiýä garşy hem uruş alyp barýardy. Emma Türkiýä garşy uruş Russiýa üçin şowsuz tamamlandy. Russiýa bu uruşda türklerden ýeňlip, Prut ýaraşyk şertnamasyny baglaşmaga mejbur boldy. Şertnama boýunça Türkiýe Azow galasyny Russiýanyň elinden gaýtaryp aldy.

Pýotr I Russiýanyň harby deňiz goşunyny güýçlendirmek üçin tagalla baryny edipdir. Peterburg şaherinde gämi gurluşyk kärhanalary açylypdyr. Yzly-yzyna gurlup suwa goýberilýän söweş gämileri Russiýanyň deňiz goşunyny kuwwatlandyrýardy. Şwesiýanyň Baltika deňzindäki kuwwaty bolsa ýyl-ýyldan peselýärdi. 1714-nji ýylda şwed harby gämileri Russiýanyň kenarýaka Rewel şäheriniň golaýyndaky Gangut burnunda Feodor Apraksiniň serkerdeligindäki rus harby gämileri bilen bolan söweşde agyr ýeňlişe sezewar bolýar. Bu ýeňşiň Russiýanyň Baltika deňzine çykmagynda uly ähmiýeti boldy.

Russiýanyň kuwwatly deňiz döwletine öwrülmegi Günbatar Ýewropa ýurtlaryny howatyrlandyrypdyr. Angliýa Şwesiýanyň tarapynda açyk çykyş edip, öz gämilerini Baltika deňzine salýar. 1720-nji ýylyň iýulynda Grengam adasynda şwedler ýeňilip, yza çekilýärler. Bu ýeňişden soň ruslaryň deňiz goşunlary Şwesiýanyň kenarlaryna aralaşyp başlaýarlar. 1721-nji ýylyň 30-njy awgustynda Finlýandiýanyň Niştadt şäherinde Russiýa bilen Şwesiýanyň arasynda ýaraşyk barada gepleşikler başlanýar.

Nişdadt şertnamasy boýunça Estlýandiýa, Liflýandiýa, Ingermanlandiýa we Kareliýanyň bir bölegi, şeýle hem Baltika deňizindäki birnäçe adalar Russiýanyň ygtyýaryna geçýär. Şertnamada söwda gatnaşyklary barada-da ylalaşyklar gazanylypdyr. Russiýanyň Demirgazyk urşunda üstün çykmagy onuň halkara abraýyny artdyrýar. Russiýanyň Senaty tarapyndan Pýotr I imperator diýlip yglan edilýär. 1721-nji ýylda Pýotr I-ä Beýik ady hem dakylýar.

Demirgazyk urşunda üstün çykmagy Russiýany Gündogar taraplarda işjeň hereket etmäge gylawlandyrýar. Russiýany aýratyn hem Kawkaz sebiti gyzyklandyrýardy. Bu ýerlerde bolsa köp asyrlardan bäri Eýran bilen Türkiýe agalyk edýärdi. Öz günorta serhetlerinde ýerleşýän bu döwletlerden Russiýa çekinýärdi. Şonuň üçin hem bu ýerleriň halklaryny Eýrana we Türkiýä garşy küşgürip, Kawkazda Russiýanyň özi ornaşmak isleýärdi.

Emma XVIII asyryň 20-nji ýyllarynda çylşyrymly wakalaryň bolup geçendigi zerarly Eýran döwleti dargapdy we onuň Kawkazdaky täsiri bütinleý gowşapdy. Şeýle ýagdaýda Kawkazyň esasy eýesi Türkiýe bolup galýardy. Emma Eýranyň güýçden gaçmagyndan peýdalanyp, Russiýa Dagystany we Azerbaýjany bir özi basyp almagy niýet edinýärdi. Munuň üçin ol asyrlaryň dowamynda Eýranyň we Türkiýäniň düzüminde ýaşap gelýän ermenileriň we gürjileriň arkasyny tutan bolýardy. Beýleki bir tarapdan bolsa Türkiýäniň Kawkazda agalyk etmegi

Russiýanyň Gündogar ýurtlary bilen alyp barýan söwda işlerine-de päsgel berjekdi.

1722-1723-nji ýyllarda Pýotr I Hazar deňziniň günbatar kenarýakasyna ýöriş gurnaýar. Rus goşunlary Derbenti, Bakuwy we başga-da birnäçe şäherleri eýeleýärler. Netijede Azerbaýjanyň, Dagystanyň kenarýaka welaýatlary Russiýanyň düzümine girizilýär. Emma 1735-nji ýylda Eýranda Nedir şanyň döwleti birikdirmek ugrundaky işleriniň giň gerime eýe bolýan döwründe bu ýerleri Eýrana gaýtaryp bermeli boldy.

**Russiýada medeni özgerişler.** Russiýa döwletini imperiýa öwren Pýotr I bir ýola «Döwleti, watany ösdürjek we gorajak bolsaň, onuň şöhratyny öňi bilen ylymda we sungatda gözlemeli» diýip aýdypdyr. Özgertmeleri üstünlikli geçirmek üçin diňe bir sowatly adamlaryň bolmagy ýeterlik däldi. Dürli pudaklar boýunça hünärmenleri taýýarlamak hem döwrüň wajyp meseleleriniň biri bolup durýardy. Şol döwürlerde döwlet tarapyndan ähli ugurlar boýunça hünärmenleri taýýarlaýan ýöriteleşdirilen mekdepler açylypdyr. Pýotruň döwründe Russiýanyň 40-a golaý şäherinde bilim berýän we hünär öwredýän mekdepler açyldy. 1701-nji ýylda Moskwa şäherinde matematika, çyzuw, astronomiýa ylymlaryny öwredýän mekdep, 1715-nji ýylda Peterburg şäherinde Deňiz akademiýasy açylýar. Şunuň ýaly mekdepler Russiýanyň Nowgorod, Narwa, Rewel, Astrahan ýaly başga-da ençeme şaherlerinde-de esaslandyrylýar. Bu döwürde daşary ýurt dillerini öwrenmeklige uly üns berilýärdi. Ýewropa dillerini öwrenmek üçin rus ýigitleri döwlet tarapyndan Günbatar ýurtlaryna okuwa iberilýärdi.

Pýotruň döwründe Moskwa we Peterburg şäherlerinde kitap çap etmek giň gerime eýe bolupdyr, birnäçe çaphanalar gurlupdyr. Çap edilýän kitaplaryň dünýewi mazmuny bolup, olar önümçiligi, harby we deňiz işini, ylmy we magaryfy ösdürmäge niýetlenilýärdi. Matematika, fizika, harby sungata degişli kitaplar has köp çap edilýärdi. Kitaplardan başga-da,

döwlet kanunlary, permanlary, harby işleriň hasabatlarydyr düzgünleri hem neşir edilipdir.

Kitaplaryň köp çap edilmegi kitaphanalary köpçülikleýin açmak zerurlygyny ýüze çykarýardy. 1714-nji ýylda Peterburg şäherinde ilkinji jemagat kitaphanasy açylýar. Şäherleriň sowatly baý adamlary hem öz öýlerinde hususy kitaphana otaglaryny döredýärdiler. 1703-nji ýylyň başynda ilkinji rus «Wedomosty» gazeti çapdan çykýar. Ol ýurtdaky täzelikler we halkara wakaklary barada gürrüň berýärdi. Edebiýatyň ösmegi bilen hekaýalar, goşgylar toplumlary çap edilýärdi. Şäherleriň binagärçilik keşbi ýyl-ýyldan kämilleşýärdi, kaşaň-kaşaň köşkler peýda bolýardy. Teatr sungaty hem ösýärdi.

XVIII asyryň birinji çärýeginde bolup geçýän özgermeler rus jemgyýetiniň adaty durmuşyna-da öz täsirini ýetirýärdi. Russiýada täze aý-gün senenamasy girizilýär. Senenama boýunça her ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap täze ýyl hasabaty ýöredilip ugraýar. Ýewropa döwletlerine saparyndan dolanyp gelip Pýotr I Russiýada ýewropaça geýinmegi girizip başlaýar. Korolyň ýörite permany bilen ýokary gatlagyň ähli wekillerine sakgaly syrmak buýrulýar. Rus begzadalaryna çagalykdan özüňi alyp barmagyň kadalary, medeniýetli sözlemegiň, daşary ýurt dilinde geplemegiň, dilewarlygyň, sowatlylygyň endikleri öwredilýärdi. Şäherli rus begzadalarynyň öýlerinde ýewropa dessury bolan köpçülikleýin ýygnaklary – assambleýalary geçirmeklik girizilýärdi. Olarda aýallaryň bolmaklygy hökmany hasap edilýärdi. Şu özgerişlikleriň netijesinde Russiýada ýewropa medeniýetiniň gymmatlyklary ornaşdyrylyp ugraýar.

**Kondratiý Bulawiniň baştutanlygyndaky daýhanlar gozgalaňy.** Adamlaryň goşunçylyga alynmagy, müňlerçe ilatyň Peterburg şäheriniň gurluşygyna çekilmegi, salgytlaryň yzygider köpelmegi, ýurtda halk närazylygyny dörедýärdi. Ýurtda gapma-garşylyk ösýärdi. Häkimýete garşy herekete daýhanlar, şäherliler, don kazaklary, manufaktura işçileri

gatnaşýardylar. 1705-1706-njy ýyllarda merkezi häkimiýete garşy daýhanlaryň çykyşlary yzygider bolup geçipdir. Bu çykyşlar rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylýardy. Gozgalaňçylar döwlet gullukçylaryny, woýewodalary öldürýärdiler. Halk gozgalaňlary Russiýanyň köp şaherlerine we welaýatlaryna ýaýrapdyr. Astrahandaky gozgalaňdan soň, alty aýyň dowamynda şäherde ilatyň öz jemgyýetçilik dolandyryş edarasy hereket edýär. Emma şaher hökümet goşunlary tarapyndan basylyp alynýar we gozgalaňa gatnaşan 300-den gowrak adam jezalandyrylyp öldürilýär.

Erkin durmuşyň gözleginde daýhanlar köplenç Dona gaçýardylar. 1707-nji ýylyň güýz aýynda Don şaheriniň woýewodasy Ý. W. Dolgorukow gaçgak daýhanlary zalymlyk bilen jezalandyrdy. Bu zalymlyk Donuň ilatynyň aýaga galmagyna sebäp bolýar. Gozgalaňçylaryň ýolbaşçylygyna Kondratiý Bulawin saýlanýar. Kazaklardan düzülen goşun bölümleriniň ýolbaşçylary bilen bileleşip Bulawin Dolgorukiniň goşunyny derbi-dagyn edýär. 1708-nji ýylda Bulawin gozgalaňçy goşun düzmek üçin ilata çagyryşlar bilen ýüzlenýär. Bulawiniň goşunynyň sany günsaýyn artýardy, oňa müňlerçe adamlar gelip goşulýardylar. Olar Donuň merkezi bolan Çerkassk şäherini eýeläpdirler. Kazaklaryň maslahatynda Bulawin Donuň atamany diýlip yglan edilýär. Donün we Wolga boýlarynyň ähli etraplary kazaklaryň eline geçýär. Hökümet gozgalaňçylaryň garşysyna begzadalardan düzülen goşun bölümlerini iberýär. Bulawin özüniň goşunyny birnäçe böleklere bölüp, Korol goşunlarynyň garşysyna ugradýar.

1708-nji ýylyň iýun aýynda Bulawinyň goşuny Sarisin şäherini eýeleýär. Soňra gozgalaňçylar Saratow şaheriniň etegine süýşüp gelýärler. Şol bir wagtyň özünde Bulawin Azow galasyna hem ýöriş gurapdyr. Ýöne gozgalaňçylar galany alyp bilmändirler we olar uly ýitgileri çekip yza süýşmeli bolýarlar. Şondan soň patyşa goşunlary gozgalaňçylara garşy hüjüme başlaýar. Söweşleriň birinde Bulawine garşydaş tarapyň atan

oky degip wepat bolýar. Kondratiý Bulawiniň baştutanlygyndaky gozgalaňy hökümet goşunlary kynlyk bilen basyp ýatyrypdyr. Halk gozgalaňlary basylyp ýatyrylandan soň, köp obalar, daýhanlar, kazaklar, sada adamlar topalaňçylykda günäkärlenilip ýok edilipdir.

Kondratiý Bulawiniň gozgalaňy bilen bir hatarda, Ural daglarynyň töwereklerinde we Wolga boýlarynda ýaşaýan tatarlaryň, başgyrtlaryň, marileriň we udmurtlaryň gozgalaňlary hem bolup geçýär. Bu gozgalaňlar Korol häkimiýetleriniň eden-etdilikleri, ýerli halklary zorluk bilen hristiançylyga salmak bilen baglanyşyklydy. Aýratyn hem başgyrtlaryň gozgalaňy ýiti häsiýete eýe boldy. 1704-nji ýylda başlan bu gozgalaň tä 1711-nji ýyla çenli dowam etdi.

Halk köpçüliginiň XVIII asyryň başlaryndaky hereketleri Russiýanyň dolandyryjy toparlaryny döwlet dolandyryşyny berkitmäge we ýurtda çäklendirilmedik ygtyýarlykly patyşa häkimýetini esaslandyrmaga mejbur edýär.

**Russiýada häkimiýet ugrundaky özara göreşler.** 1725-nji ýylda Pýotr I aradan çykandan soň rus tagtyna onuň aýaly Ýekaterina geçýär. Ýekaterina I-niň (1725-1727) pataşaly eden ýyllarynda häkimýet graf Menşikowyň elinde jemlenipdir. Sebäbi patyşa aýal döwlet işlerine ukypsyzdy. Patyşanyň ýanynda onuň ygtyýarlyklaryny çäklendirýän Ýokary gizlin geňeş döredilýär. Döwletde esasy güýç begzadalardan durýan harby bölümleriň elindedi. Şonuň üçin hem Patyşa tagtyna tamakinçilik edýänler hökman olaryň ynamyna girmeli bolupdyrlar.

Aradan çykamazyndan öň Ýekaterina tagty Pýotr I-niň agtygy (Alekseý Petrowiçiň ogly) 12 ýaşly Pýotr II wesýet edýär. Onuň patyşalyk eden döwründe begzadalar Dolgorukiý bilen Golisinyň täsiri güýçlenýär, Menşikowy bolsa häkimýet başyndan aýryp sürgüne iberýärler. Pýotr II döwlet işlerine üns bermän, wagtyny şady-horramlykda we itler bilen bilen kowalaşyp geçiripdir.

1730-nji ýylda Pýotr II keselläp aradan çykýar. Ýokary gizlin geňeş D. Golisiniň ýolbaşçylygynda tagta Pýotr I-niň dogany Iwanyň gyzy Anna Iwanowna çagyrylýar. Anna Iwanowna Kurlýandiýanyň gersogynyň dul galan aýalydy. Gizlin geňeşiň agzalary Russiýada patyşa häkimýetini çäklendirmek isläpdirler. Şonuň üçin hem onuň öňünde birnäçe şertleri goýýarlar. Anna Iwanownanyň öňünde goýlan şertlere görä, patyşa durmuşa çykmak bolmandyr, ol özüne mirasdar belläp, uruş yglan edip, ýaraşyk baglaşyp, täze salgytlary girizip we raýatlaryny sylaglap bilmändir. Emma çäklendirilmedik häkimýetden peýda gören begzadalaryň goldamagynda zenan patyşa başyna täç geýdirilýän dabarada Gizlin geňeşiň agzalarynyň şertlerini ret edýär. Üstesine-de, Patyşaýň şahsy goşunlary hem çäklendirilmedik häkimiýetiň tarapdarlaryny goldaýarlar. Şeýdip Russiýada Patyşa tagtyny Anna Iwanowna (1730-1740) eýeleýär.

Anna Iwanownanyň döwlet işgärleriniň arasynda E. I. Biron (1690-1772), A. I. Osterman (1686-1747), B. K. Minih (1683-1767) ýaly nemes asylly begzadalar tapawutlanypdyrlar. Sebäbi ýurdy edara edende Patyşa aýal ýokary döwlet wezipelerine asly kurlýandiýaly, Baltika deňziniň kenarýaka welaýatlaryndan bolan adamlary, esasan hem nemesleri çekipdir. Russiýanyň taryhynda Ernst Bironyň ady bilen baglanyşykly «bironçylyk zamanasy» başlaýar. Bu döwürde keseki asylly döwlet adamlarynyň hojaýynçylygy, başarjaň döwlet işgärleriniň dolandyryşdan çetleşdirilmegi, hazyna ogurlygy, şugulçylyk giň gerime eýe bolýar. Anna Iwanowna özi hem dolandyryşdan başy çykmaýan, keýpi-sapany söýýän, erksiz Patyşa bolupdyr.

1740-njy ýylda Anna Iwanowna aradan çykýar. Ol ölmänkä tagtyny öz uly aýal doganynyň agtygy Iwan Antonowiçe wesýet edipdi. 1740-njy ýylyň 17-nji oktýabrynda üç aýlyk Iwan VI Russiýanyň Patyşay diýlip yglan edilýär. Patyşa kämillik ýaşyna ýetýänçä regent diýlip Birony yglan

edilýär. Emma 1741-nji ýylyň 25-nji noýabrynda harby bölümler döwlet agdarlyşygyny geçirip, Russiýanyň tagtyna Pýotr I-niň gyzy Ýelizawetany getirýärler.

Ýelizaweta Petrownanyň (1741-1761) patyşalyk eden döwründe ýokary häkimiýet durnukly häsiýete eýe bolýar. Russiýanyň içeri syýasatynda birnäçe özgertmeler geçirilýär. Söwdany ösdürmek we söwdagärleri goldamak üçin ýurduň içinde gümrük salgytlary ýatyrylýar. Ýelizaweta Petrowna töweregine R. I. we M. I. Woronsowlar, I. I. Şuwalow, A. P. Bestužew-Rýumin, A. G. Razumowskiý ýaly ökde döwlet işgärlerini  çekipdir. 1654-nji ýylda Ýelizaweta Petrownanyň hökümeti tarapyndan içki gümrük paçlary ýatyrylýar. Şol ýyl iri ýer eýeleriniň mülklerinde önümçiligi giňeltmek we mülkleriň girdejililigini artdyrmak maksady bilen Dworýan banky hem esaslandyrylýar.

Ýelizaweta aradan çykandan soň rus tagty onuň uly aýal doganynyň ogly, prawoslawlaryň Pýotr Fýodorowiç adyny kabul edip alan Golştin gersogy Karl-Petr-Uilrihiň eline geçýär. Pýotr III (1761-1762) gowşak häsiýetli, paýhassyz we kemakyl patyşa bolupdyr. Emma onuň kabul eden käbir kararlary şol döwrüň rus jemgyýetine uly täsir edýär. 1761-nji ýylda ol Prussiýa bilen ýaraşyk şertnamasyny  baglaşýar. Bu bolsa Ýedi ýyllyk urşunyň barşynda Russiýanyň ähli gazananlaryny ýoga çykarýar. 1762-nji ýylyň 18-nji fewralynda Pýotr III «Russiýanyň ähli dworýanlaryna erkinlik we azatlyk bermek hakyndaky manifeste» gol çekýär. Dworýanlaryň göwnünden turjak  bolup Patyşa olaryň döwletiň öňündäki harby we döwlet gullugy borçlaryny ýatyrýar.

Pýotr III pruss koroly Fridrih II-niň hakyky janköýeri hökmünde oňa  aýratyn uly sarpa goýupdyr we döwletiň bähbitlerine ters gelýän hereketlere ýüz urýar. Bu bolsa onuň aýaly, prawoslawçylyk däpleri boýunça Ýekaterina Alekseýewna diýlip atlandyrylan Anhalt-Serbstiň melikesi Sofiýa Awgusta Frederikanyň halk içindäki abraýynyň

artmagyna getirýär. Öz ärinden tapawutlylykda, Ýekaterina rus däp-dessurlaryna, prawoslawçylyga, aýratyn hem rus dworýanlaryna we goşunyna uly sarpa goýupdyr. 1762-nji ýylyň 28-nji iýunynda bolup geçen köşk agdarylyşygy netijesinde häkimýet başyna Pýotr III-niň aýaly Ýekaterina gelýär. Häkimýetden çetleşdirilen Pýotr III tiz wagtdan Ýekaterinanyň tarapdarlary tarapyndan öldürilýär.

**XVIII asyryň ikinji çärýeginde Russiýanyň daşary syýasaty.** XVIII asyryň ikinji çärýeginde Russiýada içeri syýasy ýagdaýyň durnuksyz bolandygyna garamazdan Pýotr I-den gözbaş alyp gaýdýan daşary syýasy ugur dowam etdirilipdir. Bu döwürde Russiýa Gara deňzine çykmaga, Baltika sebitinde öz ornuny berkitmäge gönükdirilen syýasatyny dowam etdirýär. 1733-1735-nji ýyllarda Russiýa polýak tagtynyň mirasy ugrundaky uruşlara gatnaşdy. Bu uruşda Russiýa Awstriýa we Saksoniýa bilen bileleşip Fransiýa garşy uruşýarlar. Urşuň turmagyna polýak patyşayny saýlamak bilen baglanyşykly dawalar bahana boldy. Fransiýa polýak tagtynda fransuz patyşay Lýudowik XV-niň giýewisi Stanislaw Leşşinskini oturtmak isleýärdi. Reç Pospolitanyň tagtynda fransuzlaryň täsirindäki hökümdaryň oturmagy, Russiýa bilen araçäkde düzümine Fransiýa, Polşa, Şwesiýa we Türkiýe girýän döwletleriň bileleşiginiň döredilmegine getirjekdi.

Düzümine Russiýa, Awstriýa we Prussiýa girýän beýleki bir bileleşik bolsa polýak tagtynda aradan çykan Awgust II-niň ogly Awgust Saksonlyny görmek isleýärdiler. Awgust Saksonlyny fransuzlaryň täsirine garşy çykýan polýak şlýahtasynyň bir bölegi hem goldaýardy. Bu uruşda Russiýa we onuň tarapdarlary üstün çykdylar we polýak tagty Awgust III-niň eline geçdi.

1735-1739-njy ýyllarda Russiýa Türkiýä garşy uruşlary alyp bardy. Urşuň esasy sebäbi Gara deňzine çykalga edinmek bilen baglanyşyklydy. Bu uruşda Russiýany Awstriýa ýakyndan godady. Urşuň barşynda rus goşunlary Perekopy we

Azowy zabt edip aldy, Siwaşdan we Çongar bogazyndan geçip, 1736-njy ýylda Türkiýäniň ýapjasy bolan Krym hanlygynyň paýtagty Bakjasaraýy eýeledi. Emma emele gelen kynçylyklar zerarly rus goşunlary tiz wagtdan Krymdan çykyp gitmeli boldylar. 1737-nji ýylda rus goşunlary ikinji gezek Kryma ýöriş geçirip, ilki krym hanynyň, 1739-njy ýylda bolsa türk goşunlaryny ýeňlişe sezewar etdiler. 1739-njy ýylyň Belgrad şertnamasy boýunça Russiýa Azowy gaýtaryp aldy, ýöne Osman imperiýasynyň öňünde galada goşun ýerleşdirmezlige borçlandy.

1741-1743-nji ýyllarda bolup geçen rus-şwed urşy Russiýanyň Baltika deňzindäki ornuny ep-esli berkitdi. Bu uruşda Şwesiýa 1700-1721-nji ýyllaryň Demirgazyk urşunda elden gideren ýerlerini gaýtaryp almagy niýet edinýäedi. Emma san taýdan agdyklyk edýän rus goşunlary şwedleri Finlýandiýa gysyp çykardylar. 1742-nji ýylda şwed goşunlary Gelsingforsuň eteginde ruslar tarapyndan gabawa alyndy we boýun egdirildi. 1743-nji ýylyň maýynda rus goşunlary Şwesiýanyň araçäklerine golaýladylar. Bu bolsa şwed hökümetini ýaraşyk baglaşmaga mejbur etdi. 1743-nji ýylyň Abosk ýaraşyk şertnamasy 1721-nji ýylyň Niştadt şertnamasynyň şertlerini dolulygyna tassyk edýär we rus-şwed araçägini Kümen derýasy boýunça kesgitleýär.

Gürrüňi edilýän döwürde Russiýa imperiýasynyň ýerleri gazak ýerleriniň hasabyna ep-esli giňedi. 1731-nji ýyllarda Kiçi we Orta gazak juzlary Russiýanyň düzümine goşuldy.

XVIII asyryň ortalarynda Russiýa ispan tagty ugrundaky Ýedi ýyllyk urşa hem işjeň gatnaşdy. Bu döwürde Russiýanyň Prussiýa döwleti bilen gatnaşyklary ýitileşipdi. Şonuň üçin hem Russiýanyň kansleri A. P. Bestužewiň tagallalary bilen Awstriýanyň, Fransiýanyň, Russiýanyň, Şwesiýanyň we Saksoniýanyň gatnaşmagynda Prussiýa garşy bileleşik döretmek başartdy. Uruş 1756-njy ýylda Prussiýanyň Saksoniýanyň üstüne çozmagy we awstriýa goşunlarynyň

derbi-dagyn edilmegi bilen başlady. Bir ýyl geçenden soň urşa Russiýa hem goşuldy. 1757-nji ýylyň 19-njy awgustynda rus goşunlary Gross-Ýegersdorfyň eteginde pruss goşunlaryny derbi-dagyn etdiler we tiz wagtdan bütin Gündogar Prussiýa rus goşunlary tarapyndan eýelenildi.

1758-nji ýylyň 14-nji awgustynda Sorndorfyň eteginde bolan söweşde pruss goşunlary ýene-de ruslar tarapyndan ýeňlişe sezewar edildi. 1759-njy ýylyň 1-nji awgustynda rus goşunlary Oder derýasynyň boýuna çykdylar we prusslardan ýene-de bir ýola üstün çykdylar. Şol gezek Kunersdorfyň eteginde pruss patyşay Fridrih II-niň özi hem derbi-dagyn edilýär, şonda patyşa tas ýesir alnan eken. 1760-njy ýylda rus goşunlary ýurduň paýtagty Berlini eýeleýärler. Prussiýa aýylganç heläkçiligiň öňisyrasyndady. Emma 1761-nji ýylyň 25-nji dekabrynda Ýelizaweta Petrownanyň aradan çykmagy Prussiýany heläkçilikden halas edýär.

Russiýanyň täze imperatory, Prussiýanyň we Fridrih II-niň çyn janköýeri Pýotr III 1762-nji ýylyň maýynda Fridrih bilen ýaraşyk baglaşyp, oňa Russiýanyň ähli eýelän ýerlerini gaýtaryp berýär we Prussiýa bilen ýaranlyk baglaşýar. Emma Pýotr III-niň baglaşan şertnamasynyň güýji Ýekaterina II häkimiýet başyna gelmegi bilen ýatyrylýar.

**Russiýa Ýekaterina II-niň dolandyran ýyllarynda.** Ýekaterina II (1762-1796) patyşalyk eden döwründe Russiýa dünýäniň kuwwatly döwkletleriniň birini öwrüldi, onuň çägi görnetin giňeldi. Imperiýanyň düzümine Belorussiýa, Ukrainanyň sag kenary, Krym hanlygy, Demirgazyk Kawkazyň käbir etraplary, Kuban girizildi. Bu döwürde Russiýa köpmilletli ýurda öwürildi: oňa osetinler, dagystanlylar, çeçenler, inguşlar, ukrainler, Wolga boýlarynyň halklary goşuldy. Russiýanyň düzümine Sibiriň günorta ýerleri, Altaý, Kuril adalary we Sahalin hem birikdirilýär. Rus ilaty Aleut adalarynda we Alýaskada (Rus Amerikasy) ornaşýar. Şol bir wagtyň özünde Russiýa serbler, nemesler, ermeniler, gruzinler,

grekler ýaly milletleriň wekilleri hem köpçülikleýin göçüp gelýärdiler.

XVIII asyryň ahyrlarynda Russiýanyň ilatynyň sany eýýäm 40 million adama ýetdi. Täze şäherleriň sany üzül-kesil artdy. Olaryň arasynda Don boýundaky Rostow, Ýekaterinodar, Stawropol, Wladikawkaz, Mozdok, Kizlýar, Abakan, Barnaul we başgalar bardy. Gara deňziň kenarynda Sewastopol, Herson, Odessa ýaly port şäherler gurulýardy. Uralda täze senagat we söwda merkezleri bolan Ýekaterinburg, Perm, Çelýabinsk, Orenburg we Troisk şäherleri peýda boldy.

Ýurduň çäkleriniň giňelmegi Russiýanyň ykdysadyýetiniň esasy pudagy bolan oba hojalygyny ösdürmäge uly mümkinçilik berdi. Ýöne oba hojalygynyň ösüşi özgertmeleriň üsti bilen däl-de, eýsem onuň geriminiň giňelmegi, täze ýerleriň özleşdirilmeginiň esasynda gazanyldy. Ýurtda manufaktura önümçiligi hem ykdysadyýetiň wajyp pudagyna öwürilýärdi. XVIII asyryň 60-njy ýyllarynda manufakturalaryň umumy sany 660-a ýetýär, asyryň soňunda bolsa bu görkeziji üç esse köpeldi. Manufaktura önümçiliginiň giňelmegi, içerki gümrük salgytlarynyň ýatyrylmagy, Russiýanyň içerki we daşarky söwdasynyň pajarlap ösmegini üpjün etdi we ählirus bazarynyň kemala gelmegini çaltlaşdyrdy. Pul-haryt gatnaşyklarynyň ösmegi bilen ýurduň maliýe dolanyşygyna gözegçilik edýän banklar hem döräp başlady. 1769-njy ýylda Russiýa kagyz pullary dolanyşyga girizip başlady.

Russiýany 34 ýyllap dolandyran Ýekaterina II ylymly-bilimli, akylly, işewür hem-de şöhratparaz hökümdardy. Şonuň üçin hem ol tagta geçen badyna ýurduň ähli kanunçylyk we ýerine ýetiriji häkimiýetlerini dolulygyna diýen ýaly öz eline aldy. Onuň özgertmeleriniň ilkinjisi Senatyň işini kämilleşdirmek bilen baglanyşykly boldy. Ýekaterina II Senatyň dolandyryş bilen baglanyşykly ygtyýarlyklaryny çäklendiripdir. Patyşaýň permany bilen Senat alty sany sany departamente bölünip, olaryň ikisi Moskwa şäherine geçirilýär.

Döwlet häkimiýetiniň pudaklar bölünmegi hökümdaryň çäklendirilmedik häkimiýetiniň kemala gelmegi üçin amatly şertleri döredýär. Ýekaterinanyň döwründe ummasyz köp mukdardaky ýerler we hukuksyz daýhanlar buthananyň elinden alynýar. Munuň özi buthananyň ykdysady kuwwatyny peseltmäge we döwlet girdejilerini artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Ýekaterina II-niň dolandyran ýyllary Russiýanyň taryhynda uly yz galdyrdy. Edil Ýewropanyň aglaba ýurtlarynda bolşy ýaly, Ýekaterinanyň döwri üçin hem «sowatly absolýutizm» dolandyryş syýasaty mahsusdy. Bu syýasat ilkinji nobatda daýhanlar gozgalaňlarynyň öňüni almaga we täze şertlerde rus dworýanlaryny halk köpçüliginiň adalatly gazabyndan halas etmäge gönükdirilipdi. Çünki dworýanlar rus absolýutizminiň esasy daýanjy bolup durýardylar. 1867-1868-nji ýyllarda ýokary gatlaklaryň – dworýanlaryň bähbitlerini goramak maksady bilen «Asyllylaryň (dworýanlaryň) hukuklary hakynda taslama» we «Wesýet» atly resminamalar işlenilip düzülýär.

1785-nji ýylda «Russiýa imperiýasynyň guberniýalaryny dolandyrmak üçin edaralar» atly resminama kabul edilýär. Bu resminama boýunça Russiýanyň guberniýalarynyň (welaýatlar) sany 23 bolanlygyndan 50-ä çenli artdyryldy. Kanunçylyk esasynda hukuk goraýjy edaralaryň işi hem üýtgedilip guralýar. Syýasy meseleler dworýanlar tarapyndan saýlanylýan ýerli kazyýetiň, uýezd şäherlerinde bolsa häkimleriň (gorodniçiý) ygtyýaryna berilýär. Bu özgertmeler ýerli dolandyryş edarasynyň işini berkidýär, dworýanlaryň çäklendirilmedik ýokary häkimiýet bilen baglanyşygyny güýçlendirýär.

Rus dworýanlarynyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy 1785-nji ýylda Ýekaterina II tarapyndan «Dworýanlaryň erkinligi, artykmaçlyklary we hukuklary hakyndaky ygtyýarnama» kabul edilenden soň has-da berkeýär. Bu resminama boýunça rus dworýanlary jemgyýetiň beýleki

gatlaklaryndan hukuk esasynda düýpli tapawutlandylar. Dworýanlar indi hökmany gulluk borjundan erkindiler, olar salgyt tölemekden boşadyldy, olara ten jezasyny berip bolmaýardy, dworýanlary diňe dworýan kazyýeti jogapkärçilige çekip bilýärdi. Kanun esasynda diňe dworýanlar mülklere we krepostnoý daýhanlara eýeçilik edip bilýärdiler, olaryň öýlerinde goşunlar düşläp bilmeýärdiler, dworýanlaryň mülkleri konfiskasiýa edilmäge degişli däldi.

Dworýanlara berlen hukuklar bilen bir wagtda Russiýa imperiýasynyň şäherlerine giň ygtyýarlyklar berilýär. Resminama görä, şäher ilaty durmuş ýagdaýyna mahsus derejede hukuklary hem-de borçlary bolan alty sany toparlara bölünýär. Her bir şäherde dumalar peýda bolup, olaryň düzümine şäher ilatynyň her toparyndan bir wekil girizilipdir. Duma ýokary möçberdäki emläk senzi bellenilen saýlawyň esasynda düzülipdir.

**Ýakaterina II-niň döwründe Russiýanyň daşary syýasaty.** Pýotr I-niň döwründe Russiýa Baltika deňzine çykmagy we «Ýewropa penjire» açmagy başarypdy. Ýurduň ösüşini mundan beýläk dowam etmeklik üçin Russiýanyň öňünde indi Gara deňze çykalgany eýelemek döwrüň wajyp meselesi bolup durýardy. Bu meseläni diňe harby ýol bilen çözmeklik mümkindi. Sebäbi Türkiýe Gara deňziň kenaryny meýletin bererli däldi. Galyberse-de, iki döwletiň bähbitleri Kawkaz sebitinde hem çaknyşýardy.

1768-nji ýylyň güýzinde Türkiýe Russiýa garşy uruş yglan etdi. Urşuň ilkinji ýyllarynda Russiýa harby üstünlik gazanyp bilmedi. Emma 1770-nji ýylda rus goşunlary hüjüme geçip, Dunaý derýasynda sany boýunça agdyklyk edýän türk goşunyny ýeňmegi başardy. Kawkazda hem ýerli hristiýan ilatynyň goldaw bermeginde rus goşunlary Gruziýanyň Kutaisi şäherini eýeledi. Rus goşunlary Gara deňziň kenarynda-da üstünlikli hereket edýärdi. Ruslaryň Azow flotiliýasy Perekop

galasyny basyp aldy we Kryma girdi. Uly ýitgileri çekip, türkleriň deňiz goşuny yza çekilmäge mejbur boldy.

Harby şowsuzlyklar Türkiýäniň hökümetini gepleşikleri başlamaga mejbur etdi. 1774-nji ýylyň 10-njy iýulynda Dunaý derýasynyň boýundaky Guýujyk Gaýnarja obasynda (Rumynyýa) parahatçylykly şertnama gol çekilýär. Şertnama boýunça Dnepr we Bug derýalaryynyň aralygyndaky ýerler, Azow, Kerç, Ýenigala we Giňburun galalary we Kubanyň sag kenaryndaky ýerler Russiýanyň ygtyýaryna geçýär. Ylalaşygyk boýunça öň Türkiýäniň ýapjasy bolan Krym hanlygy indi garaşsyz döwlet diýlip yglan edilýär. Şeýtmek bilen Russiýa geljekde Krym hanlygyny basyp almagy maksat edinýärdi. Türkiýäniň elinden alnan bu ýerlerden başga-da Russiýa Gara deňizde erkin söwda etmäge hem hukuk gazandy.

1783-nji ýylda rus diplomatiýasynyň basyşy netijesinde Krym hany Şahyn Gireý tagtdan el çekýär we Krym Russiýanyň düzümine goşulýar. Şol ýylda baglaşylan Georgiý traktaty (şertnama) boýunça ön Osman imperiýasynyň tabynlygyndaky Gruziýa hem Russiýanyň düzümine ýapja bolup girdi.

1768-1774-nji ýyllaryň urşunda ýeňlenden soň Türkiýe her edip, hesip edip Krymy gaýtaryp almak we Russiýany Gruziýadan gysyp çykarmak isleýärdi. 1787-nji ýylda Türkiýe bilen Russiýanyň arasyndaky uruşlar täzeden başlady. Türk goşunlary esasy hüjümlerini Giňburun galasyna gönükdirdiler. Emma Giňburny eýelemek türk goşunlaryna başartmady. 1788-nji ýylda rus goşunlary türkleriň Oçakow galasyny hem eýelediler.

Soňky ýyllaryň söweş hereketleri hem türk goşunlarynyň peýdasyna bolmady. Sebäbi Russiýany bu uruşlarda Awstriýa goldaýardy. 1789-njy ýylda Awstriýanyň goşunlarynyň ýakyndan ýardam bermeginde ruslar Rymnik derýasynyň boýunda bolan söweşde türk goşunlaryndan üstün çykdylar.

1790-njy ýylda rus goşunynyň türkleriň Izmail galasyny almagy, şeýle hem Kerç aýlagynda türk flotunyň ýeňilmegi bilen uruş tamamlandy. 1787-1791-nji ýyllaryň şowsuz uruşlary Türkiýäni Russiýa bilen Ýassy şäherinde parahatçylykly şertnama gol çekmäge mejbur edýär. Şeýlelikde, Türkiýe Kryma bolan ähli talaplaryndan ýüz öwürmäge mejbur boldy.

Özüniň günbatar araçäklerinde Russiýa Reç Pospolita döwleti bilen serhetleşýärdi. Bu döwletiň çäklerine Belorussiýanyň we Sagkenar Ukrainanyň giň ýerleri girýärdi. Rus-türk uruşlarynda gylawlanan Russiýa Reç Pospolitanyň gündogaryndaky ýerlere göz gyzdyrýardy. Reç Pospolitanyň ýerlerine Awstriýa bilen Prussiýa hem göz dikýärdiler. Şeýle şertlerde üç döwlet – Russiýa, Awstriýa we Prussiýa 1772-nji ýylda Reç Pospolitany özara paýlaşmak hakynda ylalaşýarlar. Awstriýanyň ygtyýaryna Günbatar Ukrainanyň ýerleri, Prussiýa - Baltika deňziniň kenarýakalary, Russiýa bolsa Belorussiýanyň gündogar etraplary geçdi. Bu Reç Pospolitanyň birinji bölünşigidi.

1793-nji ýylda Reç Pospolitanyň ikinji bolünşigi bolup geçýär. Prussiýa polýak ýerlerinden Gdansk bilen Poznany eýeledi. Sagkenar Ukrainany we Belorussiýanyň bir bölegini Minsk şäheri bilen bilelikde Russiýa basyp aldy.

Reç Pospolitanyň basybalyjy ýurtlar tarapyndan bölünmegi halkda gahar-gazap döredýär. 1794-nji ýylda watançy polýak generaly Todeuş Kostýuşkonyň baştutanlygynda Warşawada gozgalaň başlaýar. Gozgalaňçylaryň birnäçe ýeňişlerinden ýuregi ýarylan Ýekaterina II olara garşy general A. Suworowyň serkerdeliginde jezalandyryjy goşun ugradýar. Rus serkerdesi gozgalaňy rehimsizlik bilen basyp ýatyryp, Polşanyň paýtagty Warşawany eýeleýär. Polýak watançylarynyň gozgalaňyny basyp ýatyrandygy üçin Ýekaterina Suworowa feldmarşal harby derejesini berýär.

1795-nji ýylda Awstriýa, Prussiýa we Russiýa Reç Pospolitany üçunji gezek paýlaşýarlar. Şu bölünşik netijesinde Reç Pospolita döwleti ýaşamasyny bes edýär. Onuň ýerleri Awstriýanyň, Prussiýanyň we Russiýanyň arasynda gutarnykly bölünýär.

**Ýemelýan Pugaçýowyň baştutanlygyndaky daýhanlar gozgalaňy.** Ýekaterina II-niň dolandyran ýyllarynda içeri syýasatda begzadalar gatlagynyň hukuklarynyň we mümkinçilikleriniň giňelmegi hem-de berkemegi dowam edýärdi. Hukuksyz daýhanlaryň ýagdaýy bolsa ýyl-ýyldan ýaramazlaşýardy. Olary satýardylar, maşgalalaryny dargadýardylar, pula utdurýardylar. Ýönekeý ilatyň agyr ýagdaýy olary hojaýynlaryndan gaçmaga we ýaraga ýapyşmaga mejbur edýärdi. Galyberse-de, garamaýak ilatyň arasynda Pýotr III-niň ölmändigi, onuň daýhanlaryň durmuşyny düýpli üýtgetjek bolýandygy baradaky myş-myşlar hem ýaýrap ugraýar. Netijede Russiýanyň dürli künjeklerinde ýalan «Pýotr Fýodorowiçler» peýda bolup ugraýarlar.

Ýekaterina II-niň dolandyran ýyllarynda ägirt uly daýhanlar gozgalaňy turdy. Bu gozgalaňa gelip çykyşy boýunça daýhan maşgalasyndan bolan Ýemelýan Pugaçýow (1742-1775) baştuatnlyk etdi. Ý. Pugaçýow rus-türk we ýediýyllyk uruşlary döwründe goşunda gulluk edip, harby işi içgin öwrenipdir. Ol saglyk ýagdaýy sebäpli gullukdan boşadylýar we Ural sebitiniň Ýaýik obasynda işçi bolup işleýär. Akylly hem-de şöhratparaz Pugaçýow 1773-nji ýylda özüni Pýotr III diýip yglan edýär we töweregine närazy garamaýak ilaty, kazaklary toplap ugraýar.

Halk köpçüligi Pugaçýowyň azat ediljilik hereketine köpçülikleýin goşulup başlaýar. Onuň baştutanlygyndaky gozgalaňçylar Orenburg welaýatynyň ähli galalaryny basyp alýarlar. Gozgalaňçy goşun alty aýlap Orenburg şäherini gabawda saklaýar. Ýaraglarynyň ýönekeý bolandygyna

garamazdan gozgalaňçylaryň garşysyna iberilen hökümet goşunlary çym-pytrak edilýär.

Pugaçýowyň hereketi Russiýanyň beýleki ýerlerine hem ýaýraýar. Onuň tarapdarlarynyň sany gün-günden artýar. Pugaçýowyň egindeşleri bolan I. N. Çika-Zarubinyň, I.N.Beloborodowyň, başgyrt serkerdeleri Salawat Ýulaýewiň hem-de Kinzi Arslanowyň baştutanlygyndaky gozgalaňçylar ýüzlerçe obalary şäherleri eýeleýärler. Gozgalaňçylar Kurgan, Ufa, Kungur, Çelýabinsk, Ýekaterinburg şäherlerini hem eýeleýärler. Pugaçýowyň gozgalaňyna ruslardan başga-da başgyrtlar, tatarlar, galmyklar, gazaklar, udmurtlar, çuwaşlar, mariler, mordwalylar gatnaşypdyrlar, şonuň üçin hem bu gozgalaň köpmilletli herekete öwrülipdir. Pugaçýowyň goşunynda Balta Iderkeýew, Orazgeldi (Uruzgeldi) atly türkmen ýigitleri hem bar eken.

Pugaçýowyň gozgalaňy rus häkimiýetleriniň zähresini ýarýar. Şonuň üçin hem onuň garşysyna A. Suworow ýaly söweşlerde taplanan serkerdeler ugradylýar. 1774-nji ýylyň ýazynda Pugaçýowyň goşuny Orenburgyň töwereginde Patyşa goşunlaryndan ýeňilýär we Urala tarap çekilmäge mejbur bolýar. Uraldan soň Pugaçýowyň 20 müňlük goşuny Wolga tarap ugraýar. Emma Kazan şaheriniň eteginde bolan gazaply söweşde ol ýene-de ýeňilýär. Özüniň galan goşun bölümleri bilen Pugaçýow günorta süýşýär we şäher ilatynyň goldamagynda Saratowy, Penzany we Saranskini eýeleýär.

Donuň kazaklary Pugaçýowyň hereketini goldamandyrlar, üstesine-de, onuň egindeşleriniň arasynda dildüwişik döreýär. Şonuň üçin hem kazaklaryň bir topary ony tutup, häkimiýetleriň eline berýärler. 1775-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda Pugaçýowy we onuň tarapdarlaryny Moskwada jezalandyryp öldürýärler. Öňki hereketlerden tapawutlylykda Pugaçýowyň çykyşy özüniň guramaçylyklylygy bilen häsiýetlenýärdi. Gozgalaňa müňlerçe adamlar gatnaşyp, Russiýanyň giň ýerlerini öz içine alypdyr. Gozgalaňçylar

özboluşly dolandyryş edaralaryny hem döredýärdiler. «Pýotr III-niň» adyndan permanlar çap edilip, daýhanlara erkinlik hukugy berilýärdi.

## §9. Reç Pospolitaýa

**Ýurduň syýasy dagynyklygy.** XVII asyryň ortalarynda Reç Pospolitaýa ägirt uly meýdany eýeläp oturan, köpmilletli döwletdi. Emma XVIII asyrda ýurtda içerki ösüşiň we Ýewropada halkara ýagdaýyň çylşyrymlaşmagy netijesinde bu döwlet ýykylyp, özbaşdak döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edýär. beýleki Ýewropa döwletlerinden tapawutlylykda, Reç Pospolitaýada mekezleşen döwlet bolmandyr, ýurtda ilatyň durmuş taýdan gatlaklara bölünşigi hem ýokdy. Ýurtda kanun çykaryjy häkimiýet iki palatadan ybarat Seýmiň elindedi. Seým hakykatda bir palatadan - Senatdan ybarat bolup, onuň agzalary korol tarapyndan katolik buthananyň dindarlaryndan we magnatlardan bellenilipdir. Seýmde ara alyp maslahatlaşylýan kararyň kabul edilmegi üçin, agzalaryň ählisiniň goldamagy zerur bolupdyr, wekilleriň haýsydyr biriniň garşy bolmagy bilen karar kabul edilmän bilnipdir. Bu bolsa Seýmde geçirilýän mejlisleriň işiniň togtadylmagyna, kararlaryň bolsa yzyna gaýtarylmagyna getiripdir. Reç Pospolitaýanyň kanun çykaryjy häkimiýeti bolan, Seýmiň işi gowşak we netijesiz bolup galypdyr.

Reç Pospolitaýada korol iri begzadalardan – şlýahtalardan saýlanypdyr. Olaryň häkimiýeti nominal häsiýetde bolup, olar ýurduň syýasy durmuşyna az täsir edipdirler. Beýleki begzadalar korol häkimiýetiniň güýçlenmegiňden gorkup, onuň goşunynyň artmagyna we syýasy häkimiýetiniň kemala gelmegine garşy göreşipdirler. Käbir iri begzadalaryň hojalyklary korolyň mülkinden hem uly bolup, olaryň elinde döwlet hazynasyndan hem köp mukdarda baýlyk jemlenipdir. Hatda iri begzdalaryň hususy goşunlary

hem bolupdyr. Ýurtda dowam eden bu ýagdaý merkezi häkimiýetiň barha gowşamagyna we syýasy baş-başdaklygyň güýçlenmegine getiripdir. Netijede ýurtda döwletiň syýasy bitewiligine we özbaşdak döwlet hökmünde ýaşamgyna howp abanypdyr.

XVII asyryň ortalaryna Reç Pospolitaýada iri bezadalar iki sany uly topara bölünipdir. Olaryň birinjisi ýurduň birleşdirilmeginiň we dürli özgertmeler arkaly merkezi häkimiýetiň güýçlenmeginiň tarapdary bolupdyrlar. Ikinji topara girýän begzadalar balsa, ýurtda syýasy dagynyklygynyň we mülkdarlaryň erkinlikginiň saklanyp galmagy ugrunda hereket edipdirler. Toparlaryň ikisi hem daşary ýurtlardan özlerine ýaran gözläpdirler. Bu bolsa ýurduň keseki döwletleriň arasynda söweş meýdanyna öwrülmegine getiripdir.

Reç Pospolitaýa köp milletli ýurt bolmak bilen, ýurtda ýaşaýan beýleki milletleriň arasynda milli azat edijilik hereketleri häli-şindi gaýtalanýardy. Bu bolsa ýurtda syýasy düzgüniň gowşamagyna getirýärdi. Goňşy döwletler ýurduň syýasy taýdan gowşaklygyndan peýdalanyp oňa dürli ugurlar boýunça täsir etmäge synanyşypdyrlar. 1720-nji ýylda Prussiýa we Russiýa döwletleri Reç Pospolitaýada dowam edýän syýasy dagynyklygyň saklanyp galmagy ugrunda göreşmek hakynda özra şertnama baglaşypdyrlar. 1726-njy ýylda bu şertnama Awstriýa hem goşulýar.

**XVII asyryň ortalarynda Reç Pospolitaýanyň daşary syýasty.** Reç Pospolitaýanyň merkezi häkimiýetiniň gowşaklygy, beýleki milletleriň milli azat edijilik hereketleri, ýuruň daşary syýasatyna hem öz täsirini ýetiripdir. 1648-nji ýylda Reç Pospolitaýanyň günorta-gündogar künjeginde ýaşaýan ukrainler gozgalaň turuzdylar. Gozgalaňyň netijesinde Ukraina ýerleri Russiýa birikdirildi. 1654-1667-nji ýyllarda Russiýa bilen bolup geçen söweşiň netijesinde, Peç Pospolitaýa Kiýew şäherini we Ukrainanaýň bir bölegini elden giderdi.

1655-nji ýylda Şwesiýa garşy uruş başlady. Şwed goşunlary polýak begzadalarynyň dönükligi netijesinde Polşanyň aglaba bölegini eýelediler. Şwesiýa bilen onuň ýarany Brandenburg döwleti öz aralarynda Polşany paýlaşmagyň ýollaryny gözleýärdiler. Brandenburg-Prus korollygynyň ýerleşen ýeri Polşanyň düzümine girýärdi. Şonuň üçin hem Brandenburg döwleti Prussiýany eýelemek üçin Polşa garşy Şwesiýa bilen ýakynlaşýardy. Emma 1657-nji ýylda şwed agalygyna garşy Polşada uly gozgalaň bolup, şwed goşunlary ýurtdan kowulyp çykaryldy. Şwed goşunlarynyň ýurtdan çykarylmagy bilen Brandenburg döwleti özüniň daşary syýasatda ugruny üýtgetdi. Ol Şwesiýadan ýüz öwrüp, Polşanyň tarapyna geçdi we polýak koroly Brandenburgyň peýdasyna öz golastyndaky Prussiýa ýerlerinden ýüz öwürdi.

1683-nji ýylda Osmanly goşunlary Wena şäheriniň etegine baryp ýetdiler. Bu waka Gabsburglar nesilşalygy bilen bir hatarda beýleki nemes döwletlerini hem uly howsala saldy. Gabsburglaryň çagyrmagy bilen polýak koroly Ýan Sobeski (1674-1696) Awstriýa goşunlaryna kömege geldi we Osmanly goşunlary yza serpikdirildi. 1699-njy ýylda Awstriýa bilen, ylalaşyk baglaşylyp, oňa laýyklykda Reç Pospolitaýanyň günortasynda ozalky serhetleri dikldildi.

Emma polýak topragynda parahatlyk uzaga çekmändir. 1700-nji ýylda başlanan Demirgazyk urşy Reç Pospolitaýa hem özüniň täsirini ýetiripdir. Şwesiýa garşy urşuň barşynda Reç Pospolitaýany eýeläpdirler. 1704-nji ýylda basybalyjylaryň goldamagy bilen begzadalar Stanislaw Leşinskini korol saýlapdyrlar, ozalky korol Awgust II bolsa Russiýanyň tarapyna geçipdir. Täze korol Stanislaw Leşinskä polýak tagtynda uzak oturmak başartmandyr. 1710-nji ýylda şwed goşunlarynyň ýurtdan kowulmagy bilen, korol hem ýurdy terk etmäge mejbur bolýar.

**Ykdysadyýetiň ösüşi. Maýa goýum gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy.** Polýak obalarynda entek hem mülkdarlaryň

artykmaçlyklary saklanyp galypdyr. Bu bolsa daýhanlaryň söwda we senetçilik işlerine gatnaşmagyny çäklendiripdir. Ýurtda şäherleriň ösüşi we olaryň ykdysady ösüşdäki ähmiýeti peselipdir.

Reç Pospolitaýanyň syýasy dagynyklygy, berk merkezi häkimiýetiň bolmazlygy, ýurtda bolup geçýän yzygiderli uruşlar ykdysadyýetiň ösüşini bökdäpdir. Söweşleriň netijesinde ýurduň ilaty azalypdyr, obalar weýran edilipdir. Az ýerli we ýersiz daýhanlaryň sany köpelipdir, esasy azyk önümi bolan dänäniň öndürilişi peselipdir.

XVIII asyryň ortalarynda Reç Pospolitaýanyň hojalygynda ösüşler duýulýardy. Ýurduň içerki we daşarky bazarlarynda azyk harytlaryna islegiň artmagy bilen oba hojalygy aýratyn uly depgin bilen ösüpdir. Mülkdarlar öz hojalyklarynda hakyna tutma daşary ýurtly hünärmenleri işledipdirler, olaryň öndürýän önümleri diňe bir mülkdarlara degişli obalarda däl, eýsem şäher bazarlarynda-da satylypdyr. Obalarda haryt salgydynyň deregine girizilen pul salgydy giňden ýaýrapdyr. XVIII asyryň ikinji ýarymynda ýurduň syýasy taýdan dagynyklygyna garamazdan, Ýewropanyň ösen döwletleriniň täsiri bilen, Reç Pospolitaýada ykdysaýýetiň ösüşinde hem maýa goýum gatnaşyklary ýüze çykyp başlady.

XVIII asyryň ortalarynda Reç pospolitaýa oba hojalyk döwletidi. Oba hojalygy umumy jemagatçyk görnüşinde alnyp barylýardy, ol ýurduň içierki we daşarky bazarlarynhyň talabyny ödäp bilmeýärdi. Şonuň üçin hem ýer eýeleri dürli usullar bilen önümçiligi höweslendirmäge çalyşypdyrlar. XVIII asyryň ikinji ýarymynda ýurduň ykdysaýýeti ösüp başlapdyr. Ýurtda döwlet degişli manufaktura kärhanlary bilen birlikde iri begzadalaryň we şäher ilatynyň eýeçiligindäki manufakturalaryň sany hem ep-esli artypdyr. Ýurduň içindäki gümrükhanalaryň ýatyrylmagy içerki bazaryň emele gelmegine we ösmegine getiripdir. Ýurduň ykdydaýýetiniň ösmegi, daşarky duşmanlaryň yzygiderli çozuşlary ýurtda milli

duýgularyň döremegine getiripdir, Şeýlelik-de, täze polýak halkynyň kemala geliş hadysasy başlanypdyr. Reç Pospolitaýanyň syýasy gurluşynyň kämilleşdirilmegi, Seýmiň işjeňliginiň artmagy, berk merkezleşdirilen ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň esaslandyrylmagy ýurtda bitewi bir milletiň kemala gelmegini çaltlaşdyrypdyr.

**Polşa XVIII asyryň 60-80-nji ýyllarynda. Reç Pospolitaýanyň birinji bölünşigi.** XVIII asyryň 60-80-nji ýyllarynda Reç Pospolitaýanyň syýasy dagynyklygy güýçlenip ýokary derejä ýetipdir. Goňşy döwletleriň Reç Pospolitaýanyň içerki işlerine täsiri barha artypdyr. Ýurduň çylşyrymly ýagdaýyndan çykalga gözläp, iri begzadalar syýasy özgertmeleri geçirmek isläpdirler. 1764-nji ýylda Stanislaw Awgust Ponýatowskiniň (1764-1795) korol saýlanylmagy bilen ýurtda özgertmeler geçirilipdir. Ýurtda bar bolan birnäçe salgytlar ýatyrylyp, olar jan başyna salgyt bilen çalşyrylypdyr. Reç Pospolitaýanyň milli puly zikgelenip başlapdyr,

Ýurtda merkezi häkimiýetiň güýçlenmegi iri begzadalaryň we ýurduň syýasy dagynyklygyndan peýdalanyp, ony özlerine tabyn etmegi maksat edinýän goňşy döwletleriň nägileligine getiripdir. Russiýa hristiýan dininiň prawoslaw akymyna uýýan halklara howandarlyk etmek bahanasy bilen Reç Pospolitaýa goşun saldy. Rus agalygyndan nägile bolan begzadalar ýurduň garaşsyzlygy ugrunda göreşmek maksady bilen watançylardan ybarat bolan konfederasiýany döretdiler. Konfederasiýanyň agzalary partizançylyk hereketini alyp bardylar. Ýurduň syýasy durmuşynyň çylşyrymlaşmagyndan peýdalanyp, 1770-nji ýylda Prussiýa Reç Pospolitaýa garşy hüjüme başlady, ol az wagtyň içinde Wisla derýasynyň aşak akymyndaky polýak ýerlerini eýeledi. Reç Pospolitaýada Russiýanyň we Prussiýanyň täsiriniň artmagy Gabsburglar nesilşalygyny hem howsala saldy. 1772-nji ýylda Russiýa, Prussiýa we Awstriýanyň gatnaşmagynda Reç Pospolitaýanyň ýerleri paýlaşyldy. Awstriýa we Prussiýa ýurduň günbatar

ýerlerini eýellediler, Russiýa bolsa Gündogar Belarusy we Liflýandiýanyň günorta-gündogaryny özüne birikdirdi. Bu bölünşik Reç Pospolitaýanyň taryhynda birinji bölünşikdi.

Ýurtda emele gelen agyr ýagdaýdan çykalga gözläp, iri begzadalar ýurduň syýasy gurluşyny özgertmegi karar edýärler. 1773-nji ýylda ýurduň kanun çykaryjy edarasy bolan Seým özüni konfederasiýa diýip yglan etdi. 1775-nji ýylda bolsa, ýurduň taryhynda ilkinji gezek ýerine ýetirji häkimiýet Hemişelik geňeş döredildi. Hemişelik geňeşiň agzalary korol tarapyndan saýlanýardy. Syýasy özgertmeler Russiýanyň goldamagynda alnyp barylýardy, Russiýa bolsa, özüniň Reç Pospolitaýadaky täsirini berkitmek üçin, öňdebaryjy begzadalaryň alyp barýan işlerini ýakyndan goldaýardy.

**1791-nji ýylyň konstitusiýasy.** XVIII asyryň ahyrynda Ýewropada bolup geçen syýasy wakalar Reç Pospolitaýanyň halkara ýagdaýynyň gowulaşmagyna amatly mümkinçilik döretdi. 1787-1791-nji ýyllarda bolup geçen rus-türk uruşlary, Awstriýa bilen Prussiýanyň arasyndaky gapma-garşylyklar Polýak döwletinde amala aşyrylýan özgertmeler üçin amatly şertleriň döremegine getirdi. Senagatyň ösmegi bilen ýurtda şäherleriň täsiri güýçlenipdir. Käbir welaýatlarda daýhanlaryň gozgalaňy başlanypdyr. Polýok Seými rus agalygyndan halas bolmak üçin ýerine ýetiriji häkimiýet bolan Hemişelik geňeşi ýatyrdy. Seýmiň kabul eden progressiw kararlarynyň biri hem, ruhanylardan we mülkdarlardan salgyt ýygnalyp başlanmagydy.

Reç Pospolitaýada kanun çykaryjy häkimiýet bolan Seýmiň ygtyýarlyklary artdyrylypdyr. Onuň düzümine täze wekiller girizilipdir. Özgertmeleriň barşynda şäherler hem Seýme agzalyk hukugyny gazandy. 1791-nji ýylyň 3-nji maýynda Seýmde Reç Pospolitaýanyň baş kanuny – Konstitusiýa kabul edildi. Konstitusiýa kabul edilmezinden öň korol begzadalardan saýlanylýardy, täze konstitusiýanyň esasynda ýurtda nesilden-nesle geçýän monarhiýa häkimiýeti

döredildi. Seýmde wekilleriň weto goýmak hukugy ýatyryldy. Ýurtda ýerine ýetiriji häkimiýet korolyň elinde jemlenip, Reç Pospolitaýa merkezleşen döwlet döredildi. 1791-nji ýylyň konstitusiýasy öz döwrüniň iň kämil kanunlarynyň biri bolmak bilen, ýurdy syýasy we senagat taýdan ösdürmek üçin amatly şertleri döretdi.

**Reç Pospolitaýanyň Ikinji bölünşigi.** Reç Pospolitaýada amala aşyrylan syýasy özgertmeler ýurduň taryhynda uly öňegidişlikdi, emma muňa garamazdan, merkezi häkimiýetiň güýçlenmeginden nägile bolan begzadalaryň bir bölegi ýurtda durmuşa geçirilýän özgertmelere garşy herekete başladylar. Ýurtda tolgunşyklaryň we halk hereketleriniň güýçlenmegi, diňe bir ýerli hökümeti däl, eýsem goňşy döwletleri hem howsala salyp başlady. Rus imperatory Ýekaterina II Reç Pospolitaýa goşun saldy. Rus hökümetiniň bu hereketlerinden nägile bolan Prussiýa, Russiýa bilen diplomatik gatnaşyklaryny kesdi. Emma köp wagt geçmänkä Reç Pospolitaýany täzeden paýlaşmak meselesinde Russiýa we Prussiýa döwletleri özara ýakynlaşdylar. Bu iki döwlet «fransuz rewolýusiýasynyň zyýanly ýelginine garşy göreşmek» maksady bilen Reç Pospolitaýany gaýtadan bölüşmek kararyna geldiler. 1793-nji ýylda Reç Pospolitaýa öz taryhynda ikinji gezek güýçli döwletler tarapyndan paýlaşyldy. Netijede, Prussiýa polýak ýerlerini, Russsiýa bolsa merkezi Belarusy we Ukrainanyň bir bölegini eýeledi. Reç Pospolitaýanyň güýçli goňşylarynyň biri bolan Awstriýa, özüniň günbatar serhetlerinde alyp barýan söweşleri sebäpli, onuň paýlanşygyna gatnaşyp bilmedi.

## §10. XVII-XVIII asyrlarda Ýewropada halkara gatnaşyklary

**Ýewropada otuz ýyllyk urşy.** XVII-XVIII asyrlarda Ýewropa döwletleriniň arasynda gapma-garşylyklary döredýän sebäpleriň birnäçesi bardy. XVI asyryň başlaryndan bäri

Ýewropanyň halkara durmuşynda sebitiň mundan beýläkki ösüşi barada iki sany pikir - garaýyş saklanyp galýardy. Birinji garaýşy Mukaddes Rim imperiýasyny dolandyrýan Gabsburglar nesilşalygy öňe sürýärdi. Gabsburglar Ýewropanyň aglaba döwletleri bitewi bir imperiýanyň düzüminde bolmaly, geljekde bolsa oňa sebitiň ähli döwletleri goşulmalydyr diýip aýdýardylar. Şeýle imperiýanyň başynda Rim papasy tarapyndan goldanylýan katolik imperatory durmalydy, özem bu imperiýany asly awstriýaly Gabsburglar dinastiýasy dolandyrmalydy. Ikinji garaýşy Fransiýanyň hem-de Angliýanyň dolandyryjy toparlary öňe sürýärdiler. Olaryň pikiriçe Ýewropada diňe özbaşdak milli döwletler bolmalydy.

XVII asyrda Ýewropada milli döwletleriň bolmalydygy hakyndaky ikinji garaýyş umuman agdyklyk etdi. Sebäbi millilikden başga-da sebitiň ýurtlaryny biri-birinden tapawutlandyrýan alamatlar bardy. Ýewropa ýurtlary hristiýançylygyň iki ugruna – katolikçilige hem-de protestantçylyga eýerýärdiler. Ýewropa ýurtlarynyň arasynda milli hem-de dini agzalalykdan başga-da ykdysady oňşuksyzlyklar hem saklanyp galýardy. Sebäbi Ýewropada merkezleşdirilen milli döwletleriň kemala gelmegi bilen olaryň arasynda koloniýalary, bazarlary we möhüm söwda ýollaryny eýelemek ugrunda hem ýiti göreşler alnyp barylýardy.

Şeýle gapma-garşylyklaryň netijesinde Ýewropa döwletleriniň arsynda uruş turdy. Bu uruş birinji umumy Ýewropa urşy bolup, ony taryhçylar «Otuz ýyllyk urşy» (1618-1648) diýip atlandyrdylar. Bu urşa Ýewropa döwletleriniň ählisi diýen ýaly gatnaşdy. Şunda Ýewropa döwletleri iki sany bileleşige bölünip özara uruşdylar. Harby hereketler esasan Germaniýanyň territoriýasynda alnyp baryldy, emma söweş hereketleri wagtal-wagtal Fransiýanyň, Ispaniýanyň, Italiýanyň, Polşanyň we Niderlandlaryň ýerine-de geçirilýärdi.

Otuz ýyllyk uruş nemes katolikleri bilen protestantlarynyň arasynda başlady. Katolikleri german katolik

döwletleri, Gabsburglar, Ispaniýa we Rim papasy goldaýardy. Olara german protestant döwletleri, Angliýa, Daniýa, Şwesiýa we Gollandiýa garşy durýardy. Gabsburglaryň garşysyna katolik Fransiýa hem çykyş edýärdi. Gabsburglaryň güýçlenmegine Russiýa hem garşy çykypdyr.

Mukaddes Rim imperiýasynyň düzümine girýän Çehiýada 1618-nji ýylda Gabsburglara garşy milli azat edijilik hereketi başlaýar. Protestantçylyga uýýan çeh begzadalary özleriniň katolik gabsburglar tarapyndan ezilmeklerine närazylyk bildirip gozgalaň turuzýarlar. Gozgalaňyň turmagy Çehiýanyň Mukaddes Rim imperiýasynyň düzüminden çykýandygyny aňladýardy. Çehler bilen Gabsburglaryň arasynda uruş başlaýar.

Mukaddes Rim imperiýasynyň hökümdary Ferdinand II çeh gozgalaňçylaryna garşy uly goşun bölümini iberýär. 1620-nji ýylda Praganyň eteginde bolan söweşde çeh goşunlaryny derbi-dagyn edilýär. Imperatoryň bu ýeňşi Angliýany, Gollandiýany we Fransiýany biýnjalyk edýär. Şol sebäpden hem 1624-nji ýylda Fransiýa, Daniýa, Angliýa we Gollandiýa gabsburglara garşy bileleşik döredýärler. Daniýanyň koroly öz ýaranlaryndan alan pul kömeginiň hasabyna goşun ýygnaýar we 1625-nji ýylda urşa başlaýar.

Birnäçe Ýewropa döwletleriniň Gabsburglara garşy birleşmegi german imperatorynyň ýagdaýyny kynlaşdyrýardy. Hazyna boşap galypdy, goşun ýygnamak üçin bolsa pul gerekdi. Şeýle kynçylykly günlerde katoliklere Albreht Wallenşteýn kömege gelýär. Albreht Wallenşteýn Otuz ýyllyk urşy döwründe gabsburglaryň baş serkerdesi bolupdyr. Ol gelip çykyşy boýunça çeh protestant begzadalaryndan eken. Emma şahsy bähbitleri yzarlap katolikçilige geçipdir. Wallenşteýn imperator Ferdinand II hazyna agram salmazdan 50 müňlik goşun düzmekligi teklip edýär. Bu goşun diňe ýersiz daýhanlardan we işsiz senetçilerden düzülmelidi. Munuň üçin döwlet öz hazynasyndan hiç-hili pul harçlamaly däldi.

Wallenşteýniň düzen german goşuny özi özüni eklemelidi. Ýagny bu goşuna hereket edýän ýerleriniň şäherleridir obalaryny talamaga rugsat berilýärdi. Teklip imperatoryň göwnünden turýar we ol Wallenşteýni Mukaddes Rim imperiýasynyň goşunlarynyň baş serkerdesi edip belleýär.

Wallenşteýniň goşunlary Çehiýanyň, Germaniýanyň günorta-günbatar ýerlerini eýeläp, şäher we daýhan hojalyklaryny çökerýärdi. Şol ýerleriň daýhanlaryndan we şäher ilatyndan ägirt uly möçberde paç alynýardy. Halkyň talanylmagy diňe bir harby çykdaýjylaryň öwezini dolman, eýsem Wallenşteýniň we goşun serkerdeleriniň baýamagyna-da mümkinçilik berýärdi.

1626-njy ýylda Wallenşteýniň goşunlary Daniýanyň we nemes protestant döwletleriniň goşunlaryny hem derbi-dagyn edýär. 1629-njy ýylda Daniýanyň koroly parahatçylyk şertnamasyna gol çekip, dagy-duwara Germaniýanyň içeri işlerine goşulmazlyga borçlanýar. Mukaddes Rim imperiýasynyň öňünde bitiren hyzmatlary üçin Wallenşteýne imperator tarapyndan Meklenburg we Pomeran gersoglyklary peşgeş berilýär we oňa nemes begzadasy ady dakylýar.

Wallenşteýn öz öňünde uly-uly maksatlary goýýardy. Ol Baltikadaky deňiz söwdasyny ele alyp, ol ýerden gollandlary we iňlisleri gysyp çykarmaklygy meýilleşdirýärdi. Emma onuň bu islegleri imperatoryň bähbitlerine ters gelýär we katolik begzadalaryň nägileliklerini döredýär. Şol sebäpli hem imperator 1630-njy ýylda Wallenşteýni wezipesinden boşadýar.

Fransiýa Germaniýanyň güýçlenmegiňden çekinýärdi. Bu göreşe Fransiýa protestant Şwesiýany hem çekýär. Şol döwürde Şwesiýa uly döwlet bolsa-da, örän garypdy. Fransiýanyň hökümeti şwed koroly Gustaw II Adolfa her ýyl 1 million lir pul kömegini berýärdi. Şonuň üçin hem şwed koroly Germaniýada 30 müň pyýada, 6 müň atly goşun saklamaga borçlandy. Örän gowy söweş taýýarlygy bolan şwed goşuny

yzly-yzyna ýeňiş gazanyp, Germaniýanyň ep-esli ýerlerini eýeleýär.

Çykgynsyz güne düşen imperator Ferdinand II ýene-de Wallenşteýne kömek sorap ýüz tutýar. Emma 1632-nji ýylyň noýabr aýynda şwed goşunlary Lýutseniň ýanynda Wallenşteýniň goşunyny agyr ýeňlişe sezewar edýärler. Bu söweşde şwed koroly Gustaw II Adolf öldürilýär. Şonuň üçin hem Wallenşteýn öz hökümdaryna bildirtmän şwed serkerdeleri bilen gizlin gepleşiklere girişýär. Nemes serkerdeleri Wallenşteýni dönüklikde aýyplaýarlar we onuň goşundan giderilmegini talap edýärler. Ferdinand öz serkerdeleriniň talaplaryny berjaý etmäge razy bolýar. Tiz wagtdan Wallenşteýn öz serkerdeleri tarapyndan öldürilýär.

**Westfal ýaraşygy.** Şwed Koroly Gustaw II Adolf wepat bolandan soň, onuň hakyna tutma esgerler bilen üsti ýetirilip duran goşuny Germaniýadaky eýelän ýerlerinde, edil Wallenşteýniň goşunlarynyň edişi ýaly talaňçylyk edýärdiler. Fransuz, golland goşunlary hem german ýerlerine aralaşyp şäherleri we obalary weýran edýärdiler. Şunuň ýaly ýagdaýda 1648-nji ýylda täze imperator Ferdinand III Mukaddes Rim imperiýasynyň adyndan garşydaş tarapy bilen parahatçylyk şertnamasyny baglaşýar. Ol taryhda Westfal parahatçylyk şertnamasy ady bilen bellidir.

Westfal şertnamasy Ýewropada täze halkara tertibini kesgitledi. Şertnama boýunça Fransiýa Elzas welaýatyna eýe boldy, Şwesiýa kontribusiýa tölendi, ol Baltika deňziniň kenarlarynda bolsa giň ýerleri eýeledi. Oder, Elba we Wezer derýalarynyň deňze guýýan ýerindäki ýerlere eýelik etmek bilen Şwesiýa deňiz söwda ýollaryna gözegçilik etmek mümkinçiligini aldy.

Westfal şertnamasy boýunça Gollandiýanyň Ispaniýadan garaşsyzlygy doly ykrar edildi. Westfal şertnamasy nemes baronlaryny hem imperatoryň golastyndan çykardy. Imperator olaryň biri biri bilen, şeýle hem daşary ýurt döwletleri bilen

özbaşdak şertnama baglaşmaga we olaryň birleşmäge bolan hukuklaryny ykrar edýär. Şeýlelik bilen Germaniýa syýasy taýdan 296 sany ownuk döwletlere bölünýär. German baronlary öz ýerleriniň hakyky eýelerine öwrülip, özbaşdak goşun düzüp bilýärdiler. Olaryň Ýewropanyň uly döwletleri bilen hem arkaýyn gatnaşyk etmäge hukuklary bardy.

Westfal şertnamasy boýunça katolikçilik we protestantçylyk dini akymlaryň deň hukuklylygy ykrar edilýär. Şeýlelik bilen katolikleriň we protestantlaryň arasyndaky dini uruşlar bes edilýär. Mukaddes Rim imperiýasy iş ýüzünde dargaýar. Emma onuň ýerinde milli özbaşdak döwletleriň döredilmek meselesi entäk doly çözülmän galdy. Nemes baronlaryň garaşsyzlygynyň güýçlenmegi Germaniýanyň bitewi milli döwlet hökmünde kemala gelmegine päsgel berýärdi.

**Ispan tagty ugrundaky uruş.** XVI-XVII asyrlarda Ýewropada uruşlar «diniň arassalygy» ugrunda alnyp barlan bolsa, XVIII asyrda uruşlar täze mülkleri edinmek ýa-da tagt mirasy ugrunda alnyp barylýardy. Şeýle uruşlaryň biri-de ispan mirasy ugrunda 1701-1714-nji ýyllarda alnyp barlan uruşlardy.

Westfal şertnamasynyň çözgütleri esasynda Ýewropada güýçleriň mynasybeti düýpgöter üýtgedi. Fransiýa we Şwesiýa döwletleriniň täsiri güýçlendi. Bu bolsa Ýewropa ýurtlarynyň arasyndaky özara bäsleşigi güýçlendirýärdi. Bäsleşikler özara uruşlaryň turmagyna getirýärdi. Şol uruş ojaklarynyň biri 1700-nji ýylda ispan koroly Karl II Gabsburgyň aradan çykmagy bilen baglanyşykly Fransiýanyň bir tarapdan, Angliýanyň, Gollandiýanyň we beýleki Ýewropa döwletleri hem beýleki tarapdan ispan tagty ugrundaky urşy boldy.

1701-nji ýylda Ispaniýanyň koroly Karl II Gabsburg aradan çykdy. Ispan korolynyň galdyran wesýeti boýunça onuň mirasyna Fransiýanyň koroly Lýudowik XIV-niň agtygy gersog Filip Anžuýskiý eýe çykdy. Karl II häkimýetini oňa galdyrmak bilen Ispaniýanyň kuwwatly goňşusy bolan Fransiýa oňa

hemişe kömek-goldaw berer diýip umyt edýärdi. Gersog Anžuýskiý Karl V ady bilen Madriddäki ispan tagtyna çykdy.

Ispan tagtynyň fransiýaly mirasdarlaryň eline geçmegini Ýewropanyň hiç bir döwleti hem islemeýärdi. Sebäbi olar Fransiýanyň güýçlenmeginden diýseň gorkýardylar. Şonuň üçin hem Angliýa, Gollandiýa we beýleki Ýewropa ýurtlary ispan koroly hökmünde Karl III ady bilen awstriýaly tagt mirasdary Filip Awgust Gabsburgy yglan etdiler. Şundan soň taraplaryň arasynda uruş hereketleri başlady. Bu uruşda Fransiýa tas derbi-dagyn edilipdi. Baglaşylan parahatçylykly şertnama laýyklykda, Filip Anžuýskiý fransuz tagtyna bolan hukugyndan el çekýär. Bu uruş Burbonlaram, Gabsburglaram gowşadypdyr we Ýewropada güýçleriň täze deňeçerligi ýüze çykýar. Indi Ýewropanyň kuwwatly döwleti Angliýady. Onuň Gollandiýa bilen bäsleşigi hem Angliýanyň peýdasyna tamamlandy.

**Demirgazyk urşy**. Ýewropada ikinji uruş ojagy Şwesiýanyň hem-de Russiýanyň güýçlenmegi netijesinde olaryň arasynda bolup geçen uruşlar bilen bagly boldy. Demirgazyk urşy adyny alan bu taryhy waka 1700-1721-nji ýyllar aralygynda bolup geçdi. Şwesiýa garşy urşa başlamazdan öň rus patyşasy Pýotr I Daniýa hem-de Saksoniýa bilen birlikde Şwesiýa garşy Demirgazyk bileleşigini döredýär.

Demirgazyk urşy Şwesiýanyň we Daniýanyň arasyndaky söweş hereketleri bilen başlandy. Ýaş şwed Koroly Karl XII özüniň 15 müňlik goşuny bilen Daniýanyň paýtagty Kopengagen şäherine girýär. Karl XII iňlis we golland floty hem goldaýardy. Daniýa Demirgazyk bileleşiginden çykmaga mejbur bolýar. Şunuň ýaly ýagdaýda Karl XII Baltika deňziniň kenaryndaky Narwa galasyna ýöriş edýärler. Rus goşunlary hem öz güýçlerini Narwa çekýärler. Rus goşunynyň harby taýýarlygy, olaryň üpjünçiligi şwedleriňkiden pes bolupdyr. Üstesine-de, rus serkerdeleriniň köpüsi daşary ýurtly hakyna tutma harbylardan düzülipdi.

1700-nji ýylyň 20-nji noýabrynda Karl XII rus goşunyny agyr ýeňlişe sezewar edýär. Russiýanyň ady belli Preobražensk we Semýonow harby bölümleri agyr ýitgilere sezewar edilipdir. Rus goşunynyň ýeňilmegi Russiýanyň halkara abraýyny pese gaçyrypdyr. Karl XII Russiýa gutarnykly ýeňlişe sezewar edildi diýip pikir edýärdi. Şonuň üçin hem ol esasy ünsüni günorta taraplara gönükdirdi.

Pýotr I hem Narwanyň etegindäki ýeňlişden netije çykardy. Ol Russiýanyň harby kuwwatyny artdyrmak bilen baglanyşykly möhüm çäreleri amala aşyrýardy. Täze goşun birikmeleri döredilýärdi, olar taýýarlykly harby serkerdeler, ýaraglaryň täze nusgalary bilen üpjin edilýärdi. Daşary ýurtly serkerdeleri ruslar bilen çalşyrylýardy. Gysga wagtyň içinde täzeden döredilen rus goşunlary şwedleri 1702-nji ýylda Arhangelskiň eteginde we Liwoniýada bolan söweşlerde agyr ýeňilşe sezewar etdiler.

Söweşlere rus patyşasynyň hut özi gatnaşýardy. Täze söweş hereketleriniň netijesinde 1703-nji ýylyň ýaz aýlarynda Newa derýasynyň akymyndaky Noteburg, Niýenşans galalary şwed goşunlarynyň elinden alyndy. 1704-nji ýylda rus goşunlary Narwany hem eýeleýärler. Şeýlelikde, şwedler Tallina we Riga tarap gysylyp çykaryldy. Ruslaryň ýeňişine ýerli daýhanlaryň şwedleriň garşysyna turzan gozgalyňlary hem belli bir derejede ýardam edipdir.

Karl XII german topragynda alyp baran uruşlary oňa üstünlik getiripdir. 1706-nji ýylda ol öz goşunlary bilen Saksoniýa girýär we korol Awgust II-ni tagtdan düşürýär. Sakson tagtynda şwedleriň dikmesi Stanislaw Leşinskiý oturdylýar. Şeýlelik bilen Demirgazyk urşunda Şwesiýa bilen Russiýanyň bir özi galmaly bolýar.

Russiýa bilen 1708-1709-njy ýyllarda alnyp barlan söweş hereketleri hem Şwesiýa üstünlik getirmedi. Ukrainanyň ýerinde bolup geçen söweşlerde şwedler masgara bolup ýeňildi. Aýratyn hem Poltawa söweşi şwedler üçin şöhratsyz boldy.

1709-njy ýylyň 27-nji iýunynda Poltawanyň eteginde rus we şwed goşunlarynyň arasynda aýgytly söweş başlanýar. Bu söweşde ruslaryň goşuny san taýdan agdyklyk edýärdi. Poltawa söweşi rus goşunynyň doly ýeňşi bilen tamamlandy. Bu söweşde şwedleriň 8 müň esgeri wepat bolýar, 3 müňüsi bolsa ýesir düşýar. 1708-1709-njy ýyllaryň söweşlerinde soň Russiýanyň halkara abraýy artýar. Ýewropa döwletleri Russiýanyň syýasy we harby mümkinçiliklerini göz öňünde tutmaly bolýarlar. Şunuň netijesinde Şwesiýa garşy Demirgazyk bileleşigi dikeldilýär.

Poltawa söweşiniň ýeňişli tamamlanmagy urşuň gutarmagyna getirmeýär. Sebäbi Şwesiýanyň harby kuwwaty gury ýerde dagadylsa-da, onuň deňizdäki mümkinçiligi entäk agdyklyk edýärdi. Uruşlar indi Baltika deňzine geçirildi. 1711-nji ýylda Russiýa Türkiýe bilen hem uruş hereketlerini alyp bardy. Şonuň üçin hem Russiýa indi bir wagtda iki frontda – demirgazykda we günortada uruş alyp barmaly boldy. Emma iki tarap hem uruşda artykmaçlyk gazanyp bilmedi we uruş Russiýa bilen Türkiýäniň arasynda parahatçylyk şertnamasynyň baglaşylmagy bilen tamamlandy.

1712-nji ýylyň başynda Demirgazyk bileleşiginiň goşunlary Baltikanyň ýakasyndaky Ştralzund we Wismar galalaryny syndyryp, şwedleri derbi-dagyn edýärler. 1713-nji ýylyň ýanwar aýynda Fridrihştadta gazanylan ýeňişinden soň ruslar şol döwürler şwedlere degişli bolan Finlýandiýa ýörüş geçirýärler. Finlýandiýanyň köp bölegi ruslaryň eline geçdi. 1714-nji ýylyň 27-nji iýulynda 27-ne rus floty Gangut burnunda şwed flotyny hem derbi-dagyn edýär. Bu ýeňiş ruslaryň Baltikadaky ilkinji ýeňşidi. Ýeňiş Stokgolmda uly howsala döredýär. Sebäbi rus goşunlary Şwesiýanyň öz çäklerine golaý gelipdiler. 1720-nji ýylyň iýul aýynda ruslar Grengamda Şwesiýanyň deňiz güýçlerini doly ýeňlişe sezewar edýärler.

Russiýanyň we Şwesiýanyň arasyndaky gepleşikler uzak wagtlap dowam edipdir. Diňe 1721-nji ýylyň 30-njy awgustynda Niştadta Russiýanyň we Şwesiýanyň arasynda parahatçylykly şertnama gol çekilýär. Şertnama boýunça Russiýanyň ygtyýaryna Ingermanlandiýa, Kareliýanyň bir bölegi, Estlýandiýa we Liflýandiýa ýerleri, şol sanda Riga, Rewel, Derpt, Narwa, Wyborg, Korela şäherleri doly geçirilýär. Ruslaryň Baltikanyň üstünden agalyk etmek ugrunda bir ýarym asyrlap dowam eden uruşlary onuň doly ýeňşi bilen tamamlanýar. Bu şertnama boýunça Russiýa Baltika deňzine çykalga edinip bildi.

Bu parahatçylyk Russiýa we Şwesiýanyň arasynda hoşniýetli gatnaşyklaryň ösdürilmegine-de badalga berdi. Sebäbi 1724-nji ýylda bu iki ýurduň arasynda bileleşik barada şertnama gol çekilýär. Niştadt şertnamasy boýunça Russiýa Ýewropanyň güýçli döwletleriniň hataryna ymykly goşulýar.

**Ýediýyllyk uruş.** Demirgazyk urşunda Russiýanyň hetdenaşa güýçlenmegi we onuň Baltika deňizindäki agalygy Angliýa ýaramaýardy. Şunuň esasynda iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklar dartgynly häsiýete eýe bolýar. Bu bäsleşikde Angliýany Prussiýa döwleti goldaýardy. Prussiýanyň Angliýa bilen ýakynlaşmagy Awstriýa bilen Russiýanyň arasynda bileleşigiň döremegine getirýär.

1740-njy ýylda Awstriýanyň ersgersogy hem-de Mukaddes Rim imperiýasynyň imperatory Karl VI aradan çykýar. Tagt onuň gyzy Mariýa-Tereza geçýär, ýöne onuň häkimýetine Bawariýanyň hökümdary dawa edýär. Bawar hökümdaryny gabsburglaryň köne duşmany Fransiýa bilen Ispaniýa, şeýle hem Saksoniýa  goldaýardylar. Bu dawalara Awstriýanyň german döwletleriniň arasyndaky esasy bäsdeşi Prussiýa hem goşulýar.

Prussiýanyň täzelikde tagta geçen 28 ýaşly hökümdary Fridrih II uruşparazlygy bilen tapawutlanýardy. Mariýa Terezanyň ygtyýarlyklaryny ykrar etmek baradaky wadalaryny

unudyp, Fridrih ähtiýalanlyk bilen Awstriýanyň baý welaýaty bolan Sileziýany basyp alýar. Fridrih II ussat diplomat we başarjaň serkerde bolupdyr. Ýöne onuň diplomatiýasy we syýasaty basybalyjylykly häsiýetdedi. Ol «Eger-de, haýsydyr bir keseki ýeri siziň göwnüňize ýarasa, haýal etmän ony basyp alaýyň. Sebäbi siziň şol ýere bolan taryhy hukugyňyzy tassyk edip biljek islendik mukdardaky taryhçam tapylar, hukukçam» diýýär eken. Şonuň üçin hem Fridrih diňe bir Sileziýany basyp alanda däl, eýsem başga ýerleri basyp almaga synanyşanda hem hut şu syýasatdan ugur alýardy.

Awstriýanyň mirasy ugrundaky uruş (1740-1748) awstro-prus bäsleşigini tutaşdyrypdyr. Bäsleşigiň netijesinde tagt Mariýa Terezanyň elinde galypdyr, Sileziýa bolsa Prussiýanyň ygtyýaryna geçipdir. Mariýa Tereza Fridrihiň bolşuna, onuň Awstriýa babatyndaky syýasatyna der-gazap bolup «iň soňky köýnegimi sataryn welin, Sileziýany gaýtaryp alaryn» diýip nalapdyr. Mariýa Tereza tiz wagtda Prussiýa garşy Fransiýadan we Russiýadan ybarat bolan täze bileleşigi döretmek başardýar. Emma öňki uruşda Mariýa Terezany goldap ýören Angliýa, garaşylman durka Prussiýanyň tarapyna geçýär. Munuň sebäbi Angliýany diňe bir Ýewropadaky syýasat gyzyklandyrman, eýsem ony Fransiýa bilen alnyp barylýan koloniýal dawalar hem özüne çekýärdi.

Prus koroly Sileziýadan başga-da Polşany, Çehiýany, Saksoniýany we Kurlýandiýany hem basyp almagy maksat edinýärdi. Fransiýanyň we Bawariýanyň goldawyna daýanyp, uruş yglan etmezden, ol birnäçe ýerleri basyp alyp başlaýar. Ýewropada Prussiýanyň, Fransiýanyň we Bawariýanyň syýasatlarynyň işjeňleşmegi Russiýany Angliýa bilen ýakynlaşmaga iterýär. Şunuň netijesinde 1755-nji ýylda Russiýa bilen Angliýanyň arasynda bileleşik hakynda şertnama baglaşylýar.

Fridrih II Mariýa Terezanyň elinden Sileziýany basyp alandan soň, Russiýa Awstriýanyň tarapdary bolandygy üçin prus imperatorynyň hereketlerine garşy çykýar.

**Urşuň başlanmagy.** XVIII asyryň 50-nji ýyllarynda üçünji umumyýewropa urşy başlaýar. 1756-njy ýylyň awgust aýynda Fridrih II Saksoniýa duýdansyz çozýar. Awstriýanyň goşunlaryny derbi-dagyn edip, ol Drezden we Leýpsig şäherlerini basyp alýar. Prussiýa garşy Awstriýa, Fransiýa, Russiýa we Şwesiýa birleşýärler. Angliýa bolsa Prussiýany goldaýardy.

1757-nji ýylda rus goşuny Gündogar Prussiýanyň çäklerine çozup girýär. Kenigsberg şäheriniň golaýynda rus we prus goşunlarynyň arasynda söweş başlanýar. Ruslar ýeňiş gazanýarlar we Kenigsberg şäheri eýelenýär. Kenigsberg eýelenenden soň rus goşunlary bütin Gündogar Prussiýada ornaşýarlar. 1759-njy ýylda rus goşunlary Oder derýasynyň boýundaky Frankfurt şäherini hem basyp alýarlar. Şol ýylyň awgustynda Kunersdorf obasynyň golaýynda iki goşunyň arasynda esasy söweş bolup geçýär. Bu söweşiň netijesinde Fridrih II-niň goşuny doly derbi-dagyn edilýär. Prus imperatory şonda tas ýesir düşen eken. Rus goşunlarynyň okgunly hereketleriniň netijesinde 1760-njy ýylyň 28-nji sentýabrynda Prussiýanyň paýtagty Berlin şaheri eýelenýär. Şunuň ýaly ýagdaýda Fransiýa özüniň ähli harby güýçlerini gündogarda – Prussiýa bilen serhetlerinde jemleýär. Angliýa bu ýagdaýdan peýdalanyp Demirgazyk Amerikadaky fransuz Kanadasyny eýeleýär we Missisipi derýasynyň boýlarynda fransuz goşunlaryna garşy hüjümlerini dowam etdirýär. Fransuz floty iňlisler tarapyndan doly derbi-dagyn edilýär.

Peterburgdan gelen habar prus imperatoryny halas edýär. 1761-nji ýylyň dekabrynda rus tagtyna Pýotr I-niň agtygy, Golştin gersogy Karl Pýotr Uilrih geçýär we ol Pýotr III ady bilen Russiýany dolandyryp başlaýar. Pýotr III rus tagtyna çykmagy bilen Prussiýa bolan syýasy garaýyş üýtgeýär. Täze

rus imperatoryPrussiýa bilen haýal etmän parahatçylykly şertnama gol çekýär. Şertnama boýunça bu uruşda rus goşunlarynyň eýelän ähli ýerleri Prussiýa täzeden gaýtarylyp berilýär. Emma Ýedi ýyllyk uruşda Prussiýa halys tapdan düşüpdi we şonuň üçin hem 1762-nji ýylda Fridrih II uruşdan çykmaga mejbur bolýar.

Bu urşuň netijesinde Ýewropanyň serhetleri üýtgewsiz ýagdaýda galdy. Emma Angliýa üçin bu uruş örän amatly tamamlandy. 1763-nji ýylyň 10-njy fewralynda Parižde parahatçylykly şertnama gol çekilýär. Angliýa Hindistanda we Demirgazyk Amerikada Kanada we Luiziana fransuz kolonial mülklerini eýeleýär. Şunuň netijesinde Angliýa Fransiýa bilen bäsleşikde aýgytly ýeňişleri gazandy. Bu uruşda Fransiýanyň dünýädäki halkara abraýy belli-külli peseldi. Fransiýanyň syýasy, ykdysady we harby kuwwaty gaçdy. Ýedi ýyllyk urşuň netijesinde Angliýa dünýäniň öňdebaryjy söwda we kolonial imperiýasyna öwürilýär.

XVII-XVIII asyrlaryň uruşlary we diplomatiýasy Ýewropa döwletleriniň jemgyýetçilik-ykdysady we syýasy ösüşiniň netijesi boldy. Ösen Ýewropa döwletleri öz içerki ykdysady meselelerini çözmek üçin işjeň daşary syýasat alyp barýardylar. Köp mukdarda öndürilýän harytlary halkara giňişliklerine çykarmak, baý bazarlary eýelemek ugrunda uruşlary alyp barypdyrlar. Bu uruşlarda Ýewropa döwletleri öz aralarynda iki topara bölünýärdiler. Olaryň biri Ýewropanyň merkezi döwletleri, beýlekisi bolsa sebitiň çetki döwletleridi. Ýewropanyň çetki döwletleri diňe bir koloniýalaryndan mahrum edilmän, eýsem olar öz ýerlerini hem ýitiripdirler. Polşanyň goňşy döwletler tarapyndan bölünmegi muňa aýdyň mysal bolup biler.

Dünýäde öňdebaryjylygy eýelemek ugrunda XVII-XVIII asyrlaryň dowamynda döwletleriň arasynda umumyýewropa uruşlary bolup geçdi. Bu uruşlar ispan, polýak we awstriýa tagtlarynyň mirasdarlygy ugrunda alnyp baryldy. Otuz ýyllyk

uruş Fransiýanyň we Şwesiýanyň güýçlenmegi bilen tamamlanýar. Şertnama boýunça Fransiýa Elzas etrabyny, Şwesiýa bolsa Baltika deňziniň kenarlaryndaky giň ýerleri eýelemegi, şeýle hem Oder, Elba we Wezer derýalarynda deňiz söwda ýollaryna gözegçilik etmek hukugyny almagy başarýar. Westfal şertnamasy boýunça Gollandiýa Ispaniýadan öz garaşsyzlygyny gazandy, Germaniýa bolsa syýasy taýdan ownuk döwletlere bölündi. Şwesiýanyň Baltika deňziniň üstünden gözegçilik etmegi Russiýa ýaramaýardy. Demirgazyk urşy netijesinde Ingermanlandiýa, Kareliýanyň bir bölegi, Estlýandiýa we Liflýandiýa ýerleri, şol sanda Riga, Rewel, Derpt, Narwa, Wyborg, Korela şäherleri Russiýanyň ygtyýaryna geçirilýär. Niştadt şertnamasy boýunça Russiýa Baltika deňizinde gutarnykly ornaşdy.

Ýedi ýyllyk urşy diňe bir umumyýewropa häsiýetde bolman, eýsem gelejekde dünýä uruşlarynyň hem tutarygy bolup galdy. Sebäbi bu urşuň ýaňy baryp Demirgazyk Amerika we Aziýa çenli ýetipdir. Ýediýyllyk urşuň netijesinde Ýewropanyň serhetleri üýtgewsiz ýagdaýda galýar. Emma Angliýa üçin bu uruş örän amatly tamamlandy. Angliýa Fransiýanyň Hindistanda eýelän ýerlerini we Demirgazyk Amerikadaky Kanada we Luiziana kolonialaryny eýeleýär. Bu ýagdaý Angliýa bilen Fransiýanyň arasynda ýiti bäsleşigiň başlanmagynda sebäp boldy. Emma Fransiýanyň dünýäde halkara abraýy peseldi, Angliýa bolsa dünýäniň kuwwatly söwda we kolonial imperiýsyna öwürildi.

Öňki asyrlardan tapawutlylykda, bu döwürde halkara jedellerini çözmekde döwletler kanuny esaslara ýüzlenip başladylar. Muňa tagt mirasdüşerligi ugrundaky uruşlar doly şaýatlyk edýär. Şeýlelikde, baglaşylan döwletara şertnamalary halkara hukugy baradaky düşünjeleri ösdürdi. Halkara hukugy baradaky nazaryýet XVI-XVII asyrlarda kemala gelipdi. Bu ugurda ilkinji ylmy garaýyşlar italýan alymy Alberiko Jentili (1552-1608) degişli bolupdy. Ol ilçihanalaryň işi barada we

uruş hukugy barada eserleri ýazypdyr. Emma halkara hukugy ylmynyň esaslandyryjysy bolup, golland alymy Gugo Grosiý (1583-1645) çykyş edýärdi. Ol Angliýada üç kitapdan duran «Urşuň we parahatçylygyň hukugy barada» işi ýazdy. Şol işde ilkinji bolup halkara hukugynyň meseleleri orta atylypdyr.

## §11. Demirgazyk Amerikadaky iňlis bakna mülkleriniň garaşsylyk ugrundaky göreşi

**Angliýanyň Amerikadaky bakna mülkleri.** 1492-nji ýylda Hristofor Kolumbyň Amerika yklymyny açmagy bilen, Ýewropa ýurtlarynyň taryhynda täze eýýam başlandy. Ýewropalylar köpçülikleýin Amerika yklymyna köpçülikleýin göçüp başladylar. Ekerançylyk üçin amatly şertleri we gazylyp alynýan gymmat bahaly dürli magdanlara baý bolan Amerika materigi ýewropadan göçüp barýan ilat üçin täze Dünýädi. XVI asyrdan başlap Ýewropada önümçilik gatnaşyklarynyň täze gatnaşyklarynyň ornaşdyryllmagy, ykdysadyýetde maýa goýum gatnaşyklarynyň berkarar edilmegi we Ýewropa yklymynda ýaşaýan ilatyň köpelmegi bilen, yewropalylar ummanyň aňyrsyndaky ýerler bilen barha köp gyzyklanyp başladylar. Ispaniýa, Fransiýa, Niderlandlar we Angliýa täze ýerleri başyp almaga işjeň gatnaşýardylar. Umman aňyrsyndaky basybalyşlara Fransiýa we Portugaliýa garanyňda biraz giç başlandygyna garamazdan, Angliýa bu ugurda uly üstünliklere eýe boldy. Angliýanyň öne saýalanmagynyň hem özüniň taryhy sebäpler bardy.

Angliýada ykdysadyýet täze usulda, maýa goýum gatnaşyklarynyň esasynda ösýärdi. Angliýa Ýewropa döwletleri bilen gury ýer boýunça serhetleşmeýärdi, bu bolsa Angliýanyň Ýewropada bolýan yzygiderli uruşlardan daşda galmagyna we harby taýdan kuwwatlanmagyna getirýärdi. Angliýanyň ykdysady we harby taýdan kuwwatlanmagy, onuň umman

aňyrsyndaky mülkleri eýelemek ugrundaky bäşdeşlikde üstünlikli çykyş etmegini üpjün etdi.

Angliýadan daýhanlaryň we senetçileriň köp bölegi Amerika yklymyna göçüp bardylar. Şeýle hem dini yzarlamalardan ýadan puritanlar hem Amerika gaçyp barýardylar. 1607-nji ýylda Demirgazyk Amerikada ilkinji iňlis koloniýasy esaslandyryldy. Jeýms derýasynyň kenarynda ýerleşýän bu koloniýa Wirginiýa diýip atlandyryldy. Angliýadan göçüp barýan ilatyň artmagy bilen Atlantik ummanynyň kenarynda 13 koloniýa dördildi. Koloniýalar demirgazykdan günorta tarap kenar ýakasy bilen uzalyp gidip, Demirgazykda Täze Angliýa, Nýu-Gempşir, Massaçusets, Konnektikut, Rod-Aýlend; Merkezde Nýu-ýork, Pensilwaniýa, Nýu-Jersi, Delewer; Günortada Wirginiýa, Merilend, Jorjiýa, demirgazyk we günorta Karolina ýerleşýärdiler.

Iňlis koloniýalarynyň ýerleşen ýerinde indeýleriň iki sany uly taýpasy: irekezler we algonkinler ýaşap, olaryň ilat sany 200 müňden köp bolmandyr. Ýewropaly basybalyjylaryň gelmegi bilen indeý taýpalary öz ýerlerini taşlap yza çekilmäge mejbur boldylar.

Demirgazyk koloniýalaryň döremeginde iňlis kompaniýalarynyň orny uly bolupdyr. Ýewropada dowam edýän orta asyrlara mahsus gatnaşyklardan gaçyp, dürli hünärli adamlar koloniýada ornaşypdyrlar. Täze göçüp gelen ilat bu ýerde öz hojalyklaryny erkin görnüşde, fermer usulynda ýöredipdirler. Angliýadan göçüp gelýän ilatyň içinde ökde hünärli ussalaryň, senetçileriň bolmagy koloniýalarda öwnuk senagatyň ösmegine, XVII asyryň ikinji ýarymynda bolsa, ilkinji manufakturalaryň döremegine getiripdir. Plantatorlaryň hojalygynda öndürilen harytlar dünýä bazarynda satylyp ugrapdyr. Koloniýalarda işçi güýji hökmünde, esasan, «ak» we «gara» gullar diýlip atlandyrylýan adamlar hyzmat edipdirler. Olar Ýewropadan göçüp gelen işçiler we Afrikadan getirilen gullardy.

Demirgazyk Amerikadaky iňlis koloniýalarynda maýa goýum gatnaşyklary bilen bir hatarda, gul eýeçilik gatnaşyklary hem dikeldilýärdi. Ýurduň günortasynda gullaryň hyzmatyndan has-da köp peýdalanylypdyr. 1619-njy ýylda Afrikadan garaýagyz gullar köpçülikleýin getirilip başlanypdyr. Garaýagyz gullar rehimsizlik bilen ezilipdir, olar berk tertip-düzgünde saklanyp, ony bozanlara berk çäre görlüpdir. Amerikadaky koloniýalar korol häkimiýetinden daşda ýerleşmek bilen, bu ýerde köne feodalçylyk gatnaşyklarynyň täsiri pesdi, senagatyň, ykdysadyýetiň erkin ösmegi üçin birnäçe şertler bardy. Iňlis koroly we begzadalar Demirgazyk Amerikadaky koloniýalarda feodalçylyk düzgünleri berkitmek üçin dürli çäreleri görüpdirler. Korol koloniýalardaky mülklere eýelik edip, ol ýerler korol tarpyndan ýakyn adamlaryna peşgeş berlipdir. Iri ýer eýeleri öz ýerlerini böleklere bölüp, ownuk daýhanlara kärendesine beripdirler. Korolyň we köne düzgünleriň täsiri Günorta we Merkezi koloniýalarda güýçli duýlupdyr. Emma korolyň tarapdarlaryna ýer eýeçiligine bolan monopol hukugy saklap galmak başartmandyr. Köpsanly ilat iri eýelerine boýun egmezden Günbatara – «eýesiz ýerlere» tarap süýşüpdirler. Olary «skwatterler» diýip atlandyrypdyrlar. Skwatterleriň köpçülikleýin ýörüşleri oba hojalygynyň «fermer hojalygy» ýoly bilen ösmegine we ykdysadyýetde maýa goýum gatnaşyklarynyň giňden ornaşmagyna getiripdir.

Bakna mülerde ýaşaýan ilatyň, erkin ýer eýeçiligi we syýasy hukuklary eýe bolmak ugrundaky alyp baran demokratik herketleri häli-şindi dowam edipdir. 1676-njy ýylda Wirginiýa koloniýasynda fermerleriň gozgalaňy başlanypdyr. Fermer Nataniýel Bekon (1647-1676) tarapyndan ýolbaşçylyk edilen bu gozgalaň, ýerden erkin peýdalanmagy we salgyt ulgamyna garşy göreşmegi maksat edinipdir. 1689-njy ýylda Nýü-Ýork şäherinde J. Leýsleriň ýolbaşçylygynda bolup geçen gozgalaňda hem zähmetkeş halk oba hem-de şäher begzadalaryna garşy göreşipdirler.

XVII asyryň ortalarynda Angliýada buržuaz rewolýusiýanyň dowam edýän wagtynda, Amerikadaky iňlis koloniýalarynda bolup geçýän halk hereketlerinde puritanlaryň täsiri uly bolupdyr. Şeýle hereketleriň biri R. Uilýams tarapyndan gurnalyp, ol Angliýadaky lewellerler bilen ýakyn aragatnaşyk saklap, dini häsiýetli jemgyýet döredipdir. R. Uilýams öz tarapdarlary bilen täze bir koloniýany - Rod-Aýlendi esaslandyrypdyr. Bu ýerde gulçylyk ýatyrylyp, ilata dini erkinlik berlipdir. Mülk ýerler ownuk böleklere bölünip, daýhanlaryň arasynda paýlanyp berlipdir.

Metropoliýanyň (bakna mülkleriň dolandyryş merkezi) köne feodalçylyk düzgünlerini saklap galmak ugrundaky alyp barýan syýasaty Amerikan koloniýalarynda erkin ösýän ykdysadyýet, özboluşly fermer hojalygy üçin amatsyzdy. Korolyň tarapynda durýan begzadalar bilen fermerleriň arasynda alnyp barylýan göreş, möwritini ötüren köne gatlak bilen, täze taryhy şertlerde ösýän ykdysady gatlagyň arasyndaky özboluşly göreşdi. Bakna ýerlerde söwdanyň we senagatyň ösüşi, onuň metropoliýalar bilen gatnaşyklarynyň ýitileşmegine sebäp boldy. Angliýa özüniň Demirgazyk Amerikadaky koloniýalaryna diňe çig mal serişdesi hökmünde garaýardy. Koloniýalardan geirilen çig mal iňlis kärhanalarynda gaýtadan işlenip, taýyn haryt görnüşinde bakna ýerlere getirilip gymmat bahadan satylýardy Bu bolsa ýerli ilatda uly nägilelik döredýärdi. Çünki Demirgazyk we Merkezi koloniýalaryň özünde hem senagat ösüp, indi amerikan harytlary Angliýada öndürilen harytlar bilen bäsdeşlik edip başlady. Angliýa Amerikada senagatyň aşa ösmegiňden gorkup, käbir çäklendirmeleri girizdi. Bakna ýerlere Angliýadan başga döwletler bilen söwda etmek gadagan edildi. 1750-nji ýylda bakna ýerlerde metal işläp bejermegi we ýarag öndürmegi gadagan edýän kanunlar kabul edildi.

Angliýa öz bakna ýerlerinde, diňe bir ykdysadyýetiň, senagatyň ösüşine gözegçilik etmek bilen çäklenmän, eýsem

berk syýasy düzgüni hem ýola goýdy. Demirgazyk Amerikadaky bar bolan 13 sany iňlis koloniýasynyň aglabasyny korol tarapyndan bellenilýän gubernatorlar dolandyrýardy. Gubernatorlaryň elinde kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimýetleri jemlenipdir. Koloniýalarada Assambleýa, ýagny iki palatadan ybarat ýerli Geňeş bolupdyr. Birinji palatanyň agzalary gubernatorlar tarapyndan begzadalardan bellenipdir. Ikinji palata halkyň içinden saýlanypdyr. Ikinji gatlagyň hukuklary diňe kanun çykarmak barada teklip etmek bilen çäklenipdir.

**Demirgazyk Amerikan milletiniň emele gelmegi.** XVIII asyryň ortalarynda Demirgazyk Amerikanyň gündogarynda Atlantik ummanynyň kenarynda 13 sany koloniýa ýerleşýärdi. Bu ýerde Ýewropanyň dürli ýerlerinden göçüp gelen ilat ýaşap, olaryň arasynda iňlisler, fransuzlar, gollandlar, irlandlar, ispan agdyklyk edipdir. Bulardan başgada 2,5 million ýerli gyzyl tenli ilat we afrikadan getirilen garaýagyz gullar ýaşapdyrlar. Bakna mülkleriň arasynda özara söwda ösüpdir. Bu bolsa olaryň arasynda gatnaşygyň ýygjamlaşmgyna we dil, medeniýet, ykdysadyýet we ýaşaýyş-durmuş babatynda umymylyklaryň kemala gelmegine getiripdir. Demirgazyk we Merkezi mülklerde senagat ösüpdir, ol ýerde öndürilen senagat önümleri günorta welaýatlara satylypdyr. Günortada ýerleşen welaýatlar bolsa, demirgazyk we mekezi welaýatlary çig mal we oba hojalyk önümleri bilen üpjün edipdirler. Bakna mülkler derýa ýollary we Atlantik ummanynyň kenary boýunça öz aralarynda söwda alyp barypdyrlar. Bu bolsa bakna mülkleriň arasynda umumy içerki bazaryň emele gelmegine getiripdir. Ýewropadan göçüp gelen we taryhy ykballary meňzeş bolan adamlar, iki asyrdan gowrak wagt bäri geografiki taýdan goňşyçylykda ýaşamak bilen, olaryň arasyndaky meňzeşlikler we umumylyklar barha artypdyr. Bu bolsa olaryň täze bir milleti kemala getirmeklerine şertleri döredýär. Bakna mülkleriň arasynda Angliýadan göçüp

gelenleriň agdyklyk etmegi bilen iňlis dili ýörgünli bolupdyr. Emma bu ýerde bar bolan, beýleki dilleriň täsiri bilen iňlis dili özgeripdir. Şeýlelikde, XVIII asyryň ortalarynda bu ýerde täze millet kemala gelip, olar özlerini amerikalylar (amerikanlar) diýip atlandyryp başlapdyrlar. Täze milletiň kemala gelmegi bilen, ýewropa medeniýetiniň esasynda, özboluşly Amerikan medeniýeti hem döräpdir. Bu medeniýetiň kamala gelmegine Amerikada ýaşaýan ähli milletler - iňlisler, irlandlar, fransuzlar, gollandlar, nemesler, şol sanda, yklymyň ýerli ýaşaýjylary bolan ideýler we Afrikadan getirilen garaýagyz gullar hem goşantlaryny goşupdyrlar. Aýratyn hem özboluşly aýdym-saz sungatynyň kemala gelmeginde garaýagyz gullaryň orny uly bolupdyr.

**Amerikan magaryfynyň döremegi.** Angliýanyň Demirgazyk Amerkadaky bakna mülklerinde senagatyň, täze milletiň döremegi bilen özboluşly magaryf hem kemala geldi. Amerikada aňyýetiň ösmegine iňlis we fransuz akyldarlarynyň täsiri uly bolupdyr. Milton, J.Lokk, Monteskýe ýaly meşhur akyldarlaryň öňdebaryjy pikirleri Amerikan jemgyýetinde uly seslenme tapdy. Amerikan jemgyýetinde baknalykdan azat bolmak, deňhukukly we azat jemgyýeti döretmek bilen baglanyşykly dürli garaýyşlar döredi.

Amerikada bilim ulgamy hem ösüpdir. 1636-njy ýylda Amerikada ilkinji okuw mekdebi - Garward kolleji esslandyrylypdyr. Soňra olaryň sany artyp XVIII asyryň ikinji ýarymynda olaryň sany ýedä ýetipdir. Ýel, Filadelfiýa, Prinston we başga-da birnäçe kollejler döredilipdir. Ýewropadan dürli sebäplere görä, göçüp gelen immigrantlaryň arasynda ýokary hünärli mugallymlaryň we bilim işgärleriniň bolmagy, bu ýerde ylmyň, aýratyn hem, tebigy ylymlaryň ösmegine getirdi. Amerikada halkyň sowatlylyk derejesi hem ýokarlanýardy. Demirgazyk Amerikada jemgyýetçilik kitaphanalary açylyp, olar halkyň gündelik durmuşynda uly ähmiýete eýe bolup

başladylar. 1765-nji ýylda bakna ýerlerde neşir edilýän gazetleriň sany 43-e ýetdi.

Amerikada aňyýetiň ösmeginde görnükli alym, filosof Benjamin Frankliniň (1706-1790) orny uly bolupdyr. Ol görnükli syýasatçy bolmak bilen ykdysady we tebigy ylymlardan gowy baş çykarypdyr. Fizika ylmynda eden açyşlary bilen meşhurlyk gazanyp, Franklin syýasat bilen hem içgin gyzyklanyp başlaýar. Gulçulygyň döwletiň ykdysadyýetine ýetirýän agyr zyýanyny subut etmegi, onuň syýasy ykdysadyýetde eden belli açyşlarynyň biridi. Franklin tarapyndan işlenip düzülen «Pekge Riçardyň almanahy» atly eserinde adamyň mertebesi, onuň gelip çykyşyna däl-de, şahsy ýagdaýyna görä kesgitlenipdir. Amerikada özboluşly döwlet gurluşynyň kemala gelmeginde hem, Frankliniň mynasyp orny bolupdyr. Ol resbublikan gurluşyň tarapdarydy.

**Milli azat edijilik hereketleriniň başlanmagy.** XVIII asyryň ortalarynda Angliýanyň ykdysady we syýasy ýagdaýy gowşap başlaýar. 1756-1763-nji ýyllarda bolup geçen «ýedi ýyllyk» uruş goşun üçin harç edilen çykdajylar Angliýanyň ykdýadyýetini has-da pese gaçyrypdy. Iňlis hökümeti emele gelen ýagdaýdan baş alyp çykmak üçin bakna mülklerden ýygnalýan salgytlary köpeltmegi ýüregine düwdi. Iňlis koroly Georg III bakna mülklerdäki manufakturalaryň ösüşini, ol ýerde öndürilýän önümler, amerikalylaryň söwadasyny berk gözegçilikde saklapdyr. Bu bolsa bakna mülklerde ýaşaýan ilatyň nägileligini artdyrypdyr. 1763-nji ýylda kabul edilen ýer hakyndaky kanun hem halkyň bähbidine garşy bolupdyr. Kanuna laýyklykda amerikanlara Günbatara tarap göçmek gadagan edilipdir. Bakna mülkleriniň günbatar serhedi hökmünde Allegan daglary bellenipdir.

1765-nji ýylda «gerb salgydy» hakyndaky kanun halkyň gazabyny ýetjek derejesine ýetiripdir. Çünki gerb salgydy halkyň ähli gatlaklaryna diýen ýaly degişlidi. Şeýlelikde, XVIII asyryň ortalarynda Angliýanyň Demirgazyk Amerikadaky

mülklerinde eýýäm kemala gelen amerikan halkynyň iňlis basybalyjylaryna garşy milli azat edijilik hereketleri başlandy.

XVIII asyryň 60-70-nji ýyllarynda Amerikada fermerleriň hereketi güýçlenip ugrapdyr. Fermerleriň hereketi Günorta we Demirgazyk Karolina, Nýu-Ýork ştatlarynda giňden ýaýrapdyr. Olar adalatsyz salgyt ulgamynyň aýrylmagyny, ýerli häkimiýeleriň döredilmegini talap edip, özlerini deňleşdirijiler, adalatyň tarapdarlary («lewellerler») diýip atlandyrypdyrlar. Olar ýerleriň deň paýlanylmagyny, feodalçylyk gatnaşyklarynyň ýok edilmegini isläpdirler. Fermerleriň gozgalaňy iňlis goşunlary tarapyndan güýç bilen basylyp ýatyrylypdyr. Emma, muňa garamazdan, iňlis kololniýalarynda milli azat edijilik hereketleri barha güýçlenýärdi.

1773-1775-nji ýyllarda bakna mülklerde milli azat edijilik hereketleri ýokary derejesine ýetdi, ýurt uly syýasy wakanyň Garaşsyzlyk ugrundaky urşyň we rewolýusiýanyň bosagasynda durdy. Angliýa bakna mülklerde senagat önümleriniň ondürilmegini we olaryň beýleki döwletler bilen söwda gatnaşyklaryny ýola goýmagyny berk gadagan edýärdi. Emma bakna mülkleriň ykdysady ösüşi barha ýokarylanýardy. Angliýanyň özüniň bakna mülkleriniň üstünden agalygy peselýärdi. 1773-nji ýylyň dekabrynda Angliýada öndürilen çaý bilen bilen üsti doldurylan iňlis gämisi Atlantik ummanynyň kenaryna gelip düşdi. Iňlis parlamenti Bostana getirilen çaýa ýokary möçberde salgyt saldy. Bu bolsa halkyň gahar-gazabyny ýetjek derejesine ýetirdi. Bostanyň halky gije indeý geýimini geýip gämä çozdular we gämini ýüki bolan çaýy ummana taşladylar. Olar şeýle etmek bilen, özleriniň iňlis parlamentiňiň çykaran kararlaryna nägileleligini bildirmek isleýärdiler. Bu waka «Bostan çaý içişligi» diýen at bilen taryha girdi.

Iňlis hökümeti bu hadysa jogap edip, bakna mülklerdäki ýerli öz özüňi dolandyryş guramalaryny ýok edipdir. Bostan porty ýapylypdyr. Bakna mülkleriň ilaty Bostan halkyna duýgudaşlyk edip, aýaga galypdyr. Iňlis basybalyjylaryna garşy

guramaçylykly göreşmek maksady bilen bakna mülkleriň ilaty Korrespondent komitetini döredipdirler. Korrespondent komiteti koloniýalardaky ýerli dolandyryş edaralary bilen aragatnaşygy (*korrespondense*) ýola goýýardylar we bileleşip hereket etmek barada ylalaşýardylar. Bu komitet Demirgazyk Amerikada milli azat edjilik urşunyň daýanç merkezi bolup hyzmat edipdir.

1774-nji ýylyň sentýabrynda Filadelfiýa şäherinde birinji Kontinental (Sebitleýin) kongres çagyrylýar. Kongrese Demirgazyk Amerikada ýerleşen iňlis mülkleriniň ähisinden diýen ýaly wekiller  gatnaşypdyr, şonuň üçin hem oňa Sebitleýin kongres diýip at beripdirler (Ilki başda onuň işine Kanadanyň wekilleri hem gatnaşypdyr). Kongressde Bostan çaý içişligiňden soň kabul edilen kanunlary ýok etmek, meselesine garalypdyr. Kongresiň esasy üstünligi bakna mülkleriň ilatynyň «jany, azatlygy we emlägi» hakynda jarnama kabul edilipdir. Şeýle hem kongresde olaryň ykdysady garaşsyzlygy, iňlis  harytlaryndan ýüz öwürmäge, islän ýurtlary bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barmaga we ýerli önümçiligi özbaşdak ösdürmäge bolan hukuklary ykrar edildi. Kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýeti öz elinde jemlemek bilen kongress özbaşdak, ýerli milli häkimiýetiň wezipesini ýerine ýetirip başlady.

Demirgazyk Amerikadaky ilatyň arasynda Kongresiň täsiri we abraýy örän ulydy, onuň çykarýan kararlary gyşarnyksyz ýerine ýetirilýärdi. Ilatyň arasynda meýletinçilerden ýaragly toparlar düzülip, bakna mülkleriň ilaty garaşsyzlyk ugrunda urşa başlamaga taýýardy. Ilat ozalkylar ýaly Angliýa elgarama ýagdaýda ýaşamak islemeýärdi. Angliýanyň bolsa, bakna mülklerini ozalkylary gol astynda saklamga kuwwaty ýetmeýärdi. Şeýlelikde, Angliýada bolup geçýän wakalar, ýurduň uly wakanyň – Garaşsyzlyk ugrundaky urşuň öňisyrasyndadygyny habar berýärdi.

## §12. Garaşsyzlyk ugrundaky uruş

1775-nji ýylda Demirgazyk Amerikadaky iňlis mülklerinde garaşsyzlyk ugrundaky uruş başlandy. Bu Amerika kontinentinde ýerleşen bakna ýerleriň ilatynyň garaşsyzlyk ugrundaky ilkinji göreşidi. Bu waka bakna mülklerde ýaşaýan, täze kemala gelen amerikan halkynyň iňlis basybalyjylaryna garşy alyp baran Garaşsyzlyk ugrundaky urşy bolmak bilen bir hatarda, halkyň bar bolan köne öndüriji güýçlere garşy alyp baran rewolýusion göreşidi. Aýaga galan halk köpçüligi Günbatara, «boş ýatan ýerlere» tarap süýşmegi we gulçulygy ýok etmegi hem maksat edinýärdi.

Garaşsyzlyk ugrundaky göreşe ilatyň dürli gatlaklary gatnaşdy. Olaryň arasynda Ýewropadan göçüp gelen daýhanlar, fermerler, senetçiler, söwdagärler agdyklyk edýärdi. Demirgazyk Ameridaky iňlis mülkleriniň ilatynyň aglabasy obalarda ýaşaýardy. Şonuň üçin hem rewolýusianyň gidişinde şäher ilatynyň orny pesdi. Amerikan rewolýusiýasy Garaşsyzlyk ugrundaky uruş bilen sazlaşyp gidýärdi, bu bolsa onuň esasy aýratynlyklarynyň biridi. Demirgazyk Amerikadky iňlis mülklerinde bolup geçen rewolýusiýa, Amerika yklymynda ilkinji rewolýusiýady.

Angliýadan we beýeleki Ýewropa döwletlerinden göçüp gelen immigrantlar meşgullanýan kärlerine görä Demirgazyk Amerikada dürliçe ýerleşipdirler. Senetçiler, söwdagärler, manufaktura eýeleri ýurduň demirgazygynda ýerleşipdirler. Bu bolsa buržuaziýýanyň kemala gelmegine getiripdir. Garaşsyzlyk ugrundaky göreşiň owam edýän wagtynda Amerikadaky iňlis mülkleriniň ilaty iki topara bölünipdir. Olaryň birinjisi ownuk senetçilerden, söwdagärlerden, hakyna tutma işçilerden we şäher zähmetkeşlerinden ybaratdy. Garaşsyzlyk ugrunda göreşijilere «watançylar» diýip at beripdirler. Özleriniň hojalyklaryny täzeçe usulda alyp barýan daýhanlar, fermerler köne döwürden galan salgytlaryň, zähmet

borçlarynyň aradan aýrylmagyny talap isläpdirler. Olar Günbatardaky «eýesiz ýatan ýerleriň» hasabyna öz hojalyklaryny giňeltmäge rugsat berilmegi ugrunda göreşipdir. Günbatardaky ýerleriň hasabyna plantasiýalary giňeltmek, ýurduň günortasynda ýaşaýan plantatorlaryň hem esasy arzuwydy.

Iňlis korolynyň raýatlygynda galmaly we bakna mülkleri önki durkunda saklamaly diýen pikiri öňe süýän, ilatyň nikinji gatlagyna loýalistler («loýal» iňl. «korol») diýipdirler. Olar esasan, korolyň tarapdarlary bolan iri ýer eýelerinden, aristokratlardan, anglikan buthanasynyň ruhanylaryndan, şeýle hem Angliýa bilen alnyp barylýan söwdadan ummasyz girdeji alýan iri söwdagärlerden ybaratdy. Olar ykdysadyýetiň täze görnüşde ösmegini, orta asyrlara mahsus feodalçylyk düzgünleriniň ýatyrylmagyny islemändirler, çünki bularyň hemmesi, olar üçin bähbitlidi. Nýu-Ýork, Jorjiýa we Günorta Karolina ýaly, iri ýer eýeçiliginiň giňden ýaýran ýerleri loýalistleriň we korol goşunlarynyň esasy daýanjy bolupdyr. Loýalistleriň aglaba köpüsi korol goşunlrynyň tarapynda durup, «watançylara» garşy göreşipdirler. Garaşsyzlyk ugrundaky söweşler tamamlanandan soň loýalistleriň 100-den gowragy ABŞ-dan göçüp gidipdirler.

**Urşuň başlanmagy.** Angliýa bilen onuň Demirgazyk Amerikadaky bakna mülkleriniň arasyndaky ýaragly çaknyşyk, 1775-nji ýylyň ýazynda başlanýar. Şol ýylyň 19-njy aprelinde iňlis goşunlary «watançylaryň» Leksington we Kankord şäherlerindäki ýaragy ammarlaryny basyp almaga synanyşanlarynda, watançylar olara garşy urşa başladylar we olary yza serpikdirdiler. Az wagtyň içinde 20-den gowrak meýletinçiler topary ýygnandy. 1775-nji ýylyň iýun aýynda iňlis goşunlary Banker-Hille ýörüş edýärler. Üç gezek hüjüm edilenden soň, uly ýitgi çekip iňlisler ýeňiş gazanýarlar. Emma bu ýeňiş juda gymmat düşüpdi. Iňlis gazetleriniň biri: «Eger şeýle ýeňişleriň ýene-de biri bolsa, onda bu habary buşlamaga-

da adam galmaz» diýip ýaňsylap ýazypdy. Şeýlelik-de, urşuň ilkinji ýyllary amerikalylar üçin şowly başlanypdy.

Ilkinji gazanylan ýeňişler Amerikanyň beýleki koloniýalary üçin ýaragly çykyşa çagyryş bolup hyzmat etdi. 1775-nji ýylyň maýynda Wermontda ýaşaýan fermerler Kanadanyň Monreal şäherini eýelediler. Iňlisler barha güýçlenýän garşydaşlaryndan gorkup, ähli güýçlerini Kanada jemlediler. Emma partizanlaryň Kwebek şäherine eden çazuşlary şowsuz tamamlanyp, amerikalylar yza çekilmäge mejbur boldylar.

Görnükli amerikan alymy Tomas Peýn (1737-1809) Amerikanyň garaşsyzlyk ugrundaky göreşiniň ruhlandyryjysy we ýol görkezijisidi. Ol 1776-njy ýylyň ýanwarynda märekäniň öňünde eden çýkyşynda halky baknalyga garşy berk göreşmäge, Angliýanyň gol astyndan çykyp, özbaşdak demokrtaik respublikany esaslandyrmaga çagyrypdyr. Ol özüniň çykyşynda «Jedelleriň döwri geçdi, indi iň soňky serişde hökmünde, ähli meseleleri ýarag bilen çözmeli» diýip aýgytly aýdypdyr. Peýniň batyrgaýlyk bilen eden çykyşy, söweşe gatnaşyjylaryň aňyny ösdürip, olarda garaşsyzlyga bolan ymtylyş döredipdir.

Emma garaşsyzlyk ugrunda göreşijiler özakymlaýyn we baş-başdak çykyş edýärdiler. Bu bolsa söweşleriniň netijeliligini azaldýardy. Halk köpçüligini birleşdirýän we umumy maksada tarap gönüdirijhi güýç hökmünde kongress çykyş edýärdi. Emma kongress ilkinji ýyllarda gowşak işledi we halky doly jemlemegi başarmady. Wakalaryň gidişi ýurda baştutanlyk edip biljjek bie şahsyýetiň zerurlygyny ýüze çykardy. Şeýlelik-de, amerikan goşunlarynyň baş serkerdesi we rewolýusion hereketiň ýolbaşçysy wezipesine Wirginiýaly baý plantator Jorj Waşington (1732-1799) bellenildi. Ol urşuň ilkinji günlerinden başlap, özüni başarjaň serkerde, gahryman edip görkezipdir. Waşington diňe bir halk köpçüliginiň güýji

bilen, ýeňiş gazanyp bolmajagyna akyl ýetirip, ol hemişelik-regulýar goşuny döretmegi başarypdyr.

1776-njy ýylyň ýazynda kongress, iňlis agalygyndan azat bolan bakna mülkleri garaşsyz döwlet diýip yglan etmek hakynda karar kabul etdi. 1776-njy ýylyň 4-nji iýulynda «Garaşsyzlyk jarnamasy» kabul edilip, oňa laýyklykda öňki bakna mükleriň esasynda, Amerikanyň Birleşen Ştatlary diýip atlandyrylýan döwlet döredildi. ABŞ Ýewropadan Amerika yklymyna göçüp gelen we dürli gymmatly magdanlara baý bolan tebigaty eýelän, dürli hünärdäki we dürli milletlerden bolan immigrantlaryň döreden döwletidi.

Halk köpçüliginiň hereketleri oba hojalyk meselelerini çözmäge gönükdirildi. Ownuk ýer eýeleri ýer üçin renta tölemekden boýun gaçyrdylar. Uruş wagtynda Korolyň tarapynda duran loýalistleriň ýerleri bolsa, elllerinden alnyp, ownuk böleklere bölünip paýlanyldy. Oba ilatynyň we şäher garyplarynyň arasynda Günbatar ýerlerine göçüp gitmäge ymtylyşlar güýçlenip başlady. Kongresiň ýygnagy iňlis korolynyň Allegan daglarynyň aňyrsyndaky ýerleri eýelemegi gadagan edýän kanunlaryny ýatyrdy, birugsat göçüp giden skwatterleriň ozal eýelän ýerleri olaryň mülki diýip yglan etdi. Şeýle hem, Günbatardaky ýerlerden, amerikan goşunynda gulluk eden esgerleriň arasynda hem, 100 akr möçberinde ýer paýlanyp berildi.

Senetçileriň, daýhanlaryň talap etmegi bilen Täze Angliýa ştatynda halkyň gündelik sarp edýän harytlaryna ýokary baha kesgitlendi. Şeýle etmek bilen spekulýasiýanyň we aşa baýamaklygyň öňüni almak göz öňünde tutulýardy. Emma öndürilen önüme kesgitli bahanyň goýulmagy, önümçiligiň erkin ösmegine böwet bolýardy. Şonuň üçin hem bu kanun amerikan ştatlarynyň aglabasy tarapyndan inkär edildi.

**1776-1777-nji ýyllaryň uruş hereketleri.** Angliýa dünýäniň ähli künjünde ägirt uly bakna mülklere eýelik etmek bilen ol, onuň ummasyz köp mukdarda baýlygy we

mümkinçiligi bardy. Şonuň üçin hem Amerikanlaryň iňlis agalygna garşy alyp baran garaşsyzlyk ugrundaky urşunyň ilkinji ýyllarynda ýeňiş iňlisleriň tarapyndady. Angliýanyň dünýäde iň güýçli hasaplanýan deňiz floty we hemişelik goşuny bardy. Bulardan başga-da Angliýa bakna mülkleriň garşylyklaryny basyp ýatyrmak üçin, Ýewropada işsiz galan rysarlary we hakyna tutma goşuny peýdalanýardy. Angliýanyň 1776-1777-nji ýyllarda Demirgazyk Amerikadaky bakna mülkleriň garaşsyzlyk ugrundaky göreşini basyp ýatyrmak üçin iberen 90 müň adamlyk goşunynyň 30 müňi hakyna tutma nemes goşunlaryndan ybaratdy. Iňlis garaýagyz gullaryna azatlygy wada etmek bilen olaryň, öz tarapynda söweşmegini gazanmaga çalyşýardy. Iňlis goşunlary Birleşen ştatlaryň esasy port şaherlerine ýörüş edip, olary gabaw ýoly bilen eýelemek isleýärdi.

Urşuň ilkinji ýyllarynda (1776-1777) iňlisler özleriniň esasy güýçlerini ýurduň demirgazygyna gönükdiripdirler. 1776-njy ýylyň martynda Boston şäherini eýeläp, günorta tarap süýşip ugrady. Iňlis generaly U.Hounyň baştutanlygndaky goşun Nýu-Ýorky eýeledi. Amerikan goşunlarynyň tutanýerli garşylyk görkezmegine garamazdan, 1777-nji ýylyň tomusynda iňlisler Filadelfiýany hem eýelediler. Kontinental kongres şäheri taşlap, Baltimor şaherine göçmäge mejbur boldy.

Garaşsyzlyk ugrundaky urşuň ilkinji ýyllarynda amerikan goşunlary agyr kynçylyklara sezewar boldylar. Amerikan goşunlary meýletimçilerden, dürli hünärdäki adamlardan ybaratdy. Şeýle hem, watançylaryň goşunynda gulluk edýän garaýagyz gullaryň sany barha artypdyr. Goşunda harby tejribäniň azlygy, ýarag we beýleki enjamlaryň ýetmezçilik etmegi, esgerleriň we serkerdeleriň hünär derejesiniň pesligi söweşiň ilkinji günlerinde aýan bolup başlady. Korolyň hem-de iňlis agalygynyň tarapdarlary bolan loýalistler amerikan goşunlarynyň ýeňilmegi üçin hereket edipdirler. Olar

amerikalylaryň gizlin meýillerini iňlislere aýan edip durupdyrlar.

Kongres guşunyň sanyny artdyrmak üçin garaýagyz gullary satyn alypdyr. Olaryň aglabasy uruşlarda özlerini görkezipdirler. 1777-1778-nji ýyllaryň gyşy amerikan goşunlary üçin juda agyr bolupdyr. Esgerler sowukdan we açlykdan horluk çekipdirler. Goşunyň arasynda ýokanç keseller giňden ýaýrapdyr. Emma muňa garamazdan goşunlar gahrymançylykly hem-de ynamly göreşýärdiler. Olaryň öz watanlarynyň azatlygy ugrunda alnyp barylýan urşa meýletin gatnaşmaklary Angliýanyň hakyna tutma goşunlaryndan esasy artykmaçlygydy.

Iňlis goşunlary urşy täzeçe usulda alyp barmaga mejbur boldylar. Olar urşuň esasy ojagy bolan, Täze Angliýa ştatyny eýeläp, ony beýleki ştatlardan üzňe ýagdaýa salmak isleýärdiler. General Burgoýnyň baştutanlygyndaky 7 müň adamlyk goşun Kandadan Günorta gönükdirildi. Burgoýn Nýu-Ýork şäherinde general Hou bilen birleşip, onuň bilen bilelikde günorta tarap hereket etmegi maksat edinipdir. Burgoýn günorta barýan ýolda ýerli halkyň uly garşylygynýa sezewar boldy. 1777-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda Saratogi şäheriniň ýanynda Burgoýnyň goşunlary, amerikalylar tarapyndan daşy gabaldy we boýun egdirildi. Bu ýeňiş amerikan halkynyň garaşsyzlyk ugrundaky urşuň dowamynda aýgytly ýeňişleriniň biridi.

**ABŞ halkara ýagdaýy.** Saratogi şäherinde gazanylan ýaňişden soň ABŞ-nyň halkara abraýy göterilip başlady. Onuň hem özüniň birnäçe taryhy şertleri bardy. Angliýa Ýewropa döwletlriniň içnde senagatyň ösüşi we deňizdäki kuwwatlylygy boýunça iň güýçlisidi. Bu bolsa onuň bakna mülkleri eýelemekde we olar bilen söwda etmekde birinjiligini üpjün edýärdi. Angliýa özüniň deňiz kuwwatlylygyna baýrynyp, Ispaniýanyň we Fransiýanyň birnäçe mülklerini eýeläpdi. ABŞ Angliýa garşy garaşsyzlyk ugrunda göreşýän wagty Ýewropada

birnäçe döwletleriň Angliýanyň garşysyna bilelikde göreşýän döwrüne gabat gelipdi. Angliýanyň ummanyň aňyrsyndaky ýerleri eýelemek ugrundaky garşydaşlary bolan Ispaniýa we Fransiýa onuň Demirgazyk Amerikadaky müleriniň gozgalaňyny Britan imperiýasyny güýçden gaçyrmagyň esasy guraly hökmünde peýdalandylar. 1778-nji ýylda Fransiýa Angliýa garşy uruş yglan etdi. Fransiýanyň kuwwatly gury ýer we deňiz goşunlary ABŞ-a tarap gönükdirildi. Fransiýa Britan imperiýasynyň Gündogardaky mülklerine göz dikip, iňlisleri Hindistandan kowup çykarmagy meýilleşdiridiler. Fransiýadan Amerika kömege gelen meýletinçileriň arasynda Lafaýet ýaly görnükli magaryfçylar hem bardy. Soňra Angliýanyň garşysyna Ispaniýa herekete başlap, ol Gibraltr bogazyna ýörüş etdi. Gibraltar Afrika materigi bilen Prineý ýarym adasynyň çatrygynda ýerleşmek bilen Atlantik ummanyndan Ortaýer deňzine möhüm girelgedi. Gollandiýanyň urşa girmegi bilen Angliýanyň ýagdaýy has-da agyrlaşdy. Demirgazyk Amerikada syýasy wakalaryň möwç urýan wagtynda Russiýa imperiýasy bitaraplyk syýasatyny ýöretdi. Ol uruşýan döwletler bilen ýaragdan başga ähli harytlaryň söwdasyny alyp barýardy, emma syýasy we harby tarapdan hiç bir tarapy goldamaýardy. Bu bolsa Russiýa üçin hem ABŞ üçin hem bähbitlidi.

1778-1781-nji ýyllarda garaşsyzlyk ugrundaky uruş özüniň jemleýji tapgyryna gadam basdy. Iňlis hökümeti günortaly plantatorlaryň goldawyna bil baglap, uruş hereketlerini esasan ýurduň günorta ştatlarynda alyp barýardylar. Olara käbir port şäherleri basyp almak başartdy. Emma ýurduň jümmüşine tarap aralaşmak indi mümkin däldi. 1781-nji ýylyň güýzünde Waşingtonyň baştutanlygyndaky amerikan goşunlary kömege gelen fransuz goşunlary bilen birlikde hereket edip, Ýorktaun şäheriniň ýanynda iňlis generaly Kornuollisiň goşunynyň daşyny gabadylar. Şol ýylyň 19-njy oktýabrynda kuwwatly fransuz flotynyň goldamagy bilen Kornuollisiň serkerdelik edýän iňlis goşunlary doly

ýeňlişe sezewar edildi. Angliýanyň Demirgazyk Amerikadaky mülkleriniň Garaşsyzlyk ugrundaky söweşi olaryň ýeňişi bilen tamamlandy. Uzaga çeken söweşlerden soň 1783-nji ýylda Parižiň etegindäki Wersal köşgünde baglaşylan şertnama laýyklykda Angliýa özüniň ozalky bakna mülkleriniň esasynda döredilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň garaşsyzlygyny ykrar etmäge mejbur boldy. Şeýlelikde, ABŞ Angliýanyň Ýewropadaky başagaýlygyndan we onuň duşmanlarynyň goldawyndan peýdalanyp, garaşsyz döwlet bolmagy başardy.

## §13. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň döwlet gurluşynyň kemala gelmegi

**ABŞ-nyň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** ABŞ-nyň garaşsyzlygy yglan edilenden soň, ýurdyň öňünde çözülmegini talap edýän birnäçe meseleler ýüze çykdy. Ýurtda esasy meseleleriň biri täze döwletiň syýasy gurluşyny kesgitlemekdi. Iri ýer eýeleri bolan plantatorlar, halk rewolýusiýasynyň (bakna mülkleriň iňlis zulumyna garşy alyp baran garaşsyzlyk ugrundaky göreşi, täze öndüriji güýçleriň köne düzgünlere garşy rewolýusion söweşi bilen utgaşyp gitdi) ýeňişini öz bahbitlerine peýdalanmak islediler.

Uzaga çeken uruş hereketleri ýurduň ykdysady ýagdaýyny çökeripdir. Ýurdyň içeri we daşary söwdasy uly zyýan çekipdi. Harby maksatlar üçin edilen çykdajylarynyň we döwletiň bergileriniň öwezini salgytlaryň hasabyna doldurmak isläpdirler. Ýurtda fermerleriň ýagdaýy has-da agyr bolupdyr. ABŞ-da pul birlikleri täzelenip, kagyz pullar bilen çalşyrylypdyr. Fermerler döwlete we süýthorlara bolan bergilerini, indi täze pulda tölemeli bolupdyrlar. Bu bolsa fermerleriň aglabasynyň bergi zerarly tozmagyna getiripdir, olaryň köpüsi bergisini tölemändigi üçin tussag edilipdir.

Fermerler öz hukukllaryny we bähbitlerini gorap çykyş etmäge mejbur bolupdyrlar. Garyp düşen fermerler ellerine ýarag alyp, kazyýet edaralarynyň jaýyna ýörüş edipdirler, olary kazyýetde saklanýan resminamalary ýok edipdirler. Bergilerini üzip bilmändikleri üçin tussag edilen fermerleri türmeden boşadypdyrlar.

1786-1787-nji ýyllarda Massaçusets (täze Angliýa) ştatynda garaşsyzlyk ugrundaky urşyň weterany Deniel Şeýsiň baştutanlygynda gozgalaň turupdyr. Gozgalaňçylar ähli bergileriň ýatyrylmagyny talap edipdirler. Olary halk köpçüligi goldapdyr. Ýurtda bolup geçen beýleki halk hereketleri ýaly, Şeýsiň gozgalaňy hem guramaçylyksyz we özakymlaýyn bolupdyr.

Bolup geçen halk hereketleri, döwlet ýolbaşçylaryny ýurtda berk merkezi häkimiýeti esaslandyrmagyň zerurlygyny ýüze çykardy. Seýle-de uzak ýyllaryň dowamynda kemala gelen we baýan buržuaziýa özüniň emlägini we hukuklaryny, içerki bazary daşary ýurtly öndürijileriň bäsdeşliginden gorap biljek merkezi döwletiň bolmagyny isläpdirler.

XVIII asyryň ahyrynda Ýewropada bolup geçen syýasy wakalar, dünýäniň halkara ýagdaýy, ABŞ-da güýçli milli häkimiýetiň bolmagyny talap edipdir. Ýewropanyň kuwwatly döwletleri ýaňy dörän ABŞ kiçijik dölet hökmünde garapdyrlar. Galyberse-de Demirgazyk Amerika yklymynyň Günbataryndaky «ýerleri eýelemek» üçin hem, güýçli döwlet gerekdi.

**1787-nji ýylyň konstitusiýasy.** ABŞ berk merkezleşdirilen, kuwwatly döwleti döretmek üçin, ilkinji nobatda baş kanun–konstitusiýa gerekdi. Garaşsyzlyk urşy ýyllarynda kabul edilen, «Konfederasiýanyň statýalary» ady bilen belli bolan kanun, indi täze döwletiň we onyň düzümindäki ştatlaryň talabyny ödemeýärdi. Täze dörän döwletiň syýasy gurluşy we onuň konstitusiýasynyň nähili bolmalydygy hakynda dürli pikirler öňe sürlüpdir. T.Peýniň

tarapdarlary ABŞ demokratik ýol bilen merkezleşdirmegi teklip edipdirler. Konserwatorlar we Waşingtonyň egindeşleri ýurtda monoarhiýanyň berkarar edip, Jorj Waşingtony Korol saýlamagy we «Korol Jorj I» diýen ady dakmagy teklip edipdirler. Emma baý plantator Jorj Waşington bu teklipden ýüz öwüripdir.

1787-nji ýylyň maýynda Filadelfiýa şäherinde ABŞ täze konstitusiýasyny işläp düzmek üçin ýörüte konwent döredildi. Oňa iri birżuaziýanyň wekillerinden 55 deputat gatnaşdy. Olaryň içinde ýekeje-de fermer, işçi ýa-da senetçi ýokdy, olaryň ählisi diýen ýaly, amerikan jemgyýetiniň ýokary derejeli wekilleridi. 1787-nji ýylda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň konstitusiýasy kabul edildi. Konstitusiýa laýyklykda ABŞ federal döwlet diýip yglan edildi. Döwlet häkimiýeti ilkinji gezek üç şaha: kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetine bölünipdir. Döwlet häkimiýetiniň bir adamyň elinde jemlenmeginiň öňüni almak we eýeçiligiň köne görnüşlerini ýok etmek maksady bilen, häkimýeti üç şaha bölmek nazarýeti, XVII-XVIII asyrlarda Ýewropanyň öňde baryjy alymlarynyň garaýyşlarynda esaslandyrylandygyna garamazdn, bu ýörelge ilkinji gezek amerikan konstitusiýasynda öz beýanyny tapdy.

Kanun çykaryjy häkimýet iki palatadan ybarat bolan Kongressiň elinde jemlenýärdi. Kongressiň salgyt girizmäge, söwdany gözegçilikde saklamaga, pul çykarmaga, raýatlardan gury ýer we deňiz goşunlaryny toplamaga hukugy bardy. Kongress Senatdan (ýokary palata) we wekiller (aşaky) palatasyndan ybartdy. Ýokary wezipeli döwlet işgärlerini bellemek we wezipesinden boşatmak hukugy Senata degişlidi.

Ýerine ýetiriji häkimiýete Prezident ýolbaşçylyk edýärdi. Ol senat bilen ylalaşyp, ministrleri, ilçileri we beýleki ýokary wezipeleri belleýärdi, olar prezidentiň öňünde jogapkärçilik çekýärdiler.

Kazyýet häkimiýeti ýurtda kanunlaryň ýerine ýetirilşine gözegçilik edýän iň ýokary edarady. Ýokary kazyýet ömürlik saýlanan kazylardan ybarat bolup, ol ägirt uly ukuklardan peýdalanýardy. Gerek bolan halatynda Kongressiň çykaran kanunlaryna täzeden seretmäge we yzyna gaýtarmaga hukugy bardy.

Konstitusiýa her ştatyň ýerli öz-özüňi dolandyryş hukugyy ykrar etdi. Döwlet konstitusiýasynyň çägiňden çykmazdan, ştatlryň ýeli konstitusiýany kabul etmäge hukuklary bolupdyr.

Öz döwrüniň iň kämil kanuny hökmünde kabul edilendigine garamazdan, ABŞ konstitusiýanyda gulçulygy kanunlaşdyrýan bölümler ýerleşdirildi. Bu bolsa amerikan konstitusiýasynyň esasy kemçilikleriniň biri boldy.

Konstitusiýanyň kabul edilmegi bilen ABŞ-da iki sany syýasy topar döredi. Olaryň birinjisi konstitusiýanyň tarapyny tutýan iri söwdagärler, buržuaziýa we iri plantatorlardan ybarat bolup, olara «federalistler» diýip at beripdirler. Ikinjisi fermerlerden, ownuk söwdegärlerden we kiçi plantatorlardan ybarat bolup, olara «antifederalistler» diýip atlandyrypdyrlar. Olar kostitusiýanyň demokratiýa garşy gelýän ýerlerini tankyt edip, oňa düzedişler girizmegi teklip edipdirler. 1787-nji ýylda kabul edilen konstitusiýanyň käbir kemçiliklerini göz öňünde tutup, 2 ýyl soň, 1789-njy ýylda oňa düzedişler girizmek maksady bilen, «Hukuklar hakynda bill» kabul edilýär. Oňa laýyklykda söz we metbugat azatlygy yglan edilýär, buthana döwletden bölünip aýrylyp, halk köpçüligi ýygnaklar geçirmäge hukuk gazanýar. «Hukuklar hakyndaky billiň» kabul edilmegi bilen ABŞ-nyň konstitusiýasy öz döwrüniň iň progressiw, kämil kanuna, ABŞ bolsa, bu konstitusiýa laýyklykda, özboluşly döwlet gurluşy bolan, prezident respublikasyna öwrüldi.

**Garaşsylyk ugrundaky urşuň netijeleri.** 1775-1783-nji ýyllardaky Garaşsyzlyk ugrundaky urşuň netijesinde,

Demirgazyk Amerikadaky bakna mülkler iňlis agalygyndan azat edilip, olaryň ýerinde täze garaşsyz döwlet-Amerikanyň Birleşen Ştatlary döredildi. Rewolýsion hereketler bilen utgaşyp giden Garaşsyzlyk ugrundaky uruş, feodalçylyk gatnaşyklar bilen birlikde, renta we maýorat ulgamy ýok edildi. Britan Korolynyň we onuň egindeşleriniň, loýalistleriň ýerleri alnyp, döwlet haýryna geçirildi. Begzada at-derejeleri ýatyryldy. Garaşsylyk gaanylandan soň, ýurduň günbatarynda Allegan daglarynyň aňyrsyndaky ýerleri paýlamak meselesi çözülip, ýurduň oba hojalygynda uly öňe gidişlikler bolup geçdi. Günbatarda ýaýylyp ýatan ýerler, 1 ga 1dollar bahadan kim ýokary görnüşinde satylypdyr. Ýurtda amala aşyrylan özgertmeler ykdysadyýetiň maýa goýum gatnaşyklarynyň esasynda ösmegine, amatly şert döretdi.

ABŞ-da bolup geçen garaşsyzlyk ugrundaky urşuň esasy progressiw netijeleriniň biri hem, onuň beýleki döwletlere eden täsiridi. Amerikada alnyp barylan urşa Ýewropalylar meýletin gatnaşyp, uly gahrymançylyk görkezdiler. Merkiz Lafaýet, A,Sen-Simon we başga-da Amerikadaky urşa gatnaşyp, syýasy wakalaryň içinde bişişen müňlerçe meýletinçiler, soňra, öz ýurtlarynda uly rewolýusiýanyň başyny başladylar. 1776-njy ýylda ABŞ-da kabul edilen Garaşsyzlyk deklerasiýasynda öňe sürlen pikirler, soňra Beýik Fransuz Rewolýusiýasy wagtynda kabul edilen konstitusiýanyň (1791) we «Adam hukuklary hakyndaky jarnamanyň» (1793) içinden eriş-argaç bolup geçdi. Amerikada uruş ýyllarynda döredilen howpsuzluk komitetleriniň tejribesi, Fransuz Buržuaz rewolýusiýasy ýyllarynda giňden peýdalanylýardy. Umuman alnanda, Demirgazyk Amerikadaky bakna mülkleriň garaşsyzlyk ugrundaky urşy, Ýewropa we Günorta Amerika halklaryny erkinlik ugrundaky göreşe ruhlandyrdy.

## §14. Ýewropa ýurtlarynyň Latyn Amerikasyndaky kolonial mülkleri

**Ispaniýanyň we Portugaliýanyň mülkleri.** Amerika sebitinde gadymy däp jemgyýetçilik gatnaşyklary dowam edýärdi. Indeýleriň dünýäsi bilen ýewropalylaryň dünýägaraýşy gabat gelmeýärdi. Ýewropa öz düzgünlerini ykrar etdirmek isleýärdi. Kolonizasiýa syýasaty wagtynda indeýleriň gadymy medeniýeti ýitýär.

1540-njy ýyla Latyn Amerikany kolonizasiýalaşdyrmagyň birinji tapgyry tamamlanýar. Baý ýerler ispanlylar tarapyndan eýelenýär. Portugallar häzirki zaman Braziliýanyň sebitini alýarlar. Latyn Amerikada koloniýal mülkleri eýelemek syýasatyna Angliýa, Fransiýa we Gollandiýa hem goşulýar. Emma olaryň ilkibaşdaky hereketleri diňe ownuk adalaryny eýelemek bilen çäklenipdir.

XIX asyryň başlarynda Ispan kolonial imperiýasy Amerikanyň 10 mln. kw. km çägini öz içine alypdyr. Onuň emläkleri San-Fransiskadan tä Gorn burnuna (Günorta Amerikanyň çet günortasynda) çenli uzapdyr. Bu uly çäkleri dolandyrmak üçin ispan hökümeti öz amerikan emläklerini dört sany Korollyklara bölýär: Täze Ispaniýa, Täze Granada, La-Plata korollygy we Peru. Olar hem öz gezeginde welaýatlara bölünýardi. Kiçi Korollyklara Korol tarapyndan 5 ýyllyk möhleti bilen dikmeler bellenipdir. Şol döwrüň içinde olar ägirt uly maddy baýlyk toplamak bilen meşgullanypdyrlar. Özüniň gulluk işi wagty kiçi Korollar welaýatlarda dolandyrýan gullukçylary belläp, dolandyrmak boýunça dürli kararlary çykaryp bilipdirler. Koloniýalardaky hökümdarlaryň arasynda öňki konkistadorlar gabat gelýärdi. Şäherlerde ýerli öz-özüni dolandyryş edaralar hem bolupdyr. Olar esasan abadançylyk işleri bilen meşgulanypdyrlar. Basyp alyjylar indeý jemgyýetçilik gatnaşyklaryny ýok etmändirler, indeý

obalarynyň ýolbaşçysy bolup ýaşulylar saklanypdyr. Olaryň häkimiýeti nesilden-nesle geçipdir.

Täze dünýäniň koloniýalarynda Ispaniýada we Portugaliýada öndürilmeýän önümleri temmäki, kofe, şekerçiňrik ýetişdirilipdir. Koloniýalara başga döwletler bilen söwda etmäge rugsat berilmeýärdi.

XVIII asyryň ahyrynda ispan we portugal koloniýalary öz aralarynda söwda etmäge mümkinçilik aldylar. Söwda salgytlary azaldyldy. Koloniýalara baýlyk üçin atly-derejeli begzadalar hem göçüp gelýärdi. Olaryň elinde ägirt uly ýerler jemlenipdi. Käbir ýerlerde indeýleriň gymmat bahaly metallary gazyp almak üçin işlerde ulanýardylar. Basybalyjylar baýamak üçin hiç kime rehimlilik etmän indeýleri mugt işçi güýjüne - gullara öwürdiler. Ýüz müňlerçe indeýler plantasiýalarda we şahtalarda agry zähmet netijesinde açlykdan, kesellerden ölýärdiler. Indeýleriň işden ýüz öwürmekleri güýç bilen basylyp ýatyrylýardy. Indeýleriň köpüsi ýerlere berkidilen gullara öwrülipdir. Köpüsi bergili gullara öwrülip, olaryň bergileri miras geçipdir.

Ispaniýa we Portugaliýanyň basyp almagy bilen katolik buthanasynyň wekilleri hem ägirt uly ýerlere eýe bolup, ýerli halky hristian dinine öwüripdirler. Basybalyjylar özüniň syýasatyny hudaýyň ýoluny ýaýratmagy bilen aklapdyrlar. Indeýleriň ep-esli böleginiň gyrlyp tükenmegi sebäpli ispanlar Amerika Afrikadan negr-gullary getiripdirler. Şunuň netijesinde täze dünýäde negrleriň gulçulygy emele gelipdir.

Ýokary gatlagy akýagyzlar düzüp, oňa begzadalar we baý adamlar giripdirler. Olar jemgyýetde iň ýokary administratiw, harby, dini wezipeleri eýeläp, olara iri ýerler digişlidi. Ýerli akýagyz latynamerikaly nesil emele geldi. Olara kreollar diýýärdiler. Kreollar - koloniýalarda dogulan ispanlaryň we portugallaryň nesili bolupdyrlar. Olar iri we ownuk ýerlere eýeçilik edip, dürli girdeýjili wezipeleri eýeläpdirler. Koloniýalarda metislar, mulatlar we sambo

toparlary hem emele gelipdir. Olar göçüp gelen bilen ýerli halkyň gatanşygy netijesinde dörän nesil bolupdyr. Bularyň hemmesinde raýat hukuklary bolupdyr, ýöne gullukçy we harby wezipelerini eýeläp bilmändirler. Olar esasan hünärmentçilik, söwda bilen meşgullanypdyrlar.

**Merkezi we Günorta Amerikada milli azat edijilik göreşi.** Ispaniýanyň we Portugaliýanyň kolonial sütemine garşy hereket baryp XVI asyrda başlanýar. Kuba indeýleriň garşylyk hereketini ispanlylar 20 ýylyň dowamynda basyp ýatyryp bilmändirler. Peru indeýleri öz milli azat edijilik hereketini 40 ýyllap dowam edipdirler, olar Täzeink döwletini hem gurup bilipdirler, emma hereketiň ýolbaşçysy öldürlenden soň Perunyň üstünden Ispaniýanyň hökümi dikeldilýär.

Indeýler bilen deň hatarda negr gullary hem ýewropalylara garşy çykýarlar. XVII asyrda olar Braziliýada «Palma respublikasyny» döredýärler. Bu respublika jemi 65 ýyl (1630-1695) ýaşapdyr. Portugallylar respublika garşy uly goşuny göýberýärler we ony derbi-dagyn edýärler. Bu gozgalaňlarda latynamerikanlylar hem çykyş edipdirler. Köplenç olara kreollar ýolbaşçylyk edipdirler. Yzy kesilmeýän gozgalaňlary bes etmek üçin korol häkimiýeti koloniýalarda birnäçe ýeňilliklerini döretmeklik kabul etmeli bolýar. Salgytlaryň möçberi üzül-kesil azaldylýar. Latynamerikalylaryň özlerine manufakturalary açmaklyk rugsat edilýär. Emma bu özgereşikler yzygider amala aşyrylmandyr. Kolonizatorlar halk köpçüliginiň hereketlerinden gorkýardylar we arasynda kolonial sütemini täzeden güýçlendirýärdiler.

XVIII asyrda Ispaniýanyň we Portugaliýanyň beýleki Ýewropa döwletleriň arasyna ähmiýeti peselýär. Angliýa we Fransiýa Latyn Amerika koloniýalary bilen söwdany öz ellerine alýarlar.

Ispaniýanyň we Portugaliýanyň syýasy güýjüniň peselmegi Latyn Amerikada azat edijilik hereketini alyp barmakda täze badalga berýär.

# II BAP. ÝEWROPA WE AMERIKA ÝURTLARY XVIII ASYRYŇ AHYRYNDAN – XIX ASYRYŇ ORTALARYNA ÇENLI DÖWÜRDE

## §1. Beýik Fransuz rewolýusiýasy

**XVIII asyryň ahyrlarynda Fransiýanyň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** XVIII asyryň ikinji ýarymynda Fransiýada ozalkylary ýaly ilatyň gatlaklaýyn gurluşy dowam edýärdi. Ýurduň ilaty üç gatlaga bölünipdir. Birinji gatlak - ruhanylar, ikinji gatlak – emeldarlar, mülkdarlar bolupdyr. Olar hukuk taýdan birnäçe artykmaçlyklardan peýdalansalarda, ykdysadyýetde we ýurduň senagat ösüşinde üçünji gatlagyň wekillerinden yza galypdyrlar. Çünki olar esasy wagtlaryny köşkde bolýan şagalaňlarda, şady-horramlykda geçiripdirler. Bu bolsa ýokary gatlaklaryň wekilleriniň döwletiň ykdysady durmuşyna ýetirýän täsiriniň gowşamagyna getiripdir. Ilatyň esasy bölegini düzýän daýhanlar, senetçiler, işçiler, şeýle hem, söwdany we senagaty öz elinde saklaýan buržuaziýa üçinji gatlaga degişdi. Döwletiň hukuk gurluşynda uly artykmaçlyklary ýok hem bolsa, ýurtda jemgyýeti herekete getiriji esasy güýç üçinji gatlagyň elinde jemlenýärdi.

XVIII asyryň ikinji ýarymynda Fransiýanyň içeri we daşary syýasaty juda çylşyrymlaşyp başlaýar. Ilatdan ýygnalýan salgytlaryň ummasyz köpelmegi, goşuna hem-de köşge çykarylýan çykdaýjylary ýapmak üçin alynýan ýygymlaryň barha artmagy Fransiýada içerki gapma-garşylyklaryň has-da ýitileşmegine getiripdir. Daýhanlar häli-şindi gozgalaň turuzypdyrlar, olar iri ýer eýeleriniň hukuklarynyň çäklendirilmegini talap edipdirler. Korol goşuny halk hereketlerini güýç bilen basyp ýatyrypdyr. Gozgalaňa gatnaşan adamlar ýollaryň boýunda hatar-hatar edilip, asylyp goýulypdyr. Gozgalaňçylar topar-topar edilip Bastiliýa galasyna atylypdyr. 1788-1789-njy ýyllarda Fransiýada görülip

eşidilmedik gurakçylygyň bolmagy, ýylyň hasylsyz gelmegi azyl harytlarynyň gytalmagyna we bahalarynyň gymmatlamagyna getiripdir. Bu bolsa halk köpçüliginiň ýagdaýyny has-da agyrlaşypdyr. Açlykdan horlanan halk däne saklanýan ammarlary, baý begzadalaryň öýlerini talapdyrlar. 1789-njy ýylyň başlarynda, şunuň ýaly halk hereketleri has-da güýçlenipdir. 1788-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 1789-njy ýylda halk hereketleriniň sany 5 esse köpelipdir, halkyň korola garşy çykyşlary işjeňleşipdir.

Käbir uzakdan görüji döwlet işgärleri ýurduň syýasy hem ykdysady durmuşynda özgertmeleri geçirmek arkaly halk hereketlerini gowşatmak, gozgalaňlaryň öňini alyp, Korol häkimiýetini berkitmek isläpdirler. Emma olar kähalatlarda Korol maşgalasy we begzadalar tarapyndan güýçli garşylyga duçar bolupdyrlar. Olaýryň içinde iň görnüklileriniň biri ykdysadyýetçi alym Žak Týurgo bolupdyr. 1774-nji ýylda Lýudowik XVI ony Fransiýanyň ykdysadyýetiniň baş gözegçisi – maliýe gözegçisi edip belläpdir. Týurgo şol ýylda çöregiň kesgitli bahasyny ýatyryp, erkin söwda ýol açypdyr. Ol iri ýer eýeleriniň we buthananyň artykmaç hukuklaryny çäklemdirmäge synanyşypdyr. Bu bolsa köşk begzadalarynyň arasynda uly nägilelik döredipdir. Şeýle hem ol köşk şagalaňlaryna edilýän çykdaýjylary azaltmagyň tarapdary bolupdyr. Týurgonyň geçirýän ykdysady özgertmeleri köşk häkimiýetine howply zat bolup görünipdir. Şonuň üçin hem, Týurgo wezipesinden gitmäne mejbur bolupdyr. Şeýle özgertmeleri geçirmäge synanyşanlaryň biri hem, Maliýe gözegçisi Nekkerdi. Käbir ykdysady özgertmeleri geçirmekçi bolany üçin Nekker hem wezipeden gitmäge mejbur bolupdy.

Täze bellenen Maliýe gözegçisi Kalonn boşap galan hazynany doldurmak üçin, artykmaç hukuklardan peýdalanýan ýokary gatlaklardan salgyt ýygnamagy göz öňünde tutýan kanuny işläp taýarlady. Emma bu kanun ýokary gatlagyň wekilleriniň uly garşylygyna sezewar boldy, sebäbi ýokary

gatlagyň wekilleri hut patşanyň özi tarapyndan bellenilýärdi. Fransiýanyň bergisi 1789-njy ýylda 4,5 mlrd franka ýetipdir. Fransiýa goňşy döwletlerden, şeýle hem ýurduň içindäki bankirlerden uly mukdarda göterimine pul karz alyp, olary gaýtaryp bermäge mümkinçiligi bolmandyr. Korol häkimiýeti emele gelen ýagdaýdan çykalga gözläp, 1614-nji ýyldan bäri çagyrylman gelýän Baş ştatlary çagyrmagy ýüregine düwüpdir. Çünki ol Baş ştatlar täze salgytlary girizmäge ylalaşar diýip piker edipdir.

Baş ştatlaryň çagyrylýandygy hakyndaky habar bütin ýurdy janlandyrypdyr. Ýurduçinde dürli pikirleri öňe sürýän adamlar bolup, olar halk içinde ündew edipdirler.

Baş ştatlaryň mežlisine jemi 900 wekil gatnaşypdyr: olardan 300-si birinji we ikinji gatlagyň wekiller, galan 600-si bolsa üçinji gatlagyň wekilleridi. Baş ştatlar öz işine başlan wagtynda, seredilýän tekliplere ses bermek meselesi orta çykypdyr. Iki pikir öňe sürülipdir:

- Her gatlak belli mukdarda ses bermmeli;
- Mežlisi gatnaşýanlar başdan-aýak ses bermeli;

Üçünji gatlagyň wekilleri esasan buržuaziýada we Korol häkimiýetine garşy durýan we täzeçe pikirlenýän begzadalardan ybarat bolupdyr. Üçünji gatlaga wekilçilik edýän adamlaryň içinde ýekeje-de daýhan ýa-da işçi bolmandyr. Sebäbi deputat saýlanmak üçün uly möçberde salgyt tölemelidi, daýhanlaryň, işçileriň bolsa, muňa ýagdaýy ýokdy. Halk köpçüligi Baş ştatlardan ýurduň ykdysadyýetine, halkyň hal-ýagdaýyna, şeýle hem, döwletiň syýasy durmuşyna öz täsirini ýetirjek birnäçe täzeliklere garaşýardy.

1789-njy ýylyň 5-nji maýynda Wersal köşgünde Baş ştatlar öz işine başlapdyr. Mežlisiň barşynda üçinji gatlagzň wekilleri köplük edip, olar ýygnakda özlerini işjeň görkezipdirler. Üçünji gatlagyň wekilleri bütin milletiň adyndan çykyş edip, özlerini halkyň wekili edip görkezmäge çalyşypdyrlar. Üçünji gatlagyň wekilleri ýokary gatlagyň

wekillerini hem öz hatarlaryna goşulmaga çagyrypdyrlar. Birnäçe hepde geçenden soň, ýokaryky iki gatlagyň wekilleri, aýratyn oba begzadalary üçünji gatlaga goşulypdyrlar. Şeýlelikde üç gatlgyň wekillerinden düzülen jebis parlament emele gelipdir. 1789-njy ýylyň 17-nji iýunynda Baş ştatlaryň jebisleşen bölegi özlerini „Milli ýygnak» diýip atlandyrypdyrlar. Baş ştatlaryň barha jebisleşmegiňden gorkup, Korol häkimiýeti aladalanyp başlapdyr. Ol köne usullardan peýdalanyp, Parlamentiň jaýyny gulplap saklapdyr. Baş ştatlaryň wekilleri top oýnalýan meýdançada ýygnanypdyrlar. Olar täze konstitusiýa işlenip düzülýänçä dargamajakdyklaryy aýdyp, onuň taýarlanylşyny tizleşdirmegi talap edipdirler.

Korol 1789-njy ýylyň 23-nji iýunynda täzeden üç gatlagyň wekillerini ýygnap, olaryň palatalara bölünmegini talap edipdir. Emma halk wekilleri halkyň goldamagy bilen özlerini batyrgaý alyp barypdyrlar, olar palatalara bölünmekden boýun gaçyrypdyrlar. Şol ýylyň 9-njy iýulynda „Milli ýygnak» özüni dörediji ýygnak diýip yglan edipdir. „Dörediji ýygnagyň» wekilleriniň eldegirmesizligi ykrar edilipdir.

**Rewolýusiýanyň sebäpleri. Rewolýusiýanyň birinji döwri (1789-njy ýylyň 14-nji iýuly – 1792-nji ýylyň 10-njy awgusty).** 1789-njy ýylyň 12-nji iýulynda Fransiýanyň maliýe gözegçisi Nekker, korolyň ýakyn egindeşleriniň zor salmagy netijesinde wezipesinden boşadyldy. Nekker öňem hem bu wezipäni eýeläpdi, emma ykdysady özgertmeleri öňe sürendigi üçin wezipesinden boşadylypdy. 1788-nji ýylda parlamentiň goldamagy bilen Nekkere önki wezilepesini eýelemek başartdy. Emma korolyň egindeşleriniň basyşy bilen ol ýene-de işden boşadylypdy. Nekkeriň işden boşadylandygyn baradaky habar ýyldyrym çaltlygynda Parižе ýaýrady. Parižiň ilaty köçelere çykyp, goşun bilen çaknyşdylar.

1789-njz ýylyň 13-nji iýulynda Fransiýanyň milli ýygnagy, ýurtda hususy eýeçiligi gorap saklamak üçin, milli gwardiýany döretdi. Milli gwardiýanyň 48 müň adamdan

ybarat goşuny nolup, ol geljekde golaýlap gelýän rewolýusiýanyň esasy daýanjydy. 1715-1774-nji ýyllar arlygynda Fransiýany dolandyran Lýudowik XV „bizden soň ýurdy sil alsyn» diýer eken. 1789-njy ň 14-nji iýulynda bütin şäher gozglaňçylaryň elindedi. Korol goşunynyň hataryndan gozgalaňçylaryň hataraýna geçen esgerler gozgalaňçylary has-da güýçlendirdi. Şol aýaga galan halk tolgunşygy, ýaragly çaknyşyklar şol „sil» bolup tutuş ýurda ýaýrady we Korol häkimiýetiniň gowşamagyna we netijede synmagyna getiren güýçli zarba urdy. 14-nji iýulda aýaga galan halk köpçüligi ýarag saklanýan ammarlara kürsäp girdiler, olaryň ele salan ýaraglarynyň mukdary 30 müňden geçdi. Gozgalaňçylar Bastiliýa türme-galasyna ýörüş etdiler. Bastiliýa galasyny uly bolmadyk goşun bölegi goraýardy. Sekiz minaraly, 30 metre ýetýän belent diwarly bu gala Lýudowik XIV dolandyran döwründe, Korol häkimiýetiniň we diýdimzor hökümetiň nyşany, bolup ol ýerde Korol häkimiýetine garşy giden, syýasy tussaglar saklanýardy. Gozgalaňçylaryň özleriniň ilkinji ýörüşini Bastiliýa galasyndan başlamaklarynyň özboluşly sebäbi bardy. Bastiliýanyň basylyp alynandygy hakyndaky habary eşidende Korol geň galmak bilen: „Bu topoloň ahyryn» diýipdir, şonda köşk emeldarlary oňa „ýok Korolhym bu rewolýusiýa» diýip jogap beripdirler.

Bastiliýa galasynyň basylyp alynmagy rewolýusiýanyň başlangyjy we ilkinji ýeňşidi. 14-nji iýulda Parižde bolup geçen wakalaryň tolkuny bütin ýurda ýaýrady. Ýurduň welaýatlarynda emele gelen halk hereketleri, rewolýusionerleriň gazanan ilkinji ýeňişlerini has-da bekitdi. Rewolýusiýonerler köne häkimiýetiň deregne şäherlerde täze dolandyryş girizipdirler. Ýerlerde halk milisiýasy döredilipdir.

Korol Milli ýygnagyň hukuklaryny ykrar etmäge we gozgalaňçylar ylalaşyk baglaşmaga mejbur bolupdyr. 1789-njy ýylyň 17-nji iýulynda Korol Pariže dolanyp gelipdir. Fransiýanyň wezipesinden boşadylan Maliýe gözegçisi Nekker

täzeden bu wezipä bellenipdir. Ýurduň ähli ýerlerinde tolgunşyklar höküm sürýärdi, gozgalaňçylar köne häkimiýeti täze dolandyryş bilen çalyşmak hakyndaky pikirleri öňe sürýärdiler. Olar esasan hem üçinji gatlagyň wekillerinden, aýratyn hem, buržuaziýanyň wekillerinden saýlanan saýlawly häkimiýetiň döredilmegini isleýärdiler.

Şäherlerde dörän rewolýusiýanyň ýelgini frasuz obalaryna hem öz täsirini ýetirdi. Franş-Konte, Dofin, Makonne, Elzas, Wiware welaýatlarynda ulu daýhan gozgalaňlary bolup geçdi. Daýhanlar 200-300 adamdan ybarat toparlara bileleşip, pil, çarşak, palta ýaly ýönekeýje gurallar bilen ýaraglanyp, öz hojaýynlarynyň galalaryna çozýardylar. Daýhanlar zähmet borçlylyk hakyndaky kanunlar kitabyny dabaraly ýakýardylar. Rewolýusiýanyň başlan wagtyndan tä 1793-nji ýyla çenli daýhanlar rewolýusiýanyň esasy daýanjy boldy. Senagatyň we söwdanyň ösmegi bilen kemala gelen täze gatlak bolan - buržuaziýa bilen halk köpçüliginiň ylalaşykly hereket etmegi netijesinde, rewolýusiýanyň ilkinji günlerinde üstünlik gazanmak başartdy. Korol häkimiýetine derek ýurtda esasy dolandyryjy güýç Dörediji ýygnakdy. Dörediji ýygnagy emele getirýän wekilleriň arasynda buržuaziýa agdyklyk edýärdi. Şonuň üçin hem, Ýurtdyň syýasy durmuşynda buržuaziýnyň ähmiýeti ulydyr. Rewolýusiýanyň ilkinji günlerinden başlap, ýurtda döwlet häkimiýeti täze gatrlagyň – buržuaziýanyň eline geçdi, bu bolsa rewolýusiýanyň esasy taryhy ähmiýeti bolup durýardy.

Ýurduň ähli ýerlerinden möwç urýan rewolýusion tolkunlar, daýhanlar hereketleri ýurtda Dörediji ýygnagyň ähmiýetini artdyrdy. Buržuaziýanyň içinden çykan wekiller, şeýle hem, liberal mülkdarlar hem feodalçylyk düzgünleriň gyssagly ýatyrylmagyny talap edipdirler. 1789-njy ýylyň 4-nji awgustynda agşam müldarçylyk köne düzgünleriň, ýokary gatlaklaryň artykmaçlyklarynyň, buthana we müldarçylyk

ýygymlarynyň doly ýatyrylýandygy we ähli raýatlaryň kanun öňünde deňligi hakynda kanun taýarlanyldy.

J**arnamanyň kabul edilmegi.** Rewolýusiýanyň möwç urýan wagtynda, onuň esasy ýolbaşçysy bolan buržuaziýanyň öňünde, rewolýusiýanyň ilkinji günlerinde gazanan üstünliklerini gorap saklamak we berkitmek wezipesi ör boýuna galdy. Şu maksat bilen hem, Milli ýygnagyň agzalary „Raýatlaryň we adamlaryň hukuklary» baradaky jarnamany işläp düzdiler. Diňe bir Fransiýanyň taryhynda däl, eýsem bütin adamzat taryhynda uly ähmiýete eýe bolan bu jarnama 1789-njy ýylyň 26-njy awgustynda jar edildi. Söz azatlygy, şahsyýet azatlygy, wyžşdan azatlygy, ynsanyž tebigy hukuklary baradaky pelsepewi pikirler, bu jarnamanyň esasy ugur alýan ýörelgeleri bolup durýardy. Jarnama 17 bölümden ybarat bolup, onuň birinji bölümi „ähli adamlar deňhukukly bulup dogulýarlar we hemişelik deňhukukly bolup galýarlar» diýen sözler bilen başlanypdyr. Bu jümläniň manysyndan belli boşy ýaly, jarnama şol döwürde jemgyýetiň esasy nogsanlygy bolan gatlaklaýyn gurluşa garşy gönükdirilipdir. Şeýle hem hususy eýeçiligiň eldegrilmesizligi we berk goraglylygy jarnamada öz beýanyny tapypdyr. „Jarnama» diňe bir Fransiýada, däl eýsem beýleki Ýewropa döwletlerinde hem seslenme tapypdyr.

**Rewolýusion toparlar.** Rewolýusiýanyň gidýän wagtynda Baş ştatlaryň içinde hem dürli-dürli syýasy pikrli adamlaryň toparlary bolupdyr. Dörediji ýygnagyň içinde dürli syýasy pikirli toparlaryň birnäçesi döräpdir. Olaryň içinde iň täsirli hem güýçlileriniň biri, konstitusion monarhiýanyň tarapdarlarydy. Olary felýanlar diýip atlandyrypdyrlar. Bularyň iň görnükli ýolbaşçylarynyň biri Mirabo (1749-1791) bolupdyr. Ol ýaşlygyndan başlap begzadalara garşy çykyş edipdir. Şonuň üçin hem, ony birnäçe gezek tussag edipdirler. Ol Baş ştatlaryň ýygnagynda üçinji gatlaga wekilçilik etmek üçin, uzak wagtlap göreşipdir. Mirabo örän zehinli dilewar bolup, özüniň täsirli çykyşlary bilen uly märekeleri agzyna

bakdyrmagy başarypdyr. Ol köne düzgünleri ýigrenipdir. Rewoloýusiýanyň ilkinji günlerinde ol Korol garşy çykyş edipdir. Emma 1789-njy ýylyň 5-nji oktýabrynda bolan wakadan (Rewolýusiýanyň ilkinji günlerinden £an Pol Marat tarapyndan neşir edilip başlanan «Halkyň dosty» gazetinde Wersal köşgüne ýörüş etmäge çagyryş çap edildi) soň, Mirabo pikrini üýtgedipdir. Ol özüniň syýasy garaýyşlarynda Korol köşgi bilen ýakynlaşypdyr. Mirabo Angliýadaky ýaly konstitusion monarhiýanyň tarapdary bolupdyr. Özi bolsa primer ministriň wezipesini eýelemegi arzuw edipdir.

**1791-nji ýylyň konstitusiýasy.** Fransiýanyň syýasy durmuşynda Esaslandyryjy ýygnagyň tutýan orny barha berkäp, ol mundan beýläk hem ýurtda düýpli uýtgetmeleri geçirmegi dowam edipdir. Esaslandyryjy ýygnagyň içinden konstitusion-monarhiýaçylaryň tutýan orny ýokary bolupdyr. Konstitusion-monarhiýaçylar diňe bir Esaslandyryjy ýygnakda däl eýsem, bütin ýurtda hem uly abraýdan peýdalanýardylar.

1791—nji ýylyň sentýabrynda Esaslandyryjy ýygnak Fransiýanyň täze konstitusiýasyny işläp düzdi, oňa laýyklykda Fransiýa konstitusion monarhiýa gurluşly döwletdi. Bu konstitusiýa laýyklykda kanun çykaryjy häkimiýet kanun çykaryjy ýygnaga degişlidi. Ýerine ýetiriji häkimiýet bolsa nesilden-nesile geçýän Korolyň we Korol tarapyndan bellenilýän ministrleriň elindedi. Konstitusiýa laýyklykda Korol kanun çykaryjy ýygnagyň çykaran kanunlaryny inkär etmäge haklydy, muňa başgaça weto hukugy diýilipdir. Ýurduň içerki gurluşynda, ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynda hem birnäçe özgertmeler amala aşyrylypdyr. Fransiýa 83 departamente bölünipdir. Departamentler daglaryň hem derýalaryň atlary boýunça atlandyrylypdyr. Departamentler saýlawly geňeşler we direktoriýa tarapyndan, şäherdir obalar bolsa saýlan munisipalitetler tarapyndan dolandyrylypdyr. Ýurtda Kazyýet häkimiýeti hökmünde saýlawly kazylar we prisýažnyhlar bolupdyr.

Esaslandyryjy ýygnak Fransiýanyň dini garaşsyzlygyny gazan makmaksady bilen ýurtda birnäçe dini reformalary geçirdi. Buthana gullukçylary indi Rim papasy tarapyndan bellenilmän raýatlar tarapyndan saýlanylýardy we olar konstitusiýa wepalylyk hakynda döwletiň öňünde kasam kabul edýärdiler. Fransuz buthanasynyň işi döwlet tarapyndan gözegçilikde saklanylýardy. Esaslandyryjy ýygnak fransuz butahanasyny Rim papasyndan garaşsyz diýip uglan etdi we oňa tölenilýän dini salgytdan ýüz öwürdi.

Esaslandyryjy ýygnak tarapyndan esaslandyrylan saýlaw düzgüni iki derejeli we töleglidi (senzli). Beýleki Ýewropa döwletlerinde bolşy ýaly Fransiýada hem esasy meseleleriň biri, saýlawda ses bermek hukugyny gazanmakdy. Täze girizilen saýlaw hukugyna laýyklykda saýlaw senzini töläp bilmedik raýatlar syýasy hukuk alyp bilmediler. Ýaşy 25-den geçen we 1,5-3 liwrden az bolmadyk möçberde saýlaw sensini tölän adamlar ses bermäge hukuk gazanýardy. Olaryň sany 4,3 mln adamdan geçmändir. Deputat saýlanmak isleýän adamlar has köpräk töleg tölemelidi şonuň üçin hem saýlaw hukukly adamlaryň sany 50 müň adamdan geçmeýärdi. Bu konstitusiýa basylyp alnan mülklere ýaýradylmady, çünki ol ýerlerde entek hem gulçulyk düzgüni kökümsürýärdi.

Raýatlaryň ähli tarapdan deňligini gazanmak maksady bilen Esaslandyryjy ýygnak ähli raýatlaryň gatlaklaýyn gurluşyny, nesilden-nesle geçýän bagzada atlaryny, mülkdar derejelerini we nyşanlaryny ýatyrmak hakynda kanun Kabul etdi. Erkin telekeçiligi üpjün etmek maksady bilen Esaslandyryjy ýurtda telekeçilik we sehleriň ýöredilişi hakyndaky kanuny işläp düzdi. Döwletiň içindäki gümrükleriň ýatyrylmagy ýurtda umumy bazaryň kemala gelmegine getirdi. Rewolýusiýanyň netijesinde emele gelen Esaslandyryjy ýygnak Umumy duşmana Korol garşy göreşde halk bilen bilelikde hereket eden hem bolsa, beýleki meselelerde buruaziýanyň tarapyny tutýardy. Ol buruaziýanyň erkin ösmegi we sazlaşykly

işlemegi üçin işçileriň iş taşlaýyşlaryny we öz bähbitlerini arap edýän ähli hereketlerini gadagan etdi. Emma muňa garamazdan 1790-1791-nji ýyllarda Fransiýada, aýratyn hem, Pariz şäherinde işçi çykyşlarynyň birnäçesi bolup geçdi, birnäçe işçi bileleşikleri döredildi. Esaslandyryjy ýygnak muňa jogap edip, işçi çykyşlaryny, bileleşiklerini döretmegi we iş taşlaýyşlary guramagy gadagan edýän kanun çykarypdyr. Kanuny jemgyýetiň öňünde okan adamyň ady bile baglanyşykly oňa «Le Şapelýeniň kanuny» diýip at beripdirler.

Fransuz obalarynda daýhanlar yzygiderli gozgalaň turuzypdyrlar. Bu bolsa Esaslandyryjy ýygnagy oba hojalyk meselelerine dolanyp gelmäge mejbur edipdir. 1790-njy ýylyň mart-maý aýlarynda ýer hakyndaky kanun ýer eýeçiliginiň mülkdarçylyk görnüşine düýpli zarba urdy. Feodallçylyk borçlarynyň ýatyrylýandygyny berkitdi. Daýhanlar özleriniň azatlygyny senýorlaryndan pul töläp satyn bilýärdiler, emma munuň üçin ummasyz ( bir ýyllyk rentanyň 20-25essesi) töleg tölemelidi. Indi daühanlar feodalçylyk borçlardan boşadyldy, öňki senýprlaryň ýerleri buržuaz eýeçili hökmünde saklanyp galdy. 1789-njy ýylyň 2-nji noýabrynda Esaslandyryjy ýygnakbuthan ýerlerini konfiskowat edip, olary milli eýeçilik diýip yglan etdi.

Raýatlaryň ähli tarapdan deňligini gazanmak maksady bilen Esaslandyryjy ýygnak ähli raýatlaryň gatlaklaýyn gurluşyny, nesilden-nesle geçýän bagzada atlaryny, mülkdar derejelerini we nyşanlaryny ýatyrmak hakynda kanun Kabul etdi. Erkin telekeçiligi üpjün etmek maksady bilen Esaslandyryjy ýurtda telekeçilik we sehleriň ýöredilişi hakyndaky kanuny işläp düzdi. Döwletiň içindäki gümrükleriň ýatyrylmagy ýurtda umumy bazaryň kemala gelmegine getirdi. Rewolýusiýanyň netijesinde emele gelen Esaslandyryjy ýygnak Umumy duşmana Korol garşy göreşde halk bilen bilelikde hereket eden hem bolsa, beýleki meselelerde buruaziýanyň tarapyny tutýardy. Ol buruaziýanyň erkin ösmegi we sazlaşykly

işlemegi üçin işçileriň iş taşlaýyşlaryny we öz bähbitlerini arap edýän ähli hereketlerini gadagan etdi. Emma muňa garamazdan 1790-1791-nji ýyllarda Fransiýada, aýratyn hem, Pariz şäherinde işçi çykyşlarynyň birnäçesi bolup geçdi, birnäçe işçi bileleşikleri döredildi. Esaslandyryjy ýygnak muňa jogap edip, işçi çykyşlaryny, bileleşiklerini döretmegi we iş taşlaýyşlary guramagy gadagan edýän kanun çykarypdyr. Bu kanuny köpçüligiň öňünde okan adamyň ady bilen baglanyşykly oňa «Le Şapelýeniň kanuny» diýip atlandyrypdyrlar.

Fransuz obalarynda daýhanlar yzygiderli gozgalaň turuzypdyrlar. Bu bolsa Esaslandyryjy ýygnagy oba hojalyk meselelerine dolanyp gelmäge mejbur edipdir. 1790-njy ýylyň mart-maý aýlarynda ýer hakyndaky kanun ýer eýeçiliginiň mülkdarçylyk görnüşine düýpli zarba urdy. Feodallçylyk borçlarynyň ýatyrylýandygyny berkitdi. Daýhanlar özleriniň azatlygyny senýorlaryndan pul töläp satyn bilýärdiler, emma munuň üçin ummasyz ( bir ýyllyk rentanyň 20-25 essesi) töleg tölemelidi. Indi daýhanlar feodalçylyk borçlardan boşadyldy, öňki senýorlaryň ýerleri buržuaz eýeçilik hökmünde olaryň ellerinde saklanyp galdy. 1789-njy ýylyň 2-nji noýabrynda Esaslandyryjy ýygnak buthana ýerlerini konfiskowat edip, olary milli eýeçilik diýip yglan etdi. Buthana ýerleri satylyp. Ondan alnan girdeji Korol häkimiýetinden miras galan döwlet bergilerini üzleşmek üçin harç edildi. Buthanadan alnyp satlyga çykarylan ýerleri esasan buržuaziýanyň wekilleri, täze baýan adamlar satyn alypdyr. Bu ýerler garyp daýhanlar üçin elýeterli däldi. 1791-nji ýylyň sentýabrynda Fransiýada täze konstitusiýa işlenip düzüldi. Bu konstitusiýany Fransiýada parlamentiň wezipesini ýerine ýetirýän Milli ýygnak tarapyndan işlenip taýarlanyldy, Bu konstitusiýa laýyklykda Fransiýadadöwlet gurluşynyň konstitusion monoarhiýa görnüşi berkarar edildi. Ýurtda döwlet dolandyşynyň täze görnüşli ulgamy kemala geldi. Fransiýada asyrlarboýy diňe Korolyň elinde jemlenen

ýeke-täk döwlet häkimiýeti indi iki sany, aýry-aýry şahalara bölündi.

1. Kanun çykaryjy häkimiýet – bir palatadan ybarat bolan kanun çykaryjy ýygnagyň ygtyýarynda bolupdyr.

2. Ýerine ýetiriji häkimiýet korolyň we korol tarapyndan bellenilen ministrleriň elinde jemlenipdir.

Täze konstitusiýa laýyklykda korol Milli ýygnagyň – parlamentiň çykaran kanunlaryny wagtlaýyn togtadyp bilipdir - weto hukugyndan peýdalanypdyr. Ýurtda täze dolandyryş ulgamy girizilip, oňa laýyklykda Fransiýa 83 departamente(welaýata) bölünip, olar täzeçe atlandyrylypdyr. Departamentlerde we şäherlerde saýlanan munisipalitetler, obalarda bolsa saýlawly geňeş we direktoriýa tarapyndan dolandyrylypdyr. Ýurtda saýlawly kazyýet ulgamy kemala gelipdir.

Rewolýusiýanyň gazananlaryny berkitmek we bu işde buthananyň täsirinden peýdalanmak maksady bilen, birnäçe dini özgertmeleri geçirdi. Buthana wezipeleri saýlawly bolup, buthana işgärleri konstitusiýa wepalylyk hakynda kasam kabul etmelidi. Rim papasyna tölenilýän salgytlar ýartyrylyp, ol girdejiler Fransiýanyň öz býujetine girýärdi.

**Saýlaw ulgamy.** Beýleki döwletlerde bolşy ýaly Fransiýada hem saýlaw hukugy, esasy meseleleriň biridi. Milli ýygnak saýlaw hukugy hakyndaky kununy hem gaýra goýmady. Tölegli we iki derejeli saýlaw ulgamy döredildi. Ýaşy 25-den pes bolmadyk 1,5-3 liwrden az bolmadyk mukdarda salgyt tölän raýatlar saýlawda ses bermäge hukuklydy. Beýle hukuga eýe bolan adamlaryň sany 3-4 mln-dan geçmändir. Bu konstitusiýa Fransiýanyň bakna mülklerine ýaýradylmandyr. Çünki ol bakna mülklerde entek gul eýeçilik gurluşy höküm sürýärdi.

1791-nji ýylyň konstitusiýasy öz döwrüniň täzeçil progressiw kanunydy, emme muňa garamazdan, ol halk köpçüligine garanyňda iri buržuaziýanyň bähbitlerini goramaga

köp üns berýärdi. Ýurtda täze ykdysady gatnaşyklaryň esasynda dörän baý gatlak bolan buržuaziýanyň agalygy berkidildi we konstitusiýa esasynda resmileşdirildi.

**Jemgyýetçilik syýasy hereketleriň döremegi.** Rewolýusiýanyň ilkinji ýyllaryndan başlap Fransiýada aram konstitusion-monoarhiýanyň tarapdarlary dolandyryp başladylar. Konstitusion-monoarhiýaçylaryň alyp baran syýasaty halk köpçüliginde nägilelik döretdi. Rewolýusiýanyň birinji döwründe Korol häkimiýeti çäklendirildi. Ýurtda parlamentiň wezipesini ýerine ýetirýän Milli ýygnagyň agalygy berkarar edildi. Ilki başda ilatyň üçinji gatlagyny emele getirýän dürli synplar bilelikde bilelikde hereket edip, rewolýusiýany amala aşyrdylar. Emma bu beýik wakadan oňa gatnaşyjylara düşen paý deň bolmady. Iri buržuaziýa syýasy öwürlişikden öz paýyny aldy. Şonuň üçin hem iri buržuaziýa we liberal mülkdarlar rewolýusiýany mundan beýläk çuňlaşdyrmazdan, togtatmak isleýärdi. Munuň tersine halk köpçüligi, şeýle hem, buržuaziýanyň radikal (düýpleýin) gatlagy rewolýusiýany ahyrky maksadyna çenli dowam etdirmek we çuňlaşdyrmak isleýärdiler.

Fransiýada şeýle dartgynly wakalaryň bolup geçýän wagtynda dürli syýasy pikirli adamlar tarapyndan esaslandyrylan syýasy klublaryň ähmiýeti ulydy. Syýasy klublar syýasy partiýalaryň wezipesini ýerine ýetiripdir. Syýasy klublaryň arasynda iň abraýlysy hem täsirlisi 1789-njy ýylda esaslandyrylan Ýakobinçiler klubydy. Olar keramatly «Ýakob» (Ýakup) ybadathanasynda ýygnanypdyrlar. Klubyň ady hem şondan gelip çykandyr. Ýakobinçiler göräýmäge bitewi bir klubyň agzasy bolsalarda, olaryň içinde rewolýusiýany dowam etdirmek we onuň öňünde duran maksatlary kesgitlemek bilen baglanyşykly dürli pikirli adamlar bolupdyr. Olaryň hatarynda konstitusion monoarhiýanyň tarapdarlary hem bolupdyr. Fransiýanyň dürli künjeklerinde Ýakobinçileriň filiallary bolupdyr.

Sýasy klublaryň içinde özüniň öňde goýan maksatlary boýunça halka iň ýakyn durýanlarynyň biridi kardelýerleriň klubydy. Çünki kardelýerleriň düzümine ilatyň pes hasaplanýan gatlaklary bolan garyplaryň, aýallaryň hem girmäge mümkinçiligi bolupdyr. Danton, Demulen, Marat, Eber ýaly meşhur şahsyýetleriň bolmagy kardelýerler klubynyň ähmiýetini has-da artdyrypdyr.

Rewolýusiýanyň barşynda Fransiýada aň bilimiň ösüşi giňişleýin ýaýrap, halkyň syýasata bolan gatnaşygy işjeňleşipdir. Ýurtda birnäçe syýasy gezetler döredilip, olarda ýurtda bolup geçýän resmi habarlar bilenhalk tanyşdyrylypdyr. Halkyň içinde uly abraýdan peýdalanýan gazetleriň biri hem 1789-njy ýylda £an Pol Marat (1743-1793) tarapyndan esaslandyrylan «Halkyň dosty» gazetidir. Käri boýunça lukman, publisit bolan Marat özüniň syýasaý garaýşy boýunça buržuaz demokrat bolmak bilen, ol öz çykyşlarynda halkyň bähbidini erjellik bile gorapdyr. Ol döredijі ýygnagyň alyp barýan syýasatyny batyrgaýlyk bilen tankytlapdyr. Ol aýratyn hem, Döredijі döredijі ýygnagyň «tölegli saýlaw ulgamyndan» nägile bolupdyr. «Halkyň dosty» gazetiniň üsti bilen ol halky batyrgaý çykyşlara we rewolýusiýany ahyrky derejesine çenli dowam etdirmäge çagyrypdyr.

«Dýuşeniň atasy» atly gazet hem meşhurlykdan peýdalanyp, ol 1791-nji ýylda £ak Rene Eber tarapyndan çykarylyp başlandy.

Korolyň gaçmaga syňanhyşygy. Rewolýusiýa 1789-njy ýylda başlandy. Onuň ilkinji ýyllarynda Korol halk bilen ylalaşyp, birnäçe eglişiklere gitmäge mejbur boldy. Emma wagtyň geçmegi bilen Korol daşary ýurtly tarapdarlary bilen gepleşip, ýurtda häkimiýetini dikeltmäge synanyşýardy. 1791-nji ýylyň 21-nji iýunynda Korol maşgalasy gizlinlikde Parižden çykyp, gündogara tarap ýola düşdi. Lýudowik XVI Awstriýanyň we beýleki döwletleriň goldawy bilen, Milli ýygnagy dargatmagy we özüniň çäklendirilmedik häkimiýetini

dikeltmegi maksat edinýärdi. Emma dürli sebälere görä «gaçgaklar» ýolda eglenýärler. Bu bolsa Milli ýygnagyň gwardiýasynyň we müňlerçe ýaragly daýhanlaryň güýji bilen Pariže gaýtarylyp getirilipdir.

Bu waka ýyldyrym çaltlygynda bütin ýurda ýaýrady. Halk täze güýç bilen monoarhiýa garşy herekete başlady. Halk hereketleriniň öňde goýan maksady respublikan häsiýetlidi. Ýurduň paýtagtynda we welaýatlarda Korolny ýurtdan gaçmagyny daşary ýurtlar bilen dildüwşik we Fransiýa dönüklik diýip häsiýetlendirdiler. Olar Korolny jezalandyrmagy talap etdiler. 1791-nji ýylda Fransiýada respublikaçylaryň hereketi güýçlendi. Olaryň esasy merkezi kardelýerleriň klubydy. Klluby agzalary Korolny jeszalandyrmagy we Fransiýany respublika diýip yglan etmegi talap edýärdiler.

Emma Fransiýada konatitusion monoarhiýanyň berkarar edilmeginiň tarapdarlary munuň bilen ylalaşmadylar. Olar rewolýusiýany bes etmegi ündeýärdiler. Olaryň görnükli wekilleriniň biri Barnaw Ýygnakda eden çykyşynda «rewolýusiýa ýetjek derejesine ýetdi, indi ony bes etmegiň wagty geldi.» diýdi. 1791-njy ýylyň 17-nji iýulynda «harby ýagdaý hakyndaky kanuna» laýyklykda Milli gwardiýanyň esgerleri Mars meýdanyna ýygnanan eli ýaragsyz mähellä ot açdy. Demonstrassiýa ýygnanan adamlardan 50 adam ölüp, ýüzlerçe adam ýaralandy. Ýurtda bolup geçýän syýasy wakalar Ýakobinçiler klubynyň bölünip ondan birnäçe toparçalaryň aýrylmagyna getirdi. Liberal monoarhistler, Barnawyň we Lafaýetiň tarapdaralry ýakobinçilerden bölünip aýrylyp, özleriniň klublaryny döretdiler. Olar felýanlar klubynyň ýerleşen ybadathanasynda ýerleşip konstitusion monarhiýany berkitmegiň tarapynda çykyş edýärdiler.

Ýakobinçiler klubynyň düzüminde radikal buržuazlar, ýagny rewolýusiýany halk bilen bile dowam etdirmegiň tarapdarlary galypdyr.

1791-nji ýylyň sentýabrynda Ýygnak täze konstitusiýanyň doly tekstini taýarlady. Konstitusiýa laýyklykda Esaslandyryjy ýygnak öz ähmiýetini ýitirip, onuň ýerine tölegli saýlaw esasynda döredilen Milli ýygnak bilen ornyny çalyşdy.

**Milli ýygnak we onuň işi.** Milli ýygnak iki ganatdan sagçylarda we çepçilerden ybaratdy. Sagçylar - asyrlarboýy dowam edip gelýän däp-dessurlaryň we täzeça gatnaşyklaryň sazlaşygy esasynda ýurdy dolandyrmagyň we konstitusion monoarhiýany berkarar etmegiň tarpdarlary.

Çepçiler - ýurtda düýpli özgerişlikleri geçirmegiň, rewlýusiýany ahyryna çenli dowam etdirmegiň, Korol häkimiýetini doly agdarmagyň we respublikany berkarar etmegiň tarapdarlary.

Sagçylar ganatyny felýanlar klubynyň agzalary düzýärdiler. Olar ýurduň syýasy durmuşynda uly täsirden peýdalanýardylar. Çepçiler ganatyny bolsa ýakobinçiler kluby düzüpdir. Sagçylar ganatyny emele getirýän wekilleriň arasynda hem syýasy bölünşik bolup, Žironda departamentinden gelen deputatlar Brissonyň we Wernonyň ýolbaşçylygynda bölünip aýrylypdyr. Olar özleriniň syýasy garaýyşlary we öňe sürýän teklipleri boýunça beýlekilerden tapawutlanyp, özlerini Žirondistler diýip atlandyrypdyrlar. Olara başgaça Brissoçylar hem diýipdirler. Žirondistler ilki ýakobinçiler klubynyň düzüminde bolup, soňra syýasy wakalaryň dowamynda ýakobinçilerden aýry çykyş edip başlapdyrlar. Hatda käbir meselelerde olaryň pikirleriniň biri-birine garşy gelýän wagtlary hem bolupdyr. Žirondistler söwda we telekeçilige doly erkinlik berilmeginiň tarapdary bolup, ykdysadyýetiň ösüşine döwlet tarapyndan päsgelçilik döredilmegini garşy çykypdyrlar. Iri we orta buržuaziýa, baý söwdagärler žirondistleri goldapdyrlar. Žirondistler Korolçy mülkdarlaryň kontrrewolýusion çykyşlarynda gorkup, ony

rewolýusiýa üçin iň howply zatlaryň biri hasaplapdyrlar. Milli ýygnagyň mežlisleriniň birinde felýanlardan

**Milli ýygnak we onuň işi.** Milli ýygnak iki ganatdan sagçylarda we çepçilerden ybaratdy.

Sagçylar - asyrlarboýy dowam edip gelýän däp-dessurlaryň we täzeça gatnaşyklaryň sazlaşygy esasynda ýurdy dolandyrmagyň we konstitusion monoarhiýany berkarar etmegiň tarpdarlary.

Çepçiler - ýurtda düýpli özgerişlikleri geçirmegiň, rewlýusiýany ahyryna çenli dowam etdirmegiň, Korol häkimiýetini doly agdarmagyň we respublikany berkarar etmegiň tarapdarlary.]

Fransuz şäherlerinde aýratyn hem Parižde syýasy rewolýusion wakalaryň möwç urýan wagtynda, bu wakalaryň ýelgini fransuz obalaryna hem ýaýraýardy. Daýhanlary öz hojaýynlarynyň asyrlary boýy dowam edip gelýän artykmaç hukuklaryna, eden - etdiligine garşy alyp barýan göreşleri giňden ýaýbaňlandy. 1792-nji ýylyň ýazynda mülkdarlara garşy aýaga galan müňlerçe daýhan otrýadlary Fransiýanyň merkezi we Günortasynda ýerleşen Kersi, Ruerg, Limuzen Langedok we Prowans welaýatynyň bir bölegini öz içine alypdyr. Daýhanardan düzülen goşun bölekleri öňki hojaýynlaryň, mülkdarlaryň galalaryna çozup, olary talaýardylar. Birnäçe mülkdar galalary daýhanlar tarapyndan basylyp alynypdyr. Bu wakalar baryp 1791-njy ýylyň güýzünde başlanan „çörek ugrundaky uruşlar» bilen utgaşyp gidýärdi. Fransiýada bolup geçýän halk hereketleri halkyň hal ýagdaýy bilen berk baglanyşyklydy. Yzygiderli uruşlar, gozgalaňlar, daýhalaryň öz hojaýynlary bilen çaknyşyklary ekerançylyk ýerleriniň tozmagyna, hasylyň pese gaçmagyna, çörek ýetmezçiliginiň we açlygyň giňden ýaýramagyna getirdi. Aýaga galan halk köpçüligi söwdagärlerden we fermerlerden azyk we oba hojalyk önümleriniň bahasynyň arzanladylmagyny talap edipdirler.

1792-nji ýylda şeýle halk hereketleriniň möwç urýan wagtynda, rewolýusiýany basyp ýatyrmak we Korol häkimiýetini dikeltmek ugrunda hereket edýän kontrrewolýusion goşunlar hem güýçlenip başlady. Rewolýusiýadan öň agalyk ediji gatlak bolan begzadalar indi buržuaziýanyň talaplary bilen razylaşmak we birleşmek islemeýärdiler. Olar rewolýusiýa garşy barlyşyksyz göreş alyp barýardylar. Rewolýusiýa garşy alnyp barylýan hereketlere ruhanylar hem goşuldy. 1791-nji ýylda Rim papaý Fransuz rewolýusiýasyny we oňa gatnaşyjylary näletledi. Bu bolsa ruhanylaryň garşylygynyň has-da güýçlenmegine getirdi. Ruhanylaryň aglabasy konstitusiýany kabul etmekden ýüz öwürdi. Olar Korolyň tarapynda duran begzadalar bilen birleşip, rewolýusiýa üçin howply güýje öwrüldiler. Korolyň dogany graf d,Artua we Prowansyň grafy rewolýusiýadan gaçyp ýurtdan çykan emigrantlardan 15 müň adamlyk goşun düzdiler. Olara Fransiýanyň käbir ýerlerinde rewolýusiýa garşy topoloň turuzmak başartdy.

1791-nji ýylyň noýabrynda Milli ýygnak emigrantlary gözlemek we olara garşy göreşmek hakynda kanun kabul etdi. Emma Lýudowik XVI bu kanuna weto (gadaganlyk) goýdy(häkimiýetiniň çäklendirilendigine garamazdan Lýudowik XVI käbir hukuklary saklanyp galýardy).

Korolyň tarapdary bolan emigranlaryň we begzadalaryň rewolýusiýa garşy göreşmekde, esasan, daşary ýurtlardan aýratyn hem, Awstriýadan geljek kömege bil baglaýardylar. Çünki Lýudowik XVI aýaly Mariýa Antuanetta Awstriýa imperatorynyň uýasydy. Emigrantlardan düzülen kontrrewolýusion goşun hem, Awstriýa goşunlaryna garşy göreşipdir. Korol we onuň egindeşleri Fransuz rewolýusiýasyna garşy göreşde Awstriýa goşunlary bilen bilelikde göreşmegi we gizlin dildüwşik guramagy meýilleşdiripdirler. Munuň özi Korolyň we onuň tarapdarlarynyň rewolýusiýany basyp

ýatyrmagyň hatyrasyna, hatda Fransiýa dönüklik etmäge hem razydyklaryny aňladýardy.

**Ýewropa döwletleriniň rewolýusiýa garaýşy.** Rewolýusiýadan öň Ýewropa döwletleriniň arasynda agalyk ugrunda barlyşyksyz göreş dowam edýärdi. Fransiýada başlanan rewolýusiýanyň tolkuny bütin Ýewropa döwletrine ýaýrady. Şonuň üçin hem, Ýewropa monoarhiýalary bu rewolýuisiýany basyp ýatyrmagyň jana-jan tarapdarydy. Çünki rewolýusiýanyň täsiri bilen Ýewropa halklaryna azat edijilik hereketleri ýaýrap başlady. Şeýlelikde döwletleriň arasyndaky bäsdeşlik öz ähmiýetini ýitirip, halk hereketlerini basyp ýatyrmak we monoarhiýany berkitmek esasy meselä öwürlipdir. Fransiýa bilen gury ýer boýunça serhetleşýän we ençeme ýyllar bäri özara uruşlary alyp baran Awstriýa we Prusiýa döwletleri, indi fransuz korolyna kömege taýynlanýardy. 1791-nji ýylyň 27-nji awgustynda Awstriýanyň imperatory Leopold II we Prussiýanyň koroly Wilgelm II Pilnis galasynda Lýudowik XVI kömek bermek baradaky şertnama gol çekdiler we beýleki Ýewropa monoarhlaryny hem bu bileleşige çagyrdylar. Netijede 1792-nji ýylyň 7-nji fewralynda Awstriýa we Prussiýa Fransiýanyň garşysyna ilkinji harby bileleşigi – „birinji antifransuz bileleşigi» döretdiler. Rewolýusiýanyň netijesimde döredilen fransuz respublikasyna Ýewropanyň monoarhistik döwletleri tarapyndan howp abanyp başlady.

Ýurduň daşyndan abanýan uruş howpy Fransiýanyň içinde syýasy ýagdaýyň ýitileşmegine, agalyk edýän gatlagyň arasynda jedelleriň ýüze çykmagyna getirdi. Goňşy monoarhistik döwletleriň Fransiýa garşy harby hereketlere taýarlanýandygy hakyndaky habar ýurda ýaýrandan soň, uruş hakyndaky mesele iň wajyp hem gaýragoýulmasyz meselä öwrüldi. Ýurtda agalyk edýän gatlaklaryň urşa garaýyşlary hem dürlidi.

**Korol we onuň egindeşleri** Fransiýanyň daşary döwletler tarapyndan ýeňilmegine, rewolýusiýanyň basylyp ýatyrylmagyna we çäklendirilmedik monoarhiýanyň dikeldilmegine bil baglaýardylar.

Konstitusion monoarhiýanyň tarapdarlary bolan felýanlar daşary ýurtlar bilen urşa başlamaga gorkupdyrlar. Olar uruş konstitusion monoarhiýanyň ýykylmagyna getirer diýen pikiri öňe sürüpdirler.

Munuň tersine £irondistler Fransiýanyň ilki urşa başlamagyny isläpdirler. Olar daşary döwletlere bilen boljak uruş fransuz halkyny öz duşmanlaryna garşy milli azat edijilik hereketine aýaga galdyrar, Fransiýa üstünlik bilen ýeňer we rewolýusiýanyň gazananlaryny berkider diýip umyt edipdirler.

Ýakobinçiler klubynyň agzalary goňşy döwletler bilen urşa başlamaga garşy bolupdyrlar. Olaryň görnükli serdarlarynyň biri Robespýer žirondistleriň pikirini tankytlap çykyş edipdir. Ol urşa başlamazdan ozal ýurduň iiçindäki duşmanlara – kontrrewolýusionerlere garşy göreşmeli diýipdir.

Uzaga çeken çekeleşigiň netijesinde urşuň tarapdarlary üstün çykdylar. 1792-nji ýylyň martynda Lýudowik XVI žirondistleriň ministrligini döretdi, şol ýylyň 20-nji aprelinde bolsa Fransiýa Awstriýa garşy yglan etdi. Bu uruş oňa gatnaşýn döwletleriň her haýsysy üçin aýry – aýry häsiýetlere eýedi. Fransiýanyň ilkinji bolup uruş yglan edendigine garamazdan bu onuň üçin milli azat edijilik urşydy. Çünki Awstriýa goşunlary Fransiýanyň basyp almaga we onuň içerki işlerine goşulmgy meýilleşdirýärdi. Awstriýa üçin bolsa bu uruş Fransiýa goşun sürmäge we rewolýusiýany basyp ýatyrmaga niýetlenen hereketdi.

Fransuz goşunlarynyň kuwwaty pese gaçypdy. Kuwwatly burbaonlar goşunynyň aglaba bölegini düzen begzadalar rewolýusiýadan gaçyp, emigrasiýa gaçypdy. Goşuna täze goşulan meýletinçileriň bolsa ýaraglanyşy pesdi özleri bolsa harby taýarlyksyzdy. Bu bolsa urşyň ilkinji günlerinden başlap

Fransiýa üçin şowsuz başlanmagyna getirdi. Fransuzlaryň awstriýalara garşy hereketleri ýeňiliş bilen tamamlandy. Fransuz goşunlarynyň şowsuzlyklary Korolny we onuň çäklendirilmedik häkimiýrtiniň dikeldilmegini isleýän begzadalary begendirýärdi. Olar Fransiýanyň Awstriýadan ýeňilmegine sabyrsyzlyk bilen garaşypdyrlar. Hatda şa aýaly Mariýa Antuanetta fransuz goşunlarynyň gizlin meýillerini awstriýalylara ýetiripdir. Lýudowik XVI žirondist ministrleri işden boşadyp, meýletinçilerden güýçli goşunlaryň döredilmegine garşy dürli hereketleri alyp barypdyr. 1792-nji ýylyň 11 iýulynda Milli ýygnak Fransiýanyň halkyna „Watan howp astynda» diýen ýüzlenme bilen çykyş etdi. Fransiýanyň Ahli ýerlerinde watançylyk hereketleri başlandy. Adamlaryň ýuzünde watançylyk duýgulary möwç urýardy. Meýletinçilerden – wolonterlerden düzülen batalýonlaryň sany köpelip ugrady. Korolyň girizen gadaganlygyna garamazdan, ýurtda meýletinçileriň sany artyp 15 müňe ýetdi. Watançylyk ruhuna ruhlanan halk buýsanç bilen rewolýusion aýdymy - Marselýozany aýdypdyr. Fransuz halkynyň kese ýerli basyp alyjylara garşy göreşi, onuň ýurduň içindäki kontrrewolýusion güýçlere garşy barlyşyksyz göreşi bilen utgaşyp gidipdir. Fransiýada konstitusion monoarhiýa ykyldy.

## §2. Fransiýada birinji respublikanyň esaslandyrylmagy

**1792-nji ýlyň 10-njy awgustyndaky gozgalaň.** Fransiýada syýasy wakalar çylşyrymlaşyp, halk hereketleriniň möwç urýan wagtynda halk köpçüligi Korolyň jezalandyrylmagyny we monoarhiýanyň düýbinden ýok edilmegini talap edýärdi. Demokratik hereketleriň görnükli serdarlary Marat, Danton, Robespýer we beýlekiler hem bu pikiri goldapdyrlar. Olar Lýudowik XVI häkimiýetden çetleşdirip, Milli konwentiň (ýygnagyň) baştutanlygynda täze

konstitusiýany işläp taýarlamaga çagyrypdyr. Bularyň çagyryşy boýunça Parižde syýasy uly gozgalaň taýarlanypdyr. Bu gozgalaňa halkyň ähli wakilleri hat-da pes gatlaklar hem gatnaşypdyr. Prus goşunlarynyň serkerdesi Braunşweýgiň Lýudowik XVI azat edilmese Parižiň basylyp alynjaklygy baradakyhaýbat atmasy gozgalaňyň başlamagyna bahana bolup hyzmat etdi. 1792-nji ýylyň 10-njy awgustynda agşam Parižde gozgalaň başlandy. Gozgalaňy taýarlan seksiýanyň ýolbaşçylary şäher ratuşasynyň ýanynda ýygnanyp, gozgalaň boýunça kammuna döretdiler. Olar felýanlary-žirondistleri häkimiýetden çetleşdirip, Parižde häkimiýeti öz ellerine aldylar. Şol gün gozgalaňçylar erjellik bilen söweşip Korol maşgalasynyň ýerleşen ýeri bolan Týuilri köşgüni eýelediler. Bu waka edil 1789-njy ýyldaky Batiliýa galasynyň basylyp alnyşyny ýada salýardy. Emma bu gün ki halk gozgalaňa hsada joşgunlydy.

1792-nji ýylyň 10-njy awgustyndaky gozgalaň we onuň ýeňiş bilen tamamlanmagy rewolýusiýanyň gidişinde ähmiýetli wakalaryň biri bolup, onuň gaýtadan ýokary göterilmagine itergi berdi. Bu gozgalaňyň taryhy ähmiýeti onuň rewolýusiýanyň birinji döwründe esaslandyrylan konstitusion monoarhiýany düýbinden ýok etmegidi. Gozgalaňyň netijesinde Burbonlar dinastiýasynyň görnükli wekili, 18 ýyllap ýurdy dolandyran Lýudowik XVI tagdan agdaryldy we Milli konwentiň karary bilen ol maşgalasy bilen bilelikde tussag edilip, Tampl köşgüne iberildi. Bu gozgalaň halk we oňa iň ýakyn güýçler tarapyndan geçirilip, ol diňe bir Korol we onuň begzadalaryna däl, eýsem, rewolýusiýanyň ilkinji ýeňişlerinden özüniň ýetdik paýyny alan we indi ony mundan artyk dowam etdirmek islemeýän iri buržuaziýa hem garşy gönükdirilendi. Indi milli bolýan saýlawlara ozalkylar ýaly, diňe belli bir mukdarda emlägi bolan raýatlarda däl-de, 21 ýaşa ýeten her bir erkek kişi gatnaşmaga hukuklydy. Wakalryň netijesi felýanlar klubynyň wekilleri (Korol häkimiýetini saklap galmagy we

konstitusion monoarhiýany berkarar etmegi öňe sürýänler) kontrrwolýusiýanyň tarpynda bolup çykdy. Lafaýet we felýanlar klubynyň beýleki görnükli wekilleri ýurtdan çykyp gitmäge mejbur boldylar. Ýurtda täze hökümet döredilip, oňa žirondistler ýolbaşçylyk etdiler. Pariž gozgalaňyny taýarlan syýasy seksiýalar, şäher ilaty bileleşip Pariž kommunasyny emele getirdiler. Kommuna – halk, köpçülik, jemagat diýmegi aňladýar. Ýagny jemagatyň häkimiýeti.

Kordelýerler kluby, ýakobinçi-demokrat, şeýle hem, Maksiliýan Robespýer, Eber, Şomett ýaly görnükli şahsyýetler hem, Pariž kommunasynyň düzümine girýärdi. Pariž kommunasy ýurduň içer we daşary syýasatyna, jemgyýetçilik durmuşyna degişli meseleleri çözmäge erjellik bilen gatnaşýardy.

1792-nji ýylyň 19-njy awgustynda awstriýa-prus goşunlary Fransiýanyň serhedinden geçip, ýurduň jümmüşine aralaşyp başladylar. 23-nji awgustda Longwi, 2-nji sentýabrda bolsa Werden şäheri eýelendi. Emma daşary ýurtly goşunlaryň Fransiýa ýorüşi uzaga çekmedi. Şol ýylyň 20-nji sentýabrynda Demurýeniň we Kellermanyň baştutanlygynda awstriýa-prus goşunlary yza serpikdirildi. Fransuz goşunlary antifransuz birleşiginiň goşunlaryny yza serpikdirip, Germaniýanyň Worms, Şpeýer, Maýns, Frankfurt şäherlerini eýelediler. Fransiýanyň Günortasynda bolsa Awstriýanyň we Prussiýanyň ýarany bolan, Sardiniýanyň goşunlarynyň kowup çykardylar we Sawoýýa, Nisse welaýatlaryny eýelediler. Şeýlelikde fransuz halkynyň tutanýerli göreşi, belent ruhly erjelligi bilen, Fransiýa daşarky duşmanlardan azat boldy, Fransiýanyň halkara abraýy ýene-de belende galdy.

**Milli konwent we respublikanyň berkarar edilmegi.** 1792-nji ýylyň sentýabr aýynyň ahyry Fransiýa üçin syýasy wakalara baý boldy. 20-nji sentýabrda Fransiýa daşary ýurtly basyp alyjylarda doly azat edildi. Şol gün hem Fransiýanyň kanun çykaryjy edarasy bolan Milli konwent öz işine başlady.

21-nji sentýabrda Korol häkimiýetiniň ýok edilýänligini we monoarhiýanyň ýykylýanlygyny yglan etdi. 1792-nji ýylyň 22-nji awgustynda bolsa, Fransiýa respublika diýlip yglan edildi. Bu Fransiýanyň taryhyndaky Birinji respublikady. Milli konwent respublikanyň konstitusiýasyny taýarlamaga girişdi.

Milli konwentiň düzüminde 749 wekil bolup, ölar özleriniň syýasy jemgyýetçilik pikirleri boýunça iki ganata-çepçilere we sagçylara bölünipdirler.

Çepçileri başgaça daglar ýa-da montanýarlar (montagne „dag») diýip hem atlandyrypdyrlar. Olaryň görnükli wekiller Robespýer, Marat, Danton bolup, çepçileriň agramly bölegini ýakobinçiler düzüpdirler. Olara 113 deputat wekilçilik edipdir. Çepçiler aşa garyplaryň we aşa baýlaryň ýok, sosial taýdan deňligiň höküm sürýän jemgyýetini gurmak isläpdir.

Sagçylar ganatyny 136 deputatdan ybarat bolan žirondistler emele getiripdirler. £irondistler Milli ýygnakda agalyk ediji gatlak bolup, olar indi rewolýusiýany mundan artyk dowam etdirmek islemändirler. Olar rewolýusiýa özüniň öňde goýan maksadyna ýetdi, indi ony dowam etdirmegiň geregi ýok diýipdirler. Halk köpçuliginiň durmuş häsiýetli talaplaryny we beýleki hereketlerini „başbaşdaklyk», „topoloň» diýip atlandyrypdyrlar. Çünki olar rewolýusiýanyňn netijesinde häkimiýeti eline alypdyrlar. Welaýatlaryň agalyk edipdirler. Ýurtda ýerine ýetirji häkimiýet žirondistleriň elinde jemlenipdir.

Milli konwente girýän 500-den gowrak deputat hiç hili syýasy toparlara girmändir. Olary „deňlikliçiler»(bitaraplar) diýip atlandyrypdyrlar. Olar esasan buržuaziýanyň häkimiýetini berkitmek isläpdirler.

**Rewolýusiýanyň ikinji döwri.** Žirondistleriň dolandyran döwründe Fransiýan birnäçe heby üstünliklere ýetdi. Fransiýa diňe ýurdň içinde däl, eýsem beýleki döwletlerde hem, azat edijilik hereketlerine gatnaşýardylar. Žirondistler „Külbelere parahatlyk-köşklere uruş» diýen şygary öňe sümek bilen, halk

içinde uly goldaw gazandylar. 1792-nji ýylyň 19-njy noýabrynda we 15-nji dekabrynda kabul edilen jarnama laýyklykda fransuz halkynyň ýaşaýan ähli ýerlerinde feodalçylyk köne düzgünleri düýbinden ýok etmeli we buržuaz gatnaşyklary ornaşdyrmagy karar etdiler. Fransiýanyň günortasynda, Italiýanyň serhedinde ýerleşen Sawoýýa we Nissa welaýatlary, Demirgazykda Belgiýany, Reýn we Maýns derýalarynyň çep kenarynda ýerleşen nemes ýerleri hem Fransiýa birikdirildi. Fransiýanyň täze serhetleri kesgitlenip, onda tebigy çäkler esas edilip alyndy. Reýn derýasy, Alp we Prineý daglary Fransiýanyň tebigy çäkleri bolup hyzmat etdi. Žirondistler rewolýusion uruşlary alyp barmak bilen, bir tarap dan Fransiýanyň halkara abraýyny galdyrmak, ikinji tarapdan bolsa halkyň içerki güýçlerini ýurduň daşyndaky uruşlara sarp etmek we halkyň ünsüni içerki wakalardan sowmak isleýärdiler.

Emma daşary ýurtlara garşy alnyp barylan uruşlar, Fransiýanyň içerki syýasy gapma garşylyklary aradan aýryp bilmedi. Korol we onuň ykbaly hakyndaky meseleýurduň syýasy durmuşynda esasy meselä öwrüldi. Pariž komminasy we onuň düzümine girýän syýasy seksiýalar, halk höçüligi Korolny kazyýet jogapkärçiligine çekmegi talap etdiler. Üsti açylan resminamalar Korol we şa aýaly Antuanettanyň daşary ýurtly hökümetleri bilen gizlin gatnaşyklary saklandygyny tassyklady. Emma žirondistler we Milli konwentiň deputatlarynyň aglaba köpüsi bu teklibe garşy bolupdyrlar. Olar dürli ýollar bilen Korolny aklamaga we jazalandyrmak hakyndaky talaplary ýatyrmaga çalşypdyrlar. Olar şeýtmek bilen rewolýusiýany togtatmak we özleriniň elinde jemlelen häkimiýeti saklap galmakçy bolupdyr. Korolny jezalandyrmak hakyndaky meselele uly syýasy ähmiýete eýedi. Çünki Korolyň jezalandyryp öldürilmegi 1792-nji ýylyň 10-njy awgustynda başlanan rewolýusiýanyň mundan beýläk hem dowam

etdiriljekdiginiň, onuň aklanylmagy bolsa rewolýusiýanyň togtadyljakdygynyň alamatydy.

Bu meseläni çözmek üçin geçirilen sala salynşyk Korolyň günäkärlenilmegi bilen (334 ses Korolyň aklanylmagyna, 387 ses bolsa onuň garşysyna) çözüldi. 1793-nji ýylyň 21-nji ýanwarynda Burbonlar nesliniň soňky Koroly, 18 ýyllap höküm süren Lýudowik XVI halkyň gahar-gazaby hem tutanýerli talap etmeginiň netijesinde jezalandyrylyp öldürildi.

**Beýik Fransuz rewolýusiýasynyň aňyýet esaslary.** Korol jezalandyrylyp öldürildi. Emma Fransiýada halk köpçiliginiň joşguny entek hem möwç urýardy. Şäherlerde we obalarda halk rewolýusiýany mundan aňtyk hem dowam etdirmegi talap edýärsiler. 1792-nji ýylyň 10-njy awgustynda bolup, geçen gozgalaň fransuz halkyny özüniň içerki we daşarky duşmanlaryna garşy batyrgaý göreşmäge ruhlandyrdy. Bu wakany «deňligiň rewolýusiýasy» diýip atlandyrypdyrlar.Hatda Pariž kommunasy özüniň resmi hatlarynda bu senäni senebaşy edip alypdyrlar. Deňlik hakyndaky pikirler halk hereketleriniň we şygarlaryň içinden eriş-argaç bolup geçipdir. Halk arasynda «rewolýusiýa azatlygy we deňligi berkarar etdi, emma deňlik ugrundaky göreşi entek hem dowam etmeli» diýen jümleler giňden ýaýrapdyr.

Rewolýusiýanyň we uzaga çeken söweşleriň netijesinde Fransiýanyň ykdysadyýýeti pese gaçypdyr. Ýurtda esasy örboýyna galan meseleleriň biri hem, azyk önçmçiligidi. Uzak wagta çeken çökgünlik Fransiýada senagatyň ösüşini bökdäpdi, azyk önümleriniň öndürilşi pese gaçypdy, bahalary gymmatlapdy. Halkyň aşaky garyp gatlaklary azyk önümleriniň bahalaryyň arzadylmagyny we durnukly bahalaryň goýulmagyny talap edip çykyş edipdirler. 1792-nji ýylyň noýabr-dekabr aýlarynda halk köpçüligi şäherlerde we obalarda, elleri ýaragly bazarlara zabt edip, azyk harytlarynyň bahalarynyň arzanladylmagyny talap edipdirler.

**1793-nji ýyldaky (31-nji maý – 2-nji iýun) gozgalaň we Žirondistleriň häkimiýetiniň ýykylmagy.** 1793-nji ýylyň başynda Fransiýada rewolýusion wakalar täzeden möwç urup başlady. Daýhanlar oba buržuaziýasynyň alyp barýan işlerinden närazydy. Oba buržuaziýasy daýhanlaryň emläklerine zyýan edipdir, ruhanylaryň zygiderli wagyz nesihatlary olaryň närazylygyny artdyypdyr. Oba ilatynyň goşun gullugyna zor bilen çekilmegi halkyň nägileliginiň has-da artmagyna getiripdir. Gozgalaňyň ýolbaşçylary Korol häkimiýetiniň tarapdarlary bolupdyr. Olar halkyň žirondistleriň syýasatyna bolan nägileligiňden peýdalanyp, ony rewlýusion hökümete garşy göreşde peýdalanmak isläpdirler. Onlarça müň daýhanyň gatnaşmagynda bolup geçen bu gozgalaň žirondistleriň häkimiýetiniň gowşamagyna getiripdir.

1793-nji ýylyň ýazynda Fransiýanyň halkara ýagdaýy agyrlaşyp başlady. Burbonlar dinastiýasynyň wekili Lýudowik XVI jezalandyrylyp öldürilmegi, ähli Ýewropa döwletleri tarapyndan duşmançylykly garşy alyndy. Hatda parlament tarapyndan dolandyrylýan Angliýa we Gollandiýanyň hökümetleri hem bu wakany oňlamadylar. Öňden uruş hereketlerini dowam edýän Awstriýa we Prussiýanyň hataryna, Gollandiýa, Ispaniýa, Portugaliýa, şeýle hem, germen we italiýan döwletleri hem girişdi. Russiýa hem Fransiýa bilen diplomatik gatnaşyklaryny kesip, antifransuz koalisiýa goşuldy. Asyrlary boýy söwdada we koloniýal basyp alyşlarda Fransiýanyň esasy bäsdeşi bolan Angliýa, bu birleşigiň esasy guraýjysydy. 1793 –nji ýylyň martynda awstriýa goşunlary Dýumurýeniň baştutanlygyndaky fransuz goşunlaryny derbi-dagyn edýärler. Fransuzlar ilki Belgiýadan, soňra bolsa nemes goşunlary tarapyndan Germaniýanyň territoriýasyndan kowulup çykaryldy.

Ýewropanyň monoarhiýalary tarapyndan, Fransiýa täzeden howp abanyp başlady. Bu bolsa hökümet ýolbaşçylary bolan, žirondistleri döwletiň goragyny berkitmäge, munuň üçin

bolsa halky mobilizlemäge mejbur etdi. Şol ýylyň 10-njy martynda Milli Konwent rewolýusiýa garşy hereket edýän emigranlary we rewolýusiýanyň beýleki duşmanlaryny jezalandyrmak maksady bilen, rewolýusion tribunal döredildi. Tribunal rewolýusiýanyň duşmany hasaplanan adamlaryň garşysyna zalym kararlary çykarypdyr. 6-njy aprelde bosa Milli konwent jemgyýetçilik howpsuzlygyny berkitmek maksady bilen, jemgyýetçilik halas ediş Komitetini döretdi. Komitetiň görnükli ýolbaşçylarynyň biri Danton boldy.

Ýurtda syýasy ýagdaý barha çylşyrymlaşýar. Ýakobinçiler halk köpçüligini syýasy wakalara çekmezden ýurtda rewolýusiýanyň gazananlaryny we respyblikany mundan aňryk saklap galmagyň mümkin däldigine göz ýetirdiler. Şonuň üçin hem olar halk köpçüliginiň goldawyny gazanmak üçin, dürli çäreleri geçirip başladylar. Olar azyk harytlarynyň bahasyna ýokary çäk girizmek we baýlardan salgyt ýygnamak ýaly özgertmeleri geçirmegi wada bardiler. Salgyt ýygnamak göz öňünde tutulýn adamlaryň arasynda žirondistleriň wekilleri bolan baýlar hem bardy. Bu bolsa žirondistler bilen ýakobinçileriň arasynda gapma-garşylygyň bolmagyna getirdi. Žirondistler rewolýusiýany mundan beýläk çuňlaşdyrmek isleýän syýasy toparlara, Pariž kommunasyna garşy göreşe taýarlanyp başladylar. Žirondistler - Milli konwentde Žironda departamentine wekilçilik edýän deputatlar tarapyndan döredilen syýasy topardy. Bu wakada hem žiromdistler Pariž kommunasynyň garşyna welaýatlary peýdalanmak islediler. 1793-nji ýylyň 18-nji maýynda žrondistler Pariž kommunasynyň we onuň käbir wekilleriniň alyp barýan işlerini derňemek maksady bilen «12-nji komissiýa» atly topary döretdiler. Komissiýanyň esasy maksady žirondistleriň duşmanlaryny ýok etmekdi. Milli Konwntiň 25-nji maýda bolup geçen ýygnagynda žirondistleriň görnükli wekilleriniň biri Inar haýbat bilen: «Ýakyn wegtda Sena derýasynyň boýundan Parižiň ýerleşen ýerini gözläp taparlar, biz ony ýok

ederis» diýdi. Žirondistleriň syýasaty gönüden-göni rewolýusiýa we respublika garşy gönükdirilendi. Pariž kommunasy we şäherde hereket edýän syýasy seksiýalar, ýakobinçiler, kardelýerler kluby bileleşip, Žirondistleriň häkimiýetini agdarmak ugrunda hereket edipdirler.

Žirondistlere garşy göreşýän güýçleri birleşdirmek we jebisleşip hereket etmek maksady bilen 1793-nji ýylyň maýynda ýörüte Gogalaňçylar komiteti döredildi. Komitetiň karary bilen 31-nji maýda milli gwardiýa zabt edilip alyndy. Gozgalaňçylaryň «12-nji komissiýany» dargatdylar. Milli Konwentde seksiýalaryň we Kommunanyň wekillerinden ybarat täze deputatlar düzüldi. Emma halk köpçüliginiň beýleki talaplary ýerine ýetirilmedi.

Bu bolsa 2-nji iýunda gozgalaňyň täzeden möaç alyp başlanmagyna getirdi. we hereket etmegine. Gozgalaňçylar komitetiniň karary bilen ýüz müňlerçe elleri ýaragly gozgalaňçylar Konwentiň jaýyny gabady. Milli Konwent boýun egmäge we gozgalaňçylaryň talap etmegi bilen, Žirondistleriň serdarlaryny (Brissony, Wernony we beý. Jemi 31 adamy.) tussag etmek barada karar kabul etmäge mejbur boldy. 1793-nji ýylyň 31-nji maý bilen 2-nji iýun aralgyndaky gozgalaň žirondistleriň ýeňilmegi we olaryň tagtdan agdarylmagy bilen tamamlandy.

**Rewolýusiýanyň Üçünji döwri (1793-nji ýylyň 2-nji iýuny – 1794-nji ýylyň 27-28-nji iýuly (termidor)).** Žirondistleriň häkimýetden agdarylmagy bilen rewolýusiýanyň ikinji döwri tamamlanyp, rewolýusiýa özüniň üçinji döwrüne gadam basdy. Bu döwürde syýasy häkimýet ýakobinçiler klubynyň elinde jemlendi. Ýurtda buržuaz demokratiýa, ýakobinçiler klubynyň diktaturasy dikedildi.

Žirondistler häkimýtden agdarylandan soň olaryň käbir serdarlary Parižden gaçyp, departamentlere siňdiler we ol ýerlerde ýakobinçilere garşy hereket etmäge taýarlanyp başladylar. Žirondistleriň täsiri bilen käbir departamentler

ýakobinçileriň häkimýetini ykrar etmediler. Olar departamentleriň federasiýasyny döredip, ony ýakobinçilee garşy goýdyler. Ýuerduň esasy uly şäherleri bolan Lion, Marsel, Bordo, Nant we Tulon şäherleri ýakobinçilere garşy federasiýanyň düzüminde bolupdyrlar. Bu çylşyrymly ýagdaýdan baş alyp çykmak üçin. Ýakobinçiler Konwenti halk köpçüligini öz tarapyna çekmek isläpdirler. Olar munuň üçin, halk üçin iň wajyp meseleleriň biri bolan ýer hakynda meseläni çözmek isläpdirler. 1793-nji ýylyň 3-nji iýunynda kanun çykyp, oňa laýyklykda emigrantlaryň ýerleri 10 ýyl möhlet bilen kärendeçilere kärendesine barilipdir. 3-nji iýunda çykarylan kanunda bolsa ähli ýerler daýhanlar jemagatyna degişli edilipdir, öňki senýorlar tarapyndan basylyp alnan ýerler yzyna gaýtarylyp alnypdyr. 1793-nji ýylyň 17-nji iýlynda kabul edilen jarnama laýyklykda ähli mülkdarçylyk kadalary we daýhanlaryň öz hojaýynlarynyň öňündäki borçlary ýatyryldy. Fodalizmiň galyndylary köki bilen ýok edildi.

Ýer hakyndaky kanun ähli daýhanlaryň bähbidini goramak bilenolaryň arasynda uly goldaw tapdy. Garyp daýhanlarda we jemgyýetiň dürli gatlaklarynda janlanyş bolup geçdi. Emma daýhanlaryň we pes gatlaklaryň bu hereketleri Milli konwente kän bir ýaramady. Milli Konwent daýhanlaryň hereketiniň güýçlenmegiňden we deňlik ugrunda göreş alyp barmaklaryndan gorkdy. Buržuaz mülkdarlaryň (rewolýusiýa garşy göreşmedik) mülkleri özlerinde galdyryldy. Ýer hakyndaky kanun ilatyň dürli gatlaklarynyň isleglerini birmeňzeş kanagatlandyryp bilmedi. Emma muňa garamazdan Milli Konwent Respublikanyň içerki we daşarky duşmanlaryna garşy göreşde halk köpçüliginiň goldawyny gazanmagy başardy. 1793-nji ýylyň 24 iýunynda Milli konwentde Fransiýanyň täze konstitusiýasy kabul edildi. Konstitusiýa 119 ataýadan ybarat bolup, oňa laýyklykda fransiýada kanun çykaryjy häkimýet bir palatadan ybarat Ýygnaga degişli edldi. Ýygnagyň agzalary gönüden göni halk tarapyndan saýlanyp,

saýlawlara gatnaşmaga 21 ýaşy doly her bir erkek kişiniň haky bardy. Konstitusiýa laýyklykda Fransiýanyň beýleki döwletleriň içeri işlerini goşulmaýandygy tekrarlandy. Konstitusiýanyň esasy ýetmezçiligi onda alypsatarlygy we azyk harytlarynyň bahasynyň aşa gymmatlamagyny gadagan edýän ýörüte bölümiň ýoklugydy. Bu bolsa Konstitusiýanyň käbir adamlar tarapyndan tankytlanmagyna getirdi. Emma halk köpçüliginiň we käbir ýakobinçileriň zor salmagy bilen, 1794-nji ýylyň 26-njy iýulynda Konwent alypsatarlary(skupşik) ölüm jezasyna höküm etmek barada jarnama kabul etdi. Konstitusiýa kabul edilenden az wagt soň, 1794 – nji ýylyň 4-nji fewralynda Milli Konwent bakna mülklerde gulçulygyň ýatyrylýanlygy hakyndaky jarnamany kabul etdi. Bu bolsa Ýakobinçileriň abraýyny artdyran kanunlaryň biridi.

1794-nji ýylyň tomsunda ýurtda respublikanyň ýagdaýy agyrlaşdy. Antifrasuz koalisiýanyň goşunlary ýurda barha içgin aralaşyp başladylar. Daşarky duşmanlaeýň çozuşlaryndan peýdalanyp,içerki güýçler hem aýaga galyp başlaýlar. Aýratyn hem ptşaçylar tarapyndan alnyp barylýan Wandeýa gozgalaňy has-da güýjedi. Departamentlerdäki gozgalaňlar ýetjek derejesine ýetdi. Bar bola 83 departamentden 50-i Konwentiň garşysyna hereket edýärdi. Fransiýanyň Günortasynda ýerleşip, deňiz flotynyň güýçli ösen ýeri bolan Tulon porty iňlis tarapyndan eýelendi. 1794-nji ýylda 13-iýulynda Fransuz rewolýusiýasynyň görnükli serdarlarynyň biri, «Halkyň dosty» gazetiniň esaslandyryjysy Žan Pol Marat begzada aýal Şarlotta Korde tarapyndan öldürildi. Lion turan gozgalaňyň netijesinde lionly ýakobinçileriň serdary Şalýe hem öldürildi. Bu terrorlaryň hemmesi gönüden-göni Korolçy gozgalaňçylar tarapyndan ýerine ýetirilýärdi.

1793-nji ýlyň iýul aýynda jemgyýetçilik halas ediş Komitetiniň düzümi täzelendi. Komitetiň ygtyýarlyklary hem güýçlendirildi. Maksimilan Robespýer Komitetiň ýolbaşçysy, Sen-Žýust bilen Kuton bolsa onuň ýakyn kömekçileri saýlandy.

Milli Konwent ýurduň harby ýagdaýy hakynda jarnama kabul etdi. Oňa laýyklykda ähli raýatlar watany daşarky duşmanlardan goramaga çagyryldy, ýurtda mobil;izasiýa yglan edildi.

**Ýakobinçileriň dini we dünýewi özgertmeleri.** Ilki başda ýakobinçiler kotoli butahnasy bile duşmançylyk gatnaşyk saklapdyrlar. Ýakobinçiler buthana garşy alyp baran göreşlerini kotolik diniň özüne hüjum etmekden başlapdyrlar. 1793-nji ýylyň güýzünde ýurtda «hristiýançylyga garşy» (dehristiýanizasiýa) hereketler başlandy. Parižde we käbir departamentlerde ýerli häkimýet tarapynda buthanalar ýapyldy. Buthanalarda Rewolýusiýa wagtynda wapat bolan şahsyýetleriň heýkelleri ýerleşdirildi. Emma dine garşy alnyp bu hereketler halk tarapyndan oňlanylmady, rewolýusiýanyň halkara abraýynyň hem pese düşmegine gatirdi. Robespýeriň talap etmegi bilen Konwent diniň azatlygyny we oňa zeper ýetirilmeginiň gadagandygyny ykrar etdi.

Ýakobinçiler rewolýusiýany köne döwrüň tamamlanyp, täze döwrüň başlangyjy hasaplap, täze ýaşaýan jemgyýeti gurmak isläpdirler. Ýakobinçiler jemgyýeti demokrtatik esasda täzeçe gurmagyň, döwlet gurluşynda bolsa respublika görnüşini saýlap almagyň tarapdary bolupdyrlar. Olar jemgyýeti täzelemegiň esasy şertini medeniýeti täzelemekde görüpdirler. 1793-nji ýylyň oktýabrynda Konwent täze ýyl we aý hasabyny ýöredip başlady. Aý atlary millileşdirildi: Brýumer (dumanly aý), termidor (yssy aý) we ş.m. Täze respublikanyň senanamasy onuň esaslandyrylan wagty, bolan 1792-nji ýylyň 22-sentýabryndan başlanýardy. Käbir obalaryň we şäherleriň atlary hem üýtgedildi. Bu özgertmeleriň esasy maksady halkyň aňyny täze rewolýusion häsiýetde terbiýelemekdi.

Ýakobinçiler ylym-bilimde hem giň özgertmeleri geçirip başladylar. 1793-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Fransiýada bilim hakynda jarnama kabul edildi. Oňa laýyklykda ähli raýatlara başlangyç bilimi mugt öwretmek girizildi. 1794 ýylda Konwent

bir näçe ýokary okuw mekdepleriniň we medeni maksatly binalaryň gurluşygy esaslandyrdy. Olaryň hatarynda Politehniki mekdebi, Sungat we Sazçylyk Konserwatoriýalary, Luwr mezeýi, Milli Kitaphana we Milli arhiw bardy.

**Ýakobinçileriň harby ýagdaýy.** Fransiýanyň içerki syýasatynda mäkäm ornaşanlaryndan soň, Ýakobinçileriň öňünde daşarky duşmanara garşy göreşmek, respublikanyň goranyş kuwwatyny berkitmek meseleleri durdy. Ýakobinçiler ýurduň harby ýagdaýyny kuwwatlandyrmaga halk köpçüligi çekmegiň hötdesinden geldiler. Rewolýusiýanyň içerk hem daşarky duşmalaryna garşy aýaga galan halk köpçüligiňden hemişelik milli goşu girizildi. Ýurtda ähli raýatlar üçin harby borçlylyk girizildi. Korol döwründen galan tejribeli goşun birlikleri täze meýletinçiler bilen birikdirilip täze kuwwatly goşun birlikleri döredildi. Täze goşunda esasy ýolbaşçylygy Jemgyýetçilik halas ediş Komissiýasynyň agzalary eýelediler. Halas ediş Komissiýasynyň agzalary we goşun ýolbaşçylary esgerleri täze rewolýusion ruhda terbiýelemäge we berk tertip-düzgüni ýola goýmaga aýratyn üns beripdirler. Goşunyň maddy üpjünçiligine hem üns berlipdir. Ýarag we beýleki harby enjamlara öndürmäge niýetlenen döwlet manufakturalary açylypdyr. Manufakturalarda her ýylda 240 müň ýarag, 7 müň harby enjam öndürülipdir. Täze ýaraglary oýlap tapmaga we harby tehnikany ösdürmäge ylmy gözlegleri gönükdiripdirler. Görnükli alymlar matematik-inžener G.Monž, Himik K Bertolle, mehanik Ž.Lagranž uly işleri bitiripdirler. 1794-nji ýylda ýakobinçiler respublikasyna bir miliondan gowrak milli goşun ýygnamak başartdy. Bular ýaly uly mukdardaky milli goşun Ýewropanyň taryhynda entek bolmandy.

Täze rewolýusim goşunyň ilkinji üstünlikleri 1793-nji ýylyň güýz, gyş aýlary görnüp başlady. 9-njy oktýabrynda Lion şäherinde departamentleriň gozgalaňy basylyp ýatyryldy. Soňra Marsel, Bordo şäherleri azat edildi. 19-njy dekabrda Tulon şäheri azat edildi. Ýurduň Günortasynda we Demirgazygynda

antifransuz koalisiýanyň goşunlaryna garşy alnyp barylan söweşler hem üstünlikli tamamlandy.

**Ýakobinçileriň içindäki gapma-garşylyklar.** Rewolýusiýanyň I (konstitusiýaçy-monoarhiýaçylaryň höküm süren ýyllary) we II (žirondistleriň dolandyran ýyllary) döwürlerinde Ýakobinçiler agzybir hereket edip, umumy duşmanlara garşy göreş alyp barypdyrlar. 1793-nji ýylyň 2-nji iýunynda žirondistler tagtdan agdarylyp, ýakobinçileriň häkimiýeti berkarar edildi. Ýakobinçilerin häkimiýeti eýelänlerinden soň, olaryň öz aralarynda dürli garaýyşly toparlar emele gelip başlady. Ýakobinçleriň içindäki agzalaly we syýasy bölünşigiň esasy «rewolýusiýany indi togtatmalymy ýa-da ony mundan aňryk dowam etdirmelimi» diýen soragyň jogabyndady. Ýakobinçileriň aglaba köp bölegini düzýän şäher garyplary we daýhanlar, Pariž Kommunasy we şäherde hereket edýän syýasy toparlar ýakobinçiler toparynyň içinde Robespýeriň tarapyny tutupdyrlar. Maksimiliýan Robespýer aşa baýlaryň we öte garyplaryň bolmadyk deňligiň höküm sürýän jemgyýetini gurmak isläpdir. Robespýeriň tarapdarlary «deňlik» diýen düşünjä özboluşly düşündiriş berip, olar emläk deňligini däl-de, ähli raýatlaryň syýasy taýdan, deňligini berkarar etmek isläpdirler. Olar rewolýusiýanyň ahyrky dereesine çenli dowam etmegiň tarapdary bolupdyr. Rewolýusiýanyň duşmanlaryna - umumy duşmana garşy göreş ýakobinçileri birleşmäge mejbur etdi. Kontrrewolýusiýanyň esasy duşmanlary ýok edilenden soň, ýakobinçileriň arasynda içki gapma-garşylyklar ýüze çykyp başlady. Ýakobinçileriň arasynda Robespýeriň tarapdarlary agdyklyk edýärdi. Olar özleriniň syýasy garaýyşlary babatynda halka iň ýakyn ýakyn durýan topardy. Olar ownyk we orta önümçiligi goldap, hususy emläge garşy göreşip, emläk deňligi ugrunda iň soňky derejä çenli, barlyşyksyz göreşi dowam etmegi maksat edinýärdiler.

1793-nji ýylda ahyrlarynda Ýakobinçileriň arasynda täze syýasy akymlar döräp başlady. Olar arasynda aram, durnukly syýasat ýöretmegiň, buržuaziýa bilen «ýumşak» gatnaşyk saklamagyň tarapdarlary hem bolupdyr. Olaryň görnükli liderleriniň biri Žorž Žak Danton (1759-1794) bolupdyr. Rewolýusiýa halka birnäçe azatlygy erkinligi peşgeş berendigine garamazdan, ol juda köp gan döküşikli söweşleriň we adam pidalarynyň bolmagyna getiripdir. Danton we onuň tarapdarlary «rewolýusion terroryň» (rewolýusiýanyň we hökümetiň garşydaşlaryna garşy barlyşyksyz söweşiň) mundan aňryk dowam etdirilmegini islemändirler.

Emma Pariž Kommunasy we syýasy seksiýalar, Kardelýerler kluby muňa garşy bolupdyrlar. Esasan hem Şomett, Eber ýaly görnükli syýasatçylar muňa garşy bolupdyrlar. Tarapdarlaryň arasyndaky çaprazlyk 1794-nji ýylyň martynda ýetjek derejesine ýetdi.

Mart aýynyň başlarynda Eber kardelýerler klubynda eden çykyşynda aram syýasatçylara garşy gozgalaň turuzmaga we Konwentiň düzümini olardan arassalamaga çagyrdy. Emma onuň çagyryşy Konwentde uly seslenme döretdi. Pariž Kommunasy we syýasy toparlar bu çagyryşy oňlamadylar, ony ýakobinçiler klubynyň agzybirligi we mundan beýläk ýagdaýy üçin howply çakylyk hökmünde kabul etdiler. Konwent Ýakobinçiler toparynda agzalalyk döredýän toparlara garşy rehimsiz çäreleri geçirip başlady. Ilkinji bolup Eber we onuň tarapdarlary jezalandyrylyp öldürildi.

Bir aýa golaý wagt geçenden soň, 1794-nji ýylyň aprel aýynda rewolýusion kazyýetiň ýüzi aram syýasatçylara tarap öwrüldi. Olaryň serdary Danton, Demulen we olaryň ýakyn egindeşler jezalandyrylyp öldürildi.

**Termidor agdarylyşygy.** Ýakobinçiler kluby özüniň esasy garşydaşlary bolansyýasy toparlar ýok edilenden soň, ýakobinçileriň toparyndan içki gapma-garşylyklar ýitelişip başlapdyr. Netijde ýakobinçiler klubynyň kuwwaty peselip,

ýurtda täze syýasy toparlanyşyklar döräpdir. 1794-nji ýylyň ýazynda syýasy garşylyklar ýitileşip, ýetjek derejesine ýetdi. Ýakobinçiler halk arasyndaky abraýyny ýitiripdirler. Bahalaryň üstünden ýola goýlan gözegçilk gowşapdyr, işçileriň iş taşlaýyşlaryny gadagan etmek hakyndaky Le Şapelýeniň kanuny berkidilipdir. Rewolýusiýanyň soňky wakalary: Eberiň, Şomettiň we beşgade birnäç görnükli rewolýusioneriň jezalandyrylyp öldürilmegi, azyk harytlarynyň bahalarynyň gymmatlamagy, ýakobinçiler bilen halkyň arasyna tow düşmegine, netijede ýakobinçileriň dargamagyna we kardelýerler klubynyň dargamagyna getirdi.

Robespýeriň tarapdarlary ýakobinçileriň pozisiýalarynyň gowşaýandygyna, halk arasynda abraýynyň peselýändigini duýup, birnäçe çäreler görüp başladylar. Emma birbada ýakobinçiler klubynyň abraýyny dikeltmek olara başartmady. 1794-nji ýylyň maýynda Konwent Robespýeriň teklibi bilen halk köpçüligini öz tarapyna çekmek üçin dini aňyýetiň täsirinden peýdalanmak isledi. Ýakobinçileriň taeklipleri we alyp barýan syýasatlary iri buržuaziýanyň göwnümdem turmady. Konwentiň içinde olara garşy dildüwşik başlandy. Ýakobinçiler berk tertip-düzgünli diktaturany ýola goýupdyrlar. Olar rewolýusiýanyň garşydaşlary, hususyýetçilere, baýlaşmak isleýän buržuaziýa garşy barlyşyksyz göreşipdir, duşmanlaryny rehimsizlik bilen jezalandyrypdyr, özüniň berk diktaturasyny berkarar edipdir. Rewolýusiýanyň netijesinde baýan deputatlar indi ýakobinçilere garşy hereket edipdirler.

1794-nji ýylyň 27-nji iýulynda Fransiýanyň mežlisi bolan Konwent öz işine başlady. Ýakobinçiler klubynyň esasy serdarlerynyň biri bolan Sen-Žýust çykyş edipdir. Konwentde ýakobinçileriň tarapdarlary şowhun turzup, Sen-Žýustyň çykyşyny böldiler. Olar Robespýeri we onuň dogany Ogýusteny, Sen-Žýusty Konwentde tussag edipdirler. Şol ýerden hem tussaghana äkidipdirler. Emme olaryň halkyň we goşunyň içindäki abraýy olary tussag etmäge mümkinçilik

bermedi. Milli gwardiýanyň esgerleri gozgalaň turuzdylar. Robespýeriň garşydaşlary mekirlige ýüz urdylar. Tussaglary şäheriň meriniň oturýan jaýyna- ratuşa eltdiler. Dildüwşijiler Konwentiň goşunlary bilen agşam ratuşa zabt etdiler we Masimiliýan, Ogýustin Robespýerleri, Sen-Žýusty we olaryň tarapdarlaryny (22 adam) täzeden tussag etdiler. 10-njy termidorda «Tussaglar» jenaýatkär diýlip[ yglan edildi we jezalandyrylyp öldürildi. Ýakobinçiler diktaturasy ýykyldy we Beýik Fransuz rewolýusiýasynyň üçinji döwri tamamlandy.

**Rewolýusiýanyň dördünji döwri. Termidorçylaryň dolandyran ýyllary.** Ýakobinçiler diktaturasy ýykyldy, emma ol öz döwründe feodal gatnaşyklary düýbinden ýok etdi. 9-njy Ternidorda bolup geçen agdarylşyk täze maýa goýum gatnaşyklarynyň esasynda kemala gelen buržuaziýanyň täsirini ýok edip, ýurtda kontrrewolýusion güýçlere ýol açyldy. Iri buržuaziýa halk köçuligininiň Kanun çykaryjy Milli Ýygnakda we Konwentde täsirini peseltmek we ýurduň durmuş we syýasy durnuşyndaky ornuny berkitmek isläpdir. Termidorian agdarylşygy gurnaýjylara Termidorçylar diýip at beripdirler.

Termidorçylar döwründe Fransiýa ozalkylary aşarky güýçlere antifransuz koalisiýa garşy göreş alyp barydyr. Reç pospolitaýany paýlaşmak ugrunady dawalar Awstriýanyň Prussiýa bilen gatnaşyklarynyň dartgynlaşmagyna getirdi. Bu bolsa antifransuz koalisiýanyň esasy döwletleri bolan bu iki ýurduň güýjüniň peselmegine we fransuz goşunlarynyň kuwwatlanmagyna mümkinçilik berdi. 1795-nji ýylyň 5-nji aprelinde Prussiýa Bazel şertnamasyna gol çekdi, şertnama laýyklykda Reýn derýasynyň çep kenaryndaky nemes ýerleri Fransiýanyň gol astyna geçdi. Şol oktýabrynda Belgiýa ýerleri täzeden Fransiýa birikdirildi.

1795-nji ň awgust aýynda Termidorçylar täze konstitusiýa kabul etdiler. Konstitusiýa laýyklykda iki paltadan ybarat täze Kanun çykaryjy edara döredildi. Parlamentiň ỳokary palatasyna

500, aşakysyna bolsa 250 deputat saỳlanypdyr. Ýerine ýetiriji häkimiýet 5 adamdan ybarat Direktoriýanyň elinde jemlenipdir.

Termidorçylar ýakobinçiler bilen göreşi ýeňiş bilen tamamlandan soň ýurtda durnukly syýasy hökümeti esaslandyrmaga girişipdir. Ýakobinçiler döwründe esasy häkimiýeti elinde saklan jemgyýetçilik halas ediş guramasynyň ähmiýeti peselipdir. Pariž kommunasy dargadylypdyr. Direktoriýa ýyllaryna Konwentde esasy roly täze buržuaziýa eýeläpdir. Ýakobinçiler döwründe tussag edilen raýatlar azat edildi. Hökümetiň spekulýasiýa garşy göreşi bes edildi. Azyk we beýleki harytlaryň bahalaryna maksimum ýatyryldy. Bu bolsa halkyň hal ýagdaýynyň agyrlaşmagyny getirdi. 1795-nji ýylyň awgustynda Termidor hökümetini goldaýan Konwent täze konstituşiýany kabul etdi. Bu konstitusiýa özüniň häsiýeti boýunça hususyýetçi baýlaryň kanunydy. Garyplara saýlaw hukuklary berilmedi. Iki palatadan durýan kanun çykaryjy edara döredildi, ýerine ýetiriji häkimiýet bolsa Kanun çykaryjy edara tarapyndan saýlanýan bäş agzadan ybarat Direktoriýa berildi. Şonuň üçin hem ýerine ýetiriji häkimýeti Direktoriýa diýip atladyrylyp başlady. Emma Direktoriýa juda durnuksyz hökümet bolup çykdy, sebäbi onuň halkyň içinde daýanjy ýokdy.

Kabul edilen konstitusiýa Fransiýada Korollyk duzgüniniň tarapdarlaryny gazaplandyrdy, olar Konwenti dargatmaga synanyşyk edipdirler, emma olaryň hereketi şowsuz tamamlandy. Konwentiň halasgäri hökmünde Napoleon Bonapart orta çykdy, ol toplaryň güýji bilen topalaňçylary derbi-dagyn etdi. Konwent onuň hyzmatlaryny göz öňünde tutup, Bonaparta general derejesini berýär we ony «Fransiýanyň içerki harby güýçleriniň serkerdesi» wezipesine belleýär..

1795-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda Konwent özüniň häkimiýetini konstitusiýa esasynda döredilen Direktoriýa bilen çalyşdy. «Bäşýüzleriň» we «ýaşulylaryň» düzümine girýän

deputatlaryň üçden iki bölegi öňki termidorçylardan ybaratdy. Olaryň Direktoriýanyň hem esasy bölegini düzýärdiler. Direktoriýanyň düzüminde ykdysady jenaýatlar, alyp satarlyk, milli baýlyklaryň satylmagy giňden ýaýrady. Daýhanlar, şäher garyplary, senetçiler we halkyň beýlekigatlaklarynyň bähbitleri hakynda pikir edilmedi, olaryň sesleri alga alynmady. 1795-nji ýylyň Awgust aýynda Termidor hökümetini goldaýan Konwent täze konstituşiýany kabul etdi. Bu konstitusiýa özüniň häsiýeti boýunça hususyýetçi baýlaryň kanunydy. Garyplara saýlaw hukuklary berilmedi. Iki palatadan durýan kanun çykaryjy edara döredildi, ýerine ýetiriji häkimiýet bolsa Kanun çykaryjy edara tarapyndan saýlanýan bäş agzadan ybarat Direktoriýa berildi. Şonuň üçin hem ýerine ýetiriji häkimýeti Direktoriýa diýip atladyrylyp başlady. Emma Direktoriýa juda durnuksyz hökümet bolup çykdy, sebäbi onuň halkyň içinde daýanjy ýokdy.

Kabul edilen konstitusiýa Fransiýada Korollyk duzgünininiň tarapdarlaryny gazaplandyrdy, olar Konwenti dargatmaga synanyşyk edipdirler, emma olaryň hereketi şowsuz tamamlandy. Konwentiň halasgäri hökmünde Napoleon Bonapart orta çykdy, ol toplaryň güýji bilen topalaňçylary derbi-dagyn etdi. Konwent onuň hyzmatlaryny göz öňünde tutup, Bonaparta general derejesini berýär we ony «Fransiýanyň içerki harby güýçleriniň serkerdesi» wezipesine belleýär.

Direktoriýanyň alyp barýan syýasaty ýurtda nägileleigiň döremegine getirdi. Ýurtda birnäç çýkyşlar, demonstrasiýalar başlandy. Olaryň iň güýçlileriniň biri «Deňleriň hereketi» diýip taryha giren hereketdir. Oňa «Halk münberi» gazetiniň redoktory Grakh Babýof (1760-1797) ýolbaşçylyk edipdir. Grakh Babýof ýurtda radikal özgertmeleri geçirmegiň tarapdary bolupdyr. Ol özüniň syýasatynda rewolýusiýanyň gazananlaryny, aýratyn hem ýakobinçileriň üstünliklerini we ýalňyşlaryny sapak edinipdir. Ol kommunistik jemgyýeti

döretmek isläpdir. 1795-nji ýylda rewolýusion-kommunistik aňyýeti döredip, ony «Halk münberi» gazetiniň üsti bilen halka wagyz edip başlapdyr. Kommunistik pikiirler rewolýusiýanyň ilkinji ýyllarynda hem bolupdyr, ýakobinçiler feodal gatnaşsyklar bilen bir hatarda, hususy eýeçiligi hem ýok etmek isläpdirler. Emma bu aňyýet diňe Deňleriň hereketi netijesinde meşhurlyk gazanypdyr.

Babýofyň tarapdarlary–babýofçylar mukaddes deňligiň tarapdary bolupdyrlar. Olar hiç-hili ususy eýeçiligiň ýok jemgyýetini döretmek isläpdirler. Beýle jemgfyýetde ähli baýlyklar döwletiň elinde jemlenýär we jemgyýetçilik eýeçiligi hasaplanýar. Ahli raýatlar deň zähmet çekýärler we birmeňzeş durmuş derejesinde ýaşaýarlar. Döwlet azyk harytlary gerek mukdarda öndürýär we belli bir tertipde halka paýlaýar. Ýurtda öndürilen ähli harytlar jemgyýetiň umumy ammaryna tabşyrylýar we berk gözegçilikde ilata paýlanylýar. Babýofçylaryň pikiriçe ýurtda halk diktaturasy bolmalydy. 1796-njy ýylda Babýofçylar özleriniň guramalaryny döretdiler. Olar işçileriň we şäher garyplarynyň arasynda, Parižiň köçelerinde wagyz işlerini alyp bardylar. Olar halkyň içinde gozgalaň turuzmaga meýilleşdiridiler. Emma 1796-njy ýylda dönüklik edilmegi netijesinde babýofçylaryň serdarlary tussag edildi. 1797-nji ýylda bolsa olaryň esasy serdarylary Babýof we Darte jezalandyrylyp öldürildi. Babýofçlaryň hereketi Fransuz rewolýusiýasynyň taryhynda täze döwüň başlangyjyny goýdylar. Olar ilatyň durmuş taýdan doly deňderejeli ýaşaýşyny esaslandyrjak rewolýusiýany - syýasy öwürlişigi geçirmegi isläpdirler.

**Direktoriýanyň daşary syýasaty. 18-nji brýumer agdarylyşygy.** Direktiriýanyň ilkinji ýyllary ýurduň syýasy we ykdysady durmuşynda düýpli çökgünlikler bolup geçdi. Rewolýusiýa ýyllarynda bolup geçen uruşlar, özara çaknyşyklar ýurduň senagatyny epesli derejede pese gaçyrypdyr. Ýurduň eksport edýän önümleri 1789-njy ýyla

çenli görkezijiden ýarym esse azalypdyr. Antifransuz koalisiýa garşy söweşler, Angliýa tarapyndan yglan edilen yklymlaýyn gabaw, deňiz söwdasynyň pese gaçmagy, maliýe çökgünliginiň ýitileşmegi şeýle hem, Direktoriýa hökümetiniň durnuksyzlygy ýurduň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrypdyr.

1797-nji ýylda Grakh Babýofyň baştutanlygyndaky syýasy topar dargadylandan soň ýurtda Korolyň tarapdarlarynyň täsiri güýçlendi. Korolyň tarapdarlary Kanunçykaryjy Korpusda hem öz pozisiýalaryny berkitdiler. Rewolýusiýanyň möwç urýan döwründe kabul edilen kanunlar ýatyryldyr. Emigrantlara we rewolýusiýa ykrar etmedik ruhanylara garşy kanunlar öz güýjini ýitirdi. Respublikan klublar ýapyldy. Korolçylaryň syýasatda işjeňleşmegi Direktoriýany ynjalyksyzlandyrdy, ol Korolyň tarapdarlaryna gidip başlady. Respublikanyň 5-nji ýylynyň frýuktidor aýynyň 18-ne (1797-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda) Direktoriýa goşuna daýanyp, döwlet agdarylşygyny geçirmäge synanyşdy. 177 sany deputat «emigranlaryň dildüwşigime» gatnaşmakda aýyplanyp, häkimiýetden çetleşdirildi. Emma Direktoriýanyň bu syýasaty uzak dowam etmedi. 1798-nji ýylyň saýlawlarynda respublikan - demokratlar üstuňlik gazandy, bu bolsa Direktoriýanyň sagçylara tarap ýüz öwürmegine getirdi. 106 sany deputat bolsa, «Ýakobiniçileriň dildüwşigine» gatnaşmakda aýyplanyp deputatlaryň artykmaçlyklaryndan mahrum edildi. Direktoriýanyň kä sagçylaryň, käte bolsa çepçileriň tarapynda çykyş edip, «durnuksyz syýasat» ýöretmegi onuň halk içindäki abraýynyň pese gaçmagyna, goldawynyň peselmegine getirdi. Şäher we oba garyplarynda ýigrenç döretdi. Direktoriýanyň esasy daýanjy bolan buržuaziýanyň ondan ýüz öwürmegi onuň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrdy. Rewolýusiýany goldamak bilen ol rewolýusion goşunlaryň hatarynda durup söweşipdir we ýakobinçiler bilen ýakynlaşypdyr. Ol rewolýusiýanyn duşmanlaryna garşy söweşlerde tapawutlanypdyr. Emma Termidor döwlet

agdarylyşygyndan soň, Bonapart 15 günläp tussag edilýär we biraz wagt täze häkimýetiň gazabyna uçrapdyr. 1795-nji ýylda Bonapart hökümetiň garşydaşlarynyň pitnesini basyp ýatyrmak bilen täze häkimýetiň özüne bolan ynamyny gaýdyp aldy.

Direktoriýanyň tabşyrmagy boýunça ol Demirgazyk Italiýany eýeläp, awstriýa goşunlaryny kowup çykarýar. 1797-nji ýylda Bonapart Awstriýa döwletini ýaraşyk baglaşmaga we ony Fransiýanyň basypalyşlaryny ykrar etmäge mejbur etdi. Italiýanyň territoriýasynda Fransiýa garaşly birnäçe respublikalar döredildi. Şweýsariýanyň ykbaly hem şeýle boldy. Bonapartyň Italiýadaky görkezen edermenlikleri Fransiýa uly şöhrat we baýlyk getirýär. Fransiýada ony dabaraly ýagdaýda garşy alýarlar.

1798-nji ýylyň maýynda Napoleon Bonapart 38-müňlük goşuny 350 sany gämä mündürip Müsüre ugraýar. Fransuz goşunlary gury ýerde „piramidalaryň ýanynda bolan söweşde» müsür atly goşunynyň üstünden üeňiş gazandy. Emma tiz wagtdan iňlis floty Müsüriň kenaryna geldi we fransuz gämilerini gark etdi. Napoleonyň goşunynyň Fransiýadan arasy üzüldi we heläkçilige uçrady. Siriýa edilen hüjüm araplaryň we türk goşunlarynyň güýçli garşylyk görkezmegine uçrady. Şol bir wagtda rus goşuny Demirgazyk Italiýada fransuz goşunlaryny çym- pytrak etdiler.

Harby şowsuzlyklar Direktoriýanyň hökümetiniň ilatyň baý gatlaklarynyň arasynda ynamyny gaçyrýar. Gazýetlerde, metbugatda berk häkimiýeti berkarar etmek barada pikirler aýdylýardy. Iri baýlaryň, emeldarlaryň, bank eýýeleriniň arasynda hökümete garşy dildüwşik döredi. Ol dildüwşik Direktoriýanyň hökümetini çalşyryp, basybalyjylykly uruşlary üstünlikli dowam etdirip biljek we halky tabynlykda saklap biljek berk häkimiýetiň bolmagyny maksat edinýärdi.

1799-njy ýylda Fransiýanyň daşary syýasatyndaky şowsuzlyklar syýasy düzgüni çylşyrymlaşdyrdy. Fransiýa garşy ikinji koalisiýanyň ýurda haýbat atmagy, fransuz halkyny

respublikanyň goragyna aýaga galmaga mejbur etdi. Parižde Ýakobinçiler kluby täzeden dikeldildi. Demokratik gazetler çykarylyp başlandy. Emma halkyň bu galkynyşy uzak dowam etmedi. Ýurtda bolýan wakalar, ilatyň kuwwatly bölegi bolan iri buržuaziýanyň nägileligini döretdi. Fransiýanyň Günbatarynda Wandeýçileriň (rewolýusiýa garşy gozgalaň turuzanlar) gozgalaňy başlandy. Direktoriýa hökümeti gowşady. Ýurtda eden-etdilik, parahorluk höküm sürüp başlady, jemgyýetçilik tertibi bozuldy. Iri buržuaziýa we şäheriň baý ilaty özleriniň baýlygyny we artykmaç hukuklaryny gorap, halk köpçüliginiň we ýakobinçileriň çykyşlaryny basyp ýatyryp biljek, berk syýasy düzgüniň bolmagyny isläpdirler. Şeýlelikde konserwatiw iri buržuaz toparlanşykda döwlet agdarylşygyny amala aşyrmaga bolan ymtylyş başlandy. Olar goşunyň güýji bilen Direktoriýanyň häkimýetden çetleşdirmek we ýurtda parlamente garaşsyz täze dolandyrşy girizmegiň tarapdary bolupdyrlar. Olar Direktoriýa goşunynyň görnükli serkerdesi General Bonapart bilen ylalaşyk baglaşyp, onuň güýji bilen ýürtda döwlet agdarylşygyny geçirmgi meýilleşdiripdirler. Napoleon Bonapart öz häsiýeti boýunça şöhratparaz we häkimýeti söýýän adam bolupdyr. Şonuň üçin hem Napoleon bilen dildüwşijiler örän aňsatlyk bilen bir karara gelipdirler. Parižiň baý bankirleri we täsirli finansistler agdarylşygy pul bilen üpjün edipdirler. 1799-njy ýylyň 9-njy noýabrynda Kanunçykaryjy korpus şäheriň eteginde ýerlşen Sen-Klu şäherine geçirildi. Bonapart Parižiň ähli ýaragly güýçleriniň baş serkerdesi diýlip yglan edildi. Emma käbir deputatlar muňa garşy boldular.

Direktoriýanyň goşuna we onuň generallaryna garaşlylygy kem-kemden artdy. Generallaryň arasynda ýaş general Bonapart aýratyn tapawutlanýardy. Ol 26 ýaşynda general boldy.

1799-njy ýylyň awgustynda Bonapart Pariže dolanyp gelýär. Ony dabaraly ýagdaýda garşy alýarlar. Hökümete garşy

çykýanlar ony Parižde ýerleşýän goşunlaryň baş serkerdesi edip bellenmegini gazandylar. Oňa bank eýýeleri pul kömegini berdiler. Döwlet agdarylyşygyna gatnaşmak teklibine Napoleon razylyk berýär. 1799-njy ýylyň Noýabraýynyň 9-na (rewolýusiýon aý-gün hasaby boýunça respublikanyň 8 ýylynyň 18-nji brýümerinde) Bonapart Direktoriýanyň agzalaryny iş başyndan aýyrmagy başardy. Ertesi gün ol özüne wepaly goşunlary bilen Kanun çykaryjy edaranyň jaýynyň daşyny gabady. Halk wekillerine häkimiýeti Bonapartyň baştutanlygyndaky üç konsula bermek teklip edildi. Wekilleriň bir böleginiň garşylyk görkezmegine jogap edip mejlisler otagyna esgerler girizildi. Halk wekilleri dumly-duşa gaçdylar we hat-da olaryň äpişgeden böküp çykanlary hem boldy.

1799-njy ýylyň 9-nji noýabrynda bolan agdarylşyk, Rewolýusiýanyň taryhynda mohüm waka bolup, onyň ahyrky nokady boldy. Netijede, adamzat taryhynda uly ähmiýetli birnäçe özgerişlikleri bilen meşhur bolan Beýik Fransuz rewolýusiýasy tamamlandy.

Napaleon Bonapart 1769-njy ýylda Korsika adasynda garyp düşen begzadalaryň maşgalasynda dogulýar. 1785-nji ýylda ol fransuz harby mekdebinde okaýar. Ol matematikadan taryhdan, geografiýadan gowy baş çykarypdyr. Ol gadymyýýetiň edebiýaty bilen gyzyklanyp köp okapdyr. Ol mekdebi gutarandan soň welaýat harby bölümlerinde gulluk edip başlaýar. 1789-njy ýylda rewolýusiýa başlanda Bonapart 20 ýaşynda eken. Ol Konwentiň tarapdary bolupdyr.

**Direktoriýa.** 1795-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda Konwent özüniň häkimiýetini konstitusiýa esasynda döredilen Direktoriýa bilen çalyşdy. «Bäşýüzleriň» we «ýaşulylaryň» düzümine girýän deputatlaryň üçden iki bölegi öňki termidorçylardan ybaratdy. Olaryň Direktoriýanyň hem esasy bölegini düzýärdiler. Direktoriýanyň düzüminde ykdysady jenaýatlar, alyp satarlyk, milli baýlyklaryň satylmagy giňden ýaýrady. Daýhanlar, şäher garyplary, senetçiler we halkyň

beýlekigatlaklarynyň bähbitleri hakynda pikir edilmedi, olaryň sesleri alga alynmady.

Direktoriýanyň alyp barýan syýasaty ýurtda nägileleigiň döremegine getirdi. Ýurtda birnäç çýkyşlar, demonstrasiýalar başlandy. Olaryň iň güýçlileriniň biri «Deňleriň hereketi» diýip taryha giren hereketdir. Oňa «Halk münberi» gazetiniň redoktory Grakh Babýof (1760-1797) ýolbaşçylyk edipdir. Grakh Babýof ýurtda radikal özgertmeleri geçirmegiň tarapdary bolupdyr. Ol özüniň syýasatynda rewolýusiýanyň gazananlaryny, aýratyn hem ýakobinçileriň üstünliklerini we ýalňyşlaryny sapak edinipdir. Ol kommunistik jemgyýeti döretmek isläpdir. 1795-nji ýylda rewolýusion-kommunistik aňyýeti döredip, ony «Halkyň münberi» gazetiniň üsti bilen halka wagyz edip başlapdyr. Kommunistik pikiirler rewolýusiýanyň ilkinji ýyllarynda hem bolupdyr, ýakobinçiler feodal gatnaşsyklar bilen bir hatarda, hususy eýeçiligi hem ýok etmek isläpdirler. Emma bu aňyýet diňe Deňleriň hereketi netijesinde meşhurlyk gazanypdyr.

Babýofyň tarapdarlary – babýofçylar mukaddes deňligiň tarapdary bolupdyrlar. Olar hiç-hili ususy eýeçiligiň ýok jemgyýetini döretmek isläpdirler. Beýle jemgfyýetde ähli baýlyklar döwletiň elinde jemlenýär we jemgyýetçilik eýeçiligi hasaplanýar. Ahli raýatlar deň zähmet çekýärler we birmeňzeş durmuş derejesinde ýaşaýarlar. Döwlet azyk harytlary gerek mukdarda öndürýär we belli bir tertipde halka paýlaýar. Ýurtda öndürilen ähli harytlar jemgyýetiň umumy ammaryna tabşyrylýar we berk gözegçilikde ilata paýlanylýar. Babýofçylaryň pikiriçe ýurtda halk diktaturasy bolmalydy. 1796-njy ýylda Babuwistler özleriniň guramalaryny döretdiler. Babuwiztler işçileriň we şäher garyplarynyň arasynda, Parižiň köçelerinde wagyz işlerini alyp bardylar. Olar halkyň içinde gozgalaň turuzmaga meýilleşdiridiler. Emma 1796-njy ýylda dönüklik edilmegi netijesinde babuwistleriň serdarlary tussag edildi. 1797-nji ýylda bolsa olaryň esasy serdarylary Babýof we

Darte jezalandyrylyp öldürildi. Babýofçlaryň hereketi Fransuz rewolýusiýasynyň taryhynda täze döwüň başlangyjyny goýdylar. Olar ilatyň durmuş taýdan doly deňderejeli ýaşaýşyny esaslandyrjak rewolýusiýany - syýasy öwürlişigi geçirmegi isläpdirler.

**Direktoriýanyň daşary syýasaty.** Direktoriýanyň ilkinji ýyllary Fransiýanyň daşary syýasaty üçin üstünlikli boldy. Fransiýanyň daşary syýasatynda alyp barýan uruşlary, Fransuz hökümetiniň beýleki Ýewropa döwletlerinde feodal jemgyýetine garşy alnyp barylan uruşlardy. Ýewropa monarhiýalary bilen birlikde Parlamentiň höküm sürýän döwleti bolan Angliýa hem Fransiýa garşy durýardy. Termidor agdarylşygyndan soň Fransiýanyň içeri syýasatynda bolşy ýaly, onuň daşarky döwletler bilen gatnaşyklarynda hem täze häsiýete eýe bolupdyr. Direktroriýanyň başynda duran iri buržuaziýa üçin, Fransiýanyň daşary syýasatynda alyp barýan uruşlary täze bakna mülkleri eýelemegiň, baýamagyň çeşmesi bolupdyr. Ýurduň daşary syýasatynda, antifransuz koalisiýa garşy alyp barýan uruşlary, ilkibaşda milli azat edijilik häsiýete eýe bolan bolsa-da, soňra ol basybalyjylykly urşa, rewolýusion goşun bolsa, basyp alyjylygyň serişdesine öwrüldi.

1796-njy ýylda fransuz goşunlary 27 ýaşly general Napoleon Bonapartyň baştutanlygynda Fransiýanyň Günorta-Gündogaryndaky tebigy serhedi bolan Alp dagyndan geçdi we Italiýan döwletlerine goşun saldy. Italiýany basyp almak ugrunadaky söweşlerde görkezen edermenligi Napoloena uly meşhurlyk getirdi. Pemontyň goşunyny ýeňip, soňra Milan şäheriine girdi. Az wagtyň içinde fransuzlar Demirgazyk Italiýanyň köp bölegini eýeläp, Awstriýanyň serhedine ýetdiler. Awstriýa bilen parahatçylyk şertnamasyny

Napoleon öz dolandyran döwründe maýa goýum gatnaşyklarynyň köne monoarhiýadüzgüni bilen utgaşmagynda täze bir syýasy režimi döretdi. Napoleon Bonapartyň esaslandyran düzgüni iri senagat eýelerini, buržuaziýany

goldaýardy. Emma şol bir wagtda daýhanlaryň arasynda hem uly abraýdan peýdalnýardy. Gurply daýhanlar Napoleony öz mülklerini oba garyplaryndan goraýan güýç kömünde kabul edipdirler. Napoleonyň uruşlary wagtynda Fransiýanyň oba hojalygy pese gaçypdyr. Daýhanlaryň ýagdaýy agyrlaşypdyr. Şonuň üçin hem, Imperator oba hojalyk gatnaşyklarynyň köne düzgüni bolan feodalçylykdan ýüz öwürip, oba hojalygynda täze, maýa goýum gatnaşyklaryny ornaşdyrmagyň tarapdary bolupdyr.

Napoleon Bonapart bütin Fransiýada öz häkimiýetini berkitmek we halky daşarky harby ýörüşlere ruhlandyrmak maksady bilen, ýurtda millilik duýgusyny ösdürmäge çalşypdyr. Ähli fransuzlary birleşmäge çagyrypdyr, Fransiýanyň Ýewropada agalyk ediji döwlet bolmalydygy baradaky pikiri ündäpdir. Şeýlelikde, Napoleonyň dolandyran ýyllarynda Fransiýanyň içer we daşary syýasaty rewolýusiýa ýyllaryndaky azat edijil häsiýetini üýtgedip, ol basyp alyjy döwlete öwrüldi.

## §3. Fransiýa Konsulluk we Birinji imperiýa ýyllarynda

**Fransiýada konsullyk dügünininiň esaslandyrylmagy.** 1799-njy ýylyň 9-njy noýabrynda bolan agdarylşyk Fransiýada rewolýusion wakalalaryň ahyryna çykdy. Ýurtda berk merkezleşen döwlet dolandyrylşy kemala geldi. On ýyla çeken rewolýusiýadan we onuň dowamynda bolup geçen çylşyrymly wakalardan soň, Fransiýada iri buržuaziýanyň we gurply daýhanlaryň bähbitlerini goraýan, durnukly hökümet döredildi. Fransiýada berk tertip-düzgüni we iri telekeçiligi goraýan kuwwatly hökümetiň esaslandyrylmagy buržuaziýanyň arzuwydy. Rewolýusiýany goldamak bilen ol rewolýusion goşunlaryň hatarynda durup söweşipdir we ýakobinçiler bilen ýakynlaşypdyr. Ol rewolýusiýanyn duşmanlaryna garşy

söweşlerde tapawutlanypdyr. Emma Termidor döwlet agdarylyşygyndan soň, Bonapart 15 günläp tussag edilýär we biraz wagt täze häkimýetiň gazabyna uçrapdyr. 1795-nji ýylda Bonapart hökümetiň garşydaşlarynyň pitnesini basyp ýatyrmak bilen täze häkimýetiň özüne bolan ynammyny gaýdyp aldy.

Direktoriýanyň tabşyrmagy boýunça ol Demirgazyk Italiýany eýeläp, awstriýa goşunlaryny kowup çykarýar. 1797-nji ýylda Bonapart Awstriýa döwletini ýaraşyk baglaşmaga we ony Fransiýanyň basypalyşlaryny ykrar etmäge mejbur etdi. Italiýanyň territoriýasynda Fransiýa garaşly birnäçe respublikalar döredildi. Şweýsariýanyň ykbaly hem şeýle boldy. Bonapartyň Italiýadaky görkezen edermenlikleri Fransiýa uly şöhrat we baýlyk getirýär. Fransiýada ony dabaraly ýagdaýda garşy alýarlar.

1798-nji ýylyň maýynda Napoleon Bonapart 38-müňlük goşuny 350 sany gämä mündürip Müsüre ugraýar. Fransuz goşunlary gury ýerde „piramidalaryň ýanynda bolan söweşde» müsür atly goşunynyň üstünden üeňiş gazandy. Emma tiz wagtdan iňlis floty Müsüriň kenaryna geldi we fransuz gämilerini gark etdi. Napoleonyň goşunynyň Fransiýadan arasy üzüldi we heläkçilige uçrady. Siriýa edilen hüjüm araplaryň we türk goşunlarynyň güýçli garşylyk görkezmegine uçrady. Şol bir wagtda rus goşuny Demirgazyk Italiýada fransuz goşunlaryny çym- pytrak etdiler.

Harby şowsuzlyklar Direktoriýanyň hökümetiniň ilatyň baý gatlaklarynyň arasynda ynamyny gaçyrýar. Gazýetlerde, metbugatda berk häkimiýeti berkarar etmek barada pikirler aýdylýardy. Iri baýlaryň, emeldarlaryň, bank eýýeleriniň arasynda hökümete garşy dildüwşik döredi. Ol dildüwşik Direktoriýanyň hökümetini çalşyryp, basybalyjylykly uruşlary üstünlikli dowam etdirip biljek we halky tabynlykda saklap biljek berk häkimiýetiň bolmagyny maksat edinýärdi.

**Konsullyk ýyllarynda Fransiýanyň döwlet gurluşy.** 18-nji Brýumerde bolup geçen döwlet agdarylyşygyndan bir aý

geçenden soň, 1799-njy ýylyň dekabrynda Fransiýada täze konstitusiýa kabul edildi. Täze konstitusiýa laýyklykda Fransiýada döwlet gurluşynyň respublika görnüşi saklanyp, ýurtda «üç konsulyň häkimiýeti» esaslandyryldy.. Ýurtda ýerine ýetiriji häkimiýet kanun esasynda berkidiler üç konsulyň elinde jemlenipdir. Olar döwlet dolandyrmakda doly hukuklardan peýdalanýardy. Napoleon Bonapart 10 ýyl möhlet bilen birinji konsul wezipesine saýlandy we aýratyn hukuklardan peýdalandy. Ol ýerine ýetiriji häkimiýetiň äghli ygtyýarlyklaryny öz elinde jemlemek bilen, kanun çykaryjy we kazyýet işlerine hem öz täsirini ýetirip başlady. Ministrleri, ýokary döwlet emeldarlaryny, ilçileri we goşun ýolbaşçylaryny özi belleýärdi, ýurduň içeri we daşary syýasatynyň ugurlaryny özbaşdak kesgitleýärdi. 1799-njy ýylda kabul edilen konstitsiýada ilkinji gezek konsullaryň atlary görkezildi. Ikinji we üçibnji konsullar ikinji derejeli ýolbaşçylar bolup galdylar.

Ýurtda saýlaw ulgamy hem özboluşly häsiýete eýe boldy. 21 ýaşa ýeten her bir erkek adam ses bermek hukugyna eýedi, emma ol gönüden-göni deputaty saýlaman, diňe deputat bolmaga kadidatlyga ses bermek bilen çäklenýärdi. Şol kadidatlardan ýerli dolandyryş edalaralarynyň ýobaşçylaryny we deputatlary saýlamak hukugy bolsa, hökümetiň elinde jemlenýärdi.

Kanun çykaryjy häkimiýet Döwlet geňeşi, Kanun çykaryjy Korpus we tribunatyň arasynda paýlanyp, olaryň ählisi hem, Ýerine ýetiriji häkimiýete garaşly bolupdyr. Olar tarapyndan taýarlanan kanunlar Senat tarapyndan gaýtadan seredilip, soňra Napoleonyň tassyklamagyna berlipdir. Senatyň ähli agzalary Birinji konsul tarapyndan bellenipdir. Ýerine ýetiriji häkimiýiň esasy wekilleri bolan ministrler ähli babatda Napoleona tabyn bolupdyrlar.

Fransiýada Napoleon Bonapartyň şahsy diktaturasy dikeldildi. Emma muňa garamazdan rewolýusiýa ýyllarynda gazanylan üstünlikleri, taryhy özgertmeler saklanyp galdy.

Napoleon feodalçylyk düzgünleri düýbünden ýok etmek isläpdir. 1799-njy kabul edilen konstitusiýa rewolýusiýanyň netijesinde baýan täze maýadarlaryň we daýhanlaryň bähbitlerini goldapdyr. Napoleonyň konstitusiýasy halk arasynda uly abraýdan peýdalanypdyr.

Napoleonyň abraýy, şan-şöhraty barha artypdyr. Ol görnükli döwlet işgäri, ussat serkerde bolmak bilen, buržuaziýanyň – telekeçileriň, söwdagärleriň we beýleki maýadarlaryň arasynda uly abraýdan peýdalanypdyr. Ol döwletiň halkara abraýyny artdyrmak, harby ýagdyýny kuwwatlandyrmk üçin senagaty ösdürmegiň zerurlygyna düşünipdir we munuň üçin gerekli mümkinçilikleri döredipdir.Ol esasan döwletde häkimiýeti merkezleşdirmäne uly üns beripdir. General Neý, Lann, Dawu ýaly meşhur serkerdeleri ýanynda jemlemek bilen, ol öz häkimýetini berkidipdir.

1802-nji ýylda Napoleonyň egindeşleri ony ömürlik birinji konsul diýip yglan etdiler. Ol Kanun çykaryjy Korpusy dargadyp, özbaşdak kanun çykarmaga, daşary ýurtlar bilen şertnamalar baglaşmaga hukuk gazandy. Napoleonyň durnukly hýetiniň berkemegi Fransiýanyň daşary syýasatynda hem uly üstünliklere ýetmegine sebäp bolupdyr. Napoleonyň şahsyýeti barha mazamlanypdyr. 1802-nji ýyldan başlap, onuň doglan güni Fransiýanyň milli baýramy hökmünde bellenip başlanypdyr. 1803-nji ýyldan soň zikgelenen monetalarda Napoleonyň şekili peýda bolupdyr. Napoleon Bonapart hat-da öz häkimiýetini miras goýmaga hem hukuk gazanypdyr, bu bolsa ýurtda monoarhiýa gurluşunyň ilkinji alamatlarynyň peýda bolup başlandygyny aňladypdyr.

**Fransiýada Birinji imperiýanyň yglan edilmegi.** Konsullyk döwründe Fransiýada özboluşly syýasy düzgün kemala geldi. Fransiýada rewolýusiýanyň netijesinde gazanylan respublikanyň alamatlary bilen birlikde, Napoleonyň barha berkeýän häkimiýetinde monopoliýanyň alamatlary duýulup

başlandy. Netijede 1804-nji ýylyň maýynda Fransiýa imperiýa diýlip yglan edildi, Napoleon Bonapart bolsa onuň birinji imperatary boldy. Bu Fransiýanyň öz taryhynda ilkinji gezek imperiýa diýlip yglan edilişidi. Napoleonyň başyna imperator täjini Rim papasynyň hut özi geýdirdi, şondan soň ol, imperator Napoleon I diýlip atlandyrylyp başlandy. Kanunçykaryjy Korpus we beýleki wekilçilikli organlar öz ähmiýetini ýitirip başlady. 1802-nji ýylda rewolýusiýa harasatly wakalarynda gaçyp giden emigrantlaryň günäsini geçmek hakynda kanun çykaryldy. Mülkdarlaryň derejeleri we hormatly atlary dikeldildi. Napoleon Bonapart asly rewolýusiýadan öňki mülkdarlardan bolan begzadalary köpçülikleýin döwlet işine çekip başlady. Şeýle syýasaty ýöretmek bilen, napoleon ýurtda özüne wepaly adamlaryň toparyny döretmek isleýärdi. Napoleonyň dolandyran soňky ýyllarynda (1808-nji ýyldan 1814-nji ýyla çenli) 3600 mülkdaryň begzada adydikeldilip, mülk ýerleri gaýtarylyp berlipdir. Emma olaryň rewolýusiýadan öňki artykmaçlyklary we hukuklary doly dikeldilmändi. Beýik Fransuz rewolýusiýasy feodalçylyk düzgünleriň köküne palta urdy. Napoleon ilatyň hukuk taýdan deňligini berk gözegçilikde saklapdyr.

Napoleon Bonapart asly garyp düşen begzadalaryň maşgalasyndandy. Ol indi Ýewrop monoarhiýalary bilen garyndaşlyk açyp, öz nesilşalygyny esaslandyrmak isläpdir. Onuň aýaly £ozefini önelgesizdi. Hut şu bahana bilen hem ol Ýewropanyň Korollarynyň asylly maşgalalaryndan bolan, täze gelinligiň gözlegine çykdy. Netijede ol Awstriýaly şa gyzy Mariýa Luiza öýlendi we özüniň imperator maşgalasyny esaslandyrdy.

**Imperiýanyň dolandyryş ulgamy.** Napoleonyň dolandyran ýyllarynda Fransiýada berk merkezleşen, özboluşly býurokratik döwlet apparaty emele geldi. Napoleon rewolýusiýanyň gazanan netjilerini rewolýusiýadan öňki syýasy düzgüniň alamatlary bilen utgaşdyryp, öz syýasy

režimini kemala getirdi. Rewolýusiýa ýyllarynda işlenip düzülen saýlawly ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamy ýatyrylyp, onuň deregine prefektura ulgamy döredildi. Prefektura ulgamynda her bir welaýatynyň başynda hökümet tarapyndan bellenilen prefektur durup, ol doly ygtyýarlyklardan peýdalanypdyr. Şeýle hem, şäherleriň merleri we oba kommunalary merkezden bellenilipdir. Oturdaşlar kazyýeti ýatyrylyp, ýurduň kazyýet edaralary merkezi häkimiýete garaşly bolupdyr.

Nopoleon I döwletiň buthana bilen gatnaşyklaryny ýola goýupdyr. 1801-nji ýylda Rim papasy Piý VII bilen baglaşylan şertnama laýyklykda, kotolik dini Fransiýanyň döwlet dini diýlip yglan edilipdir. Döwlet buthananyň ähli çykdajylaryny öz üstüne alypdyr.

Napoleon wagtynyň köpüsini harby hereketlerde geçiripdir. Bu bolsa Fransuz goşunynyň kämilleşmegine, Ýewropda iň kuwwatly goşuna öwrülmegine getiripdir. Napoleon döwler wezipelerine harby adamlary belläpdir. Napoleonyň özi ussat serkerde bolmak bilen, tejribeli harby işgärleri öz töweregine ýygnap, döwletiň gündelik durmuşynda olara daýanypdyr.

Ýurtda polisiýa ministrligi döredilip, ol ýurduň jemgyýetçilik – syýasy durmuşynda möhüm rol oýnapdyr. Fransiýanyň Polisiýa ministri - imperatoryň görnükli ministrleriniň biri bolan Fuşe tarapyndan ýolbaşçylyk edilip, onuň işi örän guramaçylykly alnyp barlypdyr.

**Imperiýanyň durmuş ykdysady taỳdan ösüşi.** Napoleonyň dolandyran ilkinji ýyllarynda Fransiýanyň esasy ösüşi oba hojal;yk döwletidi. Ilatyň 80 göterimi oba hojalyk işleri bilen meşgullanypdyr. Beýik fransu Rewolýusiýasynyň dowam eden ýyllarynda ýurtda maýa goýum gatnaşyklarynyň ösmegi üçin amatly şertler emele gelipdi. Rewolýusiýa ýyllarynda bolşy ýaly, Napoleonyň döwründe hem, ýerleriň bölünip daýhanalara satylmagy, telekeçiligiň, senagatyň ösmegi

üçin döwlet goldawynyň berilmegi dowam etdirildi. Napoleon goşubny kuwwatlandyrmak we täze harby ýörüşlei geçirmek maksady bilen, harby senagaty ösdürmäge uly üns beripdir. Konsulluk we Birinji imperiýa ýyllary Fransiýada senagatyň güýçli depginde ösen ýyllarydyr. Bu döwürde kagyz senagaty, dokmaçylyk, metallurgiýa we himiki senagaty ösdürildi.

Oba hojalygy orän haýal ösüpdir. Rewolýusiýa we direktoriýa ýyllarynda alnyp barylan uruşlar oba hojalygynyň pese gaçmagyna getirdi. Netijede, azyk önümleriniň bahasy görülip-eşidilmedik derejede ýokarlandy, bu bolsa öz gezeginde, oba hojalyk önümlerini öndürmäge we satmaga gyzyklanma döretdi. Ýurduň beýleki pudaklarynda bolşy ýaly, oba hojalygynda hem feodalçylyk düzgünleri ýok edip, täze düzgünler ornaşdyryldy. Emma ýerleri özleşdirmegiň usullary we tehnikasy juda haýal ösdürilýärdi. Rewolýusiýa ýyllarynda mülkdarlar öz artykmaçlyklaryny ýitiripdi, emma mülk ýerleri öz ellerinde saklanypdy. 1807-nji ýylda Napoleon mülkdarlaryň goldawyny gazanmak maksady bilen, feodalçylyga mahsus bolan, maýorat düzgünini dikeltdi.

**Napoleonyň jemkanunlary (kodeksleri).** Napoleon diňe bir ökde serkerde bolmak bilen çäklenm än eýsem, hukuk we syýasy bilimlerden hem oňat baş çykarypdyr. Ol döwlet häkimýetini berkitmegiň, merkezleşdirmegiň esasy şertleriniň bir hökmünde kanunçylygy kämilleşdirmäge uly ähmiýet beripdir. Çünki ol döwletiň howpsuzlygynyň birinji nobatda onuň kanunlaryna baglydygyna düşünipdir. Napoleon 1804-nji ýylda Raýat kodeksini, 1807-nji ýylda Jenaýat Kodeksini, 1811-nji ýylda Kommersiýa Kodeksini esaslandyrypdyr. Raýat Kodeksi şahsyýetiň eldegirmesizligi, wyždan azatlygy, ähli raýatlaryň kanun öňündäki deňligi ýaly rewolýusiýanyň peşgeş beren ýörelgelerini saklap galdy. Emma Raýat Kodeksine işçileriň hereketlerine garşy gönükdirilen käbir düzgünler hem girizildi. Olara işçileriň birleşiklerine girmek, iş taşlaýyşlara gatnaşmak gadagan edildi. Kärhanalarda işçileriň özlerini alyp

baryşlaryny, olara görülýän çäreleri hasaba almak üçin, ýörüte depderçe girizildi. 1791-nji ýylda kabul edilen, işçileriň özbaşdak hereketlerini gadagan etmäge gönükdirilen Le Şapelýeniň kanuny hem güýjini saklap galdy. Napoleonyň Kodeksleri hususy eýeçiligi, telekeçiligiň buržuaziýanyň bähbitlerini berk goldaýardy.

Napoleonyň Kodeksleri öz döwriniň iň bir kämil kanunlarynyň biri, çünki ol Bütin Ýewropada (Angliýadan başga) feodal gurluşyň höküm sürýän wagtynda Fransiýada maýa goýum gatnaşyklaryna esaslanýan täze ykdysady ösüşiň düýbini tutdy.

**Napoleonyň basybalyjylykly ýörişleri.** Napoleonyň dolandyran ýyllarynda Fransiýa basybalyjylykly ýörüşleri, yzygiderli çaknyşyklary geçirmek bilen meşgul boldy. Rewolýsiýa ýyllarynda Ýewropanyň monoarhistik döwletleri Fransuz rewolýusiýasyna garşy kontrrewolýusion ýörüşleri alyp barýarka Fransiýanyň daşary syýasaty milli azat edijilik häsiýete eýedi. Emma Napoleon bonapartyň häkimiýete gelmegi we onuň özgertmeleriniň netijesinde döwletiň kuwwatlanmagy we basybalyjylykly ýörüşleri başlamagy bilen, Fransiýa yklymda basyp alyjy döwlete öwrüldi.

Napoleonyň alyp baran uruşlary belli bir derejede basyplyp alnan döwletler üçin progressiw häsiýete eýe boldy. Fransuz goşunlarynyň eýelän ýerlerinde ilkinji nobatda köne feodalçylyk düzgünleri ýok edilipdir. Telekeçilik üçin amatly şertler döredilipdir. Germaniýada ownuk döwletleriň sany azalyp, täze iri döwletler döredildi. German halklarynyň mukaddes Rim imperiýasy diýlip atlandyrylýan döwlet ýykyldy. Napoleon eýelän ýerlerinde ilkinji nobatda öz kodekslerini ornaşdyrýardy.

Napoleon basylyp alnan ýurtlar babatynda ilkinji nabatda ykdysady syýasat ýöredýärdi, ol ýurtlaryň bazarlary fransuz harytlary üçin açykdy, fransuz maýadarlary bolsa, ol ýurtlaryň bazarlaryny barha ösýän fransuz senagaty üçin, çig mal çeşmesi

hökmünde peýdalanýardylar. Garaşly döwletlerden ummasyz mukdarda uly salgyt ýygnalýardy. Napoleonyň alyp barýan üstünlikli söweşleri,ony indiki ýeňişlere ruhlandyrypdyr. Ol bütin Ýewropda we dünýäde Fransiýanyň syýasy, ykdysady we söwda agalyk etmegini isläpdir. Fransiýanyň garşysyna gönükdirilen antifransuz koalisiýasna girýän döwletler, Fransiýa garşy göreşmek bilen bir hatarda, öz aralarynda hem gapma garşylykly syýasat alyp barýardylar. Russiýa Balkan ýarym adasyndaky slawýan halklarynyň milli azat edijilk hereketinei goldamak bilen Awstriýa we Osman imperiýasyna garşy syýasat alyp barýardy. German döwletlerini birleşdirmek ugrundaky bäsdeşlik Awstriýany Prussiýadan çetleşdirýärdi. Angliýa bolsa merkezi Ýewropada Orsýetiň täsiriniň güýçlenmegini islemeýärdi. Napoleon Bonapart öz garşysynda duran döwletleriň arasyndaky gapma-garşylyklarýussatlyk bilen peýdalnyp, olara garşy üstünlikli göreşýärdi. Fransiýanyň esasy garşydaşy ykdysady we harby taýdan kuwwatly Angliýa döwletidi.

**Ikinji koalisiýa (birleşik).** 1789-njy ýylyň 14-nji iýulynda başlanan rewolýusiýa, Korol Lýudowik XVI jezalandyrylyp öldürilmegi Ýewropada asyrlarboýy dowam edip gelýän monoarhiýalary howsala saldy. Hatda Parlament tarapyndan dolandyrylýan Angliýa bilen bireýýäm buržuaz rewolýusiýanyň bolup geçen ýurdy bolan Gollandiýa hem bu wakany duşmançylykly garşyladylar. Fransiýanyň Ýewropada we dünýädäkimülkler udrundaky bäsdeş ýurtlary bolan Angliýa, Prussiýa, Awstriýa we Orsýet özara bileleşip, Fransiýa garşy bilelikde seweşip başladylar. Birinji Koalisiýa Rewolýusiýa ýyllarynda bolup ol, netijesiz ýykylypdy. 1800-nji ýylda birleşige girýän döwletleriň içki agzalalygy sebäpli ikinji koalisiýa hem ýykyldy. Şol ýylyň 14-nji iýunynda Marengo şäheriniň golaýynda bolan söweşde Awstriýa goşunlary fransuz goşuny tarapyndan derbi-dagyn edildi we Italiýadan kowulyp çykaryldy. Russiýa hem uruşdan çykýandygyny yglan etdi.

1801-nji ýylda Fransiýa Awstriýa we Orsýet bilen şertnama baglaşdy, oňa laýyklykda Awstriýa Reýn derýasynyň çep kenarynyň we Belgiýanyň Fransiýa degişlidigini ykrar etdi. Şeýle hem, Awstriýa we Orsýet 1802-nji ýylda öňki Sizalpin respublikasynyň territoriýasynda döredilen, Fransiýa elgarama bolan Italiýa döwletini ykrar etdiler. Fransiýanyň Ýewropadaky häkimiýeti barha güýçlenýärdi.

Napoleon Angliýanyň harby kuwwatyny ykdysady taýdan ösüşini göz öňünde tutup, onuň bilen parahatçylykly gatnaşyk saklamaga çalyşýardy. Fransiýa 1802-nji ýylda Angliýa bilen şertnama baglaşyp, oňa laýyklykda Müsüre ýörüş etmezlige barçlandy we Ýewropanyň halkara gatnaşyklarynda birek-biregi goldamak barada äht edildi. Ikinji koalisiýa dargadylanda soň, az wagtlaýyn parahatlyk hökün sürdi, bu bolsa Fransiýanyň ykdysady taýdan ösmegine, Napoleon I abraýynyň artmagyna getiripdir.

**Üçinji koalisiýa.** 1802-nji ýylda baglaşylan parahatçylyk şertnamasy uzaga çekmedi. Angliýa Fransiýa bilen iňlis söwdagärleriniň we senagatynyň bähdini goraýa bir taraply şertnama baglaşmaga, fransuz bazarlarynyň iňlis harytlaty üçin açyk bolmagyna gazanmaga çalyşýardy. Emma Napolen munuň bilen ylalaşmandyr. Çünki şol wagt Fransiýa Angliýa garşy harby ýörüşe taýarlanypdyr. Ol Angliýa aýgytly zarba urup güýçden gaçyrmak, onuň bakna ýerlerini basyp almak we Ýewropa ýurtlaryndaky täsirini peseltmek isläpdir. Napoleon Angliýanyň kenarlaryny ýörüş etmek üçin, ýörüte desant goşunyny taýarlap başlaýar. Bu iki kuwwatly döwletiň arasyndaky harby hereketler 1803-nji ýylda başlandy. Napoleonyň harby hereketleri Ýewropa döwletlerinde howsala döretdi. Orsýet Fransiýa bilen diplomatik gatnaşyklaryny üzdi. 1805-nji ýylda Angliýa, Orsýet, Awstriýa we Neopolitan Korollygy bileleşip Fransiýa garşy Antifransuz koalisiýany emele getirdiler. Bu koalisiýa Fransiýa garşy gurnalan altynjy harby bileleşikdi. 1805-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda Trafalgar

burnunda bolan söweşde, Angliýanyň kuwwatly floty admiral Nelsonyň baştutanlygynda fransuz-ispan deňiz goşunlaryny çym-pytrak etdi. Şondan soň Napoleon Bonapart Angliýa garşy ýörüş etmek umydyndan hemişelik el çekdi, harby hereketleriň ugruny Awstriýa tarap öwürdi. 1805-nji ýylyň oktýabrynda fransuz goşunlary awstriýa goşunlaryndan üstün çykyp, Wena baryp ýetdiler. Dekabr aýynyň başynda bolsa Austerlis şäheriniň ýanynda bolan söweşde bolsa awstriýanyň we orsýetiň birleşen goşunlaryndan üstün çykdy. Awstriýa Fransiýa bilen parahatçylyk şertnamasyna gol çekip, Napoleony Italiýanyň Koroly diýip yglan etdi. Fransiýa Wenesiýany, Dalmasiýany eýeläp, Awstriýany uly mukdarda harby jerime tölemäge mejbur etdi. Napoleon Bonapart dogany Žozefi Neopolitan Korollygynyň, 1806-njy ýýylda bolsa beýleki dogany Lýudowigi Fransiýa garaşly bolan Gollandiýanyň Korol diýip yglan etdi. 1806-njy ýylda 16 sany German döwletiniň birleşmeginde Reýn birleşigi döredildi, Napoleon bolsa onuň protektor(howandar)-hökümdary boldy. Fransuz hökümetiniň zor salmagy bilen German imperatory Frans German halklarynyň mukaddes Rim imperiýasynyň imperatory diýen adyndan el çekýär. Şeýlelikde, Gabsburglar nesilşalygynyň miras ýerleri we nesilşalyk derejeleri diňe Awstriýada saklanyp galdy.

**Dördünji koalisiýa. Napoleonyň Prussiýa ýörüşi (1806).** 1806-njy ýyla çenli Napoleon Bonapartyň imperýasy ýetjek derejesione ýetdi. Reýn derýasynyň Günbataryndan başlap, tä Gündogarda Elba derýasyna çenli bolan aralygy, tutuş italiýany özine birikdirip, Fransuz imperiýasy, indi, Balkan ýarym adasyna göz gyzdyryp başlady. Balkan ýarym adasy bolsa kuwwatly Osman-Türkmen imperiýasynyň gol astyndady.

1806-njy ýyldaky söweşde Napoleonyň goşunlary tarapyndan Awstriýanyň goşunlary derbi-dagyn edildi. Netijede Fransiýanyň Ýewropadaky abraýy hem-da halkara täsiri has-da

artdy. Bu bolsa Fransiýanyň garşysyna Ýewropa döwletleriniň birleşip, dördünji antifrasuz birleşigi döretdiler. Angliýa, Russiýa, Şweýsariýa tarapyndan esaslandyrylan, bileleşige bu gezek Prussiýa hem goşuldy. Prussiýa German döwletleriniň üstünden agalyk etmekde özüniň esasy bäsdeşi bolan Awstriýanyň ýeňilip kuwwatynyň pese gaçmagyny isläp, Fransiýa garşy gurnalan bileleşiklere goşulmandy. Çünki Prussiýa Awstriýanyň ýeňilişini özüniň syýasy maksatlaryna ýetmek üçin peýdalanmak isleýäediler. Emma 1806-njy ýylda fransuz goşunlary Prussiýanyň serhetlerine gelip ýetende, Prussiýa Fransiýa garşy göreşmek üçin, antifransuz koalisiýa goşulmaga mejbur boldy. Birnäçe gün dowam eden söweşiň netijesinde Pruss goşunlary derbi-dagyn edildi. Şol ýylyň oktýabr aýynda Napoleon dabaraly ýagdaýda Berline girdi.

Napoleonyň esasy garşydaşy Angliýa bilen Orsýetdi. Angliýanyň esasy kuwwaty onuň söwdadan we senagat önümlerini öndürmekden alýan girdejisine baglydy. Şonuň üçin hem Napoleon Angliýany, onuň garşysyna yklymlaýyn ykdysady gabawy girizmek arkaly güýçden gaçyrmak isleýärdi: 1806-njy ýylyň 21-nji noýabrynda Ýewropa döwletlerine Angliýa bilen söwda etmegi gadagan edýän «yklymlaýyn ykdysady gabaw» hakyndaky jarnama kabul edildi. Jarnama laýyklykda Fransiýa imperiýasynyň düzümine girýän we oňa elgarama bolan döwletlere Angliýa bilen söwda etmek düýbinden gadagan edildi we jarnamanyň bozulmagy üçin ölüm jezasy girizildi. Napoleon yklymlaýyn gabawy girizmek nilen bir tarapdan Angliýanyň ykdysady kuwwatyny pese gaçyrmak, beýleki tarpdan bolsa fransuz senagatynyň ösmegi üçin amatly şertler döretmek isleýärdi. Angliýa ýer şarynda ägirt uly bakna mülklere eýelik edýärdi, olardan getirilýän çig mal iňlis senagatyny ýeterlik derejede üpjün edýärdi. Galybersede Angliýanyň Ýewropa döwletleri bilen söwda gatnaşyklary gizlin (kontrabanda) usuly bilen dowam edýärdi.

Şonuň üçin, Napoleonyň Angliýany ykdysady taýdan güýçden gaçyrmak hakyndaky meýilleri başa barmady.

Emma yklymlaýyn gabaw Ýewropa döwletlerine agyr ýitgi getirdi. Fransuz senagaty Angliýanyň arzan we ýokary hilli harytlarynyň ornuny tutjak harytlary öndürerden ejizdi. Bu bolsa Ýewropa döwletlerinde ykdysady çökgünligiň başlanmagyna getirdi. Galybersede Napoleonyň yklymlaýyn ykdysady gabawy Fransiýanyň özi üçin hem bähbitli bolmady. Çünki Fransuz senagaty hem belli derejede «Angliýanyň kömegine» mätäçdi. 1810-njy ýylda Angliýa bilen rugsatnamalaýyn söwda etmäge rugsat berýän kanun kabul edildi. Şeýlelikde Napoleon tarapyndan işlenip düzülen «yklymlaýyn ykdysady gabaw» Fransuz hökümeti üçin girdeji çeşmesine öwrüldi.

**Tilzit şertnamasy (1807).** Prussiýa ýeňildi, emma dördünji koalisiýa entek söweşi dowam etdirýärdi. 1807-nji ýylda Gündogar Prussiýada Rus goşunlary bilen bolan uruşda uly ýitgiler çekip Napoleon ýeňiş gazandy. Dördünji koalisiýa gepleşik geçirmegi ýüregine düwdi. Parahatçylykly şertnama iki tarap üçin hem zerurdy. Napoleon senagatda we kolonial syýasatda Fransiýanyň esasy garşydaşy bolan, Angliýa garşy söweşde Rusiýa bilen parahatçylykly şertnama baglaşyp, ýakynlaşmagy meýilleşdirdi. Russiýa hem özüniň käbir bähbitlerini göz öňünde tutup, Napoleon bilen ýakynlaşmagyň tarapdarydy. Netijede, 1807-nji ýylyň 7-nji iýulynda Tilzit şäherinde Fransiýa hem oarsýet parahatçylyk we bileleşik şertnamasyna gol çekdiler. Oňa laýyklykda Russiýa Napoleonyň Ýewropada eýelän ýerlerini Fransiýanyň mülki diýip yglabn etmelidi we Angliýa garşy «yklymlaýyn ykdysady gabawa» goşulmalydy. Muňa derek ol, Osman-Türkmen döwletine we Şwesiýa garşy harby hereketleri etmäge hukuk aldy. Napoleon Prussiýa döwletini düýbinden ýok etmek we onuň territoriýasynda Fransiýa garaşly täze döwleti döretmek isläpdir. Munuň üçin ol, Russiýa polşa ýerlerini wada edipdir.

Emma Rus Korol Aleksandr I bu meselede ylalaşmandyr. Şeýlelikde Napoleon Prussiýanyň territoriýasynda iki sany Fransiýa garaşly pruss Korollygyny: Westfal we Saksoniýa Korollygyny döredipdir. Şeýle hem, Prussiýanyň territoriýasynda dörän döwletler «Yklymlaýyn gabawa» girmeli bolupdyr.

Tilzit şertnamasy ygtybarly bolmandyr. Çünki Napoleon özüniň Ýewropada agalyk etmek hyýalynda el çekip bilmändir. Ol hemişe Russiýa uruş howpyny salypdyr. Russiýa bolsa öz gezeginde özüniň Ýewropadaky syýasy täsirini ýitirmek islemändir. Şeýle-de «yklymlaýyn gabaw» Russiýanyň ykdysady ösüşine özüniň ýaramaz täsirini ýetiripdir. Iňlis harytlarynyň importynyň kesilmegi, rus senagaty üçin aýgytly urgy bolupdyr. Bu bolsa Tilzir şertnamasynyň ähmiýetiniň peselmegine we Ýewropada halkara ýagdaýyň çylşyrymlaşmagyna getiripdir.

**Napoleonyň ýeňişleri.** Napoleon XIX asyryň birinji ýarymynda Ýewropada bolup geçen söweşlerde aýgytly ýeňişleri gazanmagy başardy. Munuň birnäçe sebäpleri bolupdyr.

Fransiýa Angliýa garanyňda yza galsa-da, ykdysady ösüşini täze usulda alyp barýan buržuaz döwletidi. Senagatyň ösüşi Napoleonyň basybalyjylykly ýörüşi üçin gerekli harby önümleri, ýaraglary, ok-därileri öndürýärdi. Bu bolsa Napoleonyň söweşleriniň netijeli bolmagyna öz täsirini ýetirýärdi. Napoleon Fransiýada ähli umumy harby borçlylyk girizip, ýurduň regulýar goşunyny döretdi.

XIX asyryň başynda Fransiýa Günbatar Ýewropanyň iň kuwwatly merkezleşen döwletidi. Napoleonyň goşunynda rewolýusiýa ýyllarynda ýüze çykan azat serkerdeler köpdi. Olar Ýewropanyň monarhistik döwletleriniň hakyna tutma we garaşly daýhanlardan düzülen goşunlaryna garanyňda, has tutanýerli hem maksada okgunly söweşýärdiler. Fransiýanyň kuwwatly ösýän wagtynda Ýewropanyň aglaba döwletleri

yzagalak feodalçylyk gurluşynda ýaşaýardylar. Fransiýanyň serhetdeş döwletleri Germaniýa we Italiýanyň territoriýasynda birnäçe gowşak we dagynyk döwletler ýerleşýärdi, olar Napoleonyň kuwwatly goşunyna garşy göreşmäge ukypsyzdy. Napoleon olary aňsatltyk bilen basyp aldy we olary indike söweşlerinde daýanç nokady hökmünde ulandy. Napoleonyň kuwwatly goşunyny diňe Ýewropa döwletleri birleşip ýeňip biljekdi, şonuň üçin hem Napoleon we onuň egindeşleri her hili ýol bilen antifransuz koalisiýa girýän döwletleriň arasyna agzalalyk salmaga we olaryň jebisleşmeginiň öňüni almaga çalyşýardylar.

Fransuz imperiýasy Ýewropada we dünýäde fransuz agalygyny dikeltmäge maksat edinýärdi, ol basyp alan ýerlerin kartasyny, basyp alnan ýerleriň milli gurluşyny garamazdan, monoarhistik döwletleriň bähbidine laýyk düzüpdirler. Bu bolsa Ýewropada diňe bir döwletleriň däl-de, eýsem halklaryň hem, fransuz agressiýasyna garşy göreşmegiňe getiripdir.

**Bäşinji koalisiýa. Ispaniýa ýöriş edilmegi.** Angliýa Napoleonyň Ýewropada öz agalygyny dikeltmek ugrundaky arzuwyny amala aşyrmagynda, esasy böwet bolup durýardy. Şonuň üçin hem ol, örän kuwwatly flota eýe bolan, Angliýany ysgyndan gaçyrmagyň we ondan üstün çykmagyň ýeke-täk ýoly, ony yldysady-söwda taýdan gabawa salmak diýip pikir edýärdi. Emma Ýewropanyň käbir döwletleri Fransiýanyň bu gabawyna goşulmaýardylar.

1807-nji ýylda Napoleon Portugaliýanyň Angliýa bilen ykdysady gatnaşyk saklaýandygyny bahanalap, Prineý ýarym adasyna ýörüşe başlady. Portugal halky fransuz basyp alyjylaryna garşy milli azat edijilik urşyny aýaga galdylar. Halk hereketleri bütin Prineý ýarym adasyna ýaýrady. Angliýanyň goldamagy bilen, fransuz goşunlary yza serpikdirildi.

1808-nji ýylda bolsa Napoleon Ispaniýa ýörüş etdi, ispan tagtyny eýeläp, onda öz dogany £ozefe oturutdy. Fransiýa

Ispaniýada ornaşmak üçin, ispan halkyny gahrymançylykly garşylygyna ýeňip geçmek üçin, yzygiderli göreşmeli boldy.

Napoleonyň Prineý ýarym adasyndaky «Başagaýlygyndan» peýdalanyp, Awstriýa Napoleona garşy urşa taýarlanyp başlady. Ol 1805-nji ýylda bolup geçen Frank-Awrtriýa urşynda ýitiren ýerlerini gaýdyp almagy arzuw edýärdi. Şeýlelikde, Awstriýa we Angliýa 1809-njy ýylda Napoleonyň garşysyna bäşinji koalisiýany emele getiridiler. Emma bu birleşik hem fransuz goşunlaryna garşy hereketde uly netije bermedi. 1809-njy ýylda Awstriýa Fransiýa garşa başlady. Şol ýylyň iýulynda Wagram şäherinde bolan bu uruş hem, Awstriýanyň uly ýitgi çekip, ýeňilmegi bilen tammlandy. Oktýabr aýynda Şýonbrunn şäherinde Awstriýa bilen Fransiýanyň arasynda parhatçylyk şertnamasy baglaşylyp, oňa laýyklykda Gabsburglar dinastiýasy özüniň agalyk edýän ýerleriniň aglabasyny ýitirdi. Galisiýa ýerleri Warşawa gersoglygyna birikdirildi. Ozal Gabsburglaryň eýeçiliginde bolan Dalmasiýa, Istriýa we Triýest ýerleri birkdirilip, Fransuz imperiýasyna garaşly Illiriýa walaýaty döredildi. Şertnama laýyklykda Awstriýa ýeňiji döwlete ägirt uly mukdarda kontribusiýa tölemäge, goşunyny azaltmaga we Angliýa garşy «yklymlaýyn ykdysady gabawa» goşulmaga borçly bolupdyr. Awstriýa goşunlarynyň derbi-dagyn edilmegi we gutarnykly ýeňilmegi ony Fransiýa elgarama ýagdaýa saldy.

Awstriýa garşy alnyp barylan söweş Fransiýa üçin hem ýeňil düşmändir. 1808-nji ýylda Erfurt şäherinde baglaşylan şertnama görä, Russiýanyň Korolyň Aleksandr I Awstriýa garşy uruşmalydy, emma, Russiýa hakykatda hiç hili harby hereketlere goşulmady, bu bolsa Napoleonyň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrdy.

Napoleon basybalyjylykly ýörüşleri yzygiderli dowam etdirdi. Ähli kotoliloeriň mukaddes ýeri bolan Rim buthanasy Fransuz imperiýasyna birikdirildi. Gollandiýa Korollygy, German döwletleriniň birnäçesi, şeýle hem, Gamburg, Lýubek,

Bremen ýaly Demirgazyk deňziniň kenarynda ýerleşen özbaşdak şäherler Fransiýa tarapyndan basylyp alyndy. 1811-nji ýylda Fransuz imperiýasynyň ilaty 71 million adama ýetipdir (Şol mahal Russiýa imperiýasynda 36 mln adam ýaşapdyr). Bu bolsa Fransuz imperiýasy öz döwründe Ýewropada iň uly döwlet diýmekdi.

**Napoleonyň Russiýa ýörişi (1812).** XIX asyryň birinji onýyllygynda Fransiýa Ýewropanyň aglaba bölegini özüne birikdirdi. Käbir döwletler bolsa Fransiýa elgarama ýagdaýa düşdi. Yklymda Napoleonyň garşysynda durup biljek diňe iki sany kuwwatly döwlet: Angliýa we Russiýa imperiýalary galypdy. Napoleon ilki Russiýany eýeläp, soňra Angliýa ýörüş etmegi we özüniň ýer ýüzündäki agalygyny dikeltmegi meýilleşdirýärdi. Urşa başalamak üçin bahana ýeterlikdi: Orsýet Angliýa garşy gönükdirilen, «yklymlaýyn ykdysady gabawa» girýändigine garamazdan Angliýa bilen söwda gatnaşygyny alyp barýardy; Orsýetde fransuz senagatynyň önümlerine çäklenme girizdi. Orsýet hem öz gezeginde, Fransiýanyň Warşawa gersoglygynda özüniň harby ýagdaýyny berkitmegiňden nägiledi, çünki bu ýagdaý Orsýet üçin howp döredýärdi. 1812-nji ýylyň başynda Russiýa bilen Fransiýanyň arasyndaky gapma-garşylyk ýetjek derejesine ýetipdi. Ummasyz adam ýitgilerine getirjek gandöküşikli urşuň golaýlaýandygy görnüp başlady.

Napoleon we onuň diplomatlary Ýewropa döwletlerini Russiýa garşy goýmaga synanyşypdyrlar, emma Russiýany Ýewropa döwletlerinden üzňe saklamak başartmandyr. Fransiýa garaşly bolan Awstriýa we Prussiýa rus Korol bilen gizlin gepleşikler geçiripdirler. Şwesiýa we Osman-türkmen döwletleri hem Russiýa bilen şertnama baglaşypdyrlar. 1812-nji ýylda Russiýa urşuň öňisyrasynda Angliýa bilen hem diplomatik gatnaşyklary ýola goýupdyr.

Napoleon Russiýa garşy urşa mäkäm taýarlanypdy. Ol Fransiýadan we oňa garasly döwletlerden goşun ýygnap,

ýygynyň sanyny 600 müň adama ýetirmegi başardy. Haçanda fransuz goşunlary Russiýa ýörüşe başlanlarynda rus goşunynyň sany 220 müň adam bolupdyr. 1812-nji ýylyň 24-nji Napoleon özüniň «ýeňilmez goşun» diýip at alan, şöhratly goşuny bilen Russiýa ýörüşe başlady. Bu uruş Napoleonyň dünýäde öz agalygyny dikeltmek ugrunda, alyp baran basybalyjylykly urşudy, Russiýa imperiýasynyň halklary üçin bolsa, Watançylyk urşydy.

**Altynjy koalisiýa.** 1813-nji ýylyň ýazynda Angliýanyň, Russiýanyň, Şwesiýanyň, Prussiýanyň, Ispaniýanyň, Portugaliýanyň we bir az soňra Awstriýanyň gatnaşmagynda Fransiýa garşy iň soňky - altynjy koalisiýa döredildi. Awstriýa Reýn derýasynyň gündogaryna ýörüş etmezlik şerti bilen şertnama baglanyşmak barada Fransiýa ýüz tuitdy. Emma Napoleon mundan ýüz öwürdi, netijede, 1813-nji ýylyň awgustynda Awstriýa antifransuz koalisiýa goşuldy. 1813-nji ýylyň 16-19-njy oktýabrynda Germaniýanyň, Leýpsig şäheriniň ýanynda bolan söweş, Napoleonyň söweşleriniň ykbalyny çözdi. Antifransuz koalisiýa girýän döwletleriň regulýar goşuny bilen bir hatarda, Napoleon tarapyndan basylyp alnan halklaryň milli azat edijilik häsiýetli urşy, Napoleonyň asgynlamagyna we Reýn derýasynyň aňyrsyna, yza çekilmegine getirdi. «Halklaryň söweşi» diýip at alan, Leýpsig söweşi, halklar üçin milli azat edijilik hereketi, Germaniýanyň taryhyna watançylyk urşy hökmünde girdi. Koalisiýa girýän döwletler Fransiýanyň rewolýusiýadan öňki serhetlerine çenli dolanmak şerti bilen, şertnama baglanyşmagy teklip etdiler. Napoleon iň soňky ýagdaýdada bu şert bilen razylaşmady. 1814-nji ýylyň martynda Koalisiýa girýän döwletler Angliýa, Awstriýa, Prussiýa we Russiýa Napoleonyň goşunlaryna garşy urşy ahyryna çenli dowam etmek barada şertnama gol çekdiler. Ýewropanyň iň kuwwatly döwletleriniň bilelikdäki hereketiniň öňünde durmak Napoleona başartmady,

sebäbi Napoleonyň goşuny birnäç şowsüz göreşlerden soň asgynlapdy.

1814-nji ýylyň 31-nji martynda birleşen döwletleriň goşunlary Pariži eýelediler, Napoleon ýesir alnyp, Elba adasyna hemişelik sürgün edildi. Ýeňiji döwletleriň zor salmagy bilen, Fransiýda kanun çykaryjy edara bolan Senat, Fransiýada ençeme asyrlap höküm süren Burbonlar nesilşalygy dikeldilýändigini, Fransiýanyň öňki Koroly Lýudowik XVI dogany, Prowansly grafyň – Lýudowik XVIII ady bilen tagta çykýandygyny yglan etdi.

1814-nji ýylyň 30-njy maýynda, Napoleonyň üstünden ýeňiş gazanan döwletler, Parižde parahatçylyk şertnamasyna gol çekdiler. Şertnama laýyklykda Fransiýa ähli basyp alan ýerlerinden mahrum edilip, 1792-nji ýyldaky serhetlerine gaýdyp geldi. Napoleon ýörüşleriniň netijelerini ara alyp maslahatlaşmak we möhüm halkara meseleleri çözmek üçin, Awstriýanyň Wena şäherinde Halkara Kongresini geçirmek karar edildi.

**«1814-nji ýylyň hartiýasy».** 1792-1814-nji ýyllar aralygynda Ýewropa döwletleri Fransiýa garşy alty koalisiýa döretdiler. Angliýa, Awstriýa, Prussiýa we Russiýa tarapyndan esaslandyrylan, diňe altynjy koalisiýa Napoleonyň yzygiderli söweşleriniň ahyryna çykmagy başardy. 1814-nji ýylyň maýynda Lýudowik XVIII täze konstitusion Hartiýany («Çharter» iňl. - hat, resminama) yglan etdi. «1814-nji ýylyň hartiýasy» diýip at alan, bu resminama Fransiýanyň täze konstitusiýasynyň orny tutup, oňa laýyklykda Fransiýada Korol häkimiýeti çäklendirildi. Iki palatadan ybarat bolan parlamentiň ygtyýarlyklary artdyryldy. Ýokarky palatanyň wekilleri Korol tarapyndan bellenilýärdi, aşaky palatanyň agzalalary bolsa, kanunda bellenen hukuklary bolan raýatlar tarapyndan saýlanylýardy. Saýlawda ses bermek hukugyny gazanmak üçin, bellenen möçberde emlägiň bolmalydy. Bu bolsa, iri ýer eýeleriniň bähbitlerini goldaýardy. Lýudowik XVIII Napoleon

döwründe gulluk eden serkerdeleriň 20 müňisini işden boşatdy. Burbonlar nesilşalygynyň alyp barýan syýasaty halk köpçüliginde nägilelik döretdi.

Napoleon halkyň nägileligiňden we birleşen döwletleriň Kongresdäki agzalalygyndan peýdalanyp, 1815-nji ýylyň 1-nji martynda müňlerçe gwardiýaçylar bilen, ýurduň günortasynda düşledi we paýtagta tarap ugrady. Burbonlar dinastiýasynyň repressiýasyndan nägile bolan, goşun bölümleri, Napoleonyň tarapyna geçdiler. 20-nji martda Napoleon Pariži eýeledi, Fransiýada Napoleon imperiýasy gaýtadan dikeldildi. Napoleon I Bonapart imperator tagtynda, gaýtadan ýüz gün hökümdarlyk etdi, bu günler «Napoleonyň ýüž güni» ady bilen taryha girdi.

Awstriýa, Prussiýa, Angliýa we Russiýa döwletleri Napoleona garşy ýedinji koalisiýany esaslandyryp, Napoleona garşy täzeden urşa taýarlanyp başladylar. 1815-nji ýylyň 18-nji iýunynda Waterloo şäheriniň ýanynda bolan söweş, Napoleonyň ykbalyny gutarnykly çözdi. Napoleonyň goşunlary derbi-dagyn edildi, özi bolsa ýesir alnyp, bu gezek has uzaga, Atlantika ummanynda ýerleşen Keramatly Ýelena adasyna ugradyldy. Ol 1821-nji ýylda, şol ýerde hem aradan çykypdyr.

## §4. Angliýa 1789-1815-nji ýyllarda

XVIII asyryň ahyry-XIX asyryň başlary Angliýanyň ykdysady we senagat taýdan güýçli ösýän we dünýäde monopoliýa agalygyny saklaýan döwrüdi. Angliýa özüniň ykdysady ösüşi boýunça senagat ýurduna öwrüldi, ýurduň ykdysadyýetinde senagat esasy orny eýeledi. Angliýanyň senagat ösüşi, ony dünýäde birinji orna çykarypdyr.

Angliýanyň ykdysady taýdan ösen we kuwwatly döwlet bolmagyna garamazdan, XVIII-XIX asyrlaryň sepgidinde ýurduň içerki syýasatynda durmuşy gapma-garşylyklar bolupdyr. 1789-1799-njy ýyllarda Fransiýada bolup geçen buržuaz rewolýusiýa, Angliýada herlk hereketleriniň

güýçlenmegine öz täsirini ýetiripdir. Ri burżuaziýanyň sütemine garşy işçiler yzygiderli göreşler alyp barypdyrlar. Iňlis obalarynda daýhanlar «ýerleriň daşynyň gabalmagyna», salgytlaryň artdyrylmagyna garşy çykyş edipdirler. Goşunda we flotda gulluk etmek üçin, raýatlaryň zorluk bilen harby gulluga alynmagyna garşy nägilelikler bütin ýurda ýaýrapdyr. Ludditleriň alyp baran söweşleri barha güýçlenýän halk hereketleri bilen utgaşyp gidipdir. XVIII asyryň 90-njy ýyllarynda bolup geçe ykdysady çökgünlikler halkyň hal-ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrypdyr. Bu bolsa hökümetiň we iri burżuaziýanyň zulumyna garşy halk köpçüliginiň çykyşlaryny has-da güýçlendiripdir. XVIII asyryň 90-njy ýyllarynda iňlis hökümeti halk hereketlerine garşy köpçülikleýin jezalandyryş çäresini geçiripdir. 1812-nji ýylda kärhanalarda enjamlaryň zaýalanmagy we tertip-düzgüniň bozulmagy üçin ölüm jezasy girizilipdir. Angliýanyň hökümeti şeýle kanunlary çykarmak bilen, işçiler hereketini togtatmak isläpdir.

Angliýad aýa galan halk köpçüligi durmuş maksatly talaplar bilen bir hatarda, ýurduň syýasaý gurluşyna degişli talaplary hem öňe süipdirler. Olar Fransiýada Beýik rewolýusiýa döwründe jar edilen, «Raýatlaryň we adamlaryň hukuklary» hakyndaky jarnamadan ruhlanyp, onda öňe sürilýän pikirleri şygar edinipdirler. Ýurduň paýtagty London şäherinde yzygiderli gozgalaňlary bolup, olara gatnaşýanlaryň sany müňlerçe adama ýetirpdir. Gozgalaň turuzan halk köpçüligi Korol Georg III we birinji-ministr Pittiň öňünde uly talapnamalar bilen çykyş edipdirler.

**Goşundaky we flotdaky topalaňlar.** Işçileriň, daýhanlaryň arasynda başlanan gozgalaňlaryň ýelgini, goşunda we flotda gulluk edýän esgerlere hem özüniň täsirini ýetiripdir. Deňizçi esgerleriň arasynda başlanan gozgalaňlar Britan adasyny goraýan goşunyň ähli ýerini gurşap alypdyr. 1797-nji ýylda Demirgazyk deňzinde gulluk edýän deňizçi esgerler Riçard Parkeriň ýolbaşçylygynda gozgalaňçylar komitetini

döredip, has işjeň hereket edipdirler. Gozgalaňçylar komiteti hökümet bilen gepleşikler geçirip, aýlyk haklarynyň artdyrylmagyny, beden temmileriniň we serkerdeleriň deňizçi esgerler bilen gödek gepleşmekleriniň bes edilmegini talap edipdirler. Gozgalaňçylar gyzyl reňkli baýdak göterip batyrgaý göreşipdirler, olaryň çykyşy üç hepde dowam edipdir. Gozgalaň güýç bilen basylyp ýatyrylyp, Riçard Parker we ýüzlerçe serkerdeler asylyp öldürilipdir, galanlary bolsa tussag edilipdir.

XVIII asyryň 90-njy ýyllarynda Angliýada halk herketleri ýokary derejä göterilipdir. Fransiýada bolup geçýän rewolýusiýa we oňa gatnaşyjylaryň öňe süren öňde baryjy garaýyşlary iňlis halkynyň demokratik çykyşlaryna öz täsirini ýetiripdir. 1792-nji ýylda ädikçi ussa Tomas Hardiniň baştutanlygynda Londonyň korrespondentler jemgyýeti döredilýär. Angliýada gozgalaňlaryň we halk hereketleriniň möwç urýan wagtynda, birnäçe şahsyýetler, akyldarlar öňe çykypdyr. Olaryň arasynda iň görnüklileriniň biri hem, Tomas Peýn (1737-1809) bolupdyr. Ol Demirgazyk Amerikdaky bakna mülkleriň garaşsyzlyk ugrundaky göreşine gatnaşypdyr. Soňra Fransuz rewolýusiýasyna gatnaşyp, Fransiýadaky Konwentiň agzalygyna kabul edilipdir. Ol «Adam hukugy» atly eserini ýazyp, onda adam we onuň tebigy hukuklary hakynda Beýik Fransuz rewolýusiýasynda öňe sürülen pikirleri ösdüripdir.

**Irlandiýa.** 1607-nji ýylda iňli korolynyň gol astynda Angliýa, Irlandiýa we Şotlandiýa birleşip Beýik Britaniýa imperiýasyny döretdiler. Irlandlar iňlis agalygyna garşy hemişe göreşip gelipdirler. XVIII asyrda Angliýanyň içerki syýasy ýagdaýynyň çylşyrymlaşmagyndan peýdalnyp, irlandlaryň milli azat edijilik hereketi ýaýrapdyr. 1791-nji ýylda irlandlar aklawjy hem publisist, Uolf Tonyň (1763-1798) baştutanlygynda, Belfast şäherinde «irlandlaryň birleşigini» esaslandyrypdyrlar. «Irlandlaryň birleşmesiniň» esasy

maksady, dini garaýyşlaryna garamazdan, ähli irlandlary birleşdimek we Irlandiýanyň garaşsyzlyny gazanmak bolupdyr. Birleşmäniň agzalary Fransiýadaky ýakobinçileriň ruhunda Irlandiýanyň döwlet gurluşyny kämilleşdirmek isläpdirler.

Angliýanyň hökümeti irlandlaryň milli azat edijilik hereketiniň bütin ýurda ýaýramagyndan gorkup, irlandlara garşy herekete girişipdir. Iňlisler gozgalaňçylaryň arasyna milli we dini agzalalyk döredip, olaryň hereketini togtatmak isläpdir. Irlandlaryň gizlin jemgyýeti fransuz goşunlarynyň goldawy bilen gozgalaň turuzmagy meýilleşdiripdirler. 1798-nji ýylda başlanan irlandlaryň gozgalaňy, iňlis hökümeti tarapyndan güýç bilen basyp ýatyrylypdyr. 1801-nji ýylda iňlis-irland uniýasy güýje giripdir. Oňa laýyklykda Irlandiýanyň ýerli kanun çykaryjy häkimiýeti bolan irland parlamentiňi ýatyrypdyr. Irlandiýa Beýik Britaniýa we Irlandiýa imperatorlygyna girizilipdir. Angliýanyň parlamentiňde Irlandiýaly wekiller üçin ýer berlipdir: jemagatçylyk palatasyna 100, lordlar palatasyna bolsa 32 wekil ugradyp bilipdir. Irlandlar iňlis hökümetiniň geçirýän çärelerine garşy Robert Emmetiň baştutanlygynda dildüwşik gurapdyrlar. 1803-nji ýylda gurnalan dildüwşik iňlis häkimiýeti tarapyndan basylyp ýatyrylyp, onuň ýolbaşçylary jezalandyrylypdyr.

**Beýik Fransuz rewolýusiýasy we Angliýa.** 1789-njy ýylda Fransiýada Beýik buržuaz rewolýusiýanyň başlanmagy bilen, Angliýanyň Fransiýa bilan gatnaşyklary täze häsiýete eýe bolupdyr. Iňlis parlamenti Fransuz rewolýusiýasyny duýgudaşlyk bilen goldap, ony XVII asyryň ortalarynda bolup geçen, Iňlis Buržuaz Rewolýusiýasynyň dowamy hasaplapdyrlar.

Pittiň baştutanlygyndaky Iňlis hökümeti bolsa, Fransuz rewolýusiýasy Fransiýanyň ykdysady we harby kuwwatyny gowşadar we ol Ýewropada agalyk etmek ugrundaky Angliýa bilen bäsdeş bolup bilmez diýip umyt edipdirler. Emma rewolýusiýa iňlis hökümetiniň garaşanyndan has agyr netije

beripdir: ýurtda işçileriň hereketiniň güýçlenmegine, merkezi hökümete garşy dürli çykyşlaryň artmagyna getiripdir. Şonuň üçin hem Angliýada rewolýusiýa garşy hökümetiň çykyşlary başlanypdyr. 1792-nji ýylda Fransiýada asylzada burbonlar nesliniň ýykylmagy, Angliýada fransuz rewolýusiýasy hakynda ýaramaz pikirleriň döremegine getiripdir.

**1789-1815-nji ýyllarda iňlis-fransuz gatnaşyklary.** 1792-nji ýylda Fransiýada monarhiýanyň ýykylmagy bilen, Angliýada Fransiýa garşy söweşler başlandy. Pittiň hökümeti we iri buržuaziýa Fransiýada rewolýusion tolkunyň mundan beýläk güýjemegiňden gorkupdyrlar, olar Fransiýada aşa çepçileriň ýykylmagyny we ýurduň halkara abraýynyň peselmegini isläpdirler. Angliýada wigiler partiýasyndan bolan Ç.Foksyň baştutanlygynda, Pittiň hökümetine garşy oppozisiýa döräpdir. Olar Fransiýa garşy alnyp barylýan söweşi bes etmegi talap edipdirler. Fransiýa garşy urşyň dowam eden ýyllary, Angliýada döwlet bgaznasyna gelýän girdejiniň aglaba köpüsi harby hereketlere harç edilipdir. Döwlet bhergileri 4 esse köpelipdir. Bu bolsa halkdan ýygnalýan salgydyň we gümrük tölegininiň  artmagyna getiripdir. Napoleon Ýewropada öz agalygny berkitmek üçin, Angliýa garşy yklymlaýyn ykdysady gabaw (1806-1814) yglan edipdi. Bu bosa Angliýanyň Ýewropanyň deňiz ýollarynda söwdasynyň we agalygynyň peselmegine getiripdir. Fransuz portlary Angliýa üçin ýapylypdyr. Angliýa diňe Portugaliýa we Ispaniýa bilen ýakyn aragatnaşyk saklamak başardypdyr. Ol özüniň ýaranlaryny pul we ýarag bilen üpjün edip, olaryň Fransiýa garşy durmagyny gazanypdyr.

Napoleon tarapyndan yglan edilen yklymlaýyn ykdysady gabaw Angliýanyň ykdysady kuwwatynyň pese gaçmagyna getiripdir. 1809-njy ýylda Angliýada ykdysady çökgünlik başlanypdyr. Yklymlaýyn ykdysady gabaw zerarly, öndürilen harytlar satmak kynçylygy ýüze çykypdyr. Ownuk we orta telekeçiler uly ýitgi çekipdirler. Halkyň hal ýagdaýy

agyrlaşypdyr. Emma Angliýanyň umman aňyrsyndaky ummasyz uly bakna mülkleriniň hasabyna Angliýa yklymlaýyn gabawa we onuň netijesinde dörän ykdysady çökgünlige garşy durmagy başarypdyr.

**Angliýanyň daşary syýasaty.** 1814-nji ýylda Napoleonyň esasy goşuny ýok edilip, Fransiýanyň harby kuwwaty peselensoň, Angliýa Ýewropa yklymynda halkara agalygyny ýerine ýetiripdir. Angliýa guryýer we deňiz söwda ýollarynda artykmaç hukuga eýe bolupdyr. Fransiýa, Gollandiýa, Ispaniýa we Portugaliýa ýaly, umman aňyrsynda ägirt uly mülkleri eýeläp, ozalky kuwwatly döwletleriň kuwwatynyň peselmegi bilen, Angliýanyň umman aňyrsyndaky mülkleriniň möçberi has-da giňäpdir. Latyn Amerikasynda ýerleşen ozalky ispan we portugal mülklerinde, Osman imperiýasynda we Gajar türkmen nesilşalygy tarapyndan dolandyrylýan Eýranda iňlisleriň täsiri güýçlenipdir. 1809-njy ýylda Eýran we Owganystan bilen deňhukuksyz şertnamalar baglaşylypdyr. 1812-1814-nji ýyllarda ABŞ garşy alnyp barlan söweň netijesinde Angliýa özüniň Kanadadaky agalygyny saklap galdy.

Angliýa özüniň bakna mülklerinde berk tertip-düzgün ornaşdyryp, olaryň üstünden bakna syýasatyny güýçlendiripdir. Bakna mülklerinde iňlis senagaty üçin gerekli çig mallary ummasyz mukdarda Angliýa daşapdyrlar.

Şeýlelik-de, Angliýa ägirt uly bakna mülkleri we ösen senagata eýe bolmak bilen Angliýa Ýewropada we bütin dünýäde iň kuwwatly döwletleriň birine öwrüldi.

## §5.German döwletleri 1789-1815-nji ýyllarda

**German döwletleri we Fransuz rewolýusiýasy.** Asyrlar boýy dowam edip gelýän köne mülkldarçylyk gatnaşyklaryny ýok edip, täze önümçilik gatnaşyklaryny ornaşdymagy maksat edinýän Beýik Fransuz Rewolýusiýasy bütin Ýewropada bolşy,

german döwletlerinde hem uly seslenme döredipdir. Öňde baryjynemes intelligensiýasy we nemes ýaşlary bu wakany položitel kabul edipdirler. Rewolýusiýa başlanyndan az wagtdan soň, 1789-njy ýylda güýzinde Günbatar Germaniýanyň şäherlerinde uly halk hereketleri we tolgunyşyklar döräpdir. Şol ýylyň awgustynda Fransiýa bilen serhetde ýerleşen Baden we Wýurtemberg ýerlerinde daýhanlar gozgalaňy bolupdyr. 1782-1793-nji ýyllarda Sileziýa şäherinde daýhanlaryň we dokmaçylaryň gozgalaňy turup, ol ençeme ýyllap dowam edipdir. Prussiýa hökümetine gozgalaňy, diňe ýaragly goşunyň kömegi bilen basyp ýatyrmak başardypdyr.

Fransuz rewolýusiýasynyň ýelgini nemes döwletleriniň hökümdarlaryny tijenmäge we rewolýusion tolkundan goranmaga mejbur edipdir. Häkimiýet Fransiýadan getirilýän önümleri berk gözegçilikde saklap, neşir önümlerini ýurda salmagy gadagan edipdirler. Aýratyn hem «adam hukuklary hakyndaky» jarnama we dörediji ýygnagyň kararlary, nemes mülkdarlary tarapyndan duşmançylykly kabul edilipdir. XVIII asyryň ahyrynda bolup geçen, Beýik Fransuz Buržuaz reolýusiýasy german döwletlerine abanýan uly howpa öwrüldi, çünki fransuz daýhanlarynyň begzadalaryň artykmaç hukuklaryna garşy gönükdirilen bu waka german döwletlerine hem öz täsirini ýetiripdir.

**Germen döwletleriniň Fransiýa bilen uruşlary.** Fransiýada bolup geçýän syýasy wakalar goňşy döwletleri howsala salypdyr.Aýratyn hem, Prussiýa we Awstriýa döwletleri rewolýusion ýelginiň mundan beýläk ösmegiňden we ýaýramagyndan gorkup, özara bileleşip başlapdyrlar. Pruss Koroly Fridrih Wilgelm II we awstriýa Koroly Leopold II Pilnis galasynda bolan duşuşukda birleşmek we gerek bolan halatynda Fransiýa garşy bilelikde hereket etmek hakynda ylalaşypdyrlar. 1792-nji ýylyň awgustynda nemes goşunlary Fransiýanyň çäginde harby hereketlere başlapdyrlar, olar Parižе hüjüm edipdirler. Emma Fransuz halky nemes goşunlaryna

garşy gahrymanlarça söweşip, 1792-nji ýylyň sentýabrynda Walm şäheriniň ýanyna bolan söweşde, nemes goşunlary derbi-dagyn edilip, ol Germaniýanyň serhetlerine çenli yza serpikdirilipdir.

Nemes goşunlarynyň şowsuzlygy Germaniýada halk hereketleriniň täzeden aýaga galmagyna getiripdir. Nemes buržuaziýasynyň radikal-demokratik (düýpli özgerişlikleriň tarapyny tutýan topar) ganaty «azatlygyň we deňligiň dostlarynyň jemgyýeti» ady bilen, fransuz ýakobinçilerine çalymdaş gurama döredipdirler. 1792-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda nemes goşunlary Reýn welaýatynyň senagat taýdan iň ösen merkezleriniň biri bolan, Maýns şäherini eýeläpdirler. Şäherde dini we dünýewi häkimiýet ýykylyp, Maýns şäheri respublika diýlip yglan edilipdir. Görnükli demokratlar A.Gofman we G.Forster onuň esasy ýobaşçylary bolupdyr.

Fransiýada rewolýusiýa ýyllarynda Konwent tarapyndan kabul edilen, Fransiýanyň gol astyndaky ähli ýerlerde mülkdarlaryň agalygyny we daýhanlaryň olaryň öňündäki zähmet borçlaryny ýatyrmak hakyndaky kanun Maýns halky tarapyndan gyzgyn goldanypdyr. Forsteriň baştutanlygyndaky German ýakobinçileri Maýns respublikasyny Fransiýanyň düzümine geçirmek hakynda çykyş edipdirler. Forster şu maksat bilen Pariże, Konwentiň ýolbaşçylary bilen duşuşmaga gidipdir.

1793-nji ýylda pruss goşunlary Maýns ýerlerine ýörüş edip, ony gaýtadan eýeläpdir. Maýns respublikasy ýykylyp, onuň ýobaşçylary jezalandyrylypdyr. Bu waka Forsteriň Konwent bilen şertnama baglanyşmak üçin Pariże gelen wagtyna gabat gelip, ol halas bolupdyr. 1794-nji ýylyň güýzünde Fransuz goşunlary täzeden Maýns şäherine çoadular we ony basyp aldylar, Maýns welaýaty täzeden Fransiýa birikdirildi.

Fransiýanyň harby kuwwatynyň artmagy, German döwletleriniň içerki ýagdaýynyň ha-da agyrlaşmagyna we özara gapma garşylyklaryň ýitileşmegine getiripdir. Prussiýa 1795-nji ýylyň 5-nji aprelinde Bazel şäherinde gol çekilen parahatçylyk şertnamasynda, Reýn çep kenaryndaky ýerleriň Fransiýa degişlidigi ykrar edipdir. 1796-njy ýylda fransuz goşunlary Germaniýanyň Günorta-Günbataryny eýeläp, Germaniýada öz agalygyny berkidipdir. Az wagtdan soň, Awstriýa hem Fransiýa bilen parahatçylyk şertnamasyny baglanyşmaga mejbur bolupdyr.

**Reýn birleşigi.** 1803-nji ýylyň fewralynda Napoleon we onuň tarapdarlary özleriniň Günbatar Germaniýadaky agalygyny berkitmek üçin, Günbatar Germaniýanyň syýasy kartasyny gaýtadan düzmek maksady bilen maslahat geçiripdirler. Maslahat Regensburg şäher-döwletiniň reýhistagynda («reýhstag»-ýerli öz-özüňi dolandyryş, ýerli maslahat.) bolupdyr. Ownuk döwletler we buthana mülkleri ýok edilip olaryň ýerinde bütewi döwloetler döredilipdir. Ýok edilen döwletleriň sany 112 den geçip olaryň ornyna Baden, Bawariýa, Wýurtemberg we Saksoniýa döwletleri döredilip, bu döwletler Napoleona garaşly bolupdyr.

1806-njy ýylyň 12-nji iýulynda Napoleonyň howandarlygynda Germaniýada Reýn birleşigi döredilipdir. Reýn birleşigi 16 sany german döwletinden ybarat bolup, soňra ýene-de 5 sany döwlet goşulypdyr. Reýn birleşiginiň döredilmegi german halklarynyň Rim imperiýasynyň gowşamagyna weýykylmagyna getiripdir, Rim imperiýasyna dgişlui ähli emläkler ýok edilipdir.

Reýn birleşiginde Fransiýada Kabul edilen Napoleon kodksleriniň esasynda birnäçe durmuş-ykdysady özgertmeler amala aşyrylypdyr. Ilat arasyndan uly artykmaçl;yklardan peýdalanyp gelen ruhanylryň we bzdalaryň artykmaçlyklary ýatyrylypdyr, kazyýet işleri we maliýe dolanşygy täzeçe gurlupdyr. Daýhanlar töleg tölemek arkaly şahsy garaşlylykdan

boşadylypdyr, bu bolsa ýurtda maýa goýum gatnaşyklarynyň ösmegine getiripdir.

**Prussiýanyň Napoleon tarapyndan basylyp alynmagy.** Prussiýa harby kuwwatyn we ykdysady ösüşi boýunça nemes döwletleriniň içinde öňdebaryjy roly eýeläpdir. Günorta-Günbatar German döwletleriniň Fransiýa tarapyndan eýelenmegi we Napoleonyň «howandarlygyndaky» Reýn birleşiginiň döredilmegi, german döwletleriniň arasynda Prussiýanyň ähmiýetini peseldipdir. Prussiýa Fransiýanyň agalygynyň barha artmagyndan howatyrlanyp, özüniň bitaraplyk derejesinden ýüz öwürmäge we Napoleon Bonaparta garşy antifransuz koalisiýa gatnaşmaga mejbur bolupdyr. Prussiýanyň Fransiýa garşy urşa girmegini Angliýa hem goldapdyr.

Prusiiýa ykdysady ösüşi boýunça Angliýa we Fransiýa bilen deňeşdireniňde, yzagalk hem bolsa harby goşunynyň sany boýunç öňdäkiorunlary eýeläpdir. Fransiýa garşy urşa başlamazyndan ozal, Pruss goşunynyň sany 180 müň adama (Napoleonyň goşuny bolsa 195 müň) ýetipdir. Emma goşunynda tertip-düzgüniň gowşaklygy we döwrebap ýaraglaryň bolmazlygy pruss goşunlarynyň ýeňilmegine getiripdir. Iki dowam eden uruş, 1806-njy ýylyň 14-nji oktýabrynda pruss goşunlary ýeňilipdir. Napoleon I Prssiýanyň düýbinden dargytmak we ony Westfal Korollygyna (Napoleonyň dogany Žerom Bonapart tarapyndan dolandyrylaýan) goşmak isläpdir. Emma 1807-nji ýyldaky Tilzit şertnamasynda, rus koroly Aleksandr I Prussiýanyň ýitip gitmegini we Fransiýanyň aşa güýçlenmegini, Russiýa üçin howply hadysa hasaplapdyr we onuň tutanýerli garşylygy bilrn, Prussiýa özbaşdak döwlet hökmünde saklanyp galypdyr. Emma Prussiýanyň günbatar ýerleri Wastfal Korollygyna goşulypdyr. Gündogarda bolsa Reç Pospolitaýanyň (häzirki Polşa) ikinji we üçinji bölünşigi netijesinde, Prussiýanyň eýelän ýerleri, Russiýanyň eýeçiligine geçipdir. Angliýa garşy yglan

edilen yklymlaýyn ykdysady gabawa Prussiýanyň güýç bilen goşulmagy, onuň ykdysadyýetine ýaramaz täsir edipdir. Pruss söwdegärleriniň iňlis bazarlaryndan jyda düşmegi pruss söwdasynyň peselmegine getiripdir.

**Prussiýada özgertmeleriň geçirilmegi.** Prussiýanyň dolandyryjy toparlary we öňdengörüji döwlet işgärleri döwleti berkitmek we napoleon agalygyna garşy göreşmek üçin, ilkinji nobatda ýurtda ykdysady we harby özgertmeleri geçirmegiň zerurlygyna düşünipdirler. Pruss hökümetiniň baştutany begzada Karl Awgust fon Gardenberg ýurtda düýpli özgertmeleri geçirmäge, baryp harby şowsuzlykdan öň (Fransiýa tarapyndan pruss goşunlary derbi-dagyn edilmezinden öň) synanyşyp başlapdyr.

1807-nji ýylda Gardenbergiň mirasdüşeri Karl Şteýn köşk emeldarlarynyň garşylygyna garamazdan ýürtda yldysady we harby özgertmeleri geçirip başlapdyr. Şteýn liberal garaýyşly syýasatçy bolmak bilen, ol burżuaziýany ösdürmegiň we orta asyr mülkdarçylyk gatnaşyklaryny ýok etmegiň tarapdary bolupdyr. 1807-nji ýylda Şteýn «oktýabr edikti» ady bilen taryha giren ýer özgertmesini geçiripdir. Oňa laýyklykda daýhanlaryň zähmet borçlary we bagzadalaryň kazyýet hukuklary saklanyp galypdyr. Emma bagzadalara söwda we senagat işler bilen meşgullanmaga rugsat berlipdir. Daýhanlaryň hem öz azatlyklaryny we ownuk mellekleri satyn almaga hukuklary bolupdyr. Prussiýada täze daýhanlar «grossbauerler» («gross» – uly, iri «bauer» – «daýhan») gatlagy döräpdir.

Şteýn tarapyndan durmuşa geçirilýän özgertmeler Napoleonyň hökümetine ýaramandyr, şonuň üçin hem ol Şteýniň işdn gitmegini talap edipdir. Şteýn işden aýrylan soň, onuň ornuna ýene-de Grdenberg dolanyp gelipdir, emma ol hem özgertmeleri dowam edipdir. Gardenberg ilkinji nobatda salgyt ulgamynda uly özgertmeleri durmuşa geçiripdir. Begzadalara we buthana salgyt girizilipdir, senagaty ösdürmäge

ýol açmak maksady bilen sehleriň orta asyrlara mahsus artykmaçlyklary aradan aýrylypdyr. Şäherlerde ýerli özözüňi dolandyryş ulgamy döredilipdir. Prussiýany syýasy taýdan berk merkezleşen döwlete öwürmek üçin, ýurtda ýörüte ministrlikler döredilipdir. Prussiýa welaýatlara bölünip, olar Korol tarapyndan bellenilen dikmeler – ober-prezidentler tarapyndan dolandyrylypdyr.

G.Şarnhorst Prussiýada harby özgerişlikleri durmuşa geçiripdir. G.Şarnhorst gelip çykyşy boýunça daýhan maşgalasyndan bolup, özüniň harby talanty we ýiti ugurtapyjylygy bilen 1807-nji ýylda pruss goşunlarynyň baş stabynyň başlygy bolupdyr. G.Şarnhorst ýurtda birnäçe harby özgertmeleri geçiripdir, ýokary derejeli harby işgärleri taýarlamak üçin harby Akademiýany esaslandyrypdyr. 1814-nji ýylda Prussiýada ähliumumy harby borçlulyk girizilipdir.

Prussiýada geçirilen burżuaz özgertmeler ýurtda maýa goýum gatnaşyklarynyň ösmegine we Prussiýanyň kuwwatly döwlete öwrülmegine getirdi.

**Germaniýada halk hereketleriniň başlanmagy.** Germaniýada fransuz agalygynyň birnäçe ýyllap dowam etmegi, nemes halkynyň milli azat edijilik hereketine başlamagyna getirdi. Germaniýada watançylyk duýgularynyň ösmegine we milli hereketleriniň ýokary göterilmeginde nemes uniwersitetleriniň orny uly bolupdyr. 1810-njy ýylda esaslandyrylan Berlin uniwersitetiniň mugallymlary has-da işjeň gatnaşypdyrlar. Görnükli mugallymlar Germaniýany kese ýerli basyp alyjylardan azat hakynda täsirli leksiýalar bilen çykyş edipdirler.

Watançylyk duýgusy pruss goşunyna hem ýaýrapdyr. Goşun bölümlerinde tolgunşyklar başlanyp, olar fransuz agalygydan azat bolmak ugunda göreşmäge çagyrypdyrlar. Pruss Koroly we onuň tarapdarlary goşundaky tolgunşyklary goldamandyrlar, fransuz goşunlarynyň kömegi bilen olary basyp ýatyrmak isläpdireler. 1812-nji ýylda Napoleonyň

goşuny Russiýada ýeňildi we uly ýitgiler çekip, yza çekilmäge mejbur bolupdyr. Bu bolsa Germaniýada milli azat edijilik herekeriniň başlanmagyna we fransuz agalygynyň gowşamagyna getiripdir.

Germaniýany fransuz agalygyndan azat etmek işine Prussiýanyň Koroly gowşak çemeleşipdir. Bu bolsa halk köpçüliginiň nägileligini artdyrypdyr. Germaniýada landwerlar (halk goşuny- narodnyýe opolçeniýe) döredilip, olara G. Şarnhorst ýolbaşçylyk edipdir. Halk köpçüliginiň zor salmagy bilen Pruss Koroly 1813-nji ýylyň fewralynda Russiýa imperiýasy bilen Napoleona garşy bilelikde göreşmek hakynda ylalaşyk baglanyşýar. 1813-nji ýylyň 4-nji martynda rus goşunlary Germaniýada harby hereketlere başlapdyrlar, olar az wagtyň içinde Berlin şäherini eýeläpdirler. 1814-nji ýylyň ýanwarynda fransuz goşunlary Reýn derýasyndan geçirilipdir.

Germaniýada Napoleon agalygyna garşy göreşiň gidişinde täze dörän ýunkerler gatlagynyň orny uly bolupdyr, emma Prussiýanyň fransuz goşunlaryndan azat edilmeginde esasy orun halk köpçüligine degişli bolupdyr. Şonuň üçin hem, german halklarynyň fransuz goşunlaryna garşy alyp baran göreşi, milli azat edijilik hereketidi.

## §6. Gabsburglaryň döwleti

**Awstriýa we Beýik Fransuz rewolýusiýasy.** Beýik Fransuz Burżuaz rewolýusiýasy yzagalak Awstriýa imperiýasynyň ähli welaýatlary (Belgiýa, Lombardiýa, Çehiýa, Galisiýa, Transilwaniýa, Galisiý) üçin, taryhy wakady. Fransuz rewolýusiýasynyň bolan wagtynda, Awstriýanyň ykdysadyýetinde we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda orta asyrlara mahsus mülkdarçylyk gurluşy höküm sürüpdir. Emma Fransuz rewolýusiýasyň täsiri bilen Awstriýada maýa goýum gatnaşyklary ornaşyp başlapdyr. Ýuerduň jemgyýetçilik durmuşynda täze gatnaşyklaryň

başlanmagy, mülkdarçylyk gatnaşyklarynyň we begzadalaryň häkimiýetiniň gowşamagyna getiripdir. Begzadalara garşy halk hereketleri yzygiderli dowam edipdir. 1784-nji ýylda Horiý, Kloşki we Krişanyň baştutanlygynda walahiýa we wenger daýhanlry begzadalara garşy gozgalaň turuzupdyrlar. Emma bu gozgalaň güýç bilen basylyp ýatyrylypdyr. Beýik Fransuz Buržuaz rewolýusiýasy Awstriýada milli azat edijilik hereketleriniň we bütewi milletiň kemala gelmek hadysasynyň güýçlenmegine getiripdir. Sebäbi Awstriýada halkyň üstünden agalyk sürýän durmuşy sütem milli sütem bilen utgaşyp gidipdir. Fransuz Buržuaz rewolýusiýasy ägirt uly giňişligi we ençeme milletleri öz gol astynda saklaýan Gabsburglar nesilşalygynyň içerkisyýasatyna öz täsirini ýetiripdir. 1787-nji ýylda Gabsburglar nesilşalygynyň imperatory Iosif II Russiýanyň şa aýaly Ýekaterina II bilen Osman imperiýasyna garşy bilelikde göreşmek hakynda şertnama baglaşypdyr. Kuwwatly Osman imperiýasyna garşy alnyp barylan söweşiň, şowsuz we gandöküşikli bolmagy Awstriýada gabsburglara garşy nägilelegiň has-da güýçlenmegine getirýär. Bu bolsa Awstriýanyň gol astyndaky ýerleriň gozgalaň turuzmaklaryna getiripdir. 1787-nji ýylda Belgiýada gabsburglar nesilşalygyna garşy gozgalaň turuzypdyrlar. 1789-njy ýylda Fransiýada rewolýusiýanyň başlanmagy we Bastiliýa galasynyň alynmagy bilen, Belgiýada gabsburglara garşy hereket has-da güýçlenipdir.

1790-njy ýylda Gabsburglar nesilşalygynyň görnükli imperatorlarynyň biri, Awstriýada «obsolýut magaryfyny» esaslandyryjy Iosif II aradan çykypdyr. Gabsburglar nesilşalgynyň tagtyna Leopold II (1790-1792) çykypdyr. Onuň dolandyran döwründe Awstriýada «obsolýut magaryfynyň» gazan gymmatlyklary öz ähmiýetini ýitirip, ýurtda mülkdar-begzadalaryň täsiri artyp başlapdyr. Bu bolsa ýurtda halk köpçüliginiň nägileliginiň atmagyna getiripdir. Fransiýada möwç urýan rewolýusiýanyň ýelgini, Gabsburglar

nesilşalygynyň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrypdyr. Leopold II ýurduň agyr ýagdaýyndan baş alyp çykmak üçin, merkezi häkimiýeti güýçlendirmäge, Wengeriýada we Belgiýada halk hereketlerini basyp ýatyrmaga synanyşypdyr.

Leopold II Awstriýanyň daşary syýasatynda hem uly özgerişlikleri amala aşyrypdyr. Fransiýa bilen daşary syýasatynda birnäçe wagtlap dowam edip gelen, ýaranlygkdan ýüz öwüripdir. Çünki Fransiýada dowam edýän rewolýusiýa, Ýewropanyň beýleki monarhiýalarynda bolşy ýaly, Awstriýada hem duşmançylykly garşylanypdyr. Fransiýa garşy alnyp barylan uruşlar Awstriýany, German döwletlerini birleşdirmek ugrunda esasy bäsdeşi we ganym duşmany bolan, Prussiýa bilen ýakynlaşdyrypdyr. Gabsburglar Prussiýanyň goldamagy bilen, Belgiýadaky gozgalaňy basyp ýatyrypdyrlar.

Leopoldyň daşary syýasatynda amala aşyran uly özgerişlikleriniň biri hem, onuň kuwwatly Osman imperiýasyna garşy alnyp barylan uruşlary togtatmagydy.

Wengeriýada gabsburglara garşy gönükdirilen, begzadalaryň baştutanlygyndaky gozgalaň başlanypdyr. Gowy gurnalan we barha güýçlenýän gzgalaňyň netijesinde, Buda şäherinde döwlet meżlisi geçirilipdir. Wenger begzadalary wenger täjiniň Buda gaýtarylyp getirilmegini talap edipdirler. Wengeriýada ýaragly toparlar döredilip, olaryň sany barha köpelipdir.

Leopold II wenger begzadalary bilen ylalaşyk gazanyp, emele gelen ýagdaýdan baş alyp çykmak isläpdir. Wenger begzadalarynyň artykmaçlyklaryny dikeldipdir, wenger konstitusiýasyny ykrar edipdir.

Wengeriýada wenger däl halklaryň milli duýgularyny oýarmak we wenger täsirini gowşatmak maksady bilen, 1790-njy ýylyň sentýabrynda serbleriň ýgnagy çagyrylypdyr. Leopold II köşkde serbleriň işi boýunça ýörüte palatany döredipdir.

1792-nji ýylda Leopold II aradan çykanyndan soň, onuň ornuna Frans II tagty eýledi. Frans II dolandyran ýyllarynda, merkezi häkimiýet güýçlenip ýetjek derejesine ýetipdir. Frans II döwründe Gabsburglaryň nesilşalygynyň öňünde duran esasy meseleleriň biri hem, rewolýusiýanyň başlamak howpy bolupdyr. Şonuň üçin hem, imperator Frans II Fransiýada bolup geçen rewolýusiýa we onuň gahrymanlary ýatlamalary çap etmegi berk gadagan edipdir, bu bolsa onuň halk hereketlerine garşy çykaran permanlarynyň biridi.

**Awstriýada respublikaçylaryň hereketleri.** XVIII asyryň 90-njy ýyllarynda Fransiýada burżuaz rewolýusiýanyň uly depgin bilen dowam edýän wagty, Gabsburglar nesilşalygynyň golastyndaky ýerlerde hem, rewolýusion hereketler başlandy. Bu herekete gatnaşyjylar özlerini ýakobinçiler diýip atlandyryp, olaryň syýasaý garýyşlary Fransiýadaky ýakobinçileriň öňe sürýän pikirlerine meňzeş bolupdyr. Olaryň arasynda aklawjylar, mugallymlar, lukmanlar, alymlar we dürli wezipelerde işleýän emeldarlar bardy. Şeýle hem olaryň arasynda Iosif II döwründe ýurtda amala aşyrylan «obsolýut magaryfyna» gatnaşan, öňdebaryjy mülkdarlar hem gatnaşypdyr. Awstriýadaky respublikaçylaryň hereketine Andreas Ridel ýolbaşçylyk edipdir. Awstriýa goşunynda gulluk eden serkerde, harby akademiýada mugallym bolup işlän Ridel Awstriýada döwlet gurluşynyň konstitusion monarhiýa görnüşini esaslandyrmagy göz öňünde tutupdyr. Ol halk wekillerinden düzülen parlamenti çagyryp, döwletiň syýasy durmuşynda üçinji gatlagyň wekilleriniň işjeňligini artdyrmak we ähliumumy saýlaw hukugyny girizmek isläpdir.

Awstriýaly respublikaçylaryň belli ýolbaşçylarynyňbiri hem, serkerde Frans Hebenştraýt bolupdyr. Ol öz döwrüniň sowatly adamlarynyň biri bolup, meşhur filosof we şahyr bolupdyr. Ol özüniň syýasy garaýyşlary boýunça has düýpli özgerişliklei geçirmegiň tarapdary bolupdyr. Häkimiýeti güýç bilen basyp almak, Korolny jezalandyrmak, mülkdarçylyk

borçlarynyň we ýokary gatlaklaryň artykmaç hukuklarynyň ýatyrylmagyny talap edipdir. Hebeştraýt Fransiýa garşy alnyp barylýan uruşlaryň togtadylmagyny talap edipdir. Pariż kommunasynyň ýolbaşçylary bilen duşuşmak we ýakyn gatnaşyklary ýola goýmak maksady bilen, Fransiýa ýörüte wekil ugradylypdyr. 1795-nji ýylyň 24-nji iýulynda Hebenştraýt tussag edilýär we jezalandyrylyp öldürilýär. Onuň egindeşlerinden 90 adam, şol sanda Ridel hem tussag edilýär.

Wengeriýada respublikaçylar hereketine Ignas Martinowiç ýolbaşçylyk edipdir. Ol garyp düşen mülkdar maşgalasynda dogulyp, alym we filosof bolupdyr. Ol wenger jemgyýetinde düýpli ösgertmeleri geçirmegiň tarapdary bolupdyr.

1794-nji ýylda I. Martinowiç, Ý. Haýnosi, Ý. Laskowiç, Kazinsi we beýleki meşhur döwlet işgärleri Wengeriýada iki sany gizlin jemgyýet (özgerdijileriň jemgyýeti we azatlyk we deňlik jemgyýeti) döredipdirler. Olar Wengeriýany Gabsburglaryň agalygyndan azat etmegi, ýurtda begzadalryň we ruhanylaryň artykmaç hukuklarynyň ýatyrylmagyny maksat edinipdirler. Gizlin jemgyýetler gabsburglaryň we ýerli begzadalaryň sütemine garşy göreşmek bilen bir hatarda, milli azlyklaryň hukugyny gorap, olaryň hersiniň özbaşdak konstitusiýalarynyň bolmagy ugrunda göreşipdirler.

1794-nji ýylda gizlin jemgyýetler güýç bilen basylyp ýatyrylýar, onuň ýobaşçylary bolsa jezalandyrylyp öldürilýär.

**Gabsburglaryň Fransiýa bilen gatnaşyklary.** Fransiýada bolup geçýän Burżuaz rewolýusiýanyň ýelgini Ýewropa döwletlerine ýaýrap, ol ýerlerde hem halk hereketleriniň başlanmagyna öz täsirini ýetiripdir. Şonyň üçin hem, bu syýasy we taryhy waka, Ýewropa döwletleriniň aglabasynda duşmançylyk bilen garşylanypdyr.

Gabsburglar nesilşalygy özüniň daşary syýatynda Fransiýa garşy hereket edip, antifransuz koalisiýalaryň esasy guramaçylarynyň biridi. Awstriýa Fransiýada rewolýusiýanyň

we Napoleon uruşlarynyň dowam edýän wagtynda Fransiýa garşy yzygiderli söweşler alyp barypdyr. Şol uruşlaryň aglab köpüsi hem Awstriýanyň ýerlerinde bolup, ýurduň çäkleri uruş meýdanyna öwrülipdir. Bu bolsa Awstriýanyň ykdysadyýetine uly zyýan getiripdir. Gabsburglaryň goşuny hemişe diýen ýaly fransuz goşunlaryndan asgyn gelipdir. 1806-njy ýylda Napoleonyň talap etmegi bilen, Gabsburglar nesilşalygy «German halklarynyň Mukaddes Rim imperiýasy» diýlip atlandyrylýan imperiýanyň, imperator titulyndan ýüz öwüripdir. Awstriýa öz taryhynda ilkinji gezek «Awstriýa imperiýasy» diýlip atlandyrylyp, Frans II bolsa, «Frans I» ady bilen, Awstriýanyň imperatory diýlip yglan edilipdir. 1809-njy ýylda Awstriýa Napoleon Bonapart tarapyndan basylyp alnypdyr.

1809-njy ýylda ussat diplomat we ugurtapyjy syýasatçy Klemens Metternih Awstriýanyň daşary işler ministri wezipesine bellenip, ol iş ýüzünde hökümet baştutanynyň wezipesini ýerine ýetiripdir. Metternih antifransuz bileleşiklere goşulmazdan we harby hereketlere gatnaşmazdan, koaliiýa girýän döwletler bilen gowy gatnaşyk saklamagy başarypdyr. Diňe 1813-nji ýylda Napoleonyň kuwwaty peseleninden Awstriýa Napoleona garşy söweşe gatnaşyp başlapdyr. Metternihiň gazanan taryhy ähmiýetli üstünlikleriniň biri hem, Ýewropa da birnäçe halklaryň we döwletleriň ykbaly çözülen uly Kongresiň Wena şäherinde geçirilmegidi. Kongresde Awstriýa özüniň Napoleon uruşlary döwründe ýitiren ýerlerini gaýdyp alypdyr. Italiýanyň Demirgazygynda gabsburglaryň agalygy berkidilipdir.

Balkan ýarym adasynda agalyk etmek ugrunda, Osman imperiýasynyň esasy garşydaşy bolan Awstriýa, Ýewropa döwletleriniň «Mukaddes birleşiginiň» guramaçylarynyň biri bolupdyr.

## §7. Italiýa

**Italiýa we Beýik Fransuz rewolýusiýasy.** Beýik Fransuz Burżuaz rewolýusiýasy, beýleki döwletlerde bolşy ýaly, Italiýada hem ilatyň ähli gatlaklaryna öz täsirini ýetirdi. Burżuaziýa we öz hojalyklaryny täze usullarda ýöredýän mülkdarlar bu wakany uly gyzyklanma bilen kabul etdiler. Rewolýusion ýelginiň ilat arasynda giňden ýaýramagyndan we onuň halk hereketleriniň ýokary göterilmegine getirmegiňden gorkup, Sardiniýa (1792) we Neapolitan (1793) korollyklary Fransiýa garşy uruş yglan etdiler. Emma halk köpçüligi Korol hökümetine garşy köçülikleýin herekete başladylar.

XVIII asyryň 90-njy ýyllarynda Italiýan döwletlerinde gizlin jemgyýetler we syýasy toparlar döräpdir. Olaryň düzümine döwrüň sowatly adamlary, hukukçylar, lukmanlar, harbylar, ilatyň burżuaziýany emele getirýän dürli gatlaklary, şol sanda öz hojalyklaryny maýa goýum gatnaşyklary esasynda ýöredýän mülkdarlar we şäher garyplary giripdirler. Gizlin jemgyýetler Italiýany bitewi döwlete öwrüp, ýurtda respublikan gurluşy berkar etmegi maksat edinipdirler. Şu maksat bilen hem, Fransiýada ýakobinçiler tarapyndan öňe sürülen «Adamyň we raýatyň hukulary hakyndaky» jarnama we 1793-nji ýylyň konstitusiýasy italiýan diline terjime edilip, müňlerçe ekzemplýarda ýaýradylypdyr. 1793-1794-nji ýyllarda Pỳemontda we Neapolda respublikaçylaryň gizlin toparlary monarhiýany agdaryp, ýutda respublikany berkarar etmäge synanyşypdyrlar. Emma olaryň synanyşygy şowsuz gutaryp, olaryň aglabasy jezalandyrylyp öldürilipdir, galanlary bolsa tussag edilipdir.

Fransiýada möwç urýan syýasy wakalaryň tolkuny bilen, Italiýada halk hereketleri barha güýçli depginde dowam edipdir. Sardiniýada Korollygynda daýhanlar aýaga galyp, olar mülkdarlara salgyt tölemekden we zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrypdyrlar. 1792-nji ýylda fransiýanyň

rewolýusion goşuny Sawoýýa giripdir. Fransuz goşunlary sawoýýa halky tarapyndan gowy garşylanypdyr. Fransiýada kanun çykary häkimiýet bolan Esaslandyryjy ýygnak daýhanlary ähli töleglerden we mülkdarçylyk borçlardan boşadypdyr. 1794-1796-njy ýyllarda daýhanlar gozgalaňy Sardiniýada daýhanlar gozgalaňy başlanyp, daýhanlar mülkdarlaryň üstüne hüjüm edip, olary mülklerinden kowupdyrlar, öýlerini ýykyp ambarlaryny bolsa paýlaşypdyrlar. Häkimiýet daýhanlaryň gozgalaňyny kynlyk bilen basyp ýatyrypdyr.

XVIII asyryň 90-njy ýyllarynda halkyň hal-ýagdaýy has agyrlaşyp başlapdyr. Şäher ilaty azyk harytlaryny bazarlardan satyn alypdyrlar. Şäherlerde ýaşaýan we manufakturalard zähmet çekýän işçiler, senetçiler bazarlada satylýan azyk harytlarynyň bahalarynyň peseldilmegini talap edipdirler.

Çörek ýetmezçiligi we agyr durmuş zerarly halk gozgalaňlary beýleki italiýan döwletlerine hem giňden ýaýrapdyr. Bu bolsa ýutda garyplaryň we garakçylyk bilen meşgullanýan adamlaryň sanynyň artmagyna getiripdir.

**Napoleonyň Italiýa ýörişi (1796-1799).** 1796-njy ýylda Napoleon Bonapartyň ýolbaşçylygndaky fransuz goşuny Italiýa ýörüş edip, Pemont şäherine giripdir. Ol Pemont goşunynyň gabsburglar bilen birleşen güýjini dargadyp, az salymyň içinde Lombardiýany basyp alypdyr. Soňra Wenesiýa respublikasynyň bir bölegini eýeläp, Merkezi Italiýa çenli baryp ýetipdir. 1797-nji ýylyň güýzinde Napoleon Wenesiýa respublikasyny ýatyrypdyr. 1798-nji ýylda fransuz goşunlary Rim papasynyň mülkine ýörüş edip, 1799-njy ýylyň başynda bolsa, Neapoly eýeläpdirler. Napoleonyň Italiýany basyp almagy bilen, ýurtda monarhiýa garşy respublikan göreşler başlanypdyr. Olaryň netijesinde birnäçe respublikalar döredilipdir.

1796-njy ýylyň ahyrynda merkezi Italiýada Śispadan respublikasy döredilipdir. Onuň baýdagynda ýaşyl-ak-gyzyl reňkler ýerleşdirilip, ol soňra Italiýanyň döwlet baýdagyna

öwrülipdir. 1797-nji ýylda Śizalpin respublikasy döredilip, oňa Lombardiýa welaýaty we papa häkimiýetiniň gol astynda bolan ýerleriň bir bölegi giripdir. Rim papasyna degişli mülkleriň galan böleginde, Rim respublikasy (1798), Italiýanyň günortasynda bolsa, Neapolitan respublikasy esaslandyrylypdyr (1799). Napoleon Bonapart tarapyndan döredilen, italiýan respublikalarynda täze konstitusiýalar kabul edilip, olar many-mazmuny we ugur alýan ýörelgeleri boýunça Fransiýanyň (1795-nji ýylda kabul edilen) konstitusiýasyna meňzeş bolupdyr.

Italiýada döredilen respublikalar Fransuz häkimiýetine doly tabyn bolmak bilen, Napoleonyň Italiýadaky agalygyny berkitmegiň we giňeltmegiň guraly bolup hyzmat edipdirler. Olar özleriniň içeri we daşary syýasatynda Fransiýa garaşly bolup, italiýan respublikalarynda döwlet işgärleri fransuz generallary tarapyndan bellenipdir ýa-da olaryň tassyklamagy hökman bolupdyr. Italiýada jemgyýetçilik durmuşynda Fransuz rewolýusiýasynyň täsiri ýiti duýulupdyr. Ýurtda dindarlaryň we begzadalaryň artykmaçlyklary ýatyrylyp, buržuaz respublikanyň alamatlary peýda bolup başlady. Aýallaryň we erkekleriň hukuklarynyň deňligi barada fransuz resolýusiýasy wagtynda kemala gelen garaýyşlar öňe sürüldi. Orta asyrlardan bäri dowam edip gelýän we uly täsirden peýdalanan dini guramalary ýatyrylyp, olaryň emläkleri döwlet eýeçiliginer geçirildi. Rim papasy Piý VII dünýewi häkimiýetden mahrum edildi.

XVIII asyryň ahyrynda Italiýan döwletlerinde ýurdy birleşdimek we Italiýanyň döwlet gurluşyny kesgitlemek ugrunda çykyşlar başlandy. Emma direktoriýa hökümeti Italiýanyň birleşmegine we bitewi döwlete öwrülmegini islemändirler. Çünki dagynyk italiýan döwletlerini gol astynda saklamak we Fransiýanyň bähbitlerine peýdalanmak aňsat bolupdyr.

1799-njy ýylda Italiýanyň uly bölegine ýaýran uly gozgalaň başlanypdyr. Olar ýurtda Korol häkimiýeti we buthanalaryň tarapynda durup çykyş edipdirler. Olar ýurdy «dinsiz» fransuz hökümetinden azat etmek ugrunda göreşipdirler.

**Italiýada Napoleon agalygynyň dikeldimegi (1800-1814).** 1800-nji ýylyň tomsunda Napoleon Italiýany doly eýelemk we öz aglygyny berkitmek maksady bilen ýurda täzeden goşun saldy. Italiýanyň Sardiniýa we Siśiliýa adalaryndan başga ähli ýerleri fransuz goşunlary tarapyndan eýelendi. Pemont, Parma, Liguriýa, Moden, Toskana ýerleri Fransiýa birikdirildir. Neapolitan Korollygyny tagtynda bolsa, öz dogany Žozefi oturtdy. Napoleon Śizalpin respublikasynyň adyny üýtgedip, ony Italiýa respublikasy diýip atlandyrypdyr. 1804-nji ýylda Fransiýa imperiýa diýlip yglan edilenden soň, Italiýa Korollyk diýlip yglan edildi, Napoleon Bonapart I bolsa, Italiýanyň Koroly boldy (1806).

1810-1814-nji ýyllarda Italiýada Napoleon agalygyna garşy nägilelikler güýçlenip başlaýar. Napoleon häkimiýetiniň italiýan döwletlerinde abraýy peselip, ol diňe fransuz goşunynyň kömegi bilen ýurdy öz elinde saklamaga çaklyşypdyr. Italiýanda fransuz agalygyna garşy birnäçe gizlin toparlar döräpdir. Olar fransuz goşunlarynyň ýurtdan çykarylmagyny we Italiýanyň gaarşsyz döwlet bolmagyny isläpdirler. 1813-1814-nji ýyllarda Italiýada Fransuz goşunlaryna garşy birnäçe çaknyşyklar bolup olar şowsuz gutarypdyr. Diňe 1814-nji ýylda Napoleonyň Ýewropadaky şowsuz söweşlerinden soň, fransuz goşunlaryny kem-kemden yza çekilip başlapdyr. 1815-nji ýylda bolsa Italiýa fransuz goşunlaryndan doly azat edilipdir.

## §8. Ispaniýa

**Ispaniýa we Beýik Fransuz rewolýusiýasy.** Ýewropa yklymynda uly sarsgyn döreden we aglaba döwletleriň jemgyýetçilik durmuşyna öz täsirini ýetiren Beýik Fransuz Buržuaz rewolýusiýasy Prineý ýarym adasyna hem ýaýrady. Fransiýada rewolýusiýa wagtynda ýüze çykan syýasy garaýyşlar Ispaniýanyň öndebaryjy ilatynda uly seslenme döretdi. Fransiýanyň käbir Günorta etraplarynda daýhanlar mülkdarlara tölenilýän salgydyň we zähmet borçlarynyň ýatyrylmagyny talap edip gozgalaň turuzdylar. Gozgalaňçylaryň öňe sürýän talaplarynda Fransuz rewolýusiýasynda öňe sürlen pikirleriň täsiri duýulupdyr. Goňşy ser herdeöqwletde bolup geçýän wakalar, Ispaniýanyň dolandyryjy toparlaryny howsala salypdyr. Ispan köşgi rewolýusiýanyň öňüni almak üçin degerli çäreleri geçirip başlapdyr. Fransiýa bilen gatnaw wagtlaýyn kesilipdir, Fransiýada neşir edilen kitaplary getirmek gadagan edilipdir. Rewolýusiýadan ejir çeken we Fransiýadan gaçyp çykmaga mejbur bolan, emigrantlar Ispaniýada uly goldaw tapypdyr.

1788-nji ýylda Karl III aradan çykyp, onuň ornuna gowşak erkli we başarnyksyz Korol Karl IV geçipdir. Onuň dolandyran döwri Ispaniýanyň kuwwatynyň we halkara abraýynyň peselen döwri bolupdyr. Korolyň gowşaklygyndan peýdalanyp, 1792-nji ýylda Korol gwardiýasynyň serkerdesi Manuel Godoý ýurdy dolandyrmak işini öz eline alypdyr.

Manuel Godaýyň dolandyran ýyllary Ispaniýada «obsolýutizm (Korollyk) magaryfynyň gülleýän» döwri bolupdyr. Ol Ispaniýada rewolýusion pikirleriň döremegine we ösmegine garşy göreşipdir. Rewolýusion Fransiýa bilen ähli gatnaşyklar hökümet tarapyndan gadagan edilipdir. Uniwesitetler we beýleki jemgyýetçilik edaralary hökümet tarapyndan berk gözegçilige alnypdyr. Godaýyň dolandyran ýyllary Ispaniýada reaksiýanyň (rewolýusiýa we halk

hereketlerine garşy duşmançylykly göreşiň) giňden ýaýran wagty bolupdyr. Ýurtda möwç urýan reaksion syýasat Ispaniýanyň daşary syýasatyna hem öz täsirini ýetiripdir. 1793-nji ýylda Ispaniýa ýewropa döwletleriniň Fransiýa garşy gurnaýan harby birleşiklerine goşulypdyr.

Fransiýanyň garşysyna alnyp barlan uruşlar Ispaniýa üçin, şowsuz başlanypdyr. Napoleonyň baştutnlygyndaky kuwwatly fransuz goşuny az salymyň içinde Ispaniýanyň aglaba bölegini basyp alypdyrlar. 1795-nji ýylda balşylan Bazel şertnamasyna laýyklykda Ispaniýa Korollygy, Fransiýa elgarama ýagdaýa düşüpdir. Ol Fransiýa bilen harby birleşige girmäge we onuň hatarynda Angliýa garşy uruşmaga mejbur bolupdyr. Ispaniýa Direktoriýanyň we Konsullygyň höküm süren wagtynda, Fransiýanyň tarapynda Ýewropa döwletlerine garşy birnäçe söweşlere gatnaşypdyr. 1805-nji ýylda Trafalgar söwşinde iňlis goşunlary bilen bolan çaknyşykda ispan-fransuz floty doly derbi-dagyn edilipdir.

XIX asyryň başynda Ispaniýanyň ykdysady ýagdaýy agyrlaşyp başlapdyr. Gurak we haýlsyz ýyllar, köpçülikleýin keselleriň ýaýramagy halkyň hal-ýagdaýynyň agyrlaşmagyna getiripdir. Ýurduň ykdysaý we durmuşy ýagdaýynyň agyrlygyna garamazdan Napoleon I Ispaniýadan ýyllyk salgydyň wagtynda tölenilmegini talap edipdir. Çünki, Napoleon I Ýewropada alyp barýn yzygiderli söweşlerinde fransuz goşuny üçin ummasyz serişdeler harçlanylýardy. Şeýle hem, Angliýa garşy gönükdirilen Yklymlaýyn ykdysady gabaw Ispaniýanyň ykdysadyýeti üçin örän uly ýitgi bolupdyr. Ispaniýanyň deňiz goşunlarynyň gowşamagy, deňiz ýolaaryndaky kuwwatynyň peselmegine getiripdir. Ispaniýanyň gowşamagyndan peýdalanyp, Angliýa Amerika yklymyndaky ispan mülklerinde öz täsirini güýçlendiripdir. Ýurtdaky ykdysady we syýasy ýagdaýyň çylşyrymlaşmagy bilen, Karl IV we Godaýyň hökümetinden köşk emeldarlarynyň we halk

köpçüliginiň arasynda, hatda Korol maşgalasynda hem nägilelik döräpdir.

1807-nji ýylda Napoleon I täzeden Ispaniýa goşun saldy. Ol ispan hökümetinden Angliýa tarapyndan goldanylýan Portugaliýa garşy bilelikde göreşmek barada şertnama gol çekmegi talap edipdir. Az wagtdan soň Portugal goşunlary derbi-dagyn edildi. Portugaliýanyň Koroly maşgalasyny we ýakyn egindeşleri bilen Braziliýa gaçyp gitdi.

**Ispaniýada 1808-nji ýyldaky rewolýusiýa.** Halk köpçüliginiň nägileligi barha artypdyr. 1808-nji ýylyň 17-nji martynda Ispaniýada Godaýyň hökümetine garşy gozgalaň başlandy. Gozgalaňçylar şäheriň eteginde ýerleşen Aranhuese hüjüm edipdirler. Karl IV tagtdan ýüz öwürmäge we ýurtdan gaçyp gitmäge mejbur bolupdyr. Onuň ornuna Ferdinand VII Ispaniýanyň tagtyna çykypdyr. Emma oňa hem uzak şalyk sürmek nesip etmändir. Napoleon I Ispaniýada bolup geçýän wakalardan ýerlikli peýdalanmagy başarypdyr. Ol Ferdinand VII, soňra bolsa Karl IV gepleşik geçirmek bahanasy bilen, Fransiýanyň Baýonn şäherine çagyryp, hilegärlik bilen ele salypdyr we olary tagtdan ýüz öwürmäge mejbur edipdir. Napoleon ispan täjini öz dogany £ozef Bonaparta beripdir. Napoleonyň görkezmesi bilen, Baýonn şäherinde ispan ruhanylary, begzadalary, emeldarlary we iri söwdegärleri birleşip, «Baýonn kortesi» diýip atlandyrylýan kortesleri esaslandyrdylar. «Baýon kortesleri» Ispaniýanyň täze konstitusiýasyny işläp taýarladylar.

Žosef Bonjapart Ispaniýanyň Koroly boldy. Ol ýurtda birnäçe özgertmeleri geçirdi. Ýewropanyň beýleki yzagalak döwletlerinde bolşy ýaly, Napoleonyň özgertmeleri Ispaniýa üçin hem, uly öňegidişlikdi. Ýurtda orta asyrlardan galan mülkdarçylyk salgytlary we zähmet borçlary ýatyryldy. Ýurtdaky içki gümrükhanalar ýatyryldy. Ispaniýada bitewi bir kanun çykaryjy häkimiýet döredildi. Ýurtda amala aşyrylan özgertmeler Ispaniýanyň ösmegine uly goşant goşdy. Emma

fransuz hökümdary tarapyndan tassyklanan konstitusiýany ispan halky kabul etmedi. Ispaniýanyň dürli welaýatlarynda fransuz goşunlaryna garşy gozgalaňlar we ýaragly çaknyşyklar yzygiderli dowam etdi.

1808-nji ýylyň iýulynda Baýlen şäheriniň ýanynda ispan watançylary tarapyndan fransuz goşunlarynyň daşy gabaldy we derbi-dagyn edildi. £ozef Bonapart kynçylyk bilen Madridden gaçyp, Kataloniýa welaýatyna göçdi. Az wagtdan soň, iňlis goşunlarynyň goldawy bilen, fransuz goşunlary Portugaliýany terk etmäge mejbur boldular.

1808-nji ýylyň noýabrynda Napoleon I özi 200 müň adamlyk goşuna ýolbaşçylyk edip, Prineý ýarym adasyna ýöriş etdi. Ispaniýanyň ähli ýerlerinde fransuzlara garşy partizançylyk hereketleri aýaga galdy. Partizanlar söweş tiimleriniň ähli gornüşlarinden peýdalanyp, kese ýerli basyp alyjylara garşy gahrymançylykly göreşipdir. Ispan gozgalaňçylary Ferdinand VII bil baglap, onuň häkimiýetini dikeltmek ugrunda göreşipdirler.

Fransuz basyp alyjylaryna garşy alnyp barylan söweşiň dowamynda, ispan welaýatlarynda ýerli dolandyryş guramalary bolan huntlaryň ähmiýeti artypdyr. Ýurtda birnäçe ösüşli özgerişler geçirilipdir. Emma halk köpçüliginiň hereketi entek gowşakdy we guramaçylyksyzdy. Herektiň barşynda oňa gatnaşyjylaryň arasynda jebislik bolmandyr. Halk köpçüliginiň arasynda Ferdinand VII häkimiýetini dikeltmegiň we mülkdarçylyk gatnaşyklaryny saklap galmagyň tarapdarlary hem bolupdyr, olary «ferdinandçylar» diýip atlandyrypdyrlar.

1808-nji ýylyň sentýabyrynda Ispaniýada täze hökümet Merkezi Hunta döredilipdir. Onuň düzümi 35 adamdan ybarat bolup, olar ispan jemgyýetiniň ýokary gatlagynyň wekilleri bolupdyr. Olaryň arasynda begzadalar, ruhanylar, serkerdeler we dürli emeldarlar bolupdyr. Merkezi Huntanyň düzümine girýän adamlar sagçy we çepçi ganatlara bölünip, olaryň arasynda özara gapma-garşylyklar bolupdyr.

Merkezi Huntyň sag ganatyna ýaşuly (80 ýaşly) begzada Floridablanka ýolbaşçylyk edipdir. Ol Merkezi Huntanyň ýolbaşçysy bolmak bilen, fransuzlara garşy göreşi biraz çäkendirmegiň we halk hereketlerini togtatmagyň tarapdary boludyr. Çep ganata bolsa, meşhur magaryf işgäri Gaspar Melçor Hawelýanos ýolbaşçylyk edipdir. Hawelýanos ýurtda birinji nobatda oba hojalyk meselelerini çözmegiň tarapdary bolupdyr.

**Ispaniýada 1812-nji ýylyň konstitusiýasy.** 1810-njy ýylyň sentýabrynda Ispaniýanyň Kadis şäherinde ýurduň parlamenti bolan – bir paltaly Kortesler çagyryldy. Olaryň arasynda ruhanylar, ýokary wezipeli emeldarlar we seerkerdeler bolupdyr. Az sanly öňdebaryjy intelgensiýanyň wekilleri hem bolup, olar konstitusiýanyň taslamasy barada öz pikirlerini aýdypdyrlar. Konstitusiýa halkyň bähbitlerini gorap, oňa laýyklykda häkimiýet bölünipdir. Ýurtda esasy kanun çykaryjy edara kortesler bolup, Korol häkimiýeti çäklendirilipdir. Kortesler 25 ýaşy dolan, erkek adamlar tarapyndan saýlanypdyr. Konstitusiýa laýyklykda korolyň kortes tarapyndan çykarylan kanuna garşylyk – weta goýmak hukugy boludyr, emma Korol tarapyndan yzyna gaýatarylan kanun ikinji gezek kortes tarapyndan tassyklansa, kanun güýje giripdir. Korolyň käbir uly hukuklary saklnyp galypdyr. Ol ýokary döwlet işgärlerini we serkerdeleri wezipä belläpdir. Kortesiň ylalaşygy bilen uruş yglan etmäge we ýaraşyk baglanyşmaga hukugy bolupdyr. Konstitusiýa kabul edilenden soň, Kortes ýurduň jemgyýetçilik durmuşyna degişli birnäçe kanun Kabul edipdir. Ispaniýada mülkdarlaryň, begzadalaryň we ruhanylaryň artykmaçlygy ýetyrylypdyr, ýerleri kärendesine bermegiň mükdarçylyk görnüşi ýatyrylypdyr. Daýhanlaryň hojaýynlara we buthana töleýän salgytlary ýatyryldy. Buthananyň we Korolyň mülklari alnyp halk köpçüligine satlyga çykaryldy. Şeýle hem, jemgyýetçilik eýeçiligindäki ýerler satlyga çykaryldy.

1812-nji ýylda Ispaniýada konstitusiýanyň kabul edilmegi bilen, fransuz goşunlarynyň ýagdaýy agyrlaşypdyr. Şol ýyl Napoleonyň Russiýa ýörüş etmegi bilen, Ispaniýada ýerleşen fransuz goşunlarynyň agramly bölegi Russiýa ugradyldy. Napoleonyň Russiýadaky söweşinden peýdalanyp, ispan goşunlary Fransuz goşunlaryny agyr ýeňlişe sezewar etdiler. 1813-nnji ýylyň noýabryna çenli fransuzlar Ispaniýany doly terk etmäge mejbur boldular. Napoleon I Ispniýada bolup geçýän wakalardan dogry baş alyp çykmagy başardy. Ol Frannsiýada ýesirlikde ýaşaýan ispan Koroly Ferdinand VII bilen ylalaşyp, oňa Ispaniýa gaýdyp barmagy we ispan täjini gaýtadan eýelemegi teklip etdi. Tagty eýeländen soň, Fransiýany goldamak şerti bilen, Napoleon I Ferdinand VII goldamaga söz berdi. Emma kortes 1812-nji ýylda kabul edilen konstitusiýadan kasam etmek şerti bilen, birbada Ferdinand VII hökümdarlygyny ykrar etmedi.

Ferdinand VII Ispaniýa dolanyp gelenden soň, kortese garşy göreşe başlapdyr. Ispaniýada obsolýut-monarhiýany berkarar etmegiň tarapdarlarynyň goldawy bilen, Ferdinand VII ýurtda häkimiýeti öz eline aldy. Ol 1812-nji ýylda kortes tarapyndan işlenip taýarlanan we tassyklanan konstitusiýanyň güýjini ýitiren diýip yglan etdi we kortes tarapyndan kabul edilen kararlaryň ählisini ýatyrdy. 1814-nji ýylyň maýynda Ispaniýada korollyk düzgüni dikeldildi, Ferdinand VII bolsa ýurduň koroly boldy.

## §9. Ýewropanyň ownuk döwletleri we Skandinawiýa ýurtlary

**Belgiýa XVIII asyrda.** Orta asyrlaryň ahyrynda häzirki Belgiýanyň ýerleri Ispaniýanyň gol astyndady. XVI asyryň ortalarynda bolup geçen golland vburžuaz rewolýusiýasy Belgiýa özüniň täsirini ýetirdi. Emma ol Belgiýada ispan agalygynyň we mülkdarçylyk düzgünleriniň berkemegi bilen

tamamlandy. Şeýlelikde täze taryhyň başlanýan wagtynda, Belgiýa diýip atlandyrylýan, özbaşdak döwlet ýokdy. 1701-1714-nji ýyllarda bolup geçen «ispan mirasdarlygy» ugrundaky göreşiň netijesinde, Belgiýa ýerleri Gabsburglar nesilşalygynyň gol astyna düşdi. Belgiýanyň ýerlerinde maýa goýum gatnaşyklary has ir, XIV asyrda ýüze çykypdyr, emma Gabsburglaryň höküm sürmegi bilen ýurtda ykdysady ösüşiň bu görnüşi, togtapdyr. Awstriýanyň imperatory Iosif II Belgiýada öz agalygyny berkitmek üçin birnäçe çäreleri geçiripdir. Ol ýurtda daýhanlaryň hojaýynlaryň öňündäki käbir borçlaryny ýatyrypdyr, manufaktura önümçiligini giňeldipdir. Buthana ýerleriniň bir bölegi döwlet eýeçiligine geçirilipdir. Belgiýanyň syýasy we ykdysady durmuşynda Gabsburglaryň berk agalyk etmegi ýerli ilatyň ähli gatlaklarynda nägilelik döredipdir.

Nägileligiň artmagy bilen 1787-nji ýylda Belgiýada gabsburglara garşy gozgalaň başlandy. Bu gozgalaňa Belgiýada öňden bar bolan burżuaziýa ýolbaşçylyk etdi. Gozgalaňyň esasy merkezi Brabant şäheri boldy. 1789-njy ýylda bolup geçen, Beýik Franuz rewolýusiýasy Belgiýa hem öz täsirini ýetirdi. Fransiýada rewolýusiýanyň başlanandygy we Bastiliýa galasynyň alynandygy hakyndaky habar belgiýaly gozgalaňçylary Gabsburglara garşy täzeden aýaga galdyrdy. 1789-njy ýylyň güýzünde Gollandiýada belgiýaly emigrantlardan we meýletinçilerden düzülen goşun, belgiýanyň serhedinden geçip, gabburglara garşy milli azat edijilik hereketine başladylar, gozgalaňçylar az wagtyň içinde Brabant welaýatyny azat etdiler. Soňra Brýussel, Namýura, Gent ýaly beýleki şäherleriň ilaty hem gozgalaňa başladylar.

1789-njy ýylyň dekabr aýynda Brabant rewolýusiýasy bolup, Belgiýanyň (Antwerpen we Lýuksemburg welaýatlaryndan başga) 9 welaýaty Gabsburglaryň zulumyndan azat edildi. 1790-njy 11-nji ýanwarynda azat bolan welaýatlar

birleşip bitewi döwleti – Belgiýanyň birleşen ştatlaryny emele getirdirler. Emma içki agzalalyklar zerarly döwlet gowşapdyr.

Belgiýanyň birleşen Ştatlary bir ýyla golaý wagt ýaşanyndan soň, 1790-njy ýylyň dekabrynda Awstriýa goşunlary tarapyndan basylyp alyndy we Belgiýada Gabsburglar nesilşalygynyň agalygy täzeden dikeldildi.

Emma serhediň aňyrsynda Fransiýada bolup geçýän, rewolýusion wakalar Belgiýa hem öz täsirini ýetirdi. Fransiýa özüne garşy guralýan antifransuz birleşigiň esasy guramaçylarynyň biri bolan, Gabsburglara garşy göreşe girişdi. 1794-nji ýylda Belgiýa ýerleri Fransiýanyň gol astyna düşdi. Fransiýanyň agalyk etmegi gabsburglaryň agalygy bilen deňeşdireniňde, Belgiýa üçin amatly boldy. Frabsuz rewolýusiýanyň netijesinde kabul edilen kanunlar we gazanylan ruhy gymmatlyklar Belgiýa hem giňden ýaýrady. Mülkdarçylyk agalygy ýatyrylyp, ýurtda Fransiýada giňden ýaýran maýa goýum gatnaşyklary ornaşdyryldy. Bu bolsa ýurduň has-da ösmegine mümkinçilikler döretdi.

Fransuz aglygy Belgiýada birnäçe öňegidişlikler bilen bir hatarda, oňaýsyz ýagdaýy hen döretdi. Napoleon I tarapynda yzygiderli söweşlere gatnaşmak bilen, Belgiýadan goşuna adam toplanyşy we salgydyň ýygnalyşy birnäçe artdy. Angliýa garşy yklymlaýyn ykdysady gabawa gatnaşmagy bolsa, Belgiýanyň daşary söwdasyna we ykdysadyýetine uly zeper ýetiripdir. Fransuz agalygynyň oňaýsyz netijeleri bolsa, ýurtda milli nägileligiň artmagyna getiripdir. 1814-nji ýylda Wena Kongresiniň kararlaryna laýyklykda, Belgiýa Fransiýanyň golastyndan çykdy we täze döredilen Niderlandlar Korollygynyň düzümine goşuldy.

**Gollandiýa 1789-1814-nji ýyllarda.** XIX asyryň ikinji ýarymynda Niderlandlar Korollygynda reaksion düzgün höküm sürýärdi, Stathauder Wilgelm V we iri söwda läheňleri agalyk edipdirler. Emma goňşy Fransiýada bolup geçýän wakalar Gollandiýanyň dolandyryjy toparlaryny ynjalykdan

gaçyrypdyr. Şonuň üçin Gollandiýa Fransiýa garşy Ýewropa döwletleriniň birleşigine goşulypdyr. Fransiýanyň Konwenti bolsa, muňa jogap edip 1793-nji ýylyň 1-nji fewralynda Niderlandiýanyň birleşen welaýatlaryna garşy uruş yglan etdi. Fransuz goşunlary az wagtda ýurdy eýelediler. Wilgelm V Angliýa gaçyp gitdi. 1795-nji ýylda Niderland ýerlerinde Batow respublikasy esaslandyryldy. Batow respublikasy Fransiýa bilen parahatçylyk şertnemesyny baglaşmak bilen, Fransiýa garaşly ýagdaýa düşdi. Batow respublikasynyň 1798-nji ýylda kabul edilen kontitusiýasyna laýyklykda Gollandiýada bitewi döwlet gurluşy esaslandyryldy. Welaýatlaryň awtonom hukuklary ýatyryldy, şäherlerde patrisiýatlaryň dolandyryşy çäklendirildi. 1798-nji ýylda kabul edilen konstitusiýanyň özeninde Fransiýadaky Direktoriýa hökümetiniň ýörelgeleri durýardy.

Fransiýanyň Gollandiýadaky agalygy barha güýçlenýärdi. Fransuz hökümeti Gollandiýanyň içeri syýasatyna öz täsirini ýetirýärdi. 1806-njy ýylda Bataw respublikasy ýatyrylyp, onuň ýerine Gollandiýa respublikasy döredildi, Napoleon Bonapartyň dogany Lui Bonapart onuň Koroly boldy. Az watgdan soň, 1810-njy ýylda Gollandiýa Fransuz imperiýasyna birikdirildi.

Fransuz agalygy Gollandiýanyň ykdysadyýetine uly zeper ýetirdi. Napoleonyň Ýewropada alyp barýan basybalyjylykly söweşleri üçin, ýygnalýan salgytlar, flotyň gurluşygyna sarp edilen çykdaýjylar golland ykdysadyýetine uly urgy boldy. Fransiýa tarapyndan Angliýa garşy yglan edilen yklymlaýyn ykdysady gabawa mejbury goşulmagy, asyrlar boýy deňiz söwdasynda meşhurlyk gazanan Gollandiýa üçin, has-da agyr düşdi. Gollandiýada fransuz agalygyna garşy halk köpçüliginiň nägileligi artdy. 1813-nji ýylda Germaniýanyň Leýpśig şäheriniň ýanynda bolan söweşde, Napoleonyň goşuny derbi-dagyn edildi we imperator fransuz goşunlaryny Gollandiýadan çykarmaga mejbur boldy. 1813-nji ýylyň 15-nji noýabrynda,

Gollandiýanyň paýtagty Amsterdam şäherinde halk gozgalaňy başlady, gozgalaňçylar fransuz agalygynyň ýatyrylmagyny talap edip çykyş etdiler. Emele gelen ýagdaýdan peýdalanyp, oranskiler nesilşalygynyň wekilleri ýurtda häkimiýeti basyp almaga synanyşdylar. Oranskiler nesilşalygynyň iň soňky stathauderiniň ogly Wilgelm Oranski Gollandiýanyň Koroly boldy.

**Şweýśariýa XVIII asyryň ahyrynda - XIX asyryň başlarynda.** XVIII asyryň ahyrynda Şweýsariýa 13 sany özbaşdak kantonlardan (döwlet-welaýat) düzülen, konfederasiýa görnüşli döwletdi. Şweýsariýanyň ilatynyň etniki gurluşy hem örän özboluşlydy. Ilatyň 70 göterimi nemes dilinde gürleýärdi, Fransiýa bilen serhetdeş ýerleşen welaýatlarda fransuz dilli ilat ýaşapdyr. Ýurduň Italiýa bilen serhetdeş Tiçino welaýatynda bolsa, italiýan dili ýörgünli bolupdyr. Alp daglarynyň etginde ýerleşen daglyk welaýatlarda gadymy ret we gelwet taýpalarynyň nesilleri hem saklanyp galypdyr. XVIII asyryň ahyrynda Şweýsariýada senetçilik kämilleşip, manufaktura önümçiligi ýüze çykypdyr. XVI-XVII asyrlarda Ýewropa döwlwetlerinde alnyp barylan dini uruşlardan soň müňlerçe ýokary hünärli bosgunlar Şweýsariýa göçüp gelipdir. Olaryň arasynda ökde ussalar, işçiler we baý söwdegärler bolupdyr. Bu bolsa Şweýsariýanyň ykdysady taýdan ýokary depginde ösmegine mümkinçilik döredipdir. 1780-nji ýyllarda Şweýsariýa kagyz öndürmek boýunça, Ýewropa öňdäki orunlary eýeläpdir. Ýurduň kagyz öndürýän manufaktura kärhanalarynda 150 müňden gowrak adam, zähmet çekipdir.

Emma ýurduň käbir kontonlarynda yzagalak mülkdarçylyk gatnaşyklary saklanyp galypdyr. Daýhanlaryň mülkdarlara töleýän salgytlary we zähmet borçlary hem öz täsirini saklaýardy. XVIII asyryň ahyrynda Şweýsariýada her kontonyň özbaşdak gümrük gullugy we goşuny bolupdyr. Kontonlaryň öz pul birlikleri zikgelenipdir. Olaryň hersiniň

özboluşly döwlet gurluşy bolupdyr. Bu bolsa ýurtda ykdysadyýetiň ösüşine özüniň ýaramaz täsirini ýetiripdir. Buržuaziýa we üçinji gatlaga degişli bolan beýleki adamlar ýurtda dowam edýän düzgünlere garşy göreşe başlapdyrlar.

Şweýsariýa Fransiýa bilen serhetde ýerleşmek bilen, ol ýerde bolýan syýasy wakalar Şweýsariýa hem öz täsirini ýetiripdir. XVIII asyryň ahyrynda bolup geçen Beýik Fransuz rewolýusiýasy beýleki döwletlerde bolşy ýaly Şweýsariýada hem, uly tolgunşyk döretdi. Ýurtdaagalyk ediji gatklar bu wakany duşmançylyk b ilen kabul etdiler. Oba mülkdarlary, şäher begzadalary, ýokary wezipeli emeldarlar we serkerdeler Fransuz rewolýusiýasynyň Şweýsariýa täsir etmegine garşy göreşipdirler.

1792-nji ýylda Fransuz goşunlary antifransuz birleşige garşy söweşiň dowamynda Şweýsariýanyň Bazel kantonyny eýelediler. Kontonyň esasynda täze respublika döredilip, ol 1793-nji ýylda Fransiýa goşuldy. 1798-nji ýylda bolsa Direktoriýa goşunlary bütin Şweýsariýany basyp aldy. Şol ýyl şweýsar respublikaçylary fransuz goşunlaryna daýanyp, Şweýasriýada Gelwet respublikasy diýip yglan etdiler we fransuz konstitusiýasynyň esasynda täze konstitusiýany kabul etdiler. Napolonyň basyp alan beýleki ýurtlarynda bolşy ýaly, sweýsariýada hem birnäçe ösdüriji özgertmeler(içerki gümrük nokatlary ýatyryldyr, agramyň we uzynlygyň birmeňzeş ölçegleri kabul edildi, sehleriň aýratynlyklary we orta asyr mülkdarçylyk düzgünleri ýatyryldy) geçirildi.

Gelwet respublikasy Fransiýa elgarama döwletleriň biridi. Ol fransuz hökümeti bilen deňhukuksyz ylaşyklary baglanyşýardy, fransuz goşunlarynyň hatarynda antifransuz birleşigiň goşunlaryna garşy söweş alyp barýardy. Şweýsariýanyň çäkleri Franiýanyň we oňa garşy söweşýän toparlaryň arasynda uruş meýdanyna öwrüldi. Bu bolsa halk köçüliginde nägileligiň artmagyna getirdi. Ýewropanyň monarhiýa döwletleiniň goldamagy bilen ýurtda dürli

tolgunşyklar ýüze çykyp başlady. Napoleon emele gelen ýagdaýdan çykalga gözläp, 1803-nji ýylda Gelwet respublikasyny ýatyrdy we onuň ornuna özalkylary ýaly kantonlaýyn konfederasiýa gurluşy dikeldildi. Emma Fransuz hökümeti bilen baglanyşylan deňhukuksyz şertnamalar hereket edýärdi. Şweýsariýa özüniň içeri we daşary syýasatynda Fransiýa garaşly döwlet bolmagynda galdy.

Napoleon goşunlarynyň ýeňilmegi bilen ýüze çykan meseleleri çözmäge bagyşlanyp, 1815-nji ýylda geçirilen Wena Kongresinde Şweýsariýanyň ýerleri ozalky serhetlerine gaýtarylyp getirildi. Wena Kongresi tarapyndan Şweýsariýa ilkinji bitarap döwlet diýlip yglan edildi.

**Skandinawiýa döwletleri XVIII asyryň ahyrynda - XIX asyryň başynda.** XVIII asyryň ahyryndan XIX asyryň başyna (1805-nji ýyla çenli) Skandinaw döwletleriniň çäginde uruş hereketleri bolmady. Napoleonyň we onuň garşydaşlarynyň arasynda bolup geçýän söweşler hem birbada, bu sebite öz täsirini ýetirmedi. Skandinaw döwletleri uruşýan taraplaryň ikisi bilen hem, söwda gatnaşyklaryny saklap ummasyz girdejiler gazanypdyrlar.

Emma 1805-nji ýylda Napoleonyň Şwesiýa aralaşmagy bilen sebitiň ýagdaýy üýtgäpdir. 1807-nji ýylda Russiýa bilen Fransiýanyň arasynda Tilzit şertnamasy baglaşyldy. Oňa laýyklykda Russiýa Şwesiýa garşy hereket etmäge hukuk gazandy. Bu bolsa Ýewropanyň Demirgazygynda ýagdaýyň agyrlaşmagyna getirdi. 1807-nji ýylda Fransiýanyň täsiri bilen Angliýa garşy urşa girişýär. Muňa jogap edip, Angliýa Kopengagaen şäherini eýeläp, Daniýa flotyny özleri bilen äkidipdirler. Daniýanyň gol astynda bolan Norwegiýa portlary hem iňlis gämileri tarapyndan gabalypdyr. Norwegiýanyň daşynyň gabalmagy we Daniýadan getirilýän harytlaryň kesilmegi Norwegiýada tolgunşyklaryň döremegine getiripdir.

1808-nji ýylda rus-şwed urşunyň täze tapgyry başlandy. Urşuň netijesinde, Şwesiýa Finlandiýany ýitirdi, bu bolsa

ýurduň ykdysadyýeti üçin düýpli urgy bolupdyr. Bu ýagdaýdan nägile bolan harbylar, goşun bölümlerinde gozgalaň turýuzdylar. Gozgalaňçy harbylar ýurduň paýtagty Stokgolma tarap ýörüş etdiler. 1809-njy ýylyň 13-nji martynda Gustaw IV Adolf tagtdan mahrum edildi we ýurtdan çykyp gitmäge mejbur boldy. Şwed tagtyna öňki korolyň kakasynyň, Karl XIII çykdy. Emma onuň häkimiýeti gowşakdy, ýurtda parlamentiň täsiri ulydy. Parlament korol häkimiýetiniň üstünden berk gözegçilik edýärdi.

1810-njy ýylda ýurtda kanun çykaryjy edara bolan Riksdag, şwed tagtyna täze koroly saýlady. Napoleonyň belli marşaly £.B.Bernadot Karl Ýuhan ady bilen Şwesiýanyň koroly boldy. Karl Ýuhan 1813-nji ýylyň ahyrynda Daniýa ýörüş etdi. 1814-nji ýylda Kil şäherinde baglaşylan şertnama görä, Daniýa Norwegiýadan ýüz öwürmäge mejbur bolupdyr. Norwegiýa Şwesiýanyň gol astyna düşüpdir. Norweg halky Şwesiýa boýun bolmak islemändir, ýurtda milli azat edijilik hereketleri ýaýbaňlanyp, oňa Daniýanyň şazadasy ýolbaşçylyk edipdir. 1814-nji ýylyň fewralynda Norwegiýa garaşsyz döwlet diýlip yglan edilipdir. Şol ýylyň aprelinde Döwlet maslahaty çagyrylyp, ol ýurduň baş kanuny işläp taýarlapdyr. 17-nji maýda bolsa Eýdswoll diýen ýerde Norwegiýanyň konstitusiýasy kabul edilipdir. Täze kabul edilen konstitusiýa laýyklykda, Norwegiýada konstitusion monarhiýa döwlet gurluşy kemala gelipdir. Ýurtda kanun çykaryjy häkimiýet iki palatadan ybarat bolan mežlise – stortinge degişli bolupdyr.

Norwegiýada bolup geçýän wakalara garamazdan Şwesiýa bu ýurtdan el üzmek islemändir. Az wagta çeken söweşden soň, Norwegiýa bilen Şwesiýanyň arasynda ylalaşyk baglaşylypdyr. Norwegiýa özüniň daşary syýasatynda Şwesiýanyň agalygyny ykrar edipdir. Içeri syýasatynda bolsa, ozalky konstitusiýa saklanyp galypdyr.

1808-1915-nji ýyllarda bolup geçen wakalaryň netijesinde Demirgazyk Ýewropanyň syýasy kartasy düýpli

özgeripdir, Sebitde iki sany uly döwlet Norwegiýa we Finlandiýa döwletleri emele gelipdir. Asyrlar boýy ägirt uly ýerleri eýeläp gelen Daniýanyň ýerleri kiçelipdir, diňe Islandiýa, Grenlandiýa we Farer adalary, Şlezwig we Golşteýn ýaly German döwletleri degişli bolupdyr.

## §10. Wena kongresi we Mukaddes bileleşik

Fransuz rewolỳusiỳasy we Napoleon uruşlary döwründe uzaga çeken gandöküşikli uruşlaryń netijesinde, Fransiỳanyń taryhynda birinji imperiỳa syndy. Ýewropanyň kuwwatly döwletleriniň birleşmegi we bilelikde hereket etmegi bilen, Napoleon Bonapartyň goşuny derbi-dagyn edilip, özi bolsa Keramatly Ýelena adasyna sürgün edildi.

1813-nji ýylda Leýpsig söweşinden soňra, ýakyn wagtda Napoleonyň ýeňiljekdigi aýan boldy. Şonuň üçin, altynjy bileleşigiň guramaçylary Ỳewropanyń Napoleon söweşlerinden óńki halkara ỳagdaỳyny we ỳykylan dinastiỳalary dikeltmek maksady bilen kongres çagyrmagy karar etdiler. 1814-nji ýylyň 14-nji sentýabrynda Gabsburglar imperiỳanyń paỳtagty Wena şäherinde halkara kongresi işe başlady. Taryhda „Wena kongresi“ diỳip at alan halkara maslahatyna Ỳewropanyń 216 döwletinden wekiller gatnaşdy.

Napoleondan üstün çykan ỳeńiji döwletleriń arasynda, Russiýa, Angliýa, Prussiỳa we Awstriýa döwletleri aỳratyn uly orun eỳeläpdirler. Şonuň üçin hem halkara kongresde rus imperatory Aleksandr I, Angliýanyň daşary işler ministri Keỳsleri, Prussiýanyň daşary işler ministri Gardenberg we Awstriỳanyň kansleri Metternih alyp baryjy wezipäni ỳerine ỳetiripdirler. Kongresde Ỳewropanyň reaksion düzgünli döwletleriniň wekilleri Napoleon imperiýasynyň üstünden gazanylan ýeňşi baýramçylyk hökmünde belleỳärdiler. Kongrese gatnaşyjylaryň baş maksady monarhiỳa gurluşly döwletler üçin iń howply hadysalaryń biri bolan halklaryň milli

azat edijilik we rewolýusion-demokratik hereketlerini basyp ýatyrmak, Fransiỳada we Napoleon tarapyndan basylyp alnan beỳleki döwletlerde Beỳik Fransuz rewolỳusiỳasyndan öňki feodal absolỳut düzgünlerini dikeltmek bolup durỳardy. Ýeňiji döwletleriň öńünde duran ỳene bir uly meseleleriń biri, Napoleonyň üstünden gazanylan ýeňşi berkitmek we Fransiýanyň basyp alyjylykly syỳasatyna dolanyp gelmeginiń öńüni almak we onuń serhetlerini 1792-nji ỳylyń çäklerine gaỳtaryp getirmekdi.

Wena Kongresinde oňa gatnaşyjy döwleteriń arasynda öńden bar bolan gapma-garşylyk has-da güỳçlendi. Aleksandr I Günbatar Ýewropada patyşa Russiýasynyň täsirini güýçlendirmek maksady bilen Germaniýanyň dagynyklygynyň we iki sany güýçli german döwletiniň (Awstriýa we Prussiýa) saklanyp galmagyny isläpdir. Olaryň arasyndaky gapma-garşylygyň dowam etmegi olaryň güýçlenmeginde kynçylyk döredýärdi. Aleksandr I Fransiýanyň güýçlenmeginden we kuwwatly döwlete öwrülmeginden howatyrlanypdyr, ỳöne, ol şol bir wagtda onuň kemsidilmegini we juda pese gaçmagyny hem islemändir. Çünki Fransiýa Günbatar Ýewropada Angliýanyň we german döwletleriniň täsiriniń güýçlenmegine garşy durmak üçin gerekdi.

Patyşa Russiỳasy Gündogar Ýewropada dargadylan Warşawa gersoglygynyň ýerlerini eỳelemäge çalşypdyr. Aleksandr I özüniň bu maksadyna ỳetmek üçin polỳak begzadalary bilen gizlin gepleşikler geçirip, olary öz tarapyna çekmäge çalşypdyr. Ol Polşanyň konstitusiỳasynyń we ýerli kanunlarynyń hereket etmegine rugsat bermegi we milli goşuny saklap galmagy wada edipdir. Emma Awstriýa we Prussiýa döwletleri bolsa Warşawa gersoglygyny öz tabynlyklarynda saklamak üçin, onuń özbaşdak döwlet bolmagyny islemändirler. Aleksandr I özüniń Polşa baradaky syỳasatynda Prussiýanyň goldawyny gazanmak maksady bilen, Saksoniýany eỳelemek ugrundaky bäsdeşlikde ony goldamagy wada edỳär.

Angliýada hököm sürỳän torilerleriń hökümeti ỳurduń söwda-senagat we kolonial agalygyny üpjün etmäge ymtylýardy. Angliýa şol döwrüň öňdebaryjy döwleti bolandygyna garamazdan, Ýewropa yklymynda öz garşydaşlarynyň yzagalak bolup galmagyny gazanmak üçin, şol döwletlerde begzadalaryň reaksion hetreketlerini goldapdyr.

Angliýanyň daşary işler ministri Keỳsleri Napoleon uruşlary wagtynda Angliýa tarapyndan basylyp alnan fransuz, ispan we golland mülklerinde iňlis häkimiýetiniň berk ornaşmagyny gazandy, ol basylyp alnan ýerleri mundan beýläk hem öz elinde saklamak üçin yzygiderli göreşýärdi. Angliýa özüniń howply duşmany we esasy bäsdeşi bolan Fransiýanyň harby kuwwatynyň peselmegini we onuň serhetleriniň 1792-nji ýylyň çäklerine çenli kiçeldilmegini gazandy. Bu onuň Wena kongresinde gazanan ilkinji ýeňşidi. Britan hökümeti Fransuz tagtynda Burbonlar dinastiýasynyň dikeldilmegini talap edipdir. Iňlis diplomatiýasy Ýewropa döwletleriniň arasynda özara gapma-garşylyk döredip, olaryń üstünden agalyk etmek isläpdir.

Wena kongresinde esasan üç sany uly meselä seredilip geçildi:

1. Fransiỳanyń rewolỳusiỳa we Napoleon uruşlarynda Ỳewropa döwletlerine ỳetiren täsiri bilen emele gelen düzgünleri ỳatyrmak. Fransiỳany 1792-nji ỳyldaky serhetlerine gaỳtaryp getirmek.

2. Ỳewropadaky we Ummanyń ańyrsyndaky bakna mülkleri ỳeńiji döwletleriń (Angliỳanyń, Russiỳanyń, Awstriỳanyń we Prussiỳanyń) peỳdasyna gaỳtadan paỳlaşmak.

3.Ỳewropada we bütin dünỳäde durmuşy we milli häsiỳetli gapma-garşylyklaryń we rewolỳusiỳalaryń öńüni almak maksady bilen, täze syỳasy, diplomatik we harby düzgünleri girizmek.

„Wena ulgamy“ diỳip atlandyrylỳan taryhy wakalar 1814-1818-nji ỳyllar aralygynda bolup geçdi. Onuń dowamynda dört sany uly halkara ỳygnaklary geçirildi:

1. 1814-nji ỳylyń maỳynda ỳeńiji döwletler bilen Fransiỳanyń arasynda geçirilen Pariź ỳaraşyk maslahaty.

2. 1814-nji ỳylyń sentỳabr - 1815-nji ỳylyń iỳun aỳlary aralygynda geçirilen Wena kongresi.

3. 1815-nji ỳylyń iỳul-noỳabr aỳlary aralygynda geçirilen ikinji Pariź ỳaraşyk maslahaty.

4. 1818-nji ỳylyń sentỳabr – noỳabr aỳary aralygynda öńki geçirilen maslahatlaryń netijelerine bagyşlanyp guralan Ahen kongresi.

Wena Kongresine gatnaşan döwletler tarapyndan garalan meseleleri çözmek maksady bilen birnäçe şertnamalar we ylalaşyklar baglaşyldy. Kongresde baglaşylan şertnamlaryń we ylalaşyklaryń ählisi bilelikde „1815-nji ỳylyń traktatlary“ diỳen at bilen taryha girdi.

Halkara maslahatlarynyń arasynda iń ähmiỳetlisi Wena kongresidi. Ỳewropa döwletlerinden jemi 216 wekil gatnaşyp, olaryń arasynda Russiỳanyń we Awstriỳanyń imperatory, Prussiỳanyń we beỳleki birnäçe döwleteriń korollary, ministrler, hökümet baştutanlary bardy. Kongresiń barşynda ỳeńiji döwletleriń wekili hökmünde Russiỳanyń patyşasy Aleksandr I, Awstriỳanyń kansleri Metternih, Angliỳanyń daşary işler ministri Keỳsleri uly täsirden peỳdalanypdyrlar. Fransiỳanyń daşary işler ministri Taleỳran ỳeńilen döwletiń wekili bolandygyna garamazdan, özüniń ỳiti zehini, diplomatik ugurtapyjylygy we şahsy edermenligi bilen kongresde öz ỳurdunyń Ỳewropanyń öńdebaryjy döwleteriniń hataryna goşulmagyny gazandy.

**Wena ulgamy.** 1814-1818-nji ỳyllarda bolup geçen halkara maslahatlarynyń netijesinde, Wena ulgamy kemala geldi. Wena ulgamynyń esasy wezipesi Napoleonyń basyp alan ỳerlerinde ozalky syỳasy düzgünleri dikeltmek bolup durỳardy.

Bu wezipäni ỳerine ỳetirmek barada ỳeńiji döwletleriń arasynda iki hili garaỳyş - awstro-prus we ińlis-rus garaỳyşlary ỳüze çykypdyr. Awstriỳa we Prussiỳa serhetdeş ỳerleşip, özleriniń Ỳewropada esasy bäsdeşi bolan Fransiỳany doly güỳçden gaçyrmak we bütin Ýewropada rewolỳusiỳadan öńki tertip-düzgünleri dikeltmekdi. Angliỳa bilen Russiỳa bolsa Fransiỳany güỳçlenip gelỳän german döwletlerine garşy „deńagramlylyk güỳji“ hökmünde peỳdalanmak maksady bilen, onuń özbaşdak döwlet bolup galmagyny isläpdir. Olaryń pikiriçe yklymda rewolỳusiỳadan öńki düzgünleri dikeltmek mümkin däldi. Şonuń üçin hem Ýewropa döwletlerinde täze ykdysady gatnaşyklar we syỳasy düzgünler kemala geldi.

**Mukaddes Bileleşik.** Wena kongresine ỳygnanan döwletler birmeńzeş syỳasy we harby maksatlary göz öńünde tutỳan halkar belelşigi döretdiler, Bilelşik Ỳewopanyń hristiỳan halklaryny özüne birleşdirip, „Mukaddes bileleşik“ diỳip atlandyryldy. Bileleşige girỳän döwletler Ỳewropada we bütin dünỳäde rewolỳusiỳalara, milli azat edijilik hereketlerine garşy göreşmegi, köne monarhiỳalary dikeltmegi we gorap saklamagy maksat edinỳärdiler. 1814-nji ỳylyń maỳynda bolan Birinji Pariź ỳaraşyk maslahatynda möhüm taryhy kararlar kabul edilipdi. Emma Napoleonyń gaỳtadan häkimiỳeti eỳeläp, taryhda „Napoleonyń ỳüz güni“ diỳlip atlandyrylan günlerde ol kararlar öz ämiỳetini ỳitirdi. Ỳeńiji döwletler Napoleona garşy gaỳtadan bileleşdiler we herekete başladylar, ony ikinji gezek ỳesir alyp, Britaniỳanyń eỳeçiligindäki Keramatly Ỳelana adasyna sürgün etdiler. Napoleonyń gaỳtadan häkimiỳete gelmegi Ỳewropa monarhlaryny howsala saldy. Olar 1815-nji ỳylyń sentỳabr aỳynda Russiỳa, Awstriỳa we Prussiỳa monarhlary Pariźde ỳygnanşyp, Mukaddes bileleşigi döretmek hakyndaky resminama gol çekdiler. „Mukaddes bileleşik„ dini-syỳasy häsiỳetde bolup, ol halk hereketleriniń ähli görnüşlerine, 1789-njy ỳylda Fransiỳada kabul edilen „Adam hukuklary baradaky jarnamanyń“ we ondan gelip çykỳan garaỳyşlaryń

halklaryń arasynda ỳaỳramagyna garşy göreşmäge gönükdirilendi. Angliỳanyń koroly Mukaddes bileleşigi ỳürekden goldaỳardy, emma parlamentde şowhun turmagyndan we tankytlanylmagyndan gorkup resmi suratda bileleşige girmedi.

Mukaddes bileleşigiń düzgünnamasyna görä islendik döwletde halk hereketleri tutaşsa şol döwletiń garşylygyna garamazdan bileleşigiń goşunlary şol döwletiń içki işlerine goşulmaga we halk hereketlerini basyp ỳatyrmaga haklydy. Bu bolsa bileleşigiń guramaçylarynyń „halklaryń asudalygynyń we dünỳäniń parahatçylygyń hatyrasyna“ möhüm hem mukaddes wezipedi. Bileleşigiń bütin yklymda gińden ỳaỳramagy we uly täsirden peỳdalanmagy üçin, onuń esasy guramaçylary bolan Russiỳa, Awstriỳa we Prussiỳa ońa Ỳewropanyń ähli döwletlerini çekmäge çalyşỳardylar. Angliỳa bileleşigiń resmi suratda agzasy däldigine garamazdan, Napoleony ỳeńiji döwletleriń hatarynda onuń çäginde geçirilỳän ähli çärelere gatnaşỳardy.

Patyşaçylyk düzgüni gorap saklamak we rewolỳusiỳalara garşy alnyp barylan göreş dini wagyz-nesihat işleri bilen utgaşyp gidipdir. XIX asyryń 20-nji ỳyllarynda Angliỳada we Russiỳada döwletiń howandarlygynda magaryf işgärleri müńlerçe dini kitaplary neşir edip, ilat arasynda ỳaỳradypdyrlar. Neşir edilip ỳaỳradylan eserlerde dini wagyzlar arkaly rewolỳusiỳalara, milli azat edijilik hereketlerine garşy pikirler öńe sürlüpdir.

Napoleonyň «100 gün» we Burbonyň restewratsiýasy soň ýeňiji saýuzdaşlar Fransiýa bilen gepleşige başlapdyrlarlar. 20.11.1815-nji ýylda ikinji Pariž parahatçylyk ýaraşyk şertnama gol çekipdir. Şertnamaň gepleşikleri gidýärkä demirgazyk-gündogar Fransiýa Koalisiýaň goşunlary tarapyndan eýelenýär. Pariž şertnamasyna laýyklykda günbatar Sawoýa we Fransiýaň beýleki serhet galalary Fransiýanyň elinden alynýar, uzak wagta çekmedik çekeleşikden soň olar

1792-nji ýyl serhedine Fransiýany laýyklap çekipdir. Fransiýaň üstüne 700mln frank kantributsiýa ýüklenýär. Kontribusiýa 5 ýyl möhletde Fransiýa töleýänçä d.g-g.d depertamentiniň saýuzdaşlar goşunyň elinde bolmagynda galýar. Goşunyň saklanyp galmagynyň çykdaýjylary Fransiýaň halkynyň üstüne atylýar. Fransiýaň basyp alyjy goşunynyň täzeden ýygnanyp galkynmagynyň garşysyna goşmaça päsgelçilik döretmek maksady bilen we ikinji Pariž parahatçylyk şertnamasyna laýyklykda «Döwlet barýer» sistemasyna has berkitmek üçin Şweýsariýa-Fransiýanyň uyl bolmadyk birnäçe serhetýaka welaýaty berlipdir. Mundan başgada Fransiýaň giweýsar kantonlary bilen serhet araçäkdäki öz berkitmesini dargadyp aýyrmak ýüklenýär. Bir wagtyň özünde ýeňiji döwletler gol çekilen aýratyn şertnama baglaşmaga Şwesiýaň hemişelik bitaraplygyny kepillendiripdir. Bitaraplyk amak bilen Şwetsiýalylar bufer döwlet hökmünde Fransiýanyň Awstriýanyň, Germaniýanyň we Italiýanyň-iri Ýewropa döwletleriniň gyzyklanmasy artýar. Bufer döwleti iňlis sözi-iki manyda bolýar.

1.Uly döwletleriň terretoriýasynyň aralygynda ýerleşýän kiçiräk döwlet.

2.Köplenç özbaşdak däl gowşak döwletiň harby we syýasy gatbaşygy gowşak döwletiň duşmançylykly döwletleriň arasynda ýerleşmegi.

Iňlis hökümeti ikinji Pariž parahatçylyk şertnamasyndan daşary Fransiýanyň garşysyna goşmaça gyssagly zerur çäreleri kabul etmeli diýip hasaplaýar. London kabinetiniň teklibi boýunça 4 döwlet-Angliýa, Russiýa, Awstriýa we Prussiýa 20.11.1815-nji ýyl ikinji Pariž ýaraşyk şertnamasy boýunça hiç haçan Fransiýaň tagtynda Bonapart dinastiýasyny gaýtadan dikeldilmezlik şerti bilen 1814-nji ýyl 4 döwletiň baglaşan Şanon saýuz şertnamasyny gaýdadan dikeldipdir. Saýuzdaşlar bu şerti ýarag güýji bilen saklamaga we rewolýusion hereketler bilen göreşi güýçlendirmäge borçlanýarlar. Olar bu saýuzyň

güýjüniň özüniň goşunynyň Fransiýanyň terretoriýasyndan çykandan soň hem hereket etjekligini belläpdir we öz üstlerine Ýewropada döredilen «syýasy deňagranlylyk» sistemasyny we olaryň döwletlerinde ýola goýlan tertipleri garamak boýunça umumy çärelere seretmek üçin döwürleýin gurlutaýlary (kongresi) gurnamak wezipesine alypdyr. Prus hökümedi nemis hökümdarynyň peýdasyna Fransiýaň elinden Elzas we Lotaringiýany alnyp berilmegini talap edipdir. Ýöne gepleşigiň gidişinde Aleksandr I prus teklibini ret edýär we netijede Elzas we Lotaringiýa Fransiýanyň elinde galdyrylýar. Dörtleriň bileleşigi hakynda bu şertnama we Mukaddes bileleşik hakyndaky düzgünnama 1818-1822-nji ýyllarda diplomatik kongresiň hereketiniň esasynda ýatyryldy. Mukaddes bileleşigiň dört gezek kongresi bolup geçýär. Rewolýusion we milli azat edijilik heretlerine garşy göreşi güýçlendirmek üçin Ýewropa döwletiň reaksion hökümetleri öz arasynda Mukaddes bileleşik atly ýaranlygy döredýärler. Bu bileleşik halk hereketleriniň we rewolýusiýalaryň garşysyna bilelikde göreşmek üçin döredilen ýewropa monarhlarynyň ýaranlygydy. Onuň maksady nirede rewolýusion hereket dörese öňüni almak we dargatmak bolupdyr. Ýewropada reaksiýanyň esasy ýaragynyň biri Watikanyň baştutanlygynda katolik dini bolupdyr. Watikanyň gullukçylary dürli ýurtlarda halkyň bileleşigini öz ellerine alypdyr. Jemgyýetçilik we şahsy durmuşyň ähli meselelerine gatyşypdyr, içalylyk edipdir, küşgüripdir, dini fanatizmi öjükdiripdir. Watikan öňdebaryjy «Erkin pikirli» ideýalaryň garşysyna göreşe ýolbaşçylyk edýär. Mukaddes saýuz akty hristian dini goldamak hakynda, öz hökümdaryna raýatlaryň gepaiz-gürrüňsiz tabyn bolmagy hakynda bolupdyr. Mukaddes saýuz aktynyňş-hristian dini wagyz etmegiň syýasy häkimýeti bar: Akt Turkiýany izoliýasiýa ýagdaýda goýýar. Türk soltany musulman hökümdary hökmünde bu şertnama goşulyp bilmändir. Türk imperiýasy 1815-nji ýyl şertnamasyna goşulmazlygy günbatar

Ýewropa we Korol Russiýa örän amatly bolupdyr. Sebäbi dartgynly «Gündogar mesele» goşulasy gelenok. XVIII asyryň buržuaz magaryflaryna, filosofiýa, gumanizme we Fransuz rewolýusiýaň demokratik prinsipe garşy dworýan-klerikaýa reaksiýa öz idiologiýasyny goýýar. Klerikaýa-latyn sözi buthananyň syýasy we medeni häsiýetini güýçlendirmäge jan edýän reaksion akym. Hristian dini we buthanany dabaralandyrmak absolýut döwleti we soslowiýe deňsizligi götergiläp şöhratlandyrmak orta asyr risiarlygy we monarhlygy öňe sürmek we bilimi hen täzelikleriň girizilmegine garşy çylýan-klerikal reaksiýaň idiologiýasynyň esasy alamatlary bolupdyr. Progrosiw metbugat-senzura diýip, mekdep we Uniwersitetden liberal mugallym we professorlar işden kowulýar. Klerikal reaksiýaň idiologlary Fransuz graf Žzef de Mestr , Lun Gabriel Bonald, neses german Mýuller we Şweýser. Lýudwig Galler bolupdyr. 1815-nji ýyl soň ýewropa döwletden gurşap alan dwarýan monarhiýa reaksiýasy näçe güýçli bolsada taryhyň ösüsine badak atyp bilmändir. Reaksiýa-Fransiýada rewolýusiýa netijesinde täze progressiw kapitalistik gurluşa dargadyp bilmändir. XVIII asyrň ahyrlarynda XIX asyrň başlarynda Ýewropaň köp döwletlerinde buržuaz özgertmeler köki bilen ýok edilmän wagtlaýyn togtadyldy. Köne dinastiýaň Restawrasiýasy, dwarýan-ruhany agalygynyň dikeldilmegi, Mukaddes saýuzyň döredilmegi-reaksiýaň berkidilmeginiň alamaty bolupdyr. Köne dworýan aristokratiýaň päsgelçiligi emeli bolupdyr. Sebäbi Ýewropanyň döwletlerine önümçilik gatnaşyklarynyň ösüşi ýokary galýar. Angliýada senagat öwrüilşigi-el zähmediň maşyn bilen çalşylmagy, hünärmentçilik we manafakturaň fabrik bilen çalşyrylmagy giň gerimde amala aşyrlypdyr. Fransiýada, ABŞ-da uyl üstünliklere eýe bolup german we italýan döwletlerine ýaňy başlapdyr. Kapitalizm ösüşi oba-hojalygy üstünlige eýe bolupdyr. Fransiýada 1789-1764-nji ýylda rewolýusiýa döwründe obada feodal gatnaşyklaň mekwidasyýa edilen bolsa

indi oba-hojalyk kapitalistik ýol bilen ösmegini dowam etdirýär. Germaniýanyň obalarynda krepostnoý hukugyň ýok edilmegi we agrar reformaň girizilmegi täze kapitalistik gatnaşyklaryň obada ösmegine getirýär. Ýewropada oba hojalyga kapitalizmiň ornaşmagy, Napoleon agalygy döwri buržuaz reformalaň geçirilmegi-fiodalizmiň düýbine palta urýar. Ýewropada syýasy düzgün-dworýanyň we ruhanynyň agalygy, absolýut düzgüniň agalygy buržuaziýaň ykdydasy pozisiýaň berkemegine getirýär. Bu bolsa XIX asyryň 20 ýyllarynda buržuaz rewolýutsion hereketiň berkemegine getirýär. Mukaddes saýuz I kongresi 1818-nji ýylda Ahende bolupdyr. Kongresde 5 ýurdyň wekili gatnaşýar. Ýeňen 4 döwlet-Awstriýa, Prussiýa, Angliýa, Russiýa we ýeňilen Fransiýa 5-nji döwleý hökmünde gatnaşdyrylýar. Şu wagta 1818 ýyla çenli Fransiýa kontribusiýanyň uly bölegini töläpdi. Şonuň üçin 4 saýuzdaş-Awstriýa, Prussiýa, Angliýa, Russiýa Fransiýanyň terretoriýasyndan öz goşunyny ewakuasiýa etmeli diýýär. Ewakuasiýa-latyn sözi, başga ýere göçürmek diýmek. Fransiýa- Ýewropada 4 ýeňen döwlet bilen bir hatarda, Mukaddes saýuzyň deňhukukly çleni hökmünde kabul edýär. Ýewropa 4 saýuzdaşyň tetrarhiýasy-grek sözi, 4 käkimýetlilik diýmek, 4-ň agalygy Fransiýa hem gatnaşyp ol 1815-nji ýylda traktatyň talaplaryny ýerine ýetirmäge borçlanýar. Bu ýagdaý Napoleonyň basybalyjylykly syýasatyny goldaýan, Burbonlara garşy-bolan fransuz buržuaziýany kanagatlandyrmandyr. 1818-nji ýylda 4-leň saýuzy hem täzelden dikeldilýär. 4-ler saýuzyň maksady Fransiýada ýagdaýy üýtgetmek bolupdyr. Germaniýada 1819-njy ýylda täze reaksion çäreler girizilýär. Awstriýa imperiýa kansleri Metternih we prus koroly Fridrih Wilgelim III Tepliň şäherlerine ylalaşyk baglaşýar. Ylalaşyk boýunça german döwletine rewolýutsion herekete garşy bilelikde göreşmek üçin plan düzülýär. Şu maksat bilen şol ýylda 1819 ýyl Karlowi Wari) şäherinde nemis hökümetiniň wekilleriniň konferensiýasy bolupdyr. Konferensiýada

metbudata uniwersitetde we talyplara garşy agyr gazaply jezalar kabul edilýär. German saýuzynyň seýminden saýlanan 5 çlenden ybatar komissiýa «Kanuna tertip-düzgüni» saklamak üçin ähli serişdeleri ulanmaly, hatda ýaragly güýji ulanmaga çenli rugsat berilýär. Ähli uniwersitetler ýörite bellenen kuratorlaryň gözegçiligine geçirilýär. Kuratorlar diňe bir talyp däl hat-da professorlaram türmä basyp bilipdir. «Burşenşaftlar» diýip atlandyrylan talyp kuratrlary gadagan edýär, onuň çlenlerinden gelejekde döwlet wezipesinde işlemek hukugyndan mahrum edilýär.

German saýuzyň beýleki döwletiň hökümetinden rewolýusion, hat-da oppozision ýazyjylar we metbugat işgärleri hem yzarlanýar. Ýöne Karlsbad konferensiýada Metternih G.O.German döwletiniň Konstitusiýany ýatyrmagy başarmaýar. Reaksiýanyň absolýut düzgüninden zorluk bilen dikeltjek bolmagy şowsyz bolýar. Feodal-monarhiýa düzgüne garşy 1820-nji ýylda başlap täze rewolýusion tolgunşyklar başlanýar. Italiýada 1820-nji ýylda rewolýusiýany basyp ýatyrmak maksady bilen 1820-nji ýylyň güýzünde Çehiýada-Troppau (Opawada) Mukaddes saýuzyň wekilleriniň II kongresi açylýar. Ýöne ol kongresiň soňundan Laýbah (Lýublýana) işgärlerine 03.01.1821-nji ýylda Kraýna raýonynda geçirilýär. Italýada, Ispaniýada milli-azat edijilik hereketiň güýçlenmegi 1820-nji ýylda Russiýada Semýonow polkunda gozgalaňyň geçmegi Ýewropanyň absolýut hökümetiniň gorkup heder etmegine getirýär. Aleksandr I rus ofiserleriniň hereketinden gorkup «Metternih sistema» çalt girişmek isläpdir. Mukaddes saýuzyň ýolbaşçysy Metternih kontrrewolýusion syýasaty ýöredipdir. Neapolitan korollygynda rewolýusiýa basyp ýatyrmagyň planyny düzüpdir. Awstriýa hökümedi gorkýar. Italiýada daşary ýurt zulumyndan azat bolmak ugrundaky göreş urşujy awstriýalylaryň Lombardiýa we Wenesiýadan kowulmagyna getirer, şonuň üçin Awstriýa italýan halkynyň milli-azat edijilik hereketine doly

garşy durýar.  Troppau (Opowa) kongresiň mejlislerinde Awstriýa, Russiýa, imperatorlary we Prussiýaň koroly kontrrewolýusion interwensiýany özleriniň syýasatynyň iň ýokary prinsipi diýip Deklarasiýa gol çekipdir. Deklaratsiýa boýunça 3 hökümedara «hukuk» berýär. Ýagny islendik ýurtda kontrewolýusion interwensiýa gurnamaga we absolýut manarhiýa häkimýeti dikeltmäge hukuk alypdyrlar. Deklarasiýa XVIII asyrda Fransuz buržuaz rewolýusiýasynyň öňe süren «milletiň beýikligi»hakynda prinsipegarşy gönükdirilen bolupdyr. Deklaratsiýa başga halklaryň içerki işlerine gatyşmazlyk prinsipe garşy bolupdyr. Kongres özüniň ýakyndaky maksady-Neapol rewolýusiýany basyp ýatyrmaly edýärkongres Italiýaň jandarmy roly Awstriýa berýär. Jandarm-fransuz sözi, jandarmeriýanyň gullukçysy. Jandermeýa-fransuz sözi, 1791-nji ýylda Fransiýada döredilen rewolýusion herekede garşy göreşmak üçin harby esasda guralan döwlet polisiýasynyň otrýady. Korol Russiýasynda hem döredilýär.

Awstriýanyň kansleri Metternih «Italiýa bu bir ýöne geografiki termindir» diýip göwniýetmezçilik edýär. 1821-nji ýylda awstriýa goşunyny  Neapolitan terretoriýa çozdurýar we 07.03.1821-nji ýylda general Pepe ýolbaşçylygynda Rieti diýen ýerde neapolitan goşunyny derbi-dagyn edipdir. Neapolyň prins-regent tarapyndan ýolbaşçylyk eden konstitusion monarhiýa hökümedi halk köpçüligiň urşa çekilmagiňden gorkup, interwentlere garşy göreşmegi bes edýär. 23.03.1821-nji ýylda awstriba goşunlaryny hiç hili söweşsiz Neapoly eýeleýär. Neapola 1820-nji ýyl kabul edilen Konstitusiýa ýatyrylýar. Neapola korol Ferdinand IV gaýdyp gelmegi bilen rewolýusiýa gatnaşanlary yzarlamak we jezalandyrmak başlaýar. Haçan-da awstriýa kontrewolýusion interwent goşunyny Neapol rewolýusiýany basyp ýatyrýarka Sardin korollygyň esasy bölegi Pemontda 10.03.1821-nji ýylda gozgalaň turýar. Pemont korol köşgi Mukaddes saýuzdan kömek sorap ýüz tutýar. 09.04.1921-nji ýylda Pemont

rewolýusyýasyndan Awstriýa goşunyny ýerli korol goşuny bilen birleşip basyp ýatyrypdyr. 12 müň awstriýaly esgerler Pemonty okkupirläpdir. Pemont rewolýusiýasynyň ýolbaşçylygyndan ölüm jezasy berilýär, ýöne olar serhetden geçip, gaçyp gizlenipdir. Pemontda repressiýa başlanýar. Mukaddes saýuz italýan rewolýusyýadan basyp ýatyrandan soň Ispaniýa garşy kontrewolýusion interwensiýa taýýarlanyp başlaýar. 1822-nji ýylyň güýzünde Weronda (D.g Italiýada) iň soňky 4-nji kongresi bolupdyr. Kongres 1822.20.10-14.12 aralygynda bolupdyr. Fransiýaň, Awstriýaň, Prussiýaň we Russiýaň reaksion hökümetiniň wekillerini ispan absolýutizmi dikeltmek meseläni kabul edipdir. Weron kongresi Ispan rewolýusiýasyny basyp ýatyrmaga Fransiýa tabşyrýarlar. Fransiýanyň geografiki ýerleşişini Ispaniýa interwensiýa etmäge ýeňillik bolupdyr. Fransuz Burbonlary goňşy döwletde absolýutizmiň dikeldilmegi goldajakdygyndan we reaksiýa tarapdary bilen çykyş edipdir. Kongresde Fransiýaň wekili görnükli reaksion ýazyjy we diplomat Şatobrian Ispaniýa kontrew interwen görnükli belli lideri bolup çykyş edýär. Ýöne Fransuz hökümeti Ispaniýa interwensiýa, Fransiýada liberal we radikal buržuaziýaň nägileligiňden gorkup heder edipdir. Şonuň üçin Fransuz hökümeti öz reaksion maksadynda Mukaddes saýuza arkalanýar. Lýudowik XVIII hökümedi Ispaniýaň jandarmy rolyny begenip alýar, ispan rewolýusiýasyny ýeňip dworýan reaksiýany diňe bir Prineý ýarym adasynda däl hat-da Fransiýanyň öz içinde-de berkitmek isleýär. Ýewropaň ähli progressiw adamlary fransuz kontrrew interwen näletläp çykyş edipdir. Waýron «Kümüş asyry» poemasynda Beranje «Täze buýruk» goşgusynda fransuz reaksionerleriniň syýasatyny masgaralap ýazypdyr. Puşkin Riegonyň öldüren jellatlary näletläp goşgusyny ýazýar. Riegony öldüren Italýan karbonari we Fransiýaň rewolýusionerlerini Ispan Konstitusion hökümedine kömek bermek üçin Meýletin Otrýad döredýär.

04.1823-nji ýyl 100 müň adamdan ybarat fransuz goşuny Lýudowik XVIII ýegeni gersog Angulemskiniň ýolbaşçy Ispaniýa girip we Kadise çenli tutuş ýurdy hiç hili harby garşylyk görmän geçipdir. Ispaniýada 1820-nji ýylda kabul edilen Konstitusiýa ýatyrylýar. Ispaniýada rewolýusiýanyň ýolbaşçysy Riego asylyp öldürilýär. Bu barada Puşkin goşgusynda ýazýar. Italiýa we Ispaniýa interwensiýa Mukaddes saýuzyň öz içinde gapma-garşylygy artdyrýar. Fransiýanyň dolandyryjy toparlary Italýan döwletleri Pýemont we Neapolitan korollygy awstriýa goşunynyň okkupasiýasy netijesinde Awstriýa täsiriniň güýçlenmegiňden nägile bolup çykyş edipdir. Şonuň üçin hem Fransia Trppau kongressinde kabul edilen 3 döwletiň dekloratsiýasyna goşulmandyr. Weron kongresinde Anglýa Mukaddes Soýuzyň syýasatyndan aýrylýandygyny yglan edýär. Anglýa M.S sostawyna duran wagty hem rewolýutsion hereketlerini basyp ýatyrmagy goldapdyr. Prineý ýarym adasynda agalyk täsiri ugrunda göreşi iňlis fransus agalyk ugrunda gapma-garşylygyň artmagy Anglýa 1822ý M.S syýasatyna nägilelik güýçlenip başlaýar. Ispanýa, Fransýa, Interwatsiýa we şol netijede Ispanýanyň Fransiýanyň agalygynyň dikeldilmegne Anglýa nägile bolupdyr. Sebäbi Ispaný iňlis harytlarynyň ähmiýetli bazary bolup çykyş edýär. Britan Kabiniýeti şazada Angulemskiniň Madrida uly ýörişini goldamasada, Ispan rewolýutsiýasynyň çuňlaşmagyndan gorkup we öz güýçli gury ýer goşuny üpjün bolan soň Fransiýa kontrewrasi interwatsia mejbury razy bolýar. Ispanýa portugal zulumyndan azat edilen Latyn Amerika döwletleri söwda we senagaty ösmedik bolan soň-Anglýa ykdysady garaşly bolupdyr. Anglýa söwdegärlere deňizde iňlis flotynyň agalygynda peýdalanan ýaňky döwletlere söwdasyny ornaşdyrýar. Anglýanyň daşary syýasatynyň MID Kanniniç 1822-1827-nji ýyllar aralygynda ýolbaşçylyk edýär. Kanniniç tori partiýaň aram liberal ganatyna degişli bolupdyr. Ol britan buržuaziýasynyň bähbidi üçin goldawy gerek däl

diýip hasaplapdyr. Iňkis buržuaziýaň Latyn Amerika bilen söwda bähbide garaşsyzlygyny hökmany ykrar etmeli diýlipdir. Sebäbi Ispan we portugal agalygy iňlis söwdasyna we Angliýa täsiri agalygyna päsgel berýär. Şeýle etmek bilen Kanninç Angliýa öz içinde saýlaw reforma ugrunda göreş peselmegini isläpdir. 1823-nji ýyl iňlis hökümedi Ispan Amerikasynyň esasy şäherlerine öz konsullaryny belläpdir. 1825-nji ýyl Latyn Amerikan döwletiniň garaşsyzlygyny formal ýagdaýda ykrar edýär. Kanninç öz syýasatynyň esasy we hakyky maksatnamasyndan iňlis ministriniň birine hatynda beýan edýär: «Egerde biz assyrynlyk bilen işi soňuna çenli alyp gitsek onda azat bolan ispan Amerikasy iňlis Amerikasy bolar» 1821-nji ýyl Ýewropada döwletinde türk zulumyna garşy grekleriň gozgalaňy ünsüni özüne çekýär. Türk goşunlary 10müňlerçe grekleri gyryp gozgalaňy basyp ýatyrmaga synanşýarlar. 1822-nji ýyl grek milli ýygnagy ýurduň garaşsyzlygyny yglan edipdir. Türk soltan hökümediň iberen goşuny Kios adasynda 23 müň grek ýaşaýjylaryny öldüripdir, 47 müň gregi gul edip satypdyrlar. Ýöne grek halky garşygylygyny dowam etdiripdir. 1822-nji ýyl Weron kongresinde Awstriýa, Russiýa we Prussiýa «grek gozgalaňçylary topalaňçy. Grekler öz «öz Kanuny hökümdary»-türk soltanyna garşy bunt-topalaň turuzypdyrlar. Bu örän ýalňyş» diýip yglan edilipdir. Ýöne geljekde Ýewropa döwletiniň pozisiýasy grek meselesinde üýtgäpdir. Britan hökümeti grek gozgalaňyny öz peýdasyna ýagny Gresiýada öz täsirini dikeltmek we iňlis söwdasyny giňeltmek maksady bilen grekleri goldapdyr. Fransuz hökümedi hem grek gozgalaňy gyzyklanýar, Gresiýada täsirini dikeltmek bilen Balkanlarda pozisiýasyny daýanç hökmünde garaýar.

Rus saarizmi grek gozgalaňynda öz peýdasy hökmünde ýagny Türkiýeni gowşatmak we ysgyndan gaçyrmagy maksat edinýär. Grek gozgalaňyny Rus sarizimi goldamak bilen Prussiýaň ýakyn gündogar Balkanlarda pozisiýasyny

berkitmegi göz öňünde tutýar. Prus Korol hökümedi Nikolaý I ýolbaşçylygynda we rus pomeýşikleri Dunaý kinýazlyklary, Konstantinopolda Russiýaň agalygyny dikeltmek isläpdir. Sebäbi baglaşylan Rus-türk şertnamalary esasynda:

1.Türk hökümedi Russiýa bilen ylalaşyp bilmekde Dunaý kinýazlyklary Moldawiýa we Lalahiýaň hökümdaryndan bellemelidi, ýöne şony ýerine ýertirmeýär.

2.Turkiýe gara deňizde-grek gämileriniň söwdasyny gadagan edýär. Bu bolsa Prussiýaň azat deňiz söwdasyny ýatyrýar. Sebäbi aýlaglarda rus söwda gämisi ýok, Ruslar öz çörek söwdasyndan trek gämileriniň üsti bilen amala aşyrýarlar. Rus çörek zapasyň odessada çüýräp ýatmagy rus pomeýşiklerine nägileligini artdyrýar. Korol Nikolaý I grek gozgalaňyny goldap Turkiýe bilen urşy alyp barjakdygyny aýdýar.

Grekleri goldaýan dostlaryna-filellin-grek sözi ellinleri söýýän diýip atlandyrylýar. XIX asyryň 20-nji ýyllarynda türk zulumyna garşy göreşýän greklere kömek etmek üçin Russiýada, Angliýada Fransiýada we beýleki günbatar Ýewropa döwletlerinde pul ýarag meýletin adamlary ýygnap ugradypdyrlar. Iňlis şahyry Baýron öz hasabyna meýletinçilik otrýadyndan döredip Gresiýa garaşsyzlyk ugrydaky urşa ugraýar.

Russiýa Gresiýany goldamagy Awstriýa ýaramandyr, ol Balkanlylarda Rus täsiriniň agalygyna garşy bolupdyr. Ýewropanyp döwletleri 1826-nji ýyldan başlap meselä has aralaşyp goşulýarlar. 1827-nji ýyl Russiýa,Angliýa, Fransiýa-Gresiýada özüniň söwda we syýasy agalygy ugrunda dalaşýanlar konwesiýa go çekipdir. Konwesiýa-latyn sözi ýörite mesele boýunça halkara şertnamasy ylalaşygy diýmek. Konwensiýa barada:

1.Gresiýaň peýdasyna bileleşikde diplomatik hyzmatdaşlyk we grek meselä gatyşmaklyk.

2. Gresiýaň öz-özüni dolandyrmak üçin Türk soltanyna talap edipdir.

3.Üç döwlet-Angliýa Fransiýa Russiýa flotynyň täze kömek goşuny grekleri ibermek üçin bilelikdäki hereketleri.

Ýöne Türk soltany Angliýa we Fransiýaň Turkiýa garşy uruşa barmajagyny bilip konwensiýaň talaplaryny ret edip, represiýany dowam etdiripdir. 1827-nji ýyl grek halky betbagytçylyk ýagdaýa duşýar. 1827-nji ýyl Nawarin Buhtasyna Osman we Müsür flotynyň bilelikdäki goşunlary girýärler. Türk we Müsür goşunlary tutuş Gresiýaň içinde ot we ýarag bilen geçip gozgalaňçylary gyryp düölemek isläpdirler. Ýöne başa baranok. Sebäbi Russsiýa Angliýa Fransiýa birleşen Eskadrafy Nawarini gelipdir. Türk floty 20.10.1827-nji ýyl Nawarin söweşinde derbi-dagyn edilýär. Nawarin ýeňşi grek halkyny gyrgynçylykly uruşda halas etdi.

Ýewropanyň öňde baryjy adamlary Nawarin ýeňişi gutladylaruruşda esasy roly-rus deňiz floty oýnaýar. Angliýa we Fransiýa deňiz floty Balkanlarda Russiýaň agalyk ediji rolyndan gokup özleren zordan gatnaşýarlar. Nawarin söweşinden soň hem türk soltany Gresiýa garaşsyzlyk berenok we Russiýa garşy urşa taýýarlanyp başlaýar. Rus Koroly hem edil öňki ýaly greklere kömek bermegi öz bähbidine Gresiýada Rus täsirini dikeltmek we Türkiýäni gowşatmak maksady bolupdyr. 1828-nji ýyl Russiýaň Turkiýa garşy uruş yglan edipdir. Netijede 1828-1829-njy ýyllarda Rus-Türk uruşlary bolup türkler ýeňilýär. Adrianapol ýaraşyk şertnamasy boýunça Turkiýa Gresiýa doly sftonomiýa berýär. Grek milli-azat edijilik rewolýusiýa we rus-türk uruşlary Awstriýa we Russiýaň gatnaşyklaryndan dartgynly edip «Mukaddes saýuz» geljekki dargamagyna getirýär.

«Mukaddes saýuz» we «Legitilizm» prinsiplerine täze urgyny 1830-nji ýyl iýul rewolýusiýasy urdy. 1830-nji ýyl iýul rewolýusiýa Fransiýada Burbonlar dinastiýasyny tagtyndan agdarýar. Lun-Flippiň iýul monarhiýasy döran birinji gününden

başlap öz halkara ýagdaýyny berkitmek ugrynda göreşýär. Ol Angliýa bilen ýakynlaşyp öz islendik şertlere taýynlygyny Fransiýa tarapyndan aýdýar. Şonuň üçin hem Britan Kabineti haýal etmän Lun-Flippi ykrar edipdir. Ýagny Angliýa Fransuz kökümeti bilen birleşip russiýa garşy çykyş etmek üçin edilýär.

Rus Koroly Nikolaý I iýul monarhiýa meselä goşu;jak bolupdyr. Sebäbi iňlis fransuz ýakynlaşmasy başlanýar. Nikolaý I Awstriýa we Prussiýany Fransuzlary garşy interwensiýa çykarjak bolýar. Ýöne Awstriýa we Prussiýaň arasynda gapma-garşylygyň güýçlenmegi hem-de Awstralýa Rus gatnaşyklarynyň ýitileşmegi Korolň planyny puja çykarýar. Nikalaý I çykgynsyz ýagdaýa düşýär. Interwensiýa başa baranok. Netijede NiokolaýI Lon-Flippiň häkimýetini mejbury ykrar etmeli bolupdyr.

Prus Koroly ýene bir uyl howsala düşdi. Fransiýadaky iýul rewolýusiýaň yzysüre Belgiýada Golland agalygyna garşy rewolýusiýa turýar. Rewolýusyýa netijede Belgiýaň Gollandiýadan aýrylýandygyny yglan etdi. Lon-Flipp Belgiýa harby kömek berdi. Sebäbi öz ogly Gersor Nemuriskiniň Belgiýaň tagtyna çykarmak isleýärdi. Bu bolsa Belgiýada Fransuz agalygynyň dikeldilýändiginiň alamatydy. Muňa bolsa hemişe Angliýa örän howatyrlanýardy. Lun-Flippiň bu meýli diňe bir Nikolaý I nägileligiňden güýçlendirilmän eýsem Angliýada ýiti ynjalyksyzlyk döretdi. Rus Koroly iňlis hökümeti bilen gepleşikde başlajak bolupdyr. Nikolaỳ I Prussiýa rus goşunyny Belgiýa goýberer diýip tama edýär. Ýöne başa baranok sebäbi 29.311.1830-nji ýylda başlanan polýak gozgalaňy Sarizmiň ünsüni we güýjini Belgiýadan sowup Polşa geçirýär.

Polýak gozgalaňy NIkolaý I Belgiýa gurnaýan interwensiýadan aýyrdy. Belgiýaň özbaşdaklygynyň berkidilmegine uly itergi berdi. Iňlis hökümeti Niderland korollarynyň garşysyna her hili garşylyk görkezmändir. Belgiýaň Fransiýadan garaşsyz bolmagy şerti öňe süren

Angliýa bolupdyr. Lun-Flipp Fransiýa we Angliýaň täsiriniň ýakynlaşmagy üçin Belgiýa tagtyna hödürlän öz ogly Gersor Nemurskiniň kandidaturasyndan ýüz döndürýär. Angliýaň korelewwa familýa degişli, iňlisleň öňe sürýän kondidaturasy gersor Leonald Saksen Kuburgeksiniň Belgiýaň tagtyny çykmagyna razy bolýar. Belgiýada Niderland korollygynyň agalygynyň dikeltmek maksady başa barmansoň rus Korol hökümati indi Belgiýaň özbaşdaklygyna eldegrilmezlik kepilnamasy ugrunda aladalanyp başlaýar. Russiýaň bu pikiri Anglýa bilen deň gelýär, sebäbi Fransiýa Belgiýaň özbaşdaklygyna şikes ýetirmezligi üçin edilýär. 1831 ýylda Londanda 5 beýik döwlet – Anglýa, Fransiýa, Russiýa, Awstrýa we Prussiýaň ilçileriniň gatnaşmagynda konferensiýa bolup geçýär. Konferensiýada Belgiýanyň «ömürlik bitaraplygy» barada pratokola gol çekilýär.

Ýokardaky aýdylanlardan görşümiz ýaly Napalion imperiýasy derbi-dagyn edilenden soňky ilkinji ýyllarda tutuş Ýewropada häsiýet bolan feodal aristokratik reaksiýanyň agalygy dikeldilýär. Mukaddes Soýuzyň reaksion syýasaty düýp mazmuny dolandyryjy toparlaryň dworýan dinastiýa öz bähbitlerinde jemlenýär. Reaksiýaň esasy lideri awstrýa kansleri knýaz Metternih bolupdyr. Köpmilletli könelen Gabsburglar monarhiýaň saklamak üçin Germaniýanyň üstünden awstrýa zulumyny saklamak üçin 1815 ýylda Metternih milli azat edijilik hereketi yzarlap başlaýar. Awstrýa imperiýasynda dürli milletleri biri-birine küşgürýär. Sebäbi şeýle etse dolandyrmak aňsat bolupdyr. «Mitternih sistemasynyň» düýp mazmuny şeýle bolupdyr. Awstrýa hökümedi balkan halklarynyň türk feodal absolýut zulumyndan azat bolmagyna garşy bolupdyr. Sebäbi balkan halklarynyň mlli azat edijilik hereketi Awstrýa imperiýasyndaky halklaryň zat bolmak ugrundaky urşa iterer howpundan gorkupdyrlar. Awstrýa hökümedi Germaniýa agalyk ediji roly gazanyp, onuň dagynyklygyny we gwrman azat edijilik we demokratik

hereketini yzarlamak bilen öz elinde saklamak isläpdir. Mitternihiň reaksion syýasatyny amala aşyrmakda milli bitewi birleşdirilmek herekete garşy toparlary prus köşk adamlary we prus ýunkerleri aktiw çykyş edipdirler. Russiýada Arakçeýewçilik düzgüni agalyk edýär. Islendik erkin pikirlenmek yzarlanýar. Rus Koroly Aleksandr I öz orunbasary edip döwlet sowetiniň haeby departamentiniň başlygy edip Arakçeýewi belleýär. Korolyň öňünde ministrler sowetiň hasabatyny ýeke-täk berýän we birinji ýüz bolup çykyş edýän Arakçeýew bolupdyr. Harby düzgüne eýrip edara etmek diýmek. Mukaddes soýuz özüniň dörän ilkinji ýyllarynda AleksandrI reaksion täsiri ähliumumy Ýewropa işine güýçli täsir edýär. aleksandrI «Ýewropanyň žandarmy» ady goýulýar.

Anglýada reaksiýa buržuaz-aristokratik häsiýetde bolupdyr. Umuman tutuş Ýewropada progressiw matbugata-senzura, uniwersitet we mekdeplerden liberal professor mugallymlaryň kowulmagy giň germe eýe bolýar.

## §11. Fransiýa XIX asyryň birinji ýarymynda

**Fransiýanyň ykdysady we syýasy ýagdaýy.** XIX asyryň birinji ýarymynda Fransiýada senagatyň ösüşi artdy. Ownuk öý hojalyk we senetçilik kärhanalaryň ornuna fabrik, zawodlar gelipdir. Senagat öwrülşigi ýuwaş-ýuwaşdan güýje giripdir. Esasanam ýurduň egirme-dokma senagaty güýçli depginde ösýärdi. 1815-1830-nji ýyllarda polat eretmek, daş kömri gazyp almak iki esse artdy. Metallurgiýa senagatynda daş kömür köpçülikleýin ulanylyp başlandy. Önümçilikde bug maşynlarynyň ulanylyşy 1820-1830-nji ýyllarda on esse ösüpdir.

Bu döwürde Pariž taýýar önümiň merkezine öwrülipdir. Şäherde egin-eşik, aýakgap dukanlary köpdi. Himiýa we çaphana pudaklary hem ösýärdi. Ykdysadyýetde oba hojalygyna uly orun degişlidi. Ekin meýdanlarynda kartoşka

bilen gant şugundury köp ekilýärdi. Emma daýhanlaryň arasynda emläk taýdan deňsizlik ýyl-ýyldan güýçlenýärdi. Daýhanlaryň köpçüligini agyr salgytlar çökerýärdi. Daýhanlaryň ýaşaýyş derejesi we hojalyklary pes ýagdaýdady.

Napoleonyň goşuny Waterlooda derbi-dagyn edilenden soň häkimiýete Lýudowik XVIII gaýdyp geldi. Onuň bilen Fransiýa gaçyp giden müňlerçe begzadalar hem dolandy. Dolanyp gelenler köne düzgünleriň we emläkleriň dikeldilmegini talap edýärdiler. Iezuitler (hristiýan dininiň arassalygy ugrundaky göreşijiler) ýurda dolanyp geldiler. Ýurtda Ňapoleonyň tarapdarlaryny yzarlaýardylar. Müňlerçe adamlar jenaýata çekilip, şolaryň 9 müňüsiniň garşysyna jeza çärelerini ulanmak barada höküm çykaryldy.

Emma Burbonlaryň nesilşalygynyň häkimýete gelmegi bilen Fransiýada rewolýusiýadan öňki düzgünleri dikeltmek başartmady. Wena maslahatynyň kararlary Lýudowik XVIII-ni Fransiýada konstitusiýany kabul etmäge, rewolýusiýa we imperiýa döwründe esaslandyrylan jemgyýetçilik gurluşyny saklamaga borçly edýärdi. Ýeňiji döwletler köne düzgüne gaýdyp gelinmegi Fransiýada täze rewolýusion çykyşlary döreder öýdüp gorkýardylar.

Muňa 60 ýaşly patyşa Lýudowik XVIII hem düşünýärdi. Patyşa häsiýeti boýunça mylaýym adam bolup, ol ýurduny asuda dolandyrmak isläpdir. Ol öz häkimiýetiniň hudaý tarapyn berlendigine we kanunydygyna berk ynanypdyr. Lýudowik XVIII fransuz raýatlarynyň deňligini ykrar edýärdi we rewolýusiýa döwründe emeldarlaryň eline geçen emläklerini kanunlaşdyrdy. Korol öz häkimýetiniň çäklendirilmegi bilen hem ylalaşdy. Fransiýanyň „1814-nji ýylyň hartiýasy” diýlip atlandyrylýan täze Konstitusiýasy ýurtda konstitusion patyşalygy döretdi. Konstitusiýanyň esasynda patyşanyň häkimýetini çäklendirýän iki palatadan durýan kanun çykaryjy edara döredildi.

Fransiýada ýaşy 30 ýeten we 300 frankdan az bolmadyk möçberde salgyt töleýän erkek adamlara saýlaw hukugy berildi. Kanun çykaryjy ýygnaga deputat bolmak üçin erkek adamynyň ýaşy 40-dan pes bolmaly däldi we munuň üçin ýylda 1000 frankdan az bolmadyk salgyt tölemelidi. Netijede saýlawlara gatnaşmaga 80-100 müň adam, saýlanyp bilmäge bolsa 16-18 müň adam hukuk aldy.

Fransiýada agalyk ediji ýagdaýa buržuaziýanyň az sanly topary bilen häkimýeti paýlaşan iri mülkdarlar eýe bolylar. Emma ýurtda demokratik düzgünler ýyl-ýyldan berkeýärdi we ösýärdi. Fransiýada häkimýet ýuwaş-ýuwaşdan Angliýa we ABŞ ýaly öndebaryjy döwletleriňkä meňzeýärdi. 1818-nji ýylda ýurtda döwlet býujetine parlament tarapyndan gözegçilik etmek barada kanun kabul edildi. 1819-nji ýylda bolsa metbugat hakynda kanun kabul edildi.

Lýudowik XVIII döwleti umuman alanyňda üstünlikli edara edýärdi. Sebäbi ol döwlet işlerine başarjaň adamlary belleýärdi. Olaryň arasynda ökde syýasatçylar we guramaçylar bolan gersog Rişelýe we Benjamen Konstan aýratyn tapawutlanypdyrlar. Hut olaryň hyzmaty bilen Fransiýada möhüm özgertmeler durmuşa geçirilipdir.

**1830-njy ýylyň buržuaz rewolýusiýasy.** 1824-nji ýylda Lýudowik XVIII aradan çykýar. Patyşa önelgesizdi, şonuň üçin hem fransuz tagtyna Karl X ady bilen onuň kiçi dogany graf de Artua geçýär. Häsiýeti boýunça Karl X ýeňilkelle hem-de özdiýenli bolupdyr, özi hem barypýatan şöhratparaz adam eken. Ol fransuz jemgyýetini köne adatlar boýunça dolandyrmak isleýärdi. Täze patyşa giň halk köpçüliginiň, şol sanda gurply gatlaklaryň hem bähbitlerine çapraz gelýän syýasat alyp barýardy. Ol Milli gwardiýany dargydypdyr, Napoleonyň döwründäki generallaryň 250-sini goşundan boşadylýar. Patyşa ýurda dolanyp gelen gaçgak begzadalara ýitiren emläkleri üçin öwez pullaryny tölemegi göz öňünde

tutýar. Korolyň bu başlangyçlary ýurtda syýasy krizisiň, ýagny jemgyýetçilik-syýasy durmuşyň ýitileşmegine getirýär.

Karl X syýasatyna garşy Fransiýanyň milli ýygnagy çykyş edýär. 1827-1830-njy ýyllardaky parlament saýlawlarynda patyşanyň garşydaşlary ynamly ýeňiş gazanypdyrlar. Şeýle ýagdaýda korol ýurduň konstitusiýany bozýan dört sany permany çykarýar. Permanlar boýunça Fransiýanyň milli ýygnagy dargadylýar, saýlaw hukugy diňe iri ýer eýelerine berilýär, metbugat azatlygy gadagan edilýär we gazetleri neşir etmek üçin ýörite rugsatnama girizilýär.

Patyşanyň kabul eden permanlary ýurtda döwlet agdaryşlygy hökmünde häsiýetlendirilýär. Parižiň şäher ilaty, işçiler iş taşlap, köpçülikleýin çykyşa başlaýarlar. Olar patyşanyň tagt başyndan gitmegini talap edýärdiler. Parižliler köçeleri eýeläp hökümet goşunlary bilen göreşe girişipdirler.

28-nji iỳulda irden halk hereketi Parižiň merkezini dolduryp, gozgalaňçylar patyşanyň köşgini eýeleýärler. Rewolýusiýa üç gün dowam edip, ol Karl X tagtdan el çekmegi bilen tamamlanýar. Karl X Angliýa gaçyp gitdi. Fransiýada Wagtlaýyn hökümet doredilip, onuň ýolbaşçylygyna rewolýusiýon hereketiň baştutanlary bankir Laffit we general Lafaýet saýlanýarlar.

1830-njy ýylyň 9-njy awgustynda patyşa nesilinden bolan Lui Filipp Fransiýanyň patyşasy diýlip yglan edilýär. Täze patyşanyň goldamagynda häkimýete Laffit, Tiýer we Gizo ýaly görnükli adamlar gelýär.

Lui Filippiň ägirt uly maýa goýumy, mülkleri we tokaýlary bardy. Ol iri maýa goýumçylaryň arkasynda durýardy. Ol fransuz jemgyýetiniň ähli gatlaklarynyň wekilleri bilen duşuşypdyr. Patyşa käte Parižiň köçelerinde ýeke özi köne penjekli, eli saýawanly aýlanyp, işçiler, dukançylar bilen salamlaşyp, olar bilen käte bir bulgur çakyr hem içýär eken. Täze kabul edilen konstitusiýa laýyklykda söz, metbugat we ýygnaklar azatlygy yglan edilýär.

Fransiýada bolup geçen bu wakalar 1830-njy ýylyň Iýul rewolýusiýasy diýlip atlandyrylýar. Lui Filipiň häkimýet başyna gelmegi bolsa “Iýul monarhiýasy” diýen ady aldy.

**Işçileriň gozgalaňy.** Fransiýada buržuaz gatlaklaryň häkimiýet başyna gelmegi ýurduň ykdysady taýdan ösmegine uly itergi berdi. Senagatyň esasy pudaklarynyň maşyn önümçiligine doly geçmegi bilen Fransiýada senagat öwrülişigi tamamlanýar. Gara we demir ýollaryň gurluşygynyň ösmegi bilen bolsa söwda pajarlap ösdi. Iri maýa goýumlary oba hojalygyna-da barha köp aralaşýardy. Muňa garamazdan senagat öwrülşigi işçileriň ýaşaýyş derejesini ýaramazlaşmagyna getirdi.

Fabriklarda iş güni 12-16 sagat dowam edýärdi. Sähelçe ýalňyşlyk üçin ony işden kowýardylar. Aýlyk haky juda pesdi. Işçiler birleşip öz hukuklaryny goramak üçin jemgyýetleri döredýärdiler. Bu jemgyýetlere ownuk buržuaz gatlaklary, intelligensiýa wekilleri, şäher ilaty girýärdi.

Halk köpçüliginiň nägilelikleri Lionda we Parižde işçileriň çykyşlarynyň başlamagyna sebäp boldy. Işçiler bilen häkimiýetiň arasynda has ýiti göreşler 1831-nji we 1834-nji ýyllardaky Lion dokmaçylarynyň gozgalaňy boldy.

Işçiler “zähmet çekip ýaşamaly ýa-da göreşip ölmeli” diýen şygary öňe sürýärdiler. 1831-nji ýylda gozgalaň turzan işçiler Lion şäherini wagtlaýyn öz ellerine alypdyrlar. Dokmaçy işçileriň Liondaky gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin Parižden 20 müňlik goşun iberildi. Patyşa goşunlary işçileriň gozgalaňyny rehimsizlik bilen ýatyrýardy.

1834-nji ýylda Lion dokmaçylary ýene-de göreşe galdylar we respublikany talap etdiler. Göreş alty günläp dowam edýär we ahyrynda ýene-de basylyp ýatyrylýar. Liondaky gozgalaňlar basylyp ýatyrylsa-da, olaryň uly taryhy ähmiýeti bolupdyr. Fransiýanyň beýleki senagat şäherlerinde hem häkimiýetiň alyp barýan syýasatyna garşy hereketler ýüze çykypdyr.

XIX asyryň birinji ýarymynda Fransiýa daşary syýasatda basybalyjylykly hereketleri alyp barýardy. 1830-nji ýylda 37 müňlük fransuz goşuny Demirgazyk Afrikanyň baý ülkeleriniň biri bolan Alžiri basyp alýar. Alžir fransuz koloniýasy diýlip ykrar edilýär. Emma Abdyl Kadyryň baştutanlygyndaky milli azat edijilik hereketiniň netijesinde fransuzlara Alžiri birbada doly basyp almak başartmaýar. 1834-nji yylda Fransiýa bilen Alžiriň arasyndaky gol çekilen şertnama boýunça fransuzlara diňe üç sany kenarýaka şäherleri berlip, Alžir garaşsyz diýlip yglan edilýär. Emma Fransiýanyň dolandyryjy toparlary bu şertnamany bozup, Alžire täzeden hüjüm edýärler. Netijede, XIX asyryň 40-njy ýyllarynda Alžir fransuzlar tarapyndan doly basylyp alynýar.

## §12. Germaniýa XIX asyryň birinji ýarymynda

**Senagatyň we söwdanyň ösmegi.** 1814-nji ýylyň Wena maslahatynda Ýewropa döwletleriniň baglaşan şertnamasy boýunça german döwletleriniň birleşigi döredilýär. Oňa 38 sany german döwletleri girdiler. Emma German birleşmesi bir bitewi döwlet däldi. Onuň umumy gaznasy, goşuny, häkimiýetiň özygtyýarly edaralary ýokdy. Emma, şeýle-de bolsa, bu birleşme milli garaşsyz döwleti döretmekde öňe ädilen ilkinji ädimdi. German döwletleriniň iň güýçlisi hem-de ykdysady taýdan kuwwatlysy Prussiýa Korollygydy. Prussiýa tarapyndan eýelenen günbatar ýerlerde – Reýn welaýatynda we Westfaliýada, Sakson Korollygynda hem-de Sileziýa welaýatynda iri senagat has ösendi. Baryp Napoleonyň agalygy döwründe Reýn welaýatynda buržuaz kanunlary girizilip, bu ýerde maýa goýumlarynyň mukdary artýardy.

Saklanyp galan 38 döwletiň her birinde öz metal puly, ölçeg we agram birlikleri hereket edýärdi. Içerki gümrükhanalar köpdi. Bularyň barysy ýurduň içinde söwda işini kynlaşdyrýardy. Birentek german döwletleriniň, şol sanda

Prussiýanyň hem, mülkleri dagynyk böleklerden ybaratdy, bu bolsa ýagdaýy öňkiden-de beter çylşyrymlaşdyrýardy. XIX asyryň 30-40-njy ýyllarynda Reýniň golaýyndaky şäherlerde eýýäm nahmata we ýüpek fabrikleri köpdi. Rur derýasynyň jülgesinde kömriň gazylyp alnyşy köpelipdi, metallurgiýa we ýarag zawodlary ösýärdi. Saksoniýada nah ýüplik egirýän iri fabrikler döräpdi. 40-njy ýyllarda Germaniýada demir ýollaryň gurluşygy we gämi gatnawuň ösüşi çaltlanýardy. Berlinde gämi gurluşyk zawodlary döredilýärdi. 40-njy ýyllaryň aýaklarynda Berlin iri senagat merkezine öwrülipdi. Emma senagat babatda Germaniýa, Angliýadan we Fransiýadan juda yza galýardy.

**Oba hojalygynda kapitalistik gatnaşyklarynyň Prussiýa ýoly.** Germaniýada oba hojalygy erkin daýhan hojalyklaryndan durýardy. Şahsy taýdan germaniýaly daýhanlar hukuksyz däldiler. Emma Germaniýanyň günbatar we günorta-günbatar ýerlerinden özge ähli ýerlerde daýhanlar mülk eýelerine köp pul töleglerini tölemäge borçlydylar. Gurply hem-de ýer sürmek üçin iş maly bolan daýhanlar öz borçlaryndan pul töläp azat bolmaga ygtyýar aldylar. Emma tölegleriň şertleri örän agyrdy. Ähli ýyllyk tölegleri bilelikde alanyňda şondan 25 esseden-de köp töleg tölemelidi. 1815-nji ýyldan soň 30 ýylyň dowamynda öz borçlaryny satyn alyp bilenler ähli daýhanlaryň ¼ köp däldi

Prussiýada ähli ýerleriň ýarysynda-da köpüsi iri ýer eýelerine degişlidi. Prussiýanyň iri ýer eýeleriniň mülklerinde oba hojalygy ösýärdi, süle, kartoşka ösdürilip ýetişdirilýärdi, köp sanly spirt-arak, çakyr zawodlary döredilýärdi. Iri ýer eýeleri ujypsyzja paý ýerlerini saklap galan, garyp düşen daýhanlaryň batrakçylyk etmegini giňden ulanýardylar. Gurply, «uly daýhanlar» («grossbauer») diýilýänler hem batraklary hakyna tutýardylar. Şonuň üçin hem Germaniýanyň oba hojalygynda iri ýeçiliginiň saklanyp galmagyny we onda batraklaryň hakyna tutulyp işledilmegini oba hojalygynda bazar gatnaşyklarynyň «Prussiýa ýoly» diýip atlandyrýarlar.

Bu ýol garyp daýhanlar üçin aýratyn-da agyrdy. Ösüşiň prussiýa ýoly şertinde olar şol bir wagtyň özünde hem-ä hakyna tutma batraklar hökmünde ezilýärdiler hem-de iri mülkdarlara kärende salgydyny töleýärdiler.

Germaniýanyň günbatarynda we günorta-günbatarynda mülkdarlaryň peýdasyna ýerine ýetirilýän borçlar eýýäm ýokdy, emma şol ýerlerde ekin we üzüm ekmek üçin daýhanlara ownuk kärendesine ýer berýän iri ýer eýeleriň mülkleri saklanyp galýardy. Daýhanlar salgytlardan, ýokary kärende töleglerinden juda horluk çekýärdiler, süýthorlara we täjirlere bergi edip, bendilik ýagdaýyna düşýärdiler.

Germaniýanyň syýasy dagynyklygy we oba hojalygynda saklanyp galýan yza galak düzgünler iri maýa goýum önümçiliginiň mundan beýläk ösmeginiň ýolunda esasy päsgelçilikdi.

**Silez dokmaçylarynyň gozgalaňy.** Germaniýada ýetip gelýän rewolýusiýanyň esasy wezipesi ýurt dagynyklygyny ýok etmekden we ýurdy syýasy taýdan birleşdirmekden ybaratdy.

Germaniýada hakyna tutma işçileriň arasynda manufakturalarda gurply senetçileriň garamagynda gol zähmeti bilen işleýän ussa kömekçileri agdyklyk edýärdi. Hojaýynlar arzan iňlis önümleriniň köp gelmegi netijesinde harytlaryň bahasynyň pese düşeni zerarly çekilen zyýanlary işçileriň üstüne atmakdan ötri, olaryň iş hakyny kemeldýärdiler. Iş hakyny ýaramaz önümler bilen, köplenç ýokarlandyrylan bahalar bilen tölemeklik ýaýradylypdy; hemme ýerde işçileriň zähmet şertleri we ýaşaýyş durmuşy örän erbetdi. Tozdurulan senetçilerden bolan işçiler, ludditler ýaly, maşynlary özleriniň esasy duşmanlary hasap edip, olary weýran edýärdiler.

Iri senagatyň ösmegi bilen Sileziýanyň daglyk obalaryndaky dokmaçylaryň ýagdaýy çydar ýaly bolmady. Olar iri manufakturalaryň we fabrikleriň eýelerinden ýüplük alýardylar. Özleriniň hünäri bilen meşgullanmaga hukuk alandyklary üçin dokmaçylar mülkdarlara aýratyn hak tölemeli

bolýardylar. Fabrik eýeleri dokmaçylaryň önümlerini iň pes nyrhdan kabul edýärdiler. Swansiger diýen fabrik eýesi dokmaçylara aýratyn zabun garaýardy.

Baryp gogalaňdan öň hem dokmaçylar fabrik eýeleriniň penjireleriniň öňünde «Adalatly höküm» diýen aýdyma hiňlenýärdiler. Bu aýdym ynsapsyz fabrik eýelerini masgaralap näletleýärdi we dokmaçylaryň öz hak-hukuklary ugrundaky göreşlerinde söweşjeň şygara öwrülipdi.

Dokmaçylar aýdym aýdyp, Swansigeriň jaýyna bakan ugrapdyrlar. Jaýdan märekäniň üstüne dazlap daş bary zyňlyp ugranda, gozgalaň başlandy. Işçiler boýaghanany, fabrigiň edarasyny  we Swansigeriň jaýyny ýykan-ýumran etdiler. Şol günüň ertesi goňşy obadaky fabrikler hem berbat edildi.

Ýagdaý çylşyrymlaşansoň häkimiýetler goşun çagyrdylar. Ilkinji çaknyşykda dokmaçylardan 11 adam öldi we 24 adam ýaralandy, emma işçiler goşuny yza çekilmäge mejbur etdiler. Goşunlaryň kömege ýetişen has uly harby bölümi gozgalaňy topa tutup ýatyrdy. 70-den gowrak adam tussag edildi, ýenjilmeklige we beýleki agyr temmilere sezewar edildi. Sileziýada 1844-nji ýylda bolup geçen bu gozgalaň baradaky habar bütin Germaniýany tolgunşyga getirdi. Ýurtda iri maýadarlar bilen hakyna tutma işçileriň arasynda ýiti gapma-garşylyk güýçlendi.

Sileziýaly dokmaçylaryň gozgalaňy işçileriň fabrik-zawod eýelerine garşy göreşiniň diňe bir Fransiýa bilen Angliýada däl-de, eýsem Germaniýanyň hut ozünde hem başlanandygyny görkezdi. Şonuň üçin hem nemes begzadalary, iri baýlar, önümçilik pudaklarynyň eýeleri Korol häkimýetini çäklendirmek we  konstitusiýany girizmek baradaky aram-erkin pikirleri öňe sürýärdiler we şeýdip ýurdy rewolýusion çykyşlardan halas etmek isleýärdiler.

Germaniýanyň ownuk buržuaz demokratlary o diýen güýçli däldiler. Olar esasan ownuk eýelerden, intelligensiýa wekillerinden ybarat bolup, respublikanyň we ählumumy

saýlaw hukugynyň girizilmegi ugrunda çykyş edýärdiler. Emma olara Germaniýada syýasy işleri alyp barmak kyndy, şonuň üçin hem olaryň köpüsi ýanalmalar sebäpli Angliýa, Şweýsariýa, Fransiýa göçüp gitmäge mejbur bolýardylar. Nemes buržuaziýasynyň Germaniýada galanlarynyň bolsa halk köpçüligi bilen aragatnaşygy örän gowşakdy.

## §13. Angliỳa XIX asyryń birinji ỳarymynda

**Angliỳanyń ykdysady ỳagdaỳy.** XIX asyryń birinji ỳarymynda Angliỳada senagat rewolỳusiỳasy (senagat rewolỳusiỳasy - el zähmetiniń tehnikanyń onümçiligi bilen çalşyrylmagy we netijede önümçiligiń ỳokary derejede ösmegi) gutarnykly tamamlandy. Senagatyń aỳry-aỳry pudaklarynda (egirme, dokma we metallurgiỳa) döwrüń iń kämil gurallary oturdylypdyr. Bu bolsa Angliỳanyń yklymda we dünỳäde ykdysady taỳdan iń kuwwatly, ösen döwlete öwrülmegine getiripdir. XIX asyryń 30-40-njy ỳyllarynda Angliỳada agyr senagat aỳratyn uly ähmiỳete eỳe bolupdyr. Maşyn gurluşygy iń bir girdejili pudaklaryń biri bolup, ỳurtda önümçilik enjamlaryny, gurallary, maşynlary öndürỳan zawodlar gurlupdyr. Angliỳada öndürilen gurallar dünỳäniň dürli künjeklerine eksport edilipdir. 1826-1850-nji ýyllarda önümçilik gurallarynyň eksporty 6 esse artypdyr. XIX asyryň ortalaryna çenli tehnikanyň täze üstünlikleri bilen üpjün edilen fabrikler önümçilikde agalyk edip, el zähmetinden peýdalanylýan fabrikler kem-kemden ähmiỳetini ỳitirip başlapdyr. Fabrik senagatynyň ösmegi, magdanyň, metallaryň we beýleki çig mallaryń köp mukdarda öndürilmegini we taỳar harytlaryň arzan hem-de çalt daşalmagyny talap edýärdi.

1815-nji ýylda Angliýanyň ilaty 20 million adama ýetipdir. Angliýa dünýäde iň iri kolonial ýurda öwrülip, ińlis bakna mülkleri dünỳäniń ähli yklymynda bardy. Ösen senagat

üçin talap edilỳän çig malyň bakna mülklerden arzan bahadan alynmagy önümçiligiň has-da ösmegine getiripdir.

Transportyň täze görnüşi bolan bug bilen işleýän otlylara bolan isleg giňden ỳaỳrapdyr. 1814-nji ỳylda ińlis oỳlap tapyjysy J.Stiwenson bug bilen işleỳän otly ulagy oỳlanyp tapyldy. 1825-nji ýylda Stokton-Darlington aralygynda dünýäde ilkinji demir ýol guruldy, sońra Liwerpul bilen Mançester şäherlerini birleşdirýän demir ỳol gurlup ulanylmaga berildi (1929). Demir ỳollaryń gurluşygy 1835-nji ỳylda 540 km bolmagyndan 1849-njy ỳylda 9,5 müń km-e çenli ỳetipdir. Tiz wagtdan demir ýol gurluşygy Ýewropa ýurtlarynda we ABŞ-da hem gińden ýaýbaňlandy.

1807-nji ỳylda amerikan alymy R.Fulton tarapyndn bug bilen işleỳän hereketlendiriji oturdylan gäminiń oỳlanyp tapylmagy deńiz söwdasynyń ösmegine uly itergi berdi. Bug bilen işleỳän gämi amerikan alymy tarapyndan oỳlanyp tapyldy, emma amerikan baỳlaryna garanyńda ińlis gämi eỳeleriniń mümkinçilikleri has ỳokarydy. ýelkenli gämileri bug bilen işleýänleri bilen çalşyrmaklyga kän pul harçlap bilýärdiler. Iňlis senagaty gämi önümçiligi üçin zerur bug maşynlary we beỳleki enjamlar bilen üpjün edip biljekdi. Bug gämileriniń gińden ỳaỳramagy bilen Angliỳanyń söwda we harby floty has-da kuwwatlandy, Angliýanyň deňiz ỳollaryndaky agalygy berkedi.

Söwda ỳollarynyń artmagy we ỳük daşamagyň arzanlamagy söwdanyň has-da ösmegine we girdejili käre öwrülmegine ýardam edýärdi. Ỳurduń içerki we daşarky bazarlarynyń giňemegi önümçiligiň eýelerini has köp öndürmäge höweslendiripdir. Önümçiligiń artmagy senagtyń iki sany uly pudaga - ỳeńil we agyr senagata bölünmegine getiripdir. Demir ýollaryň we otly gurluşygynyń artmagy metallurgiýanyň ösmegine ýardam edipdir. Demir ýol relslerini we otly öndürmek üçin gerek bolan çoýun, demir, polat öndürỳän iri senagat kärhanalary – peýda boldy. Angliỳanyń

taryhynda «wiktorian eýýamy» diýlip atlandyrylýan (Angliýanyň korol aỳaly Wiktoriýanyň ady bilen baglanyşykly bolup, ol 1819-1901 ỳyllarda 82 ýyl ömür sürüp, şonuň 64 ýylyny şalyk sürüp geçirdi) döwürde Angliýa «dünýäniň ussahanasyna» öwrüldi.

Angliýada orta asyrlara mahsus bolan senetçiler, hünärmenler XIX asyryń birinji ỳarymynda hem saklanyp galypdyr, emma olaryň önüm öndürmekdäki paỳy barha kemelýärdi, ỳurtda sarp edilỳän möhüm önümler (maşynlar, stanoklar, otlylar, fabriklerde we zawodlarda oturdylỳan enjamlar orta we iri kärhanalarda öndirilýärdi. Ýurduň demirgazygynda we günbatarynda täze senagat sebitleri çalt ösýärdi. XIX asyryň ortalarynda Angliýanyň ilatynyň ýarysy şäherlerde ýaşaýardy. Ỳönekeỳ jaỳlar bilen gurşalan işçileriň ýaşaýan ýerleri, bezemen ýaşaýyş jaýlary bilen örtülen täze baýlaryň – buržuaziýanyň ýaşaýan ýerlerinden bölünip aỳrylypdyr.

XIX asyrda iri maýa goýum önümçiligi erkin bäsleşik esasynda alnyp barylýardy. Iri maýa goýumçylar biri-birlerine garşy göreşde özbaşdak hereket edýärdiler. Iri haryt öndürjiler bazarda belli bir mukdardaky harydyň satylyp bilinjek wagtyny öńünden kesgitläp bilmändirler. Önüm öndürỳän iri kärhanalar mümkin boldugyça köp önüm öndürmäge we öz bäsdeşlerini tozdurmaga çalyşypdyrlar. Harytlaryň gereginden artyk öndürilmegi harytlary ỳerlemekde kynçylyk döredỳärdi, netijede senagat kärhanalary hem önümçiligi wagtlaỳyn togtatmaga, işçileriň sanyny azaltmaga, galan işçileriń bolsa iş haklaryny kemeltmäge mejbur bolýardylar. Artykmaç önüm öndürmeklik ýurtda ykdysady krizisiń - çökgünligiń döremegine getirỳärdi.

**Ykdysady krizisler (çökgünlikler).** Angliýada ykdysady krizis ilkinji gezek 1825-nji ýylda ýüze çykýar. Ykdysady krizis ýeňil senagatda başlanýardy. Ilata arzan we ýokary hilli harytlar gerekdi, ýöne welin olar iş haklarynyň pesligi zerarly,

ol harytlary satyn alyp bilmeýärdiler. Mysal üçin, alyjylaryň satyn alyp bilmänligi üçin, ummasyz mata üýşen mahaly dokma fabrikleri togtadylýar, olar üçin gerek maşynlara isleg gaçýar, maşyn gurluşygynda pes önümçilik döreýär. Ýa-da bolmasa, eger fabrikleriň we zawodlaryň satyn alyp biljegiňden artykmaç stanok öndürilse, olaryň bahasy aşak gaçýar, käte bolsa olary satmak asla mümkin bolmaýar, onsoň olar ammarlarda toplanyp galýarlar. Stanok gurluşyk zawodlarynyň eýeleri öz kärhanalaryny ýapýarlar, işçiler bolsa işsiz galýarlar. Çoýna, demre, polada bolan isleg azalýar. Krizis metallurgiýa senagatyny hem öz içine alýar. Demir eredilýän körükler öçirilýär, daş kömre isleg azalýar. Demir ýol boýunça az haryt daşalansoň, transportda hem krizis ýüze çykýar. Krizis ol ýa-da beýleki derejede bütin senagaty, käte oba hojalygyny hem öz içine alýar.

**Oba hojalygynyń ỳagdaỳy.** XIX asyryń birinji ỳarymynda Angliỳada senagat öwrülişiginiń dowam edỳändigine we senagat burźuaziỳasynyń güỳçlenỳändigine garamazdan, ỳurtduń syỳasy durmuşynda oba begzadalarynyń täsiri ulydy. 1815-nji ỳylda "çörek kanuny" kabul edilenden soń, lendlordlaryń abraỳy artyp ugrady. Hökümet "çörek kanuny" arkaly ỳurtda öndürilỳän däne önümlerini daşary ỳurtly bäsdeşlerden goramaga çalyşypdyr. Däne öndürijileriń monopol ỳagdaỳy olaryń uly ummasy girdeji almaklaryny üpjün edipdir. Agrar syỳasaty ilatda nägilelik döredipdir. 1815-nji ỳylda Angliỳada agrar çökgünlik başlandy, 1816, 1819-njy ỳyllarda bolsa ykdysady çökgünlikler yzygiderli gaỳtalanyp, ỳurduń ykdysady ösüşine özüniń ỳaramaz täsirini ỳetirdi. Ykdysady çökünlikleriń netijesinde ỳurtda işsizleriń sany artdy, bu bolsa 1815-nji ỳylda halk hereketleriniń başlanmagyna getirdi: iş taşlaỳyşlar, tredỳunionlar döredildi, kärhanalarda luddistik (tehnikanyń ösmegi bilen birnäçe işçiniń ỳerine ỳetirỳän işini indi, tehnikanyń kömegi bilen az sanly işçiler ỳerine ỳetiripdirler. Işçileriń sany azalyp, olaryń öpüi işden

çykarylypdyr. Özleriniń “betbagtlygyny” tehnikada öamegi hasaplaỳan işçiler zawod-fabriklerde maşynlry döwüp başlapdyrlar. Bu herekete gatnaşyjylar onuń ỳolbaşçysy Luddyń ady bilen baglylykda “luddistler” diỳip atlandyrylypdyr) hereketler güỳçlenipdir, goşunda we flotdaky esgerleriń arasynda tolgunşyklar başlanypdyr.

**Işçileriň ýagdaýy.** Önümçilik eýeleri işçileri gije-gündizde 14-16 sagat işlemäge mejbur edýärdiler. Aýallaryň we çagalaryň zähmeti giňden ulanylýardy, olara uly erkek adamlara tölenýänden ep-esli az hak töleýärdiler. Işçiler ýarym aç, ýarym dok ýaşaýardylar, tiz kuwwatdan gaçýardylar, onsoň olary işden boşadýardylar. Zawod-fabrikleriň eýeleri işçileriň howpsuzlygyny üpjün etmek islemeýärdiler. Işçiler stanoklaryň döwülmegi, surnukmak, kem iýmitlenmek zerarly heläkçilikli wakalara uçrap ölýärdiler ýa-da maýyp bolýardylar. Bu ýagdaý önümçiligiň eýelerini birjikde ynjalyksyzlandyrmaýardy – islendik haka işe durmaga kaýyl bolup duran adamlar derwezäniň aňyrsynda mydama köpdi.

Ykdysady çokgünligiň döwründe işçileriň durmuş ýagdaýy has hem peselýärdi. Olaryň arasynda işsizlik üzül-kesil artýardy. Ilatyň girdejileriniň azalmagy toplanylan harytlaryň ýerleşdirilmegini bökdeýärdi, emma şol harytlar, her niçik-de bolsa, kem-kemden satyşdyrylýardy, tiz zaýalanýan önümleriň bir bölegini bolsa, birgiden aç işçileriň bardygyna garamazdan, köplenç göz-görtele ýok edýärdiler.

Şonuň üçin-de XIX asyryň birinji ýarymynda işçiler çykyşlary Angliýada has köpçülikleýin we guramaçylykly häsiýete eýe boldy. Emma XVIII asyryň ahyrlarynda işçilere kärhana eýeleriniň garşysyna bilelikde göreşmek üçin kärdeşler arkalaşygyny – tred-ýunionlary («tred» («kär») we «ýunion» («bileleşik») sözlerinden) döretmek gadagan edilipdi. 1824-nji ýylda iňlis parlamenti tred- ýunionlary gadagan edýän kanuny ýatyrdy. Tred-ýunionlar hünärli işçileri belli bir senagat ýerleriniň we hatda bütin ýurduň möçberinde kärleri boýunça

birleşdirýärdiler. Olaryň göreşiniň esasy usuly iş hakyny ýokarlandyrmaga kärhana eýelerini mejbur etmek üçin geçirilýän iş taşlaýyşlardy. Ýöne 1825-nji ýylda parlament iş taşlaýyşlary gadagan edýän kanuny kabul etdi.

**Çartistik hereketi.** Angliýada dowam edýän saýlaw ulgamyna görä, her şäher ýa-da welaýat parlamente belli bir mukdardaky sesleri ibermelidiler. XIX asyryň başlaryna çenli käbir şäherçeler boşap galypdyrlar. Emma şäherçeler boşap galsa-da, parlamentde olara berilýän ýerler saklanyp galypdyr, şol ýerlere bolsa şäherçeleriň ýerleşýän ýerleriniň lendlordlary eýeçilik edýärdiler. Boşap galan şäherlere parlamentdäki ýerleriň ýary degişli eken.

XIX asyryň 20-nji ýyllarynda saýlaw özgertmelerini geçirmek ugrunda hereketler başlaýar. Ony Angliýada çartistik (iňlisçe „çarter» diýmeklik – hartiýa sözüni aňladýar) hereketi diýip atlandyrdylar. Olary «çartistler» ýa-da türkmençe aýdylanda «hartiýaçylar» diýip atlandyrýardylar. Çartistler öz talaplaryny kagyz ýüzünde beýan edip, ýagny «hartiýa» diýlip atlandyrylýan ýörite resminama taýýarlap, parlamente gowşurýardylar.

Ýurduň senagat merkezlerinde köpçülikleýin çykyşlar, hatda polisiýa bilen tutluşyklar hem bolup geçdi. 1832-nji ýylda parlament saýlaw ulgamynda reformalary geçirmäge mejbur boldy. Ilaty boşap galan şäherçelere degişli ýerler aýrylýar. Parlamentde emele gelen şol artyk ýerler senagat şäherlerine, ilatyň gür ýaşaýan ýerlerine, Şotlandiýa we Irlandiýa berilýär. Şeýlelikde saýlawçylaryň sany iki esse artýar. Emma kanun deputatlyga saýlanmak üçin ýokary emläk senzini – çägini girizýar, şonuň üçin hem ilatyň aşaky gatlaklarynyň saýlanmaga mümkinçiligi bolmandyr.

Garyp adamlar reformalardan durmuş ýeňilliklerine garaşýardylar. Emma ol tersine bolup çykdy. Mätäçlik çekýän adamlaryň ählisini garamaýak diýip yglan edipdirler we iş öýlerine ugradypdyrlar. Şeýle öýlerde ýaşaýyş-durmuş şertleri

örän agyrdy. Ol ýerde berilýän iýmitiň hili örän pesdi, adamlary kemsidýärdiler, üstesine-de maşgala agzalaryny pytradyp, aýallary, çagalary we erkek adamlary aýry-aýrylykda saklaýardylar.

Iş öýlerinde ýaşaýanlary uçursyz agyr işlerde işledýärdiler, olary daş owratmaga, ýüp örmäge mejbur edýärdiler. Köp garamaýaklar iş öýlerinde ýaşanlaryndan açlyk çekenlerini gowy görýärdiler. Emma olar parlamentdäki wekilleriniň garamaýaklaryň bähbitleri ugrunda çykyş etjekdiklerine ynanýardylar.

1836-njy ýylyň iýun aýynda Uilýam Lowettiň ýolbaşçylygynda Londonly işçileriň assosiýasiýasy (bileleşigi) döredilýär. 1838-nji ýylda bu assosiýasiýa «Halk hartiýasy» diýlip atlandyrylan erkek adamlaryň hemmesi üçin ähli umumy saýlaw hukugyny göz öňünde tutýan meýlnamanyň taslamasyny çap edýär.

Çartistleriň köpüsi göreşiň parahatçylykly ýoluny saýlap alypdyrlar. Olar öz maksatlaryna umumymilli häsiýetdäki talapnama bilen parlamente ýüz tutmak arkaly ýetip bolar diýip hasap edýärdiler. Emma çartistleriň arasynda iş taşlaýyşlaryň hatda gozgalaňlar esasynda işçileriň ýagdaýyny gowylandyryp bolar diýýänleri-de bar eken. Parlamente daşyndan zor salmagyň tarapdarlarynyň arasynda Fergýus O, Konnor (1796-1855) we Juliýan Garni (1817-1897) tapawutlanýardy. Olar maksada ýetmek üçin gerek bolsa gozgalaň hem etmeli diýýärdiler.

1839-njy ýylda Londonda çartistleriň gurultaýy – Milli konwent açylýar. Gurultaýyň teklibi bilen Angliýanyň dürli çylar ugradylylypdyr. Olar ň hataryna täze agzalary ýygnaýardylar, parlamente talapnama bermek üçin gol ýygnaýardylar. Şol ýylyň Iýul aýynda aşagynda 1280 müň gol goýlan milli hartiýa parlamente gowşurylýar. Emma wekiller palatasy sesleriň köpçüligi bilen kabul etmeýärler. Muňa jogap

edip Mançesteriň, Bostonyň dokmaçylary iş taşlaýyşlary geçirdiler.

Hökümet çartistleri garşy berk çäreleri geçirdiler, olaryň ýolbaşçylary tussag edildi. Milli konwent öz işini ýatyrmaga mejbur bolýar, ýöne 1842-nji ýylda Çartistleriň milli assosiýasiýasy gaýtadan dikeldildi. Olar ýene-de aşagyna 3317702 sany gol goýlan talapnamany parlamente gowşurdylar. Emma parlament ýene-de sesleriň köpçüligi bilen ony kabul etmeýär.

1848-nji ýylda Londanda we esasy senagat şäherlerinde iş taşlaýyşlar bolup geçdi. aprel aýynda çartistleriň Milli konwenti ýene-de ýygnandy. Bu gezek olaryň talaplaryna 6 mln. adam gol çekdi. Emma ýene-de öňki gezeklerdäki ýaly parlament ony kabul etmedi.

Işçileriň çykyşlary zawod-fabrikleriň eýelerini gorkuzdy. Şonuň üçin hem olar eglişik etmäge mejbur boldylar. Iş güni 10 sagada çenli gysgaldyldy, aýallaryň we çagalaryň zähmeti çäklendirildi,hünärli işçileriň aýlyk haklary ýokarlandyryldy. Soňra hökümet parlamente saýlanmak üçin zerur bolan emläk çäklendirilmesini azaltdy, gizlin ses bermeklik girizildi, saýlaw hukugy her bir maşgalabaşy erkek adama berildi.

## §14. Russiýa XVIII asyryň ahyrlaryndan – XIX asyryň ortalaryna çenli döwürde

**Russiýa imperiýasy Pawel I-niň dolandyran ýyllarynda.** 1796-njy ýylyň 6-njy noýabrynda Ýekaterina II aradan çykýar. Ýekaterina ölmezinden öň rus tagtyny agtygy Aleksandr Pawlowiçe wesýet edýär. Emma Ýekaterinanyň isleglerniň tersine tagty ogly Pawel Petrowiç eýeleýär. Russiýanyň täze Koroly Prussiýanyň harby tertibiniň we syýasatynyň tarapdarydy. Häkimýet başyna geçenden soň Pawel I (1796-1801) rus goşunynda prus harby düzgün-nyzamyny, harby geýmini girizýär. Döwlet işlerinde Pawel I

kanunçylyk işlerine uly ähmiýet beripdir. 1797-nji ýylda ol tagty miras almak we Korol maşgalasy hakynda kanunlary kabul edýär. Kanunlara görä Russiýada häkimiýet diňe nesilşalygyň erkek adamlaryna galdyryp bilnipdir: zenanlar diňe erkek adamlar bolman ýagdaýynda häkimiýete gelip bilipdirler. Şu kanunlaryň esasynda tä 1917-nji ýyla çenli, ýagny Russiýada Korollyk düzgüni ýatyrylýança, ýurdy Romanowlar neslinden bolan erkek adamlar dolandyrdylar.

Pawel I Ýekaterinanyň rus dworýanlary babatyndaky ähli erkinliklerini ýatyrýar. Döwlet gulluk borçlarynyň ýerine ýetirilmeýändigi üçin Korol dworýanlara berk çäreleri görýärdi. Hökümdar krepostnoý daýhanlar babatynda-da käbir ýazylgançylygy döredýär. Öý hyzmatkärleri we ýesiz daýhanlary satmaklyk gadagan edilýär, barşinanyň dowamlylygyny üç güne çenli azaltmaklyk teklip edilýär, Russiýanyň taryhynda ilkinji gezek daýhanlara arz-şikaýat etmäge ygtyýar berilýär. Emma mülk eýeleri bilen daýhanlaryň arasyndaky gatnaşyklar öňküligine galypdyr.

Pawel I-niň döwründe Russiýa Fransiýa respublikasy bilen uruşlary alyp bardy. XVIII asyryň 90-njy ýyllarynda Fransiýa goňşy ýurtlar babatynda basybalyjylykly syýasat ýöredýärdi. Napoleon Bonapartyň goşunlary awstriýa goşunlaryna agyr zarbalary urdylar, Italiýanyň köp ýerlerini, Orta ýer deňzinde birnäçe adalary basyp aldylar we Türkiýäniň ýeri bolan Müsüre çozup girdiler. Türk soltany Russiýa kömek sorap ýüz tutýar. Awstriýa we Angliýa hem Russiýanyň Fransiýa garşy bileleşige goşulmagyny isleýärdi. 1798-nji ýylda Pawel I Fransiýa garşy uruş yglan edýär. Fransiýa garşy uruş yglan edilen badyna rus floty Osman imperiýasynyň ygtyýar bermegi bilen bogazlardan geçip Ortaýer deňzine girýär we birnäçe söweşlerde fransuz deňiz goşunlaryny ýeňlişe sezewar edýär.

Deňiz söweşleri bilen bir wagtda Russiýanyň guryýer goşunlary 1799-njy ýylyň aprelinde Demirgazyk Italiýa ýörişe

başlady. Rus goşunlary Addy derýasynyň boýunda fransuzlary ýeňilişe sezewar edip, olary yza çekilmäge mejbur edýärler. Ruslaryň üstünlikli hereketleriniň netijesinde italýan şäherleri Milan, Turin doly azat edilýär. Iki aýyň dowamynda rus goşunlary bütin Demirgazyk Italiýany fransuzlardan azat edýärler. Ortaýer deňzindäki rus floty hem türk deňiz goşunlarynyň ýardam etmeginde Italiýanyň kenarýaka şäherleriniň birnäçesini fransuzlardan azat edýärler. Emma Italiýadaky awstriýa we iňlis goşunlary rus goşunlary bilen sazlaşykly hereket edip bilmändirler, şonuň üçin hem rus goşunlary Demirgazyk Italiýadan çykyp, 1799-njy ýylyň sentýabrynda Şweýsariýada ýerleşýän fransuz goşunlaryna garşy urşa başlaýar. Bu ýerde 84 müň esgerden ybarat bolan fransuz goşuny durdy. Uly ýitgileri çekse-de, Şweýsariýa geçirilen ýörişler rus goşunyna ýeňiş getiripdir.

Fransiýa garşy uruşlarda onuň garşydaşlary bolan Angliýa, Awstriýa bir tarapdan, Russiýa olsa beýleki tarapdan özara bäsleşýärdiler. Napoleona garşy uruşlarda ýeňiş şöhratyny her döwlet özüne almaga dyrjaşýardy, üstesine-de, bu döwletleriň arasynda öňden gelýän oňşuksyzlyklar hem bardy. Şeýle ýagdaýda Pawel I Angliýanyň we Awstriýanyň Fransiýa babatyndaky syýasaty bilen ylalaşman, 1800-nji ýylyň awgustynda öz esasy garşydaşy bolan Fransiýa bilen parahatçylykly şertnama baglaşýar. Bu wakadan soň Russiýanyň Angliýa bilen arasy bozulýar. Iki asyryň sepgidinde rus-iňlis gatnaşyklarynyň ýitileşmegi Russiýanyň XIX asyrdaky daşary syýasatyna örän uly täsir edýär.

**XIX asyryň başlarynda Russiýanyň durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýy.** XVIII asyryň ahyrlarynda - XIX asyryň başlarynda Russiýada entek iri ýer gatnaşyklary agalyk edýärdi. Ilatyň bary-ýogy 1%-den ybarat bolan begzadalar ýurdyň esasy baýlygyna – ýere eýelik edýärdiler, daýhanlaryň 55% hukuksyzdylar. Begzadalar olary satýardylar, peşgeş berýärdiler, çalyşýardylar, olara isledikleriçe ygtyýar

edýärdiler. Daýhanlaryň galan 45%-i döwletiň hususy eýeçiligindäkiler diýlip hasap edilýärdi. Russiýa agrar (oba hojalyk) ýurtdy: onuň ilatynyň 95,5% obada ýaşaýardy we oba hojalygy bilen meşgullanýardy, diňe 4%-den gowragy şäherlilerdi. 1861-nji ýylyň özgertmelerine çenli rus jemgyýeti dworýanlar, ruhanylar, täjirler, meşşanlar, daýhanlar we kazaklar ýaly gatlaklara bölünýärdi. Bu gatlaklardan dworýanlar bilen ruhanylar artykmaç hukuklardan peýdalanýardylar. Täjirler hem käbir artykmaçlyklardan peýdalanyp bilýärdiler. Täjirler goşun gullugyndan we käbir salgytlardan boşadylypdyr.

Meşşanlar gatlagy eýýäm artykmaç hukuklardan peýdalanyp bilmändirler, şonuň üçin hem olar salgyt töleýän ilatyň hataryna goşulypdyr. Bu gatlaga şäherleriň ilaty – ownuk söwdagärler, senetçiler we hakyna tutma işgärler degişlidi. Meşşanlara agyr salgytlar salynýardy, olary goşunçylyga-da alýardylar we olara ten jezasyny berip bilýärdiler. Ylmy tehnikanyň gazananlary Russiýanyň önümçilik pudaklaryna-da ornaşýardy. Senagat ösýärdi, aýratyn hem nah mata kärhanalary galapyn hakyna tutma zähmete esaslanýardy. Içeri we daşary söwda ösýärdi. Söwda merkezleri – ýarmarkalar özleriniň pul dolanyşyklaryny ýyl-ýyldan artdyrýardylar. Hususan-da, Nižniý Nowgorodyň golaýyndaky Makarýew ýarmarkasynyň millionlarça rubla barabar söwda dolanyşygy bardy. Munuň özi bu ýarmarkany bütinrussiýa ähmiýetli bazara öwürýärdi. Oba hojalygy senagat bilen barha ysnyşykly baglanyşdyrýardy, rus obasy söwda gatnaşyklaryna barha giň çekilýärdi: begzadalar we daýhanlar bazarlarda oba hojalyk önümlerini satýardylar we senagat önümlerini satyn alýardylar, oba hojalyk harytlarynyň daşary ýurtlara satylyşy artýardy.

Täze gatlaklar – söwda-senagat baýlary we hakyna tutma işçiler hem döräp başlapdy. Emma bu ýagdaý örän haýal barýardy. Senagatyň, söwdanyň ösüş depginleri pesdi we ýurduň barha artýan isleglerini ödemeýärdi, zähmet

öndürijiligi, senagatyň, aýratyn hem oba hojalygynyň tehniki ýagdaýy bolsa entek pes derejededi.

Ykdysady ösüşiň esasy bökdenji daýhanlaryň hukuksyzlygydy we olaryň begzadalaryň elinde bolmagydy, ýer hem, ony işläp bejerýän daýhanlar hem begzadalaryň doly eýeçiligindedi. Senagatyň ösmegi üçin artykmaç işçi güýji ýetmeýärdi. Daýhanlar hukuksyzdy, olar öz žähmetleri üçin hiç zat almaýardy, şoňa görä-de zähmetiň netijesi bilen gyzyklanmaýardy. Daýhanlar muňa köpçülikleýin gaçmak, toplaňlar bilen jogap berýärdiler, şol toplaňlar hökümet goşunlary tarapyndan gazaply basyp ýatyrylýardy.

Özüniň syýasy gurluşy boýunça Russiýa çäklendirilmedik häkimýetli Korollykdy. Döwlet başynda Korol ýa-da ony atlandyryşlary ýaly, Bütinrussiýa hökümdary durýardy. Onuň tagty nesilden-nesle – Korolyň uly ogluna, eger-de onuň ogly bolmadyk ýagdaýynda,  Korolyň uly doganyna berilýärdi.

**Aleksandr I-niň dolandyrmagy.** 1801-nji ýylyň 11-nji martyndan 12-sine geçilen gijede Korol goşunynyň serkerdelerinden we köşk adamlaryndan ybarat dildüwüşijiler topary köşge girip, Paweli I-ni öldürip, rus tagtyna onuň ogly Aleksandr Pawlowiçi çykardylar. Aleksandr I (1801-1825) hem özünden öňki Korollar ýaly, begzadalaryň bähbitlerini beýan ediji hem-de goraýjydy. Aleksandr I kakasynyň gowy görýän adamlaryny köşkden kowýar, Pawel I-niň wagtynda ýazgarylan begzadalaryň bolsa günäsi geçilýär.

Ýewropada bolup geçýän syýasy wakalar rus jemgyýetine hem öz täsirini ýetirýärdi. Rus jemgyýetiniň öňdebaryjy böleginiň arasynda Korolyň häkimýetiniň çaklendirilmeli we daýhanlaryň hukuksyzlygyny ýatyrmaly diýen talaplar barha güýçli ýaňlanyp başlaýar.

1803-nji ýylda «erkin gallaçylar» barada kanun çykaryldy, şol kanun boýunça ýer eýeleri uly töleg alyp, öz daýhanlaryny (ýeke-ýekelikde ýa-da tutuş obasy bilen) ýeri bilen erkinlige göýbermäge hukuk aldylar. Iş ýüzünde bu

kanunyň hakyky netijeleri uly bolmady: Aleksandr I-niň Korollyk eden döwründe diňe birnäçe begzada şol kanundan peýdalandy we hukuksyz daýhanlaryň 0,5%-den-de azyragyna azatlyk berildi. Şeýle-de bolsa bu kanunyň belli bir ähmiýeti boldy: hökümet hukuksyz daýhanlary azat etmegiň mümkinligini resmi taýdan ykrar etdi.

Häkimiýetiň merkezi edaralary ep-esli üýtgedildi. Korol Pýotryň girizen köne maslahatynyň ornuna ministirlikler döredildi, şolarda ministr ýeke-täk ýolbaşçydy we ol gös-göni Korol tabyndy. Ministirlikleriň ýerlerde özlerine tabyn guramalary bardy. Munuň özi döwlet dolandyryşygynyň ol ýa-da başga pudagyna has gowy ýolbaşçylyk etmäge mümkinçilik berýärdi. Senat edarasy döwletiň ýokary kasyýet edarasyna öwrüldi. Mundan başga-da, onuň üstüne ýurtda kanunlaryň berjaý edilşine we administratiw edaralaryň işine gözegçilik etmek borjy ýüklenildi. 1810-nji ýylyň döredilen Döwlet Geňeşi ýokary dolandyryş edarasyna öwrüldi. Onuň düzümine Korol tarapyndan bellenilýän ministrler we beýleki uly gullukçylar girýärdiler. Korolyň ýanyndaky maslahatçy edara bolan Döwlet Geňeşinde täze kanun taslamalaryna we iňňän möhüm döwlet işlerine garalýardy. Döwlet dolandyryşy bilen baglanyşykly bu özgertmeler dolandyryşyň mundan beýläk-de merkezleşmegine, Korolyň çäklendirilmedik häkimiýetiniň has güýçlenmegine getirdi.

Aleksandr I-niň amala aşyran özgertmeleriniň ählisi Korol häkimiýetiniň hökmirowanlygyny we daýhanlar köpçüliginiň hukuksyzlygynyň mizemezligini üpjün etdi. Begzadalaryň uly topary ykdysadyýetde we syýasy gurluşda özgertmeleri islemeýärdiler. Muňa garamazdan ýokarky gatlagyň wekilleriniň bir bölegi ýurtda Ýewropada girizilýän oňyn düzgünleriň ornaşdyrylmagyny isleýärdiler.

**Russiýanyň Fransiýa garşy urşy.** Napoleon Bonapartyň alyp baran basybalyjylykly syýasatyna garşy Ýewropa döwletleriniň birleşmesi döredilýär. Bu birleşmä Russiýa hem

goşuldy. Emma fransuz goşunlarynyň Austerlisyň eteginde rus-awstriýa goşunynyň üstünden gazanan ýeňşi, Russiýany Fransiýa bilen gepleşik geçirmäge mejbur etdi. 1807-nji ýylyň Iýun aýynyň 25-ne Aleksandr I bilen Napoleon I prus şäheri Tilzitde duşuşyp, parahatçylykly şertnama gol çekdiler. Şertnama boýunça Russiýa territorial ýitgi çekmedi, emma Fransiýanyň ähli basyp alan ýerleri ykrar edildi. Russiýa Angliýa garşy Napoleonyň «Kontinental gabawyna» hem goşulmaga mejbur bolýar.

Tilzit şertnamasy boýunça Ýewropanyň beýleki ýurtlary ýaly, Russiýa hem Angliýa bilen ähli söwda aragatnaşyklaryny kesmäge mejbur boldy. Munuň özi Russiýanyň ykdysadyýetine zyýan ýetirýärdi. Emma Tilzit ýaraşygy mäkäm däldi. Napoleon Ýewropada Fransiýanyň doly hökmürowanlygyny berkarar etmek üçin Napoleon Russiýa garşy täze urşa taýýarlanmaga başlady. Napoleon Russiýany n derbi-dagyn etmegi we ony böleklere bölüp, üçünji derejeli döwlete öwürmegi maksat edinýärdi. Munuň üçin Napoleon Russiýa garşy uly goşun jemledi.

Napoleon 420 müňlük goşunyny Russiýanyň serhedinde jemledi. 1812-nji ýylyň Iýun aýynyň 12-ne fransuz goşunlary Neman derýasyndan geçip, Russiýanyň çäklerine çozdular. Rus harbylary fransuz goşunlaryna garşy diňe 210 müňden sähelçe gowrak esger we serkerdeleri goýup bildi. Dagynyk rus goşunlary baş söweşe girişip bilmediler. Rus goşunynyň yza çekilmegi tutanýerli goranyş söweşleri bilen utgaşdyrylýardy, şol söweşler bolsa duşmanyň goşunlarynyň güýjüni gaçyrýardy, olary öňe süýşmegini bökdeýärdi. Duşmana zarba urmak üçin, onuň hüjümini bökdemek üçin ruslar her bir tebigy sepgidi – derýalary, ilatly merkezleri peýdalanýardylar. Ilatyň ep-esli bölegi ekinleri, mallary ýok edip, goşun bilen gidýärdi ýa-da tokaýlara gaçýardy. Fransuz goşunlary uly ýitgiler çekýärdi we günsaýyn güýçden gaçýardy. Emma güýç

agdyklygy henizem fransuzlaryň tarapyndady. Napoleon Russiýanyň köne paýtagtyna tarap dyzaýardy.

Mihail Kutuzow (1745-1813) meşhur rus serkerdesidi. Ol kiçi serkerdelikden generallyga we feldmarşallyga çenli harby gullugyň uly mekdebini geçipdi, telim gezek söweşe gatnaşypdy, birnäçe gezek agyr ýaralanypdy. Kutuzow Moskwadan 110 km uzaklykdaky Borodino obasynyň golaýynda Napoleonyň goşunynyň garşysyna baş söweş meýilnamasyny taýýarlaýar. 1812-nji ýylyň Awgust aýynda gandöküşikli Borodino söweşi bolup geçdi. Söweşden soň ruslar yza çekilip, Moskwany goýup gitmeli boldylar. Sentýabr aýynyň 2-ne Napoleonyň goşuny Moskwany eýeleýär. Fransuz goşunlary Moskwada bir aýlap bolupdyr. Emma rus goşunlary derbi-dagyn edilmän galypdy. Şonuň üçin hem Russiýa ýörişleriň netije bermejekdigine göz ýetirip, fransuz goşunlary yza dolanmak barada buýruk aldylar. Olaryň barýan ýollarynda rus goşunlary çykyp Napoleonyň goşunlaryna uly zarbalary urýardylar. Şeýlelikde Russiýa gelen fransuz goşunlarynyň aglabasy ýok edildi, Napoleonyň özi zordan Fransiýa gaýdyp bardy. Rus halkynyň Watançylyk urşy ýeňiş bilen tamamlanýar.

**Jemgyýetçilik akymy we hereketi.** 1812-nji ýylyň Watançylyk urşundan soň Russiýada gizlin jemgyýetçilik guramalary we hereketleri peýda bolup ugraýar. Şeýle guramalaryň ilkinjisi «Halas ediş birleşigi» (1816-1818) bolup, ony ýaş serkerde A.N. Murawýow esaslandyrdy we S.P. Trubeskoý, M.S. Lunin, P.I. Pestel, N.N. Murawýow ýaly serkerdeler bolsa onuň iň işjeň agzalarydy. Bu guramanyň maksady Russiýada daýhanlaryň hukuksyzlygyny ýatyrmak, Korolyň häkimiýetini çäklendirmek bolup durýardy.

1818-nji ýylda «Halas ediş birleşiginiň» ornuna «Abadançylyk birleşigi» esaslandyrylýar. Bu guramanyň wezipeleriniň hatarynda daýhanlaryň hukuksyzlygyna garşy göreşmek, pataşanyň häkimýetiniň çäklendirilmegini gazanmak

bilen bir hatarda, ilatyň arasynda erkinlik hakyndaky ideýalary ýaýratmak, halky sowatly etmek, kitaplary we žurnallary neşir etmeklik göz öňünde tutulypdyr. Emma Aleksandr I reformalary geçirmek islemeýändigine göz ýetirip guramanyň agzalary «Abadançylyk birleşigini» ýatyrýarlar. Olar Günbatar Ýewropa ýurtlarynda reformalaryň tarapdarlary tarapyndan amala aşyrylan döwlet agdarylyşyklary hakynda eşidýärdiler. Şonuň üçin hem guramanyň agzalary hem öz maksat-hyýallaryny amala aşyrmak niýeti bilen gozgalaň turuzmak we döwlet agdarylyşygyny geçirmek ýoluna düşýärler.

1821-1822-nji ýyllarda Günorta hem Demirgazyk jemgyýetleri döredilýär. Günorta jemgyň merkezi Ukrainada, Demirgazygyňky bolsa Peterburgtda ýerleşýärdi. Bu jemgyýetleriň maksatnamalarynda daýhanlara azatlyk bermeklik, Korol häkimiýetini çäklendirmeklik göz öňünde tutulýardy. Bu guramalar gizlinlikde işlän hem bolsalar, Korol häkimiýeti olar barada doly habarlydy. 1822-nji ýylda ähli gizlin guramalar gadagan edilýär we häkimýetler tarapyndan yzarlanylyp başlanýar.

Günorta jemgyýetiniň ýolbaşçysy P.I. Pestel bolup durýardy. Ol Russiýa üçin geljekki konstitusiýanyň taslamasyny işläp düzýär. P. Pestel öz konstitusiýasyny «Rus hakykaty» diýip atlandyrypdyr. Bu resminama boýunça Russiýa respublika bolmalydy, häkimýet şahalara bölünmelidi. Kanun çykaryjy häkimýet Halk weçesine degişli bolmalydy. Halk weçesi ýurduň 20 ýaşa ýeten erkek adamlary tarapyndan saýlanýardy. Ýerine ýetiriji häkimýet bäş adamdan ybarat bolan Döwlet dumasyna degişli edilipdir. Konstitusiýanyň ýerine ýetirilişine 120 adamdan durýan Ýokary sobor gözegçilik edipdir.

1825-nji ýylyň ýazynda Aleksandr I aradan çykýar. Korolyň ogullary bolmandyr. Şonuň üçin hem häkimýet Korolyň inisi Konstantine geçmeli eken. Emma Konstantin şindi 1822-nji ýylda mirasdarlyk hukugyndan el çekipdi. Tagta

çykmak hukugy Aleksandr I-niň kiçi inisi Nikolaýa geçirilýär. Täze Korol Nikolaý I kasam etmek dabarasy 1825-nji ýylyň 14-nji dekabryna bellenipdir.

Bu dabarany Demirgazyk jemgyýetiň agzalary peýdalanmagy makul bilýärler. Şonuň üçin hem çykyşlaryň dekabr aýynda bolandygy üçin olary «dekabristler» diýip atlandyrdylar. Dekabristleriň maksatnamasy boýunça Korol garşy çykyş Peterburgda Korol kasam dabarasy wagty başlamalydy. Harby ýolbaşçy edilip S.P. Trubiskoý bellenipdir. Dekabristler Korolyň bikanundygy hakyndaky çykyşlar bilen harby bölümleri häkimiýete garşy gozgalaňa galdyrmagy maksat edindiler.

1825-nji ýylyň 14-nji dekabrynda Peterburgda dekabristleriň gozgalaňy başlady. Emma Nikolaý I buýrugy bilen Korol häkimýetine garşy çykan goşunlaryň hemmesi oka tutulýar. Gozgalaňyň netijesinde iki tarapdan 300-e golaý adam wepat bolýar. Wepat bolanlary we ýaralananlary Newa derýasyna taşlapdyrlar.

Peterburgdaky gozgalaň basylyp ýatyrylandan soň Dekabr aýynyň ahyrlarynda Günorta jemgyýet tarapyndan Ukrainada hem gozgalaň turzulýar. Emma bu çykyşlar hem şowsuz tamamlanýar.

Korol häkimýetleri dekabristeleri jenaýat jogapkärligine çekýär. 1826-njy ýylda dekabristleriň ýolbaşçylarynyň 5-si (P. I. Pestel, K. F. Ryleýew, S. I. Murawýow-Apostol, M. P. Bestužew-Rýumin we P. G. Kahowskiý) jezalandyrylyp öldürilýär, 100-den gowragy bolsa Sibire sürgün edilýär.

**Nikolaý I.** Korol Nikolaý I (1825-1855) döwlet dolandyryş işlerinde diňe bir möhüm meseleleri däl, eýsem ownuk meseleleri hem bir özi çözmäge çalşypdyr. Ol rus döwletinde kanunçylyk işlerini kämilleşdirmäge uly üns beripdir. 1832-nji ýylda 45 kitapdan ybarat bolan rus döwletiniň kanunlarynyň ilkinji ýygyndysy, 1833-nji ýylda

bolsa Russiýanyň hereket edýän kanunlarynyň ýygyndysy çapdan çykýar.

Içeri syýasatynda Nikolaý daýhanlaryň durmuş ýagdaýyny gowulandyrmak üçin işleri alyp barypdyr. Korol döwlet eýeçiligindäki daýhanlaryň ýagdaýlaryny gowulandyrmak boýunça işleri geçirmekligi general P.D. Kisilýowa tabşyrýar. Ol Döwlet Geňeşiniň agzasy we Emläkler boýunça ministr eken. 1837-1841-nji ýyllarda daýhanlaryň içki öz-özüňi dolandyryş edarasy döredilýär. Obalarda daýhanlar üçin mekdepler we keselhanalar açylypdyr. Ýer ýetmeýän daýhanlary ýurduň gündogaryna göçürmek boýunça işler amala aşyrylypdyr.

Daýhanlara hasylsyzlyk döwründe kömek bermek üçin jemgyýetçilik ýerleri döredilipdir. Şol ýerlerde daýhanlar bileleşip zähmet çekipdirler we önümi bile paýlaşypdyrlar. Hukuksyz daýhanlary bergi üçin, maşgaladan aýryp satmak gadagan edilipdir. Emma häkimiýetleriň daýhanlara üns bermegine garamazdan, hukuksyz daýhançylyk syýasaty Russiýada dowam edýärdi.

**Russiýanyň Kawkaza hüjüm ediş syýasaty.** XVIII asyryň ikinji ýarymynda Russiýanyň Gruziýa aralaşmagy XIX asyryň başynda hem dowam edýärdi. 1801-1804-nji ýyllarda Gündogar Gruziýa, Mingreliýa, Imeretiýa we Guriýa Russiýanyň düzümine girizilýär. Gruziýa Koroly Georgiý XII rus Korolynyň peýdasyna häkimiýetden el çekdi. 1805-nji ýyldaky rus-eýran urşy netijesinde Russiýa Garabagy we Şirwany özüne birikdirilýar. 1806-njy ýlda Osetiýa hem Russiýa birikdirildi.

XIX asyryň başlarynda Kawkaz ülkesiniň daş-töweregi rus ýerleriniň gurşawyna düşdi. Korol häkimiýeti bu ýerlerde rus agalygyny ornaşdyrmak isleýärdi. Bu bolsa demirgazyk Kawkazyň musulman halklarynyň garşylyk hereketini döretdi. 1817-nji ýylda  Demirgazyk Kawkazda ýaşaýan halklaryň Russiýanyň basybalyjylykly syýasatyna garşy uruş başlanýar.

Demirgazyk Kawkazyň gündogar böleginde ruslara garşy çeçenler, inguşlar, dagystanlylar, günbatarynda çerkesler, abhazlar çykyş edýärdiler. Olaryň Russiýa garşy urşy milli azat edijilik häsiýetdedi. Bu uruşda daglylary Türkiýe we Eýran ýakyndan goldaýardy.

Dagly halklaryň milli azat edijilik hereketine bütin Kawkaz ülkesinde uly meşhurlyga eýe bolan ymam Şamil ýolbaşçylyk edýärdi. Kawkazdaky uruşlar örän uzaga çekdi we tä 1864-nji ýyla çenli dowam etdi. Emma kawkaz halklarynyň urşy olaryň ýeňilmegi we bütin Demirgazyk Kawkazyň Russiýanyň düzümine goşulmagy bilen tamamlandy.

**Russiýanyň Eýran we Türkiýe bilen uruşlary.** Eýran bilen Russiýanyň arasyndaky uruş 1804-1813-nji ýyllar aralygynda dowam edipdir. Eýran goşuny san taýdan agdyklyk etse-de, onuň ýarag üpjünçiligi örän pes bolupdyr. Gyzga wagtyň içinde rus goşunlary Genje, Garabag, Şirwan we Baku hanlyklaryny eýeleýär. 1813-nji ýylda Garşsyzlyk aýynyň 24-ne Eýran bilen Russiýanyň arasynda Gülistan parahatşylyk şertnamasy baglaşylýar.

Hut şol wagt Russiýa Türkiýä garşy hem uruş alyp barýardy. 1806-njy ýylda rus-türk urşy başlanýar. Harby hereketler esasan Moldawiýada, Walahiýada we Bolgariýada alnyp barylýardy. 1812-nji ýylda Buharestde parahaýçylykly şertnama gol çekilýär. Şertnama boýunça Bessarabiýa Russiýa birikdirilýär.

Kawkazy gaýtaryp almak maksady bilen 1826-njy ýylda Eýran Russiýanyň garşysyna täze urşa başlaýar. Emma söweş hereketleri Eýran goşunlary üçin şowsuz tamalandy we ýeňildi.. 1828-nji ýylda Russiýa bilen Eýranyň arasynda Türkmençaý şertnamasyna gol çekilýär. Şertnama boýunça Russiýa Gündogar Ermenistany we tutuş Demirgazyk Azerbaýjany eýeledi we Hazar deňzinde öz harby flotyny saklamaga hukuk gazanýar.

Eýran-rus urşy tamamlanan soň Russiýa Türkiýä garşy urşy yglan edýär. Rus goşunlary bu uruşda-da ýeňiş gazanmagy başardylar. 1829-njy ýylda Russiýanyň we Türkiýanyň arasynda Adrionopol parahatçylykly şertnama gol çekilip, Gara deňziň gündogar kenarýakasy (Potiden-Suhumi aralykda) Russiýanyň düzümine girizilýär.

**Krym urşy we onuň netijeleri.** Korol Nikolaý I Balkanlarda öz täsirini güýçlendirmek üçin Türkiýäniň garşysyna syýasat alyp barýardy. Munuň üçin ol dürli bahanalar gözleýärdi. Türk soltany hristiýanlaryň mukaddeslikleriniň biri hasap edilýän Iýerusalimdäki Wifleýem ybadathanasynyň açaryny katolikçi ruhanylara berýär. Russiýa bolsa açaryň prowaslaw ruhanylaryna berilmegini isleýärdi. Maksadyna ýetip bilmedik Russiýa 1853-nji ýylda Dunaý derýasynyň boýundaky Türkiýäniň tabynlygyndaky ýerlere goşunlaryny saldy we Türkiýä garşy uruş yglan etdi. Emma Russiýanyň garşysyna bütin Ýewropa aýaga galdy. Sebäbi Awstriýa, Fransiýa, Prussiýa we Angliýa Russiýanyň güýçlenmegini islemeýärdiler. 1854-nji ýylda Angliýa bilen Fransiýa Russiýa garşy uruş yglan etdiler.

Esasy uruş hereketleri Krymda ýaýbaňlandy. Krym ýarym adasynyň harby taýdan Russiýa üçin ägirt uly ähmiýeti bardy, çünki ol Russiýanyň tutuş günortasynyň howpsuzlygyny üpjün edýärdi.

1854-nji ýylyň Sentýabr aýynda iňlis, fransuz we türk goşunlaryny öz içine alýan 60 müňden köpräk adamly goşuny Ýewpatoriýa şäheriniň golaýynda düşürildi. Korol generallary bu ägirt uly goşunyň düşürilmegine päsgel berip bilmediler. Bu goşun Krymdaky esasy harby-deňiz bazasy bolan Sewastopolyň üstüne hüjüme başlady we ony eýelediler. Krym urşunda rus goşunlary ýeňildi.

Krym urşunyň netijesinde 1856-njy ýylda Parižde parahatçylyk şertnama baglaşylýar. Şertnama boýunça Russiýa Gara deňizde harby flot saklamak hukugyndan mahrum body,

şeýle hem Bessarabiýa, Serbiýa we Walahiýa türk soltanlygyna gaýtarylyp berildi. Bu uruşda Russiýa harby taýdan agyr ýeňlişe sezewar boldy. Halkara gatnaşyklarda onuň abraýy pese gaçdy.

**XVIII asyrda Russiýanyň medeniýeti.** Russiýada ylmyň-bilimiň, medeniýetiň we sungatyň ösmeginde Ýewropa ýurtlarynyň täsiri uly bolupdyr. Pýotruň döwründe we ondan soňky döwürlerde Russiýa köp sanly daşary ýurtly alymlar, binagärler we medeniýet işgärleri çagyrylyp getirilipdir. Olar ýewropa medeniýetiniň Russiýada ornaşdyrylmagynda uly ýz galdyrypdyrlar. Şunuň bilen bir hatarda rus jemgyýetiniň öz içinden hem zehinli alymlar, görnükli medeniýet işgärleri ösüp ýetişdiler.

Ýelizaweta Petrownanyň döwleti edara eden döwründe graf I. I. Şuwalowyň kömek bermeginde meşhur rus alymy M.W. Lomonosowyň Russiýada üniwersitet açmak baradaky pikirleri amala aşýar. Ol diňe bir begzadalaryň nesilleriniň däl, eýsem rus jemgyýetiniň beýleki gatlaklarynyň wekilleriniň hem okamagyny ýola goýmak isläpdir. Şonuň üçin hem uniwersitetiň binýadynda iki basgançakly mekdep döredilip, onuň birinjisinde begzadalar okadylyp, beýlekisinde bolsa dürli gatlaklaryň wekillerine bilim berlipdir.

1755-nji ýylyň ýanwar aýynda Russiýanyň ilkinji ýokary okuw mekdebi bolan Moskwa uniwersiteti dabaraly ýagdaýda açylýar. Täze açylan uniwersitetde üç sany fakultet bardy. Olar lukmançylyk, hukuk we pelsepe fakultetleridi. Ýewropadaky uniwersitetlerden tapawutlylykda, Moskwa uniwersitetinde ylahyýet fakulteti bolmandyr. Eger-de Ýewropanyň ähli uniwersitetlerinde okuwlar şol döwrüň ylmy dili bolan latyn dilinde okadylan bolsa, rus alymlary okuwlaryň rus dilinde okadylmagynyň zerurlygy hakyndaky pikirleri öňe sürýärdiler. Bu uniwersitet Russiýada ylmyň, bilimiň we medeniýetiň ösüşi üçin ägirt uly işleri ýerine ýetiripdir. Bu ýerde ylmy-barlag merkezleri, ylmy jemgyýetler, kitaphanalar işleýärdi.

Uniwersitetiň metbugat çaphanasynda dürli ugurlara degişli ylmy hem-de okuw edebiýatlary çap edilýärdi. Bu işe aň-bilim ýaýradyjy N. I. Nowikow (1744-1818) uly goşant goşupdyr. Ol köp ýyllaryň dowamynda uniwersitetiň çaphanasyna ýolbaşçylyk edýär. 1756-njy ýylda «Moskowskiýe wedomosti» atly ilkinji jemgyýetçilik gazeti çap edilýär. Moskwa uniwersiteti Russiýada ylmyň, bilimiň, medeniýetiň ösmegine ägirt uly goşant goşdy.

1725-nji ýylda Russiýa döwletiniň iň ilkinji ylmy edarasy bolan Ylymlar akademiýasy açylýar. Başda onuň alymlarynyň aglabasy daşar ýurtlylar eken, emma soň ýerli akademikler hem ösüp ýetişýärler. Ýerli halkdan ösüp ýetişen görnükli alymlaryň biri-de M. W. Lomonosow (1711-1765) bolupdyr. M. W. Lomonosowyň ençeme ylmy açyşlary: atomlar we olaryň hereketi baradaky açyşlary, Weneranyň atmosferasy baradaky derňewleri we başgalar dünýa ylmynda uly meşhurlyga eýedir. Lomonosow Russiýada fizika we himiýa ylymlaryny esaslandyryjy hökmünde tanalýar.

Ylmyň ösmegi bilen ýurtda oýlap tapyjylar hem köpelýär. I. I. Polzunowyň (1728-1766) bug maşyny, I. P. Kulibiniň (1735-1818) aýna prožektory tehniki ylymlaryny ösdürmekde mynasyp orny eýeledi. XVIII asyrda dürli maksatly kitaplary çap etmeklik giň gerime eýe bolýar. Asyryň ahyrlarynda ýurt boýunça 100-den gowrak kitap satylýan nokatlar işleýärdi. Şol döwürler Russiýada watançylyk temasyndan ýazylan eserler köp çap edilýärdi. G.R. Deržawiniň we M.W. Lomonosowyň eserleri uly meşhurlyga eýediler. Ýazyjylar aýratyn hem taryhy tema köp üns berýärdiler. Okajylaryň arasynda D. I. Fonwiziniň satiriki eserleri hem giňden tanalýardy. Ýazyjy öz eserlerinde bikärligi, nadanlygy ýiti ýazgarýardy.

Rus edebiýatynda we jemgyýetçilik durmuşynda Aleksandr Nikolaýewiç Radişşewiň (1749-1802) «Peterburgdan Moskwa syýahat» atly kitaby uly ähmiýete eýe boldy. Radişşewiň eserinde ezilýän rus daýhanynyň agyr

zähmeti we kemsidilen ýagdaýy çuňňur aýdyňlygy bilen görkezilýärdi. Eserde ýazyjy Korolyň çäklendirilmedik häkimiýetine we begzadalaryň eden-etdiligine garşy çykýardy, halk köpçüliginiň hak-hukugy barada aýdýardy. Radişşewiň bu eseri Ýekaterina II-ni gahar-gazaba mündüripdir, Korolyň buýrugy bilen ol tussag edilýär. Ýazijyny jenaýata çekip, ony ölüm jezasyna höküm edýärler, ýöne soňra ölüm jezasy Sibire sürgün edilmek bilen çalşyrylýar.

Pýotruň özgertmelerinden soň Russiýanyň binagärçilik sungatynda-da uly öňegidişlikler gazanylýar. XVIII asyrda ýurda köp sanly daşary ýurt binagärleri çagyrylypdyr. Olaryň hyzmaty bilen Russiýanyň şäherlerinde owadan binalar gurlupdyr. Korollar, begzadalar, baý söwdagärler kaşaň-kaşaň köşkleri gurdurýardylar. Moskwada we Peterburgda zehinli binagärler işläpdirler. Italýan binagäri Warfolomeý Rastrelli (1700-1771) Newa derýasynyň kenarynda Gyş köşgüni gurdurýar.

Görnükli rus binagärleriniň biri-de Wasiliý Baženowdy (1737-1799). Ol garyp maşgalada doglupdyr we şindi çagaka suratkeşlik sungaty özüne çekipdir. Ol sungat akademiýasyny gutaryp, okuwyny Italýada, Fransiýada dowam etdirýär. Baženowyň Moskwa Kremlinde guran ymaratlary binagärçilik sungatynyň gaýtalanmajak nusgalaryna öwrülipdir. Matweý Kazakow (1738-1812) hem ussat binagärdi. Ol Kremlde Senatyň binasyny gurýar. Bu ussadyň binalary öz sadalygy we gözelligi bilen aýratyn tapawutlanýardy.

Rus žiwopisinde esasanam adam keşbini we onuň özboluşlygyny görkezmekde Dmitriý Lewiskiniň (1735-1822) öçmejek yz galdyrdy. Onuň çeken suratlarynda adamyň dogumlylygy, akyllylygy we ruhy dünýäsi doly aýdyňlygy bilen şöhlelendirilýär. D. Lewiskiniň eserlerinde adamlaryň janly durmuşy ussatlyk bilen beýan edilipdir. Zehinli suratkeş Iwan Argunow (1727-1802) rus sungatynda uly yz

galdyrypdyr. Onuň çeken suratlarynyň arasynda daýhan gyzynyň keşbi aýratyn orny eýeleýär.

Russiýada teatr sungatynyň kemala gelmegi Fýodor Wolkowyň (1726-1763) ady bilen aýrylmaz baglanşyklydyr. 1750-nji ýylda Wolkow Ýaroslawl şäherinde teatr döredýär we onuň şöhraty bütin ýurda ýaýraýar. Zehinli teatr işgäri Ýekaterina II-niň gözüne ilýär we ony Peterburga çagyrýarlar. Moskwada we Peterburgda täze teatrlar işläp başlaýar. Wolkowyň teatry halk köpçüliginiň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolup, onuň dabarasy Russiýanyň köp ýerlerine ýaýraýar.

Pýotr I-niň özgertmelerinden soň Russiýa öz ösüşinde ep-esli üstünlikleri gazanypdyr. Bilim ulgamy Ýekaterina II döwründe has hem kämilleşýär. 1786-njy ýylda kabul edilen düzgünnama laýyklykda Russiýanyň guberniýa şäherlerinde umumy bilim berýän dört ýyllyk esasy uçilişşeleri açmaklyk göz öňünde tutulýar. Iki ýyllyk kiçi halk uçilişşeleri uýezd şäherlerinde esaslandyrylypdyr. Okuw mekdepleri üçin täze okuw kitaplary taýýarlanylýar. Mekdep mugallymlaryny Peterburgdaky mugallymçylyk seminariýalarynda taýýarlaýardylar.

Şol döwürler aýal-gyzlary bilim ulgamy bilen gurşap almakda-da käbir işler edilipdir. Peterburgdaky Smolnyý buthanasynda asylly gyzlaryň mekdebi açylýar. Mekdebe begzada gyzlary kabul edilipdir, ýöne käbir synplara beýleki gatlaklaryň gyzlary hem kabul edilipdir. Bu döwürler begzadalaryň çagalary üçin harby mekdepler açylýardy. Guryýer, Deňiz, Topçylar we Inženerler harby mekdeplerinde ýüzlerçe çagalar okaýardy. Täjirleriň çagalary üçin Kommersiýa mekdepleri işläp başlaýar.

Moskwada «Terbiýeçilik öýi» diýlip atlandyrylýan özboluşly çagalar öýi gurlupdyr. Oňa ýetimleri we garyp maşgalalaryň çagalaryny kabul edýärdiler. Bu ýerde bilim bermek bilen bir hatarda, çagalara el hünärini hem öwredýärdiler. Iň köp ýaýran okuw jaýlary esger mekdepleri

bolupdyr. XVIII asyryň ahyrlarynda şeýle mekdepleriň sany 116 ýetipdir.

Uralyň, Altaýyň zawodlarynda hünärment mekdepleri hereket edýärdi. Peterburgda inženerleri taýýarlaýan ýokary dag-magdan uçilişşesi işleýärdi. Ohotskide we Irkutskide bolsa deňizçilik mekdepleri esaslandyryldy.

## §15. Amerikanyň Birleşen Ştatlary XIX asyryň birinji ýarymynda

**ABŞ-nyň ykdysady ösüşi.** 1775-1783-nji ýyllarda ABŞ-da bolan garaşsyzlyk ugrundaky uruşdan soňra bu ýurtda iri maýa goýumy çalt ösýärdi. Ýurduň günortasynda gulçulyk saklanyp galdyrylypdy, şeýle bolansoň, diňe demirgazyk ştatlarda fermerçilige esaslanýan oba hojalygy we iri maýa goýum senagaty ösýärdi.

XVIII asyryň ahyrlarynda garaşsyz döwletiň emele gelmegi we iri maýa goýum önümçiliginiň peýda bolmagy, ABŞ-nyň ykdysady taýdan tiz ösmegi üçin amatly şertler döretdi. Muňa tebigy şertler: ýumşak klimatyň, mes toprakly giňişlikleriň, gür tokaýlaryň, gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň bolmagy hem ýardam edýärdi.

Angliýa ABŞ-ny senagat harytlary bilen uzak wagtyň dowamynda esasy üpjün ediji bolupdy. Demirgazyk-gündogar ştatlaryň kärhana eýeleri durabara senagat kärhanalaryny döredip başladylar. ABŞ-da senagat öwrülişigi XIX asyryň diňe 30-njy ýyllarynda başlandy, asyryň ortalaryna çenli bolsa ýurt senagat önümçiligi boýunça eýýäm dünýäde dördünji orna çykdy. Emma ABŞ entek esasan oba hojalyk ýurdy bolmagynda galýardy.

ABŞ-nyň taryhy iri maýa goýumynyň ösüşiniň umumy kanunlaryna laýyklykda geçýärdi – ýurtda önümçilik giňelýärdi. Özi hem ýewropadakydan tapawutlylykda, bu ýerde işçiler bilen kärhana eýeleriniň arasyndaky gapma-garşylyk

pesdi. Sebäbi göçüp gelýänler köplenç Günbatara tarap gidýärdiler. Şonuň üçin hem ýurduň senagat taýdan ösen ýerlerinde işçi güýjüniň gadyry bilinýärdi.

**ABŞ-nyň Demirgazyk we Günorta sebitleriniň ösüşi.** ABŞ-da jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň iki ugry we hojalygy ýöretmegiň iki ulgamy – hakyna tutma zähmete esaslanan iri önümçilik gatnaşyklar ulgamy we gul eýeçilik ulgamy uzak wagtlap dowam etdi. Fermer hojalygynyň ösen ýeri bolan Demirgazyk ştatlarda gulçulyk baryp XIX asyryň başlarynda ýatyrylypdy, Günorta ştatlarda bolsa ol saklanýardy, üstesine-de bu ýerde garaýagyz gullaryň sany ilatyň tas ýarysyna golaýyny tutýardy.

Senagat öwrülşigi Amerikanyň günorta ýerlerine kän ornaşmandyr. Onuň sebäbi iri ýer eýeleri esasan gowaça ekýärdiler. Gul eýeleriniň esasy daýanjy günorta-gündogar ştatlardy, ol ýerde 4 milliona golaý gul bardy. Günorta ştatlarda ýerler wagşyçylykly ulanylýandygy sebäpli, tiz arryklaýardy. Gulçulygy diňe gul eýeçilik hojalygynyň territoriýasyny mundan beýläkde giňeltmek arkaly saklamak mümkindi, bu bolsa, bir tarapdan, ýer eýeleri bilen fermer hojalyklaryň, beýleki tarapdan iri ýer eýeleriniň arasynda günbatar ýerleri ugrundaky we syýasy häkimiýet ugrundaky göreşe eltdi.

Günorta ştatlarda gul zähmetine esaslanýan mülkler agdyklyk edýärdi. Günortada gowaça ösdürip ýetişdirmek üçin amatly tebigy şertler bardy, Angliýadaky we ABŞ-nyň özündäki senagat öwrülişigi bilen baglylykda pagta bolan isleg çalt ösýärdi. Iňlis fabrikantlary pagtany ABŞ-dan näçe köp satyn aldyklaryça, gullaryň zähmetiniň ulanylmagy şonça-da güýçlenýärdi. Gullar doly suratda hukuksyzdy, olar satylýardy we satyn alynýardy, şunda maşgala agzalary köplenç aýra düşürilýärdi.

Ýer eýeleri ýeriň arryklamagynyň öňüni almak barada alada edenden, täze ýerleri eýelemegi peýdaly bilýärdiler. Özleriniň gullary, gözegçileri we hakyna tutma ýaragly goragy

bilen olar günorta-günbatar tarapa gidýärdiler we barha täze ýerleri esaslandyrýardylar. Akýagyzlaryň arasynda garaýagyzlara jynsparazlyk duşmançylygyny ornaşdyrýardylar. ABŞ-nyň Günortasynda jynsparazlygyň kökleri aýratyn çuň ornaşdy.

1850-nji ýyllarda fermer hojalyklary Kanzasyň territoriýasynda gulçulygy ýatyrmaga synanyşdylar, emma hökümet Kanzasa öz goşunlaryny sürdi we gul eýeleriniň häkimiýetini dikeltdi. Kanzasdaky ýaragly göreş bütin ýurtda golaýlaşyp gelýän raýatlyk urşunyň alamatydy. Tiz wagtdan soň gul eýeleri ýokary kazyýetiň karary esasynda ýurduň bütin territoriýasynda gaçgak gullary yzarlamaga we tutmaga hukuk gazandylar.

Bütin ýurtda gulçulygyň duşmanlary bilen tarapdarlarynyň arasynda göreş ýitileşýärdi. Kanzasdaky wakalar mahalynda öz töweregine maýadarlary we fermer hojalyklarynyň giň köpçüligini birleşdiren respublikan partiýasy döredildi. Işçiler we Demirgazygyň şäherlerindäki beýleki jemgyýetleriň wekilleri şu partiýa goşulýardylar.

Respublikan partiýa ABŞ-a getirilýän senagat harytlaryna ýokary gümrükleri girizmek, Günbatara göçüp barmak isleýänleriň ählisine şol ýerden ýer böleklerini mugt bermek we gulçulygy çäklendirmek, soňra bolsa gulçulygy ýatyrmak baradaky talaby öňe sürdi. Respublikan partiýanyň töweregine gulçulygyň we ony mundan beýläk Günbatara ýaýradylmagynyň duşmanlary jebisleşýärdi.

Amerikan gul eýeleri we baý adamlar, birentek fermerler mümkin boldugyça köp ýer basyp almaga çalyşýardylar. Ýewropa döwletleriniň özara uruş alyp barýandyklaryndan peýdalanyp, ABŞ olaryň ençemesini goňşy koloniýalardan gysyp çykardy.

**Işçileriň ýagdaýy.** Täze ýerleriň basylyp alynmagy we işçileriň hem-de beýleki göçüp gelen ilatyň fermer bolmak umydy bilen gündogar sebitlerinden ol ýerlere göçüp barmagy

senagat sebitlerinde işçileriň ýetmezçiligine getirýärdi. Bu bolsa kärhana eýelerini maşynlary çalt işe girizmäge we Ýewropadaka garanda has ýokary iş haky tölemäge mejbur edýärdi. Emma şonda-da işçiler iş şertleriniň gowylandyrylmagy, aýlyk haklarynyň ýokarlandyrylmagy ugrunda çykyş edýärdiler.

ABŞ-nyň işçiler hereketinde ýewropaly işçileriň tejribesinden peýdalanylýardy. Demirgazygyň käbir ştatlarynda kärdeşler arkalaşygy döredi. XIX asyryň 20-30-njy ýyllarynda köp ştatlarda syýasy partiýalary döredildi, olar diňe bir ykdysady talaplary däl-de, eýsem syýasy talaplary hem öňe sürýärdiler. Şol döwürler işçileriň we fermerleriň zor salmagy astynda ähli ştatlarda diýen ýaly, gullardan başga, ähli erkek adamlar üçin ählumumy saýlaw hukugy girizildi.

**Abolisionistler hereketi.** Akýagyz adamlaryň birentegi – işçiler, fermerler, öňdebaryjy gatlaklaryň wekilleri – eýýäm 30-njy ýyllardan başlap gulçulygyň ýatyrylmagy ugrunda göreş alyp barýardylar. Olar metbugatda çykyş edip, şolarda gul eýeçiligine garşy çykyş edýärdiler. Gulçulygyň ýatyrylmagynyň tarapdarlary abolisionistler (iňlisçe abolition-ýatyrma) diýen ada eýe boldular. Gazaba münen ýer eýeleri abolisionistik gazetleri dargatmagy guraýardylar, käte bolsa gulçulygyň duşmanlaryny öldürýärdiler.

Abolsionistler esasan fermerlerden ybarat bolan gizlin guramany guradylar. Fermerler gaçgak gullara gaçybatalga berýärdiler we olary gul eýeçiliginiň ýok ýeri bolan Demirgazyga hem-de Kanada çenli ugradýardylar.

Negr aýal Garriýet Tabmen öz edermenligi bilen aýratyn şöhratlandy. Ol Merilendde garaýagyz gyrnakdan dogulypdy we bendilikden Demirgazyga gaçypdy. Ol garaýagyz gullaryň gaçmagyna kömek etmek üçin Kanadadan Günorta 19 gezek gizlin geçip, onuň özi 300-e golaý guly Demirgazyga geçirdi. Ýer eýeleri onuň kellesi üçin 40 müň dollar bellediler, emma ol

janyna töwekgellik edip, bendilikden gaçan garaýagyzlara kömek bermegini dowam etdirýärdi.

**ABŞ-nyň basybalyjylykly daşary syýasaty.** ABŞ-da garaşsyzlyk ugrundaky uruş tamamlanandan soň ýurduň çägi ýyl-ýyldan giňeýärdi. XIX asyryň başlarynda döwletiň ýerleri Atlantik ummanyndan Missisipi derýasynyň boýlaryna çenli baryp ýeten bolsa, asyryň ortalarynda ABŞ-nyň territoriýasy Ýuwaş ummanynyň kenarlaryna çykdy.

1803-nji ýylda prezident Tomas Jeffersonyň dolandyran döwründe ABŞ Fransiýadan Luiziýanany 15 mln. dollara satyn alýar we ýurduň çäklerini günbatara tarap giňeldýär. 1810-nji ýylda ABŞ-nyň goşunlary we Ýewropadan göçüp gelýän ilat Günbatar Floridada ispan häkimiýetini ýatyryp, onuň çägini özüne birikdirýärler. 1818-nji ýylda amerikan goşunlarynyň Gündogar Florida girmegi bilen Florida tutuşlygyna ABŞ-nyň ygtyýaryna geçirilýär. Netijede ýurduň çägi iki esse giňeýär.

1823-nji ýylyň Dekabr aýynda ABŞ-nyň prezidenti Jeýms Monro dünýäniň amerikan we ýewropa ulgamlaryna bölünmegi baradaky harby-syýasy maksatnamany öňe sürýär. ABŞ-nyň taryhynda ol maksatnama «Monronyň doktrinasy» ady bilen bellidir. Maksatnamanyň öňe sürülmeginiň sebäbi Ýewropa ýurtlary Mukaddes bileleşigi döredipdirler. Monronyň doktrinasy hem şol bileleşigiň gelejekde ABŞ-nyň bähbitlerine ters gelip biljek täsirine garşy gönükdirilipdi. Şeýlelik bilen, Monronyň doktrinasy boýunça ABŞ daşary syýasatda Ýewropanyň öz içerki işlerine goşulyşmazlygyny we Amerikan yklymynda ABŞ-nyň ýeketäk agalygyny berkitmekligi jar edilýärdi.

Monronyň doktrinasy belli bir derejede Russiýanyň bähbitlerine hem degýärdi. Sebäbi Alýaska we Kaliforniýanyň günbatar ýerleri Russiýa degişlidi. Elbetde, ABŞ şol wagtlar Russiýanyň bu ýerlerine göz gyzdyrmandyr. Emma Monronyň doktrinasy gelejekde Ýewropa ýurtlarynyň amerikan

matrigindäki ähli mülkleriniň ýatyrylmagyny göz öňünde tutupdyr.

**Meksika bilen uruş.** XIX asyryň 20-nji ýyllarynda amerikaly göçegçiler Meksikanyň Tehas welaýatyna göçüp başlaýarlar. Olaryň sany barha köpelýärdi we asyryň 30-njy ýyllarynda olar özygtyýarlyklary baradaky talaplary öňe sürýärler. 1835-nji ýylda göçüp gelen ilat Tehasda pitne turuzup, meksikalylaryň elinden birnäçe ýerleri alýarlar. Amerikalylar Tehas respublikasyny jar edip, Meksikanyň prezidenti bilen Tehasyň garaşsyzlygyny ykrar edýän ylalaşyga gol çekýärler.

1839-1840-nji ýyllarda Angliýa, Fransiýa we beýleki Ýewropa döwletleri Tehasyň garaşsyzlygyny ykrar edýärler. 1845-nji ýylyň Dekabr aýynda bolsa Tehas ABŞ-nyň düzümine girýär.

Amerikaly göçegçileriň Oregon we Kaliforniýa süýşmegi Meksikanyň halkynyň güýçli garşylygyna sezewar bolýar. Emma güýçli amerikan goşuny meksikalylary günorta sepikdirip, Kaliforniýany basyp alýarlar. 1847-nji ýylda olar Meksikanyň paýtagty Mehiko şäherini hem eýeleýärler. Netijede meksikalylar ABŞ-nyň ähli şertlerine boýun bolýarlar. 1848-nji ýylda baglaşylan amerikan-meksikan şertnamasyna görä, Meksika öz çäginiň 55%-ni ýitirýär. ABŞ-nyň çägi bolsa dört esse köpelip, onuň serhetleri şu wagtky ýagdaýyna gelipdir.

Basybalyjylykly syýasatyň netijesinde Amerika döwleti transkontinental döwlete öwürilýär, çünki onuň ýerleri Atlantiki ummanyndan tä Ýuwaş ummanyna çenli uzapdyr.

**Agrar meseläniň çözülişi.** Ýewropadan, esasanam Angliýadan, Irlandiýadan, Gollandiýadan göçüp gelýänler tarapyndan täze ýerleriň özleşdirilmegi senagatyň ösmegi üçin örän uly ähmiýeti boldy. Bu ýere garyp düşen daýhanlar, şäher garyplary, işçiler bir bölejik ýer alyp, özbaşdak hojalyk ýöretmek tamasy bilen gelýärdiler. Göçüp gelenleriň arasynda

senagat merkerzlerinde mesgen tutunan ökde hünärli işçiler-de bardy.

Ýerler, ozal indeý taýpalaryna degişli bolan ýerler hem, döwlet eýeçiligi hasaplanýardy. Olar göçüp gelen akýagyz adamlara, köplenç halatda bolsa baý alypsatarlara satýylýardy. Göçegçiler indeýleri yzarlap, olary kowup, gitdigiçe Günbatara tarap süýşýärdiler.

Göçüp gelenler ýerleri eýelemek hukugyny talap edýärdiler. Köplenç olaryň özleri-de günbatara süýşýärdiler, indeýleri gysyp çykaryp, boşan ýerleri eýeleýärdiler, olar özbaşdak ýöredilýän fermer hojalyklaryny döredýärdiler we öz ýer böleklerine eýelik etmek hukugyny diňe şondan soň resmileşdirýärdiler.

Göçüp gelenler tokaýlaryň agaçlaryny çapyp, täze ekerançylyk ýerlerini hem açýardylar, tarp ýerleri özleşdirip, külbelerini gurýardylar. Göçüp gelenler adatça bütin maşgalalary bilen göçüp barýardylar, käwagt birnäçe aýlap arabalarda ýaşaýardylar. Täze ýerleri özleşdirmek üçin örän gaýduwsyz, çydamly, işjanly, işe ukyply, işiň abyny-tabyny bilýän adam bolmalydy, bir-biriňi goldamalydy. Şol bir wagtyň özünde täze özleşdirilýän ýerlerde güýje baýrynmaklyk, jenaýatçylyk başyna gidipdi. Ol ýerde häkimiýet bolmandygy sebäpli «Linçiň sudy» diýilýän, kanunsyz sud etmegiň tejribesi emele gelip, ol uzak wagt (kä ýerde XX asyra çenli) saklanyp galdyryldy.

Amerika sebitine Ýewropadan müňläp adamlar göçüp gelýärdi. Olar esasan ýer üçin gelýärdiler. Öň öz watanynda kiçijik mellegi hem bolmadyk adam, indi bu ýerlerde ýüzläp-ýüzläp akr ýer almak isleýärdiler. Göçüp gelýänler esasan ýurduň günbatarynda ornaşýardylar. Sebäbi bu sebitler ýewropalylar tarapyndan entäk özleşdirilmedik ýerlerdi.

Gullaryň öz zähmetine gyzyklanmaýandygy we ýeriň wagşyçylykly peýdalanylýandygy sebäpli, gulçulyk senagatyň we öndüriji güýçleriň ösüşini bökdeýärdi. Gul zähmeti

ulanylýan ýerlerde ýeri köplenç kätmen bilen işläp bejerýärdiler, hatda kätmen hem az ulanylýardy. Ýerler halys arryklap sandan çykýardy.

Gul zähmetine esaslanýan Günorta sebitlerde senagat harytlary az sarp edilýärdi. Şeýlelikde, gulçulygyň saklanylmagy içerki bazaryň giňemegine we fabrik önümçiliginiň ösmegine päsgel berýärdi. Şonuň üçin-de Demirgazygyň senagat kärhanalarynyň eýeleriniň uly bölegi gulçulyga garşy çykyş edýärdi, ýöne welin dokma fabrikleriň eýeleri Günorta ştatlardan pagta getirilmeginiň bes edilmegi öz fabrikleriniň işlemän durmagyna we girdejileriň kemelmegine getirer öýdüp gorkýardylar.

Iri ýer eýeleriniň Günbatarda täze ýerleri eýelemek bilen, ol ýerde hem gulçulygy ýaýratmaklaryndan, girizmeklerinden ätiýaç edip, halk köpçüligi gulçulyga garşy göreşýärdi. Olar Günbatarda ýer bölekleriniň erkin paýlanylmagyny talap edýärdiler, gul eýeleri bolsa muňa garşydylar. Bulardan başga-da, işçiler we fermerler, ýurtda mugt gul zähmetiniň ulanylmagy, erkin işçi güýjüniň hakyny peseldýändigi sebäpli hem gul eýelerine garşy çykýardylar. Halk köpçüligi we ilatyň öňdebaryjy wekilleri gulçulyk ýurdy masgaralaýar hem-de demokratik, azat jemgyýete ters gelýär diýip hasap edýärdiler.

## §16. Latyn Amerikasynda Garaşsyzlyk ugrundaky uruşlaryň başlamagy

**Gaitide gullaryň hereketi.** Gaiti adasy Kolumb tarapyndan açylypdy. Kolumb şol ýerde ýewropalylaryň Amerikadaky ilkinji koloniýasyny esaslandyrypdy. Ondan soň ol adada fransuz deňiz garakçylary mekan tutup, şol ýerden söwda gämileriniň üstüne çapawulçylyk edýärdiler, soň-soňlar bolsa bu ada Fransiýa geçdi. Ýerli indeýleriň aglabasy kesellerden ölüpdir ýa-da West-Hindistanyň beýleki adalaryndaky ýaly gyrlypdyr. Şonuň üçin-de şekerçiňňirigi

ekilýän plantasiýalary işläp bejermek üçin Gaitä Afrikadan garaýagyz gullary köp getiripdirler.

XVIII asyryň ahyrlarynda Gaitidäki fransuz mülklerinde 400 müňden gowrak garaýagyz gullar we onlarça müň goňur hamly mulatlar (akýagyzlaryň we garaýagyzlaryň nesilleri) bardy. Olar özleriniň zähmeti bilen plantatorlary baýlaşdyrýardylar. Adada akýagyz fermerler bilen senetçiler hem köpdi.

Gullar ýygy-ýygydan gozgalaň turuzýardylar. 1791-nji ýylda başlanan uly gozgalaň taryhda gullaryň ilkinji we ýeke-täk üstün çykan hereketine öwrüldi. 1793-nji ýylda fransuz häkimiýeti gullary azat edýändigi barada kanun çykarýar. Gullar häkimýeti basyp aldylar we özleriniň kiçijik bolsa-da, garaşyz döwletini döretdiler. 1801-nji ýylda konstitusiýa kabul edilýär we Latyn Amerikada ilkinji garaşsyz Gaiti döwleti döredilýär. Şeýle üstünligiň gazanylmagyna gullar bilen akýagyz garyplaryň bilelikdäki herekeleri ýardam etdi. Ol ýerde iň oňat ýerler kem-kemden baý hususyýetçileriň eline geçdi. Soňra adanyň gündogar bölegi 1804-nji ýylda Gaiti respublikasyndan bölünip, özbaşdak döwlet boldy.

**Latyn Amerika ýurtlarynyň garaşsyzlyk ugrundaky uruşlarynyň sebäpleri.** Özgelere garanda birneme ösen medeniýetli indeý halklary, mysal üçin, Meksikadaky astekler we Günorta Ameikadaky inkler ispan basybalyjylaryna uzak wagtlap garşylyk görkezdiler. Indeýlerden örän köp adam heläk bolan-da bolsa, häzir hem Latyn Amerikasynyň ilatynyň ep-esli bölegi - indeýlerden ýa-da indeýleriň we akýagyzlaryň nesillerinden – metislerden hem-de mulatlardan ybaratdyr. Latyn Amerikasy ýurtlarynyň kolonial basylyp alynmagy başyna giden zorluk we olaryň baýlyklarynyň talanmagy bilen utgaşdyrylýardy.

Tozdurylan begzadalar, täjirler we peýda görmegiň kül-külüne düşen beýleki adamlar altyndyr kümşe kowalaşyp, Merkezi we Günorta Amerikanyň ýurtlaryna göçýärdiler.

Altynyň, kümşüň we gymmat baha daşlaryň hazynasynyň baryny basyp alanlaryndan soňra, ispan we portugal basybalyjylary kümüş alynýan ýerleri, altyn we almaz gözlenilýän ýerleri esaslandyrmaga başladylar.

Begzadalar we buthanaçylar iň oňat ýerleri eýeleýärdiler we şekerçiňrik, kofe we temmäki plantasiýalaryny edinýärdiler, atlary, goýunlary, gara mallary köpledýärdiler. Ýerden mahrum bolan indeýler ýarym baknalara öwrülýärdiler. Olara agyr salgytlar salýardylar. Ispan buthanaçylary indeýleriň ybadathanalaryny weýran edýärdiler, indeýleri bir giden hristian buthanalaryny gurmaga mejbur edýärdiler.

Kolonial zulum oba hojalygynyň we söwdanyň mundan beýläk ösmegi üçin esasy päsgelçilige öwrülipdi. Ine şonuň üçin-de koloniýalarda özbaşdak döwletleri döretmeklige bolan meýil güýçenýärdi. Ispaniýanyň kolonial sütemine garşy azat edijilik hereketi ýokary galýardy. Diniň zulumyna (inkwizisiýa) ýanamalaryna garamazdan, koloniýalara fransuz aň-bilim ýaýradyjylarynyň eserleri aralaşýardy.

Sowatly ýer eýeleriniň arasynda, ylaýta-da kreollardan bolan serkerdebaşylaryň arasynda azat edijilik pikirleri ýaýraýardy. Koloniýalardaky täze baýan gatlak gowşakdy. Şoňa görä-de azat edijilik hereketiniň baştutanlygynda köplenç kreollardan-begzadalardan bolan adamlardan durýardy.

Ýarym bakna daýhanlar ýer eýeleriniň we süýthorlaryň süteminden azat bolmak, özleriniň işläp bejerýän ýerleriniň eýesi bolmak isleýärdiler. Halk köpçüligi gullukçylarynyň eden-etdiligiňden we rehimsizligiňden dynmagy umyt edýardi. Emma ýer eýeleri, täjirler, buthana öz mülkleriniň we gulçulygyň saklanyp galdyrylmagyny hem-de daýhanlaryň we hünärmenleriň özlerine garaşly bolmagyny isleýärdiler.

Ispan kolonial sütemine garşy azat edijilik hereketinde kreol ýer eýeleri ýokary gatlagyň maksatlary bilen halk köpçüliginiň bähbitleri gabat gelmeýardi. Emma welin azat edijilik hereketiniň has öňdebaryjy işgärleri halk köpçüliginiň –

daýhanlaryň, indeýlerden bolan senetçileriň, metisleriň, mulatlaryň we ispan hökümdarlygyndan dynylsa, özleriniň ykbaly ýeňleşer öýdüp umyt eden negrleriň-gullaryň hem goldawyna daýanmaga çalyşýardylar.

**Idalgonyň gozgalaňy we Meksikada garaşsyzlyk ugrundaky uruş.** Koloniýalarda köpçülikleýin gozgalaň 1810-njy ýylda başlandy. Amerikanyň halklary özleriniň azat edijilik göreşinde ajaýyp watançylaryň birentegini ýüze çykardy. Meksikanyň halk köpçüligi meksikan halkynyň azat edijilik göreşiniň şöhratly gahrymanlary, garyp daýhanlaryň gezgalaňlarnyň baştutanlary Migel Idalgonyň we Hose Morelosyň atlaryny häli-şu güne çenli hem hormatlaýarlar.

Oba ruhanysy Idalgony ýerli ilat, aýratyn-da indeýler söýýärdiler, ol indeýleriň dilini bilýärdi. 1810-njy ýylda Idalgo daýhanlaryň iň garyp gatlaklaryny emele getirýän indeýleri we metisleri garaşsyzlyk ugrunda göreşmäge hem-de zorluk bilen alnan ýerleri özlerine gaýdyp almaga çagyrdy. Gozgalaň turzan indeýlerden we metislerden bütin bir goşun düzüldi. Gozgalaň ýurduň ep-esli bölegini öz içine aldy. Idalgo gul eýelerine 10 gün möhlet içinde öz ähli gullaryny azat etmegi buýurdy we indeý jemagatynyň kolonial häkimýetlere töleýän paçlaryny ýatyrdy. Ispan häkimýetleri Idalgo boýun egmegi teklip etdiler we onuň günäsini geçmegi wada berdiler. «Günä geçmeli? – diýip, Idalgo jogap berdi. – Günä geçilmegi watany goraýjylar üçin däl-de, eýsem jenaýatçylar üçin gerek zatdyr!».

Idalgonyň harby topary ispan kolonial goşunlary tarapyndan çym-pytrak edildi. Idalgony ýesir aldylar we 1811-nji ýylda atyp öldürdiler, onuň kellesini göz üçin, demir gözenekde goýdular.

Idalgonyň işini onuň egindeşi, agaç ussanyň ogly Morelos dowam etdirdi. Morelos ilki gatyr sürüjidi, soňra bolsa oba ruhanysydy, ol indeýleriň ýerleriniň gaýtarylyp berilmegini gazanmaga çalyşýardy. Morelos iri ýer eýeleriniň ýerlerini

ellerinden aldy, gulçulygyň ýok edilmegini tassyklady, gynamaklygy ýatyrdy.

Morelosa «alyhezret» atly derejäni bermegi teklip edenlerinde, ol ondan ýüz dönderdi we «milletiň hyzmatkäri» diýen ady aldy. Ol garyplaryň hal ýagdaýyny gowulandyrmak isleýärdi. Morelosy 40 müň indeý goldaýardy, onuň goşunlarynyň hatarlarynda birnäçe müň negr hem bardy. Emma regulýar ispan goşuny iri ýer eýelerini öz tarapyna çekip, gozgalaňçylary çym-pytrak etdiler we Morelosy atyp öldürdiler.

Mundan beýläk azat edijilik hereketiniň ýolbaçylygyny baý ýer eýeleri eýelediler. Meksikada garaşsyzlyk ugrundaky göreş dowam edýärdi. 1821-nji ýylda Meksika özbaşdak döwlet boldy. Gulçulyk azat edijilik hereketiniň gidişinde ýatyryldy. Birnäçe ýyl geçenden soň ýurt respublika diýlip yglan edildi.

**Günorta Amerikadaky ispan koloniýalarynyň azat edilmegi. S.Boliwar.** Günorta Amerikanyň kolonial süteme garşy göreşen halklarynyň iň şöhratly gahrymany Simon Boliwar (1783-1830) boldy.

Boliwar baý wenesuela kreolynyň – pomeşiginiň we täjiriniň maşgalasynda doglupdy. Boliwar ajaýyp bilim alandan soň, Ýewropanyň köp ýerlerine syýahat edipdi, Wolteriň we Russonyň eserleri bilen gyzyklanýardy. «Ispaniýanyň watanymy baglap goýan zynjyrlaryny gyrmasam, men ynjalmaryn» diýip, ol aýdypdy.

Boliwar Wenesuelanyň azatlyk goşunyny döretdi we ispan goşunlaryna garşy üstünliki söweşler üçin general derejesini hem-de «Azat ediji» diýen hormatly ady aldy. Ol diňe bir kreollara – ýer eýelerine daýanman, eýsem negrlerdir indeýleri hem göreşe galdyrýardy – gulşulygyň ýatyrylýandygyny yglan etdi we şeýle hem garaýagyz gullaryň bir bölegini öz goşunyna çekdi, daýhanlar-indeýlere bolsa uruş gutaran dessine ýer bermegi wada etdi. Emma welin

plantatorlaryň garşylyk görkezmegi netijesinde Wenesuelada gulçulyk hakykatda diňe XIX asyryň ortalarynda ýatyryldy.

Boliwar kömek sorap Ýewropanyň öňde baryjy jemgyýetçiligine ýuz tutan mahalynda, onuň çagyryşyna Latyn Amerikasynyň halklarynyň kolonizatorlara-gul edijilerine garşy göreşinde olara kömek bermegi maksat edinen köp meýletinçi seslendi. Boliwaryň ýanyna irlandlar, iňlisler, nemesler, italýanlar, polýaklar gelýardiler.

1819-njy ýylyň başlarynda Wenesuelanyň garaşsyzlygy yglan edildi. Hut şol ýylda Boliwar Wenesueladan ugrap, And daglarynyň garly gerişleriniň üstünden geçmegi we welaýatyň – Täze Granadanyň ispanlardan azat edilmegine kömek bermegi karar etdi. Onuň goşuny gahrymançylykly ýörişe başlady. Urşujylar sümme tokaýlardan, okgunly akýan, köp krokodilli derýalardan we beýik daglardan geçmeli bolýardylar. Ýagyşdyr gar urşujylaryň ýüzlerine urýardy. Olaryň birentegi taýyp, uçutdan gaýdýardy.

Adamlar üsti garly dag gerişlerinden geçenlerinde howa ýetmezligi zerarly özlerinden gidýardiler; kert gaýalarda otrýadyň ýabylary heläk bolýardy. Emma Boliwaryň baştutanlygy astynda gozgalaňçylar we ýerli ilat daglardan aşdylar we ispan ezijileriniň goşunlaryny ýeňdiler. Täze Granada Wenesuela bilen birleşdi we Boliwar birleşen respublikanyň – Beýik Kolumbiýanyň prezidenti boldy.

Boliwar indeýlerden alynýan pajy ýatyrdy, iri ýer eýeleriniň ýerlerini almak barada kanun taslamasyny düzdi, emma bu soňky çäre baýlaryň garşylygyna duş gelip, durmuşa geçirilmedi. Boliwar ähli azat bolan ispan-amerikan respublikalaryny birleşdirmegi arzuw edýardi. Ol ABŞ-nyň Latyn Amerikasyndaky basybalyjylykly maksatlary barada ägä edip, şeýle ýazypdy: «Demirgazygyň amerikanlary… biziň üçin kese ýurtlulardyr. Şonuň üçin-de biziň, amerikan işlerimizi olary çagyryp ýola goýmaga men hiç wagt ylalaşmaryn».

Ispanlardan üstün çykylandan soň ýer eýeler-kreollar we Beýik Kolumbiýanyň ösüp barýan täze baýlar halk köpçüligine garşy göreşmäge başladylar, katolik ruhanylary bilen birleşdiler, gulçulygyň ýok edilmegine päsgel berýärdiler, baý ýer eýeleri ýerlerini garyplara paýlap bermäge mümkinçilik bermeýärdiler. Boliwar azat edijilik hereketiň iňňän kyn, aýgytly döwründe halk bilen bile we janyny aýaman oňa hyzmat etdi. Şu sebäpli ol iri ýer eýelerine ýaramaýan bolup çykdy we ähli gazanylan üstünliklerden soň iş başyndan aýrylmaga mejbur boldy.

Latyn Amerikasynyň halklary amerikan koloniýalarny azat ediji meşhur gahryman hökmünde Boliwary häli-şu güne çenli hem hormatlaýarlar. Oňa köp ýadygärlikler bina edildi. Wenesuelada häzir hem şaýy pullara boliwar diýilýär.

**Argentinada, Çilide we Peruda garaşsyzlyk ugrundaky uruşlar.** Argentinany general Hose San-Martiniň baştutanlygy astynda goşunlar azat etdiler. Soňra onuň goşunlary Argentinadan ugrap, And daglarynyň üstünden iňňän kynçylyk bilen geçdiler we Çilini hem-de Peruny azat etmäge kömekleşdiler.

1822-nji ýylda Braziliýa Portugaliýadan bölünip aýryldy, emma gulçulygyň saklanyp galan we gul eýeleriniň örän güýçli ýerindäki täze döwlet respublika bolman, Korollyk boldy.

1824-nji ýylyň Dekabr aýynda Peruny özbaşdaklykdan mahrum etmäge synanyşan ispan goşunlary Boliwaryň goşunlary tarapyndan Aýakuço tekiz daglygynda çym-pytrak edildi. Peru ispan zulumyndan gutarnykly azat edildi. Şondan soňky ýyl täze respublika – Boliwiýa respublikasy döredildi. Bu at antikolonial göreşde Boliwaryň oňa kömek berendigi üçin şeýle atlandyryldy.

Urugwaýda azatlyk ugrundaky göreş diňe bir ispan häkimiýetlerine garşy alnyp barylman, eýsem bu ýurdy basyp almaga synanyşan braziliýa we argentina iri ýer eýelerine garşy

hem alnyp barylýardy. Emma ol ýerde-de garaşsyzlyk yglan edildi.

Latyn Amerikasynda garaşsyzlyk ugrundaky uruşlaryň netijesinde ispan eldegirmesiz häkimiýetiniň sütemi ýok edildi we birnäçe özbaşdak täze milli döwletler döredildi. Olaryň Braziliýadan özgesinde respublika berkarar edildi. Şundan aýdyň bolşy ýaly, Latyn Amerikasynyň garaşsyzlyk ugrundaky uruşlary antikolonial, milli-azat edijilik hereketdi.

Esasy maksat – Ispaniýa we Portugaliýa kolonial garaşlylygy ýok etmek maksady bu milli azat edijilik hereketlerde gazanyldy. Milli azat edijilik hereket köp meseleler çözüp bilmedi. Daýhanlar ýer almadylar, latifundiýalaryň eýeleri ägirt uly mülklerini we ep-esli derejede özleriniň syýasy häkimiýetini sakladylar. Gulçulyk Wenesuelada, Kolumbiýada we Peruda entek XIX asyryň 50-nji ýyllaryna, Braziliýada bolsa 80-nji ýyllaryna çenli dowam etdi.

G.b ýarym şarda garaşsyzlyk ugrundaky uruşdan soň Latyn Amerikada ispan we portugal koloniýalarynyň ýerine täze döwletler emele gelýär. 1826ý bu täze döwletler-Meksika,Merkezi Amerika Federatiw Respublika, Kolumbiýafederasiýasy, Peru, Boliwiýa, Çili, Argentina, Paragwaý, Urugwaý, Braziliýa bolupdyr. 1829-njy ỳylda Merkezi Amerika Federatiw Respublika özbaşdak döwletlere bölünýär, ol respublikalar Nikaragua, Gwatemaly, Salwador. Kolumbiýa federasiýaň bitewlik ugrundaky göreşi ýeňşi gazananok netijede Kolumbiýadan 1830ý-Wenesuella we Ekwador, 1844.ý Gaitiden Dominikan Respublika bölünip aýrylýar.

**ABŞ-nyň we Angliýanyň Latyn Amerikasyna gyzyklanmasy.** Latyn Amerikasy ýurtlarynda, birnäçe päsgelçilklere garamazdan, iri maýa goýum önümçiliginiň ösmegi we milletleriň kemala gelmegi çaltlaşdy. Iri maýa goýum önümçilik gatnaşyklary Meksikada has üstünlikli

ösýärdi,  emma ol hem agrar ýurt bolmagynda galýardy, onuň ilatynyň aglabasy daýhanlardan-peonlardan ybarat bolup, olaryň ýagdaýy gullaryň ýagdaýyndan öwerlik däldi.

Ýaş respublikalaryň ählisinde latifundistleriň (mülk eýeleriniň) dürli toparlanyşyklarynyň arasynda häkimiýet ugrunda göreş gidýärdi. Şu göreşiň netijesinde demokratiýanyň galyndylaryny yzygiderli ýok edýän diktatorlyk düzgünleri berkarar edilýärdi. Latyn Amerikasy döwletleriniň öz aralaryndaky uruşlar syýasy ýagdaýyň durnuksyz bolmagyny güýçlendirýärdi.

Latyn Amerikasy ýurtlarynyň ykdysady taýdan yza galaklygyndan we syýasy ýagdaýyň durnuksyzlygyndan Angliýa bilen ABŞ peýdalanýardy. Olaryň esasy maksady Latyn Amerikasy ýurtlaryny ykdysady taýdan özlerine tabyn etmekdi. Angliýa bilen ABŞ iri ýer eýeleriniň toparlanyşyklarynyň birlerini beýlekilerine garşy ulanýardylar, aýratyn-da antidemokratik diktatorlary (kanuna hormat goýmaýan, güýje daýanýan häkimiýet) goldaýardylar, sebitiň syýasy dagynyklygyna ýardam edýärdiler. Iri ýer eýeleriniň ýerli toparlanyşyklarynyň bäsleşmekleri sebäpli, Beýik Kolumbiýa bilen La-Platanyň (Merkezi Amerikanyň) Birleşen welaýatlary birnäçe döwlete dargady.

Angliýa bilen ABŞ formal garaşsyz döwletleri tabyn etmegiň usullaryna ilkinji gezek Latyn Amerikasynda amal etdiler. 1846-njy ýylda ABŞ Meksika garşy urşa başlady we onuň elinden Tehasy, Kaliforniýany hem-de Täze Meksikany, ýagny ýurduň territoriýasynyň 2/5 bölegini basyp aldy. ABŞ-nyň hökümeti Ispaniýanyň koloniýasy Kubany eýelemegiň hem kül-külüne düşdi, ol ýerde 50-60-njy ýyllarda milli azat-edijilik hereketi ýaýbaňlandy.

## §17. Fransiýada 1848-nji ýylyň rewolýusiýasy

**Fransiỳada rewolỳusiỳanyň başlanmagy.** 1830-njy ỳylyň iýul monarhiýasy fransuz jemgyỳetiniň ỳokary gatlaklarynyň bähbitlerini araýardy. Giň halk köpçüligi hak-hukuksyz bolup galýardy. Saýlaw hukuklaryndan ýurduň ilatynyň diňe 1%-den-de az bölegi peýdalanýardy. Fransiỳada berkarar edilen iýul monarhiýasynyň ýok edilmeginiň gaýduwsyz tarapdarlary işçilerdi: olaryň birentegi zähmetkeşleriň bähbitlerini goramagy üpjün edip biljek respublikanyň bolmagyny, işsizligiň ýok edilmegini, iş gününiň gysgaldylmagyny, zähmet şertleriniň gowulandyrylmagyny talap edýärdiler.

1847-nji ýylda güýçli ykdysady pese gaçyş başlanyp, ol birentek ýurtlary, şol sanda Fransiýany hem gurşap aldy. Hasylsyz ýyl bolup, bugdaýyň ýetmezçiligi sebäpli çöregiň nyrhy ýokary galdy. Rewolýusiýanyň esasy sebäbi bu pese gaçyşlyk däldi, ýöne ol 1848-nji ýylyň başlarynda rewolýusion ýagdaýyň döremegine ýardam edipdi, sebäbi pese gaçyşlyk halkyň nägileligini we mätäçligini öňkiden-de güýçlendiripdi.

Fransiỳada köpçülikleýin işsizlik başlandy, iş haky iki esseden-de köp kemeldi. Onuň üstesine-de, 1845-1847-nji ýyllaryň hasylsyzlygy sebäpli, azyk önümleriniň nyrhy uçursuz galdy. Ençeme sebitlerde aç işçiler we hünärmenler tolgunyp başladylar, azyk önümli dukanlary, mülkleri talap başladylar. Syýasy göreş ýitileşdi.

Baý gatlagyň nägile toparlary saýlaw mümkinçiliginiň azaldylmagyny talap edip, fewral aýynda ýygnaklar guradylar. Ýygnaklara halkyň birtopar märekesi üýşýärdi – halkyň öňdebaryjylygy ösýärdi. fewral aýynyň 22-sine bir uly ýygnak geçirilmeli diýip bellenilende, hökümet ony gadagan etdi. Döwlet gullukçylary ýygnaga gitmediler, emma ýygnagyň geçiriljek ýerine müňlerçe adam – işçiler, hünärmenler, talyplar ugradylar.

Gizlin rewolýusion jemgyýetler halky gozgalaňa çagyrýardylar. Paýtagtyň dürli ýerlerinde halk barrikadalary gurup başlady. Ertesi gün zähresi ýarylan korol ministrleriň iş başyndan aýrylýandygyny yglan etdi, emma rewolýusiýa eýýäm başlanypdy. Köpçülik, ilat köçä çykypdy.

Agşam harby goşunlar köpçülikleýin hereketleri oka tutdular. Ölen we ýaralanan adamlar köp boldy. 1848-nji ýylyň fewral aýynyň 24-ine gozgalaň turzan halk ýarag ammarlaryny we paýtagtyň esasy nokatlaryny eýeledi. Lui Filipp hakyna tutulan paýtuna münüp gaçyp gitdi we deňizden geçip, Angliýa bardy. Gozgalaňçylar köşgi eýelediler we korolyň tagtyny ýakdylar.

**Respublikanyň berkarar edilmegi.** Ýaragly gozgalaň rewolýusiýanyň ýeňmegine getirdi. Emma wekiller maslahaty häkimýeti kim-de bolsa korol maşgalasyndan birine bermäge synanyşdy. Muňa jogap edip, gozgalňçylar elleri ýaragly «Ýaşasyn respublika!» diýip gygyryşyp, palata kürsäp girdiler. Gozgalaň turzanlaryň zor salmagy astynda wekiller maslahaty respublikaçy işgärlerden düzülen wagtalaýyn hökümetiň düzümi tassyklandy. Onda «aram» respublikaçylar esasy täsire eýe boldular.

Gozgalaňçylary öz tarapyna çekmek üçin, Lion gozgalaňyna gatnaşyjy işçi Alberi we demokrat hem-de sosialist Lui Blany hökümetiň düzümine girizdiler. Iş ýüzünde Lui Blan işçileriň hakyky bähbitlerinden daşda durýardy. Alberiň we Lui Blanyň göýä işçiler gatlagynyň wekili hökmünde hökümete girmegi işçilere diňe zyýan etdi. Lui Blan bilen Alber Wagtalaýyn hökümetde azlykdy. Olaryň täsiri juda pesdi, emma olar bu hökümetiň işçiler gatlagy barada edýän ähli haýanatçylykly ýaramaz işleri üçin meýletin deň jogapkärlik çekýärdiler, olaryň işçiler gatlagynyň wekilleriniň ornuna dawa edip, oňa gatnaşmaklary bolsa işçileri gowşadýardy.

Wagtlaýyn hökümete ýazyjy Alfons de-Lamartini baştutanlyk etdi. Ol respublika baradaky meseläniň çözülmegini gijikdirmäge synanyşdy, emma Lui Filippiň agdarylan gününiň ertesi halk köpçüligi hökümetiň mejlis geçirýän ýeri bolan şäher merkeziniň daşyny gabady we Fransiýany respublika diýip yglan etmäge ony mejbur etdi. Işçiler respublikany öz ganyny döküp, göreşip gazandylar, şonuň üçin-de respublikanyň baýdagynyň gyzyl reňkde bolmagyny talap etdiler, emma «aram» respublikaçylar Birinji respublika mahalyndaky üç reňkli baýdagy kabul etdiler.

Fransiýanyň ilatynyň işçiler gatlagy 1848-nji ýylyň rewolýusiýasynyň ýeňmeginde we respublikanyň jar edilmeginde aýgytly güýç boldy. Ýokary gatlagyň wekilleri işçilere eglişik etmäge mejbur boldy, emma ol diňe wagt utmak, işçileriniň garşysyna güýç toplap, soňra ony derbi-dagyn etmak üçin eglişik edýärdi.

Işçileriň uly märekesi elleri tüpeňli Parižiň ybadathanasynyň daşyny gabady we zähmete bolan hukugy, ýagny işe mätäç adamlara iş tapyp bermek baradaky kanuny talap etdiler. Wagtalaýyn hökümet işçilere eglişik edip, iş gününi 10-11 sagat bilen çäklendirildi hem-de ähli raýatlary iş bilen üpjün etmek hakynda karar kabul etdi. Işçileriň ünsüni gapma-garşylyk hereketlerden sowmagy niýet edinip hökümet Lui Blanyň baştutanlygynda işçi meselesi barada iş topar döretdi. «Lýuksemburg» diýlip (mejlisi geçirýän köşgüniň ady boýunça) atlandyrylan bu iş toparda Lui Blan iş haky barada işçiler bilen hojaýynlaryň arasynda dörän dawalary çözmek bilen meşgul boldy, olary «doganlaşmaga» çagyrýardy. Emma hakykat ýüzünde bu toparyň işi boş gürrüň edilmegine öwrüldi.

**Pariž işçileriniň iýun gozgalaňy.** Wagtlaýyn hökümet Parižde toplanan işsizleriň köpçüligini köşeşdirmek üçin «milli ussahanalar» diýen ada eýe bolan jemgyýetçilik işlerini gurady. 100 müňden gowrak adam her iş gününe berilýän 2 frank ujypsyz hak üçin Pariž şäheriniň abadanlaşdyrmak üçin dürli

ýer işlerini ýerine ýetirýärdiler. Häkimiýet tarapyndan iş tapyp bermek boýunça iş toparyna Lui Blan ýolbaşçylyk etdi.

1848-nji ýylda 23-nji aprelinde kanun çykaryjy edara Uçreditel ýygnaga saýlawlar boldy. Daýhanlar respublikaçylar üçin ses berdiler. Parižde syýasy ýagdaý gün-günden çylşyrymlaşỳardy. Ykdysady kynçylyklar sebäpli halk köpçüligiň nägilelegi artýardy. Hökümetiň milli ussahanalaryny işletmäge maliýe ýagdaýy ýokdy. Şonuň üçin hem iýun aýynyň 22-ne milli ussahanalaryň işini ýatyrmak hakynda karar kabul etdi. Olarda işleýän 25 ýaşa ýetmedik sallah işçileriň ählisi goşuna çagarylmaga ýa-da batgalyk ýerlerde ýer işlerinde işletmek üçin sürgün edilmäge degişli edildi. «Milli ussahanalaryň» dargadylmagy az salymyň içinde 113 müň işçini köçä zyňdy. Işçiler muňa jogap edip, gerimi, güýji we tutanýerliligi boýunça henize çenli görülip-eşidilmedik gozgalaň turuzdylar. Parižiň işçileri aỳaga galyp, iýun aýynyň 23-26-sy aralygynda köçe söweşlerini alyp bardylar.

Topalaňlar ilki bilen işçileriň ýaşaýan ýerleri bolan şäher eteklerini gurşap aldy, soňra bolsa paýtagtyň bütin gündogar bölegini şaheriň merkezine çenli tutdy. Barrikadalaryň üstünde gyzyl baýdaklar pasyrdaýardy. 100 müňden-de köp işçiler – agaç ussalary, demirçi ussalar, paýtagtyň gündogar sebitlerinden gelen demirýolçular, işsiz adamlar söweşmäge köça çykdylar. Birentek adamlar çykyşlara maşgalalary bilen gelipdi.

Aýallar ýaralylaryň ýarasyny daňýardylar, gozgalaňçylary iýdirip-içirýärdiler, oglanlar ok guýýardylar, aragatnaşykçy bolup hyzmat edýärdiler. Gozgalaňçylaryň batyrlygy, edermenligi, olaryň gahrymançylygy, janlaryny pida etmäge taýyndykalry hatda olaryň duşmanlaryny-da täsin galdyrýardy. Gozgalaňçylaryň ýeke-täk ýolbaşçysy we baştutany ýokdy. Ýaragly gozgalaň özakymlaýyn we dagynyk alnyp barylýardy. Häkimiýet ägirt köp güýji –umuman jemi 150 müňden-de köp adamy doly ýaraglandyryp, halk gozgalaňynyň garşysyna sürdi.

Iýun günlerinde Parižiň köçelerinde bolan söweşlerde ölenleriň we tutulan ýerinde atylan gozgalaňçylaryň sany 11 müň adam boldy. Tussag edilen adamlaryň sany 25 müňden geçýärdi, 3,5 müň adam sürgün işlerinde işletmek üçin koloniýalara iberildi.

Ownuk hususyýetçiler işçiler hereketinden gorkup, konstitusiýany işläp düzdiler, onda zähmete bolan hukuk barada indi hiç zat aýdylmaýardy. Saýlaw hukugy çäklendirilipdi. Halkyň garşylygyny syndyrmak üçin prezidentden ybarat bolup durýan güýçli merkezi häkimýet döredildi. Prezidente örän uly häkimiýet ygtyýarlylyklary berildi, onuň saýlawly kanun çykaryjy ýygnagyň razylygyny soraman ministrleri aýyrmaga we goýmaga hukugy bardy.

**Ikinji imperiýanyň berkarar edilmegi.** Respublikaçylaryň halk köpçüliginiň arasyndaky täsiri çalt peseldi. 1848-nji ýylyň dekabr aýynda monarhiýanyň tarapdary, Napoleon I-niň inisi şazada Lui Napoleon Bonapart prezidentlige saýlanyldy. Fransiýanyň jemgyýetiniň ýokary gatlaklarynyň toparlary we daýhanlar şoňa ses berdiler. Daýhanlar özleriniň ýere bolan eýeçiligini ol bir mahalky meşhur agasy ýaly gorar diýip umyt edýärdiler.

Özüniň häkimiýetini berkitmäge taýarlanmak bilen, Lui Napaleon Parižiň harby bölümklerine ähli möhüm harby wezipelerine öz gullukçylaryny belledi, 1851-nji ýylyň 3-nji dekabrynyň agşamy özüniň howply saýýan işgärlerini tutup, olary basmagy buýurdy, şondan soň goşunlar ähli hökümet jaýlaryny eýelediler. Parižde respublikaçylaryň 10 müňe golaýy köçä çykdy, emma goşunlar olaryň çykyşlaryny basyp ýatyrdylar.

1851-nji ýylyň 2-nji dekabrynda bolup geçen bonapartçy agdarylyşygy döwürdeşleri köplenç Napaleon Bonapartyň 1799-njy ýylyň 9-njy noýabryndaky Direktoriýany dargatmagy bilen deňeşdirýärdiler.

Döwlet agdarylyşygy prezidentiň esasy maksadyny – Ikinji respublikadan dynmak we korol häkimiýetine gaýdyp gelmek maksadyny amala aşyrmak üçin diňe taýýarlykdy. Göni bir ýyl geçenden soň, 1852-nji ýylyň 2-nji dekabrynda Fransiýada döwleti edara etmegiň monarhiỳa düzgüni dikeldildi. Lui Napoleon Bonapart Napoleon III ady bilen korol diýlip yglan edildi. Fransiỳada Ikinji imperiýa diýilýäni berkarar edildi. Şunuň netijesinde fransuzlar özüniň resublika wagty demokratik gazananlaryny ýitirdiler. Bilimiň üstünden giň gözegçiligi döredildi. Metbugat azatlygy ýatyryldy. Saýlaw hukugy bes edildi.

Fransiýada 1848-nji ýylda bolan demokratik rewolýusiýa respublikanyň berkleşmegine getirmedi we işçileriň hereketinden gorkan jemgyýetiň ýokary gatlagyň garşylygy netijesinde ýeňildi.

Napoleon III tagty eỳeländen soň: «Imperiýa – bu parahatçylykdyr» diýip aýtdy. Emma ol iş ýüzünde iri maýadarlaryň peýdasy üçin basybalyjylykly daşary syýasat ýöretdi. Basybalyjylykly uruşlary alyp barmak bilen Napoleon III halk köpçüliginiň ünsüni syỳasy göreşlerden sowmaga çalyşýardy.

Fransiýa Ikinji imperiýa mahalynda birnäçe basybalyjylykly, adalatsyz uruşlary alyp bardy, Krym urşunda Russiýanyň garşysyna Angliýa bilen bilelikde boldy. Fransiỳa Meksikadaky we Hytaýda alnyp barlan talaňçylykly uruşlara gatnaşdy, Sardiniýa bilen bilelikde Awstriýanyň garşysyna uruş alyp bardy. Fransiýa Hindi-Hytaýda Kohinhini we Kambojany basyp aldy we olary özüniň koloniýalaryna öwürdi.

## §18. Germaniỳada 1848-1849-njy ỳyllaryň rewolýusiýasy

**Germaniỳada rewolỳision hereketiň başlanmagy.** Dowam edip gelỳän feodalçylyk düzgünleri we

ýurduň syýasy dagynyklygy Germaniýada iri maýa goýum önümçiliginiň mundan beýläk ösmegi üçin esasy päsgelçilikdi. Milli döwlete birleşilmegi we iri maýa goýum düzgünleriň ornaşdyrylmagy ýurduň rewolýusion özgerdilmeginiň esasy meseleleridi.

1848-1849-njy ýyllaryň rewolýusiýasynyň öňüsyrasynda nemes buržuaziỳasy we begzadalar korollyk häkimiýeti bilen ylalaşyk etmäge ýykgyn edýärdiler. Olar aram özgerişlikler barada arzuw etmekden aňry geçip bilmediler. Rewolýusiýany ozaly bilen işçiler, garyp hünärmentler, intelligensiỳa wekilleri we ownuk buržuaz toparlary amala aşyryp biljekdiler. Emma bu güýçler dagynykdy, guralmandy we olar ýurduň syýasy dagynyklygy zerarly köplenç biri-birinden üzňe çykyş edýardiler.

1847-nji ýýlyň ykdysady çökgünligi, edil Fransiýada bolşy ýaly, işsizlige we iş hakynyň kemeldilmegine getirdi, öňki ýyllardaky hasylsyzlyk bolsa azyk önümleriniň bahasynyň ýokarlanmagyna sebäp boldy. Bularyň barysy halkyň mätäçligini hem-de betbagtçylyklaryny aňrybaş çäge çenli agyrlaşdy. 1847-nji ýylyň ýazynda aç märeke çörek we gök önüm dükanlaryny talaýardylar, bişen çörekleri we kartoşkany zorluk bilen alýardylar, korol mülki bolan we mirasdar şazada Wilgelmiň köşgüniň aýnalaryny kül-owram etdiler. Germaniýanyň günorta-günbatarynda açlyk çekýän daýhanlaryň arasynda gozgalaňa çagyryşlar ýaýrady. Korol hökümetiniň tarapdarlary pul serişdesiniň ýetmezçiligiňden kynçylyk çekýardiler, esasan-da indi ony öňki usul bilen tapyp bilmeýardiler. Prussiýanyň korol köşgi pulsuz galmak çägine ýetipdi, emma bank eýeleri we korol tarapyndan çagyrylan gatlak wekilleri hökümete karz pul bermekden çürt-kesik boýun towladylar. Indi köneçe dolandyrmak asla mümkin däldi. Syýasy ýagdaý aňry çagine çenli dartgynlaşypdy.

1848-nji ýylyň başlarynda Germaniýada ýiti gapma-garşylykly ýagdaý emele geldi. Gapma-garşylyk ýangynynyň

tutaşmagy üçin diňe bir uçgunyň syçramagy ýeterlikdi – Fransiýadaky fewral aýyndaky çykyşlar baradaky habar bolsa hut şeýle uçgun boldy. Ilkinji azat edijilik çykyşlary Germaniýanyň günorta-günbatar böleginde boldy, ol ýerde Parižde bolan çykyşlar barada hemmelerden öň eşidildi. Tiz wagtdan soň rewolýusion hereket Prussiýanyň mülklerine geçdi. Senagat taýdan iň ösen Reýn welaýatynyň esasy şaheri bolan Kýolnde işçiler we hünärmentler özgerişlikler talap edip, korolyň köşgüniň daşyny gabadylar.

Berlinde halk märekesi on günläp çykyşlary gurady, köçelerde we meýdançalarda polisiýa bilen çaknyşyklar bolýardy. Işçileriň, senetçileriň we talyplaryň ägirt uly märekesi korol köşgüne tarap süýşüp ugrady. Köşgüň daşyny gurşan goşun ot açdy – çykyş edenleriň arasynda öleni we ýaralanany köp boldy. Halk gahar-gazaba mündi. 1848-nji ýylyň 18-nji martynda agşamara Berlin şäheri barrikadalardan dolduryldy. Bütin gije gazaply köçe söweşleri boldy. Gozgalaňçylaryň garşysyna sürlen pyýada goşun we top atyjylar ýeňiş gazanyp bilmediler. Gozgalaň diňe korol Fridrih Wilgelm IV paýtagtdan goşunlary çykarmak hakynda buýruk berenden soň togtady. Öldürilen gozgalaňçylary dabaraly jaýlamaklyk guraldy. Ýas ýörişi korol köşgüniň duşundan geçip barýarka, gorkusyndan ýaňa sandyraklap duran korol daş çykyp, kellesini ýalaňaçlamaga mejbur boldy.

Mart ýeňişini işçiler bilen senetçiler gazandylar. Halk köpçüliginiň çykyşlaryndan aram buržuaz gatlaklar peýdalandy. Prussiýanyň milli ýygnagyna saýlawlar boljakdygy yglan edildi. Ol ýygnak konstitusiýany işläp düzmelidi. Buržuaziýa korolyň häkimiýetiniň berkleşmegi ugrunda çykyş edýärdi. Şonuň üçin onuň bar arzuwy korol häkimiýeti bilen ylalaşykly konstitusiýany işläp düzmekdi, döwrüň talabyna görä özgerişlikler geçirmekdi.

Işçiler we senetçiler Berliniň çet-gyralarynda ýygnaklar gurap, ol ýygnaklarda zähmet ministirliginiň döredilmegini,

hemme adamlaryň iş bilen üpjin edilmegini, ähliumumy saýlaw hukugynyň berilmegini talap edýärdiler.

Prissiýanyň ýokary gatlagynyň wekilleri we begzadalary şol wagt paýtagta hökümet goşunlarynyň getirilmegini haýyş etdi, bu haýyşy korol haýal etmän ýerine ýetirdi. Döwlet gullukçylary öňküsi ýaly dolandyrmak isläpdirler. Korol olaryň birini-de işden aýyrmady, Prussiýanyň köne goşuny, polisiýa, kazyýet we administratiw edaralary doly eldegirlmezliginde galdyryldy.

**Frankfurt parlamenti.** 1848-nji ýylyň maý aýynda Maýn boýundaky Frankfurtda jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda umumygerman parlamenti - Frankfurt Milli ýygnagyna saýlawlar geçirildi. Onuň agzalary Germaniýanyň konstitusiýasyny işläp düzmek üçin ähli german döwletlerinde geçirilen örän giň jemgyýetçilik saýlawlary esasynda saýlanyldy. Nemes hökümdarlary bu parlamenti ykrar etmeýärdiler, emma rewolýusiýa şertlerinde onyň çagarylmagyna päsgel bermäge gorkdular. Parlamentiň agzalarynyň aglabasy intelligensiýa wekilleridi. Onda esasanda professorlar, aklawjylar, mugallymlar köpdi. Frankfurt parlamenti Germaniýanyň nähili birleşdirilmegi barada uzak wagtlap netijesiz jedeller bilen meşgul boldy.

Frankfurt parlamenti geljekki German imperiýasynyň düzümine Awstriýanyň polýak, çeh we italýan mülkleriniň zorluk bilen goşulmagyny talap etdi. 1849-njy ýylyň dekabr aýynda Prussiýanyň koroly Milli ýygnagy dargatmagy buýurdy. Deputatlar halky garşylyk görkezmäge çagyrmaga ýürek etmän, sessiz-üýnsiz dargadylar. Emma her zat-da bolsa, korol «ýokardan» konstitusiýany «bagyşlamak» barada perman çykarmaga mejbur boldy. Konstitusiýa laýyklykda begzadalaryň gatlaklarynyň artyk hukuklary saklanyldy, korol konstitusiýada göz öňünde tutulan kanun çykaryjy edaralaryň islendik kararyny ýatyrmaga bolan hukugy özünde galdyrdy. Saýlaw ulgamy baý salgyt töleýjileriň saýlawlrda doly

agdyklyk gazanmagyny üpjin edýärdi. Prussiýada ỳiti gapma-garşylyklaryň öňo alyndy.

**Saksioniýada we Badende bolan gozgalaňlar.** Frankfurtda german korollarynyň ykrar etmedik umumygerman parlamentiňiň işläp düzen «imperiýa konstitusiýasynyň» taslamasynyň demokratik bölümlerini gorap, 1849-njy ýylyň maý aýynda Saksoniýa korollygynyň paýtatgty – Drezden şäherinde we Baden gersoglygynda gozgalaň turdy. Bu konstitusiýada imperiýa parlamentine saýlawlar mahalynda göz öňünde tutulan ähliumumy saýlaw hukugy we onda sanalyp geçilýän beýleki hukuklar hem-de azatlyklar halk köpçüligini gyzyklandyrýardy. Drezdende işçiler, senetçiler, ownuk buržuaz toparlary köçe söweşlerine çykdylar.

Baden gersoglygynda ýaragly goşun döredilỳär. Bu gozgalaňlaryň garşysyna Prussiýa goşunlary sürüldi, olar gozgalaňçylaryň bölümlerini derbi-dagyn etdiler. Gozgaňlara gatnaşyjylatyň käbirleri tussag edildi.

Prussiýa korollygynyň ygtyýarynda Germaniýa boýunça iň güýçli goşun bardy, bu korollyk beýleki german döwletlerinde – Westfaliýada we Pfalsda hem çykyşlary basyp ýatyrýardy. Garşylykly herekete gatnaşyjylary jezalandyrmak güýçlendi. Maý aýynda häkimiýete garşy gidenleri Prussiýadan sürgün etmek barada buýruk çykaryldy.

Germaniýada 1848-1849-njy ýyllarda demokratik çykyşlar bolup geçdi. Emma Fransiỳadan tapawutlylykda, Germaniýada demokratik özgerişler ahyryna çenli alnyp barylmady. Bu wakalar Fransiýada respublika we doly azatlyga çenli baryp ýetdi, Germaniýada bolsa korol häkimiýetini pugtalandyrypdy.

Germaniýada işçiler, senetçiler, ownuk daýhanlar halk çykyşlarynyň esasy hereketlendiriji güýjidi. Işçiler gatlagynyň guralmandygy we ýeterlikli ösüp ýetişmändigi, daýhanlaryň esasy köpçüliginiň iri ýer eýelerine garşy göreşe aýaga

galmandygy, buržuaziỳanyň bolsa syýasy taýdan ýaýdanjaňlygy rewolỳusiỳanyň ỳeňilmegine getirdi.

XVIII asyrda Fransiýada rewolýusiýanyň gidişinde iri ýer eýeçiliginiň ähli galyndylary diýen ýaly ýok edilipdi. Germaniýada iri ýer eýeleriň agalygy saklanyp galypdy, ýurt bolsa syýasy dagynyklygyna galdy. Häkimiýet diňe käbir özgerişlikleri geçirdi.

Halk köpçüligine korol häkimiýetini özüniň içeri syýasatyny üýtgetmäge mejbur edip, eýe bolan birnäçe kiçiräk ýeňillikleriniň saklanyp galdyrylmagyny gazanmak başartdy. Oňa 1849-njy ýylyň Prussiýa konstitusiýasy degişlidir, emma welin şol konstitusiýa korol häkimiýetini sähelçe çäklendirýädi we wekiller ýygnagynda iri ýer eýeleriniň hem-de iri buržuaziỳanyň agalygyny doly üpjün edýärdi.

Rewolýusiýadan soň daýhanlaryň ownuk zähmet borçalaryny ýatyrmak barada kanun çykaryldy. Olardan has möhümi ýyllyk töleglerden köp esse artyk pul töläp, zähmet borçlaryndan dynmakdy, daýhanlaryň aglabasynyň bolsa zähmet borçlaryndan pul töläp azat bolmak üçin serişdeleri ýokdy.

## §19. Italýan döwletlerindäki rewolýusiýalar

1815-nji ýyldaky Wena maslahatyndan soň Italiýa sekiz sany korollyga we birnäçe ownuk döwletlere bölünipdi. Ähli ýerde korolyň çäklendirilmedik häkimiýeti berkarar edilipdi. Syýasy dagynyklyk, ownuk hökümdarlaryň zulumy, begzadalaryň agalygy, gullukçylaryň eden-etdiligi, daýhanlaryň iri ýer eýelerine garaşlylygy – bularyň ählisiiri buržuaziỳanyň nägileliginiň artmagyny we halk köpçüliginiň ýigrenjini döredýärdi, olary hak-hukular ugrundaky çykyşlara iterýärdi.

Italiýanyň aýratynlygy ýürduň ep-esli böleginiň Awstriýa sütemi astynda bolmagydy. Lombardiýa we Wenesiýa sebitleri Awstriýa döwletiniň düzümine girýärdiler, şeýle bolansoň,

awstriýa häkimiýetleri olardan ägirt uly salgytlar alýardy. Gabsburgalaryň neberesinden bolan şalyklaryň dolandyrýan ýerleri bolan Parma, Modena we Toskana hem awstriýanyň golastyndadylar. XIX asyryň 30-40-njy ýyllarynda şu döwletleriň ählisinde halk köpçüligi we iri buržuaziýa baýlar Awstriýanyň dikmelerine garşy telim gezek çykyş edipdiler.

Rim sebitinde katolik dininiň ýolbaşçysy bolan papanyň dünýewi häkimiýeti saklanyp galýardy, bu hem Italiýanyň milli taýdan birleşmeginiň we ykdysady özgertmeleri amala aşyrmagyň ýolunda esasy päsgelçilikleriň biri bolup durýardy.

Iki Sisiliýa korollygy (onuň sebit bölegi öňki kabul edilen at boýunça Neapol korollygy diýlip atlandyryldy) Burbonlaryň Ispaniýadaky nesliniň häkimiýeti astyndadyky, ol Italiýanyň iň yza galak bölegidi. Ol ýerde orta asyr gatnaşyklary hüküm sürýärdi.

Italiýada ýakynlaşyp gelýän rewolỳusiỳanyň iň esasy meselesi ýurduň milli garaşsyzlygynyň we syýasy taýdan birleşdirilmeginiň göreşilip gazanylmagy bolup durỳardy. Çäklendirilmedik häkimiýeti we feodalçylyk düzgünleri ýok etmek wezipesi Italiỳany syỳasy taỳdan birleşdirmek meselelesi bilen üznüksiz baglanyşyklydy.

Italiỳanyň ỳokary gatlaklary milli-azat edijilik hereketinde «aram akym» hökmünde syỳasy iş alyp barỳardylar. Olar hem daýhanlaryň, senetçileriň we işçileriň garşysyna korol, begzadalar hem-de katolik buthanasy bilen ylalaşyk etmäge ýykgyn edýärdi. Ỳokary gatlaklaryň maksatlary ikinji derejeli özgertmeleri, ỳagny saýlaw hukularyny almak üçin emläk senziniň ỳatyrylmagy, konstitusiýanyň girizilmegi, senagatyň hem-de söwdanyň höweslendirilmegi baradaky talaplardan we şulara meňzeşlerden aňry geçmeýärdi.

Senetçiler, entek az sanly işçiler, ownuk emaldarlar, intelligensiỳa wekilleri Italiỳada demokratik akymyň

daýanjydylar. Olaryň arasynda köp sanly gizlin jemgyýetler döräpdi. «Bitewilik we respublika» olaryň iň meşhur şygarydy.

**Rewolýusion krizisiň ýakynlaşmagy.** 1846-1847-nji ýyllarda Italiýada ýetip gelýän rewolýusiýanyň alamatlary duýulyp başlandy. Açlyk we halk köpçüliginiň mätäçligi, 1846-1847-nji ýyllaryň hasylsyzlygy we Ỳewropany gurşap alan ykdysady krizisi, şäher hem-de oba ilatynyň tolgunşygyny döretdi. Munuň özi halkyň gymmatçylyga, çörek hilelerine we işsizlige garşy gozgalaňlara aýaga galmagyna getirdi. Liberal-buržuaz toparlar ỳurtda tizden-tiz özgertmeleriň geçirilmegini talap edipdir. Halkyň närazylyk hereketiniň güỳçlenmegini peseltmek üçin Papa döwletiniň, Sardiniỳa we Toskananyň korollyklarynyň hökümdaralary çäkli reformalary durmuşa geçirmäge başladylar. 1846-njy ýylda papanyň tagtyna saýlanan Piý IX syýasy tussaglara we emigrantlara günä geçişlik yglan edýär, dünýewi adamlaryň gatnaşmagynda konsultatiw geňeşi döredýär, metbugatda gadagan etmeleri (senzura) gowşadýar we milli gwardiýany döretmäge razylyk berýär. 1847-nji ýylyň güýzünde Piý IX-niň başlangyjy bilen bu üç döwletiň arasynda Gümrük birleşigini döretmek hakynda ylalaşyga gol çekilýär. Papalykdaky ỳagdaỳyň gowylyga tarap üỳtgemegi Italiýada birbada ruhy ỳokary göterilişigi döredỳär, liberallar papany milli hereketiň ýolbaşçysy etmäge howlugýarlar. Toskanada we Sardiniỳa korollygynda syýasy gazetleri çap etmäge rugsat edilýär, Turiniň hökümeti ýerlerde munisipalitetiň saýlawlaryny girizýär, kazyýet ulgamyny birneme kämilleşdirýär.

Monarhlaryň islegleriniň garşysyna ýerine ýetirilen bu eglişikler halk hereketini gowşatman, tersine, ony has-da güỳçlendirdi. Köp ýerlerde işçiler we günlükçiler gozgalaň edýärdiler. Merkezi Italiýada işçiler «zähmete hukuk» we «zähmetiň guramaçylygy» bilen bagly talaplary öňe sürýärdiler. Rimde 1847-nji ýylyň ahyrynda iňlis ludditçiliginiň nusganda işçileriň çykyşlary, mawut satỳan täjirleriň çykyşlary

bolup geçdi. Watançylyk, awstriýa häkimiỳetine garşy duşmançylykly demonstrasiýalar ýygjamlaşýardy. Halk çykyşlaryna gatnaşyjylar Italiýanyň azatlygynyň we garaşsyzlygynyň nyşany bolan ýaşyl-ak baýdaklary asmanda pasyrdadỳardylar. 1847-nji ýylyň güýzüne çenli Lombardiýada hem ýagdaý ýitileşdi. 1848-nji ýylda daşary ýurt hökmürowanlygyna garşylyklaryny bildirmek üçin Milanyň ýaşaýjylary temmäki satyn almakdan ýüz dönderdiler, sebäbi temmäki söwdasy Awstriýanyň elindedi. Iş polisiýanyň we goşunyň ganly çaknyşyklaryna çenli baryp ýetdi. Öldürilenler we ýaralananlar hem bolupdy. Milanda watançylyk çykyşlary tutuş ýurtda giň seslenmä eýe boldy. Çet ýurtly ezijilere garşy gahar-gazap Toskananyň we Pýemontyň çäklerinden daşyna çykdy. Korol goşunlary günbatarda Kalibridäki gozgalaňy basyp ýatyrmaga synanşyk etdi. Italiýa rewolýusiýanyň öňisyrasynda durdy.

**Rewolýusiýanyň birinji tapgyry.** 1848-nji ỳylyň 2-nji ýanwarynda Sisiliýa adasynda gozgalaň möwç aldy. Gozgalaň sisiliýalylaryň dürli gatlaklarynyň bähbitlerini äsgermezçilik edỳän neapolitan Burbonlarynyň syýasatyna jogapdy, olar edil 1820-nji yýldaky ýaly Neapolitan korollygyndan özbaşdaklyk gazanmak ugrunda göreş alyp barýardylar. Palermonyň ilaty iki hepdä golaý wagtyň içinde 10 müň adamlyk korol goşyny bilen söweşip, ony yza çekilmäge mejbur etdi. Ýakyn wagtda tutuş Sisiliỳa adasy, Messina galasyndan özgesi gozgalaňçylaryň ellerine geçdi. Palermoda wagtlaýyn hökümete ýolbaşçylyk eden buržuaz liberallar Sisiliỳanyň garaşsyzlygyny kesgitleýän 1812-nji ýylyň konstitusiýasyny täzelenen görnüşde gaýtadan dikeltmek isleỳärler we Sisiliỳany uzagyndan italýan döwletleriniň konfederasiýasynyň düzümine goşmagy maksat edinỳärler.

Sisiliýadaky wakalar hakyndaky habarlar Neapol bilen goňşy etraplara hem ýaýrap başlaýar. Paýtagtyň özi bolsa demonstrasialar bilen gurşalypdy, mundan gorkan häkimet

bolsa olary dargatmaga milt edip bilmeýärdi. Korol Ferdinand II syýasy tussaglary boşatmaga howlugýar, aram liberallardan hökümet döredýär, ýanwaryň ahyrynda bolsa, tolgunşyklaryň badyny gowşatmak maksady bilen halka konstitusiýanyň bagyşlanỳandygyny yglan edýär.

Günbatardaky rewolýusiýanyň täsiri astynda aglaba italýan döwletlerinde konstitusiýanyň girizilmegi bolup geçdi. Liberal buržuaziýanyň basyşy we güýçli halk hereketleri netijesinde fewral-mart aỳlarynyň dowamynda Toskanada, Sardiniỳa korollygynda we Papa döwletinde konstitusiýalar girizildi. Bu konstitusiýalaryň ählisi neapolitan nusgasyna kybapdaş bolup, olar 1830-njy ýyldaky fransuz nusgasy boýunça düzülipdi we örän çäkli häsiýete eýediler. Konstitusiỳalar italỳan monarhlaryna güýçli häkimýeti bölüp berýärdiler, iki palataly parlamenti girizýärdiler we saýlawlara gatnaşmak üçin ýokary emläk senzini girizýärdiler. Täze hökümete ýolbaşçylygy aram liberallar öz üstlerine aldylar; Pimde hökümet agzalarynyň aglabasy dünýewi adamlardan bellenildi, bu bolsa ruhanylaryň jemgyỳetiň ýokary gatlagyna ýolbaşçylygynyň soňuna nokat goýdy, ýöne papanyň ỳokary dolandyryş edarasy, umuman alnanda, şol öňki kaddynda galdy.

Martda rewolýusiýa Lombardiýada we Wenesiýada hem güỳçli ýaýbaňlandy. 18-nji martda Milanda özakymyna dörän gozgalaň başlandy. Şäherde 1600 barrikada gurnalypdyr, 5 günläp ýaramaz ýaraglanan şäher ilaty feldmarşal Radeskiniň ýolbaşçylygyndaky 14 müňlik awstriýa goşuny bilen söweş alyp bardy. Gozgalaňçylar Italiỳanyň beỳleki ỳerlerine kömek sorap howa şarlarynda çagyryşlar ugradýardylar. Milana kömek etmek üçin daýhanlar ýola düşýärler. 22-nji martda awstriýalylar şäheri taýlap gitmeli bolupdyrlar.

Bu wagtlar gozgalaňlar Lombardiýada hem ýaýabaňlanypdy. Müňlerçe ilat daşary ýurtly ezijilere garşy söweşmek üçin ýarag talap etdiler, ýöne eýýäm barly gatlak

awstriýalylar bilen gazgalaňyň sosial dawa ösüp geçerinden ätiýaç edip, gozgalaň turzan halky dargamaga çagyrypdyrlar. Graf Kazatiniň ýolbaşçylygyndaky aram liberallar Milanyň wagtlaýyn hökümetiniň aýgytsyzlygyndan howatyr edip, sardiniỳa koroly Karl Alberte öz goşunlaryny Lombardiýa bakan ugratmagyny sorap ýüz tutýarlar. Emma hökümet yza çekilip başlan Radeskiniň goşunyna zarba urmak mümkinçiligiňden peýdalanmaýar, hut şol hadysa hem oňa özüniň az sanly goşunyny Weronanyň we Mantuiniň berk galalarynda gizlemegine ýardam edýär.

Milanda rewolýusiýa dowam edýän pursaty Wenesiýada hem halk aýaga galýar, aýaga galanlar Awstriýanyň hökümetinden köpçülikde meşhur bolan demokrat Manini azat etmeklerini sorapdyrlar, ol gozgalaňa ýolbaşçylyk edipdir. 22-nji martda ýaragly raýatlaryň basyşy astynda awstriýalylar boýun egýärler. Keramatly Markyň meýdançasynda Manin Wenesian Respublikasynyň dikeldilýändigi we onuň hökümeti dolandyrýandygy hakynda jar edýär. Ýakyn wagtyň içinde Lombardo-Wenesian oblastynyň tutuş territoriýasy (käbir awstriýalylaryň oturan galasyndan özgesi) azat edilýär.

Milanda we Wenesiýada halk rewolýusiýasynyň ýeňşi Italiýada watançylyk hereketiň ýokary göterilmegini aňladypdyr. Ýurduň ähli ýerlerinde awstriýanyň goşunlaryny kowup çykarmaga çagyrýan çagyryşlar ýaýradylypdyr. Italiýa rewolýusion-emigrantler dolanyp gelipdirler, olaryň arasynda Madzini hem bolupdyr. Sardin korollygyndaky köpçülikleýin watançylyk hereketleri korol Karl Albertini 25-nji martda awstriýalylara garşy harby hereketleri başlamaga mejbur edýär. Köpçüligiň talaby bilen Neapolyň koroly, Toskananyň gersogy we papa Piý IX öz erklerine garşy Awstriýa bilen urşa regulýar goşun ugratmaly bolupdyrlar. Lombardiýadan ähli ýerden meýletinçiler hereket edipdirler.

Lombardiýa üç reňkli milli baýdagynyň we korol tugrasynyň astynda gelip düşen pýemont goşuny halk

taraýndan azat ediji- goşun hökmünde garşylanypdyr. Ýöne korol  Karl Albertiniň anyk maksatlary çäklidi: ol milli däl-de Pýemontyň giňelmegi we Demirgazykitalýan korollygyny döretmek üçin dinastiýa urşuny alyp barmakçydy. Maýda Lombardiýada geçirilen plebissitiň ***(ähli halkyň ses bermegi)*** netijesinde Pýemontyň birleşdirilýändigi hakynda çözgüt çykaryldy. Onuň birleşmegini mundan soňra Wenesiýa, ondan az soň bolsa Parma we Moden çykyş etdiler, ol ýerden öň halk tarapyndan Awstriýa ýaranjaň hökümdarlar kowulypdy. Ýerli buržuaz-dworýanlar Pýemont bilen birleşmegi oňyn kabul etdiler, çünki olar Sawoý monarhiýasynda 1848-nji ýylyň aprel-maýynda Lombardiýa we Wenesiýa oblastlaryny gurşap alan daýhanlaryň hereketine garşy ymtylmany görýärdiler.

Oba köpçüligi şol döwürlerde rewolýusiýa özleriniň ýaşaýyş şertleriniň gowulanmagy baradaky isleglerini baglaýardylar. Daýhanlaryň, batraklaryň, gozgalaňçylaryň tebigy sosial goňgalaňy obşina haýryna basyp almaklardan we bölmelerden ybaratdy. Oba işçileri özleriniň iş hakynyň ýokarlanmagyna göreşýärdiler we işsizleriň tolgunşyklary bolup geçýärdi. Käbir wenesian obalarynda özleriniň baý ýer eýelerine derek wekil hökmünde kommunal geňeşleri saýlaýardylar.

Daýhanlaryň hereketiniň giň ýaýran ýeri Neapol korollygynda boldy. bu ýerde gadymy dawa çuňlaşdy, ol neapolitan buržuaziýasynyň , şol sanda ownuk we ortasyny hem hasaba alanyňda, özleriniň ýer eýeçiliklerini giňeltmäge ymtylypdyrlar, ony bolsa daýhanlar öri meýdan hökmünde ulanypdyrlar ýa-da bölünşikde özlerine ýer edip almak meýilleri bolupdyr. bu dawa oba köpçüligini liberal buržuaziýa tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän milli herekete gatnaşmakdan çetleşdiripdir. Daýhanlaryň ýere bolan islegleriniň kanagatlandyrylmaldygyny demokratlaryň käbiri düşünýärdiler, ýöne özleriniň sanlarynyň azlygy zerarly olar oba zähmetkeşleriniň obşina ýerleri üçin alyp barýan göreşlerine

baştutanlyk edip biljek däldiler. Şeýlelik bilen, daýhançylygyň islegleri kanagatlandyrylman galdy, ol edil günortdaky ýaly demirgazykda-da rewolýusiýadan çetleşip başlady.

Köpçüligiň sosial işjeňligiňden howatyr edip, aram liberallar halk köpçüliginiň Awstriýa bilen urşyna ýol bermändirler. Emma Günorta Amerikadan dolanyp gelen italỳan watançysy awstriỳalylara garşy göreşe baştutanlyk edỳär. Garibaldiniň kese ỳerlilere garşy göreşmek uçin partizan hereketini döretmek baradaky pikirleri Lombardiýanyň dolandyryjy toparlarynyň we korol  Karl Albertiniň garşylygyna duçar bolýar. Italiỳanyň beýleki monarhlary hem halkyň ýaraglanmagyndan gorkupdyrlar. Mundan başga-da, olar Sardiniỳa korollygynyň çäginiň giňemeginiň netijesinde onuň güýçlenmegini ilemändirler. Şunuň netijesinde, apreliň ahyrynda papa Piý IX Awstriýa bilen urşy alyp barmakdan ýüz dönderýär.

Pýemontyň awstriýalylar bilen baglaşan ylalaşygyna jogap edip, Wenesiýada tutuşlygyna öňki durkuna respublika dikeldilýär we halk Manine urşy dowam etmek üçin diktatorlyk ygtyýarlyklary berýär. Bolonýanyň ýaşaýjylary awstriýalylaryň şäheri basyp almaga eden synanşyklaryny şowlulyk bilen yza serpikdirýärler. Şeýle şertlerde italỳan demokratlary has-da işjeň hereket edip başladylar: 1848-nji ýylyň tomusynda olar syýasy öňdebaryjylygy öz ellerine almagy başardylar. Biraz öň Madzini tarapyndan öňe sürlen umumy italýan Guramaçylyk ýygnagyny geçirmek hakyndaky teklip ýurtda giň seslenmä eýe boldy. Toskanaly demokraty Montanelli şeýle ýygnagyň tiz geçirilmegi üçin wagyz işlerine başlady, çünki ol Italiýada azat edijilik hereketini guramagyň merkezi bolup biljekdi.

Şol wagtlar Toskanada işçileriň, senetçileriň, ownuk buržuaziýanyň arasynda ykdysady şertleriň ýaramazlaşmagy bilen ýüze çykan närazylyk hereketi güýçlendi. Demokratlar tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän syýasy toparlar işjeňleşdi. Käbie halk gurnaklary zähmete hukugyň dikeldilmegini öňe

sürýärdiler. Liwornda ýagdaý halk gozgalaňyna çenli baryp ýetdi. Dartgynly ýagdaý toskanaly gersogy oktýabrda Montanellini hökümet başlygy edip bellemäge mejbur etdi. Emma parlament umumy italýan Guramaçylyk ýygnagyna saýlawlary geçirmekligi maksat edinenden soň gersog gizlinlikde Florensiýany taşlap gidýär.

Toskanada sagçy liberal Rossiniň halk hereketini togtatmaga eden synanşygy noýabrda ỳiti gapma-garşylygyň ỳüze çykmagyna getirỳär. Rassi öldürilýär.

1849-njy ýylyň başlarynda Rimde halk gozgalaňy turdy. 10 müň adamlyk halk köpçüligi papa köşgüni gabawa alýar we Piý IX-ny täze has liberal hökümeti bellemäge mejbur edýär. Birnaçe günden soň papa ruhanynyň eşigini geýip, gizlinlikde Rimden Neapolitanyň Gaetu galasyna gaçyp gidỳär. Halkyň şatlanmagy we top atylmagy bilen Rimde respublika yglan edildi.

Bu döwürde demokratlar Guramaçylyk ýygnagynyň geçirilmegi we respublikanyň ykrar edilmegi ugrunda wagyz işlerini geçirỳärdiler. Rime Italiýanyň beýleki künjeklerinden respublikaçylar gelýärdi. Bu ýerde öz legiony bilen Garibaldi hem bardy. Demokratlaryň çagyryşlary Rimiň halky tarapyndan giň goldawa eỳe bolỳar. 1849-njy ýylyň ýanwarynda Rimde Guramaçylyk ýygnagy çagyryldy. Ýygnagyň düzümine Garibaldi we ençeme demokratlar gatnaşdylar, has soňrak Madzinini hem deputat saýladylar. Saýlanan deputatlaryň umumy italýan Guramaçylyk ýygnagynyň düzümine girjekdigi ylalaşylỳar. 9-njy fewralda Garibaldiniň teklibi bilen Rimiň Guramaçylyk ýygnagy papanyň dünýewi häkimýetini galdyrmak isleỳär we papanyň ỳolbaşçylygynda Rim respublikasyny ykrar edipdir. Florensiýa gelen Madzini, Montanelli we beýleki demokratlar resmi taýdan respublikany ykrar etmegi we Rim bilen birleşmegi teklip edipdirler. Ýöne muňa Guerrasiniň ýolbaşçylygyndaky

demokratlar topary garşy çykýarlar, sebäbi olar toskanaly liberallar we gersoglar bilen ylalaşyga ymtylỳardylar.

Papa kömek sorap, Fransuz respublikasynyň prezidenti Lui Napoleona ýüz tutdy, ol bolsa Rim respublikasynyň garşysyna köp sanly fransuz goşunyny iberdi. Rimiň goranyşyna deňizçiniň ogly, azat pikirli demokrat Juzeppe Garibaldi (1807-1882) baştutanlyk etdi. Garibaldi baryp 30-njy ýyllarda Sardiniýa korollygynda bolan gozgalaňa gatnaşdy. Gaýýbana ölüm jezasyna höküm edilen Garibaldi Günorta Amerika gaçyp gidip, ol ýerde ispan sütemine garşy milli-azat edijilik göreşine gatnaşypdy. 1848-nji ýylyň ýazynda Garibaldi watanyna dolanyp geldi we Italiýany daşary ýurt süteminden azat etmek ugrundaky göreşe goşuldy.

Garibaldiniň baştutanlygynda italýan respublikaçylary Rim şaherini gahrymanlarça goraýardylar, emma fransuz harby goşunyň ody olaryň garşylygyny ýatyrdy. Fransuz naýzasynyň kömegi bilen papanyň dünýewi häkimiýeti dikeldildi, Rimde bolsa fransuz harby bölümi galdyryldy, çünki, papa italýan goşunlaryna bil baglap bilmeýärdi. Garibaldi göreşe gatnaşyjylaryň kiçeňräk topary bilen zordan Genuýa çykdy we Italiýadan ýene-de wagtlaýyn çykyp gitdi. Göreşe gatnaşyjylaryň birentegi tutulyp atyldy.

Respublikan hereketiniň ýokary göterilmegi we Pýemontyň Awstriýa garşy göreşden boýun gaçyrmagy dolandyryjy Sawoý monarhiýasyny biabraỳ edỳärdi. Şonuň üçin hem 1849-njy ýylyň 20-nji martynda Karl Albert 8 aýlyk ylalaşygy bozup urşy dowam etdirmegi buýurýar. Ýöne Pỳemontyň goşunlaryna emelsiz serkerdelik edilmegi netijesinde eýýäm üç günüň dowamynda pýemont goşuny Nowaryň golaýynda ýeňlişe sezewar edilỳär. Karl Albert dinastiýany halas etmek bilen tagtdan ýüz dönderýär we Italiýany taşlap gidýär. Pỳemontada häkimiỳet başyna korol Wiktor Emmanuil II gelỳär, ol harby hereketleri gyssagly ýatyrýar.

Genuỳada azat edjilik hereketini dowam etdirmek şygary astynda gozgalaň başlandy. Awstriỳa korolynyň goşuny genuỳalylar bilen haklaşdy. Basybalyjylar Lombardiýa hem baryp ýetdiler, ol ýerde Awstriýanyň goşunlary edenlerini edýärdiler, watançylary zalymlyk bilen jezalandyrýardylar. Breşniniň gozgalaň turzan ilaty 10 günüň dowamynda Awstriýanyň goşunlary bilen darkaş gurdular. Iki tarap hem söweşlerde müňlerçe adam ỳitgilerini çekdiler. Breşnidäki gahrymançylyk italýanlaryň milli azatlygy ugrundaky gyşarnyksyz erkleriniň subutnamasy boldy.

Pýemontyň uruşdan çykmagy köp babatda Awstriýanyň gollaryny baglady we italýan reaksiýasyna güýç berdi. Neapolyň koroly Ferdinand II Sisiliýa adasyndaky gozgalaňy zalymlyk bilen basyp ýatyrdy. Toskanada respublikan Rim bilen birleşik kabul edilmänsoň, bu ỳerde halk hereketi peselỳär. Toskanada liberal monarhiỳaçylara aprelde häkimýet başyndan demokratlary çetleşdirmäge mümkinçilik berýär. Emele gelen ỳagdaỳ Toskananyň gersogynyň yzyna dolanyp gelmegine mümkinçilik döredỳär. Aram liberallar şeýtmek bilen konstitusiýany saklap galmaga we awstriýa goşununyň çozup girmeginiň öňüni almak isläpdirler. Emma tiz wagtdan awstriỳalylar Toskanany eỳeläp, Leopold II-ä absolýut häkimýeti dikeltmäge ýardam edýärler.

Emele gelen ýagdaỳda Rim respublikasynda ýolbaşçylygy demokratlar öz ellerine alýarlar. 1849-njy ýylyň martynda Madzininiň Rime gelmegi bilen ol triumwiriatyň – respublikan hökümetiň başlyklygyna saýlanýar. Öz tarapyna orta we ownuk buržuaziỳany çekmek maksady bilen hökümýet ybadathana we monastyr eýeçilgini millileşdirýär we olara satuw yglan edýär, gümrük ulgamyna gaýtadan seredilýär, senetçilere we täjirlere goldaw berilýär.

Rim respublikasy basyp ýatyrylandan soňra Italiýada ýene bir rewolýusiýa ojagy - gabalan Wenesiýa galýardy. Awstriýa serkerdebaşysynyň boỳun egmek baradaky teklibine

watançylar soňky demlerine çenli söweşjekdikleri hakynda söz berdiler. Awstriýalylar iki aýlap şäheri wagşylyk bilen top okuna tutdylar, ýöne göreşijileri boýun edip bilmediler. Diňe açlyk we keselçilik 22-nji martda Wenesiỳanyň hökümetini gahrymançylykly garşylygy bes etmäge mejbur etdi. Italiýada rewolýusiýa tamamlandy.

Tutuş ýurdy gurşap alan 1848-1849-njy ýyllaryň rewolýusiýasy umumy italýan häsiýetine eýe bolupdy. Entek Italiýada hiç haçan halk köpçüligi demokratik özgertmeler we milli azatlyk ugrundaky göreşlere şeýle giň çekilmändi. Rewolýusiỳanyň möhüm wakalary – Palermoda burbon goşunlarynyň derbi-dagyn edilmegi, awstriýalylaryň Milandan kowlup çykarylmagy, Rimiň we Wenesiýanyň gahrymançylykly goragy - Italiỳanyň taryhyna hut halk hereketi hökmünde ýazyldy.

1848-1849-njy ýyllaryň rewolýusiýasynyň tejribesi, Italiýanyň birleşmegi diňe bir döwlet görnüşinde amala aşyp biler diýenleriň dogrulygyny tasyklaýardy. 1848-1849-njy ýylaryň rewolýusiýasy absolýutistik düzgünleri syndyrdy we awstriýanyň agalygyny Italiýada az-kem gowşatdy, ýöne onuň bişişen taryhy meseleleri çözmäge ukyby ýetmedi. Italýan halkyna milli graşsyzlyk we birleşme üçin göreşleri dowam etdirmek garaşýardy.

1848-1849-njy ýyllarda, beýleki ýurtlarda bolşy ýaly, Italiýada hem tamamlanmadyk, ýeňlişe sezewar bolan demokratik rewolýusiýa bolup geçdi. Käbir italýan döwletlerinde rewolýusiýa milli-zat edijilik häsiýete hem eýe boldy. Onuň şowsuzlyga uçramagynyň sebäpleri halk köpçüliginiň gowşaklygy, jemgyýetçilik gatlaklarynyň dagynyklygy hem-de guralmandygy. Emma Italiýada hem gapma-garşylykly göreş çuňňur yz galdyrdy, wakalaryň soňraky gidişine uly täsir etdi. Ol halk köpçüligine uly tejribe we ýurduň milli birleşdirilmegi we ykdysadyýetiň özgerdilmegi ugrundaky milli azat edijilik hereketiniň mundan beýläk-de

ösmegine itergi bedi. Sardiniýa Korollygynda konstitusiýa saklanyp galdyryldy. Ýurduň birleşmegi üçin hereket dowam edýärdi.

## §20. Awstro-Wengriỳada 1848-1849-njy ỳyllaryň rewolýusiýasy

Awstriýa korollygy ýa-da Gabsburglaryň imperiýasy köp milletli, «gurnama» döwletdi. Onuň 37 milliondan gowrak adamly ilatynyň ýarysyndan köprägi slawýanlardy (çehler, slowaklar, polýaklar, horwatlar, serbler, ukrainler). Awstriýalylar 7 milliondy, wengerler (madýarlar) bolsa 5 milliona golaýdy. Bütin imperiýada birentek köne düzgünler saklanyp galýardy, emma Awstriýa bilen Çehiýada eýýäm iri maýa goýum önümçilik gatnaşyklary ösüpdi, işçiler we senetçiler köpdi. Senagat babatynda Çehiýa imperiýanyň iň öňde barýan bölegidi. Emma Çehiýanyň orta hem-de ownuk maýadar gatlagy awstriýa maýadarlary bilen baglanyşyklydy, oňa garaşlydy.

Gabsburglar nesilşalygy tarapyndan baştutanlyk edilýän awstriýa begzadalary döwletde agalyk ediji güýçdi, olar ähli ýokary harby gullukçylar weziperleri eýeleýärdiler. Çäklendirilmedik häkimýetiň bolmagyny, gullukçylaryň we hukuk goraýjy edaralaryň eden-etdiligi ägirt uly mülkleriň eýesi bolan katolik buthanasynyň syýasaty hemme ýerde milli sütem bilen birleşýärdi.

Çehiýada begzadalar we iri baý gatlaklar awstriýalylardan ýa-da nemesleşen adamlardan ybaratdy. Wengerler awstriýa häkimiýetine garaşlydylar – Awstriýanyň Koroly şol bir wagtyň özünde wengriýanyň hem Korolydy, emma wenger begzadalarynyň içerki syýasat baradaky meseleleri çözýän hut özleriniň mejlisi bardy. Wengriýada iri maýa goýumyň önümçiligi Awstriýa bilen Çehiýadaka garanda gowşak ösüpdi. Awstriýa gullukçylary italýan welaýatlarynyň ilatyny bakna

syýasat esasynda gysýardylar. Awstriýa imperiýasynyň tapawutlandyryjy sypaty iri ýer eýeçilik hojalyklar we iri maýa goýum gatnaşyklarynyň milli sütem bilen utgaşmagydy. Döwletiň baştutany Korol Ferdenant özüniň zehini bilen tapawutlanmandyr. Köne düzgünleriň we milli sütemiň saklanyp galmagynyň tarapdary, Wena hökümetine 30 ýyldan-da köp wagtlap Metternih baştutanlyk etdi.

Daýhanlar Korollygyň ilatynyň esasy köpçüligini düzýärdi. Olar şahsy taýdan azat hasaplanýardylar, emma ähli ýerlerde ýer eýelerine garaşlydylar, olaryň haýryna zähmet borçlaryny ýerine ýetirýärdiler, salgyt töleýärdiler.

**Awstriýada rewolýusiýanyň başlanmagy.** Günbatar Ýewropa ýurtlarynda tutaşan 1948-nji ýylyň rewolýusiýasy Gabsburglaryň köpmilletli imperiýasyna hem ýaýrady. Ýurtda tutaşan närazylyk hereketi jemgyýetiň giň gatlaklaryny gurşap aldy. Hasylsyz gelen 1848-1849-nji ýyllar imperiýanyň ähli ýerlerinde esasy azyk harytlarynyň bahasynyň uçursyz gymmatlamagyna getirdi. Senagat önümçilginde tehnikanyň gzananlarynyň giňden ornaşmagy, önümçilik pudaklarynda iňlisleriň äsdeşligi müňlerçe adamlaryň iňsiz galmagyna sebäp boldy. Şol döwürlerde ululygy boýunça Ýewropada üçünji şäher bolan Wena işsizlerden dolupdyr. Gabsburglar imperiýasynyň haçandyr bir mahal özüniň abadançylygy we bol-telki durmuşy bilen şöhratlanan paýtagty pauperleriň, olaryň baky hemrasy bolan arakhorlugyň, janaýatçylygyň we ahlaksyzlygyň merkezine öwrülipdir.

Awstriýada feodalçylyk gurluşy möwrütini ötüren-de bolsa, entek ol imperiýanyň durmuş-ykdysady we syýasy durmuşyndan doly aýrylmandy. Awstriýanyň buržuaz gatlaklary doly kemala gelip ýetişmändi. Gurluşy we düzümi boýunça-da ol dürli-dürli bolupdyr. Awstriýaly telekeçileriň arasynda Germaniýadan we Günbatar Ýewropanyň beýleki döwletlerinden çykanlar köpdi. Olar Gabsburglaryň imperiýasynda orta asyr gatnaşyklarynyň we absolýutizmiň

rewolýusion ýol bilen agdarylmagynyň tarapdary däldiler. Şuňa laýyklykda, XIX asyryň 30-40-njy ýyllarynyň ilkinji tolgunşyklary döwründe awstriýa buržuaziýasy ykdysady özgertmeler bilen gyzyklanýardy. Şonuň üçin hem ol rewolýusion ýol bilen däl-de, libaral özgertmeleriň geçirilmegini, ýagny konstitusiýanyň kabul edilmegini, monarhiýanyň çäklendirilmegini, sehleriň girizilmegini, daýhanlaryň feodallara töleg tölemeginiň we senzuranyň ýatyrylmagyny isleýärdi.

Awstriýada liberal özgertmeleriň geçirilmegini talap edýän eňçeme guramalar hem bolupdyr. Öz düzümine emeldarlary we senagatçylary birleşdiren «Okyjylaryň hukuk-syýasy jemgyýeti», «Senagat birleşmeleri», «Aşaky Awstriýa senagat birleşmleri», ýazyjylaryň «Konkordiýa» birleşmelesi, Leýpspigde neşir edilýän «Gresboten» žurnalynyň töwereginde emele gelen syýasy topar şeýle guramalaryň hataryndady. Olar ýurtda hereket edýän yzagalak düzgünleri tankyt edýärdiler, şol sebäpden hem bu guramalaryň ählisi hökümet tarapyndan «rewolýusiýanyň ojaklary» hasap edilýärdi. Muňa garamazdan olar yzagalak düzgünleriň rewolýusion ýol bilen ýok edilmegini däl-de, eýsem syýasy hukuklaryň berilmegi ugrunda göreşipdirler. Emma K. Metternih tarapyndan baştutanlyk edilýän reaksion hökümet iň bolmanda landtagyň ýokary gatlaklaryň wekillerinden düzülen deputatlarynyň aram talaplaryny-da ýerine ýetirmek islemändir.

Halk köpçüliginiň barha güçýlenýän garşylygy ýurdy rewolýusion ýagdaýa getirdi. Beýle ýagdaýda rewolýusion alawyň tutaşmagy üçin ýekeje uçgun gerekdi. Fransiýada iýul monarhiýasynyň agdarylmagy şol uçgun bolup hyzmat etdi. Fransiýada ýaýbaňlanan rewolýusion wakalar hakyndaky habar Wena 1848-nji ýylyň 29-njy fewralynda gelip gowuşdy. Imperiýanyň paýtagty Wenanyň merkezinde bada-bat «bir aýyň dowamynda Metternih agdarlar. Ýaşasyn konstitusion Awstriýa!» diýen şygarly ýazgy asyldy.

13-nji martda Wenada rewolýusiýa turdy. Köçelerde barrikadalar gurulýardy. Gozgalaň turzan işçiler, senetçiler, talyplar konstitusiýanyň kabul edilmegini we hökümetiň çalşyrylmagyny talap edýärdiler. Goşunlar bilen çaknyşyklar başlandy. Halk hatda korolyň berk goralýan köşgüňe hem aralaşdy. Hökümet gorkusyna eglişik etmäge razylaşdy. 14-nji martda Metternih iş başyndan aýryldy hem-de ölüm howpundan ätiýaç edip, gaçyp gitdi. Hökümetiň käbir agzalary çalşyryldy. 17-nji martda begzadalaryň we liberal buržuaziýanyň wekillerinden hökümet düzüldi, 22-nji martda bolsa bir palataly saýlawly reýhstag açyldy. Gazanylan ýeňşiň netijesinde talyplar özleriniň ýaragly toparyny döretmeklige, buržuaz gatlakalr bolsa – milli goşun guramaklyga ygtyýar aldylar. Maý aýynda korol saýlawçylar üçin ýokary emläk senzini göz öňünde tutýan konstitusiýanyň kabul ediljekdigini halka yglan etdi. Emma milli goşuny we talyplardan düzülen ýaragly toparlary dargatmaga edilen synanyşyk netijesiz tamamlandy, halk bu synanyşyklara ýaragly garşylyk görkezdi. Korol we hökümet paýtagtdan gizlin çykyp, Tirola gaçyp gitdi.

1848-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda reýhstag daýhanlaryň iri ýer eýelerine tabynlygyny ýatyrdy, ýöne munuň üçin daýhanlar ýer eýelerine töleg tölemeli boldylar.

**Kontrewolýusiýanyň başlanmagy.** Ýewropa rewolýusiýasynyň çygrynyň 1848-nji ýylyň tomusynda Parižden Praga, Wenadan Milana çenli aralyklarda ýaýbaňlanmagy güýçleriň gatnaşygynyň kontrewolýusiýanyň haýryna üýtgändgine şaýatlyk edýärdi. Iýulyň ahyrynda – awgustyň başynda feldmarşal Radeskiniň ýolbaşçylygyndaky awstriýanyň goşuny Demirgazyk Italiýadaky gozgalaňa gatnaşyjylaryň we sardiniýa goşunynyň üstünden aýgytly ýeňiş gazandylar. Liberal-demokratik jemgyýetçiliginiň boluşlarynda-da kesgitli öwrülişik bolup geçdi. Kustosida we Milanda awstriýa ýaragynyň üstünligine «walsyň koroly» Iogann Ştraus «Marşal Radeskiý», awstriýa sygyrýetiniň

ussady Frans Grilparser bolsa goşgy bilen seslendi. Ol gartaşan feldmarşala ýüzlenip, «Bagt, saňa meniň serekerdäm! Awstriýa öz mesgeninde!» diýip aýdylýardy.

Italýan döwletlerindäki rewolýusiýany basyp ýatyran awtriýa goşunlary awgust aýynda Wenadaky çykyşlary hem derbi-dagyn etmegi maksat edinýär. 1848-nji ýylyň 19-njy awgustynda hökümet şäherde jemgyýetçilik işleri bilen meşgullanýan işçileriň aýlyk haklarynyň azaldylýandygy hakyndaky karara gol çekýär. 23-nji awgustda işçileriň köpçülikleýin ýörişine jogap edip, milli gwradiýanyň bölümleri ýaragsyz işçilere bakan ot açyp, olaryň ýüzlerçesini ýaraladylar we öldürdiler. Talyplaryň aýaragly toparlary işçileri goldamadylar. Munuň özi rewolýusion toparyň arasynda görnetin bölünşik bolup geçýändigine şaýatlyk edýärdi. Liberal buržuaziýa gutarnykly kontrrewolýusiýanyň tarapyna geçdi, demokratik toparlar işçileri goldap bilmän, durnuksyzlyk hem-de ýaýdanjaňlyk görkezdiler. Awstriýadaky rewolýusiýa çökgünlik döwrüne gadam basdy.

Awstriýada bolup geçýän şeýle wakalar entek rewolýusiýanyň doly basylyp ýatyrylandygyny aňlatmaýardy. 1848-nji ýylyň oktýabrynda Awstriýadaky rewolýusiýa gaýtadan möwç aldy. Oktýabryň başynda wena garnizonynyň bölümleri graf Laturyň buýrugy bilen rewolýusion Wengriýanyň garşysyna ýörişe ugradylýar, emma olaryň ýoluny Wenanyň işçi halky kesdi. Rewolýusiýa garşy durýan güýçleriň howpy işçileri, senetçileri we buržuaz-demokratik güýçleri gaýtadan birleşdirdi. Soňkularyň hataryna diňe bir talyplaryň harby toparlary däl, eýsem milli gwardiýaçylaryň bir bölegi hem goşuldy. Grenader polkunyň esgerleri buýrugy ýerine ýetirmekden boýun towladylar. 6-njy oktýabrda Demirgazyk demir ýol menzilini gabaw astyna alyp, talyplar we işçiler goşuna Wengiraýa tarap ugramaga päsgel berdiler. Gozgalaňa gatnaşyjylar harby ministriň rezidensiýasyny güýç bilen basyp aldylar we graf Latury köçe çyrasyndan asdylar.

Ferdinandyň baştutanlygyndaky köşk ýene-de paýtagtdan gaçyp, bu gezek olar Olomousa geldi. Wenany begzadalar, barjamly býurgerler, sagçy we aram syýasy toparlar hem taşlap gitdiler.

Wenadaky oktýabr aýyndaky çykyşlar Awstriýa korollygynda 1848-1849-njy ýylardaky rewolýusiýanyň iň ýokary göterilen döwri boldy. Gozgalaňçylar «çalt hereket ediji gosun» toparlaryny döretdiler we dört hepdäniň içinde, ýagny oktýabr aýynyň 6-31-i aralygynda şaheri öz ellerinde sakladylar. Emma wenalylaryň gahrymançylykly gozgalaňy ýurduň gyrak-çetlerinde goldaw tapmady, olaryň kömek sorap iberen çagyryşlaryna daýhanlar seslenmediler. Şonuň üçin hem rewolýusiýanyň duşmanlary arkaýynlyk bilen güýç ýygnamaga başladylar. 22-nji oktýabra çenli Wena tutuşlygyna Praganyň kellekeseri Windişgresiň we horwat bany Ýelaçiçiň goşunlary bilen daşy gabalypdy. Olar paýtagty wagşyçylykly top okuna tutup başladylar. Gogalaňçylar gazaply garşylyk görkezdiler we şunda olaryň 5 müň adamsy öldürildi. Wena kömege howlugyp gelýän wenger goşunlary hem 30-njy oktýabrda şäherden o diýen uzak bolmadyk ýerde saklanyp, olar dolylygyna derbi-dagyn edildi. Ertesi güni gandöküşikli söweşlerden soň imperatoryň goşunlary Wena girip, gozgalaňçylardan rehimsiz öç aldylar. Gozgalaňa gatnaşyjylardan köp adam söweşlerden soň atylyp öldürildi. Wena hem boýun egdirildi. 31-nji oktýabrda monarhiýanyň tarapdarlaryndan we iri buržuaziýanyň wekillerinden ybarat täze hökümet düzüldi. Bu hökümet 1849-njy ýylyň martynda özüniň soňkyja günlerini çetki moraw şäherjegi bolan Kromeržižde (Kremzir) geçirýän saýlawly reýhstagy dargytdy.

Awstriýadaky häkimiýet barada aýdylanda bolsa, şindi 1848-nji ýylyň 2-nji dekabrynda imperator tagtynda gowşak erkli Ferdinandy onuň ýaňy 8 ýaşy dolan inisi (doganynyň ogly) Frans Iosif çalşyrdy.

**Wengriýadaky rewolýusiýa.** Fransiýadaky fewral wakalary Wengriýada hem rewolýusion çykyşlaryň turmagyna getirdi. 1848-nji ýylyň 3-nji martynda milli watançy güýçleriň lideri Laýoş Koşut Döwlet ýygnagynda wenger konstitusiýasynyň kabul edilmegini, haýal edilmän giň özgertmeleriň geçirilmegini, parlamentiň öňünde jogapkärli bolan hökümeti düzmegi talap edip çykyş etdi. Koşut tarapyndan teklip edilen buržuaz-demokratik özgertmeleriň maksatnamasy Döwlet ýygnagynyň çözgüdiniň esasy boldy.

11-12-nji martda Peştde teklip edilen özgertmeleriň tizden-tiz durmuşa geçirilmegi bilen bagly şygarlaryň astynda ýygnaklar we mitingler geçirilip başlandy. 14-nji martda Peşte ýaňy-ýakyn başlan gozgalaň hakynda habarlar gelip gowuşýar. Şahyr Şandor Petefiniň baştutanlygyndaky radikal ýaşlar guramasy wenger begzadalarynyň we Döwlet ýygnagynyň çözgüdine garaşyp durman herekete başlamak barada karar edýär. 15-nji martda Wengriýadaky buržuaz-demokratik rewolýusiýanyň başlangyjy bolan demonstrasiýa başlandy. Gozgalaňçylar (olaryň arasynda talyplar, işçiler köp bolupdyrlar) Petefiniň beýik hem-de ýalkymly «Milli aýdymyny», şeýle-de Petefiniň ýolbaşçylygynda rewolýusion demokratlar tarapyndan düzülen «12 punkty» neşir etmek üçin çaphanany basyp alýarlar. Wenger rewolýusiýasynyň radikal ganatynynyň bu maksatnamalaýyn resminamasynda zähmet borçlaryny ýok etmek, daşary ýurtly we imperiỳa goşunlaryny ýurtdan çykarmak, imperiýanyň çet künjeklerinde hereket edýän goşunlary watana dolap getirmek, metbugat azatlygyny, söz azatlygyny, özbaşdak wenger hökümetiniň, milli bankyň we milli gwardiýanyň döredilmegi bilen baglanyşykly talaplar öňe sürülýärdi. Demonstrasiýa gatnaşyjylar türmeden azatlyk ugrundaky göreşijii Mihaý Tançiçi boşatdylar. Rewolýusion häkimýet edarasy – Jemgyýetçilik howpsuzlygy komiteti döredildi. Soňra şeýle edaralar Wengriýanyň welaýatlarydyr etraplarynda-da döredildi.

Gabsburglar Wengriýanyň Döwlet ýygnagynyň öňünde jogapkärli bolan ýerli hökümetiniň bilim baradaky talabyny kanagatlandyrmaly boldy. 1848-nji ýylyň 17-nji martynda oppozisiýanyň liderleriniň biri bolan graf Laýoş Batýani rewolýusion Wengriýanyň ilkinji hökümetini düzdi. Hökümetiň maliýe ministri wezipesine L.Kouşut bellenildi. Koşut ýurduň hökümetine we Wengriýada giň gerime eýe bolan rewolýusiýa uly täsir edýärdi. Wenger rewolýusiýasy feodal tabynlynlygyň iň ýowuz galyndylary bolan zähmet borjuny, ybadathana salgydyny dolanuwsyz ýatyrdy: Awstriýadan tapawutlylykda iri ýer eýelerine öwez töleginiň ählisini döwlet tarapyndan tölenilmeli edilýär. Emma oba ilatynyň ýersiz bölegine ýer bermek hakyndaky mesele çözülmän galdy. Martyň ahyrynda, haçan-da, imperator agrar özgertmesi we beýleki rewolýusion gazananlar hakyndaky kanuny tassyklamakdan boýun gaçyranda, daýhanlar, Peştiň işçileri, jemgyýetiň beýleki gatlaklary ýene-de köçelere çykdylar.

**Pragadaky gozgalaňlar.** Awstriýa baknasyna garamazdan slawýan halklary özleriniň baý medniýetini goraýardylar hem-de ösdürýardiler. Olaryň arasynda öz-özüňi dolandyrmak, milli dillerdäki edebiýaty we mekdebi ösdürmek ugrundaky hereket giňelýärdi.

Çehiýada milli medeniýeti ösdürmek ugrundaky hereket örän güýçlendi. Ýazyjylar we alymlar çeh halkynyň taryhy barada, onuň diliniň hem-de edebiýatynyň ösüşi barada meşhur eserler döredýärdiler, milli mekdep ugrunda göreşýärdiler. Çeh azat ediji demokratlary milli medeniýeti ösdürmäge çalyşmak bilen çäklenmän, eýsem jemgyýetçilik we milli taýdan azat bolmak ugrunda hem jan edýärdiler. Emma aram çeh işgärleri Gabsburgalar bilen ylalaşmak ugry bilen gidýärdiler.

Serbleriň we horwatlaryň arasynda hem milli taýdan ýokary göteriliş başlandy. Awstriýa Korollygynyň slawýan halklarynyň arasynda özara ýakynlaşmak meýli güýçlendi.

Awstriýa korollygynyň slawýan halklary hem köpçülikleýin göreşe aýaga galdylar. Çehiýa daýhanlaryň we işçileriň närazylyk hereketleri bilen gurşalypdy. Hökümet Praga uly goşun çekdi. Talyplar we işçiler goşunyň çykarylmagyny hem-de özlerine ýarag berilmegini talap etdiler.

Iýun aýynyň 12-sine işçileriň we talyplaryň ýaragsyz çykyşlary goşunlar tarapyndan oka tutuldy. Muňa jogap edip halk gozgalaňa aýaga galdy, ol gozgalaň bir hepdä golaý çekdi. Gözgalaňçylaryň birentegi ähli umumy saýlaw hukugynyň berilmegini we öz-özüňi dolandyryşy talap edýärdi. Goňşy obalaryň daýhanlary ellerine çalgydyr tokmak alyp, howlukmaçlyk bilen gozgalaňçylara kömege geldiler. Goşunlar belent ýere çekilip, şäheri top okuna tutup başladylar. Pyýada goşun zomap şähere girdi we 17-nji iýunda gozgalaňy basyp ýatyrdy.

**Transilwaniýada rewolýusion we milli hereketiň ýokary göterilmegi.** 1848-nji ýylyň rewolýusion hereketleri Transilwaniýany hem gurşap alýar. Rewolýusiýanyň öňisyrasynda Transilwaniýada feodal gatnaşyklarynyň likwidirlenmegi, krepostnoý daýhanlarynyň boşadylmagy we olara ýerleriň bölünip berilmegi ýaly meseleler bilen bir hatarda , şeýle-de gün tertibinde milli mesele hem durýardy. Sosial gapma-garşylyklar milliler bilen utgaşýardy. Syýasy hukuklar wengerleriň, sekeýlryň we sakslaryň arkasynda ykara edilýärdi, Walahiỳanyň aglaba köpçüligini düzýänleri (2 mln, ýaşaýjynyň 1,3 mln adamy ) bolsa milli ezmelere sezewar edilýärdi. Transilwaniýanyň roman dilli ilatynyň ösen düşünjesi hakykatynda oz beýanyny mundan buýana-da resmi resminamalaryň wlahlar tarpyndan däl-de, rumynlar tarapyndan atlandyrylmak baradaky talabynda tapdy.

1848-nji ýylda Transilwaniýada daýhançylygyň antifeodal hereketi giňden ýaýabaňlandy. Onda dürli milletiň wekilleri, esasan hem rumynlar gatnaşýardy. Transilwan

häkimýetler «buntowşikleriň» haýsy milletine degişlidigine garamazdan daýhançylyk tolgunşyklaryny basyp ýatyrýardylar.

Transilwaniýada agrar meselede aýgytly pozisiýa rumyn buržžuaziýasynyň wekilleri we ideologalry eýelediler, ol Dunaý knýazlyklarynyň buržuaziýasyndan tapawutlykda ol iri ýer eýeçilgi bilen gatnaşyklary saklamaýardy. Transilwaniýada görnükli rumyn gazetiniň redaktory G. Basiu we talyp-hukukçy A. Ýanku we beýleki buržuaz intelligentler agrar meselesiniň radikal çözgüdini-de onuň düzümine girizip, giň demokratik özgertmelriň geçirilmegi hakynda ykyş edýärdiler. Wenger rewolýusiýasynyň tarapyndan «12 punkta» raýdaşlygy beýän edip, progressiw rumyn syýasy işçileri şol bir wagtyň özünde Transilwaniýada rumynlaryň milli gyzyklanmlarynyň we milli deňhukuklygynyň girizlimegi ugrunda göreşýärdiler. 15-17-nji maýda Blažda bolup geçen köpçülikleýin halk ýygnagy reformalaryň maksatnamasyny öňe sürýär, ol öz içinde Transilwaniýada «rumyn milletiniň garaşsyzlgynyň», «krepostnoýçylgyň daýhanlar tarapyndan öwez tölegi tölenmezden ýatyrylmagyny» tapal edipdirler.

Ýöne Blažda kabul edilen transilwan rumynlaryň çözgütleri Peştde hüşgärlik bilen kabul edilýär. Rumyn halkynyň isleglериniň tersine Transilwaniýa Wengriýa bilen birleşik baglaşdyrylýar. Korollygyň Döwlet ýygnagy Transilwaniýada wenger rewolýusiýasynyň käbir progressiw reformalaryny ýaýratmakdan boýun gaçyrýar. Wengriýada rewolýusiýany dolandyrýan gatlagyň çäkliligi - orta pomeşik dworýanlary- daýhan talaplarynda ýüze çykan we ol milli meselede has-da çuňňur aýan bolup başlaýar. Rewolýusiýanyň täze tapgyrynda 1848-nji ýylyň ýazynda slawanýanlaryň, rumynlaryň demokratik güýçleri entuziazm bilen Peştdäky rewolýusiýanyň ýeňişini şöhratlaýarlar. Ezilen halklar rewolýusiýadan olaryň kanuny hukuklarynyň , öz-özüňi dolandyryşy bermegiň, milli medeniýetiň we diliň ösmegi üçin

erki şertleriň döredilmegine garaşýardylar, ýöne bu umytlar başa barmandy.

Wehger rewolýusiýasynyň liderleri çyn ýürekden feodal tabynlyklarynyň ýatyrylmagynyň we buržuaz – demokratik hukuklaryň we azatlyklaryň berilmeginiň madýar däl halklakanagatlandyrar we olar hem madýarlar bilen bilelikde rewolýusiýnyň tarapyny çalarlar we olaryň umumy watanlaryny goramaklyga gatnaşarlar. Bu halkjlaryň milli hereketlerinde wenger ýolbaşçylary rewolýusiýanyň we korollygyň territorial birliginiň howpuny görýärdiler. Astriýanyň reaksiýasy bu ýagdaýdan özüne zerur bolan bähbidi almagy başarýar. Milletara dawany çişirip, wenfger hökümetiniň milli syýasatyň çäkliliginden peýdalanyp, ol öz tarapyna wenger däl halklaryň sagçy we aram liderlerini çekmegi başarýar, horwatlaryň, serbleriň we transilwan rumynlarynyň milli hereketlerini kontrrewolýusiýanyň tarapdarlaryna öwürmegi başarýar. Wengriýanyň esasan serbleriň ýaşaýan ýerleri bolan günortasyndaky harby hereketler eýýäm 1848-nji ýylyň tomusyndan başlaýar. Ýöne kontrrewolýusiýanyň umumy harby ýaraglanmasyna signal Horwatiýadan berilýär.

**Azat edijilik uruşlarynyň başlanmagy.** 1848-nji ýylyň sentýabrynda wenger rewolýusiýasynyň täze tapgyry başlanýar, ol kontrrewolýusion interwensiýanyň netijesinde reaksion Awstriýanyň we onuň ýranlaryna garşy azat edijilik urşuna öwrülýär.

11-nji sentýabrda horwat banynyň we imperator goşunynyň polkownigi Ýelaçiç Wengriýa çözýarlar. Rewolýusiýa ölüm howpy abanýardy, ony diňe aýgytly hereketler bilen beýan edip boljkdy. Haçan-da Ýewropanyň beýleki sebitlerinde rewolýusiýanyň iň aýgytly pursatynda yza dönýän wagty, Wengriýada ol belenede galýardy. Ýurtada häkimýet Kouşutyň başlangyjy bilen döredilen rewolýusion organyň – Goranmak Komitetiniň eline geçdi. Howp

pursatynda, adatdan daşary ýagdaýlarda öňki reformator öz topary bilen derrew kanunylygy saklapdyr, ol hukuklsaryň görnetin bozulmalarynyndan ägälik bilen gaçypdyr we netijede görnükli rerolýusionere öwrülýär. Laýoş Kouşutda jemlenen ýiti zehin, uly energiýa we gözsüz batyrlyk ony milli ýolbaşçy etdi.

Honwedler- reolýusion milli goşunyň esgerleri29-njy sentýabrda partizan otraýdalarynyň goldaw bermeginde Ýelaçiçiň goşunlaryna ähmiýetli zarba urup, ilkinji ýeňşi gazanýarlar. Ýöne wenger güýçleriniň serkerdebaşysy Gabsburglar bilen gutarnykly aýrylmanyň garşydaşy, awstriýanyň serhetini geçmekden çekinýär we Ýelaçiçiň derbi-dagyn edilen goşunlaryna Awstriýa gitmäge rugsat berýär. Haçan-da köp gepleşiklerden soň, 6-njy oktýabrda gozgalaňa ýaga galan Wena kömek soralanda Koşutyň teklibi bilen honwedleriň goşuny serheti kesip geçýärler, emma wagt bisarpa sypdyrylypdy. Bu wagtyň dowamynda Windişgrese öz güýçlerini gaýtadan toparlamaga we Ýelaçiçiň galan goşunlary bilen Şwetahyň golaýynda (30-njy oktýabrda) madýary pytratmaga ýetişdi. Ertesi gün ol Wenany eýeledi. Bir ýarym aýdan soň, dekabryň ortasynda Windişgres Wengriýanyň garşysyna ýörişe ugraýar, 1849-njy ýylyň ýanwarynda onuň paýtagtyny eýeleýär.

**Milletara dawa.** Daşy duşman güýçleri tarapyndan gabalan rewolýusion Wengriýanyň ýagdaýy ýaramazdy. Onuň gündogarynda gozgalaňa ýaga galan serbler bilen gandöküşikli uruş dowam edýärdi, çünki olar Belgraddan kömek alýardylar. Serbleriň gozgalaňyny imperator polkownigi I.Şuplikas we mitropolit Ý.Raýaçin dagy ýolbaşçylyk edýärdiler. Olar ony gönüden-göni wena köşgüne tabyn edip, «Serb Woýewodinasynyň» bilimini ykrar etdiler. Bu territoriýada serbler bilen bir hatarda rumynlaryň, şeýle-de nemesleriň ummasyz köp bölegi ýaşaýrdy. Demirgazyk-günbatardan Galisiýadan awstriýanyň goşuny gelip ýetýärdi. Transilwaniýa

rehimsiz uruşlaryň arenasyna öwrüldi, bu ýerde rewolýusion goşuna imperator garnizony we awstriýa hökümeti tarapyndan ýaraglanan rumyn gozgalaňçylary garşy durýardy. Bu ýerde imperator goşunynyň şowlulygy köräp başlan milletara duşmançylygyň gönüden-göni netijesi bolup durýardy.

Entek baryp 1848-nji ýylyň mart-aprelinde-de köpmilletli Transilwaniýanyň halklary bir frontda durup göreşýärdiler. Sakson progressiw işgärleriniň berk ynanýardylar, rewolýusion Wengriýa bilen birleşik olaryň buržuaz-demokratik özgertmeleri bilen utgaşyp, olaryň milli ösüşini tizleşdirer. Transilwaniýanyň rumynlarynyň progressiw liderleri birleşmäni goldaýardylar, çünki olar özleriniň sosial-ykdysady talaplaryyň kanagatlandyrylmagyna we milli hukuklarynyň, şol sanda ýerli administrasiýalarda we mekdeplerde ene dilleriniň ykrar ediljekdigine ynanýardylar. Rumynlaryň diňe käbir ýolbaşçylary, öňi bilen hem Blažedäki teologiýanyň professory Simion Berusiu ak ýürekden milli ideýanyň sosial ideýadan öňe çykmagynyň tarapdarydylar. «Milletsiz respublikada näletlenen zalymlykdyr» diýip, Berusiu nygtapdyr. Obalarda şol ruhda giň agitasiýa geçäýrdi, ruhanylar bolsa prawoslaw ýepiskopy A. Şagunoýyň baştutanlygynda daýhanlary «ak ýürekli imperator-koroly» goldamaga we Gabsburglaryň skipetri ***(Korol häkimetiniň nyşany bolan gymmat baha daşly, nagyşly naýza)*** astynda birleşmäge çagyrýardylar.

Bu agitasiýanyň şowlulygyna wenger rewolýusiýasynyň liderleriniň pähimsiz milli syýasaty itergi berdi. Maýda wenger parlamenti tarapyndan kabul edilen Transilwaniýa bilen birleşmek hakyndaky kanun diňe önuň öz raýatlarynyň deňhukuklylygyny kepillik berip, şol bir babatda olara milli hukuklarynyň ykrar edilmegine garşylyk döredýärdi. Belläp geçmeli zat, ol hem Banatadaky rumynlaryň milli hereketi başgaça dowam edýärdi, Transilwaniýadan tapawutlylykda ol ýerde derrew demokratik özgertmeler geçirildi, barşina ýatyryldy we daýhanlara ýerler bölünip berildi. Şonuň üçin

hem Banatanyň ilaty diňe bir rewolýusiýa garşy çykyş etmän durýardy, eýsem imperator goşunyna honwedler bilen ýüzbe-ýüz durup söweşýärdi.

Şuňa meňzeş hadysa milli hereketiň ýolbaşçylarynyň erkine garşy Slowakiýada-da emele geldi. Onuň çägiňden daşarda formirlenen we wena şertnamasy bilen ýaraglanan slowak ekspedision otrýady sentýabrda we dekabrda iki onuň territoriýasyna hüjüm edýärler, olar şowsuz tamamlanýar – slowak daýhanlary olary goldamaýar. Slowak esgerleri dabaraly ýagdaýda honwed goşunynyň hatarynda söweşýärdiler.

Wengriýa sebitiň ähli ýerinden rewolýusiýa zonasynda söweşmek üçin meýletinçiler gelýärdiler. Wenger goşunynyň düzüminde nemez, polýak otrýadlary erjellik bilen söweşýärdiler. Onuň içinde bar bolan görnükli söweşjeňlerden polýaklar Ý.Bem, G.Demiç, nemes R.Giýon, serb P.Damaýaniç dagylar bardy.

**Rewolýusion güýçleriň ýeňşi.** Harby nukdaýnazardan, Wengriýanyň ykbalyny 1849-njy ýylyň tomsunda başlanan feldmarşal Paskewiçiň ikiýüzmüňlik goşunynyň çozuşy çözdi. Ýöne onuň ýeňlişine rewolýusiýanyň özüniň içki gowşaklygy ýardam etdi, ol aýratyn güýç bilen 1849-njy ýylyň tomsunda ýüze çykaryldy.

Deň bolmasa-da, urşy dowam etmegiň ýeke-täk mümkinçiligini ilki bilen, ilatyň galapyn köpçüligininiň esasan-daýhançylygyň sosial zerurlyklaryny we wenger däl halkaryň milli talaplaryny kanagtlandyrmak bolup durýar. Ýöne muňa rewolýusiýa dolandyryjylyk edýän syýasatyň toparlaýyn çäkliligi – ortapomeşik dworýanlygy garşy çykýardy. Döwlet ýygnagynda «parahatçylyk partiýasy» pozisiýasy güýçlendi ol Kouşutyň radikal hereketlerini sabotirleýärdi. Kem-kemden izolýasiýa diňe bir onuň çep ganaty däl, eýsem Kouşutyň özi hem izolirlendi, çünki oň bilen «parahatçylyk partiýasyna»

daýanyp, general Gýorgeý bäsdeşlik edýärdi, ol özüniň şahsy diktaturasynyň ýola goýulmagyny gazandy.

Döwlet ýygnagy çepçi deputatlaryň basyşy astynda 14-nji aprelde Wengriýanyň garaşsyzlygyny doly ykrar etdi we Gabsburgalar dinastiýasyny wenger tagtynyň agdarany diýip aýan etdi. Ýöne 14-nji apreliň hereketleriniň syýasy netijeleri rewolýusiýa üçin öwerlik bolmady. Wengriýanyň ýaňy, tasdanam respublikanyň dolandyryjysy hökmünde saýlanan Kouşut hakykatynda döwlet işlerini ýerine ýetirmekden çetleşdirilipdi. Premýer-ministr wezipesine B.Semere saýlandy. Netijede «parahatçylyk partiýasynyň» pozisiýasy güýçlendi we ol Gergeý bilen birlikde ne rewolýusiýanyň (demokratik özgertmeleriň giňlmegini) mundan buýana ýaýbaňlanmagyny, ne-de çozuş hereketleriniň dowam etdirilmegini islemeýärdi, ýaragly göreş Gabsburgalar bilen ýaraşyk baglaşmaga ymtylyş hasaplanylýardy.

**Rewolýusiýanyň ýeňilmegi.** Korol goşunlarynyň interwensiýasy başlanandan soň Wengriýanyň ýagdaýy ýaramazlaşýar. 1849-njy ýylyň 13-nji iýulynda rus goşunlary Peşti, awstriýalylar bolsa - Buduny eýeleýärler. Segede göçen wenger hökümeti ýagdaýy öz milli syýasatyna seredip geçmek bilen halas etmek isleýärdi. 14-nji iýulda Walahiýadaky rewolýusiýanyň görnükli işgäri N.Belçeskunyň ýardam etmginde transilwan rumynlarynyň ýolbaşçylygynda olaryň otrýadlary, ýagny imperator goşunynyň tarapynda durup göreşenler bilen ýaraşyk hakynda ylalaşyga gol çekdiler. Resminama rumynlara mekdeplerde, ybadathanalarda, ýerli administrasiýalarda ene dilini ulanmaga hukuk berýärdi. 28-nji iýulda ýewropa taryhynda ilkinji gezek milletler hakynda kanun kabul edilýär. Ýöne bu progresiw hukuk kadalary eýýäm wakalaryň ugruny üýtgedip biljek däldi.

31-nji iýulda Şegeşwaryň golaýynda (häzirki wagtda Sigişoara) korol goşunlary wenger goşunyna aýgytly söweşi ýetirdiler. Uruşda Bemanyň beýik şahyry, adýutant Ş.Petefi

aradan çykýar. 9-njy awgustda Temeşwaryň (häzirki wagtda Timişoara) golaýynda ýeňliş boldy. «Parahatçylyk partiýasynyň» basyşy astynda Kouşut hökümeti Gergeýe bermeli bolupdyr. Soňkusy hökümetden ygtyýarlyga garaşman, korol generaly Rýudiger bilen gepleýiklere başlaýar. 13-nji awgustda Gergeýiň baştutanlygynda wenger goşuny Korol generaly Paskewiçiň öňünde Wilageşiň (häzirki wagtda SRR-de Şiria) eteginde ýaraglaryny tabşyrmaly bolupdyrlar. Ýöne şeýle-de bolsa, aýratyn bölekler we galalar garşylyk görkezmeklirini dowam etdirýärdiler. Hemmesinden uzak, 1849-njy ýylyň 2-nji oktýabryna çenli general Klapkanyň ýolbaşçylygyndaky Komarom galasy berk durup söweşýär.

Awstriýa jeňbazlary wenger goşunynyň imperator goşunynyň özünde däl-de, eýsem rus goşunynyň Korolynyň öňünde goýandygyna gahar edip, madýarlaryň öňünde ganly jezany geçirýär, hiç kimiň öňünde aklanmadyk zalymlyk ýewropa köşklerini hem haýrana goýýar. 6-njy oktýabrda Arad galasynda honwedleriň goşunynyň 13 sany general we ýkary çinli ofiserleri jezalandyrylýar; milli aňynda we halkyň hakydasynda «arad jebir çekenleri» we şu günki günde hem wenger taryhynyň görnükli gahrymanlary bilen bir hatarda çuňňur homatlanylýar. Hut şol gün hem Peştde rewolýusion wenger hökümetiniň birinji premýeri L. Batýani jezlandyryldy, ol düýbünden awstro-wenger urşuna dahyly hem ýokdy. Tutuşlygyna harby-meýdan kazyýeti 500 golaý ölüm jezasyny çykardy, uzak möhletleýin möhlete rewolýusiýanyň 1765 sany gatnaşyjysy ugradyldy, 45-50 müň honwed-esgerleri we milli gwardiýaçylary zor bilen awstriýa goşunyna mobilizirlendi we imperiýanyň çet ülkelerine ugradyldy.

**Wengriýanyň garaşsyzlyk ugrundaky urşy.** 1848-nji ýylyň 15-nji martynda Wengriýada rewolýusiýa turdy. Ony demokratik meýilli ýerli begzadalar, wenger paýtagty Peştiň senetçileri, talyplary we demokratik intelligensiýasy turuzdy. Olar köpçülikleýim çykyşlar gurap, Wengriýa üçin ýerli

wekilçilili edarasynyň öňünde jogapkär hökümetiň döredilmegini we salgytlaryň ýatyrylmagyny talap etdiler.

Korol Wengriýada aýratyn hökümetiň döredilmegine razylyk bermäge mejbur boldy. Ol hökümetiň baştutanlygyna begzada beglerinden bolan wenger milli azat edijilik pikirli wekilleri geçdi.

Wena gozgalaňy derbi-dagyn edilenden soň korol öz goşunlaryny Wengriýa sürdi we onuň öz-özüňi dolandyryşynyň ýatyrylýandygyny yglan etdi. Şonda wenger parlamenti 1849-njy ýylda Wengriýany garaşsyz döwlet diýip yglan etdi we azat hökümeti döretdi. Orta gürpdäki mülkdar begzadalaryň wekili, hökümdar prezident diýlip yglan edilen Laýoş Koşut (1802-1894) şol hökümetiň görnükli işgäri boldy.

Wengerleriň awstriýa goşunlaryny kowup çykaran güýçli goşuny bardy. Emma ýagdaý gowşakdy. Koşutyň hökümeti daýhanalaryň we demokratlaryň ähli ýer borçlaryny pul tölemezden ýatyrmak hem-de ownuk daýhanlara paý ýerlerini bermek baradaky talaplaryna eglişik etmedi.

Koşutyň hökümetiniň serblere, horwatlara we wenger iri ýer eýeleri tarapyndan ezilen beýleki halklara deňhukuklylyk berilmegini islemezligi-de Wengriýanyň ýagdaýyny gowşadýardy. Milletleriň deňhukuklylygy baradaky kanun juda giç – çykyşlar derbi-dagyn edilmeziniň iki hepde öňünçäsi kabul edildi. Şonda awstriýa koroly Frans-Iosif I (1830-1916) Russiýanyň patyşasy Nikolaý I kömek sorap ýuz tutdy. Nikolaý I-nji taýýar duran ýüz müň adamly goşunyny wenger çykyşlaryna garşy sürdi.

Wenger goşuny birnäçe söweşlerde ýeňlişe duçar boldy we soňra korol goşunlaryna boýun egdi. Munuň şeýle bolmagyna baş serkerdäniň we ýokary serkerdelern göreşmegi bes eden bir böleginiň dönüklik etmegi ýardam etdi. Wengriýanyň garaşsyzlyk ugrundaky  milli azar edijilik urşy ýeňlişe duçar boldy.

Emma şeýle-de bolsa Awstriýa korollygyndaky 1848-1849-njy ýyllaryň rewolýusiýasynyň möhüm netijeleri boldy, hökümeti käbir özgerişlikler geçirmäge mejbur etdi. Korol Awstriýanyň konstitusiýany girizdi. Iri ýer zähmet borçlaryndan pul töläp azat bolmak barada kanun çykaryldy, iri ýer eýeleriň hukuklary ýatyryldy. Çykyşlar daýhanlaryň ýer eýeleriniň garaşlylygynyň kem-kemden ýok bolmagyna ýardam etdi. Awstriýa Korollygynda milli azat edijilik göreşiniň ösmegini tizleşdirdi.

## §21. XVIII asyrda Ýewropada magaryf

**Täze döwrüň syýasy-aňyýet garaýyşlary.** XVIII asyr Ýewropada magaryfçylygyň zamanasy diýlip atlandyrylýar. Beýle diýilmegi ýöne ýerden däldi. Bu döwürde ylmy garaýyşlar, täze jemgyýetçilik-syýasy pikirler halk köpçüliginiň aňyny eýeleýärdi, onuň jemgyýetiň ösüşi hakyndaky pikirlerini ösdürýärdi. Meşhur ýazyjylar, ussat suratkeşler, tanymal pelsepeçiler hakyky aň-bilim ýaýradyjylardy. Olary magaryfçylar diýip hem atladyrýardylar. Olar öz işlerinde adamy kemsidýän we onuň mümkinçiliklerine päsgel berýän garaýyşlary ýazgaryp çykyş edýärdiler. Aň-bilim ýaýradyjylar hristiýan buthanasynyň asyrlar boýy wagyz edip gelýän taglymy esaslaryna garşý çykýardylar, Korollaryň çäklendirilmedik häkimýetinden, möwrütini ötüren orta asyr düzgünlerinden özleriniň nägilediklerini bildirýärdiler.

Magaryfçylar ahlak ýörelgelerini diniň täsirinden we howandarlygyndan azat etmäge çälyşýardylar. XVIII asyryň akyldarlary ynsanyň egsilmez güýjüne, onuň çäksiz mümkinçiliklerine ynanýardylar, olar halk köpçüligine bilim bermegiň zerurlygyna çuňňur düşünýärdiler.

Ýewropada magaryfçylyk eýýamy jemgyýetçilik aň-düşünjeleriniň ösüşinde, adamlaryň jemgyýetçilik-syýasy garaýyşlarynda iňňän uly öwrülşiklere getirdi. Öndürji

güýçleriň ösmegi, ylmyň, tehnikanyň, aýratyn hem tebigat we takyk ylymlaryň ösdürilmegini talap edýärdi. Netijede ylmyň dürli pudaklary – astronamiýa, mehanika, matematika, fizika, himiýa, biologiýa ýaly aýry-aýry ugurlary ýüze çykdy. Tebigat ylymlarynyň ösmegi bilen XVIII asyrda syýasy garaýyşlar hem ösüp başlaýar. Magaryfçylar gelip çykyşyna, emläk ýagdaýyna garamazdan, ähli adamlaryň deňhukuklylygy, azatlygy, erkinligi hakyndaky pikirleri öňe sürýärdiler, şol pikirleriň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegini gazanmaga çalyşýardylar.

Täze döwürde Ýewropa jemgyýetinde din adamlaryň aňyna entegem öz täsirini ýetirýärdi. Emma şeýle-de bolsa ol ylymda we jemgyýetçilik durmuşynda özüniň birwagtky täsirini ýitirýär.

**Iňlis magaryfçylary.** XVIII asyrda Ýewropanyň jemgyýetçilik-syýasy pikiriniň ösüşinde iki akym ýüze çykýar. Olaryň birini konserwatizm, beýlekisini bolsa liberalizm diýip atladyrýardylar. Bu jemgyýetçilik-syýasy akymlar ilki Angliýada döreýär. Sebäbi Angliýa durnukly syýasy düzgünleriň ir ýuze çykan we kemala gelen ýurtlarynyň biridi. «Konserwatizm» (terjimesi «saklamak») asyrlaryň jümmüşinden gelýän, taryhy tejribeden geçen dolandyryş düzgünleriniň we asyrlar boýy adamlaryň gündelik durmuşyna täsir edip gelýän däp-dessurlaryň, kadalaryň saklanylmagyny aňladýar.

«Liberalizm» adalgasy, «azatlyk, erkinlik ugrundaky hereket» manysyny aňladyp, ol ilkinji gezek 1810-njy ýylda Ispaniýada peýda boldy, ýöne liberalizm hereket hökmünde XVII asyryň ortalarynda buržuaz-demokratik azatlyklar ugrundaky göreşlerde Angliýada ýüze çykdy. Buržuaz-demokratik azatlyklaryň toplumy jemgyýetiň ösmegi netijesinde kemala gelýär. Şol azatlyklar başda dine uýmak erkinligi bilen baglanyşykly boldy. XVII-XVIII asyrlarda onuň üstüne emläk edinmäge bolan hukuk hem goşuldy. Emläk

edinmäge bolan hukuk ugrundaky göreşde ajaýyp iňlis akyldary Jon Lokk (1632-1704) tarapyndan esaslandyrylan taglymatyň örän uly ähmiýeti boldy. Stýuartlaryň häkimýetiniň dikeldilýän döwründe ol Angliýadan Gollandiýa gaçyp gidýär we diňe 1688-nji ýylyň «Şöhratly rewolýusiýasyndan» soň ýurduna dolanyp gelýär.

Jon Lokkyň esasy eseri «Adamyň aňy baradaky tejribe» atly kitabydyr. Ol öz eserinde adamynyň elinden alnyp bilinmejek üç sany esasy tebigy hukuklaryny kesgitläpdir. Jon Lokkuň pikiriçe, her bir adamyň 1) ýaşamaga, 2) erkin bolmaga we 3) emläk edinmäge bolan hukuklary bolupdyr we şol hukuklar eldegrilmesiz diýlip hasap edilipdir.

Jon Lokk öz jemgyýetçilik-syýasy garaýyşlarynda adamyň hukuklaryna we azatlyklaryna esasy gymmatlyk hökmünde garapdyr. Ol adamlar özleriniň hukuklaryny gorap saklamak üçin jemgyýetçilik şertnamasyny baglaşmalydyrlar diýip aýdypdyr. Şol şertnama boýunça döwlet adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramaly bolupdyr. Jon Lokk döwlet öz raýatlaryny goramak üçin dörändir, döwletiň esasy wezipesi kanun çykarmak, düzgün bozanlara jeza bermek, öz raýatlaryny daşky howplardan hem-de hüjümlerden goramakdyr diýip aýdypdyr. Şonuň üçin hem ol häkimýetiň üç wezipesi bardyr, olar kanun çykarmak, ýerine ýetiriji häkimýeti amala aşyrmak we kazylyk etmekdir diýip belläpdir. Jon Lokk kanunlaryň döwletde we jemgyýetde hemmeler tarapyndan ileri tutulmalydygyny aýdypdyr. Akyldaryň özi dindaryň maşgalasyndan bolup, ol dine oňyn garapdyr. Onuň pikiriçe, din adamlarda ahlaklylygy terbiýeleýärdi.

Jon Lokkyň pedagogika (çagalaryň bilimi we terbiýesi hakynda ylym) baradaky pikirleri hem jemgyýetçilik aňyna güýçli täsir edipdir. Lokkyň pikiriçe, pedagogikanyň esasy maksady adamlarda dogruçyllygy we sowatlylygy kemala getirmelidi. Adamlar doglanda, ruhy taýdan ösmäge birmeňzeş ukyplary bilen dogulýarlar diýip, Lokk öwredipdir. Ýaňy

doglan çaganyň aňy ak kagyz ýaly arassa bolýar, şol kagyz durmuş ýolunyň ösüşinde nagyşlar bilen bezelip doldurylýar diýip, ol aýdýar eken.

Jon Lokk «liberalizmiň atasy» hem hasap edilýär. Ýöne islendik taglymatyň peýda bolşy ýaly, onuň garaýyşlary hem boş ýerde döremändir. Adamlaryň tebigy hukuklary barada onuň bilen bir döwürde, hatda birneme öňräk hem ýazypdylar. Olardan iňlis alymlary Jeýms Garringtonyň (1611-1677) we Jon Miltonyň (1608-1674) atlaryny görkezmek bolar.

Ýewropada liberalizmiň ösüşine beýik iňlis akyldary Tomas Gobbs (1588-1679 ýý.) hem uly goşant goşupdyr. Onuň döwlet we hukuk baradaky taglymaty uly meşhurlyga eýedir. Gobbsyň pikirine görä, adamlar döwletiň peýdasyna öz hukuklaryndan el çekmelidiler. Şunda adamlar öz ykballaryny döwletiň ygtyýaryna berip, hemişe onuň pähimine we jogapkärligine bil baglamalydylar. Şeýle kämil häkimýeti Gobbs, halky durmuş harasatlaryndan we howsalaly hadysalardan gorap biljek çäklendirilmedik ygtyýarlyklary bolan Korollyk düzgüninde görüpdir.

Emma Lokkyň pikirine görä, halk jemgyýetçilik şertnamasyny baglaşmak bilen, häkimýetiň üstünden gözegçilik hem etmelidi. Eger-de häkimýet halkyň bähbitlerine el gatsa, onuň kanuny hukuklaryny äsgermezçilik etse, onda şeýle häkimýeti halk üýtgedip ýa-da dolylygyna agdaryp hem bilýärdi. Şu garaýyşlar soňra fransuz magaryfçylary tarapyndan ösdürilipdir, XVIII asyryň ahyrlarynda bolsa, Beýik Fransuz we Amerikan rewolýusiýalarynyň mysalynda iş ýüzünde durmuşa geçirilipdir.

## §22. XVIII asyrda Ýewropada syýasy-aňyýet garaýyşlaryň ösüşi

**Monteskýeniň garaýyşlary.** Şarl Lui Monteskýe (1689-1755) ilkinji fransuz aň-bilim ýaýradyjylaryň biridir. Gelip

çykyşy boýunça Monteskýe baý maşgaladan bolup, ol döwründe örän gowy bilim alýar. Monteskýe entek otuz hem ýaşamanka Bordo şäheriniň parlamentiňiň başlygy bolmagy başarýar. Ol döwlet gullugyny taşlap, birnäçe ýyllap Ýewropa ýurtlaryna syýahat edýär. Watanyna dolanyp gelenden soň, galan ömrüni ylma we edebiýata bagyş edýär.

Monteskýe öz eserlerinde çäklendirilmedik häkimiýetiň barlyşyksyz göreşijisi we azatlygyň tarapdary hökmünde çykyş edipdir. Monteskýeniň düşündirişine görä, azatlyk eden-etdilikler bolman, adamlara kanun tarapyndan ygtyýar berilýän hukuklar bolupdyr.

Monteskýe şahsyýetiň hukuklaryny häkimýetleriň eden-etdiliklerinden goramaga aýratyn ähmiýet beripdir. Jon Lokkyň häkimýetiň şahalara bölünmegi hakyndaky garaýyşlaryny ösdürmek bilen, Monteskýe döwlet häkimiýetiniň üç şahasy bolan kanunçylyk, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimýetleri özbaşdak bolmalydyr, olar bir-birininiň wezipesini çalyşmaly däldirler diýip belleýärdi. Çünki häkimýetiň bir adamyň elinde ýa-da bir döwlet edarasynda jemlenmegi gürrüňsiz häkimýetden hyýanatçylykly peýdalanylmagyna, çäklendirilmedik ygtyýarlykly häkimýetiň döremegine getirjekdi.

Monteskýeniň öňe süren esasy garaýyşlarynyň düýp mazmuny häkimýetiň ýerine ýetiriji, kanyn çykaryjy we kazyýet şahlaryna bölünmegi hakyndaky pikirdir. Onuň pikiriçe, korol häkimiýeti ýerine ýetiriji we gözegçilik ediji wezipeleri alyp barmalydy, kanun çykaryjy wezipe parlamente degişli bolmalydy, kazyýet bolsa koroldan we parlamentden özbaşdak hereket etmelidi.

Monteskýe döwlet gurluşynyň üç görnüşi barada-da aýdyp geçýär. Olar: respublika, monarhiýa we despotik döwletlerdir. Ol döwlet dolandyryşynyň respublikan gurluşyna has döwrebap usul hökmünde baha berýär. Monteskýe halkara hukugynyň ylym hökmünde kemala gelmegine hem uly goşant

goşdy. Ol dünýä döwletleriniň arasynda parahatçylykly gatnaşyklaryň ösdürilmegini ileri tutýar we dawaly meseleleriň uruşsyz çözülmegini wagyz edýär. Monteskýeniň öňe süren bu garaýyşlary halkara hukugynyň ylmy esaslaryny goýdy.

**Wolter we onuň döredijiligi.** Dünýä belli fransuz akyldarlarynyň biri-de ylym äleminde Wolter ady bilen belli bolan Fransua Mari Arue (1694-1778) bolupdy. Wolter öz eserlerinde ynsan mertebesini ähli zatdan ýokary tutýardy we ynsany kemsidýän düzgünlere garşy barlyşyksyz çykyş edýärdi. Ol adamlary adalatly jemgyýeti gurmaga çagyrypdyr. Has adalatly jemgyýetçilik tertibini ol azatlyk, deňlik we hususy eýeçilik bilen baglanyşdyrypdyr. Eýsem-de bolsa adalatly jemgyýeti nädip gurmalydy?

Korol häkimýeti tarapyndan amala aşyrylýan özgertmeler, jemgyýetiň asuda ýol bilen üýtgedilip gurulmagydyr diýip, akyldar belleýärdi. Şuny göz öňünde tutup Wolter «Asmandakyň (Hudaýyň) adamlara ýer üstünde berip biljek iň gowy sowgady hoşamaý koroldyr» diýip aýdypdyr. Hoşamaý korol hem hökman filosof bolmaly eken. «Haçanda Koroly pelsepeçi bolanda, halk üçin şol hakyky bagtdyr» diýip, Wolter aýdanlarynyň üstüni ýetiripdir. Wolter sowatly Korollyk düzgüniniň tarapdary bolupdyr. Eger-de sowatly Korolda birden şeýle isleg döräýdigi, jemgyýetde şol bada azatlyk, deňlik we hususy eýeçilik peýda bolaýmalydy. Şonuň üçin hem Wolter prus koroly Fridrih II, rus Koroly Ýekaterina II we Ýewropanyň käbir beýleki hökümdarlary bilen hem ýygy-ýygydan hat alşypdyr.

Fransuz rewolýusiýasy döwründe Wolteriň guburny göçürip, Fransiýanyň beýik adamlarynyň arasynda jaýlaýarlar. Onuň mazarynyň üstünde şeýle ýazgylar bar:»Ynsan aňyny beýgelden we oňa erkin bolmagy öwreden şahyr, taryhçy, filosof».

Žan-Žak Russo (1712-1778) XVIII asyryň beýik akyldarydy. Ol Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde sagat

ussasynyň maşgalasynda eneden bolýar. Bu adamyň durmuş ýoly örän çylşyrymly bolupdyr. Çagalykdan agyr zähmetiň, mätäçligiň hem-de kemsidilmegiň nämedigini öz durmuşynyň mysalynda göz ýetiripdir. Birnäçe gezek işini täzeläp görüpdir, emma olar oňa ne pul, ne-de şöhrat getiripdirler. Ol köp kitap ýazypdyr, ýöne olar häkimýetler tarapyndan oda ýakylypdyr. Emma ömrüniň ahyryna çenli şahsy durmuşyny sazlap bilmese-de, Russo erkinlige ymtylýan fransuz ýaşlarynyň hakyky halypasy bolupdyr.

Akyldaryň pikirine görä, hususy eýeçiligiň döremegi adamzady deňsizlige, gulçulyga we başga-da ençeme betbagtçylyklara sezewar edipdir. Jemgyýetiň mundan beýläkki ösüşi baýlar tarapyndan garyplaryň, güýçliler tarapyndan ejizleriň ezilmegini döredýän deňsizligiň güýçlenmegine getirýärdi. Muňa garamazdan, Russo hususýeýetçiligi ret etmändir, diňe onuň mukdarynyň çäklendirilmeginiň tarapdary bolupdyr. Ol jemgyýetde hetdenaşa baý we örän garyp adamlar bolmaly däldir diýýär eken.

Ýurtdaky ýokary häkimiýet, Russonyň pikiriçe, halka degişli bolmaly eken. Şonuň üçin hem, ownuk eýeleriň demokratik respublikasy, Russo üçin döwlet gurluşynyň iň amatly görnüşi bolupdyr.

Onuň öňe süren häkimýet halkyňkydyr diýen pikiri Fransiýadaky 1789-1799-njy ýyllaryň rewolýusion wakalary döwründe gyzgyn goldawa eýe bolupdyr.

1751-nji ýylda Fransiýada «Ylymlaryň, sungatlaryň we senetleriň ensiklopediýasy» atly kitabyň ilkinji jiltleri çap edilýär. Bu kitaby çap etmek pikiri filosof Deni Didro bilen matematik D. Alembere degişlidi. 1772-nji ýylda bu kitap doly ýazylyp gutarylýar. Kitap jemi 35 jiltden ybarat bolup, oňa 200-den gowrak ýazar gatnaşypdyr. Olaryň içinde Wolter, Russo ýaly beýik akyldarlaryň işleri hem ýerleşdirilipdir. «Ensiklopediýada» matematika, astronomiýa, fizika, himiýa, geografiýa, şeýle hem senagat önümlerini işläp taýýarlamagyň,

oba hojalygyny ýöretmegiň usullary beýan edilipdir. «Ensiklopediýanyň» ýazarlary akyl-paýhas, magaryf we ylym adamyň döredijilikli işiniň özeni bolmalydyr diýip tassyklaýardylar.

Bu kitapda awtorlar ylmy-tehnika ösüşiň XVII-XVIII asyrlardaky netijelerini, döwrüň täze jemgyýetçilik-syýasy taglymatlaryny, şahsyýetiň eldegrilmesiz hukuklaryny, häkimiýetde halk wekilçiliginiň zerurlygyny görkezipdirler. Onda fransuz daýhanlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ýaramazdygy we salgytlaryň olaryň hojalygyny çökerýändigi barada hem maglumatlar berilýärdi.

**Adam Smit we onuň ykdysady taglymaty.** XVIII asyryň ajaýyp magaryfçylarynyň arasynda özboluşly ykdysady taglymat döreden iňlis alymy Adam Smit (1723-1790) aýratyn orun eýeleýär. Smitiň pikirine görä, adamlaryň özleriniň maddy ýagdaýlaryny gowulandyrmaga, baýamaga çalyşmaklary adaty zatdyr we ol jemgyýet üçin peýdaly hadysadyr. Smit doly ykdysady erkinlik we işewürlige zeper ýetirýän päsgelçilikleriň ýatyrylmagy ugrunda çykyş edýärdi. Smit jemgyýetiň ösüşinde esasy orun erkin bäsleşlige degişlidir diýip belleýär. Şonuň üçin hem ol erkin bäsleşigiň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda we ykdysadyýetiň hemme pudaklarynda bolmaklygy ösüşi kesgitleýär diýip aýdypdyr. Onuň tassyklamagyna görä, halk köpçüliginiň bolelin ýaşaýşynyň esasy çeşmesi zähmetdir. Smit, kim ýeri beýlekilerden gowy peýdalanyp bilýän bolsa, goý, ol şonuňky bolsun diýýärdi. Ol ýerleriň päsgelçiliksiz we erkin satylmagyny ündeýärdi.

Frensis Bekon (1561-1626) öz zamanasynyň beýik alymydy. Ol diplomat, hukukçy, syýasatçy, pelsepeçi, taryhçy hem edebiýatçy bolupdyr. Gelip çykyşy boýunça begzadalaryň maşgalasyndan bolup, Bekon Oksfordyň we Parižiň uniwersitetlerinde bilim alýar we işleýär. Iňlis alymy ylmyň baş maksady tebigatyň syrlaryna düşünmekdir we ony adamzat

durmuşynda ulanmakdyr diýip aýdypdyr. Ol bilim güýçdir diýen şygara jany-teni bilen berlipdir. Ylma eltýän ýol hökmünde, Bekon gözegçiligi, barlagy, deňeşdirmäni öňe sürýärdi. Onuň pikiriçe, diňe nazaryýetiň we tejribäniň sepleşmeginde hakyky ylymler ýüze çykyp bilýärler. Alymyň özi hem birnäçe barlaglary we tejribeleri geçirýär. Şeýle ylmy barlaglarynyň birinde Bekon agyr keselleýär we aradan çykýar.

Fransiýanyň iňňän uly alymlarynyň biri-de Rene Dekartdy (1596-1650). Ol ýaşlykdan matematika ylmy bilen meşgullanýar. 20 ýylyň dowamynda ol Gollandiýada ýaşaýar we filosofiýa we matematika ylymlaryna degişli örän köp açyşlary edýär. Ylymlaryň arasynda ol matematikany beýlekilerden ileri tutýardy. Ol derňew geometriýasyny esaslandyryjy bolmak bilen, häzirki zaman matematiki düşünjeleriniň köpüsini döredijidir. Ol bilimiň esasy çeşmesi bolup adam aklyny, onuň pähim-paýhasyny hasap edipdir. Dekart ynsana pikirlenmek mahsusdyr, şonuň üçin hem adam hemişe hakykatyň gözleginde bolýar, bu bolsa ylmy açyşlaryň edilmegine getirýär diýýärdi. Dekartyň pikiri boýunça ynsan paýhasy gudrata eýedi.

**Magaryfçylaryň garaýyşlarynyň jemgyýetiň ösüşine täsiri.** Magaryfçylaryň sosiýal-syýasy garaýyşlary jemgyýetiň ösüşine uly täsir edýärdi. Bu garaýyşlar adamzat ruhunyň baýlaşmagyna we ylmyň ösüşine güýçli itergi berýärdi.

Ýewropanyň magaryfçylarynyň ideýa-syýasy garaýyşlary iňlis, amerikan we fransuz rewolýusiýalaryna uly täsir edipdir. Täze garaýyşlaryň täsiri bilen bu ýurtlarda çäklendirilmedik Korol häkimiýetiniň ornuna döwleti edara etmekligiň respublikan gurluşy berkarar edildi. Şahsyýetiň erkinligi baradaky şygarlar jemgyýetçilik aňynyň özenini düzdi. Ýewropada magaryfçylygyň täsiri bilen syýasy guramalar we partiýalar hem döräp ugrady. Olaryň arasynda jemgyýetçilik aňy, jemgyýetiň mundan beýläkki ösüş ugurlary babatda özara syýasy göreşler başlandy. Adam hukuklarynyň, azatlygynyň

hem-de erkinliginiň, şeýle-de hususy eýeçiligiň eldegrilmesizliginiň gazanylmagynda magaryfçylaryň garaýyşlary möhüm ähmiýete eýe boldy. Olar öz eserlerinde döwletde we jemgyýetde kanunlaryň hökmirowanlygy we adalatyň dabaralanmagy ugrunda çykyş edýärdiler.

## §23. Günbatar Ýewropa halklarynyň medeniýeti

**Binagärçilik.** Jemgyýetiň medeni durmuşynyň ösüşinde döwlet we jemgyýetçilik ähmiýetli ymaratlaryň bina edilmeginiň uly ähmiýeti bolupdyr. Önümçilige iri maýa goýumlarynyň goýulmagy, ylmyň hem-de tehnikanyň gazanan üstünlikleri belent binalary, kaşaň köşkleri, ýollary, köprüleri we beýleki durmuş hem-de hojalyk ähmiýetli desgalary has tiz gurmaga mümkinçilikler döredýärdi. Täze taryh eýýamynda Korol häkimiýetiniň hökmirowanlygyny şöhlelendirýän we ýewropaly begzadalaryň mümkinçiliklerini görkezýän ymaratlaryň sany ýylsaýyn köpelýärdi.

XVII-XVIII asyryň birinji ýarymynda Günbatar Ýewropanyň binagärçilik sungatynda korollaryň hem-de begzadalaryň köşklerini gurmakda ymaratçylygyň barokko ülňüsi giňden ornaşýar. Fransiýanyň belent hem-de kaşaň köşkleri kuwwatly sütünleri, otaglarynyň we zallarynyň giňligi we içki bezeginiň nepisligi bilen Gadymy Rimiň mähnet ymaratlaryny ýada salýardy. Bu ymaratlar binagärçilikde gadymdan gelýän nusgalaryň esasynda guruldy. Binagärçiligiň barokko usuly Fransiýada uzak wagtlap saklandy. Soň ol Angliýada hem giňden ýaýrady. Muňa Londondaky keramatly Paweliň ybadathanasy mysal bolup biler. German begzadalaryň birentek köşkleri we köşk galalary, dini ymaratlaryň aglabasy barokko usulunda bina edildi.

XVII-XVIII asyrlarda Ýewropa ýurtlarynyň birenteginde, ylaýta-da Gollandiýada, Germaniýada we Polşada binalary gurmakda ymaratçylygyň ýene-de bir ugry döreýär. Oňa

rokoko diýip at berýärdiler. Rokoko ülňüsine laýyklykda, gurulýan binalaryň ýüzünde egrem-bugram görnüşinli täsin bezegler ýerleşdirilýärdi. Bu bunagärçilik ülňüsi esasynda gurlan ymaratlaryň kaşaňlylygy Gündogar äheňini ýada salýardy. Olaryň diwarlarynda köplenç ösümlik dünýäsiniň şekilleri suratlandyrylýardy.

**Günbatar Ýewropanyň öňdebaryjy çeper edebiýaty.** Çeper edebiýat jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryna ägirt uly täsir edýärdi. Eserlerde döredilýän edebi keşpler, şol döwrüň jemgyýetçilik gatnaşyklaryny, döwletleriň ýöredýän syýasatyny şöhlelendirýärdi. Ýazyjylar özleriniň eserlerinde hakyky durmuşy beýan etmek bilen jemgyýeti azatlyga, erkinlige, ynsanperwerlige, adamyň mertebesine hormat goýmaga çagyrýardylar. Olaryň eserlerini okan her bir adamda ruhy galkynyş we aňyýet päkligi ýaly asylly endikler kemala gelýärdi.

Meşhur iňlis ýazyjysy Daniel Defo (1660-1731) London täjiriniň ogludy, onuň özi söwdagär, senagatçy, žurnalist, syýasatçy hem ussat ýazyjy bolup ýetişdi. D. Defonyň «Robinzon Kruzo» romany oňa görlüp-eşidilmedik üstünlik getirdi. Defonyň romanynyň mazmuny täze ýerleriň gözlenip açylmagyny, tebigaty özleşdirmekde adamyň zähmetini, mertligini we tutanýerliligini, her hili howplara garşy batyrgaý göreşini şöhratlandyrýandygyndan ybaratdyr. Robinzonyň başyndan geçýän täsin wakalar adamyň tejribeliliginiň, bilimliliginiň, zähmetsöýerliginiň we ugurtapyjylygynyň ähmiýetini görkezýärdi. Romanyň düýp mazmuny adam ruhunyň beýikligini görkezmek bolup durýardy. Ruhubelent adam üçin hiç zat kyn däldir, ol hem tebigatyň betbagtçylyklaryna, hem durmuşyň kynçylyklaryna garşy durup biler. Şol döwürde Defonyň romany ýewropalylaryň köpüsi üçin hakyky terbiýe mekdebi bolup hyzmat edýärdi. Häkimiýetler Defony romany üçin üç gezek köpçüligiň öňünde

masgaralamaga synanyşdy, emma bu onuň diňe şöhratyny artdyrdy.

Romanyň gysgaldylan terjimesi häzir hem bütin dünýäniň ýetginjekleriniň söýgüli kitaplarynyň biridir. Robinzon Kruzo çagalaryň we ululаryň söýgüli gahrymanyna öwrüldi.

Žan Batist Molýer (1622-1673) (hakyky familiýasy - Poklen) beýik fransuz dramaturgy hem-de ajaýyp komediýa teatryny döredijidir. Gelip çykyşy boýunça ol gurply maşgaladan, Korol emeldarynyň ogly bolupdyr.

Molýer öz ýurdunda uzak wagtlap ykrar edilmedi, şonuň üçin hem ol gezende artistiň durmuşyny başdan geçirdi. Uly kynçylyklary çekip, oňa öz pýesalaryny köşk teatrlarynyň sahnasynda goýmak başartdy, emma onuň köp spektakllary gadagan edildi. Halka ýakyn durmagy Molýere şadyýan halk komediýasynyň däplerini özleşdirmäge we ösdürmäge mümkinçilik berdi. Onuň pýesalaryndaky gahrymanlary dürli gatlaklaryň adamlarynyň ýönekeý gepleşik dili bilen hereket edýärdiler. «Don Žuan» komediýasynda ol sahnada perwaýsyz, kejir hem-de azgyn adamy görkezipdir. Bu pýesa hiç kimiň ykbalyny pitiwa etmän, keýp çakmäniň ugrunda kowalaşyp ýören bikär begzadalar barada ýazylan gaharly satirady.

Molýeriň «Husyt» komediýasynda ýolujylyk etmegiň kül-külüne düşen we adamkärçilik duýgusyny bütinleý ýitiren gysganç Garpagonyň häsiýeti gaýtalap bolmajak derejede berlipdir. Onuň meşhur «Tartýuf» komediýasy buthananyň ikiýüzliligine garşy gönükdirilendir. Komediýa ägirt uly paş ediji güýje eýe boldy. Tartýufyň ady bolsa ikiýüzliligi we jögüligi aňladýan ýaňsylama ada öwrüldi.

Molýer öz komediýalarynda begzadalardan bolan bikär adamlara, husyt hem-de şöhratparaz baýlara düýbünden meňzemeýän, hut halkyň arasyndan çykan – ugurtapyjy, akyldar, sap ýürekli adamlaryň gowy keşbini hem döretdi. Molýer özüniň «Ýalandan kesel» atly iň soňky pýesasynyň baş rolunda oýnap durka sahnada aradan çykdy.

XVIII asyryň birinji ýarymynyň beýik iňlis satirigi Jonatan Swift (1667-1745) gelip çykyşy boýunça garyp irland maşgalasyndandy. Swift öz eserlerinde Irlandiýanyň ezilmegini ýazgarýardy we onuň halkyny Angliýa garşy azat edijilik göreşine çagyrýardy.

Swiftiň iki tomdan ybarat «Gulliweriň syýahatlary» (1726) diýen çeper romany oňa aýratyn meşhurlyk getirdi. Öz gahrymanynyň örän kiçijik (liliput), äpet adamlaryň döwletine, uçýan ada we täsin haýwanlaryň ýurduna ertekilerdäki ýaly syýahatlaryny beýan etmek bilen, Swift öz ýaşan döwründäki jemgyýetiň nogsanlyklaryny paş edýärdi. Liliputlaryň imperiýasynda höküm sürýän tekepbirlik we eden-etdilik, husytlyk we şübhelilik, adalatsyzlylyk we hilegärlik iňlis köşgüniň sypatlaryny şekillendirýärdi. Swift romanynda ýalançylygyň, ikiýüzliligiň, zalymlygyň, kanuny bozýanlaryň duşmany bolup çykyş edipdir. Swiftiň romany çuň manyly satiriki eserdir.

Beýik fransuz rewolýasynyň öňüsyrasynda meşhur fransuz dramaturgy Pýer Bomarşe (1732-1793) öz eserlerinde ýokary gatlagyň artyk hukuklylygyna we begzadalaryň agalygyna garşy çykyş edýärdi. Bomarşeniň eserleri şol döwrüň aň-bilim ýaýradyjylarynyň ideýalaryna ýugrulandyr. Ol rewolýusioner bolmasa-da, onuň pýesalary Fransiýada rewolýusion meýilleriň artmagyna ýardam edýärdi.

Bomarşe «Sewil dellegi» (1775) we «Figaronyň öýlenişi» (1784) diýen komediýalarynda begzadalaryň lälikligini we bikärligini, dereksizligini we ýeňilkelleligini görkezdi. Olara garşy çakgan, ugurtapyjy, başarjaň, täsirli sözleri bilen begleriň we begzadalaryň üstünden kinaýaly gülýän hyzmatkär Figaronyň keşbini döretdi. Bomarşeniň pýesasynda Figaro ýöne bir şadyýan adam hökmünde däl-de, eýsem uly akyldar we gujur-gaýratly adam hökmünde şekillendirilipdir. Pýesa häkimiýetden hyýanatçylykly peýdalanýanlary ýiti sözler bilen duzlaýar, begzadalaryň miras boýunça alýan artyk hukuklaryna

buýsanjyramalarynyň üstünden gülýär. Saz mugallymy Baziliň keşbinde ýigrenji adam bolan töhmetçiniň we şugulçynyň häsiýeti berilýär.

«Figaronyň öýlenişi» atly pýesasy sahnada goýlandan soň Bomarşe häkimiýetler tarapyndan tussag edilýär, emma onuň at-abraýy juda uly bolansoň, birnäçe gün geçip-geçmänkä, ony azatlyga çykarmaly boldylar.

Adygyp ugran şol döwrüň pikirleri we halkyň isleg-arzuwlary ençeme görnükli nemes ýazyjylarynyň döredijiliginde hem öz beýanyny tapdy. Baryp XVIII asyryň 70-nji ýyllarynda Germaniýada «Harasat we hüjüm» diýen edebi akym peýda boldy. Bu ugruň ýazyjylary begzadalaryň zalymlygyny, ýer eýeleriniň sütemini paş edýärdiler, paýhaslylyk, adalatlylyk, azatlyk ugrunda çykyş edýärdiler. XVIII asyryň aýaklarynda – XIX asyryň başlarynda asly garyp maşgaladan bolan Fridrih Şiller (1759-1805) «Harasat we hüjümiň» görnükli şahyry hem dramaturgy hasaplanýardy. Şilleri tussag edip, oňa ýazmagy gadagan etdiler. Ol gaçyp gitmeli bolýar we sergezdançylykly durmuşy başdan geçirýär.

Şilleriň «Orlean gyzy» diýen dramasy fransuz halkynyň azat edijilik göreşiniň gahryman gyzy Žanna d`Arka bagyşlanyp ýazylypdy. Ol Beýik fransuz rewolýusiýasynyň pikirlerine mähirli duýgudaşlyk edýärdi. Konwent oňa Fransuz respublikasynyň hormatly raýaty diýen ady berdi. Şiller «Wilgelm Tell» dramasynda ýurduň garaşsyzlygy we awstriýa süteminden azat bolmagy ugrundaky göreşijini, şweýsar halk gahrymanyny şöhratlandyrypdyr. Şilleriň pýesalary şu wagt hem dünýäniň ähli teatrlarynda sahnalaşdyrylýar.

Şol döwrüň öňdebaryjy edebiýatynyň görnükli wekilleriniň hatarynda Genrih Geýnäniň, Iogann Wolfgang Gýötäniň, Onore de Balzagyň , Wiktor Gýugonyň, Jorj Baýronyň atlary hem hormat bilen tutulýar.

**Günbatar Ỳewropada aýdym-saz sungatynyň gülläp ösmegi.** Magaryfçylyk zamanasynyň ruhy şol döwrüň saz

sungatyna hem uly täsir edýärdi. Saz sungatynda köne däpler hem dowam edýärdi. Şeýle-de bolsa, şol döwür ajaýyp we gaýtalanmajak ruhly saz eserleri dünýä inýär. Saz adamyň duýgylaryny we meýillerini – begenjini we döredijilik ylhamyny, şadyýanlygyny we gamgynlygyny aňlatmaga ukyplydyr. Sungatyň beýleki görnüşleri ýaly, saz hem adamlaryň arasyndaky gatnaşyk serişdesi bolup hyzmat edýär, olary döredijilikli zähmet çekmäge höweslendirýär, halky azat edijilik göreşine, watany kese ýerli basybalyjylardan goramakda birleşdirýär we ruhlandyrýar.

Orta asyrlaryň ahyrlarynda köp sanly buthana we köşk horlary hem-de orkestrleri peýda bolupdyr. Bütin diwary tutup duran organ saz guraly ähli iri katolik we protestant buthanalarynda hökmany bolaýmaly zatdy. XVI-XVII asyrlarda häzirki roýaldan öňki saz guraly bolan klawesin – kakylyp çalynýan klawiaturaly saz guraly ýaýrapdy. Saz eserleriniň notalary çaphanalarda çap edilip başlanypdy. Bu bolsa saz eserleriniň giňden ýaýramagyna kömek edýärdi.

Iogann Sebastýan Bah (1685-1750) saz sungatyna ägirt uly goşant goşan nemes kompozitorydy. Saz sungatyna bolan söýgi Bahlaryň maşgalasynda nesilden-nesle geçipdir. Bah özüniň nesil daragtyny düzüp 53 sany sazanda ata-babasyny belläpdir. Ýetginjeklik döwründe ol Germaniýa syýahat edipdir we sazanda bolup köp ýerlerde işläpdir.

1723-nji ýylda öz maşgalasy bilen Leýpsigde ýaşapdyr. Şol ýerde ol özüniň iň oňat saz eserlerini döredipdir. Öz sazynda ol halk döredijiliginiň aýdymlaryny we sazlaryny goşupdyr we çylşyrymly sazy ýönekeý adamlar üçin hem diňlemäge mümkinçilik döredipdir. Onuň Isa pygamberiň ömür ýoly baradaky saz eseri halk köpçüliginiň arasynda uly meşhurlyga eýe boldy.

I. S. Bah Leýpsig buthanalarynyň birinde köp ýyllap organçy boldy. Bahyň eserleri halkylygy, çuň manylylygy, göwnüňi göterijiligi, belent owazlylygy we maksada

okgunlylygy bilen tapawutlanýar. Bahyň buthana aýdymlary we dünýewi sazlary oňa uly şöhrat getirdi.

Baha ajaýyp sazanda hökmünde baha berýärdiler, emma onuň döreden onlarça eseri ol dirikä neşir edilmän, has soňraky wagtlarda çap edildi. Diňe XVIII asyryň aýaklarynda we XIX asyrda Bahyň eserleri giňden ýaýrady, ol eserleriň döredijisi bolsa dünýäniň iň uly kompozitorlarynyň biri diýlip ykrar edildi.

Wolfgang Amadeý Mosart (1756-1791) Germaniýada doglupdyr. Döwürdeşleri Mosarta XVIII asyryň hakyky gudraty diýip at goýupdyrlar. Onuň durmuşynyň garyp hem-de gysga bolandygyna garamazdan, ol bagtly döredijilikden doludy. Mosart üç ýaşynda saz çalmagy öwrenipdir, dört ýaşynda birinji sazyny, on iki ýaşynda bolsa operany döredipdir. Onuň ilkinji görkezilişi Italiýanyň Milan teatrynda bolupdyr. On dört ýaşynda ol Italiýadaky iň atly sazly akademiýanyň akademigi bolýar. Ömrüniň soňky on ýylyny ol Wenada ýaşapdyr. Ol Bomarşeniň «Figaronyň öýlenişi» eserine saz ýazypdyr. 1786-njy ýylda ony ilkinji gezek sahnalaşdyrypdyrlar. Ol halk köpçüligiň söýgüsini gazanypdyr. Onuň sazy köçelerde, meýdanlarda, dukanlarda gezende sazandalar ýerine ýetiripdirler. Mosartyň soňky ýazan saz eseri «Rekwiýem» (latyndan terjime edilende «asudalyk» manysyny aňladýar) bolup, bu saz durmuş, adamyň dünýädäki tutýan orny, ykbaly barada bolupdyr.

Mosart 35 ýaşynda aradan çykypdyr. Ömrüniň şeýle gysga bolandygyna garamazdan, Mosartyň saz mirasy ummasyzdyr. Onuň eserleriniň aglabasy şadyýanlygy, hoş owazlylygy, köp öwüşginliligi bilen tapawutlanýar. Olardaky durylyk, aýdyňlyk, mazmunyň tükeniksiz baýlygy we dürlüligi döredijiligiň ruhy taýdan kämilligi bilen utgaşýar.

Mosartyň «Don Žuan», «Figaronyň öýlenişi» atly operalary köp ýurtlaryň iň uly sahnalarynda häzire çenli ýerine ýetirilýär.

Mosartyň saz sungatyny dowam etdiriji kompozitorlaryň biri-de Lýudwik Wan Bethowendi (1770-1828). Gulagynyň ýuwaş-ýuwaşdan agralýandygyna, eşidişiniň kynlaşýandygyna garamazdan, Mosart gaýtalanmjak ajaýyp saz eserlerini döredýärdi.

Syýasy garaýyşlary boýunça Bethowen demokratdy we respublikaçydy. 1804-nji ýylda ýazan Üçünji simfoniýasyny Napoleon Bonaparta bagyşlamagy niýet edinipdi, emma Napaleon özüni imperator diýip yglan edende, ol ondan aç-açan boýun gaçyrdy. Bethowen Niderlandiýanyň garaşsyzlygy ugrunda göreşip, ispanlar tarpyndan jezalandyrylyp öldürilen Egmontyň obrazy bilen gyzyklanyýardy, onsoň ol Gýötäniň «Egmont» diýen tragedýasyna uwertýura ýazdy. Onuň başlanyşy gahrymanyň tragiki bolşuny, dabaraly ahyrky bölümi bolsa – gahar-gazabyny we rewolýusiýanyň üstün çykyşyny şöhlenendirýär. Bethoweniň simfoniýalarynda we beýleki eserlerinde gussaly zatlar örän köp, ýöne, umuman alanyňda, onuň döredijiligi ruhubelent häsiýetlidir. Şatlykly we joşgunly ahyrky bölümleri ýagşylygyň iň soňy dabaralanjakdygyna bolan ynamy tassyklaýar. Meşhur Dokuzynjy simfoniýanyň soňuna Şilleriň ýazan «Şadyýanlyk odasyny» ýerine ýetirýan horyň girizilmegi tötänden däldir. «Mollionlar, gujaklaşyň!» – beýik şaghyryň bu çagyryşy simfoniýanyn soňunda adamalry birleşdirýän kuwwatly saz bilen goşulyşyp gidýär.

Bethoweniň sazynda göreşijiniň joşguny parahatçylygyň we adamyň ykballary baradaky düýpli oýlanmalar bilen utgaşýar. Bu bolsa onuň eserlerine çuň many we aýratyn güýç berýär. Adamyň parahatçylykly zähmetine bolan ynam we tebigatyň gözelligine täsin galmagy Bethoweniň hyýallarynyň birinde beýan edilýär, bu hem horuň gatnaşmagynda ýerine ýetirilip, adamyň mertebesini belende göteýär.

Bethoweniň sazynda ýaňlanan mertlige we göreşe bolan çagyryş onuň durmuşynyň hut özüdi. Sazanda üçin çekip-çydap bolmajak iň elhenç betbagtçylyk onuň gerdenine düşdi – ol

kyrk ýaşynda ker boldy. Emma Bethowen eşitmekden galsa-da, sazlarynyň özgeler üçin nähili ýňlanjakdygyny duýup, beýik eserlerini döretmegini dowam etdirdi.

Beýik polýak kompozitory Friderik Şopen (1810-1849) saz medeniýetiniň iň oňat aýratynlyklaryny we dünýä saz sungatynyň gazananlaryny aýdyň beýan eden ajaýyp fortepiano üçin eserlerini döretdi.

Şopen barada: «Asly boýunça-warşawaly, ýüregi boýunça polýak, zehini boýunça - dünýäniň raýaty» diýip aýdardylar. Şopeniň walslary, mazurkalary, lirizme, halkyň kä şadyýan, kä gamgyn heňine ýugrulandyr. Onuň sazly balladalary syrly hem joşgunly göz öňünde getirmelerinden dolydyr.

Kompozitoryň konsertleri we sonatalary onuň ezilen watanynyň ykbaly baradaky ýagdaýyny aňladýardy. Şopeniň polonezleriniň (polýak tanslarynyň ajaýyplygy we dabaralylygy) Polşanyň geçmişini beýan edýär. Polşanyň azatlygy ugrundaky göreşijileri ýürekden söýmek bilen Şopen olaryň ykballary barada köp eserleri döredipdir. Şopeniň eserleri milli ugra degişlidir.

Awstriýada we Germaniýada Frans Şubert bilen Robert Şuman, Wengriýada Ferens List, Italiýada Jaokino Rossyny bilen Juzeppe Werdi, Çehiýada – Beržih Smetana ýaly beýik kompozitorlar döredi. Russiýada Glinka, soňra bolsa Rimskiý-Korsakow, D. I. Çaýkowskiý we beýleki kompozitorlar milli hem-de dünýä saz medeniýetini baýlaşdyrdylar.

**Şekillendiriş sungaty.** XVII-XVIII asyrlarda bezegli şekillendiriş sungaty gülläp ösüpdir. Gadymy Rimiň taryhyna we rowaýatlaryna degişli temalar, Korollaryň, serkerdeleriň suratlary, söweş wakalary agdyklyk edýärdi.

XVIII asyryň birinji ýarymynda Ýewropada köşk şekillendiriş sungaty ösýär. Bu wagt Fransua Buşe (1703-1770) özüniň gaýtalanyp bolmajak eserlerini döredýär. Suratlarynda ol ýönekeý sada adamlary, tebigatyň gözelligini ussatlyk bilen şekillendiripdir.

Şol döwrüň şekillendiriş sungatynyň görnükli wekili Antuan Wattodyr (1684-1781). Ol hem özüniň sungatynda şol döwrüň galkynyş zamanasyny toýlaryň şowhunlygyny, bezeglerini, aýdym-sazyny suratly keşplerde şekillendiripdir. Öz döwründe onuň sungatyna uly baha berlip, dünýä döwletleriniň Korollary öz köşklerinde onuň döreden suratlaryny goýupdyrlar. Şekillendiriş sungatynyň alymlarynyň bellemegine görä, Wattonyň döreden şekillerinde tomaşaça sorag goýulýardy we şonuň üçin hem onuň eserleri uly gyzyklanma döredýärdi.

XVIII asyryň 50-nji ýyllarynda islendik iňlis kitap dükanynda Wilýam Hogartyň (1697-1764) grawýuralaryny alyp bolýardy. Ol esasan adam keşbini ussatlyk bilen suratlandyrypdyr. Onuň parlamente bolan saýlawlaryň taryhyny beýan edýän «Saýlaw» diýen suraty köpçüligiň hasam ünsüni çekdi. Sebäbi suratda saýlaw wagty bolup geçýän wakalary: saýlawçyny çekmek, olar üçin toý-tomaşa gurnamak, käbirine pul serpaý bermek, halk wekiliniň saýlanmagy ýaly pursatlar suratlandyrylypdyr.

Žan Batist Şarden (1699-1779) öz döwrüniň ussady diýen ady alypdyr. Şol döwrüň durmuşynyň ýönekeý zatlaryny suratlandyrmak bilen ol beýik sungaty görkezipdir. Şarden täze köşk sungatyny tankytlaýar.

Žan Antuan Gudon (1741-1823) öz döwrüniň beýik şahsyýetleriniň 200-den gowragynyň heýkellerini şekillendiripdir. Ol beýik pelsepeçi Wolteriň keşbini hem suratlandyrypdyr. 1778-nji ýylda Wolter Parižde bolan soňky saparynda Gudonuň ussahanasynda öz keşbini ýasadýar.

Ajaýyp suratkeş Žak Lui Dawid (1748-1825) öz döwrüniň gahrymanlarynyň keşplerini görkezmäge çalşypdyr. Baryp Fransuz rewolýusiýasyndan öň ol «Gorasiýleriň kasamy» diýen suraty çekdi. Şol suratda üç doganyň öz kakalarynyň öňünde respublika üçin janyny gurban etmäge taýýardyklary baradaky kasamy berip duran pursaty görkezilýär. Köp suratkeşlerden

tapawutlylykda, Dawid ýiti jemgyýetçilik-syýasy temalara degişli suratlary döredipdir. Ol öz döwrüniň wakalary bilen antiki döwrüň taryhyny deňeşdirip suratlandyrypdyr. Suratlarynda watan üçin wepalylygyň keşbi, respublikanyň gymmatlyklary baradaky pikiri eriş-argaç bolup geçýär. Onuň suratlaryna tomaşa etmek üçin ýüzlerçe adam gelýärdi. Beýik fransuz rewolýusiýasynyň başlanmagy bilen Dawid şol döwrüň gahrymanlaryny, ganly söweşlerini suratlandyrypdyr. Dawid şol döwrüň wakalarynyň gahrymany bolan Marat bilen hem aragatnaşyk saklapdyr. Marat aradan çykandan soň ol onuň ölümini suratyň üsti bilen beýan edipdir. Suratda tomaşaça has hem dünükli bolar ýaly, Dawid Maratyň beýik adamkärçilikli, watançy keşbini aýdyňlyk bilen suratlandyrypdyr. Burbonlar häkimiýet başyna dolanyp gelenden soň Dawid daşary ýurda göçüp gitmäge mejbur bolýar.

## § 24. Industrial jemgyýetde jemgyýetçilik-syýasy pikirleriň ösmegi

**Döwletiň we jemgyýetiň ösüşi barada hyýaly garaýyşlaryň döremegi.** XIX asyryň ortalaryna çenli Günbatar Ýewropanyň öňdebaryjy ýurtlarynda ykdysadyýetiň ösüşi has öňe gitdi. Ol ýurtlarda senagat öwrülişiginiň tamamlanmagy netijesinde iri fabrik önümçiligi maşynlary ulanmak bilen ownuk hünärmentçilik önümçiliginiň üstünden aýgytly üstünlik gazandy. Emma iri fabrikleriň we zawodlaryň sanynyň artmagy mydama barha köp sanly senetçileriň tozmagy, işsizligiň döremegi we işçileriň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy bilen utgaşgýardy. Şunuň netijesinde işçileriň göreşi güýçlenýärdi. Goreşiň maksatlarynyň aýdyň däldigi, işçileriň syýasy guramasynyň gowşaklygy olaryň şowsuz tamamlanmagyna sebäp bolýardy.

Jemgyýetiň garyp düşen gatlaklarynyň halyna gyýylmak, baýlaryň bikärçiligne we zynat içinde ýaşaýyşlaryna gahar-

gazap birentek öňdebaryjy akyldarlary halkyň betbagtçylyklarynyň hem-de özleriniň ýaşaýan jemgyýetiniň kyn durmuşynyň soňuna çykmagyň ýoluny gözlemäge mejbur edýärdi. XIX asyryň 30-njy ýyllarynda fransuz akyldarlary tarapyndan «sosializm» we «kommunizm» düşünjeleri girizildi. Sosializm (Sosial - latyn dilinden terjime edilende – jemgyýetçilik, durmuş diýen manyny aňladýar) syýasy taglymat bolup, ol diňe bir köne düzgünleri ýok etmegi göz öňünde tutman, eýsem adamlaryň arasynda ähluumumy durmuş deňligini üpjün edýän täze jemgyýeti berkarar etmegi maksat edinýärdi. Şonuň üçin bu taglymata eýerýänleri «sosiýalistler» diýip atlandyrýardylar. XIX asyryň birinji ýarymynyň görnükli sosiýalistleri hökmünde fransuz milletiniň wekilleri Anri Sen-Simon bilen Şarl Furýe, şeýle hem iňlis Robert Ouen çykyş etdiler.

Sosiýalistler önümçiligiň özakymlaýyn alnyp barylmagyny we artykmaç önüm öndürilmegini ýiti tankyt edýärdiler. Sebäbi olar önümçiligiň şeýle usulda alnyp barylmagy ykdysady pese gaçyşlygy döredýär, şunuň netijesinde bolsa, işsizlik ýüze çykýar diýip düşündirýärdiler. Sosialistler nebisjeňligi, aldawçylygy we ikiýüzlüligi berk ýazgarýardylar.

Anri Sen-Simon (1760-1825) baý we begzada maşgalada doglupdyr. Ol şindi ýaş ýigitkä aň-bilim ýaýradyjylaryň, magaryfçylaryň pikirlerine gulluk edipdir we jemgyýetçilik eşreti üçin hyzmat etmegiň asylly maksatlaryna uýupdyr. Sen-Simon ýetginjek mahaly demirgazyk amerikan koloniýalarynyň garaşsyzlyk ugrundaky urşuna gatnaşypdy, soňra polkownik çininde Fransiýa gaýdyp gelipdi. Sen-Simon direktoriýa ýyllrynda (1795-1799) tozupdy we juda garyp ýaşaýardy. Adamlaryň köpüsini bagtly edip biljek täze jemgyýetçilik gurluşyny döretmegiň taslamalaryny işläp düzmek onuň durmuşynyň esasy maksady boldy. Sen-Simonyň pikiriçe, jemgyýet iki topara – «senagatlaşdyrylanlara» we

«bikärlerlere» bölünýärdi. Ol kärhana eýelerini, işçileri, hünärmenleri ýagny önümçilik bilen meşgullanýanlaryň hemmesini senagatlaşdyrylanlar saýýardy. Bikärler bolsa – begzadalar, gullukçylar we şuňa meňzeşlerdi. Ol ähli bikärleri mugthorlar, jemgyýet üçin üçin peýdasyzlar diýip hasap edýärdi.

Sen-Simon jemgyýetiň maddy hal-ýagdaýy öňi bilen önümçiligiň gazanýan üstünliklerine baglydyr diýip belleýärdi. Ol halkyň hal ýagdaýyny gowylandyrmak üçin ähli adamlar işlemelidirler diýýärdi. Sen-Simon ilkinji gezek hojalygy maksatnama esasda dolandyrmak pikirini öňe sürdi. Täze jemgyýetde Sen-Simon esasy ýolbaşçylyk orny senagat eýelerine, bankirlere we alymlara degişli bolar diýip çak edipdir.

Şarl Furýe (1772-1837) dükançynyň maşgalasynda dogulypdy, soňra bolsa ownuk söwda gullukçysy bolupdy. Iri maýa goýum önümçilik gatnaşyklarynyň bela-beterlerinden dynmagyň mümkinçiligini Furýe täze jemgyýeti döretmeklikde görýärdi, şonuň ýaly jemgyýetiň jikme-jik maksatnamasyny bolsa öz eserlerinde işläp düzdi. Furýe geljekde has adalatly durmuş gurluşyny döretmegiň mümkinligini, şonda zähmetiň şatlyk çeşmesine öwrüljekdigini, şahsyýetiň bolsa has doly we sazlaşykly ösüşe eýe boljakdygyny, gol zähmeti bilen akyl zähmetiniň arasyndaky tapawudyň kem-kemden ýitip gitjekdigini, şäher ilaty bile oba ilatynyň arasyndaky tapawudyň bolmajakdygy belläpdir.

Robert Ouen (1771-1858) işe egirme fabriginiň dolandyryjysy bolup başlapdy, soňam onuň şärikdeş eýesi boldy. Ol iş wagtyny 13-14 sagat bolanlygyndan 10,5 sagada çenli gysgaltdy, jerimeleri ýatyrdy, pul sylagyny berip höweslendirmegi girizdi, işçileriň durmuş şertlerini gowulaşdyrdy, olaryň çagalary üçin bakj-baglary we mekdep gurdy. Bu çärelerden başga-da, Ouen uly ýaşly işçileriň iş wagtyny gysgaltmak we çagalaryň zähmetiniň ulanylmagyny

kanunlar arkaly ýatyrmak ugrunda iş alyp bardy. Ouen barlylara aň-bilim berip, ahlak taýdan täzeden terbiýelemek arkaly olaryň häkimiýetini kämilleşdirmek netijesinde parahatçylykly ýol bilen işçileri azat etmek we täze gurluşa geçmek bolar diýip hasaplaýardy.

Sosialistler XIX asyryň 30-40-njy ýyllaryndaky iri maýa goýum önümçilik gatnaşyklaryny, industrial jemgyýetiň nogsanlaryny ynandyryjylykly hem-de aýdyň tankyt etdiler, hakynatutma işçileriň iňňän köp işledilmegi netijesinde olaryň juda pes ýagdaýda ýaşaýandygyny görkezdiler. Olar geljekki jemgyýetçilik gurluşyň birnäçe sypatlaryny bellediler: adamyň ezilmegini ýok etmek, önümçiligiň özakymlylygynyň soňuna çykmak, zähmetiň netijelerine görä hak tölemek, akyl zähmetiniň fiziki zähmetden agdyklyk etmegi we agyr, gol zähmetiniň we zähmetiň bir zeýilli surnukdyryjy görnüşiniň ýitip gitmegi, zähmetiň şatlyk çeşmesine öwrülmegi, şahsyýetiň sazlaşykly ösmegine bolan mümkinçilik barada belläpdirler. L.Feýerbahyň, L.Blanyň, P.-Ž.Prudonyň, E.Kabeniň jemgyýetiň ösüşi baradaky pikirleri hem Ýewropada sosialistik garaýyşlaryň ýaýramagyna täsir etdi.

**K.Marksyň we F.Engelsiň sosialistik garaýyşlary.** XIX asyryň ortalarynda Ýewropada sosializm ideýasynyň ornuna täze jemgyýetçilik akymy bolan maksizm kemala gelýär. Bu akymy esaslandyryjylar K. Marks (1818-1883) bilen F. Engelsdi (1820-1895). Marksizmiň ýüze çykmagy Ýewropanyň köp döwletlerinde işçiler hereketiniň ýylsaýyn güýçlenmegi, aýratyn hem Fransiýadaky we Angliýadaky wakalar bilen baglanyşykly boldy.

Marks bilen Engels iri maýa goýumlara esaslanýan önümçilik zähmet bilen kapitalyň (baýlyk, maýa) arasynda ýiti gapma-garşylyk döredýär diýip ynanýardylar. Marksizme görä, şahsy önümçilik serişdeleri bolmadyk hakyna tutma işçiler, ýaşamak üçin öz zähmetlerini satmaga mejbur bolýardylar, şonuň üçin hem olar kapitala esaslanýan düzgünleri ýok etmäge

we täze jemgyýeti gurmaga ýykgyn edýärdiler. Marks bilen Engels täze sosiýalistik jemgyýeti hut işçiler synpy döreder diýip aýdýardylar. Sosiýalizme geçmek üçin bolsa hökman kommunistik rewolýusiýa bolmalydy. Marksizmiň düýbüni tutyjylar kommunistik rewolýusiýa Ýewropanyň we Demirgazyk Amerikanyň ähli ýerlerinde, iň bolmanda Angliýada, Amerikada, Fransiýada we Germaniýada bir wagtda bolup geçer diýýärdiler.

Täze jemgyýetiň esasy güýji hökmünde işçiler öz häkimýetlerini – proletariat diktaturasyny we jemgyýetçilik eýeçiligini esaslandyrmalydylar. Täze kommunistik jemgyýet, Marks bilen Englsiň pikirine görä, jemgyýetçilik eýeçiligine, synpsyz jemgyýete, takyk maksatnamalar esasynda dolandyrylýan iri senagata daýanýan «önüm öndürijileriň bileleşigi», «jemagatçylyk ýörelgelerine eýerýän jemgyýet» ýaly bir zatdy. Şeýdilende bütin adamzat jemgyýetini durmuş deňsizliginden halas edip bolar öýdülýärdi. Marks bilen Engels kommunistik jemgyýeti gurmak bilen adamzat ilkinji gezek sazlaşykly we hemmetaraplaýyn ösmek üçin mümkinçilik alýar diýip düşündirýärdiler.

Adamzat jemgyýetiniň ösüşi hakyndaky garaýyşlaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmek üçin Marks bilen Engels 1847-nji ýylyň Iýun aýynda Londanda «Komunistler bileleşigi» («kommunus» - iňlisçeden terjime edilende «umumy» diýen manyny aňladýar) atly syýasy gurama döredilip, onuň birinji gurultaýy bolup geçdi. Guramanyň maksatnamany düzmek Marks bilen Engelse tabşyryldy. «Kommunistler bileleşiginiň» esasynda işçileriň ilkinji gezek täze guramasy döredildi, ol jemgyýetçilik ösüşiniň kanunlaryny çuňňur öwrenmek we XIX asyryň ortalarynda öndüriji güýçleriň ösmegi netijesinde işçileriň eýelän ornuna doly düşünmek esasynda kommunistik jemgyýet gurmak ugrundaky göreşi özüniň baş maksady edip öňde goýdy.

«Kommunistler birleşiginiň» tabşyrmagy boýunça Marks bilen Engels tarapyndan ýazylan «Kommunistik partiýanyň manifesti» 1848-nji ýylyň fewral aýynda Londonda çapdan çykdy. Bu kiçiräk resminama halkara işçiler guramasynyň ilkinji maksatnamasydy.

# MAZMUNY

Giriş.............................................................................7-10

## I BAP. ÝEWROPA WE AMERIKA ÝURTLARY IRKI TÄZE TARYH DÖWRÜNDE

§1. Beýik Geografiki açyşlar…...................................10-18
§2. Angliýanyň we Ispaniýanyň orta asyrlarda dünýäde agalyk etmek ugrundaky göreşleri.....................18-23
§3. Ýewropada reformasiýa (dini täzeçillik)............23-33
§4. Ýewropada gaýtadan döreýiş (renessans).........33-47
§5. Günbatar Ýewropa döwletleri XVI-XVII asyryň birinji ýarymynda...............................................47-61
§6. Russiỳa XVI – XVII asyryň birinji ỳarymynda.........................................................61-67
§7. Niderland buržuaz rewolýusiýasy.......................................................67-72

## II BAP. ÝEWROPA WE AMERIKA ÝURTLARY XVII ASYRYŇ ORTALARYNDAN – XVIII ASYRYŇ AHYRLARYNA ÇENLI DÖWÜRDE

§1. Angliýa XVII asyryň ikinji ỳarymynda.........72-92
§2. Fransiýa XVII asyryň ikinji ýarymyndan – XVIII asyryň ahyrlaryna çenli döwürde............92-104
§3. German döwletleri XVII asyryň ikinji ýarymynda – XVIII asyrda.......................................................104-112
§4. Awstriýa XVII asyryň ikinji ýarymynda – XVIII asyrda.......................................................112-125

§5. Italiýa XVII asyryň ikinji ỳarymynda - XVIII asyrda....................................................................125-130
§6. Ispaniýa XVII-XVIII asyrlarda.............................130-138
§7. Portugaliýa XVII –XVIII asyrlarda.....................138-141
§8. Russiýa XVII asyryň ikinji ýarymynda – XVIII asyrda....................................................................142-172
§9. Reç Pospolitaýa....................................................172-178
§10.XVII-XVIII asyrlarda Ýewropada halkara gatnaşyklary........................................................178-192
§11. Demirgazyk Amerikadaky iňlis bakna mülkleriniň Garaşsylyk ugrundaky göreşi..............................192-200
§12. Garaşsyzlyk ugrundaky uruş..............................201-208
§13. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň döwlet gurluşynyň kemala gelmegi.................................208-212
§14. Ýewropa ýurtlarynyň Latyn Amerikasyndaky kolonial mülkleri..................................................213-215

## II BAP. ÝEWROPA WE AMERIKA ÝURTLARY XVIII ASYRYŇ AHYRYNDAN – XIX ASYRYŇ ORTALARYNA ÇENLI DÖWÜRDE

§1. Beýik Fransuz rewolýusiýasy.................................216-236
§2. Fransiýada birinji respublikanyň esaslandyrylmagy...................................................236-262
§3. Fransiýa Konsulluk we Birinji imperiýa ýyllarynda.....................................................................262-281
§4. Angliýa 1789-1815-nji ýyllarda.............................281-286
§5. German döwletleri 1789-1815-nji ýyllarda.........286-293
§6. Gabsburglaryň döwleti………………………..…293-298
§7. Italiýa………………………………………….....299-303
§8. Ispaniýa………………………………………....303-308
§9. Ýewropanyň ownuk döwletleri we Skandinawiýa ýurtlary……………………….....308-316

§10. Wena kongresi we Mukaddes birleşik................316-335
§11. Fransiýa XIX asyryň birinji ýarymynda............335-340
§12. Germaniýa XIX asyryň birinji ýarymynda........340-344
§13. Angliýa XIX asyryň birinji ýarymynda..............344-351
§14. Russiýa XVIII asyryň ahyrlaryndan –
XIX asyryň ortalaryna çenli döwürde...............351-368
§15. Amerikanyň Birleşen Ştatlary XIX asyryň
birinji ýarymynda................................................368-375
§16. Latyn Amerikasynda Garaşsyzlyk ugrundaky
uruşlaryň başlamagy...........................................375-383
§17. Fransiýada 1848-nji ýylyň rewolýusiýasy...........384-389
§18. Germaniỳada 1848-1849-njy ỳyllaryň
rewolýusiýasy.......................................................389-394
§19. Italýan döwletlerindäki rewolýusiýalar..............394-406
§20. Awstro-Wengriỳada 1848-1849-njy ỳyllaryň
rewolýusiýasy..............................................................406-423
§21. XVIII asyrda Ýewropada magaryf.....................423-426
§22. XVIII asyrda Ýewropada syýasy-aňyýet
garaýyşlaryň ösüşi...............................................426-432
§23. Günbatar Ýewropa halklarynyň medeniýeti.....432-442
§24. Industrial jemgyýetde jemgyýetçilik-syýasy
pikirleriň ösmegi..............................................442-447